**JUMADURDY ANNAORAZOW**

# AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARYNYŇ TÄZE TARYHY

**AŞGABAT – 2010**

**Jumadurdy Annaorazow. Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy.**
(Täze taryh döwri). Ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň
talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent **Berdi Esenowyň** ylmy redaksiýasy bilen.

Kitabyň surat bezegi we kartalary **Selbi Annaorazowa** tarapyndan ýerine ýetirildi.

Syn ýazanlar:

Magtymguly adyndaky TDU-nyň Türkmenistanyň taryhy kafedrasynyň dosenti **N. Babaýew**.

Magtymguly adyndaky TDU-nyň dünýä taryhy kafedrasynyň dosenti **N. Gajarow.**

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ýanyndaky Halakara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy **J. Gurbangeldiýew**

## Türkmenistanyň Bilim ministirligi tarapyndan hödürlendi

**©Jumadurdy Annaorazow**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

## Aziýa we Afrika ýurtlarynyň täze taryh döwrüne giriş

Täze taryh adamzat taryhynyň orta asyrlar döwründen soň başlanýan eýýamydyr. Bu döwür Täze taryh diýip atlandyrylsa-da, onuň başlaryna çenli (takmynan XVII asyryň ortalary) dünýä ýurtlarynyň we yklymlarynyň ösüş derejesi deň däldi. XVII-XIX asyrlarda täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklar diňe Ýewropanyň we Demirgazyk Amerikanyň ösen ýurtlarynda berkarar bolupdy. Täze kemala gelen bu gatnaşyklary ylmy dilde hojalygy ýöretmegiň has ösen hem-de progressiw usuly bolan bazar ykdysadyýeti[1] diýip atlandyrýarlar. Emma şol bir wagtyň özünde Aziýanyň ýurtlarynda hojalygy ýöretmegiň orta asyrlar döwrüne mahsus bolan usullary hem dowam edýärdi. Afrikanyň birentek halklary, Awstraliýanyň aborigenleri we Amerikanyň indeýleri ilkidurmuş-jemagat gurluşynyň dargaýan şertlerinde ýaşaýardylar. Afrikanyň kenar ýakalarynda we Merkezi Afrikanyň käbir ýerlerinde dagynyk feodal döwletleri hem bardy.

Bu döwürde ýewropalylar taryhy ösüşde dünýäniň beýleki yklymlaryndan öňe saýlanmagy başardylar. Olar öz serhetlerinden çykyp, dört ummanyň giňişliklerinde ýüzüp, özleriniň öň görmedik we barmadyk ýerlerini özleşdirýärdiler. Giçki orta asyrlarda başlan Beýik geografiki açyşlaryň netijesinde Ýewropa we Amerika, Aziýa we Afrika sebitleri biri-birleri bilen baglanşyp ugrady, adamzat birek-biregi gaýtadan tanap başlady.

Ýewropada ylmyň, tehnikanyň ösmegi netijesinde Täze taryhda önümçilik gatnaşyklary üzül-kesil üýtgedi, ykdysadyýetde täze pudaklar peýda boldy. Bu döwürde tehnikanyň gazananlarynyň köp ulanylyp başlanandygy üçin Täze taryh döwrüni «maşyn asyry» diýip hem

[1] Oňa başgaça «kapitalistik», ýagny iri maýa goýuma esaslanýan önümçilik diýip hem at berýärler.

atlandyrdylar. Täze döwrüň adamlary köp derejede orta asyrlaryň adamlaryndan düýpli tapawutlanyp başlady. Durmuşda adamyň özüni alyp barşy, onuň dünýägaraýşy ösüp kämilleşdi we olar täze gymmatlyklara esaslanyp başlady. Bu döwürde ýaşaýyş-durmuşda we zähmetde işewürlik, dünýewilik güýçli ösdi, adamyň döwlet häkimiýeti bilen gatnaşygy-da üýtgedi. Ençeme ýüzýyllyklar dowam eden häkimiýetiň güýji üytgäp, ösen Ýewropa ýurtlarynda patyşalyk häkimiýeti çäklendirilip ugrady.

**Ýewropada senagat öwrülişigi.** Täze taryhyň esasy aýratynlylarynyň biri-de, XVIII asyryň ahyrynda - XIX asyryň başynda Angliýada senagat öwrülşigi bolup geçdi. Bir ýurduň çäginde bolup geçen bu jemgyýetçilik hadysasy soňra Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň ösüşine ägirt uly täsir etdi. Senagatyň ösüşi Ýewropa sebitinde oba hojalygynyň ösüşine hem öz täsirini ýetirdi. Oba hojalyk önümçiliginde başlan bu özgerişler hem öňi bilen Angliýada, onuň yzýany bilen Fransiýada, bir az soňrak bolsa ABŞ-da, Germaniýada, Awstro-Wengriýada, Italiýada we Russiýada bolup geçdi. XIX asyryň ahyrynda senagat öwrülşigi aziýa ýurdy bolan Ýaponiýada hem başlanýar.

XIX asyryň ahyrynda Ýewropa ýurtlarynda we ABŞ-da industrial siwilizasiýasy kemala geldi we tehniki ösüş bolsa onuň hereketlendiriji güýji bolup hyzmat etdi. Bu döwürde ykdysadyýetde täze önümçilik gatnaşyklary peýda bolup ugraýar. Zähmet öndürjiliginiň ösmegi, görülýän peýdanyň artmagy bu ösüşiň örän uly alamatydyr. Tehniki ösüş, zähmet öndürjiligi adamyň bilimleriniň we endikleriniň kem-kemden giňelmeginiň hem-de kämilleşmeginiň netijesinde bolup geçdi. Şeýlelikde, Täze döwür önümçilik gatnaşyklarynyň we hojalygy ýöretmegiň täze usulynyň hem-de täze eýeçilik gatnaşyklarynyň berkarar bolmagy bilen başlandy.

Ýewropanyň öňdebaryjy ýurtlarynda tehniki ösüş netijesinde önümçilik gatnaşyklarynyň täze basgançagyna geçmek üçin şertler kemala geldi. Ýewropada ilkinji gezek plug (köp gulakly azal) ýaýrady, ullakan çarhly suw degirmenleri ulanylyp başlandy. Demir eretmeklik, metaldan ýasalýan gurallar kämilleşdirildi. Ok atýan ýarag oýlanyp tapyldy, kompos ulanmaklyk giňden ýaýrady. Kitap çap etmeklik uly ösüşe eýe boldy. XVII asyryň başlarynda gämi gurluşygy we deňizde ýüzmek babatynda gazanylan uly üstünlikler netijesinde uly geografik açyşlar edildi, bu bolsa ýewropalylara täze ýerleri basyp almagyň hasabyna öz ýurtlarynyň çäklerini giňeltmäge şert döretdi. Täze döwrüň birinji ýarymynda Beýik Britaniýa, Fransiýa, Gollandiýa, Russiýa Ýewropada has uly döwletlere öwrüldiler.

Täze taryh Ýewropanyň we Amerikanyň öňde barýan ýurtlarynda önümçilik gatnaşyklarynda iri maýa goýumlarynyň toplanmagy hem-de onuň mukdarynyň artmagy bilen hem häsiýetlendirilýär. Ýewropa döwletleriniň arasynda Angliýa, Ispaniýa, Portugalýa, Gollandiýa, Fransiýa, Russiýa, soňra Germaniýa, Awstro-Wengriýa ýaly uly ýurtlar dünýäniň dürli sebitlerinde köp ýerleri basyp alyp, ägirt uly koloniýal döwletlere öwrüldiler.

**Täze taryh döwründe koloniýalar ugrundaky göreşler.** Beýik geografiki açyşlar ýewropalylaryň dünýäniň dürli sebitlerini özleşdirmeklerine, olaryň arasynda söwda agalygyny ýola goýmakda we koloniýalar edinmek ugrunda ýiti bäsleşikleri ýüze çykardy. Olar aýry-aýry ýerleriň üstünde özara dawalary hatda uruşlary hem alyp barýardylar. Muňa Angliýanyň, Ispaniýanyň, Portugaliýanyň, Fransiýanyň, Italiýanyň, Russiýanyň, Belgiýanyň arasynda bolup geçen çylşyrymly syýasy we harby wakalar şaýatlyk edýär.

XVI asyryň dowamynda Gündogar ýurtlary bilen söwdada portugallar we ispanlar öňdebaryjylygy eýeleýärdiler. Emma şol asyryň ahyrlaryndan başlap birinjilik ilki gollandlaryň, soňra bolsa iňlisleriň eline geçdi. Halkara bazaralaryna eýe bolmak ugrundaky bäsleşiklerde golland, iňlis we fransuz Ost-Hindistan kompaniýalary




aýratyn işewürlik görkezýärdiler. Peýda görmegiň hatyrasyna bu kompaniýalaryň gullukçylary aldawçylykdan, zor salmalardan, hyzmatdaşyna dönüklik etmekden, dürli hili zalymlyklardan gaýtmaýardylar. Bu kompaniýalar Aziýanyň we Afrikanyň dürli sebitlerinde duz, tirýek we beýleki harytlaryň söwdasyna monopoliýa girizýärdiler we Ýewropada hiç haçan hem gazanyp bilmedik girdejilerine eýe bolýardylar.

Koloniýalar edinmekde ýewropa ýurtlarynyň arasynda başlan özara bäsleşikler köp sanly uruşlaryň turmagyna we

döwletleriň birleriniň täsiriniň artmagyna, ýene biriniň täsiriniň bolsa peselmegine getirýär. Ispaniýanyň we Portugaliýanyň kolonial agalygy XVI asyryň ahyrlarynda Gollandiýa we Angliýa tarapyndan syndryldy. Netijede, XVII asyryň başlarynda Gollandiýa iň güýçli we köp koloniýalary bolan ýurda öwrüldi. Demirgazyk we Günorta Amerikanyň, Indoneziýanyň we Seýlonyň uç-gyraksyz ýerleri onuň tabynlygyna geçdi. XVII asyryň 40-njy ýyllarynyň iňlis rewolýusiýasy Angliýany kolonial mülkleri edinmek, söwdada we deňizlerde agalyk etmek ugrundaky göreslere atardy. XVII asyryň ikinji ýarymyndaky uruşlarda Angliýa Gollandiýany derbi-dagyn etmek başartdy, emma Fransiýanyň hem bu göreşlere goşulmagy Angliýa Gollandiýanyň koloniýalaryny elinden almaga mümkinçilik bermedi.

XVIII asyryň bütin dowamynda dünýä agalygy ugrundaky göreşler Angliýa bilen Fransiýanyň arasynda dowam etdi. Şunda uruşlaryň esasy ýerleri Amerika hem-de Hindistan boldy. Ispan mirasy (1702-1713), awstriýanyň mirasy (1741-1748) ugrundaky uruşlarda we Ýedi ýyllyk uruşda (1756-1763) Angliýa Fransiýany Demirgazyk Amerikadaky, West-Hindistandaky we Ost-Hindistandaky kolonial mülklerinden gysyp çykardy. Netijede Angliýa dünýä agalygy ugrundaky göreşde birinjiligi almak başartdy.

Amerikanyň açylmagy, bu ýerlere ýewropalylaryň köpçülikleýin göçüp gelmegi bilen amerikan materiginde, aýratyn hem onuň günortasynda palantasiýa hojalygy döredi. Emma palantasiýa hojalygyny ýöretmek üçin köp işçi güýji gerek bolýardy. Şonuň üçin hem ýewropaly söwdagärler Günbatar Afrikadan garaýagyz gullary Amerika äkidip ugradylar. Täze taryh döwründe diňe Günbatar Afrikadan we Kongo derýasynyň boýlaryndan 30 million afrikaly Amerika äkidilip satylypdyr.

**Täze taryhyň döwürlere bölünişi.** Dünýä taryhynda gadymy hem-de orta asyrlar döwürleri birnäçe müňýyllyklar, ýüzýyllyklar dowam etdi. Emma Täze taryh wagt taýdan şeýle köp asyrlary öz içine almady. Alymlaryň arasynda Täze taryhyň haçan başlap, haçan gutarandygy barada dürli pikirler bar. Muňa garamazdan, şu okuw kitabynda dünýä taryhynyň öňki döwürleşdirilişine eýerilip Täze taryhyň başlanýan döwri hökmünde 1649-njy ýylyň Iňlis buržuaz rewolýusiýasy esas edilip alyndy, bu döwrüň gutarýan wagty hökmünde bolsa 1914-1918-nji ýyllarda bolup geçen birinji Jahan urşy kabul edildi. Täze taryhyň şeýle wagt çäginde seneleşdirilmeginiň öz sebäpleri boldy. Çünki iňlis buržuaz rewolýusiýasyndan soň diňe bir Angliýada däl, eýsem Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda hem täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklar kemala gelip başlady. Bu bolsa adamzat taryhynyň ösüşinde täze döwrüň başlanýandygyny aňladýardy.

Birinji jahan urşunyň Täze taryhyň tamamlanýan döwri hökmünde kabul edilmeginiň sebäbi, bu wakadan soň Aziýanyň we Afrikanyň bakna edilen ýurtlarynda azat edijilik hereketi has hem güýjedi we ilkinji garaşsyz döwletler peýda bolup ugrady. Taryhçy alymlar Täze taryhy öz içinde iki döwre bölýärler: birinjisi XVII-XIX asyrlaryň ortalary, ikinji döwri bolsa XIX asyryň ikinji ýarymyndan XX asyryň başlaryna çenli döwürler. Şu okuw kitabynda Aziýa we Afrika ýurtlarynyň täze taryh eýýamynyň içki iki döwrüniň hem (XVII - XIX asyrlaryň ortalary; XIX asyryň ikinji ýarymy – XX asyryň başlary) taryhy beýan edilýär.

**Aziýa halklary we Täze taryh döwri.** Täze taryh düşünjesiniň Aziýa we Afrika ýurtlary babatynda şertli häsiýeti bardyr. Sebäbi bu sebitlerde öňküleri ýaly orta asyr gatnaşyklary dowam etdi. Aziýada Osman imperiýasy, Hytaý, Ýaponiýa, Eýran, Beýik Mogollaryň döwleti ýaly iri döwletler bardy. Emma XVII asyryň ikinji ýarymyndan

başlap bu döwletleriň durmuş-ykdysady we syýasy ýaşaýşynda hem dürli häsiýetdäki çylşyrymly hadysalar ýüze çykyp başlady. Osman imperiýasy Ýewropada merkezleşdirilen güýçli döwletleriň peýda bolmagy bilen güýçden gaçdy. XVIII asyryň başlarynda Beýik Mogollaryň döwleti hem köpsanly özbaşdak döwletlere dargady. XVIII-XIX asyryň birinji ýarymynda Eýranda bolup geçen çylşyrymly wakalaryň netijesinde türkmenleriň Sefewi we Afşar döwletleri ýaşamagyny bes etdi, Gajar türkmenleriniň döwleti bolsa gutarnykly gowşady. Şeýle hadysalary Hytaý döwletiniň taryhynda hem görmek bolýar.

Täze taryha geçilýän döwürde Ýaponiýa ýerli hökümdarlar tarapyndan «ýapyldy» we bu ýurda gelmek-gitmek gadagan edildi. Bu ýagdaý Ýaponiýada iki ýüz ýyldan hem gowrak wagt dowam etdi. Emma XIX asyryň ortalarynda ABŞ-nyň we Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň zor salmaklary netijesinde Ýaponiýa hem «açyldy» we ýurt ep-esli wagtlap keseki täsirine düşdi. Emma Täze taryhyň ikinji döwründe Ýaponiýa ýeke-täk Aziýa döwleti hökmünde Günbatar ýurtlarynyň täsirinden çykmagy we Uzak Gündogarda kuwwatly imperalistik döwlete öwrülmegi başardy we onuň özi sebitde uly koloniýalary edinmegi başardy.

Täze taryh düşünjesiniň Aziýa we Afrika ýurtlary babatynda şertli häsiýeti bolan-da bolsa, Ýewropadaky wakalar barybir bu yklymyň halklarynyň taryhy ösüşine hem belli bir derejede täsir etdi. Koloniýal agalygyň güýjemegi Aziýa we Afrika ýurtlarynyň kemala gelip ugran dünýä bazaryna goşulmagyna, bu ýurtlarda milli aňyýetiň kemala gelmegine, şunuň netijesinde bolsa sebitleriň we yklymlaryň arasynda dürli häsiýetdäki gatnaşyklaryň ýygjamlaşmagyna getirdi.

XVII-XIX asyrlar dünýä taryhynda Aziýa we Afrika ýurtlary babatynda ýapjalyk asyrlary hasap edilýär. Ýapjalyk

düzgüni sebitiň halklarynyň ata-baba ösüşine ýaramaz täsir etdi. Ykdysady, medeni we jemgyýetçilik ösüşinde sebit üçin häsiýetli bolmadyk ýagdaýlar ýüze çykdy. Sebitiň ýürtlarynyň ykdysady ösüşine ýewropa harytlarynyň köpçülikleýin getirilmegi uly kynçylyklary döretdi, ýerli önümçiligiň ösüşini togtatdy, köneden gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklary bulaşdy.

Elbetde, ýapjalyk düzgüni sebit ýurtlarynda ýaramaz hadysalar bir hatarda, oňyn alamatlary hem ýüze çykardy. Aziýanyň we Afrikanyň ýurtlarynda sebitiň halklary üçin häsiýetli bolmadyk täze bir akym – milletçilik ýüze çykdy. Milletçilik – munuň özi Gündogar ýurtlarynyň şertlerinde milli watançylykdyr. Sebäbi Aziýanyň we Afrikanyň ezilen halklary milli özbaşdaklyk, hak-hukuk ugrunda aýaga galdylar. Şonuň üçin hem bu asyrlary Aziýa we Afrika ýurtlarynda milliligiň oýanýan we azat edijilik hereketiniň ýüze çykan döwri hem hasap edilýär.

Gürrüňi edilýän döwürde Aziýa we Afrika ýurtlarynda milli aňyýet janlandy we ösdi. Onda täze-täze ugurlar ýüze çykdy. Olardan mysal edip eýranly konstitusiýaçylary, gandiçilik (Hindistan), sunýatsençilik (hytaý) we marhaýenizm (Indoneziýa) akymlaryny, arap magaryfçylarynyň, ýaş owganlylaryň we ýaş türkleriň hereketlerini we başgalary görkezmek bolar. Bu döwürde milli azat edijilik hereketiniň esasy ugurlary we maksatlary kesgitlendi.

Ýapjalyk döwründe nogsanlyklar bilen bir hatarada oňyn ilerlemeler hem bolup geçdi. Bu döwürde uzak asyrlardan soň halklar ilkinji gezek biri-birini ýakyndan tanamaga mümkinçilik aldy. Dünýäniň halklary birek-birekden köp zatlary öwrendi. Gelejekki ösüşler üçin ugurlar kesgitlendi. Aziýa we Afrika sebiti ýewropaly alymlar tarapyndan içgin öwrenildi. Täze taryh döwründe ösüşleriň adamzat üçin oňaýly ülňüleri kemala geldi. Aziýa we Afrika sebitlerinde

hem dünýä bilen umumylaşmak meýilleri güýçlendi. Ylym, bilim we medeniýet belli bir derejede ösdi.

«Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy (Täze taryh döwri)» okuw gollanmasy Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň dünýä taryhy kafedrasynda ara alnyp maslahatlaşyldy we çap etmäge hödürlenildi.

# I BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY XVII ASYRYŇ ORTALARYNDAN - XIX ASYRYŇ IKINJI ÝARYMYNA ÇENLI DÖWÜRDE

## § 1. Eýran XVII - XIX asyryň 50-nji ýyllaryna çenli döwürde

**Eýranda Sefewiler döwletiniň gowşamagy we özara uruşlar.** XVI-XVII asyrlarda Sefewileriň döwleti Gündogaryň harby-syýasy we ykdysady taýdan ösen döwletleriniň biridi. Emma XVII asyryň 70-nji ýyllardyndan başlap ilki oba-hojalygynda, soňra bolsa senetçilikde we söwdada ykdysady çokgünligiň alamatlary ýüze çykyp ugraýar. Ýurduň suwaryş desgalary ýmrulyp, ekerançylyk ýerleriniň we ekerançylyk bilen meşgullanýan ilatyň sany görnetin kemelip ugraýar. Bu döwürde senetçilik önümçiliginiň we söwdanyň gerimi hem düýpli peselipdir.

XVII asyrda Eýranda orta asyr önümçilik gatnaşyklary agalayk etmegini dowam etdirýärdi. Ýurduň ekerançylyk ýerleriniň esasy bölegi döwlet ýerleri (diwany) bolup galýardy. Emma döwlet ýerleriniň hasabyna sefewi patyşasynyň hut özüne degişli bolan hasse mülk ýerleriniň möçberi artýardy. Döwlet emeldarlaryna, welaýatlaryň häkimlerine, taýpa serdarlaryna döwlet ýerleriniň hasabyna

patyşanyň peýdasyna gulluk etmek şerti bilen tiul ýerleri berilýärdi. Emma wagtyň geçmegi bilen gulluk ýerleri olaryň eýeleriniň hususy mülklerine öwrülýärdi. Sefewileriň döwletinde wakf ýerleri hem köpçülikleýin ýaýrapdy. Eýranda döwlet we gulluk ýerleriniň hasabyna kem-kemden mülk ýerleriniň (arbaby) möçberi hem artypdyr.

Ýeri işläp bejerýän daýhanlar köpçüligi barada aýdylanda, umuman alnanda, olaryň öz hususy ýerleri bolmandyr. Şonuň üçin hem olar ýeri kärendesine almaly bolýardylar. Ýerden alynýan ekerançylyk önümi daýhan bilen ýer eýesiniň arasynda bäşe bölünipdir: ýer, suw, tohum, iş maly we işçi güýji üçin. Şol sebäpden hem daýhana önümiň ýary, üçden biri, kähalatlarda bolsa bäşden bir bölegi galypdyr. Daýhanlar dürli zähmet borçlaryny hem ýerine ýetirmeli bolýardylar. Ekerançylyk bilen meşgullanýan oturymly ilatdan (raýat) başga-da, Eýranda maldarçylyk bilen meşgullanýan köp sanly çarwalar (ilat) hem bardy.


Süleýman şa Sefewi

Öňki döwürlerde bolşy ýaly, Täze taryha geçilýän döwürde-de, döwleti çäklendirilmedik häkimiýeti bolan şa dolandyrýardy. Sefewi patyşasy ýurduň hökümetiniň başlygy bolan weziri, baş serkerdäni (sepahsalar) we ýokary wezipeli döwlet emeldarlaryny belläpdir. Sefewiler döwleti dolandyryş taýdan patyşanyň tabynlygynda bolan hasse welaýatlaryna, şeýle hem baş weziriň tabynlygyndaky diwani welaýatlaryna bölünipdir. Hasse welaýatlaryny şa tarapyndan bellenilýän weli, diwani welaýatyny bolsa begler-begi dolandyrypdyr. Döwletiň jemgyýetçilik-syýasy

durmuşynda şyga (şaýy) ulamalary uly abraýdan hem-de täsirden peýdalanýardylar.

Eýranyň demirgazyk-günbatary we gündogary asuda bolmandyr. Sebäbi şol ýerlerde esasan sünni halklary ýaşap, olar şyga hökümdarlarynyň eden-etdiliklerine garşy häli-şindi gozgalaňlary turzup durýardylar. Netijede, XVII asyryň ahyrlarynda - XVIII asyryň başlarynda Sefewiler döwletiniň gowşaýandygy görnetin bildirip ugrady. Sefewiler döwletiniň gowşaýandygy aýratyn hem Süleýman şanyň (1666-1694) we Soltan Hüseýiniň (1694-1722) döwründe güýçli duýulýardy. Buhara emirleri, Hywa hanlary sefewileriň Horasandaky, osmanlylar bolsa ýurduň demirgazyk-günbataryndaky mülklerine çozuşlary geçirýärdiler. Bu döwürde Psra aýlagy taraplardan Eýrana ýewropalylar hem aralaşýardyler. Gollandlar Pars aýlagynda Keşm adasyny eýelediler.

Deňiz söwda ýollarynyň ýewropalylaryň eline geçip ugramagy daşary söwda uly zyýan ýetiripdir. Daşary söwdadan gelýän girdejileriň möçberini artdyrmak, golland Ost-Hindistan kompaniýasynyň täsirini peseltmek üçin 1708-nji we 1715-nji ýyllarda Soltan Hüseýin şa Fransiýa bilen iki sany söwda şertnamasyny baglaşýar. Şertnamalar boýunça fransuz täjirlerine gollandlaryň peýdalanan artykmaçlyklaryndan hem giň ýeňillikler berlipdir. Emma Fransiýa bu şertnamalaryň beren ýeňilliklerinden peýdalanyp ýetişmändir. Çünki tiz wagtdan Eýran özara uruşlaryň sahnasyna öwrülýär.

**Eýranyň owganlar tarapyndan basylyp alynmagy.** Sefewiler döwletiniň gowaşamagyndan owganlylaryň gilzaý taýpasy peýdalanyp, 1709-njy ýylda olar Kandagarda gozgalaň turuzýarlar. Gozgalaňa şäheriň galandary (häkim) Mir Weýis baştutanlyk edýär. Gozgalaňçylar Kandagary eýeläp, welaýatyň begler-begi Gürgen hany öldürýärler. 1711-nji we 1712-nji ýyllarda Mir Weýis Kanadagara

iberilen şa goşunlaryny iki gezek ýeňlişe sezewar edýär. 1715-nji ýylda Mir Weýis aradan çykandan soň onuň ornuna dogany Mir Abdylla geçip. Mir Abdylla Soltan Hüseýin şa bilen gepleşik geçirmäge synanyşyk edýär. Emma gilzaýlar ony dönüklikde aýyplap öldüýärler, onuň ornuna bolsa Mir Weýsiň ogly Mir Mahmyt geçýär.

1716-njy ýylda Hyrat welaýatynda beýleki bir sünni taýpasy bolan abdallar hem gozgalaň turuzýarlar. 1719-njy ýylda gozgalaňçylar şa goşunlaryny derbi-dagyn edip Hyrady eýeleýärler. Owganystanyň ýerinde sefewileriň häkimiýeti synandan soň 1720-nji ýylda gilzaýlar Mir Mahmyyň baştutanlygynda Eýranyň üstüne ýörişe başlaýarlar. Sefewiler döwletine garşy guralan birinji ýöriş owganlar üçin şowsuz tamamlanýar. Emma 1721-nji ýylyň ahyrlarynda Mir Mahmyt Seýistanyň we Kermanyň üsti bilen Yspyhana tarap täzeden hüjüm edip ugraýar. 1722-nji ýylyň 8-nji martynda Yspyhanyň golaýyndaky Gülnabat diýen ýerde sefewi goşunlaryny kül-peýekun edip, owganlar Yspyhanyň hemrasy - ermenileriň Täze Julfa şäherini eýeleýärler. Mir Mahmyt ermenilere 120 tümen salgyt salýar. Täze Julfada ýerleşmek bilen gilzaýlar Yspyhany zabt edip ugraýarlar. Emma diňe ýedi aýdan soň Mir Mahmyda Yspyhany eýelemek başardýar. Kazwinde gezip ýören tagtyň mirasdary Tahmasp mürzä paýtagtyň goragçylaryna kömek üçin goşun ýygnamak başartmaýar. Soltan Hüseýin owganlar bilen birnäçe gezek gepleşik geçirmäge synanyşyk edýär. Ahyr bolmanyndan soň 1722-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda ol Mir Mahmydyň huzuryna gelip Yspyhany, tagtyny we täjini owganlara bermäge mebur


Mir Mahmyt

bolýar. Owganlar şäheri eýeläp Mir Mahmydy Eýranyň şalar şasy diýip yglan edýärler.

Owganlar Merkezi Eýranyň ep-esli ýerlerini eýelän-de bolsalar, olaryň häkimiýeti berk däldi. Sebäbi owganlaryň hökümdarlygy Eýranyň obalaryny, şäherlerini talamaklyk bilen utgaşdyrylýardy. Şonuň üçin hem Eýranyň dürli ýerlerinde owganlara garşy azat edijilik urşy başlaýar. Owganlaryň hökümdarlygy gowşap ugraýar. Yspyhanda-da ýagdaý öwerlikli däldi. Şäherlileriň gozgalaň turuzmagyndan howatyr edip, 1723-nji ýylyň ýanwarynda Mir Mahmyt Soltan Hüseýiniň ähli hossarlaryny we onuň tanymal döwlet emeldarlaryny – jemi 300 töweregi adamlary köşgüne meýlise çagyryp, olaryň ählisini öldürdýär. 1725-nji ýylyň fewralynda bolsa Mir Mahmyt sefewiler neslinden bolan ähli erkek adamlaryň Soltan Hüseýinden galanyny ýok etdirýär.

Owganlara garşy Eýranyň demirgazygynda alnyp barylýan göreşe häkimiýetini elden gideren Soltan Hüseýiniň ogly Tahmasp II (1722-1732) baştutanlyk edýärdi. Emma dagynyk toparlary jemlemek we olary owganlara garşy azat edijilik urşuna aýa galdyrmak Tahmasp II-ä başartmandyr.

Bu döwürde Eýranyň başyna inen betbagtçylyklardan peýdalanyp, rus patyşasy Pýotr I hem Eýrana ýöriş geçirýär. 1722-nji ýylda rus goşunlary sefewileriň golastyndaky Dagystanyň Derbent, 1723-nji ýylda bolsa Azerbaýjanyň Baku şäherlerini eýeleýär. Sefewi döwletiniň dargamagy bilen onuň günbatar taraplardaky ýerlerini Osman imperiýasy hem eýelemäge girişýär. 1723-nji ýylyň ýazynda türk goşunlary Gündogar Ermenistana we Gündogar Gruziýa girýärler. Emele gelen ýagdaýda Tahmasp II Peterburga ilçi iberip, 1723-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Russiýa bilen şertnama baglaşýar. Şertnama boýunça Pýotr I owganlara garşy göreşmäge Tahmasp II-ä kömek bermegi wada edýär.

Eýran tarapy hem öz gezeginde Hazar deňziniň günbatar kenaryndaky Şirwan, Derbent, Baku, şeýle hem Gilýanyň, Mazendaranyň we Gürgeniň kenarýaka ýerlerini Russiýa bermäge razy bolýar.

1723-nji ýylyň rus-eýran şertnamasy Türkiýe bilen Russiýanyň arasyny ýitileşdirýär. Emele gelen ýagdaýda Pýotr I-niň Türkiýe bilen urşa başlamaga bogny ysmandyr. Şonuň üçin hem Fransiýanyň araçy bolmagynda Stambulda türk-rus traktatyna gol çekilýär. Netijede Tahmasp II-niň Pýotr I-ä bermegi göz öňunde tutan ýerleri Russiýanyň, Kawkazdaky ýerleriň köpüsi, Günbatar Eýranyň ep-esli ýerleri bolsa Kermanşah we Hemadan bilen bilelikde Türkiýäniň eline geçýär.

Eýranyň ýerlerini eýelemek ugrunda göreşleriň ýitileşýän döwründe owganlaryň arasynda-da häkimiýet ugrunda özara oňşuksyzlyklar dowam edýärdi. Owgan emirleriniň köpüsi rehimsiz hem-de müňkür Mir Mahmydyň häkimiýetinden nägile bolup 1725-nji ýylyň aprelinde ony öldürýärler we tagta doganoglany Aşrafy (Eşrep) çykarýarlar.

Aşraf öz tarapyna eýranly begzadalary çekmäge, ýurdy basybalyjy hökmünde däl-de, eýsem Eýranyň hökümdary hökmünde dolandyrmaga çalşypdyr. Ol Eýranyň ýerleri meselesinde Osman imperiýasy bilen hem ylalaşmagy başarypdyr. 1727-nji ýylda türkler bilen Hemedan şertnamasyny baglaşyp, ol osmanly soltany Ahmet III-ni ähli musulmanlaryň halyfy, özüni bolsa onuň ýapjasy diýip ykrar edýär. Aşraf Türkiýä Satmbul şertnamasy boýunça alan ýerlerinden başga-da Huzistany, Zenjany, Kazwini we Tährany bermäge-de razylyk berýär.

**Owganlaryň Eýrandan kowlup çykarylmagy.** 1726-njy ýylda Mazendaranda oturan Tahmasp II-niň owganlara garşy göreşine asly türkmenleriň awşar taýpasyndan bolan Nedirguly han (1688-1747) gelip goşulýar. Başarjaň serkerde bolandygy üçin Tahmasp II ony Horasanyň häkimi

edip belleýär. Nedirguly han Tahmaspa özüniň esasy bäsdeşi, türkmenleriň gajar taýpasynyň serdary Feth Aly han Gajary[1] öldürdýär. 1726-1729-nji ýyllarda Nedirguly han owganlary birnäçe gezek ýeňlişe sezewar edip, Seýistany, Maşady we Hyrady olaryň elinden alýar. Netijede bütin Horasan türkmen serkerdesiniň eline geçýär. Özüne Tahmaspguly han adyny alyp, ol Tahmasp II-niň tabynlygyna geçen ähli ýerleriň üstünden dolandyryşy hem öz eline alýar.



Nedir şa Awşar

Nedirguly hanyň üstünlikleri Afşary howsala salýar. Ol 30 müňlük goşun bilen Horasana ugraýar. Emma 1729-njy ýylyň 2-nji oktýabrynda Afşaryň goşunlary Damganyň eteginde Nedirguly han tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Gaçyp barýan owganlary yzarlap Nedirguly han Yspyhana tarap ugraýar we 1729-njy ýylyň 29-njy noýabrynda Murçehurtyň eteginde olara ikinji gezek agyr zarba urýar. Aşraf Yspyhany taşlap gitmezinden öň şäherde aýylganç talaňçylyklary edýär we Soltan Hüseýni hem öldürýär. Nedirguly han Yspyhany eýeläp, Tahmasp II-ni tagta çykarýar.

Nedirguly han owganlary yzarlap Parsa gelýär we 1730-njy ýylyň başlarynda Istahryň eteginde olary ýene-de bir ýola ýeňlişe sezewar edýär. Aşraf Bulujystana gaçýar, emma bu ýerde ol buluç hanlarynyň biri tarapyndan öldürilýär. Şeýlelikde, owganlar Eýrandan doly kowlup çykarylýar.

[1] Ol Gajarlar nesilşalygyny esaslandyran Aga Muhammet şanyň atasy bolupdyr.

1730-njy ýylda Nedirguly han türklere garşy urşa başlaýar we olary ýeňlişe sezewar edip Hemedany, Kermanşahy, Ardebili we Törizi gaýtaryp alýar. 1731-nji ýylda Tahmasp II Türkiýe bilen şertnama baglaşyp, Araks derýasyndan günortada ýerleşýän ýerleri olaryň elinden alýar. Emma Tahmaspyň Türkiýe bilen baglaşan şertnamasyny Nedirguly han ykrar etmeýär we atly hanlaryň we emirleriň gurultaýyny çagyryp, Tahmaspy tagtdan agdarýar. Tahmaspyň ýerine onuň sekiz aýlyk ogly Abbas III-ni Eýranyň şasy diýip yglan edilýär. 1733-nji ýylda Nedirguly han türkleri Kirkugyň eteginde ýeňlişe sezewar edip, 1734-1735-nji ýyllarda Kawkazyň gündogaryndaky ýerleri olaryň elinden alýar. 1735-nji ýylda türkmen serkerdesi Dagystany hem eýeleýär, ýöne bu ýerde ymykly berkleşmek oňa başartmandyr.

1732-nji ýylda Reştde Russiýa bilen Eýranyň arasynda şertnama baglaşylyp, rus patyşasy Mazendarandan we Gilýandan el çekýär, Hazaryň kenaryndaky ýerleri bolsa tiz wagtdan gaýtaryp bermäge borçlanýar. Emma Nedirgulynyň Azerbaýjana we Dagystana geçiren ýörişleriniň netijesinde bu ýerler hem Eýranyň tabynlygyna geçýär. Şeýlelikde, 1736-njy ýyla çenli Nedirguly han 1722-nji ýyldan soň Eýranyň elinden alnan ähli ýerleri yzyna gaýtaryp almagy başarýar.

**Eýranda Nedir şanyň häkimiýet başyna gelmegi.** Owganlara we türklere garşy alnyp barlan uzaga çeken uruşlar, ýurduň ep-esli ýerleriniň Russiýa tarapyndan eýelenilmegi ýurdy halys tozdurypdy. Uruşlar döwründe obalar, şäherler weýran edilipdi, ekin meýdanlarynyň ýüz müňlerçe gektary taşlanylypdy, senetçilik we söwda çöküpdi. Günbatar we Merkezi Eýranyň Töwrüz, Kazwin, Yspyhan, Şiraz we Ýezd ýaly iri şäherleri halys tozupdylar. Şeýle şertlerde Nedirguly han sefewiler nesilşalygynyň häkimiýetiniň näderejede abraýdan düşendigine göz ýetýär.

Owganlara we türklere garşy uruşlarda Nedirguly han «Eýranyň halasgäri» adyna eýe bolupdy, şonuň üçin hem azat edijilik urşuna gatnaşyjy han-begler Eýranyň tagtynda Nediguly hany görmek isleýärdiler. Emma öz häkimiýetini kanunlaşdyrmak we eýran halkynyň goldawyny almak üçin ol gurultaý geçirmegi maksat edinýär.

Gurultaýy türkmenleriň ata-baba ýaýlagy bolan Mugan çölünde geçirilipdir. Bu çärä uly din wekilleri, metjitleriň ymamlary we kazylar, ermenileriň din wekilleri, hanlar we täsipli begzadalar, çarwa taýpalaryň serdarlary, şäherleriň galandarlary hatda şaher mähellereleriniň we obalaryň kethydalary hem çagyrylypdyr. Heniz görülmedik bu uly ýygnanyşyga 20 müň adam çözüji ses bilen gatnaşypdyr. Netijede, Mugandaky gurultaýy guramaçylykly geçirmek, oňa gatnaşyjylara hyzmat etmek üçin getirilen adamlary hem hasap edeniňde, jemi 100 müň adam ýygnanypdyr. Şunça mukdardaky adamlary ýerleşdirmek üçin 12 müňe barabar wagtlaýyn öýler, şol sanda metjitler, hammamlar we bazarlar gurlupdyr.



Nedir şa ogullary bilen

Mugandaky gurultaý 1736-njy ýylyň ýanwarynda açylypdyr. Şol ýlyň 21-nji martynda – Täze ýylyň bosagasynda Nedirguly han Eýranyň şasy diýlip yglan edilýär. Şalyga göterilen Nediri türkmenleriň gadymy däbi boýunça, ak atkeçä mündüripdirler we soňra ýörite taýýarlanyp goýlan tagtda oturdupdyrlar.

Nedir şa (1736-njy ýylyň mart – 1747-nji ýylyň iýuny) Eýranyň öňki çägini dikeltmek bilen çäklenmändir. Şonuň üçin hem goňşy ýurtlara garşy ýörişlere başlaýar. Nedir

şanyň goşunlarynyň esasyny türkmenlerden, özbeklerden we owganlardan düzülen söweşjeň ýygynlar emele getiripdir. 1737-1738-nji ýyllarda owgan taýpalaryny tabyn edip, Nedir şa owgan topalaňçylaryna gaçybatalga beren Beýik Mogollaryň döwletine uruş yglan edýär. 1739-njy ýylyň martynda Karnalyň eteginde bolan söweşde beýik mogol Muhammet şanyň goşunlary derbi-dagyn edilýär. Delini eýeläp Nedir şa ummasyz uly olja eýe bolýar. Muhammet şa özüniň Hind derýasyndan günbatarda ýerleşýän ýerlerini Nedir şa bermäge mejbur bolýar. Hindi ýörişinden soň Nedir şa raýatlary üç ýyllap salgytdan boşadýar.

1740-njy ýylda Nedir şa özbek döwletleri bolan Buhara emirligine we Hywa halygyna garşy ýörişe başlaýar. Buharanyň hökümdary Abulfeýz han awşar hökümdaryna tabynlyk bildirýär. Türkmen taýpalary tarapyndan ýiti garşylyk görkezilenden soň Hywa hanlygy hem boýun egdirilýär. Nedir şa Hywada 30 müň sany eýranlyny gulçulykdan azat edip watanyna ugradýar. Bu ýerde Nedir şanyň özi hem gulçulykda bolup görüpdi. 1741-1743-nji ýyllarda Nedir şa Dagystana ikinji gezek ýöriş geçirýär.

1743-1746-njy ýyllarda Türkiýe bilen alnyp barlan täze uruşlarda Nedir şa käbir arykmaçlyklary gazanan hem bolsa, eýelenen ýerlerde oňa ymykly berkemek başartmandyr. 1746-njy ýylyň Kerden şertnamasy boýunça Eýran bilen Türkiýäniň arasyndaky serhetler öňkiligine galypdyr. Nedir şa 1737-nji we 1741-nji ýyllarda iki gezek Omany we Arabystanyň günorta-gündogaryny eýelemäge goşunlary iberipdir, ýöne bu ýörişler känbir üstünlik getirmändir.

Nedir şa Hazar deňziniň kenarlaryny eýelemegi maksat edinýärdi. Munuň üçin 1743-nji ýylda iňlis raýaty Eltonyň ýolbaşçylygynda Hazar deňzinde harby flot döretmek bilen baglanyşykly işler başlaýar. Nedir şanyň başlangyçlary ruslaryň howsala düşmegine we Kizlýarda (Dagystan) rus goşunlarynyň jemlenmegine getirýär. Emma taraplaryň

Hazar deňzi sebitinde alyp barýan işleri olaryň arasynda uruş hereketleriniň başlanmagy üçin esas döredip bilmändir. Tiz wagtdan hökümdar ünsüni günorta deňizlerine tarap gönükdirýär. Netijede Nedir şa Pars aýlagynda Eýranyň agalygyny dikeltmek üçin Buşirde flot döretmäge girişýär.

Nedir şa Maşat şäherini öz paýtagtyna öwürýär. Ol ýurtda merkezleşdiriş syýasatyny alyp barmaga çalşypdyr, emma uruşlar döwründe tozdurylan Eýranda nähilidir bir ykdysady ösüşleri gazanmak başartmandyr. Has beteri-de, döwlet hazynasy köp çykdajylary talap edýän uly ýörişleri geçirmäge sarp edilýärdi. Ýörişler döwründe alynýan oljalar bolsa ýurduň ykdysadyýetini ösdürmäge gönükdirilmändir. Hindi ýörişi döwründe alnan oljalar harby maksatlar üçin sarp edilipdir, galan bölegi bolsa Nediriň Kelat galasyndaky hazynasynda hereketsiz saklanylypdyr.

Merkezi häkimiýeti berkitmek, döwlet ýerleriniň möçberini artdyrmak maksady bilen Nedir şa şyga ruhanylaryna degişli wakf ýerlerini, öňki nesilşalyk bilen baglanyşykly bolan gyzylbaş emirleriniň mülklerini zorluk bilen ellerinden alypdyr. Nedir şa din meselelsinde-de juda oýlanyşykly hem-de seresaply hereket edipdir, munuň üçin şygalaryň dört çaryýarlaryň başky üçüsine (Abu Bekr. Omar, Osman) gargyş etmeklerini gadagan edýär.

Nedir şanyň hökümdarlygynyň soňky ýyllarynda Eýranyň dürli ýerlerinde halk çykyşlarynyň, emirleriň, han-begleriň topalaňlarynyň sany artýar. 1747-nji ýylda salgytlaryň artdyrylmagy sebäpli Seýistanda halk tolgunyşyklary başlaýar. Bu tolgunyşyklar soňra Bulujystanda-da gozgalaňlaryň turmagyna getirýär. Nedir şa gozgalaňçylara garşy doganynyň ogly Alyguly mürzäni ugradýar. Emma Alyguly hanyň özi gozgalaňçylara goşulyp, özüni şa diýip yglan edýär. Emele gelen ýagdaýda şanyň köşk adamlary we serkerdeleri aşaklykdan Alyguly han bilen gepleşik geçirip ugraýarlar. Nedir şa muny aňypdyr, emma olar şa herekete

geçip ýetişmänkä öňurdip, Habuşanyň golaýynda gije onuň özüni öldürýärler.

**Eýranda häkimiýet başyna zendleriň gelmegi.** Nedir şa öldürilenden soň onuň döreden ägirt uly imperiýasy birnäçe özbaşdak döwletlere dargaýar. Eýranda uzaga çeken özara uruşlar başlaýar. Ýurduň gündogarynda Nedir şanyň serkerdesi Ahmet şa Dürrany tarapyndan garaşsyz owgan döwleti esaslandyrylýar.

Nediri öldürmäge gatnaşan hanlar 1747-nji ýylyň iýunynda Maşatda Alyguly hany şa diýip yglan edýärler. Ol agasynyň ähli ogullaryny we agtyklaryny öldürdýär. Ol diňe Şahruh mürzä degmändir. Emma 1748-nji ýylda Alyguly han dogany Ybraýym tarapyndan agdarylyp gözi oýulýar. Şundan soň köşk agdarylyşyklarynyň we özara uruşlaryň döwri başlaýar. 1751-nji ýyla çenli Eýranyň ýerinde biri-biri bilen oňuşmaýan birnäçe döwletler peýda bolýar. Owgan hökümdary Ahmet şa Dürrany Horasanda garaşsyz döwleti yglan edilip, onuň hökümdarlygyna Nedir şanyň özara uruşlar döwründe gözi oýulan agtygy Şahruhy (1748-1796) belleýär. Astrabat, soňra bolsa Mazenderan sebitlerinde häkimiýet gajarlaryň serdary Muhammet Hasan hanyň eline geçýär. Günorta Azerbaýjanda Nedir şanyň serkerdeleriniň biri, owganlaryň gilzaý taýpasyndan bolan Azat han hökümdarlyk edýärdi. Gilýanyň hany Hidaýatulla han hem özbaşdaklygyny yglan edýär.


Kerim han Zend

Yspyhandaky häkimiýete bagtyýarlaryň hany Aly Merdan han bilen lurlaryň zent taýpasynyň serdary Kerim han dalaş edipdirler. Zent taýpasy Melaýer etrabynda ýaşapdyr. Nedir şa zentleri zorluk bilen Horasanyň Deregez diýen ýerine göçürýär. Nedir şa öldürilenden soň zentler

ýene-de öz ýurtlaryna dolanyp gelýärler. Häkimiýet ugrundaky uruşlar döwründe 1753-nji ýylda Kerim han Zent Aly Merdan hany öldürýär we tutuş Günorta Eýranda häkimiýeti öz eline alýar. 1754-nji ýylda Kerim han Azerbaýjanyň günortasyny hem eýeleýär. Kerim hanyň gajarlar bilen uruşlary 1758-nji ýyla çenli dowam edýär. Şol ýyl zentler bilen uruşlarda gajarlaryň serdary, tanymal serkerde Muhammet Hasan öldürilýär. 1760-njy ýylda Kerim han Kerman bilen Ýezdi hem özüne tabyn edýär. Şeýlelikde, Şahruhyň hökümdarlyk edýän Eýranyň Horasan welaýatyndan galan ýerlerinde Kerim hanyň (1760-1779) hökümdarlygy ýola goýlup, zentleriň döwleti (1760-1794) döredilýär. Kerim han Şiraz şäherini Zentleriň döwletiniň paýtagtyna öwürýär.

Kerim hanyň paýtagty Şirazda gurluşyk işleri giň gerime eýe bolupdyr. Şäherde täze köşkler, kerwensaraýlar, metjitler, bazarlar we hammamlar gurulýar, täze seýilgähleriň düýbi tutulýar, Gündogaryň meşhur şahyrlary Hafiziň we Sädiniň guburlarynyň üstünde owadan kümmetler galdyrylýar.

Iňlisleriň Hindistany basyp almagy Kerim hany uly howsala salýar. Eýranyň basylyp alynmagyndan howatyr edip, ol daşary ýurtlar bilen gatnaşyklary düýpli çäklendirýär. Emma Ýedi ýyllyk uruş tamamlanandan soň 1763-nji ýylda Kerim han iňlislere käbir söwda ýeňilliklerini bermäge mejbur bolýar. Russiýa bilen Kerim han gyzgalaňly söwda işlerini alyp barypdyr. Hazar deňziniň kenaryndaky Russiýanyň Astrahan we Eýranyň Enzeli portlary rus-eýran söwdasynyň esasy merkezlerine öwrülýärler. Russiýadan demir önümleri, mawut, mahmal, gant we un ýaly önümler getirilipdir, Eýranyň özünden bolsa Russiýa ýüpek matalar, pagta, tüwi, hyna iberilýärdi.

**Eýranda gajarlaryň häkimiýet başyna gelmegi.** Kerim hanyň özara uruşlary bes etmek bilen baglanyşykly alyp baran işleri ýurduň ykdysadyýetiniň janlanmagyna oňyn täsir edýär. Emma 1779-njy ýylda hökümdar ölenden soň ýurtda ýene-de häkimiýet ugrundaky göreşler täzeden tutaşýar. 1779-1788-nji ýyllarda bolup geçen ýiti göreşler şa tagtyna Lütfaly hanyň (1789-1794) geçmegi bilen tamamlanýar. Zentleriň özara uruşýan döwründe Eýranyň demirgazygynda (Mazenderanda, Astrabatda) ýaşaýan türkmenleriň gajar taýpasy güýçlenýär. Gajar hanlarynyň arasynda Muhammet Hasan hanyň ogly Aga Muhammet aýratyn tapawutlanýardy. Ol bir döwürde 15 ýyllap Kerim hanyň elinde zamun edilip saklanylypdyr. Kerim hanyň ölmeziniň öň ýanynda Aga Muhammede Şirazdan gaçmaklyk başardýar. Ol Astrabada gelip häkimiýet ugrundaky göreşlerde doganlarynyň ählisinden üstün çykýar.


Fataly şa Gajar

1783-nji ýylda Aga Muhammet han Astrabatda, Mazeneranda we Gilýanda öz häkimiýetini berkarar edýär. 1785-nji ýylda Tährany, Kumy, Kaşany we Yspyhany eýeleýär. Aga Muhammet hanyň Şiraza ýörişi şowsuz tamamlansa-da, 1791-nji ýylda ol bütin Azerbaýjany eýelemegi başarýar. 1794-nji ýylyň ahyryna çenli gajar hökümdaryna Kerim hanyň nesillerini derbi-dagyn etmek we Eýranyň Horasan bilen Kürdüstandan galan ýerlerini tabyn etmek başardýär.

Aga Muhammet han şindi 1785-nji ýylda ýurduň demirgazygynda ýerleşýän, Astrabatdan gaty uzak bolmadyk Tähran şäherini paýtagt hökmünde saýlap alýar. Zentleri

boýun egdirenden soň Aga Muhammet han öňden hem Eýranyň ýerleri hasap edilýän Şirwany we Gruziýany eýelemäge girişýär. Sebäbi bu ýerleri Russiýa hem eýelemäge çalyşýardy. 1873-nji ýylda gruzin patyşasy Irakliý II Georgiý traktatyna gol çekip, Gündogar Gruziýanyň üstünden Russiýanyň «howandarlygyny» ykrar edipdi. Emma 1795-nji ýylyň sentýabrynda Aga Muhammet hanyň goşunlary Tbilisini eýelediler. Gruziýa ýörişden dolanyp gelenden soň 1796-njy ýylda Tähranda Aga Muhammet han özüni Eýranyň şasy diýip yglan edýär we ýurtda Gajarlaryň nesilşalygynyň (1796-1925) düýbi tutulýar.

Bu wakadan soň Aga Muhammet şa Eýranyň iň iri welaýatlarynyň biri bolan Horasany öz häkimiýetine tabyn etmek üçin gündogara ugraýar. Horasanda bolsa Nedir şanyň täzelikde aradan çykan agtygy Şahruhyň ogly Nedir mürze hökümdarlyk edip başlapdy. Aga Muhammet şanyň goşunlary Maşada golaýlanda Nedir mürze Owganystana gaçyp gidýär. Horasan eýelenilenden soň hökümdar ýene-de Gruziýa we Kawkazdaky hanlyklaryň üstüne çozýar. Emma 1797-nji ýylyň maýynda köşk adamlarynyň dildüwüşigi netijesinde Aga Muhammet şa Şuşada (Garabagda) öldürilýär. Tiz wagtdan Aga Muhammet şanyň mirasdary Fataly (Feth Aly) şa bilen gajar neslinden bolan dalaşgärleriň arasynda tagt üstünde dawalar başlaýar.

Owgan goşunlaryna daýanyp Maşady Nedir mürze eýeleýär. Nedir mürzäni Horasanyň Fataly şanyň (1797-1834) häkimiýetini ykrar etmek islemeýän ýerli hanlary hem ýakyndan goldaýarlar. Emma 1799-njy ýyla çenli Fataly şa Horasandaky häkimiýetini dikeltmegiň hötdesinden gelmegi başarýar. 1801-nji ýyla çenli Eýrandaky häkimiýet Fataly şanyň eline geçýär.

**Eýrana aralaşmak ugrunda Angliýanyň, Fransiýanyň we Russiýanyň arasyndaky bäsleşikler.** XVIII asyryň

ahyrlaryndan başlap Eýrana Angliýa, Fransiýa we Russiýa döwletleri aralaşyp ugraýarlar. Başky döwürlerde bu işde fransuzlar aýratyn işjeňlik görkezipdirler. Emma iňlislere fransuzlary Eýrandan kowdurmak başardýar. Eýrana fransuzlaryň goýberilmezligini gazanmak we iňlis täjirleri üçin söwda ýeňilliklerini almak maksady bilen 1800-nji ýylda Eýrana kapitan Malkolmyň baştutanlygynda ýorite wekiller topary iberilýär. 1801-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda Malkolma iňlis-eýran syýasy hem-de söwda şertnamasyny baglaşmak başardýar. Bu şertnama görä, Eýran tarapy owganlaryň Hindistandaky iňlis mülklerine çozuş eden ýagdaýynda Owganystana goşun ibermäge, farnsuzlar bilen gatnaşyklary kesmäge, iňlis we hindi söwdagärlerine Eýranyň şäherlerinde mesgen tutmaga, olara gümrük pajyny tölemezden mawut, demir, polat we gurşun ýaly harytlaryň söwdasyny etmäge razylyk berýär. Angliýa hem öz gezeginde fransuzlaryň we owganlaryň Eýranyň üstüne çozan ýagdaýynda şa goşunlaryny ýaraglandyrmaga we olary zerur zatlar bilen üpjün etmäge borçlanýar.

1800-nji ýylda Kartli-Kahetiýanyň (Gruziýa) patyşasy Georgiý XII öz döwletini Russiýanyň düzümine kabul edilmegini sorap rus patyşasyna ýüz tutýar. 1801-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda Aleksandr I Gündogar Gruziýanyň Russiýanyň düzümine birikdirilýändigi hakyndaky manifeste gol çekýär. 1803-1804-nji ýyllarda Gruziýanyň Imeretiýa patyşalygy, Mingreliýa we Guriýa knýazlyklary, 1810-njy ýylda bolsa Abhaziýa hem Russiýanyň düzümine girizilýär.

Eýranyň Kawkaz ülkesiniň günbataryndaky ýerlerini eýeländen soň Russiýa azerbaýjan ýerlerine hem göz gyzdyryp ugraýar. 1803-nji ýylda Gruziýanyň dolandyryjysy knýaz Sisianow Genjäniň bir döwürde gruzin patyşasynyň ýapjasy bolandygyny bahanalap, genje hanyndan Russiýanyň «howandarlygyny» kabul etmegi talap edýär. Genjäniň hökümdary talaby ret edenden soň, 1804-nji

ýylyň ýanwarynda rus goşunlary Genje galasyny zabt edip alýar.

1804-nji ýylyň maýynda Fataly şa rus goşunlarynyň Gruziýadan, Genje we beýleki basylyp alnan hanlyklardan haýal edilmän çykarylmagyny talap edýär. Emma Russiýanyň dolandyryjylary eýranly hökümdaryň talapalaryna pitiwa hem etmändirler. Munuň özi 1804-nji ýyldan tä 1813-nji ýyla çenli dowam eden rus-eýran urşunyň turmagyna sebäp bolýar. 1804-nji ýylyň iýulynda Eçmiadziniň (Ermenistanda) eteginde bolan söweşde Sisianowyň rus goşunlary Azerbaýjanyň häkimi şazada Abbas mürze tarapyndan baştutanlyk edilýän eýran goşunlaryny ýeňlişe sezewar edýärler. Netijede 1805-nji ýylda Azerbaýjandaky Şeki, Şirwan we Garabag hanlyklarynyň ýerleri hem ruslar tarapyndan eýelenilýär.

Fataly şa 1801-nji ýylyň iňlis-eýran şertnamasynda görkezilen maddalary göz öňünde tutup, Angliýa özüne kömek eder öýdüpdir. Emma 1805-nji ýylda Napoleona garşy Russiýa bilen ýaranlyk baglaşyp, Angliýa Eýrana ýardam etmekden boýun gaçyrdy. Bu ýagdaýdan Napoleon peýdalandy we 1806-njy ýylda Eýrana öz wekillerini ugratdy. Napoleonyň wekilleri Fataly şa Angliýa we Russiýa garşy Fransiýa bilen şertnama baglaşmagy, fransuzlaryň ýardamy bilen Gruziýany we beýleki elden aldyran ýerlini gaýtaryp almaga Eýran kömek teklip edýärler. Emma Fataly şanyň Fransiýa bilen ýaran bolmaga we Angliýa bilen baglaşylan şertnamany bozmaga bogny ysmandyr.

Russiýa bilen alnyp barylýan uruşlarda Eýran goşunlary ýeňliş yzyndan ýeňlişe sezewar bolýardy. 1806-njy ýylda rus goşunlary Derbendi, Bakuwy, Salýany, Mugany we beýleki şäherleri eýelediler. Eýranyň çykgynsyz ýagdaýa düşmegi şany fransuzlaryň teklibini kabul etmäge mejbur edýär. Şanyň wekili Reza han Napoleonyňka ugradylyp, Farnsiýa

bilen şertnama baglaşmak tabşyrylýar. 1807-nji ýylyň 4-nji maýynda Napoleonyň Finkenşteýniň etegindäki stawkasynda eýran-fransuz şertnamasyna gol çekilýär. Bu şertnama boýunça eýran şasy Angliýa bilen syýasy we söwda gatnaşyklaryny kesmäge, oňa garşy uruş yglan etmäge, Eýranyň üsti bilen Hindistan tarapa fransuz goşunlaryny geçirmäge, olary azyk we beýleki zerur zatlar bilen üpjün etmäge, Pars aýlagyndaky portlary fransuzlar üçin açmaga, Russiýa garşy fransuzlar bilen bileleşip uruşma borçlanýar. Napoleon Eýranyň ýerleriniň eldegrilmesizligini kepillendiripdir, Russiýany Gruziýany Eýrana gaýtaryp bermäge yrmagy wada edipdir, eýran goşunlaryny ýaraglar we harby enjamlar bilen üpjün etmäge söz beripdir. Tiz wagtdan Eýrana general Gardanyň baştutanlygynda wekilçilikli harby topar gelip, yeýran goşunlaryny ýewropa tertibinde düzüp başlaýarlar.

Emma tiz wagtdan halkara ýagdaýy düýpli üýtgeýär. 1807-nji ýylyň 7-nji iýulynda Tilzitde Fransiýa bilen Russiýanyň arasynda parahatçylykly şertnama we Angliýa garşy gönükdirilen ýaranlyk traktaty baglaşylýar. Tilzit şertnamasy boýunça Napoleon Russiýa garşy uruşda Eýrana kömek bermekden ýüz dönderýär. Gardan Fataly şadan Russiýa bilen ýaraşyk baglaşmagy talap edýär we eýran goşunlaryndan fransuz harbylaryny yzyna çagyrýar. Eýran goşunlary bolsa ruslardan ýeňilmegini dowam etdirýärdi. 1808-nji ýylda rus goşunlary Nahiçewany ýeläp, Ýerewanyň daşyny gabadylar. Şol döwürler Pars aýlagyna Hindistandan Jon Malkolmyň baştutanlygynda iňlis harby eskadrasy geldi. Onuň yzýany Buşire Angliýanyň özünden Harford Jons geldi. Gardanyň talaby bilen eýran hökümeti Jonsy Tährana goýbermeýär. Emma fransuzlar bilen gatnaşyklar bes edilen ýagdaýynda, Russiýa bilen uruşda iňlisler tarapyndan Eýrana ýardam beriljekdigi aýdylandan soň, Angliýanyň wekiline Tährana gelmäge rugsat edilýär. Fataly şa Gardana

we onuň ýanynda bolýan fransuzlara ýurtdan çykmaklygy talap edýär. 1809-njy ýylyň martynda Tährana gelen Malkolm şa hökümeti bilen wagtlaýyn iňlis-eýran şertnamasyna gol çekýär. Bu şertnama boýunça Angliýa Eýranyň öňünde bir topar wadalary edýär. 1810-njy ýylda Malkolm Eýrana ýene-de gelýär. Ol özi bilen şa goşunlary üçin toplary we iňlis harby maslahatçylaryny getiripdi. Bu döwürde Eýrana berilýän maliýe kömekleriniň möçberi 200 müň tümene çenli artdyrylýar. Malkolmyň yzýany bilen Eýrana iňlis ilçisi Auzli, ol hem Fataly şanyň eline üç ýyllyk iňlis subsidiýasyny, şeýle hem toplary, tüpeňleri we beýleki harby esbaplary gowşurýar. Emma ilki farnsuzlar, soňra bolsa iňlisler tarapyndan berlen kömekler yza galak Eýran döwletini halas edip bilmeýär. Sebäbi halkara ýagdaýyna görä öwsüp duran wagtlaýyn ýaranlary Eýran babatynda häli-şindi üýtgäp duran iki ýüzli syýasat ýöredýärdiler.

**Russiýa bilen Eýranyň arasynda Gülistan we Türkmençaý şertnamalarynyň baglaşylmagy.** 1812-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda Arslanduzda bolan söweşde Abbas mürze tarapyndan serkerdelik edilýän eýran goşunlary ruslar tarapyndan derbi-dagyn edilýär, şazadanyň özi bolsa zordan gaçyp gutulýar. Bu söweşden soň taraplaryň arasynda gepleşikler başlaýar. 1813-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda Russiýa bilen Eýranyň arasynda Gülistan parahatçylyk şertnamasyna gol çekilýär. Şertnama boýunça Dagystan, Gruziýa, Imeretiýa, Guriýa, Mingreliýa, Abhaziýa ýerleri, şeýle hem Garabag, Genje, Şeki, Şirwan, Derbent, Guba, Baku we Talyş hanlyklary Russiýanyň düzümine girizilýär. Şertnamanyň 5-nji maddasy Russiýa Hazar deňzinde harby flot saklama ygtyýar berýär, Eýran bolsa şeýle hukukdan mahrum edilýär. Ýurtlaryň ikisiniň hem täjirleri birek-biregiň ýurdunda erkin söwda etmäge ygtyýar alýarlar.

Gülistan şertnamasy Russiýanyň sebit syýasatynda ornunyň we ähmiýetiniň artmagyna, Angliýanyň Orta

Gündogardaky kolonial syýasatyna bolsa uly howp salýardy. Şonuň üçin hem 1814-nji ýylyň 25-nji noýabrynda 1809-njy ýylyň wagtlaýyn şertnamasynyň esasynda Tähranda täze iňlis-eýran şertnamasyna gol çekildi. Bu şertnamalaryň ähli maddalary ilkinji nobatda Russiýanyň bähbitlerine, onuň Gülistan şertnamasy boýunça gazananlaryna garşy gönükdirilipdi. Sebäbi onda Gülistan şertnamasy boýunça Russiýanyň Eýranyň elinden alnan ýerlerini gaýtaryp bermeklik we iki ýurduň arasynda çekilen täze araçägi ykrar etmezlik göz öňünde tutulýardy.


Abbas mürze

1817-nji ýylda Eýrana Ýermolowyň baştutanlygynda rus ilçileriniň topary gelýär. Ilçiler rus hökümetinden Türkiýä garşy ýaranlyk baglaşmak, iňlisleriň Eýrana täsirini aradan aýyrmak, Gilýanda we Astrabatda rus konsullyklaryny açmak barada görkezme alypdylar. Emma 1804-1813-nji ýyllaryň rus-eýran urşunda ummasyz köp ýerlerini gideren Fataly şa rus ilçileriniň göwnünden turmaýar. Üstesine-de, Eýran Russiýa bilen boljak täze urşa taýýarlanýardy. Şol sebäpden hem Ýermolowyň ilçihanasy öz öňünde goýan maksadyna ýetip bilmän şol ýylyň özünde yzyna dolanýar.

Abbas mürze 1814-1821-nji ýyllarda eýran goşunlaryny ýargalandyrmak, olara ýewropa ustawy esasynda tälim bermek bilen baglanyşykly işleriň giň tapgyryny amala aşyrýar. Bu döwürde öz ýerlerine howp salýan Russiýanyň garşysyna bileleşip hereket etmegiň deregine, Türkiýe bilen Eýran serhet ýakasyndaky yjypsyzja ýerleriň üstünde özara dawa edýärdiler. Eýran goşunlarynda özgertmeleri tamamlap, 1821-nji ýylyň güýzünde Abbas mürze öz goşunlary bilen Hoýyň hem-de Çaldyranyň üsti bilen

Kürdistanyň Türkiýä degişli ýerlerine çozup girýär. Tiz wagtdan eýran goşunlary Wan, Baýazit şäherlerini eýeläp, Erzurumy gabadylar. Eýran goşunlarynyň ikinji bir toparlanyşygy Süleýmaniýa şäherini we Ermenistanyň Türkiýä degişli bölegini we Kürdasynyň ýerlerini Diýarbekire çenli eýeledi. Soňra eýran goşunlary Kirkuga we Bagdada çenli baryp ýetip, bu şäherleri hem gabadylar.

Eýranyň Türkiýäniň garşysyna alyp baran uruşlary 1823-nji ýylyň 28-nji iýulynda Erzurumda eýran-türk ýaraşyk şertnamasynyň baglaşylmagy bilen tamamlandy. Netijede iki ýyllap dowam eden bu uruşda taraplaryň ikisi hem artykmaçlyk gazanyp bilmediler. Russiýanyň döwletleriň ikisine-de zor salýandygyna garamazdan, olar öz güýçlerini birek-biregi ysgyndan düşürmäge sarp etdiler. Netijede 1826-njy ýylda başlan rus-eýran urşy Eýran üçin täze betbagtçylyk bilen tamamlandy.

1826-njy ýylyň iýulynda eýran goşunlary Ýerewana, Garabaga we Talyşa hüjüm etdiler. Rus goşunlary birbada yza çekilmäge mejbur boldylar. Lenkoran, Salýan, Şirwan, Genje we ýene-de birnäçe şäherler eýran goşunlary tarapyndan azat edildi. Emma 1826-njy ýylyň sentýabr we oktýabr aýlarynda ruslar Şamhoryň we Genjäniň eteginde eýranlylary ýeňlişe sezewar etdiler. Eýran goşunlary tertipsiz ýagdaýda Araks deryasynyň günorta kenaryna tarap yza çekilip ugrady.

1827-nji ýylda Paskewiçiň serkerdeligindäki rus goşunlary Serdarabady we Ýerewany eýelediler. Tiz wagtdan rus goşunlary Araksdan geçip Hoýy, Marandy, Töwrüzi, birneme soňrak bolsa Urmiýany we Ardebili basyp aldylar. Munuň özi täze rus-eýran ýaraşyk şertnamasynyň baglaşylmagyny tizleşdirdi. 1828-nji ýylyň 22-nji fewralynda Töwrizden Tährana gidýän ýoluň ugrundaky Türkmençaý obasynda Russiýa bilen Eýranyň arasynda ýaraşyk şertnamasy baglaşyldy.

Türkmençaý şertnamasy 1813-nji ýylda baglaşylan Gülüstan şertnamasynyň güýjüni ýatyrdy. Bu şertnama boýunça Eýran bilen Russiýanyň arasynda täze araçäk çekilip, ol indi Araks derýasy boýunça geçýärdi. Ftaly şa Gruziýa we Demirgazyk Azerbaýjana bolan talaplaryndan hemişelik el çekdi. Türkmençaý şertnamasy boýunça Eýran Gündogar Ermenistanyň, Ýerewan we Nahiçewan welaýatlarynyň Russiýanyň düzümine goşulmagy bilen ylalaşmaga mejbur boldy. Eýran Russiýa 20 million rubl möçberinde kontribusiýa tölemäge borçlandyryldy. Ýaraşyk şertnamasy bilen bir wagtda Türkmençaýda söwda hakynda traktata gol çekilip, rus hem-de eýranly söwdagärlere ýurtlaryň ikisinde-de amatly şertleri döretmeklik göz öňunde tutulýar. Emma Eýranyň öz içinde rus täjirleri ýerli söwdagärlerden has giň ýeňilliklre eýe boldylar. Türkmençaý ýaraşyk we söwda şertnamalary rus raýatlarynyň eksterritoriallygyny, olaryň ýerli kanunlardan erkinligini we başga-da birnäçe artykmaçlyklaryny kanun esasynda tassyk etdiler.


Türkmençaý şertnamasynyň baglaşylmagy

Türkmençaý şertnamasynyň masgaraçylykly şertleri Eýranyň halkara abraýyna, onuň içeri syýasy ýagdaýyna iňňän uly zyýan ýetirdi. Ýurtda Russiýa kontribusiýa tölemek üçin adatdan daşary salgytlar girizildi. Bu bolsa uruşlar zerarly onsuz hem halys tozan halk köpçüliginiň sabyr käsesini pure-pür etdi. 1829-njy ýylyň 30-njy ýanwarynda Tähranyň şäher ilaty Russiýanyň Tährandaky ilçihanasyna çozup, ony derbi-dagyn edýärler. Russiýanyň

baş ilçisi, belli rus ýazyjysy A.S. Griboýedew we ilçihananyň işgärleri öldürilýär.

**Hyrat meselesi.** Rus-eýran uruşlary döwründe horasanly hanlaryň merkezi hökümete garşy yzygider topalaňlary bolup geçýärdi. Olar şa hökümetine boýun egmek islemeýärdiler. Türkmençaý şertnamasy baglaşylandan soň Fataly şa Horasandaky we Ýezddäki topalaňlary basyp ýatyrmak üçin Abbas mürzäniň baştutanlygynda uly goşun bölümlerini ugradýar. Abbas mürze horasanly hanlaryň topalaňlaryny basyp ýatyrýan döwründe 1832-nji ýylda Sarahsa çozup bu ýerde ýaşaýan türkmenlere agyr zorluklary hem edýär. Topalaňlar basylyp ýatyrylandan soň Fataly şa Hyrady eýelemegi maksat edinýär. Hyradyň häkimi Kamran mürze Eýran şasyna tabynlyk bildirmeýärdi. Ol horasanly häkimleriň topalaňlaryny hem ýakyndan goldapdyr.

1833-nji ýylda Muhammet mürzäniň serkerdeligindäki eýran goşunlary Hyardy gabaýarlar. Emma 1833-nji ýylyň oktýabrynda şa tagtynyň mirasdary Abbas mürze aradan çykýar. Kakasynyň ölendigi hakyndaky habary eşidip, Muhammet mürze Hyradyň gabawuny aýyrýar we onuň häkimi Kamran mürze bilen ylalaşyk baglaşýar. Ylalaşyk boýunça Kamran mürze şanyň ýapjasy bolmaga, şanyň hazynasyna belli bir mukdarda paç tölemäge razylyk berýär. Şundan soň Muhammet mürze Tährana dolanyp gelýär we şa tagtynyň mirasdüşeri we Günorat Azerbaýjanyň häkimi diýlip yglan edilýär.

1834-nji ýylda Fataly şa aradan çykýar. Muhammet mürzäniň häkimiýetine Fataly şanyň üç ogly dalaş edipdirler. Emma iňlisleriň ýakyndan goldaw bermeginde Muhammet mürze häkimiýeti öz eline almagy başarýar.

Iňlisleriň ýiti nägileligine garamazdan 1837-nji ýylda Muhammet şa (1834-1848) Hyrada täzeden ýörişe başlaýar. Şol ýylyň noýabr aýynda Muhammet şanyň goşunlary tarapyndan Hyradyň gabalmagy iňlis häkimiýetleriniň ýiti

nägileligini döredýär. Iňlis hökümeti özüniň Eýrandaky wekili Mak-Neýliň üsti bilen Hyradyň gabawunyň haýal edilmän aýrylmagyny talap edýär. Mak-Neýl eýran tarapynyň bu hereketini Angliýanyň garşysyna geçirilen duşmançylykly hereket diýip häsiýetlendirýär we Eýrana uruş howpy bilen haýbat atýar. Şol bir wagtyň özünde Pars aýlagynda iňlis harby eskadrasy peýda bolup, Eýrana degişli Harg adasyny eýeleýär.

Eýran tarapy Hyradyň gabawuny aýyrýar. Ýöne Gorian galasyny we Hyrat hanlygyna degişli Farrah hem-de Sebzewar şäherlerini eýran goşunlary elde saklamaklaryny dowam etdirýärler.


Muhammet şa

Iňlis wekili Mak-Neýl eýran tarapyndan iňlislere eksterritoriallyk hukugynyň berilmegini talap edýär. 1838-nji ýylyň noýabrynda bu talaplar Eýranyň hökümeti tarapyndan ret edilenden soň, Mak-Neýl Angliýa bilen Eýranyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň kesilýändigini yglan edip, ýurtdan çykyp gidýär.

Angliýanyň haýbat atyp zor salmagy Muhammet şany uly howsala salýar. Ýagdaýdan çykalga tapmak üçin şa öz wekili Hüseýin hany Londona iberýär. Gepleşikler döwründe iňlis hökümeti Eýrana 9 sany talap bildirýär we talaplar ýerine ýetirilen halatynda diplomatik gatnaşyklary dikeltmäge razylyk berýär. Şol talaplar esasan eýran goşunlarynyň Hyrat hanlygyndan çykarylmagy we iňlisler üçin amatly söwda şertleriniň döredilmegi bilen baglanyşyklydy. 1841-nji ýylyň martynda eýran hökümeti Hyrat hanlygyndaky eýelän ýerlerinden goşunlaryny çykarmaga mejbur bolýar. Tiz wagtdan iki döwletiň

arasyndaky diplomatik gatnaşyklar doly dikeldilýär we Mak-Neýl ýene-de Tährana dolanyp gelýär. Şonda Angliýa bilen Eýranyň arasynda söwda şertnamasyna hem gol çekilip, iňlis raýatlaryna Eýran bilen söwdada giň ýeňillikler berilýär.

Soňra şeýle ýeňillikler Eýran hökümeti tarapyndan beýleki ýewropa ýurtlaryna: 1855-nji ýylda - Fransiýa, 1857-nji ýylda – Belgiýa, Daniýa, Gollandiýa, Şwesiýa, Norwegiýa hem berilýär. 1856-njy ýylda Eýran bilen ABŞ-nyň arasynda dostluk we söwda hakynda şertnama baglaşylýar. Şertnama boýunça amerikan raýatlary Eýranda eksterritoriallyk hukugyna eýe bolýarlar. Beýleki ýurtlardan tapawutlylykda, amerikanlar Eýranda haýyr-sahawat işleri bilen hem meşgullanypdyrlar, hususan-da, olaryň ýardamy bilen mekdepler we keselhanalar gurlupdyr.


Bab Aly Muhammet

Ýewropa ýurtlary bilen baglaşylan söwda şertnamalary Eýrana daşary yurt harytlarynyň köpçülikleýin getirilmegi, şeýle hem ýerli harytlaryň dünýä bazaryna çykarylmagy üçin amatly şertleri döredýär.

**Eýranda Babylaryň gozgalaňy.** XIX asyryň 40-njy ýyllarynyň ahyrlarynda Eýranyň dürli ýerlerinde halk çykyşlary bolup geçýärdi. 1847-nji ýylda Zenjanda ýerli häkimiň eden-etdiliklerine garşy şaher senetçileri, ownuk söwdagärler we şäher garyplary gozgalaň turzup, häkimi şäherden kowýarlar. Şol döwürler şeýle gozgalaňlar Yspyhanda, 1848-nji Töwrüzde we Ýezdde hem bolup geçýär. Bu gozgalaňlara babylar mezhebini esaslandyryjy Bab baştutanlyk edýärdi.

Babyň hakyky ady Aly Muhammet (1819-1850) bolup, ol eýranly seýitleriň[1] neslinden gelip çykypdyr. Ýaş wagtlary ol şygalaryň dini merkezi Kerbela we Nejefe zyýarat edip, şeýhiler mezhebini kabul edýär. Şeýhiler müň ýyl mundan öň gaýyp bolan 12-nji ymam Mäti Muntazaryň asmandan injekdigini we ýer üstünde baky adalaty dikeltjekdigi hakyndaky ynançlary halk arasynda wagyz edýärdiler.

1844-nji ýylda Aly Muhammet özüni Bab (gapy, girelge, derweze) diýip ylglan edýär. Şonuň üçin hem bu akymy babyçylyk, onuň yzyna eýerijileri babylar diýip atlandyrypdyrlar. Şeýhileriň ynanjyna görä, Mäti şol gapydan, girelgeden, derwezeden girip, öz erkini adamlara beýan etmelidi. 1847-nji ýylda ol eýýäm özüni Mäti pygamberiň hut özi diýip yglan edýär we Kurana öýkünip «Beýan» kitabyny ýazýar. Bab öz kitabynda döwürleriň, eýýamlaryň biri-binden tapawut edýändigini, her döwrüň özüniň ynançlarynyň, kanunlarynyň we düzgünleriniň bolýandygyny beýan edýärdi. Onuň pikiriçe şeýle ynançlary, düzgünleri we kanunlary adamlaryň özleri özbaşdak girizip bilmeýärdiler, şol sebäpden hem hudaý adamlaryň arasyna öz pygamberlerini ugradýardy.

Babyň pikirine görä, Muhammet pygamberiň döwri tamamlanyp, Kuran we şerigat hem öz ähmiýetlerini ýitiripdiler. Şonuň üçin hem täze pygamber – Mäti peýda bolmalydy. Munuň özi Yslama, onuň ynanç sütünlerine howp salýan ýeretiki dini akymdy. Özüni täze pygamber, «Beýany» bolsa täze diniň taglymaty diýip yglan edip, Bab ähli adamlaryň, şol sanda aýallaryň hem deňligini jar edýär. Onuň kitabynda şahsyýetiň azatlygy, emlägiň we hukugyň eldegrilmesizligi hakyndaky pikirler öňe sürlüpdir. Bab öz taglymatynyň tiz wagtdan bütin dünýä ýaýrajakdygyna ynanypdyr we ýakyn döwürde şu maksat bilen Eýranyň

---

[1] Seýitler (arap. hojaýyn) özlerini Muhammet pygamberiň we hezreti Alynyň neslinden diýip hasap edýärler.

Azerbaýjan, Eýran Yragy (Merkezi Eýran), Mazendaran, Pars we Horasan welaýatlarynda babylaryň mukaddes patyşalyklarynyň esaslandyryljakdygyny aýdypdyr. «Beýanda» aýdylyşyna görä, bu patyşalyklarda diňe babylar ýaşamalydy we babyçylygy kabul etmedikleriň emlägi ellerinden alnyp kowulmalydy.

1848-nji ýyla çenli babylar şany, köşk adamlaryny, häkimleriň we ulamalaryň hem käbirlerini öz taraplaryna çekmäge synanyşyk edýärler. Emma eýran jemgyýetiniň ýokary gatlaklary babylaryň wagyzlaryna ýowuz çäreler bilen jogap berýärler. Eýýäm 1847-nji ýylda Bab tussag edilip, ilki Maku galasynda, soňra bolsa Çehrik galasyndaky (Urmiýa kölüniň töwereklerinde) zyndana taşlanylýar. Şundan soň onuň işlerini şägirtleri dowam etdirýärler. Bu işlerde onuň şägirdi molla Muhammet Aly Barforuş we zenan maşgala Kurrat el-Aýn aýratyn tapawutlanypdyr.


Kurrat el-Aýn

1848-nji ýylyň tomsunda babylar Şahrud şäherinden gündogarrakda ýerleşýän Bedaşt obasynda ýygnanýarlar we ähli kanunlaryň, düzgünleriň, Kuranyň we şerigatyň öz güýjüni ýitirýandigini, şonuň üçin hem adamlaryň döwletiň öňündäki salgytlarynyň we borçlarynyň hem ýatyrylýandygyny yglan edýärler. Hökümet tarapyndan Bedaşta jezalandyryjy goşunlar ugradylyp, olar bu ýerdäki babylary dargytmagyň hötdesinden gelýärler. Molla Muhammet Aly Barforuş egindeşleri bilen Mazendarana gidip, bu ýerdäki Barforuş şäherinde (häzir Babul) öz wagyzlaryny dowam etdirýärler.

**Babylaryň Mazendarandaky gozgalaňy.** 1848-nji ýylyň sentýabrynda Muhammet şa aradan çykýar. Şa ölenden soň

we oktýabr aýynda täze patyşa Nasyreddin şa tagta geçýänçä Tähranda we welaýatlarda birnäçe halk çykyşlary bolup geçýär. Babylar emele gelen ýagdaýdan peýdalanmagy




maksat edinýärler. Barforuşda olar öz töwereklerine 700 sany adamy ýygnap, ýaraglanyp ugraýarlar. Ýerli hanlaryň nökerleri bilen çaknyşyp, babylar tiz wagtdan Barforuşdan 20 km uzaklykda ýerleşýän Şeýh Tabarsiniň kümmetiniň

töwereginde jemlenýärler. Babylar kümmediň daşynda gowy berkidilen gala gurup, töwerekdäki oblaryň ilatyny hem öz taraplaryna çekýärler. Gysga wagtyň içinde Mazendaranda babylara 2 müň sany ýaragly gozgalaňçyny ýygnamak başardýar.

Babylaryň golastyndaky ýerlerde molla Muhammet Barforuş bilen molla Hüseýin Başruýeniň ýolbaşçylygynda hususy eýeçiligi ýatyrmaga, emläkleriň umumulygyny girizmäge we adamlaryň arasynda deňligi ýola goýmaga gönükdirilen çäreler geçirilipdir. Babylar ähli emlägi umumy ammarlara geçirilipdir we olar bir gazandan iýmitlenipdirler. Babylaryň Mazendarandaky gozgalaňy güýçlenip ugrandan soň Nasreddin şanyň baş weziri Emir Nyzam mürze Tagy han mazendaranly hanlara babylaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmagy tabşyrýar. Emma babylar olaryň goşunlaryny derbi-dagyn edip, hanlaryň özlerini Mazendarandan kowup çykarypdyrlar.

1848-nji ýylyň oktýabrynda babylara garşy Tährandan 2 müňlük goşun ugradylaýar. Emma bu goşunlar hem babylar yarapyndan ýeňlişe sezewar edilýär. 1849-njy ýylyň fewralynda şa hökümeti Mazendarana 7-müňlük täze goşunlary ugradýar. Şa goşunlary tarapyndan  Şeýh Tabarsi galasy gabawa alynsa-da, babylary boýun egdirmek bu gezek hem başartmaýar. Diňe 1849-njy ýylyň maýynda Mätiguly han tarapyndan serkerdelik edilýän şa goşunlary aldaw ýoly bilen babylaryň galasyny eýeleýärler. Şundan soň babylaryň hereketi Tähranda hem işjeňleşip ugraýar. Olar gizlinlik bilen Nasreddin şanyň, Emir Nyzamyň we döwlet adamlarynyň janlaryna kast etmäge synanyşýarlar. Emma bu synanyşyklaryň öňi alynýar we birnäçe baby jezalandyrylyp öldürilýär.

**Babylaryň Zenjandaky we Neýrizdäki gozgalaňlary.** 1850-nji ýylyň maýynda Gilýanyň Zenjan şäherinde molla Muhammet Aly Zenjanynyň ýolbaşçylygynda babylaryň

gozgalaňy başlaýar. Entek 1847-nji ýylda Zenjanda we onuň töwereklerinde Muhammet Alynyň yzyna eýerýän birnäçe müň baby bardy. 1850-nji ýylyň ýazyna çenli onuň tabynlagynda eýýäm 15 müň baby bolupdyr. Molla Muhammet Aly şäherde uly abraýdan peýdalanypdyr. Babylar ok-däri, ýarag, gurşun ýygnap gozgalaňa ykjam taýýarlanypdyrlar.

1850-nji ýylyň maýynda welaýat häkiminiň buýrugy bilen babylardan biri tussag edilýär. Bu waka gozgalaňyň turmagyna bahana bolýar. Babylar şäher türmesine çozup ähli tussaglary boşadýarlar. Soňra olar şäher galasyny eýeleýärler. Gozgalaňçylaryň esasy köpçüligini senetçiler we daýhanlar düzýärdiler. Gozgalaňa molla Muhammet Alydan başga-da onuň kömekçileri demirçi Kazym bilen nanbaý[1] hajy Abdylla baştutanlyk edýärdiler.

Zenjan eýelenenden soň babylaryň serdarlary bu ýerde adalata daýanýan we baky ýaşaýşa eýe boljak patyşalygyň esaslandyrylýandygyny jar edýärler. Edil Şeýh-Tabarsidäki ýaly bu ýerde-de gozgalaňçylar ele salnan emläkleri umumylaşdyrypdyrlar. 1850-nji ýylyň maýynda Zenjana Tährandan iberilen jezalandyryjy goşunlar gelýär. Emma babylar olaryň hüjümlerini yzyna serpikdirmegi başarýarlar.

Babylaryň gozgalaňynyň mundan beýläkki ösüşiniň öňüni almak üçin baş wezir Mürze Tagy han Babyň haýal edilmän jezlandyrylmagy teklip edýär. Nasreddin şanyň adyna ýazan hatynda ol Bab ýok edilmese, onuň tarapdarlarynyň gozgalaňynyň giň gerime eýe boljakdygyny, ahyrynda bolsa Gajarlar nesliniň häkimiýetiniň synmagy bilen tamamlanjagyny ýazýar. 1850-nji ýylyň iýulynda Bab Töwrüzde atylyp öldürilýär.

Bab jezalandyrylyp öldürilse-de babylaryň gozgalaňy dowam edýärdi. Aýratyn hem zenjanly babylar hökümet

---

[1] Nanbaý (pars.) - çörek satýan.

goşunlaryna ýiti garşylyk görkezýärdiler. Zenjanly babylaryň garşysyna hökümet 30 müňlük gowy ýaraglandyrylan goşunlary ugradýar. Gozgalaňçylar birnäçe aýlap şäheri goraýarlar. Diňe 1850-nji ýylyň dekabrynda Zenjandaky gozgalaň basylyp ýatyrylýar.

1850-nji ýylyň iýunynda babylaryň çykyşlary Eýranyň günortasynda-da başlaýar. Iýun aýynda Neýrize ýanynyň birnäçe ýüz sany şägirtleri bilen Babyň okuwçylarynyň biri seýit Ýahýa Darabi gelýär. Ol şol ýylyň başlarynda Ýezdde babylaryň gozgalaňyny turuzypdy. Babylar bilen başlan ilkinji çaknyşyklardan soň häkim we onuň ýerli edarasynyň gullukçylary şäherden gaçyp gidýärler. Babylar Neýrizi we onuň bilen ýanaşyk köne galany eýeleýärler. Emma tiz wagtdan Şirazdan hökümet goşunlary gelip Neýrizi gabaýar. Gozgalaňçylar bilen hökümet goşunlarynyň arasynda gazaply söweşler başlaýar. Hökümet goşunlaryna babylary ýeňlişe sezewar etmek we şäheri eýelemek başardýar. Ýahýa Darabi we onuň egindeşleriniň ençemesi öldürilýär. Gozgalaň birbada basylyp ýatyrylýar.

Tiz wagtdan Neýrizde babylaryň ikinji gozgalaňy başlaýar. Şäheriň golaýyndaky obalaryň ilaty maşgalalaryny alyp daglara gaçyp gidýärdiler we şol ýerlerde mesgen tutup, hökümet edaralarynyň we goşunlarynyň üstüne ýygy-ýygydan çozuşlary geçirýärdiler. Şeýle çozuşlaryň birinde babylar gije Neýrize girip, ýerli häkimi hem öldüripdirler. Emma Nasreddin şanyň goşunlaryna babylaryň Neýrizdäki gozgalaňyny basyp ýatyrmak başardýar.

Neýriz gozgalaňyndan soň babylaryň çykyşlarynyň gerimi peselýär. 1852-nji ýylyň ýazynda Barforuşda, Zenjanjanda we Azerbaýjanda gozgalaň turuzmaga edilen synanyşyklar başa barmaýar. Şundan soň babylar terrorçylyga ýüz urýarlar. 1852-nji ýylyň awgustynda olar Nasreddin şanyň janyna kast edýärler. Emma sapançadan atylan ok ýaş şany ýeňil ýaralaýar. Bu waka babylaryň

yzarlanylmagyny has-da güýçlendirýar. Babylary gören ýerlerinde öldürýärdiler. Netijede, 1852-nji ýylda babylaryň çykyşlary Eýranyň ähli ýerlerinde basylyp ýatyrylýar.

Babylaryň gozgalaňy basylyp ýatyrylandan soň Babyň şägirtleriniň biri mürze Hüseýin Aly Behaulla bu hereketiň sosial-syýasy mazmunyny düýpli özgerdýär. Ol şa häkimiýetleri bilen ylalaşmagyň tarapdary bolmak bilen, şahsy eýeçiligiň we durmuş deňsizliginiň saklanyp galmagy ugrunda çykyş edýär. Ol milli araçäkleri inkär etmek bilen ähli halklar üçin ýeke-täk bir diliň girizilmegini, bütindünýä hökümetiniň döredilmegini wagyz edipdir. Behaullanyň esaslandyran targlymatyny behaizm,[1] onuň tarapdarlaryny bolsa behayylar diýip atlandyrypdyrlar.



Behaulla

**Emir Kebiriň özgertmeleri.** Eýranyň uzakdan görüji döwlet işgärleriniň bir topary ýurtda dowam edýän çylşyrymly durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýyň üýtgedilmeginiň zerurlygyna göz ýetirýärler. Nasyreddin şanyň baş weziri (sadr-azam) mürze Tagy han Eýranda özgertmeleri geçirmäge synanyşýar. Ol A.S. Griboýedow öldürilenden soň şa tarapyndan Peterburga ugradylan Hysrow mürzäniň wekilhanasynyň düzüminde bolmak bilen Russiýa bilen ýakyndan tanyşýar. Mürze Tagy han Erzurum maslahatynyň işine hem gatnaşypdyr. Türkiýede bolan

[1] Häzirki döwürde behaizmiň dünýä merkezi Liwanyň paýtagty Beýrutda ýerleşýär. Behaýylar Ýakyn Gündogar ýurtlarynda, ABŞ-da, Günbatar Ýewropada, Russiýada we başga ýerlerde ýaşaýarlar. Patyşa Russiýasy döwründe behaýylar häzirki Türkmenistanyň ýerlerine-de göçüp gelipdirler. Zakaspi oblastynyň merkezi Aşgabatda olaryň metjidi hereket edipdir.

döwründe ol bu ýurtda amala aşyrylýan tanzimat özgertmeleriniň beren netijelerini öz gözi bilen görýär we şeýle özgertmeleriň Eýran ýaly yzagalak döwlet üçin juda ähmiýetlidigine göz ýetirýär. Türkiýeden dolanyp gelenden soň ol Muhamet şa tarapyndan Azerbaýjanyň häkimi, şazada Nasreddin mürzäniň weziri edilip bellenilýär. Muhammet şa aradan çykandan soň ol Nasyreddin bilen bilelikde Töwrüzden Tährana dolanyp gelýär we täze hökümdaryň baş wezirine hem-de serkerdesine öwrülýär. Oňa Nasyreddin şa tarapyndan Emir Nyzam (tertip-düzüniň emiri) we Emir Kebir (Beýik Emir) derejeleri hem berilýär.

Baş weziriň wezipesini eýelemek bilen mürze Tagy han merkezi häkimiýeti berkidipdir, ruhanylaryň täsirini peseltmäge çalşypdyr, harby we maliýe ulgamyny özgertmäge jan edipdir. Ol welaýatlardaky häkimleriň, emirleriň eden-etdiligine, parahorlyga garşy barlyşyksyz göreşidir. Emeldarlaryň sanyny we olara berilýän aýlygy ep-esli azaldypdyr. Fataly şanyň neslinden bolan gajar şazadalarynyň köpüsini mugt girdejilerden mahrum edipdir. Ol ýurduň mili özbaşdaklygyny berkitmek maksady bilen daşary ýurtlylaryň Eýranyň içerki işlerine gatyşmaklaryna garşy wajyp işleri alyp barypdyr. Ol Angliýa bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edip, Eýranyň bähbitleriniň tersine hereket edýän we olaryň görkezmelerini ýerine ýetirýän ýokary wezipeli döwlet adamlaryny, welaýatlaryň emirlerini dolandyryşdan çetleşdiripdir.

Mürze Tagy han eýranly daýhanlaryň, senetçileriň we söwdagärleriň ýagdaýyny ýeňilleşdirmek, olara salynýan salgytlary azaltmak we salgyt ulgamyny tertibe salmak bilen baglanyşykly çäreleri durmuşa geçirmäge synanyşýar. Içerki we daşary söwdanyň ösmegine päsgel berýän häkimlere we emirlere berk temmiler berlipdir. Paýtagtda birnäçe täze bazarlar we kerwensaraýlar gurlupdyr. Tährany suwlandyrmak we onuň suw üpjünçiligini gowylandyrmak

maksady bilen Kerej derýasyndan şähere täze ýaplar çekilipdir.

Emir Kebir ýurtda magaryfçylygy ösdürmäge-de uly üns beripdir. Onuň görkezmeleri boýunça Türkiýä, Russiýa we beýleki ýurtlara eýranly ýaşlar okamaga iberilipdir, ýurda daşary ýurtly alymlar we mugallymlar çagrylypdyr. Tähranda ýokary okuw mekdebi – Darulfunun (Ylymlar öýi) açylypdyr. Mürze Tagy han hökümetiň işine ulamalaryň gatyşmagynyň öňüni almaga gönükdirilen käbir çäreleri hem geçiripdir. Bu bolsa ahyrynda Emir Kebiriň garşysyna diňe bir aýry-aýry ulamalaryň däl, eýsem täsirli emirleriň, ýokary wezipeli käbir döwlet işgärleriniň garşylygyny döredipdir. Olar Emir Kebiriň özgertmeleriniň öňüni almaga, ony her hili ýollar bilen abraýdan düşürmäge çalşypdyrlar. Bu işe assyrynlyk bilen iňlisler hem gatyşypdyrlar. Olar edenli weziri häkimiýetden çetleşdirmäge we onuň ornuna iňlisleriň öz adamsy, harby ministr Aga han Nuryny goýmak isläpdirler.

1849-njy ýylyň martynda Mürze Tagy hanyň garşydaşlary onuň garşysyna tähran garnizonynyň esgerlerini küşgürýärler. Emir Kebir topalaň turzan esgerleri kynlyk bilen köşeşdiripdir. Nasyreddin şa öz wezirini her bir işde goldapdyr, onuň aşaky gatlaklardan gelip çykandygyna garamazdan, oňa uýasyny aýal edip berýär. Emma Emir Nyzamyň duşmanlaryna ony hökümdara ýamanlamak we iş başyndan gidermek başardýar. 1851-nji ýylyň noýabrynda Mürze Tagy han wezipelerinden boşadylyp Kaşana sürgün edilýär we 1852-nji ýylyň ýanwarynda şanyň buýrugy bilen öldürilýär. Eýranyň täze hökümet başlygy Aga han Nury Emir Kebiriň özgertmeleriniň ählisni diýen ýaly ýatyrýar.

## § 2. Owganystanda Dürranylar döwletiniň döremegi we iňlis basyplaýşlaryna garşy göreş

**Owganystanyň geçmiş taryhyndan.** Asyrlaryň dowamynda owgan topragy ululy-kiçili dürli döwletleriň we syýasy birleşmeleriň düzüminde bolupdyr. V-VII asyrlarda onuň ýerleri eftalylaryň (abdallaryň ata-babalary), göktürkmenleriň we sasanylaryň döwletleriniň golastynda boldy. Bu döwürlerde Gurda (Owganystanyň merkezindäki daglyk ülke) we onuň bilen goňşy welaýatlarda türkmen taýpasy bolan halaçlar ýurt tutunýarlar. Geografiýaçy Muhammet ibn Nejip Bekran (XIII a.) özüniň «Jahannama» eserinde: «Halaçlar – türk[men] taýpalaryndan bolup, olar Balhdan Kabulystana göçüp gelipdirler. Gazna welaýatynda sähralyk ýer bar, olar şol ýerde ýerleşipdirler. Bu ýerleriň howasynyň howrundan olaryň ýüzüniň reňki üýtgäpdir we garalyp başlapdyr. Olaryň dilem üýtgäpdir we bir hili şiwä öwrülipdir» diýip ýazypdyr.

VII asyryň ortalarynda Gur bilen goňşyçylykda ýerleşýan ülkeler araplar tarapyndan basylyp alnypdyr. Emma araplara bu daglyk welaýaty eýelemeklik uzak ýyllaryň dowamynda başartmandyr. IX-X asyrlarda owgan ýerleriniň bir bölegi Abbasy halyflygyndan bölünip aýrylan Tahyrylar, Saffarylar we Samanylar döwletleriniň düzümine giripdir. Guruň ýerleşýän ýerleri daglyk bolandygy üçin ony basyp almak kyn düşüpdir. Emma soltan Mahmyt Gura birnäçe gezek ýöriş geçiripdir we ony Gaznaly döwletiniň düzümine girizipdir.

Seljuklaryň döwründe türkmen soltanlary Gury öz ýapjalary bolan gaznalylarýn ygtyýaryna beripdirler. Ýöne, soňra seljuklaryň hem-de olaryň ýapjasy bolan gaznalylaryň gowşamagy bilen Tejen (Gerirud) derýasynyň ýokary akymlarynda, Hyrat bilen Bamiýanyň aralygynda ýerleşýän Gur welaýaty özbaşdaklyga eýe bolýar.

Bu döwürde Owganystanyň demirgazygyndaky Balh welaýatyny 1153-nji ýylda Soltan Sanjara garşy gozgalaň turzan oguzlaryň Zeňňiler nesilşalygy dolandyrýardy. Oguzlar birnäçe ýyllap Gaznany elde saklamagy başarypdyrlar, emma 1173-nji ýylda şäher Guruň hökümdary Kyýaseddin Muhammet Gurly (1163-1203) we onuň taryhy edebiýatda Myhammet Gurly ady bilen tanalýan meşhur inisi Şyhabeddin Muhammet tarapyndan gaýtarylyp alynýar. Elbetde, Gurlylaryň döwleti hem uzak ýaşamandyr. Sebäbi onuň güýçli garşydaşlary bolupdyr. Olaryň birinjisi gaznaly soltanlarydy. Gaznalylardan üstün çykyp, olaryň mirasyna eýe bolmak gurlylara başardypdyr. Emma olaryň demirgazykdaky goňşusy bolan Köneürgenç türkmenleriniň döwleti bilen bäsleşikler uly kynçylyklary döredipdir.

Gurlylar bilen köneürgençlileriň arasyndaky uruşlarda artykmaçlyk başda gurlylaryň tarapynda bolupdyr. Muhammet Gurly bilen Köneürgençli hökümdar Tekeşiň inisi Soltan şanyň arasynda Murgabyň boýundaky söweş gurlylaryň peýdasyna gutarypdyr. Emma 1198-nji ýylda köneürgençli goşunlara Tekeş soltanyň hut özi serkerdelik edip, ol gurly goşunlardan üstün çykýar. 1206-1207-nji ýyllarda köneürgençli soltan Muhammet II (1200-1220) öz döwletiniň düzümine öň gurlylara degişli bolan Balh we Hyrat welaýatlaryny hem goşupdyr. Muhammet şa täze eýelenen Gura ogly Jelaleddin Meňburny emir belleýär.

Mongol basybalyşlary döwründe 1222-1223-nji ýyllarda türkmen serkerdesi Hasan Garlyk Bamiýanda, Gaznada we Gurda garlyklaryň döwletini döredýär. Emma 1238-nji ýylda mongollar ony Hindistan taraplara çekilmäge mejbur edipdirler. Owganystanyň ýerleri mongollar tarapyndan basylyp alynandan soň, XIII asyryň 40-njy ýyllarynda bu ýerde asly türkmenlerden bolan Gurtlaryň döwleti (1245-1389) ýüze çykýar. Bu döwlet Şemseddin Gurt (1245-1278) tarapyndan esaslandyrylyp, onuň merkezi Hyratda

ýerleşipdir. Mongol hany Hulagu (1256-1265) bilen Şemseddiniň gatnaşyklary gowy bolupdyr. Emma Hulagu hanyň ornuna gelen Abaka han (1265-1282) ony aldaw ýoly bilen öldüdýär. XIV asyryň ortalarynda mongol agalygynyň gowşamagy bilen, Gurtlaryň döwleti syýasy özbaşdaklygyny ýene-de dikeldýär. Emma Gurtlaryň döwleti 1389-nji ýylda Teýmirleň tarapyndan ýykylýar.

Owgan taýpalary Deli soltanlygynyň taryhynda hem uly yz galdyrypdyrlar. Bu döwleti dolandyran Memluklaryň (1206-1280), Halaçlaryň (1280-1321), Togalaklaryň (1321-1412), Seýitleriň (1414-1443) we Lodileriň (1451-1526) nesilşalygy döwründe owganlar görnükli orun eýeläpdirler. Beýik mogollaryň döwründe (1526-1859) owganlaryň Lodi nesilşalygyna (halaçlaryň lodi tiresi - 1539-1555-nji ýyllarda) az wagtlyk häkimiýeti mogollaryň elinden almak hem başardypdyr. Emma sefewi türkmenleriniň kömegi bilen mogollara Delidäki tagty gaýtaryp almak başardypdyr. Bulardan başga-da owgan nesilşalyklary Bengaliýada (Günorta-gündogar Hindistan), Malwada (Merkezi Hindistan) hökümdarlyk edipdirler. Bengaliýadaky hökümdarlyk Bagtyýar han Halaç tarapyndan esaslandyrylyp, bu nesilşalyk 1202-1576-njy ýyllar aralygynda ýaşapdyr. Malwada owganlar tarapyndan iki sany nesilşalyk easlandyrylyp, onuň birinjisini Dilewar han döredýar. Bu nesilşalyk Malwany 1401-1434-nji ýyllarda dolandyrypdyr. Malwadaky ikinji nesilşalyk Mahmyt han tarapyndan esaslandyrylyp, bu nesilşalyk 1435-1530-njy ýyllar aralygynda hökümdarlyk edipdir.

XVI asyrdan başlap Gurly türkmenleriniň ýeri özbekleriň, mogollaryň we Sefewi türkmenleriniň arasynda agalyk ugrunda uly göreşleriň alnyp barylýan ýerine öwrülipdir. 1510-njy ýylda Merwiň eteginde Şeýbany han meşhur türkmen patyşasy şa Ysmaýyl Hataýydan ýeňlenden soň, owgan topragy Sefewi döwletiniň düzümine goşulýar.

Owgan ýerleriniň bir bölegi 1526-njy ýýlda esaslandyrylan Beýik Mogollaryň döwletiniň düzümine hem girizilipdir.

**Dürranylar döwletiniň döremegi.** XVIII asyryň başlarynda Owganystanda, Hind derýasynyň sag kenaryndaky we Süleýman daglarynyň eteklerindäki ýerlerde ownukly-irili ýüzlerçe owgan taýpalarydyr tireleri ýaşaýardylar. Abdal (soňra dürrany) taýpasy Kandagar bilen Hyradyň aralygynda ýaşap, olaryň sany 800 müň adama golaýlaýardy. Ikinji bir uly owgan taýpasy gilzaýlar (orta asyrlarda halaçlar) bolup, olar Gazna welaýatynda we Kandagaryň bir böleginde mesgen tutupdyrlar. Köp sanly taýpalaryň has ulylary bolan ýusupzaýlar, wezirler, orakzaýlar we turlar Peşawar jülgesinde, Hind we Swat derýalarynyň aralygyndaky daglyk Buher, Swat we Dira welaýatlarynda, şeýle hem Hind derýasynyň çep kenaryndaky Siýahkuhyň (Garadaglar) töwereklerinde ýaşapdyrlar.

Owgan taýpalarynyň agramly bölegi çarwaçylyk we ýarym çarwaçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Şol sebäpden hem taryhy ösüşde olar goňşy halklardan ep-esli yza galypdyrlar. Emma wagtyň geçmegi bilen owgan taýpalarynyň käbirinde iri syýasy birleşmeler kemala gelip ugraýar. XVIII asyryň başlarynda Gilzaý hanlygy peýda bolýar.

XVIII asyryň 40-jy ýyllarynda meşhur serkerde Ahmet han Abdaly taryhy sahna çykýar. Ahmet hanyň çagalyk ýyllary bütin Orta Gündogarda howsalaly wakalaryň gidýän döwrüne gabat gelipdir. Kakasyndan ir jyda düşen Ahmet han, agasy Zülpükär hanyň ýanyndan aýrylmandyr. Ol agasy bilen Hüseýn han Gilzaýyň Kandagardaky zyndanynda hem alty ýyllap oturypdyr. 1738-nji ýylda Nedir şanyň meşhur türkmen serkerdesi Arslan han Kyrkly Kandagary eýeleýär we hökümdaryň buýrugy bilen Zülpükär hany we onuň inisi Ahmedi bendilikden boşadýar. Sundan soň Ahmet hanyň

ömri tä 1747-nji ýyla çenly Nedir şanyň ykbaly bilen aýrylmaz baglanyşykly bolýar.


Ahmet şa Dürrany

Ahmet han 1722-nji ýylda Hyratda doglup, abdallaryň sadazaý («zaý» – sözi türkmençe «ogly» diýen manyny aňladýar) tiresinden gelip çykypdyr. Şonuň üçin hem onuň ady 1747-nji ýyla çenli Ahmet han Abdaly, Ahmet han Sadazaýy görnüşlerinde gabat gelýär. Ahmet han asylzada maşgaladan bolupdyr. Onuň kakasyna Zaman han, ejesine bolsa Zergüne Ene (Zarguna Ana) diýýär ekenler. Ahmet hanyň kakasy Zaman han, atasy Döwlet han abdal taýpasynyň serdarlary bolupdyr. Emma Zaman han hem, Döwlet han hem erkinlik ugrundaky uruşlarda wepat bolupdyrlar. Şonuň üçin hem Ahmet han çagalygyndan uly agasy, edenli serkerde Zülpikär han Abdalynyň elinde terbiýelenipdir.

Ahmet han Abdaly Nedir şanyň Hindistana, Hywa, Buhara, Ermenistana we Dagystana garşy guralan ýörişlerine gatnaşýar we onuň iň ygtybarly serkerdeleriniň birine öwrülýär. Nedir şa Ahmet hanyň şahsyýetine uly baha berýär eken. Owgan taryhçysy Faýyz Muhammediň we Mir Gulam Muhammet Gubaryň şaýatlyk etmeklerine görä, uly mejlislerde Nedir şa «Eýranda, Turanda we Hindistanda Ahmet han ýaly ajaýyp häsiýetli we edermen başga bir adam ýokdur» diýip häli-şindi aýdýar eken. Türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragy hem Ahmet şa Dürrana sünni patyşasy hökmünde uly hormat goýupdyr. Oňa özüniň iň gowy şygyrlarynyň birini – «Arşy aglaýa» goşgusyny bagyş edipdir:

- Ýa Ahmet şa, ýerde ýaýylyp çawyň,
Adyň asman gider arşy aglaýa.
Gelen nökeriňdir, gelmeen awuň,

Beýiklik zinesin kyl paýa-paýa.

Abdallar bilen gilzaýlar Nedir şanyň Owganystanyň ýerinden ýygnanan goşunlarynyň esasyny düzüpdir. Bu goşunlara belli gilzaý we abdal serkerdeleri Nurmuhammet han bilen Ahmet han baştutanlyk edýärdiler.

1747-nji ýylda Nedir şa öldürilenden soň Ahmet han Sadazaýi owgan goşunlaryny şanyň düselgesinden alyp gidýär. Ahmet han ýüzüniň ugruna Nedir şanyň hazynasynyň bir bölegini hem ýany bilen äkidýär. Kandagara dolanyp gelenlerinden soň taýpa geňeşinde Ahmet han ähli Owgan topraklarynyň hökümdary diýip yglan edilýär. Abdal hanlary üýşüp oňa «dür-dürrany» (dürleriň arasyndaky dür) derejesini berýärler. Bu wakadan soň abdaly taýpasy hem dürrany diýip atlandyrylýar. Döwletdäki möhüm döwlet wezipeleri we harby derejeleri dürrany taýpasyndan bolan hanlara berilýär. Kandagaryň we Kabulyň aralygyndaky ýerleriň birleşdirilmeginiň esasynda kemala gelen owgan döwleti Dürranylaryň döwleti diýlip atlandyrylýar.

Ahmet şanyň häkimýetini diňe bir Kabul bilen Kandagaryň arasyndaky owgan taýpalarynyň serdarlary däl, eýsem Demirgazyk Hindistandaky hökümdarlaryň tabynlygyndan çykmaga çalyşýan Hind derýasynyň boýlarynda ýaşaýan owgan taýpalarynyň hem köpüsi ykrar edýärler. Tiz wagtdan abdallar bilen oňuşmaýan gilzaýlar hem dürranylaryň häkimiýetine tabyn edilýär. Ahmet şa Dürrany Hind derýasynyň sag kenaryndaky Derajaty, 1750-njy ýylda bolsa Hyrady eýeleýär. Ol Eýranyň gündogaryndaky Seýistany eýeläp, Hindistanyň demirgazyk-günbatar ýerlerine çozup girýär. Bulujystan Ahmet şa Dürrana tabynlyk bildirenden soň Penjapda Şikarpur we Lahor eýelenilýär. Penjaba geçirilen ikinji ýörişiň netijesinde onuň demirgazyk-günbatar taraplaty Dürranylar döwletiniň düzümine birikdirilýär. Ahmet şa Sindiň tabynlygyny gazanmagy hem başarýar.

1752-nji ýylda Penjaba geçirilen üçünji ýörişň netijesinde ol Kaşmiri eýeleýär, 1754-nji ýylda bolsa uzak gabawdan soň Eýranyň Maşat şäherini basyp alýar. Maşatda ulamalar Ahmet şany patyşa diýip yglan edýärler. Onuň adyna pul zikgelenilýär. 1756-1757-nji ýylarda Ahmet şa goşunlaryny Deliniň üstüne sürýär. Şonda ol 12 million rupiýa barabar olja alýar. Goşunda ýokanç keseliň ýaýramagy owgan hökümdaryny yza dolanmaga mejbur edýär.

Hidistanyň içinde özara uruşlar başlanda Ahmet şa Penjaba çozup girýär we marathlary Penjapdan kowup çykarýar. Emma Punadan marathlara kömek üçin uly goşunlar süýşüp gelýär. Emma 1761-nji ýylda Panipatyň eteginde bolan söweşde Ahmet şa marathlary ikinji gezek derbi-dagyn edýär. 1761-nji ýyla çenli Dürranylaryň döwleti Orta Gündogaryň iň kuwwatly döwletine öwrülýär. Emma birnäçe ýyl geçenden soň Penjap dolylygyna diýen ýaly bölünip aýrylýar, ýöne Kaşmir, Sind, Bahawalpur we Kelat XIX asyryň başlaryna çenli Dürranylaryň döwletiniň düzüminde galdy. 1769-njy ýylda Ahmet şa Horasany hem elden giderýär.

**Owgan döwletiniň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşy.** Ahmet şanyň döwletinde tire-taýpa guramalary saklanyp galypdyr. Käbir taýpalaryň ýaşaýan ýerleri içki özbaşdaklyga eýe bolup, ol gadymy däpler boýunça mirasdüşer häkimiýeti bolan ýa-da saýlawly hanlar tarapyndan dolandyrylypdyr. Käbir taýpalarda dolandyryş taýpa ýygnagy bolan Jirga – halk maslahaty tarapyndan amala aşyrylypdyr. Ahmet şanyň döreden Dürrany döwletiniň gurluşy orta asyr türkmen döwletleriniňkä kybapdaş bolupdyr. Döwletiň welaýatlary türkmen dilindäki ýaly «ulus» diýlip atlandyrylypdyr. Döwlet edarasyny baş wezir dolandyryp, Ahmet şanyň döwründe bu wezipäni gudasy Begi han Bamyzaý eýeläpdir. Ahmet şanyň Kandagardaky köşgünde «diwan begi» (maliýe ministri),

«myhmandar başy» (myhman kabul edýan emeldar), «işik agasy başy» (dabaralary gurnaýan emeldar), «münşi başy» (kätipleriň ýolbaşçysy), «arz begi» (raýatlaryň arz-şikaýatlaryny hökümdara ýetirýän emeldar), «jarçy başy», (hökümdaryň permanlaryny yglan edýän emeldar), «peşehanaçy» (hökümdaryň dynç alşyna jogap berýän emeldar), «gapyçy başy» (gapyda durýan emeldar), «tebip başy», «myrahyr başy» (hökümdaryň athanasyna jogap berýan emeldar), «hazynaçy» ýa-da «hazynadar», «zabt begi» (polisiýa gullugyna jogap berýän emeldar), «harkara başy» (aňtaw işlerine jogap berýän emeldar), «nasakçy başy» (hökümdaryň çaparlary), «keşikçi», «keşikçi başy» (hökümdaryň janpenalaryňyň serkerdesi) ýaly wezipeler bolupdyr.

Dürranylaryň döwletinde ulanylan harby adalgalaryň hem köpüsi türkmen dilinde bolupdyr. Olaryň hatarynda «sülsatçy» (goşuny zerur zatlar bilen üpjün ediji emeldar), «gorhana başy» (ok-ýarag saklanýan ýere jogap berýän emeldar) «topçy başy», «dag başy» (başgaça «on başy» hem diýlipdir), «ýüz başy» (oňa «baýrakdar» – «baýdak göteriji» hem diýlipdir), «müň başy», «gullar agasy» (hökümdaryň atly goragçylarynyň serkerdesi), «şahynçy başy», «jyzaýyrçy başy» (ikisi hem ýeňil toplaryň serkerdesi), «topçy», «zambirekçi» («topçy») ýaly wezipelerdir atlary görkezmek bolar. Ahmet şanyň döwründe tanymal adamlar mälik, han, serkerde, serdar we soltan derejelerini göteripdirler.

Dürranylaryň döwletinde ýer eýeçiliginiň esasy görnüşleri patyşanyň şahsy mülküni hem-de diwani ýerlerini öz içine alýan döwlet ýerleri, hanlaryň mülkleri, owgan däl halklaryň we owgan taýpalarynyň jemagat ýerleri bolupdyr. Ähli ekerançylyk ýerlerinden önüm görnüşde döwlet salgydy alnypdyr. Köp taýpalar salgytdan boşadylypdyr, käbirleri bolsa ujypsyzja paç töläpdirler. Esasy salgyt

salynýan ilat owgan däl halklar bolupdyr. Owgan serkerdelerine we hanlaryna berilýän jagir, musulman ulamalaryna bagyş edilýän wakf ýerleri salgytdan boşadylypdyr. Salgytlar ýeriň ýagdaýyna görä salnyp, onuň möçberi adatça 1/10-den 1/3-e çenli möçberde bolupdyr. Salgyr ýygnamak hukugy welaýatlardaky dikmelere we ýerli han beglere satylypdyr. Ýer salgydyndan başga-da musulman däl ilata jan başyna jyza salgydy salnypdyr. Dürranylaryň döwletinde oturymly ilata öý salgydy (tüsse salgydy), çarwalara mal salgydy, goşuny saklamak we obalardaky wezipeli adamlara aýlyk tölemek üçin goşmaça salgytlar salnypdyr. Şäherleriň senetçileri önüm we pul salgydyny tölemäge borçlandyrylypdyr. Täjirler gümrük we ýol salgydyny töläpdirler. Ahmet şanyň özi «gündogar (Hindistan) maňa pul berýär, günbatar (owgan ýerleri) bolsa esgerleri berýär diýip aýdar eken. Emma hökümdar özüniň Amyderýadan günortada ýerleşýän täjik we özbek ýerleri barada aýdan-da bolsa, «ol ýerlerde ary kän, ýöne bal az» diýip belläpdir. Döwlet serişdeleri goşuny saklamaga, dolandyryşa, gurluşyk işlerine sarp edilipdir. Serişdeleriň bir bölegi adatdan daşary ýagdaýlar üçin saklanylypdyr.

Owgan döwleti welaýatlara (uluslar), olar hem öz gezeginde etraplara bölünipdirler. Olary şa tarapyndan bellenilýän dikmeler dolandyrýardylar. Bulardan başga-da owgan hökümdaryna ýapjalykda durýan emirlikler hem-de hanlyklar bolup, olaryň öz dolandyryş ulgamlary ýaşamagyny dowam etdiripdir. Ýurtdaky ýokary kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimýet şanyň elinde jemlenipdir, ýöne owgan begzadalaryna maslahat salmazdan hökümdar möhüm meseleleri bir özi çözüp bilmändir. Aýratyn derwaýys meseleler owgan taýpalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilýän Loýýa-jirgada (Uly Geňeş) çözülipdir. Baş wezir hökümet edaralarynyň işine gönüden-göni ýolbaşçylygy amala aşyrypdyr.

Owgan goşunlarynyň esasyny Ahmet şanyň hemişelik goşuny, hanlaryň we taýpalaryň nöker goşunlary düzüpdir. Hemişelik goşunda atlylar agdyklyk edip, ol eýranly gyzbaş türkmenlerinden, türkmenlerden, täjiklerden, galmyklardan we parslardan düzülipdir. Diňe Ahmet şanyň ogly Timur şanyň döwründe hemişelik goşuna az sanly owganlar hem girizilipdir. Hemişelik goşunda eýranly tüpeňçileriň, meýdan polisiýasynyň (zabt we harkara) we topçylaryň bölümleri bolupdyr. Kandagardaky şa athanasynyň ýanynda topçylaryň kazarmasy we däri öndürýän ussahana hereket edipdir. Goşunda ýeňil toplar (zambirek) bolup, olary düýe bilen daşapdyrlar. Goşunyň 75%-ni atly goşun tutýardy. Pyýada goşun Hind derýasynyň sag kenaryndaky ilatdan jemlenilipdir. Hemişelik goşuna sipah-salar serkerdelik edipdir.

**Dürranylaryň döwletiniň dargamagy we Owganystanda ýurt dagynyklygy.** 1773-nji ýylda Ahmet şa aradan çykandan soň owgan tagtyna ogly Timur şa 1773-1793 çykýar. Timur şanyň döwründe hanlaryň topalaňy başlaýar. Şinuň üçin hem ol 1774-nji ýylda paýtagty Kandagardan hakyna tutma goşunlaryň ýerleşýän ýeri bolan Kabul şäherine geçirýär. Onuň merkezi häkimýeti berkitmäge gönükdirilen işleri şowuna düşmeýär. Oňa Hindistandaky ýerleriň hem köp bölegini elde saklamak başartmandyr.


Timur şa

Timur şanyň mirasdüşeri Zaman şa (1793-1801) hem boýun egmezek han-beglere garşy häli-şindi uruşlary alyp barmaly bolupdyr. Ol özüniň 50 müňlük hakyna tutma goşunlary bilen topalaňlary basyp ýatyrypdyr, Penjaba ýörişleri geçiripdir. Zaman şa Hindistandaky musulman döwletleri bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyr. Ol Maýsuryň

hökümdary bilen iňlislere garşy bileleşip göreşmek barada gepleşikleri geçiripdir. 1789-njy ýylda, haçan-da, Zaman şa Penjaba çozup girende Audda (paýtagty Lakhnau) iňlislere garşy gozgalaň turýar. Bu gozgalaňy basyp ýatyryp, iňlisler owgan hökümdarynyň hereketlerinden çekinip, Audda 25 müňlük goşun saklamaga mejbur bolýarlar. Şol bir wagtyň özünde-de iňlisler onuň garşysyna her-hili dildüwşikleri gurapdyrlar. Munuň üçin olar owgan tagty ugrundaky göreşlere Eýran şasynyň goşulyşmagyny gazanýarlar. Netijede Zaman şa ele salnyp, gözi oýulýar, tagt bolsa dalaşgärleriň biri Şuja al-Mülküň (1801-nji, 1803-1809-njy we 1839-1842-nji ýyllarda) eline geçýär. Dürranylaryň döwletinde häkimiýet ugrunda uzaga çeken ýiti göreşler başlaýar.

XIX asyryň başlarynda Owganystana Elfinstonyň ýolbaşçylgynda iňlis diplomatik missiýasy gelýär we taraplaryň arasynda ilkinji şetnama gol çekilýär. Owganystanyň hökümeti Fransiýanyň we Eýranyň Britan Hindistanynyň üstüne çozan ýagdaýynda Anglýanyň tarapynda durmaga borçlanýar. Emma Angliýanyň özi Owganystan babatynda öz üstüne hiç hili borçnama almandyr.

Owganystanyň güýden gaçmagyndan goňşy döwletler peýdalanypdyrlar. Demirgazyk Hindistandaky sikhleriň döwleti Kaşmir jülgesini we  Multan galasyny owganlaryň elinden alýar. Eýran Hyrat ugrunda göreşe girişýär. Şol döwürden başlap hyrat meselesi Angliýanyň Orta Gündogar syýasatynyň esasy ugurlarynyň birine öwrülýär we bu meseläni iňlisler Owganystanyň hem-de Eýranyň içerki işlerine gatyşmakda peýdalanýarlar.

Bu döwürde Owganystanda Ahmet şanyň nesilleri bilen barakzaý taýpasynyň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler tutaşýar. Bu göreşler Dürranylaryň döwletiniň gutarnykly dargamagyna sebäp bolýar. Hyrat birnäçe ýyllap özbaşdak

beglik bolup ýaşaýar. Peşawar, Kandagar we Gazna welaýatlary Owgan döwletinden bölünip, garaşsyz mülklere öwrülýärler. Owganystanda ýüze çykan yurt dagynyklygyndan sikhler peýdalanýarlar. Iki döwletiň arasynda Peşewar ugrunda ýiti uruşlar başlaýar. 1818-1826-njy ýyllaryň owgan-sikh uruşlarynda Peşewar elden-ele geçip durupdyr. 1822-nji ýylda Kabulyň häkimi Eýýup şa (1818-1829) sikhlere garşy gazawat yglan edýär. Emma owganlar bilen sikhleriň arasyndan bolup geçen aýgytly söweşde owganlar ýeňlişe sezewar bolýarlar we Peşewaryň häkimi öz üstünden sikhleriň häkimiýetini tassyk edýär.

**Owganystanda häkimiýet başyna Dost Muhammet hanyň gelmegi.** 1826-njy ýylda Kabul barakzaý taýpasynyň serdary Dost Muhammet han tarapyndan eýelenilýär. Dost Muhammet özüni Owganystanyň emiri diýip yglan edýär. Ol ähli owgan ýerlerini Kabul häkimiýetine tabyn etmäge çalşypdyr. Dost Muhammet han topalaňçy owgan hanlaryny köşeşdirmegiň, döwletiň maliýe ýagdaýyny kadalaşdyrmagyň, söwdanyň howpsyzlygyny üpjün etmegiň, goşuny tertibe salmagyň hötdesinden gelmegi başarýar. Onuň aladalary bilen Kabulda ok-ýarag ýasaýan ussahanalar açylýar.


Dost Muhammet han

Dost Muhammediň güýçlenmegi iňlis Ost-Hindistan kompaniýasyna ýaramandyr. Şonuň üçin hem iňlisler onuň esasy garşydaşlarynyň biri Şuja al-Mülki öz bähbitleri üçin peýdalanypdyrlar. Şol bir wagtyň özünde-de iňlisler sikhleriň hökümdary Ranjit Singhi owgan emiriniň üstüne küşgürýärler. Edil şol döwürler Peşewar welaýatynda ýerli musulman halky sikhlere garşy gozgalaň turuzýar. Emma Dost Muhammet peşewarlylaryň gozgalaňyny öz peýdasyna

ulanmagy başarmaýar. Üstesine-de, özbaşdaklyga dyzaýan käbir owgan emirleri Dost Muhammediň ýurdy berkitmäge gönükdirilen syýasatyny oňlamandyrlar we sikhlere garşy uruşlarda hökümdary goldamandyrlar. Netijede 1836-njy ýylda Pejawar welaýaty resmi taýdan sinhleriň döwletiniň düzümine goşulýar.

Sikhlere garşy göreşde Dost Muhammet han Russiýanyň, Angliýanyň we Eýranyň hökümetlerine kömek sorap ýüz tutýar. Şindi 1835-nji ýylda owgan emiriniň wekili Orenburga gelýär, şol ýyl owgan wekilleri Eýran şasyna we Hindistanyň general-gubernatoryna hem ýüz tutýarlar. Emma sikhlere garşy uruşda Dost Muhammet hana kömek bermeklik iňlisleriň maksatlarynda göz öňünde tutulmandyr. Iňlis Ost-Hindistan kompaniýasy Penjap bilen araçäkde güýçli hem-de täsirli owgan döwletiniň bolmagyny islemeýärdi. Owgan meselesinde Russiýanyň öz maksatlary bardy, şol sebäpden ol hem amatly pursata garaşýardy. Eýran bolsa Hyrada iňlisleri goýbermezligiň we ony eýelemegiň ýollaryny agtarýardy.

XIX asyryň 30-njy ýyllarynyň ikinji ýarymynda Merkezi Aziýa ýurtlaryny basyp almagy maksat edinýän Russiýa Owganystana ünsüni güýçlendirip başlaýar. Russiýa Owganystanyň güýçli döwlete öwrülmegine gyzyklanma bildirýärdi. Russiýanyň dolandyryjylary güýçli owgan döwletiniň döremegi iňlisleriň Merkezi Aziýa aralaşmagynyň öňüni alar öýdüp umyt edýärdiler. 1836-njy ýylda patyşa hökümeti owgan emiriniň çagyryşyna seslenip Kabula we Kandagaryň emiri Kohindil hanyňka öz wekili Witkewiçi iberýär. Witkewiç owgan emirine Russiýanyň Eýran hökümetiniň üsti bilen Owganystana ýardam etmäge taýýardygyny beýan edýär. Russiýanyň hökümeti Dost Muhammedi we Kohindil hany Eýran bilen ýakynlaşdyrmaga çalyşýardy. 1837-nji ýylda Russiýa Orta Gündogar ýurtlarynda öz täsiriniň gerimini giňeltmek

maksady bilen Eýranyň hökümdary Muhammet şanyň Hyrada ýörişini goldaýar. Hyrydyň eýran goşunlary tarapyndan gabalan goragçylaryna kömek etmek üçin Angliýa hem şähere öz harby geňeşçisini inerýär. Netijede Hyradyň gabawy uzaga çekýär.

Kandagarda rus wekili Witkewiçe Kohindil han bilen Eýranyň arasynda Hyrada garşy ylalaşyk baglaşylmagyny gazanmak başardýar. Haçan-da Witkewiç Kabula dolanyp gelende bu ýere Bernsiň baştutanlygynda iňlis missiýasy hem gelipdir. Bernsiň maksady Dost Muhammediň hem-de Kohindil hanyň Eýran we Russiýa bilen ýakynlaşmagyna päsgel bermek bolup durýardy. Başda Dost Muhammet han Angliýa Peşewary sikhleriň elinden almaga özüne ýardam eder öýdüpdir. Emma iňlisleriň sikhleri goldaýandygyna göz ýetirip, onuň Witkewiçi Owganystandan kowmak baradaky talaplaryny ret edýär. Berns Owganystandan çykyp gidýär. Witkewiç Kabulyň, Kandagaryň we Eýranyň arasynda ýaranlyk baglaşylmagyny gazanýar. Emma tiz wagtdan Russiýanyň Owganystan babatyndaky syýasaty üýtgeýär. Halkara meselelerinde Angliýanyň we Fransiýanyň goldawyndan peýdalanmak maksady bilen Russiýa Hyrat meselesinde owgan emirini goldamakdan ýüz öwürýär. Netijede 1838-nji ýylda iňlisler Eýrana zor salyp Hyradyň gabawyny aýyrmaga we goşunlaryny yzyna çagyrmaga mejbur edýärler. Emele gelen ýagdaý Ost-Hindistan kompaniýasyna Owganystanyň üstüne çozmaga mümkinçilik berýär.


Aleksandr

**Birinji iňlis-owgan urşy.** Owganystana çozmak üçin iňlisler her hili bahanalary agtarypdyrlar. Ost-Hindistan kompaniýasy Dost Muhammet han Hindistanyň ýerlerini basyp almaga çalyşýar diýip iňlis parlamentini yndyrýar.

Iňlis hökümeti Dost Muhammediň esasy garşydaşy Şuja al-Mülke häkimiýeti almak üçin kömek etmegi wada berýär. Munuň üçin owgan serhedinde 30 müňlük iňlis goşuny jemlenilýär.

Dost Muhammet han urşa taýýar däldi. Onuň ygtyýarynda bary-ýogy 15 müň goşun bardy. 1839-njy ýylyň ýazynda iňlis goşunlary Sinde çozup, Kelat hanlygyny eýeleýärler we Kandagara girýärler. Şu ýerde-de Şuja al-Mülküň başyna täç geýdirilip, ol owgan hökümdary diýlip yglan edilýär. «Täze hökümdar» iňlisler bilen şertnama baglaşyp, Owganystanda iňlis goşunlarynyň ýerleşdirilmegine razylyk berýär. 1839-njy ýylda iňlisler Gaznany hem eýeleýärler. Dost Muhammet Kabudan çykyp iňlislere garşy uruşa başlan hem bolsa, tiz wagtdan Günorta Türküstana (häzir Owganystanyň demirgazygy) tarap yza çekilmäge mejbur bolýar.

Şujanyň hem-de iňlisleriň hoşunlary Kabuly eýeleýärler. 1840-njy ýylyň başlaryna çenli iňlis goşunlary tarapyndan Gazna, Kandagar, Jelalabat we Kabul şäherleri eýelenilýär. Iňlisler Şujanyň boýnuna owgan döwletiniň garaşsyzlygyny çäklendirýän ýene-de birnäçe şertnamalary dakýarlar.

Emma owgan halky iňlisleriň ýurdy basyp almagy bilen ylalaşmaýar we  basybalyjylara garşy azat edijilik göreşi başlaýar. Iňlis häkimiýetlerine garşy gilzaýlaryň gozgalaňy turýar. 1840-njy ýylda Dost Muhammet han owganlaryň we özbekleriň goşunlaryna daýanyp iňlis goşunlaryny gysyp ugraýar. Emele gelen ýagdaý iňlisleri Dost Muhammet han bilen ylalaşmagyň ýollaryny gözlemäge mejbur edýär. Netijede owgan hökümdary iňlislere boýun egýär. Emma iňlislere garşy halk çykyşlary güýjemese peselmändir. Ýurduň ähli ýerlerini gozgalaňlar gurşap alýar. Owganystany eýelän iňlis goşunlary çykgynsyz güne düşýär.

1841-nji ýylyň 2-nji noýabrynda Kabulda gozgalaň turýar. Şäher ilaty  iňlis gubernatory Bernsiň kabulhanasyna

çozup ony öldürýärler. Kabulyň eteginde ýerleşýän iňlis goşuny gabalýar. Azat edilen şähere Dost Muhammediň ogly Akbar han alty müňlük goşun bilen gelýär. Kabul gozgalaňy bilen bir wagtda Gaznadaky, Kandagardaky we Jelalabatdaky iňlis goşunlarynyň daşy gabalýar. Şuja al-Mülküň goşuny dargaýar, olaryň köpüsi bolsa gozgalaňçylara goşulýarlar. Iňlis goşunlary ýaragyny taşlap boýun egýärler. Owgan-hindi araçägine bary-ýogy 500-600 sany iňlis ýetýär, ýöne olar hem gozgalaňçylar tarapyndan öldürilýär.


Şir Aly han

Owganlar Jelalabady gabap, Kandagary zabt edip alýarlar, Gazna şäheri basybalyjylardan azat edilýär. Iňlislere satylan Şuja al-Mülk bolsa öldürilýär. Goşunlaryny ýitiren Ost-Hindistan kompaniýasy Owganystana täze jezalandyryjy goşunlaryny iberýärler we owgan halkyny köşeşdirmek üçin Dost Muhammede tagty eýelemegi teklip edýärler. Munuň üçin iňlisler Dost Muhammetden ogly Akbary goşunlary bilen Kabula çagyrmagy we iňlis jezalandyryjy goşunlarynyň Owganystana goýberilmegini talap edýärler. Dost Muhammet han talaplary berjaý edýär. Akbar öz goşunlary bilen Kabula dolanyp gelýär. Iňlis jezlandyryjy goşunlary owgan gozgalaňçylaryndan ýowuz öç alýarlar. Kabulyň töwrekleri, köp sanly obalar, şäherler talanylýar. Emma iňlisler Owganystanda galmaga ýürek edip bilmän ýurtdan çykyp gidýärler.

1843-nji ýylyň başlarynda häkimýete ýene-de Dost Muhammet han dolanyp gelýär. Şeýlelikde, owgan halkynyň azat edijilik urşy ýeňiş bilen tamamlanýar.

**Owganystan XIX asyryň 50-70-nji ýyllarynda.** Häkimiýete dolanyp gelen Dost Muhammet han owgan ýerlerinde öz häkimýetini gaýtadan dikeltmek üçin köp işleri durmuşa geçirýär. Iňlis basybalyşlarynyň howp salýandygy üçin sikhler Dost Muhammet bilen ýaranlyk baglaşyp, Peşewary oňa gaýtaryp berýärler. Emma ikinji iňlis-sikh urşunda iňlisler olary derbi-dagyn edýärler we Penjabyň Ost-Hindistan kompaniýasynyň mülklerine birikdirilýändigini yglan edýärler. Iňlisler bilen täze urşuň turmagyndan howatyr edip, owgan hökümdary Peşewardan goşunlaryny çykarýar. Iňlisler Hind derýasynyň sag kenaryndan Dost Muhammediň ünsüni sowmak üçin ony Buhara emirligine garşy küşgürýärler. XIX asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalarynda Dost Muhammet han birinji iňlis-owgan urşunda özüne ýakyndan kömek beren Buhara emiriniň Balhdaky[1] (häzir Demirgazyk Owganystanyň ýerleri) ýerlerini basyp alýar. 1854-nji ýylyň ylalaşygy boýunça Kandagaryň hem-de Hyradyň özüne berilmegini gazanmak üçin owgan hökümdary Peşewardan we bir döwürde sikhlere aldyran ýerlerinden ýuz öwürýär. 1855-nji ýylda Dost Muhammet Kandagar welaýatyny, 1862-nji ýylda bolsa on aýlyk gabawdan soň Hyrady eýeleýär.

1863-nji ýylda Dost Muhammet han ölenden soň ogullarynyň arasynda häkimiýet ugrunda özara göreş başlaýar. Bu göreşde emiriň uly ogly Şir Aly han (1868-1879) ähli garşydaşlaryndan üstün çykýar. Siraly han Hindistana syýahat edip, iňlisler tarapyndan bu ýurtda durmuşa geçirilen köp täze zatlary görýär. Ýurduna dolanyp gelenden soň özgertmeleri geçirmegi ýüregine düwýär. Onuň salgyt ulgamynda geçiren özgertmeleri önüm salgydyndan pul salgydyna geçilmegini göz öňünde tutupdyr. Harby özgertmeler goşunyň täzeden üýtgedilip

[1] Taryhy edebiýatda bu ýerler Owgan Türküstany diýlip hem atlandyrylýar.

guralmagyna we harby borçlylygyň girizilmegine getirýär. Emma bu döwürler Owgan döwleti giň özgertmeleri geçirmek üçin taýyar däldi. Muňa garamazdan, XIX asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrynda oňa hemişelik goşuny berkitmek we onuň umumy sanyny 50 müňe ýetirmek başardýar. Şir Aly han merkezi döwlet häkimiýetini berkitmegiň hem hötdesinden gelýär. Ol emiriň ýanynda ýörite maslahatçy edarany we döwlet polisiýa gullugyny döredýär. Ol söwda we medeniýet pudaklarynda ilkinji özgertmeleriň başyny başlaýar: poçta gullugy döredilýär, ýollary gowylandyrmak bilen baglanyşykly çäreler bellenilýär, tüpeň zawodynyň gurluşygyna girişilýär. Şir Aly hanyň tagallalary bilen 1875-nji ýylda ilkinji owgan gazeti çap edilip ugraýar.

## § 3. Osman imperiýasy XVII - XVIII asyrlarda

**Döwletiň jemgyýetçilik-syýasy we ykdysady durmuşynda täze hadysalaryň ýüze çykyp ugramagy.** XVII asyryň ortalarynda-da Osman imperiýasy dünýäde iň kuwwatly döwlet bolup galmagyny dowam etdirýärdi. Onuň düzümine Kiçi Aziýanyň ýerlerinden başga-da Ermenistanyň, Gruziýanyň bir bölegi, Yrak, Siriýa, Palestina we tutuş Arabystan ýarym adasyndaky ýerler girýärdi. Osman imperiýasyna Demirgazyk Afrikada-da giden ýerler degişlidi. Müsürde, Liwiýada, Alzirde we Tunisde osmanly hökümdarlygy dowam edýärdi. Imperiýanyň düzümine Günorta-Gündogar Ýewropanyň Gresiýa, Bolgariýa, Serbiýa, Bosniýa we Gersogowina, Makedoniýa, Horwatiýa, Sloweniýa, Çernogoriýa, Wengriýa, Rumyniýa, Moldawiýa, Sagkenar Ukraina we Ortaýer deňzindäki köp sanly adalar girýärdi.

Sipahi ulgamynyň dargaýan döwründe Osman imperiýasynda ýer eýeçiliginiň esasy görnüşi çiftlik

bolupdyr. Çiftlikler esasan kärendeçi daýhanlar tarapyndan işlenilip bejerilipdir. Çiftligiň eýesinden ýer alan kärendeçi daýhana «tapu» diýlip atlandyrylýan ýörite resminama berlipdir we şol boýunça daýhanlar özlerine kärendä berlen ýeri işläp bejermäge hem-de nesilden-nesle geçirmäge hukuk alypdyrlar. Ýöne tapudan mahrum bolan daýhan öz durmuş derejesini ýitirip günlükçilere öwrülipdirler. Çiftlikler esasan Anadolynyň we Balkanlaryň uly şäherler bilen baglanşykly ýerlerinde tiz döräpdir. Sebäbi ol ýerlerde oba hojalyk önümlerine isleg ýokarydy. Daýhanlar Stambuluň, Izmiriň, Bursanyň, Ankaranyň, Konýanyň, Edirnäniň, Belgradyň we beýleki iri şäherleriň ilatyny azyk önümleri bilen üpjün etmäge ýöriteleşýärdiler.

Osman imperiýasynda oba hojalyk önümleriniň bahalary XVII asyryň ortalaryna çenli peselipdir we tä XVIII asyryň ahyryna çenli bir durkunda saklanypdyr. Döwletiň oba hojalygy XVI-XVII asyrlaryň sepgidindäki agyr açlygy ýeňip geçmegi hem başarypdyr. Emma ýurtda hususy eýeçiligiň güýçlenmegi bilen hazyna gelýän girdeýjiler ýyl-ýyldan azalypdyr. Mysal üçin, XVIII asyryň ortalarynda hazyna gelmeli girdeýjiniň diňe 1/5 bölegi gelipdir. Onuň hem sebäbini eýeçilikde bolup geçen üýtgeşmelerden gözleýärler. Öňler salgyt ulgamynda «döwlet – daýhan» ýörelgesi dowam edýärdi, ýagny salgyt gullukçylary daýhanlardan salgyt ýygnap, ony döwlet ammarlaryna tabşyrýardylar. Indi daýhanlardan salgydy ýer eýesi ýygnapdyr we dürli ýollar bilen döwlete tabşyrylmaly salgydyň köpüsini özünde alyp galypdyr.

XV-XVI asyrlarda osmanly daýhanlary (raýýa) ekerançylyk ýerlerine durnukly mirasdüşerlik hukugyndan peýdalanýardylar. Sipahi ulgamynyň dargamagy bilen olaryň ýere bolan hukuklary görnetin çäklendirilýär. Oba ilaty ýere uzak möhletleýin eýeçilik etmek hukugyndan mahrum bolup, onuň ýönekeý işläp bejerijilerine

öwrülýärler. Ýer eýesiniň we döwletiň öňündäki ýyl-ýyldan artýan borçlaryny ýerine ýetirip bilmän, osmanly daýhanlary süýthorlaryň hyzmatyndan peýdalanmaga mejbur bolýardylar. Munuň üçin olar öýlerini, mallaryny we geljekki ýylyň hasylyny girewine goýýardylar we bergi-borja barha çuň batýardylar. Salgytlaryň möçberi we süýthorçulyk daýhanlary diňe bir artykmaç önümlerini däl eýsem, ýaşaýyş-durmuş üçin zerur önümiň hem bir bölegini bermäge mejbur bolýardylar.

Daýhanlaryň ýagdaýynyň ýaramazlaşýandygyny döwletiň maliýe ýagdaýynda-da görüp bolýardy. Mysal üçin, 1650-1679-njy ýyllarda döwlet girdejileriniň mukdary 10% artypdyr, emma şol bir wagtyň özünde bolsa akjanyň hümmeti 87% peselipdir. Munuň özi hazyna gelýän girdejileriň artyşy, puluň hümmetiniň peselişinden has haýal artandygyna şaýatlyk edyär we salgyt töleýän daýhan hojalyklarynyň mümkinçilikleriniň juda pes bolandygyny görkezýär. Daýhan hojalyklarynyň tozýandygyna olaryň öz obalaryndan köpçülikleyin gaçmaklary hem subut edýärdi. Daýhanlaryň köpçülikleýin gaçmaklary hökümeti uly alada goýupdyr. Stambuldan imperiýanyň dürli ýerlerine gaçgaklary yzyna dolap getirmek we mundan beýläk şeýle ýagdaýyň öňüni almak bilen baglanyşykly permanlar yzygider ugradylýardy.

Gaçgak daýhanlaryň şäherlere gelmegi Osman imperiýasynyň şäher ilatynyň çalt depginler bilen artmagyna getirýär. Emma ýurtdaky baş-başdaklyklar, paşalaryň we yanyçarlaryň topalaňlary, nägile sipahileriň çykyşlary şäherleriň hojalyk durmuşyna we olaryň içki ýagdaýyna ýaramaz täsir edipdir. Oba ilatynyň garyplygy içki bazaryň göwrüminiň giňemegine we senetçilik önümçiliginiň ösüşine päsgel beripdir. Içerki bazarda senetçilik önümlerine islegiň pes bolmagy şäherleriň ösmeginde daşarky bazara, birinji nobatda Ýewropa ýurtlaryna haryt çykarmagyň ähmiýetini

artdyrypdyr. Osman imperiýasynyň uly şäherleri daşarky bazar bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Olardan Stambul, Izmir, Saloniki, Iskenderun deňiz portlary bolup, bu şäherleriň üsti bilen Ýewropa ýurtlary bilen söwda işleri alnyp barlypdyr. Erzerum, Tokat, Trabzon, Damask, Halap ýaly şäherler bolsa üstaşyr söwdanyň merkezleri bolupdyrlar. XVII asyryň ahyrlarynda Stambulyň söwda durmuşynyň juda işjeň bolandygyna şeýle maglumatlar hem doly şaýatlyk edýär: her ýylda şähere Sefewileriň döwletinden 6-10 kerwen, Halapdan - 3-4, Basradan – 2 kerwen gelipdir. Izmirden her 8 günden, Polşanyň Krakow şäherinden bolsa her aýda bir kerwen Stambula gelipdir. Bulardan başga-da, Stambula her ýylda Fransiýadan, Angliýadan, Gollandiýadan, Wenesiýadan söwda gämileriniň onlarçasy gelipdir.

XVII asyryň ikinji ýarymyndan tä XVIII asyryň ahyryna çenli imperiýanyň aziýa we ýewropa welaýatlarynda içerki söwdanyň gerimi giňäpdir, ýöne onuň ösüşi haýal gidýärdi. Ilatyň köp böleginiň garyp bolmagy söwda işleriniň geriminiň giňemegine päsgel beripdir. Ýerli söwdagärler ep-esli maýa toplamagy başarypdyrlar. Osman imperiýasynda söwda işleri bilen «tütjar» we «hoja» diýlip atlandyrylan musulman däl (jöhitler, ermeniler we başgalar) halklaryň wekilleri meşgullanypdyrlar. Emma söwdagärleriň hukuklarynyň we emläkleriniň kanun esasynda goragynyň bolmazlygy söwdagärleriň işewürligine ýaramaz täsir edipdir.

Beýik geografiki açyşlaryndan soň Osman imperiýasynyň üsti bilen Gündogar ýurtlaryndan Ýewropa gidýän üstaşyr ýükleriň mukdary üzül-kesi kemelýär. Emma Ortaýer deňziniň üsti bilen amala aşyrylýan Lewant söwdasyna osmanly hökümeti aýratyn uly ähmiýet beripdir. XVIII asyryň bütin dowamynda Ýewropa ýurtlary bilen alnyp barylýan söwda geleşikleriniň gerimi has hem giňeýär we

80-nji ýyllarda 110 million liwra (3 liwr bir kuruşa deň) ýetýär. Osman imperiýasy bilen söwdada birinjilik Fransiýanyň tarapyndady. Fransuzlar esasan pagta, ýüň, ösümlik ýaglaryny satyn alypdyrlar. Osman imperiýasynyň bazarlarynda ýewropalylar ýüpek matalary, aýna, kagyz, mawut, geýim-gejim, galaýy, gurşun, sagatlary, äýnekleri we pyçaklary satypdyrlar.

XVII asyryň ikinji ýarymynda ýurtda maliýe kynçylyklary ýüze çykýar. Sebäbi döwlet girdeýjileriniň azalmagy kümşüň gytçylygyny döredipdir. Eger-de, 1648-nji ýylda döwlet hazynasyndaky pul ýetmezçiligi 150 million akja bolan bolsa, 1653-nji ýylda ol eýýäm 170 milliona ýetipdir. XVII asyrýn ahyrynda döwletiň çykdaýjylary girdeýjiden 1,5 esse artyp, pul ýetmezçiligi 200 million akja ýetipdir. Pul ýetmezçiligini ýeňip geçmek üçin salgytlar üç ýyl öňünden ýygnalypdyr. Osman imperiýasynda dörän pul ýetmezçiligini ýewropaly söwdagärler öz peýdalaryna ulanypdyrlar. Aýratyn hem fransuzlar bu işde işewürlik görkezipdirler. Imperiýanyň içi hümmetsiz hem-de ýasama pullardan dolupdyr. Bu bolsa akjanyň hümmetini has-da peseldipdir. Eger-de, XVII asyryň 40-njy ýyllarynda 1 wenesiýa dukadyny 160 akja çalşyp beren bolsalar, 70-nji ýyllarda bu san eýýäm 300 akja ýetipdir. Elbetde, osmanly hökümeti puluň hümmetini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly käbir çäreleri geçiripdir. Munuň üçin täze kümüş pul birligi kuruş (120 akja) girizilýär. Emma puluň hümmetiniň peselmegi barybir dowam edipdir.

Bu döwürde ýurtda salgyt ýygnamak hukugyny satyn almaklyk («iltizam») giň gerime eýe bolupdyr. Iltizam boýunça salgyt ýygnamaklygy baý adamlara satýardylar. Şunda baý adam aýry-aýry welaýatlardan döwlet hazynasyna geljek salgydy öz jübisinden çykaryp, bir ýyl öňünden töleýärdi. Iltizamçylar öz çykaran çykdajylaryny

ödejek bolup salgydyň mukdaryny artdyrýardylar we daýhanlardan birnäçe esse köp salgyt ýygnaýardylar. Ýagdaý şeýle bolansoň, daýhan hojalyklary indiki ýyl salgyt töläp bilmän tozýardylar. Netijede döwletiň hazynasyna girdeýji gelmegi azalýardy. Ýaman ýeri iltizam 1-3 ýyl möhlet bilen berlipdir. Şonuň üçin hem girdeji aljak bolup iltizamçy daýhanlaram, döwletem halys tozdurypdyr. XVII asyryň ahyrlarynda depderdar[1] Köse Halyl paşa iltizamçylaryň eden-etdiliginiň netijesinde: «Daýhanlar talanýar, hazyna bolsa dolmaýar» diýip belläpdir.

1695-nji ýylda iltizam ulgamyny özgertmek bilen baglanyşykly möhüm çäre amala aşyrylýar. Gysga wagtlaýyn iltizamyň ornuna ömürlik iltizam – mälikýane girizilýär. Bu barada kabul edilen soltan permanynda «mälikýane iltizamçylaryň eden-etdilikleriniň we ynsapsyzlygynyň öňüni almak we hazynany doldurmak üçin kabul edilýär» diýlip aýdylandygyna garamazdan, bikanunçylyklar barybir dowam edipdir. Bu düzgün ýurduň maliýe ulgamynda ýüze çykan kynçylyklary düzedip bilmändir.

XVII asyryň ahyrlarynda şäher ilatyna salynýan salgydyň mukdary hem artypdyr. Şeýtmek bilen osmanly hökümeti ýyl-ýyldan kemelýän ekerançylyk pudagyndan gelýän girdejileriň üstüni doldurmak isläpdir. Elbetde, hökümet goşmaça salgytlary girizmändir, ýöne ilatyň köp sarp edýän harytlary bolan temmäki, kofe, çakyr önümlerine salynýan gümrük paçlary artdyrylypdyr. Salgytlaryň artdyrylmagy, dürli ýygymlaryň girizilmegi raýatlaryň arasynda nägilelikleri döredipdir. Obalaryň we şäherleriň ilaty güzeranyň kynlaşýandygy sebäpli soltanyň we hökümetiň adyna arzalary, towakganamalary ýollapdyrlar, kähalatlarda bolsa ellerine ýarag alyp gozgalaňlary, topalaňlary

[1] Döwletiń maliýe edarasynyń baştutany.

turuzypdyrlar. 1651-nji ýylda Stambulyň senetçileriniň we söwdagärleriniň çykyşy bolup geçýär. Çykyşlara beýik wezir Melek Muhammet paşanyň nobatdaky gezek akjanyň düzümindäki kümüşiň mukdaryny azaltmak we hümmeti pes puly zorluk bilen bilen dolanyşyga girizmäge synanyşmagy sebäp bolupdyr. Nägile bolan senetçiler we söwdagärler ussahanalaryny we dükanlaryny ýapypdyrlar. Soňra şäherlileriň 50 münüsi köşgüň öňüne ýygnanyp soltan Muhammet IV-niň özlerini kabul etmegini talap edýärler. Kabul edilşikde wekiller hümmetsiz akjalaryň dolanyşykdan aýrylmagyny we käbir goşmaça ýygymlaryň ýatyrylmagyny gazanýarlar.

**Köprülileriň özgertmeleri.** XVII asyryň ortalaryndan başlap sipahi ýer eýeçiligi gowşap ugraýar we bu ýagdaý ýurduň jemgyýetçilik we hojalyk durmuşyna ýaramaz täsir edip başlaýar. Sipahi ýer eýeçiliginiň gowşamagy ýurduň harby kuwwatyna we döwletiň welaýatlarynda soltanyň häkimiýetiniň abraýynyň peselmegine getiripdir. Osman imperiýasynda sipahi ýer eýeçiliginiň gowşamagynyň esasy sebäbini Ýewropa, Aziýa we Demirgazyk Afrika ýurtlaryna geçirilýän ýörişleriň netijeliliginiň pese düşmeginden görýärler. Sebäbi öňki asyrlarda yzygider geçirilýän ýörişleriň netijesinde köp oljalar alynýardy we täze-täze ýerler eýelenilýärdi. XV-XVI asyrlarda osmanlylaryň ýörişlerinden çekinip, Ýewropanyň köp döwletleri Stambula belli bir derejede salgytlary hem-de sowgat-serpaýlary iberýärdiler. Emma Ýewropada merkezleşdirilen, güýçli döwletleriň ýüze çykmagy bilen indi olar Osman imperiýasyna garşy bileleşip hereket edýärdiler. Netijede Ýewropada täze ýerleri eýelemek ýyl-ýyldan kyn düşýärdi. Şeýlelikde, osmanlylaryň Ýewropa ýörişleri azalypdyr, harby oljalar kemelipdir. Munuň öži Osman imperiýasynyň Ýewropada eýelän ýerlerinde soltan häkimýetine garşy hereketleriň ýüze çykmagyna-da sebäp bolupdyr.

XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap döwletiň ykdysady durmuşynda, aýratyn hem sipahi ýer eýeçiliginde uly üýtgeşmeler bolup geçýär. Őňler sipahi ýerleri döwletiň elinde bolup, şol ýerleri soltan öz serkerdelerine we döwlet işgärlerine döwlete gulluk edýändikleri üçin berýärdi. Eger-de, serkerde gullukdan galşa ýa-da aradan çyksa, şol ýerler başga bir serkerdä berilýärdi. Emma indi sipahileriň eýeleri döwletiň gowşaýanlygyndan peýdalanyp, sipahi ýerlerini öz hususy eýeçiligine geçirmäge we nesillerine miras galdyrmaga çalyşýardylar. Netijede sipahi ýerleri şertli eýeçilik häsiýetini ýitirip, ýagny ol öň gulluk üçin berilýän ýer bolan bolsa, indi ol hususy eýeçilige geçip başlaýar.

Osman imperiýasynyň Ýewropa ýurtlaryndan yza galyp başlandygyny aýry-aýry döwlet işgärleri aňypdyrlar we ýurtda özgertmeleri geçirmäge synanyşyklar edilipdir. XVII asyryň ikinji ýarymynda – XVIII asyryň başlarynda Köprüliler neslinden bolan beýyk wezirler ýurtda birnäçe işleri durmuşa geçiripdirler. Aýratyn hem beýik wezir Muhammet paşa Köprüli (1656-1661) berk we aýgytly çäreleri geçirmeli bolupdyr. Sebäbi ýörişler üçin täze serişdeler gerek bolupdyr. Mehmet paşa sipahi ulgamyny dikeltmäge çalşypdyr. Emma ýurduň ykdysady taýdan gowşamagy sipahileriň söweş ukybyna ýaramaz täsir edipdir. Sebäbi olar her hili ýollar bilen uruşmak, ýörişlere gitmek islemändirler. Beg nökerleriniň sanynyň azalmagy we onuň gowşak harby endikleri soltanlary döwletiň hemişelik goşunlary bolan ýanyçar («ýeni çeri» – «täze goşun») goşunynyň sanyny artdyrmaga mejbur edipdir. XVII asyryň ahyrlarynda ýanyçar goşunlarynyň sany 70 müň esgere ýetirilýär. Ýöne ýanyçar goşunynda-da köp üýtgeşmeler bolup geçipdir. Oňa salgyt tölemejek bolup şäherliler, senetçiler, söwdagärler hem ýazylýardylar. Bu bolsa ýanyçar goşunyny gowşadypdyr. Mehmet paşa sipahileriň arasynda berk düzgüni ýola goýmak üçin

köpçülikleýin jezalandyrmalardan gaýtmandyr. Şeýdip ol ownuk gulluk ýerleriniň we ýerli begleriň atly nökerleriniň sany artdyrypdyr. Beýik wezirler Fazyl Ahmet Köprüliniň (1661-1676) we Gara Mustafa Köprüliniň (1676-1683) döwründe timarlaryň we zeametleriň sany artypdyr, şunuň netijesinde bolsa nöker goşunlarynda gulluk edýän esgerleriň mukdary hem köpelipdir. Köprülilere osmanly goşunlarynyň söweş ukybyny ýokarlandyrmak, Kiçi Aziýada we Siriýada emirleriň topalaňlaryny basyp ýatyrmak, merkezi hökümetiň abraýyny berkitmek başardypdyr. Köprülileriň amala aşyran özgertmeleri Osman imperiýasynyň harby kuwwatyna wagtlaýyn hem bolsa, oňaýly täsir edipdir, Ýewropa ýurtlary bilen uruşlarda netijeliligini görkezipdir. Emma sipahi ulgamyny doly dikeltmek başartmandyr.

**Osman imperiýasynyň Ýewropa ýurtlary bilen uruşlary**. 1645-nji ýylda wenesiýalylar bilen Krit adasy ugrundaky uruşlar 20 ýyldan hem köp wagt dowam edipdir. 1669-njy ýylda osmanlylara adany eýelemek başardýar, emma Kriti eýelemeklik juda gymmat düşüpdir. 1672-1676-njy ýyllarda Polşa we 1676-1681-nji ýyllarda Russiýa bilen alnyp barlan uruşlar Ukrainanyň üstünde bolup geçýär. Polşa Sagkenar Ukrainany we Kamenes-Podolsk şäherini osmanlylara bermäge mejbur bolýar. Emma osmanly hem-de krym tatarlarynyň bileleşen goşunlaryna Çepkenar Ukrainany Russiýanyň elinden almak başartmandyr. 1681-nji ýylyň Bakjasaraý şertnamasy boýunça Dnepr derýasy Osman imperiýasy bilen Russiýanyň arasyndaky araçäk diýlip yglan edilýär.

Awstriýa bilen Osman imperiýasynyň arasyndaky urşa Imre Tekeliniň baştutanlygyndaky wenger begzadalarynyň Gabsburgalara garşy göreşde kömek sorap soltana ýuz tutmagy sebäp bolýar. 1683-nji ýylda osmanly goşunlaryndan, krym hanynyň atly nöker ýygynlaryndan we

Tekeliniň tarapdarlaryndan düzülen köp sanly goşunlar Gara Mustafa Köprüliniň serkerdeliginde Günbatar Wengriýa girýärler we Wena tarap ýörişe başlaýarlar. Tiz wagtdan Gara Mustafa paşanyň goşunlary Wenany gabaýar. Wenanyň gabalmagy Ýewropa ýurtlaryny uly howsala salypdyr. Sebäbi Wena eýelense Awstriýa we Merkezi Ýewropanyň köp ýerleri osmanlylar tarapyndan eýelenjekdi. Polşanyň patyşasy Ýan Sobeski 25 müňlük goşun bilen awstriýalylara wagtynda kömege ýetişýär. 1683-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda polýak goşunlary osmanlylary Wenany taşlap gitmäge mejbur edýärler. Wenanyň gabawy osmanlylaryň Ýewropada has öňe zomap giren döwri bolupdy.

Osman imperiýasynyň bu şowsuzlygyndan Awstriýa, Polşa, Wengriýa we Malta döwletleri peýdalanýarlar. 1684-nji ýylda olar bileleşip Osman imperiýasyna garşy «Mukaddes bileleşigi» döredýärler. 1686-njy ýylda bu bileleşige ýyl-ýyldan güýçlenýän Russiýa döwleti hem goşulýar. Ýaranlaryň Osman imperiýasyna garşy hereketi şowly boldy. 1696-njy ýylda rus patyşasy Pýotr I-niň goşunlary Azow galasyny eýeleýär, awstriýaly serkerde Ýewgeniý Sawoýskiý bolsa Tissa derýasynyň boýundaky Zent diýen ýerde osmanly goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar edýär. Söweşde beýik wezir öldürilýär, goşuna serkerdelik eden soltan Mustafa II (1695-1703) bolsa kynlyk bilen gabawdan çykýar. Netijede ssmanlylar Budany (Wengriýa), Belgrady (Serbiýa) we bütin Günorta Gresiýany (Moreýa) taşlap gidýärler. 1697-nji ýylda Osman imperiýasy Wengriýany gaýtadan eýelejek bolup Awstriýa bilen urşa girýär. Emma bu uruşda-da osmanlylar ýeňilýärler. 1699-njy ýylyň Karlowiskiý şertnamasy boýunça Awstriýa osmanlylaryň elinden Wengriýany, Rumyniýanyň bir bölegini, Sloweniýany alýar. Osman imperiýasynyň şowsuzlygyndan peýdalanyp, Polşa döwleti hem Sagkenar

Ukrainany we Podoliýany eýeleýär, Wenesiýa bolsa Moreýany ele geçirýär.

«Mukaddes bileleşik» bilen alnyp barlan uruşlar Ýewropa ýurtlarynyň artykmaçlygyny görkezipdir. Ýewropanyň goşunlary osmanlylaryňkydan diňe bir ýaraglandyrylyşy boýunça däl, eýsem söweş endikleri we harby-taktiki taýýarlygy boýunça-da tapawutlanýardy. Agyr ýeňlişler Osman imperiýasynyň harby-mülkdarçylyk (sipahi) ulgamynyň gowşak hem-de yzagalakdygyny ýüze çykardy. Bu ýagdaý Osman imperiýasyny Ýewropa babatynda seresaply we oýlanyşykly hereket etmäge mejbur edýär. Eger-de, öňler ýüze çykýan döwletara we halkara meseleleri uruşlaryň esasynda çözülýän bolsa, XVIII asyryň başlaryndan güýç ulanmagyň ornuna, ilçileriň gatnaşmagynda maslahatlary geçirmek, hökümetleriň arasynda hatlary alyşmak ýaly diplomatik usullar gelip başlaýar. Soltan hökümeti halkara arenasynda güýçleriň mynasybetini öwrenmäge we öz syýasatyny ýewropa döwletleriniň arasyndaky agzalalalyklary ulanmak arkaly alyp barmaga çalyşýardy.


Mustafa Naima

Dolandyryjy toparlaryň arasynda «galam adamlarynyň», ýagny iri ýer eýeçiligi we söwda-süýthorçulyk işleri bilen baglanyşykly ýokary wezipeli döwlet işgärleriniň täsiri güýçlenip ugraýar. Olar üçin Osman imperiýasynyň we Ýewropa döwletleriniň mümkinçiliklerine dogry we dürs baha berip bilmeklik häsiýetlidi. Olaryň baş ideology meşhur osmanly taryhçysy Mustafa Naima (1655-1716) bolupdyr. Osman imperiýasynyň taryhyna bagyşlanan «Tarih-i Naima» («Naimanyň taryhy») eserinde ol ýurduň ykdysadyýetine we ony gowylandyrmaga gönükdirilen çäreleri öwrenmäge uly üns beripdir. Onuň ykdysadyýet

bilen baglanyşykly garaýyşlary we aýdan pikirleri osmanly döwlet işgärleriniň köpüsiniňkiden düýpli tapawut edýärdi. Osmanly döwlet işgärleriniň aglaba köpçüligi meşhur arap akyldary Ibn Haldunyň hökümdarlaryň öz girdejilerini artdyrmak maksady bilen söwda we oba hojalyk önümçiligine gatnaşmaly däldikleri hakyndaky pikirine berk gulluk edýärdiler. Olaryň pikiriçe, diňe salgyt töleýän raýatlar babatynda adalatly syýasat ýöredilende hazynany dolduryp bolýardy. Emma Mustafa Naima köneden gelýän bu garaýyşlary inkär edýärdi we paşalaryň hem-de wezirleriň hojalyk işlerine has işjeň gatnaşmaklary hakyndaky pikiri öňe sürýärdi. Naima «Edep (Etika) hakyndaky käbir eserlerde hökümdarlar, ministrler we emeldarlar söwda hem-de oba hojalygy bilen meşgullanmaly däldirler diýlip aýdylýar. Bu pikir, haçan-da, olar halkyň bähbitleriniň tersine, ykdysady işlerde bir özleri agalyk edenlerinde dogrudyr. Şeýle ýagdaýda olaryň hereketini adalatsyz we hatda barypýatan eden-etdilik diýip hasap edip bolar. Eger-de, olar öz şahsy isleglerini kanagatlandyrmak we özlerini ynsapsyz alyp-satarlardan goramak isleýän bolsalar, onda olary adalatsyzlykda aýyplap bolmaz» diýip belläpdir.

Mustafa Naima Osman imperiýasyny kämilleşdirmek, onuň syýasy we ykdysady bähbitlerini goramak, imperiýany Ýewropa ýurtlary ýaly üýtgedip guramak bilen baglanyşykly has öňdebaryjy pikirleri hem öňe sürýär. Ol: «Biziň ýurdumyzda halk Osman imperiýasynyň duşmanlary bolan ýurtlaryň gymmat bahaly harytlaryny satyn almaly däldirler we biz teňňelerimiziň hem-de harytlarymyzyň olara gitmegine ýol bermeli däldiris. Mümkin boldugyça öz ýerli harytlarymyzy ulanjak bolmaly» diýýärdi. Naima gymmatly metallaryň ýurtdan äkidilmeginiň öňüni almak üçin daşary söwdada dowam edip gelýän bir taraplaýyn bähbitsiz gatnaşyklardan ýüz öwürmegi teklip edýär: «Ýewropaly

söwdagärler mawut getirýärler, ýerine bolsa ýüň, zäk, hozuň gabygyny, aşgar satyn alýarlar we bular üçin Izmirde, Paýasda, Saýdada we Aleksandriýada altyn we kümüş teňňeleri töleýärler. Bu pullar ýurtda galýar, emma Ankarada, Saýdada, Tripolide, Liwanda. Moskowitler[1] bize gymmat baha sütükleri satýarlar, ýöne osmanly ýurdundan hiç zat satyn almaýarlar we pullaryny özlerinde galdyrýarlar. Edil şonuň ýaly-da, biz hindi harytlaryna köp pul sarp edýäris, emma hindiler bizden hiç zat satyn alanoklar. Dogrusy olara satyn alar ýaly zadam ýok. Netijede Hindistanda sansyz-sajaksyz baýlyklar toplanýar. Biziň kofe satyn alýan ýerimiz bolan Ýemen barada-da şu zatlary aýtmak bolar».

XVIII asyryň başlarynda käbir osmanly döwlet işgärleri şeýle maslahatlarydyr teklipleri iş ýüzünde ornaşdyrmaga synanyşypdyrlar. 1703-nji ýylda beýik wezir Rami Muhammet paşa Salonikide we Edirnede täze mawut manufakturalaryny, Bursada bolsa ýüpek manufakturasyny gurmagy karar edýär. Ýerli önümçüligi höwewslendirmek maksady bilen beýik wezir ýurtdan ýüňüň we ýüpegiň äkidilmegini gadagan edýär. Emma köp wagt geçmänkä ony wezipesinden boşadýarlar we hökümet onuň başlan işlerini dowam etdirmeýär.

Bu döwürde Osman imperiýasynda goşuny özgertmäge-de käbir synanyşyklar edilipdir. Osman goşunlaryny kämilleşdirmek bilen baglanyşykly ilkinji taslamalar XVIII asyryň başlarynda peýda bolýar. 1710-njy ýylyň ahyrlarynda Stambuldaky awstriýaly ilçi Talman beyik wezir Baltajy Muhammet paşanyň (1704-1706, 1710-1711) garamagyna «nädip gysga döwrüň içinde türk goşunyny hemişelik we ýeňilmezek edip ýetişdirmegi» göz öňünde tutýan taslamany

---

[1] ruslar.

hödürleýär. Emma bu taslama beýik wezir tarapyndan kabul edilmändir.

XVIII asyryň başlary Russiýa döwletiniň kuwwatlanýan döwrüne gabat gelýär. Bu ýagdaý Osman imperiýasynyň ýapjasy Krym hanyny howsala düşüripdir. Osmanly hökümdarlary hem Russiýa bilen Şwesiýanyň arasynda başlan Demirgazyk urşundan peýdalanmak bilen 1700-nji ýylyň şertnamasy boýunça Russiýanyň ygtyýaryna geçen Azowy gaýtarap almak isleýärler. 1710-njy ýylda Osman imperiýasy Russiýa bilen baglaşylan şertnamany ýatyryp urşa başlaýar. Russiýanyň iki frontda uruş alyp barmaga ýagdaýy bolmandyr. Şonuň üçin hem Pýotr I-niň Prut ýörişi şowsuz tamamlanýar. 1711-nji ýylda Osman imperiýasy bilen Russiýanyň arasynda baglaşylan Prut şertnamasyna laýyklykda Russiýa Azowy Türkiýä gaýtaryp berýär.

1714-nji ýylda Osman imperiýasy Moreýany gaýtaryp almak ugrunda Wenesiýa bilen urşa başlaýar. Emma urşa Awstriýanyň goşulmagy osmanlylara Moreýany eýelemäge mümkinçilik bermeýär. Osmanly goşunlary birnäçe ýeňlişlerden soň Belgrady we Temeşwary elden giderýär. Bu uruşlar Osman imperiýasynyň ykdysady ösüşine ýaramaz täsir edýär.

**«Läle döwri».** XVIII asyryň başlarynda Osman imperiýasynda Ýewropanyň tejribesini öwrenmek meýilleri güýçlenip ugraýar. Osmanlylar esasan hem ýewropalylaryň harby gämilerine, ok-ýaraglaryna, inženerçilik gulluklaryna uly isleg bildiripdirler. Sebäbi Osman imperiýasynyň şowsuzlyklary dolandyryjy toparlaryň arasyndaky özara göreşleri ýitileşdirýär we daşary syýasatda has oýlanyşykly hereket etmegiň tarapdarlarynyň täsiriniň güýçlenmegine getirýär. Osmanly dolandyryjylarynyň şeýle toparynyň syýasy garaýyşlaryny beýik wezir Damad Ybraýym paşa Nowşäherli (1718-1730) öňe sürüpdir. Ybraýym paşa halkara meselelerinden gowy baş çykarypdyr. Ol Awstriýa

bilen gatnaşyklaryň haýal edilmän düzgünleşdirilmegi ugrunda köp işleri amala aşyrypdyr. Beýik wezir Russiýa bilen gatnaşyklar meselesinde-de seresaplylyg elden bermändir. Köşk adamlarynyň aglaba köpüsinden tapawutlylykda, Ybraýym paşa Russiýa bilen uruş etmekden aýgytly ýüz öwrüpdir. Şunuň bilen bir hatarda beýik wezir Ýewropada bolup geçýän wakalara, sebitiň durmuşyna uly gyzyklanma hem-de ähmiýet beripdir. 1720-nji ýylda Ýigrimisekiz Muhammet efendiniň baştutanlygynda Fransiýa ilçiler toparynyň iberilmegi şol gyzyklanmalaryň özboluşly ýüze çykmasy bolupdy. Resmi wezipelerden başga-da, osmanly ilçisiniň öňünde Fransiýanyň durmuşynyň dürli ugurlaryny içgin öwrenmek we olardan öz ýurdunda peýdalanyp bolaýjaklaryny ýüze çykarmak wezipe edilip goýlupdyr. Ýigrimisekiz efendiniň we beýleki diplomatlarynyň alyp baran işleriniň netijesinde ýurtda kartografiýa, kitap neşirýatyna, metbugata, şeýle hem ýewropaly awtorlaryň taryh, geografiýa, astronomiýa degişli işlerini terjime etmäge bolan gyzyklanmalary güýçlenipdir, döwlet işgärleriniň we ulamalaryň ýewropalylar bilen şahsy gatnaşyklaryny höweslendiripdir.

Ybraýym paşanyň wezirlik eden döwründe Stambulyň dürli künjeklerinde soltanlaryň, wezirleriň we ministrleriň köp sanly köşkleri bina edilýär. Şäheriň degre-daşynda mermer howuzly we suw çüwdürimli ençeme seýilgähler hem-de çarbaglar gurlupdyr. Kiýathana derýajygynyň boýunda gysga döwrüň içinde soltanyň täze kabulhanasy – Saadabat köşgi gurulýar. Bu köşk Fransiýadan getirilen meýilnama boýunça gurlup, ony gurmak uçin Wersal we Fontenblo köşkler toplumlarynyň meýilnamasy peýdalanylypdyr. Bu köşklerde beýik wezir tarapyndan gijelerine dabaraly baýramçylyklar, dürli şowhunlar we ýatdan çykmajak meýlisler guralypdyr. Şeýle dabaralarda Gollandiýadan getirilýän dürli reňkdäki çigildemler we dürli

görnüşdäki güller baýramçylyklaryň hakyky bezegine öwrülipdir. Şol sebäpden hem Ybraýym paşanyň wezirlik eden ýyllary «läle döwri», ýagny «týulpan gülleriň döwri» ady bilen osmanly taryhynda uly yz galdyrypdyr.

Fransiýa ugradylan ilçihananyň netijeleriniň biri-de, Stambulda tipografiýanyň açylmagy boldy. Bu tipografiýany asly transilwaniýaly wenger we musulmançylygy kabul edenden soň köşk gullugyna işe alnan Ybraýym Müteferrik esaslandyrýar. Eýýäm 1719-njy ýylda Mermer deňziniň kartasy neşir edilýär we Ybraýym Müteferrik ony beýik wezir Ybraýym paşa peşgeş berýär. 1724-nji ýylda şeýle usul bilen Gara deňziň kartasy hem çap edilýär. Emma Müteferrigiň täzeliklerine ulamalar, Stambulyň hatdatlary garşy çykypdyrlar, sebäbi diňe Stambulyň özünde hatdatlaryň 15 münüsi bar eken. Ütesine-de, hristian tipografiýalarynda arap elipbisiniň ulanylmagyny gadagan edýän soltan permany hem kabul edilipdir. Diňe Ýigrimisekiz effendi Fransiýadan dolanyp gelenden soň tipografiýa döretmek pikiri iş ýüzünde doly amala aşyrylýar. Sebäbi ilçiniň ogly Muhammet Seýit efendi Fransiýa saparyň dowamynda kakasynyň ýanynda ilçihananyň kätibi bolmak bilen ýurtda ilkinji tipografiýany esaslandyrmakda Ybraýym Müteferrigiň ýakyn egindeşine öwrülipdir. Müteferrigiň hem-de Seýit efendiniň bilelikdäki tagallalaryny beýik wezir Ybraýym paşa hem goldapdyr, şeýhulyslam Abdylla efendi bolsa dini äheňdäki kitaplary çap etmezlik şerti bilen tipografiýa açmaga fetwa (pata) berýär


Ybraýym Müteferrik

1732-nji ýylda Ybraýym Müteferrik «Halklary ýola salmagyň parasatly ýörelgeleri» diýen işini hem ýazýar.

Soltana gowşurylan bu işde Müteferrik harby we inženerçilik mekdeplerini açmagy we goşuny Ýewropa ýurtlaryndaky ýaly tertipde düzmegi teklip edýär. Teklipler soltan hökümeti tarapyndan kabul edilipdir. Emma işler örän haýal gidýärdi. Şol döwürler harby mekdep döredilip, serkerdeler taýyarlanyp başlaýar. Ýöne ol bary-ýogy 10 ýyl işläp, ýapylýar. 1727-nji ýylda açylan ilkinji tipografiýa – neşirýat edarasy hem ylym-bilim babatda köp peýda getirse-de, Ybraýym Müteferrik ölenden soň ýapylýar.

1722-nji ýylda Osman imperiýasynyň Gündogarda esasy bäsdeşi bolan Sefewileriň döwleti dargaýar, ýurduň demirgazyk-gündogary owganlar tarapyndan basylyp alynýar. Eýranda emele gelen ýagdaýdan Osman imperiýasy hem peýdalanýar. Beýik wezir Damad Ybraýym paşa Nowşäherli gowy ýaraglandyrylan goşunlary Eýrana ugradýar. Gysga wagtyň içinde Eýranyň demirgazyk-günbatary osmanly goşunlary tarapyndan eýelenilýär. Emma bu ýagdaý uzaga çekmeýär. Meşhur türkmen serkerdesi Nedirguly han 1729-njy ýylda ilki owganlary, soňra bolsa birnäçe söweşlerde osmanlylary agyr ýeňlişe sezewar edýär. Bu şowsuzlyklar soňra meşhur weziriň heläk bolmagyna getirýär.


Soltan Mahmyt I

**1730-njy ýylda Patron Halylyň baştutanlygyndaky gozgalaň.** Osmanly goşunlarynyň Nedirguly handan ýeňilmegi we Eýrandaky eýelän ýerlerinden kowlup çykarylmagy Ybraýym paşanyň syýasy garşydaşlarynyň, ulamalaryň we şäher ilatynyň aşaky gatlaklarynyň aýaga galmagyna getirýär. Sebäbi baş wezir Nedirguly hana garşy täze ýörişlere taýýarlanypdyr we goşmaça harby salgytlary girizipdir. Täze salgytlaryň we ýygymlaryň girizilmegi

Stambulda halk çykyşlaryna turmagyna getirýär, ýogsam şäher ilatynyň ýagdaýy ýurduň beýleki şäherleriniň ilatynyňkydan has gowy bolupdyr. 1729-njy ýylyň ahyrynda we 1730-njy ýylyň başynda hökümetiň karary bilen harby salgydy girizilýär. Eýrana ýörişe taýýarlyk döwründe azyk harytlarynyň bölek söwdasyna hem salgyt girizilýär. Netijede azyk harytlarynyň bahasy iki-üç esse gymmatlaýar. Şunuň netijesinde 1730-njy ýylyň güýzünde Stambulda Patron Halylyň baştutanlygynda şäher ilatynyň gozgalaňy başlaýar.

28-nji sentýabrda säher bilen Patron Halylyň ýolbaşçygyndaky şäher ilatynyň uly bolmadyk topary ilaty gozgalaňa çagyrýar. Tiz wagtdan söwda dükanlary we senetçileriň ussahanalary ýapylýar. Şäher ilaty eline ýarag alýar. Gozgalaňçylaryň sany tiz artypdyr: şäher ilatyndan başga-da olary ýanyçarlar we din işgärleriniň bir bölegi goldapdyr. Şäheriň esasy ýerlerini eýelän gozgalaňçylar köşgüň öňüne ýygnanýarlar. Osmanly soltany Ahmet III (1703-1730) tagtyny gidermejek bolup gozgalaňçylaryň talabyny ýerine ýetirmäge mejbur bolýar: ajaýyp döwlet işgäri, baş wezir Ybraýym paşa we birnäçe döwlet işgärleri jezalandyrylyp öldürilýär. Ertesi gün Ahmet III-niň özi hem tagtdan el çekmäge mejbur bolýar.

1730-njy ýylyň 2-nji oktýabrynda täze soltan Mahmyt I (1730-1754) gozgalaňçylaryň ýolbaşçysy Patron Halyly kabul edýär. Çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, Patron Halyl bir döwürde deňizçi bolup, soňra ýanyçar goşunynda gulluk edýär. Soňky döwürlerde Stambulda söwda-satyg bilen meşgullanypdyr. Soltan bilen duşuşykda Patron Halyl gozgalaňçylaryň adyndan ähli salgytlaryň ýatyrylmagyny talap edýär. Mahmyt I bildirilýän talaplar bilen ylalaşypdyr we mälikýane ulgamyny (ömürlik iltizam) ýatyrýar we jyza salgydy ýygnalanda ýol berilýän eden-etdilikleri bes etmek barada perman kabul edýär. Şundan soň

gozgalaňyň gerimi peselýär, emma gozgalaňçylar ýaraglaryny taşlamandyrlar. Ýagdaýdan soltan hökümeti peýdalanýar. 25-nji noýabrda Patron Halyl we onuň 18 sany egindeşi köşge çagyrylyp tussag edilýär we öldürilýär. Şundan soň gysga wagtyň içinde bu gozgalaň doly basylyp ýatyrylýar.

**Belgrad şertnamasy we 1740-njy ýylyň «kapitulýasiýasy».** Damad Ybraýym paşanyň öldürilmegi osmanly jemgyýetini kämilleşdirmegiň öňüni alyp bilmändir. Ybraýym paşadan soň wezirlik eden döwlet adamlary käbir şowsuzlyklara garamazdan, onuň işlerini üstünlikli dowam etdiripdirler. XVIII asyryň 30-njy ýyllarynda goşuny özgertmek işini fransuz harbysy Aleksandr Klod Bonnewal (1675-1747) dowam etdirýär. Ol başda fransuz goşunynda, soňra bolsa awstriýa goşunynda gulluk edýär. 20-nji ýyllaryň ahyrynda ol baş wezir Ybraýym paşa öz hyzmatyny teklip edýär we musulmançylygy kabul edip Ahmet paşa adyny alýar. Ahmet paşanyň goşuny kämilleşdirmek, harby-inenžerçilik mekdebini, topçylar goşunyny döretmek bilen baglanyşykly teklipleri baş weziri gyzyklandyrypdyr.

Bu döwürde osmanly köşgünde Ýewropa ýurtlarynyň içki işlerine has içgin gatnaşmagy öňe sürýän döwlet işgärleriniň täsiri artýar. Emma tiz wagtdan olaryň ýewropa diplomtiýasynyň öwrümlerini we usullaryny gowşak bilýändikleri ýüze çykýar, bu bolsa aýry-aýry döwletler babatynda uly daşary-syýasy ýalňyşlyklaryň goýberilmegine sebäp bolýar. Bu ýalňyşlyklar 1722-1745-nji ýyllarda Eýrana garşy uruşlar bilen bir döwürde 1735-1739-njy ýyllarda Russiýa hem-de Awstriýa garşy alnyp barlan uruşda has aýdyňlygy bilen ýüze çykýar. Osmanly hökümeti fransuz ilçisi Wilnýowyň Russiýanyň Osman imperiýasynyň garşysyna çykmaga ýeterlik güýjüniň ýokdugy hakyndaky ynandyrmalaryna ynanypdyr. Emma harby hereketleriň

barşy Wilnýowyň ynandyrmalarynyň ýerliksizdigini ýüze çykarýar we Ahmet paşanyň (Bonnewal) harby özgertmeleriniň öňi alynýar. 1737-nji ýylda rus goşunlary Krym hanlygynyň ýerlerine girenden soň Osman imperiýasy parahatçylyk sorap Russiýa ýüz tutmaga mejbur bolýar. Emma Nemirowsk kongressinde rus we awstriýaly diplomatlaryň arasyndaky oňşuksyzlyk osmanlylaryň köp ýerleriniň elden giderilmeginiň öňüni alýar. 1739-njy ýylda ýaranlaryň (Awstriýa we Russiýa) arasyndaky agzalalyk has hem güýçlenýär. Polýak mirasy ugrundaky göreşlere ulaşan Awstriýa osmanlylara Belgrady bermäge we olar bilen gepleşik geçirmäge mejbur bolýar. Belgratda başlan gepleşiklerde araçy bolup çykyş eden fransuz ilçisi Wilnýow Gabsburglaryň kynçylyklaryny ussatlyk bilen peýdalanyp, olary Osman imperiýasy bilen parahatçylyk şertnamasyna gol çekmäge yrýar. Şertnama boýunça osmanlylar diňe bir öz ýerlerini däl, eýsem 1718-nji ýylda Awstriýa bermäge mejbur bolan ýerlerini hem gaýtaryp alýar. Wena bilen Peterburgyň arasyndaky oňşuksyzlykdan peýdalanyp fransuz diplomaty rus hökümetiniň eýelän ýerlerinden el çekmegini gazanmagy başarýar. Russiýanyň ygtyýaryna diňe Azow galasy geçýär.

Emma Wilnýowyň bitiren işleri Osman imperiýasyna gymmat düşýär. Sebäbi 1740-njy ýylda Fransiýa bilen Osman imperiýasynyň arasynda täze şertnama baglaşylýar. Şertnama boýunça fransuz raýatlaryna öňki «kapitulýasiýalar» boýunça berlen ýeňillikler indi hemişelik häsiýete eýe bolýar. Öňler kapitulýasiýalaryň güýji bir soltanyň hökümdarlyk edýän ýyllary bilen çäklenen bolsa (olaryň güýjüni wagtyndan öň ýatyryp hem bolýardy), indi Mahmyt I öz adyndan we geljekki mirasdarlarynyň adyndan 1740-njy ýylyň şertnamasynyň bozulmajakdygyna söz berýär.

**XVIII asyryň ikinji ýarymynda Osman imperiýasynyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyndaky özgerişler**. XVII asyryň ahyrlaryndaky – XVIII asyryň birinji ýarymyndaky daşary-syýasy şowsuzlyklar Osman imperiýasynda dolandyryş ulgamynyň gowşamagyna getirýär. Imperiýanyň merkezinde we welaýatlarda dolandyryş ulgamy we edara ediş düzgünleri bozulyp başlaýar. Osmanly soltanlary indi köp onýyllyklar bäri döwleti dolandyrmaýardylar. Baş wezirleriň köpüsi dolandyryş işleri bilen meşgullanmaga derek, köplenç köşkdäki syýasy toparlaryň özara göreşleri bilen başagaý bolýardylar. Hiç kim tarapyndan gözegçilik edilmeýän welaýatlardaky dikmeler merkezi häkimiýetiň gowşaýandygyndan peýdalanyp, ýerlerde hakyky hökümdarlara öwrülýärdiler. Ýerli dikmeleriň häkimiýeti diňe bir imperiýanyň gyrak-çetlerinde däl, eýsem Anadolyda we Rumeliýada hem güýçlidi.



Ahmet paşa
(Aleksandr Bonnewal)

Elbetde, osmanly hökümeti döwlet dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmäge we ýurtdaky edara ediş usullaryny üýtgetmäge çalşypdyr. Merkezi hökümete boýun egmeýän we özbaşdaklyga dyzaýan aýry-aýry dikmeleriň eden-etdiliginiň öňüni almak üçin hökümet welaýat olaryň garşysyna ýerli musulman jemagatlarynyň täsirli wekilleri bolan aýanlary peýdalanypdyrlar. Aýanlaryň döwletiň jemgyýetçilik-syýasy we ykdysady durmuşynda peýda bolmaklary şol döwürde bolup geçen durmuş-ykdysady we syýasy ilerlemeler bilen aýrylmaz baglanyşyklydy. Timar ulgamynyň dargap başlamagy bilen welaýatlardaky has baý hem-de täsirli ýer eýeleri, ulamalar we şäherliler giň ýerleri we girdejili

mälikýaneleri (hemişelik iltizam) öz ellerinde jemläpdirler. Olaryň ygtyýaryna şäherlerdäki gozganmaýan emläkler – ýaşaýyş hem-de hojalyk desgalary, baglar, üzümçülik meýdanlary, jemagat binalary hem geçipdir. Ulamalaryň, iri mülkdarlaryň, söwdagärleriň we senetçileriň syýasy täsiriniň güýçlenmegine döwletiň özi hem ýardam edipdir. Soltan hökümetiniň, aýratyn hem Köprülileriň wezirlik eden döwründe esasy alada ýerli paşalaryň separatistik çykyşlarynyň öňüni almaga gönükdirilipdir. Paşalaryň garşysyna hökümet «şerigat adamlaryny» («ähl-i şer»), birinji nobatda bolsa kazylary (kadi) ulanypdyr. Kazylar hem öz gezeginde ýerli musulman jemagatlarynyň täsirli wekilleriniň hyzmatyndan peýdalanaypdyrlar. Imperiýanyň kazyýet etraplarynda ýerli aýanlaryň gatnaşmagynda diwanlar döredilip, onda şol ýeriň şäherleriniň we olaryň töweregindäki obalaryň maliýe we dolandyryş işleri bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Diwanyň ýygnaklarynda diňe bir salgytlary ýygnamak, ilatyň esasy sarp edýän harytlaryna kesgitli baha bellemek, goşun gullugyna esgerleri ýygnamak däl, eýsem emeldarlary wezipä bellemek we aýyrmak barada-da kararlar kabul edilipdir.


Mustafa paşa

Aýanlaryň güýçlenmegi we olaryň aýratyn gatlak hökmünde kemala gelmegi XVIII asyrda bolup geçýär. Bu döwürde Çopanogly (Jabarogly), Graosman ogly, Kazanogly ýaly iri aýan nebereleri peýda bolýar. Mälikýana ulgamynyň kömegi bilen aýanlar öz ýer eýeçiliklerini giňeldipdirler we olara hususyýetçilik talaplaryny berkidipdirler. Mysal üçin, XIX asyryň başlarynda tutuş Balkan ýarym adasynda iri mülkdar hasap edilen Rumeliýanyň aýany Aly paşanyň 1000-den gowrak

çiftlikleri bolupdyr. Onuň ekerançylykda we söwda-süýthorçulyk geleşiklerinden alýan ýyllyk girdejisi 18 million frankdan (20 million kuruş) hem geçipdir. Izmirdäki fransuz konsuly Ş. Peýsonel saryhanly aýan Hajy Mustafa Garaosmanogly barada ýazanda şeýle diýýär: «Bu goja aga Ottoman imperiýasynda iň baý adam bolsa gerek». XVIII asyryň ahyrlarynda Osman imperiýasynyň gozganmaýan emläkleriniň uly bölegi Aly paşa, Osman aga Pazwandogly, Mustafa paşa Baýrakdar, Aly paşa Janikli, Süleýman beg Çapanogly, Dager şyh ýaly täsirli aýanlaryň ygtyýaryna geçipdir.

Aýanlar Osman imperiýasynyň taryhynda uly yz galdyrypdyrlar. Aýanlaryň işjeňliginiň artmagy soltana wepadarlyk ruhunda terbiýelenilen köne harby-gullukçy begzadalaryň döwletiň syýasy durmuşyndan daşlaşdyrylmagyna getirýär. Aýanlaryň ýardam bermeginde imperiýanyň dolandyryjy toparlaryna musulman jemgyýetiniň dürli gatlaklaryndan täze adamlar aralaşypdyrlar. Muňa «çelebi» (baý maşgalalardan çykan ýaş, sowatly adamlaryň umumy ady), «hajy» (haj parzyny ýerine ýetirenler, iri söwdagärler), «aga» (ýokary wezipeli harby we raýat emeldarynyň derejesi, göçme manyda, aga, hojaýyn, jenap manylarynda) ýaly derejeleri göterýänleriň sanynyň artmagy hem şaýatlyk edýärdi.

**XVIII asyryň ikinji ýarymynda Osman imperiýasynyň halkara ýagdaýy.** Osman imperiýasynyň halkara ýagdaýy çylşyrymly bolup galmagyny dowam etdirýärdi. Angliýa, Fransiýa döwletleri osmanlylaryň gowşamagyndan peýdalanyp ýurduň içki işlerine gatyşsalar, ýyl-ýyldan güýçlenýän Russiýa imperiýasy bolsa onuň Günorta-Gündogar Ýewropadaky slawýan mülklerine göz gyzdyrýardy. Osman imperiýasynyň özünde hem döwletiň harby-ykdysady mümkinçiliklerine dogry baha berip, halkara gatnasyklarynyň çylşyrymly meselelerinden dogry

netije çykaryp, döwletleriň arasyndaky güýç mynasybeti kesgitläp bilmezlik ýaly ýagdaýlar höküm sürýärdi. Bu ýagdaý bolsa ahyr netijede döwletiň uruşlarda ýeňilmegine getirýärdi.

Şeýle uruşaryň biri-de 1868-1874-nji ýyllaryň osmanly-rus urşy boldy. Sebitde özüni täsirli döwlet hökmünde tanadýan Osman imperiýasy Polşanyň ýerlerini bölüşmek işlerine gatnaşýar. Bu bolsa Russiýa bilen alty ýyla çeken urşa sebäp bolýar. Emma osmanly goşunlary gowşak ýaraglandyrylypdy, olaryň azyk önümleri we geýim-gejim bilen üpjünçiligi pesdi. Goşun serkerdeleriniň arasynda tötänleýin düşen adamlar az däldi. Şonuň üçin hem 1771-nji ýylda Krymda we Dunaýyň boýunda bolup geçen söweşlerde osmanly goşunlary ýeňilýär. Osman imperiýasynyň ýarany Fransiýa bolsa hiç hili kömek bermeýär.

Bu uruşda osmanly goşunlarynyň harby-taktiki we tehniki taýdan asgynlygy duýulýar. Şonuň üçin hem fransuz harbylarynyň hyzmatyndan peýdalanylýar. Bu işde aýratyn hem fransuz gullugynda duran asly wenger Fransua de Tott (1730-1793) tapawutlanypdyr. Mustafa III (1757-1774) Totty harby geňeşçi hökmünde peýdalanýar. Tott imperiýanyň möhüm harby-strategiki desgalaryny we garşydaş tarapyň mümkingadar hüjüm etjek ýerlerini berkitmek bilen baglanyşykly birnäçe işleri amala aşyrýar. 1773-nji ýylda Tottuň hyzmaty bilen şindi asyryň 30-njy ýyllarynda Bonnewalyň döretmäge synanyşyk eden inženerçilik mekdebi («hendeshana») esaslandyrylýar. Hendeshananyň esasynda soňra birnäçe dürli maksatly harby uçilişşeler döredildi. Amala aşyrylan harby-strategiki maksatly işlere garamazdan, Osman imperiýasy uruşda uly şowsuzlyklara sezewar bolup, söweş hereketleriniň köpüsinde ýeňildi.

Bu urşuň netijesinde 1774-nji ýylyň 21-nji iýulynda Osman imperiýasy bilen Russiýanyň arasynda Guýujyk Gaýnarja (Rumyniýada) şertnamasyna gol çekilýär. Uruşda üstün çyksa-da Russiýa Gara deňzine erkin çykmaga mümkinçilik alyp bilmändir. Şertnama boýunça Russiýa osmanlylardan zordan Gara deňizde söwda flotuny saklamaga we söwda işlerinde rus täjirlerine ýeňillik berilmegini gazanýar. Guýujyk Gaýnarja şertnamasy boýunça Osman imperiýasy ilkinji gezek özüniň musulmanlar ýaşaýan ýerini, ýagny ýapjasy Krym hanlygynyň ýerlerini elden giderýär. Krym halygy garaşsyz döwlet diýlip yglan edilýär. Bu bolsa soňra onuň Russiýa tarapyndan basylyp alynmagy üçin amatly şert döredýär.

Osman imperiýasynyň gowşaklygy aýan bolandan soň rus patyşasy Ýekaterina II osmanlylary Ýewropadan gysyp çykarmak we onuň mülklerini paýlaşmak meselesini öňe sürýär. Emma Russiýanyň täsiriniň artmagyndan çekinip Angliýa, Fransiýa we beýleki ýewropa döwletleri Ýekaterinanyň tekliplerine garşy çykýarlar. Şeýlelikde, mundan beýläk Osman imperiýasynyň ykbalynda sebitiň döwletleri uly işjeňlik görkezip başlaýarlar. Şunuň netijesinde imperiýadan bölünip aýrylan ýerleri paýlaşmak ugrundaky göreşler XIX asyrda möhüm ähmiýete eýe bolan «gündogar meselesiniň» düýp mazmunyny düzdi.

1768-1774-nji ýylyň osmanly-rus urşundan soň imperiýanyň harby kuwwatyny güýçlendirmek bilen baglanyşykly käbir işler edilýär. Beýik wezir Halyl Hamit paşa (1782-1785) sipahi ulgamyny ýatyrmak we ýanyçar goşun bölümlerini özgertmek bilen baglanyşykly çäreleri durmuşa geçirmäge synanyşýar. Emma bu işler hem doly amala aşman galýar, üstesine-de, 1783-nji ýylda Russiýanyň Krym hanlygyny basyp almagy ýurduň içinde giň nägilelikleri tolkunyny döredýär, Hamit paşa wezipesinden

boşadylýar we tarapdarlarynyň birnäçesi bilen jezalandyrylyp öldürilýär.

Täze hökümet 1787-nji ýylda Russiýa garşy uruş yglan edýär. Emma 1789-1790-njy ýyllarda Fokşanyda, Rymnikde we Izmaýylda bolan söweşlerde Osman imperiýasy ýene-de agyr ýeňlişe sezewar bolýar. Netijede 1787-1791-nji ýyllaryň osmanly-rus urşunda imperiýanyň düzüminden täze ýerler bölünip aýrylýar.

## § 4. Osman imperiýasy XVIII asyryň ahyrlarynda – XIX asyryň 60-njy ýyllaryna çenli döwürde

**Selim III özgertmeleri.** XVIII asyryň ahyrlary Osman imperiýasy üçin örän kyn döwür boldy. Onuň Ýewropadaky mülkleri kem-kemden elden gidip ugraýar. Osman imperiýasynyň Ýewropa ýurtlary bilen alyp barýan uruşlarynda ýeňilmeginiň esasy sebäbi osmanly goşunlarynyň söweş ukyplarynyň gowşaklygynda we onuň zerur zatlar bilen üpjünçiliginiň pesliginde bolupdyr. Şol döwrüň käbir ýewropaly syýasy işgärleri «Tiz wagtdan Osman imperiýasy dargar» diýşip heşelle kakýardylar.

Osman imperiýasynda ýanyçar goşunlaryndan başga hemişelik goşun bolmandyr. Gürrüňi edilýän döwürde, bir wagtlar garşydaşyny söweş etmän gaçyp gitmäge mejbur edýän ýanyçar goşuny hem gowşapdyr. Bu goşuna salgyt tölemejek bolup her öňýeten ýzylypdyr. Üstesine-de, ýanyçarlar häli-şindi topalaň turzup, döwletiň içeri-syýasy durmuşyna-da ýaramaz täsir edýärdiler. Imperiýanyň dürli ýerlerinden getirilýän ýygynlar hem söweşlerde başly-barat hereket edýärdiler. Olaryň ýaraglandyrylyşy, düzgün-nyzamy juda pesdi. Şonuň üçin hem goşunda özgertmeleri geçirmek zerurlygy ýüze çykýar.

On sekiz ýaşynda tagta çykan Selim III (1789-1807) döwleti çökgün ýagdaýdan alyp çykmaga synanyşyk edýär. Onuň geçiren özgertmeleriniň esasy maksady söweşe ukyply güýçli goşunyň hem-de flotuň kömegi bilen merkezi häkimiýeti berkitmäge gönükdürilipdir. Onuň özgertmeleri Türkiýäniň taryhynda «Nyzamy-jedid» («Täzelenen gurluş») ady bilen bellidir.


Selim III

1792-1793-nji ýyllarda Selim III tarapyndan çykarylan permanlar «köşk atyjylar» korpusynyň döredilmegini, hökmany harby okywyň geçirilmegini, ähli harby bölümlerde berk düzgün-nyzyamyň ýola goýulmagyny göz öňünde tutýardy. Selim III deňiz söweşlerinde üstünlikli hereket etmek üçin täze flotyň döredilmeginiň, harby mekdepleriň açylmagynyň başyny başlapdyr. Bu işleri durmuşa geçirmek maksady bilen soltan Ýewropa ýurtlaryndan harby maslahatçylary hem-de hünärmenleri çagyryp getirýär. Esasan hem Fransiýadan gelen harbylar imperiýanyň goşunlaryny üýtgedip gurmakda köp işleri bitirdiler. Goşuny üýtgedip gurmaklyk täze ýarag we ok-däri zawodlarynyň gurluşygyny hem talap edýär. Geçirilen özgertmeleriň netijesinde goşunda ok atýan ýaraglaryň, toplaryň hem-de söweş gämileriniň sany ep-esli artdyryldy.

1804-nji ýyla çenli köşk atyjylarynyň sany 12 müň esgere, topçylaryň sany bolsa 800 esgere ýetirilýär. Osmanly deňiz goşunlaryndaky söweş gämileriniň sany 100-e ýetirildi. Gämileriň iň ulusynda 120 sany top bolup, onda 1200 deňizçi esger söweşipdir. Emma bu täzeliklere ýanyçarlar we köne garaýyşly döwlet işgärleriniň bir bölegi garşy çykýarlar, şonuň üçin hem Selim III 1806-njy ýylda gorkusyna öz döreden täze goşunyny dargydýar, 1807-nji

ýylda bolsa tagtynda galjak bolup ähli özgertmelerini diýen ýaly ýatyrýar. «Nyzamy jedidiň» amala aşyrylyşyna Napoleonyň 1798-1801-nji ýyllardaky Müsüre ýörişi we 1806-njy ýylda başlan osmanly-rus urşy ýaly çylşyrymly daşary-syýasy wakalar hem ýaramaz täsir edýär. Gowy ýaraglandyrylan hem-de okadylan goşunlaryň paýtagtdan gitmegi «Nyzamy jedidiň» garşydaşlaryny gylawlandyrýar. 1807-nji ýylyň maýynda ýanyçar topalaňynyň netijesinde Selim III tagtdan agdarylyp, soňra bolsa öldürilýär.

Selim III-den soň özgertmeleri geçirmäge Rumeliýanyň aýany Mustafa paşa Baýrakdar synanyşyk edýär. Öz goşunlaryna daýanyp 1808-nji ýylda ol Stambuly eýeleýär we köne pikirli soltan Mustafa IV-ni agdarýar we onuň ornuna ýaş ýigit Mahmyt II-ni (1808-1839) tagta çykarýar. Mustafa paşa baş weziriň wezipesini eýeläp «Nyzamy jedidi» dowam etdirýär. Selim III-den tapawutlylykda, baş wezir feodallary güýç bilen boýun egdirmäge çalyşmandyrda, Rumeliýanyň we Anadolynyň aýanlary bilen osmanly hökümetiniň arasynda ýaranlyk baglaşmaga synanyşypdyr. Şu maksat bilen täsirli aýanlar paýtagta çagyrylýar. Aýanlar hökümet adamlary bilen bileleşip öňde durýan özgertmeleriň meýilnamalaryny içgin ara alyp maslahatlaşmalydylar we «sened-i ittifak» (ýaranlyk şertnamasy) baglaşmalydylar. Emma bu işleri amala aşyrmak başartmandyr we üç aýdan soň täze ýanyçar topalyňynyň dowamynda Mustafa paşa Baýrakdar öldürilýär.


Soltan Mahmyt

**XVIII asyryň ahyrlarynda – XIX asyryň başlarynda «Gündogar meselesi».** Güýçli döwleti döretmäge edilen synanyşyklaryň şowsuz tamamlanmagy Osman imperiýasynyň halkara gatnaşyklar ulgamyndaky ornuny

gowşadýar. Daşary syýasatda osmanly hökümeti Angliýa we Fransiýa bilen gatnaşyklara uly ähmiýet berýär. Emma XVIII-XIX asyrlaryň sepgidinde «gündogar meselesiniň»[1] ýitileşýän döwründe Angliýa bilen Fransiýanyň arasyndaky bäsleşikler Osman imperiýasyny kyn ýagdaýa salýar. Sebäbi Angliýanyň kolonialar bilen alyp barýan söwda işlerine päsgel bermek we onuň Aziýadaky mülklerine howp salmak üçin Napoleon Bonapart 1798-nji ýylda Müsüre ýöriş geçirýär. Fransuz goşunlary tarapyndan osmanlylaryň baý mülkleriniň biri bolan Müsüriň eýelenilmegi osmanly-fransuz gatnaşyklaryny ýitileşdirýär we onuň Angliýa hem-de Russiýa bilen ýakynlaşmagyna getirýär. Russiýa bilen dostlukly gatnaşyklar 1805-nji ýylyň şertnamasy bilen tassyk edilýär.

Emma fransuz goşunlarynyň Ýewropadaky üstünlikli hereketleri, aýratyn hem olaryň Austerlisiň etegindäki ýeňşi (1805) soň osmanly hökümetini Fransiýa bilen ýakynlaşmaga itekleýär. Napoleonyň wekili Sebastianiniň Krymy gaýtaryp almakda Fransiýanyň Türkiýäni ýakyndan goldajakdygy baradaky ynandyrmalaryna eýerip, Selim III Russiýa garşy urşa başlaýar. Emma rus goşunlary Moldowany we Walahiýany eýeleýärler. Şundan soň Angliýa hem Osman imperiýasyna garşy urşa başlaýar. Iňlis harby-deňiz güýçleri Dardanell bogazynyň goragyny böwsüp Stambula howp salýar. Döwletiň harby şowsuzlyklary 1807-nji ýylda Stambulda ýanyçar topalaňyna sebäp bolýar.

[1] Gündogar meselesi – XVIII asyryň ikinji ýarymynda – XX asyryň başlarynda Osman imperiýasynyň Ýewropadaky, Aziýadaky we Demirgazyk Afrikadaky mülklerini basyp almak ugrunda Günbatar Ýewropa we Russiýa döwletleriniň aralarynda dowam eden halkara gapma-garşylyklaryny aňlatmak üçin diplomatiýada we taryhy edebiýatda ulanylan düşünje, adalga.

Selim III-niň agdarylmagy Napoleon üçin Angliýany kontinental gabawa salmakda we Russiýa bilen ýakynlaşmakda amatly bahana bolup hyzmat edýär. Rus patyşasy Aleksandr I Tilzitde duşuşyp (1807) Napoleon Osman imperiýasyny paýlaşmaga söz bermek bilen öz ýarany babatynda ähdiýalanlyk edýär. Şunuň bilen bir hatarda, Stambuldaky fransuz diplomatlary hem osmanly-rus urşunyň mümkin boldugyça uzga çekmegi barada alada baryny edipdipdirler. Olaryň ýakyndan gatnaşmagynda 1807-nji we 1809-njy ýyllaryň osmanly-rus gepleşikleri netijesiz gutarýar. Gaýtadan başlan söweş hereketleri hem ruslaryň peýdasyna boldy we osmanly goşunlary ýene-de birnäçe söweşlerde ýeňildi. 1812-nji ýylyň maýynda baglaşylan Buharest şertnamasyna laýyklykda, Russiýa Bessarabiýany, Kawkazyň Arpaçaý derýasyna çenli aralykdaky ýerlerini, Ajar daglarynyň jülgelerini, Gara deňziň kenaryndaky käbir ýerleri ele geçirýär. Bu şertnama Russiýa Moldawiýanyň we Walahiýanyň üstünden «howandarlyk» etmäge mümkinçilik berdi. Osmanly hökümeti Serbiýa hem içki awtonomiýa bermäge borçlandy.

XIX asyryň 20-nji ýyllarynda Russiýanyň meçew bermeginde we goldamagynda Walahiýada, soňra Gresiýada Osman imperiýasyna garşy topalaňlar başlaýar. Gresiýadaky gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin Mahmyt II öz ýapjasy, müsüriň paşasy Muhammet Ala ýüz tutdy. 1825-nji ýylda Muhammet Alynyň ogly Ybraýym paşanyň müsürli goşunlary Moreýa düşürilýär we 1827-nji ýylda grekleriň gozgalaňy basylyp ýatyrylýar. Emma iňlisler, fransuzlar, aýratyn hem ruslar goşunlaryň ýurtdan çykarylmagyny we Gresiýa awtonomiýa berilmegini osmanly hökümetine talap bildirýärler. Talap ýerine ýetirilmäninden soň Russiýa, Angliýa we Fransiýa Osman imperiýasynyň garşysyna güýç ulanmak haýbaty bilen ikinji gezek ýüz tutýarlar. Emma 1827-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda birleşen iňlis-fransuz-rus

eskadrasy Nawarin deňiz söweşinde osmanly flotundan üstün çyksa-da, Mahmyt II talaplary ýerine ýetirmeýär we Russiýa garşy uruş yglan edýär. Emma Kawkazda we Balkanlarda alnyp barlan söweş hereketleri osmanlylar üçin şowsuz tamamlandy. 1829-njy ýylda Kawkazdaky rus goşunlary Erzerumy, Balkanlarda bolsa Edirnäni (Adrianopol) eýeleýärler. Osmanly hökümeti ýaraşyk baglaşmaga mejbur boldy.

1829-njy ýylyň sentýabrynda baglaşylan Adrianopol şertnamasy gruzin we ermeni ýerleriniň Russiýa birikdirilmegini göz öňünde tutupdyr. Şertnamada Russiýanyň bogazlardan erkin geçip bilmäge hukuklary tassyk edilýär. Osmanly hökümeti Serbiýa awtonomiýa bermäge, Moldawiýanyň we Walahiýanyň awtonom hukuklaryny giňeltmäge borçlanýar. Adrianopol şertnamasy boýunça Gresiýa-da awtonomiýa berilýär, ýöne bir ýyldan soň ol garaşsyz döwlete öwrülýär. 1830-njy ýylda Osman imperiýasynyň Alžir welaýatyna fransuz goşunlary çozup girýär. Emele gelen daşary-syýasy ýagdaý döwletiň bitewiligini saklamak üçin hökümeti has netijeli özgertmeleri amala aşyrmaga itekleýär.

**Mahmyt II-niň özgertmeleri.** Selim III-den soň Osman imperiýasynda soltan häkimiýetini berkitmäge we ykdysady özgertmeleri geçirmäge soltan Mahmyt II (1808-1839) girişýär. Özgertmeleri geçirmäge osmanlylaryň Müsürdäki dikmesi Muhammet Alynyň amala aşyran işleri nusga bolup hyzmat edýär. Gysga döwürde Muhammet Aly Müsürde berk häkimiýet, güýçli goşun we flot döredýär, ýurduň ykdysadyýetini çalt depginlerde ösdürmäge ýardam edip biljek ençeme çäreleri durmuşa geçirýär.

Muhammet Alynyň tejribesi Mahmyt II-niň töweregine ýygnanan osmanly reformatorlary tarapyndan giňden ulanylýar. Soltan öňi bilen Rumeliýanyň we Anadolynyň boýun egmezek feodallaryny tabyn etmekden başlaýar.

1822-nji ýylda uzaga çeken garşylykdan soň Rumeliýanyň aýany Aly paşa boýun egdirilýär. Aly paşany boýun egdirmek Mahmyt II-ä juda kyn düşdi. Sebäbi ýanyçar goşunlarynyň söweş ukybynyň pese düşmegi, topalaňlary basyp ýatyrmak, döwletden bölünip aýrylmak isleýän ýerleri saklamak işini kynlaşdyrýardy. Şonuň üçin hem 1826-njy ýylda ulamalaryň ygtyýar bermegi bilen müsürli serkerdeleriň baştutanlygynda 8 müň esgerden ybarat bolan täze hemişelik goşun - «eşkenji» döredilýär.

Eşkenjiniň döredilmegi ýanyçarlaryň topalaň turuzmagyna getirýär. 1826-njy ýylyň 15-nji iýunynda gahar-gazaba münen ýanyçarlar beýik weziriň köşgüne kürsäp girip ony weýran edýärler. Soltan emele gelen ýagdaýdan peýdalanmagy başarýar we hemişelik goşunlaryň kömegi bilen ýanyçarlaryň topalaňy basyp ýatyrýar. Topalaňyň basylyp ýatyrylýan döwründe 6-7 müň ýanyçar öldürilýär, olaryň 15-20 müňüsi bolsa sürgün edilýär ýa-da beýleki goşun bölümleriniň düzümine geçirilýär. Ýanyçar goşunlarynyň ýatyrylmagy goşuny berkitmäge we separatizmiň öňüni almaga mümkinçilik berýär. XIX asyryň 30-njy ýyllarynyň başlarynda hökümet Rumeliýanyň we Anadolynyň täsirli aýanlarynyň agalygynyň soňuna çykýar. Bularyň bary soltan häkimiýetini ep-esli berkidýär.

XIX asyryň 30-njy ýyllarynyň dowamynda döwlet we dolandyryş ulganmlaryny kämilleşdirmekde, maliýe, hukuk we medeniýet ugurlarynda ençeme möhüm çäreler durmuşa geçirilýär. Asyrlar boýy dowam edip gelen orta asyr sipahi ulgamynyň ýatyrylmagynyň uly ähmiýeti boldy. 25 müňe barabar timarlar we zeametler eýeleriniň elinden alnyp, olaryň 2/3 bölegi döwlet eýeçiligine, galany bolsa hususy eýeleriň ygtyýaryna geçirilýär.

Ýurtda dolandyryş özgertmesi hem geçirilýär. Bütin imperiýa welaýatlara we sanjaklara bölünip, olaryň baştutanlygyna merkezi hökümet tarapyndan iberilýän

emeldarlar bellenilipdir. Bu döwürde ýewropa ülňüleri esasynda ministrlikler hem döredilýär. Wenada, Parižde, Londonda we Berlinde hemişelik ilçihanalar gaýtadan işläp başlaýar. Hökümetiň ýanynda terjimeçiler edarasy döredilip, soňra ol diplomatlar taýýarlanylýan özboluşly merkeze öwrülýär. Osmanly ýaşlarynyň topary Ýewropa okuwa iberilýär. Paýtagtyň özünde lukmançylyk mekdebi, guryýer we harby-deňiz mekdepleri açylýar. 1831-nji ýylda Stambulda türk we fransuz dillerinde ilkinji gazet - «Takwim-i wekaýi» («Wakalaryň senenamasy») çykyp başlaýar. Günbatar Ýewropa ýurtlary bilen alnyp barylýan gyzgalaňly gatnaşyklar osmanly şäher ilatynyň medeniýetine we ýaşaýyş-durmuşyna uly täsir edýär. Elbetde, XVIII asyryň ahyrlarynda - XIX asyryň başlarynda Osman imperiýasynda amala aşyrylan özgertmeleriň gürrüňsiz uly ähmiýeti boldy. Emma Ýewropa ýurtlary bilen deňeşdirilende Osman imperiýasy juda yzagalakdy. Amala aşyrylan möhüm çäreler Osman imperiýasyna doly özbaşdaklygy gazanmaga mümkinçilik bermändir we imperiýanyň dargamagynyň öňüni alyp bilmändir.

**Müsür meselesi we beýik döwletleriň Ýakyn Gündogarda agalyk ugrundaky göreşleri**. Osmanly hökümetiniň mümkinçilikleriniň pesdigini tiz wagtdan Müsür wakalary subut etdi. Müsüriň paşasy Muhammet Aly osmanly soltanynyň dikmesidi. Emma tiz wagtdan ol Müsüriň hakyky hökümdaryna öwrüldi we soltana boýun egmän başlady. Müsüriň özbaşdaklygynda Fransiýanyň hem eli bardy, sebäbi fransuzlar müsürli hökümdary öz täsirlerine salyp, bütin Ýakyn Gündogarda agalyk etmek isleýärdiler. Muhammet Alynyň özbaşdaklygy soltan hökümetini özüniň öňki ýapjasynyň garşysyna uruş yglan etmegine getirýär.

Uruş hereketleri 1831-nji ýylda başlaýar. Gowy ýaraglandyrylan hem-de tälim berlen müsür goşunlary çalt

hereket edipdirler. 1832-nji ýylyň dekabbrynda Konýanyň eteginde bolan söweşde soltanyň goşunlary agyr ýeňlişe sezewar bolýar. Mahmyt II Fransiýadan, Awstriýadan we Angliýadan kömek soraýar. Emma olar soltana kömek bermekden boýun gaçyrýarlar. Şeýle ýagdaýda Fransiýanyň güýçlenmeginden howatyr edip, Russiýanyň patyşasy Nikolaý I Mahmyt II-ä kömek bermek üçin rus flotuny ugradýar. 1833-nji ýylyň fewralynda rus eskadrasy Bosfora girýär we 10 müňlük rus desanty bogazyň aziýa kenaryndaky Unkär Iskelesi obasynyň ýanynda düşürilýär. Rus goşunlarynyň goldawy Muhammet Alyny hüjümi bes etmäge we soltan bilen gepleşiklere başlamaga mejbur edýär.

1833-nji ýylyň maýynda Angliýanyň we Fransiýanyň araçyllyk etmeginde ylalaşyk baglaşylyp, Muhammet Aly Müsüri, Siriýany, Palestinany we Adana etrabyny dolandyrmaga hukuk alýar, öz gezeginde müsürli hökümdar osmanly soltanynyň ýapjasy bolup galmaga razylaşýar.

1833-nji ýylyň 8-nji iýulynda Mahmyt II Russiýa bilen sekiz ýyla niýetlenilen Unkär Iskelesi şertnamasyny baglaşýar. Şertnama boýunça Russiýa Osman imperiýasyna içki we daşky duşmanlardan goranmaga kömek etmelidi, öz gezeginde osmanly hökümeti hem Russiýa üçin howply ýagdaý dörände keseki ýurtlaryň gämilerini bogazlardan geçirmezlige borçlanypdyr. Emma Unkär Iskelesi şertnamasynyň baglaşylmagy Günbatar ýurtlaryny Stambul we Kair meselesinde has işjeňleşmäge mejbur edýär. Bu şertnamanyň ýatyrylmagyny talap etmek bilen olar osmanly-müsür dawalaryny ýene-de ýitileşdirýärler. Bu işde aýratyn hem iňlesler tapawutlanypdyrlar. 1838-nji ýylda osmanly-iňlis söwda konwensiýasy baglaşyp, şol boýunça iňlis täjirleri Osman imperiýasynyň çäginde söwda etmekde dürli ýeňillikleri alýarlar. Emma Muhammet Aly bu konwensiýanyň täsiriniň Müsüre ýaýradylmagyna garşy

çykýar we soltan bilen täzeden urşa başlaýar. Osmanly goşunlary Siriýanyň Nusaýbin şäheriniň ýanynda ýene-de müsür goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Şundan soň agasy bilen ýapjasynyň arasyndaky dawalara Ýewropa ýurtlary hem goşulýarlar. 1840-njy ýylda Angliýa, Awstriýa, Prussiýa we Russiýa tarapyndan Muhammet Ala Siriýany boşartmak barada ultimatum (talapnama) berilýär. Muhammet Aly başda talaby ýerine ýetirmeýär, emma birleşen goşunlar Beýruty (Liwan) oka tutandan soň we iňlis, türk hem-de awstriýa goşunlary düşürilenden soň boýun egmäge mejbur bolýar. Şundan soň ýeňijiler tarapyndan Muhammet Aly Müsüriň mirasdüşer häkimi edilip galdyrylýar, ýöne munuň ornuna ol goşunlarynyň sanyny 200 müňden 18 müňe çenli azaltmaga, soltana salgyt tölemäge we 1838-nji ýylyň osmanly-iňlis söwda konwensiýasyny ykrar etmäge borçlanýar.


Mustafa Reşit paşa

Osman imperiýasynyň daşary syýasy durmuşynda bolup geçen bu çylşyrymly wakalar Ýewropa ýurtlaryna ýurduň içerki işlerine gatyşmaga mümkinçilik berýär. 1841-nji ýylda Londonda baglaşylan bogazlar baradaky halkara konwensiýasy Unkär Iskelesi şertnamasy boýunça Russiýanyň gazanan hukuklaryny ýatyryp, parahatçylyk döwründe bogazlara halkara gözegçiligini ýola goýýar we ähli ýurtlaryň harby gämileriniň gecmegini gadagan edýär. Osman imperiýasy bogazlara diňe uruşlar döwründe gözegçilik edip bilýärdi. Döwletleriň Müsür meselesine gatyşmagyndan diňe Angliýa peýda gördi. Angliýa Muhammet Alyny häkimiýetden çetleşdirmek, Fransiýanyň

Ýakyn Gündogardaky täsirini gowşatmak we Russiýanyň Osman imperiýasyna täsirini aradan aýyrmak başartdy.

**Türkiýede tanzimat eýýamy.** XIX asyryň 20-30-njy ýyllarynda amala aşyrylan özgertmeleriň çäkli häsiýetde bolandygyny Osman imperiýasynyň ýokary wezipeli döwlet işgärleri hem göz ýetirýärler. Şonuň üçin hem soltan Mahmyt II täze özgertmeleri geçirmek maksady bilen 1838-nji ýylda ýörite döwlet edarasyny döredýär. Bu edaranyň işini ýola goýmakda we Osman imperiýasynda täze mazmunly özgertmeleri geçirmekde Mustafa Reşit paşa (1800-1858) uly işleri bitirdi. Ol birnäçe ýyllap Angliýada we Fransiýada ilçi bolup işleýär, soňra bolsa daşary işleri ministri wezipesine bellenilýär. Mustafa Reşit paşanyň ýolbaşçylygynda täze özgertmeleriň meýilnamasy işlenilip düzülip, onda merkezi häkimiýeti berkitmek, separatizmiň öňüni almak, imperiýanyň ýewropa ýurtlaryna baglylygyny gowşatmak, şonuň bilen bir wagtda bolsa, döwlet durmuşyny günbatar ýewropa kadalaryna laýyk getirmek göz öňünde tutulypdyr.

Özgertmeler hakyndaky permany taýýarlamak işleri Mahmyt II diri wagty başlap, onuň mirasdüşeri soltan Abdyl Mejidiň (1839-1861) döwründe tamamlanýar. Bu perman 1839-njy ýylyň noýabrynda «Gülhaneýi hatt-i şerif» («Gülhana köşgünde kabul edilen mukaddes perman») ady bilen soltanyň Stambuldaky Gülhana köşgüniň öňünde yglan edilýär. Bu resminama özgertmeleriň täze tapgyrynyň başyny başlap, Osman imperiýasynyň taryhynda «tanzimat» ( birlik sanda «tanzim», köplük sanda «tanzimat» - «tertibe salmak») ady bilen bellidir. «Gülhaneýi hatt-i şerif» özgertmeleri geçirmegiň üç sany baş maksadyny yglan edýär: Osman imperiýasynyň ähli raýatlarynyň dinine, emläk ýagdaýyna garamazdan, olary kanun öňünde deňligi, raýatlaryň hukuklary, jany, emlägi, mertebesi eldegrilmesiz diýlip ykrar edilýär; salgytlaryň dogry hem-de dürs

ýygnalmagy kepillendirilýär; gulluga alnyşygy tertibe salmaklyk we gulluguň möhletini azaltmaklyk göz öňünde tutulýar. Şu maksatlar bilen jenaýat kanuny, işewürlik jemkanuny kabul edilýär, musulman we beýleki dinleriň jemagatlarynyň wekillerinden Döwlet geňeşi we welaýat maslahat beriji geňeşleri döredilýär.

Yurduň ykdysady ýagdaýyny gowylandyrmak üçin Mustafa Reşit paşa salgyt ulgamyny üýtgetmäge girişýär. Adatdan daşary salgyt, bigar ýatyrylýar, musulman dällerden alynýan jyza salgydy tertipleşdirilýär. Emma salgyt ýygnamak hukugyny ýatyrmak şowsuz tamalanýar. Stambulyň golaýynda, Izmirde we Bursada metal işläp bejerýän, dokma we kagyz öndürýän kärhanalary döretmek, oba hojalygynyň ýagdaýyny gowylandyrmak, döwlet bankyny döremek, maliýe we pul ulgamynyň işini kadalaşdyrmak ýaly çäreler hem edil şeýle netijeler bilen tamamlanýar. Ýerli haryt önümçiligini arzan daşary ýurt harytlarynyň bäsleşiginden goramak bilen baglanyşykly işler edilmändir.

Harby özgertmeler birneme netijeli amala aşyrylyp, ähluumumy harby borçlylyk (musulmanlar üçin) boýunça yzygider goşunçylyga almaklyk (rekrut)  girizilýär we gullugyň möhleti 15 ýyldan 5-7 ýyla çenli azaldylýar. Mustafa Reşit paşa dünýewi okuw ulgamyny giňeltmek bilen baglanyşykly  birnäçe çäreleri hem durmuşa geçrýär. Onuň öz başlangyjy boýunça başlangyç, orta mekdepleri we mugallymçylyk mekdepleri döredilýär. Emma uniwersitet döretmeklik başartmaýar.

1853-nji ýylda başlan Krym urşy Mustafa Reşit paşanyň we onuň egindeşleriniň özgertmeler işiniň togtadylmagyna getirýär. Tanzimatyň birinji döwri bolan 1839-1853-nji ýyllar imperiýanyň döwlet dolandyryş ulgamynda, ykdysadyýetde we medeniýetde has uly netijeleriň gazanylan döwri boldy. Hakykat ýüzünde bu çäreler ýurduň

oňyn ösüşler gazanmagyna, obada we şäherde möwrüti öten düzgünleriň ýatyp galmagyna, ýewropa siwilizasiýasynyň gazanlarynyň ornaşdyrylmagyna ýol açýar. Emma özgertmeleriň tarapdarlary giň halk köpçüligi tarapyndan goldawa eýe bolup bilmändirler.

**1853-1856-njy ýyllaryň Krym urşy we Pariž ýaraşyk şertnamasy. Tanzimadyň ikinji döwri.** XIX asyryň ortalarynda ýewropalylar tarapyndan emeli usulda döredilen «gündogar meselesi» gaýtadan ýitileşýär. Dawalaryň esasynda, edil öňki döwürlerde bolşy ýaly, ykdysady bähbitler ýatyrdy. Ýewropalylar ýakyn gündogar bazary ugrunda özara göreşýärdiler. Bu göreşlerde aýratyn hem halkara arenasynda abraýy pese düşen Russiýa imperiýasy Osmanly döwletine zor salmak bilen aýratyn işjeňlik görkezmäge çalyşýardy. 1853-nji ýylyň fewralynda rus patyşasy Nikolaý I Osman imperiýasynyň düzümindäki ähli prawoslaw hristianlary öz howandarlygyna bermek bilen baglanyşykly talap bilen soltana ýüzlenmegi osmanly-rus gatnaşyklaryny ýitileşdirýär. Nikolaý I-niň ultimatumyny osmanly hökümeti döwletiň içerki işlerine gödek gatyşylmagy hökmünde baha berýär we talapy ret edýär.

Patyşa hökümeti urşa başlamak bilen Osman imperiýasynyň üstünden ýyldyrym çaltlygynda ýeňiş gazanaryn öýdüpdir. Emma 1853-nji ýylyň 30-njy noýabrynda Sinop deňiz söweşinde rus floty osmanly flotunyň üstünden aýgytly ýeňiş gazanandan soň Angliýa, Fransiýa we soňra Sardiniýa Osman imperiýasy bilen ýaranlyk baglaşýarlar we Russiýa garşy uruş yglan edýärler. Birleşen goşunlar Krymda düşürilýär we Sewastopala tarap süýşüp ugraýarlar. 1855-nji ýylyň sentýabrynda tas bir ýyla golaý gabawdan soň Sewastopol eýelenilýär. Kawkaz frontunda rus goşunlary birnäçe gezek ýeňiş gazanyp Karsy eýeleýärler. Emma Krym urşunda Russiýa öz

garşydaşlaryndan ýeňilýär we 1856-njy ýylyň martynda Pariž ýaraşyk şertnamasyny baglaşmaga mejbur bolýar.

Şertnama boýunça Russiýa Osman imperiýasyna Karsy, Bessarabiýanyň Dunaýýaka ýerlerini gaýtaryp berýär we Gara deňizdäki deňiz goşunlaryny, werfleri we berkitmeleri dikeltmezlige razylaşýar. Soltanyň Serbiýanyň, Moldawiýanyň we Walahiýanyň üstünden ýokary hökümdarlygy saklanyp galýar. Fransiýa bilen Awstriýa «Osman imperiýasynyň Pariž traktatynda görkezilen araçäginiň bitewiligini we garaşsyzlygyny» kepillendirýän aýratyn ylalaşyga gol çekýärler.

Krym urşundan ýeňiji bolup çykandygyna garamazdan uruş Osman imperiýasynyň ösüşine örän ýaramaz täsir edýär. Ägirt uly çykdajylar ykdysadyýeti we döwletiň hazynasyny boşadýar. Eýýäm 1854-nji ýylda osmanly hökümeti iňlis hem-de fransuz banklaryna karz sorap ýüz tutýar.

Krym urşy tamamlanandan soň Osman imperiýasynda tanzimatyň ikinji döwri (1856-1870) başlady. Bu döwür osmanly hökümdarynyň 1856-njy ýylyň 18-nji fewralyndaky «hatt-i humaýun» («soltanyň permany») permanyndan gözbaş alyp gaýdýar. Täze kabul edilen perman «Gülhaneýi hatt-i şerifiň» möhüm maddalaryny tassyk etmek bilen, musulman dälleriň döwlet we harby gulluga bolan hukuklaryny yglan edýär, salgyt salmak meselesinde deňligi, salgyt ýygnamaga hukugy kem-kemden ýatyrmagy, döwlet büjetini girizmegi, karz beriş bank ulgamyny döretmegi we aragatnaşygy gowylandyrmagy wada edýär.

Mustafa Reşit paşanyň ornuna gelen Muhammet Emin paşanyň (1815-1871) we Muhammet Fuad paşanyň (1815-1869) we olaryň egindeşleriniň hyzmatlary bilen göz öňünde tutulan özgertmeleriň aglabasyny durmuşa ornaşdyrmak başardýar. Netijede osmanly jemgyýetiniň

kämilleşmegi - ýewropalaşmagy güýçlenipdir. Elbetde, kabul edilen kanunlaryň aglabasy daşary ýurtlylaryň bähbitlerini göz öňünde tutupdyr. 1856-njy ýylda iňlis, soňra bolsa fransuz maýasynyň esasynda ýurtda ilkinji daşary ýurt banky – Ottoman banky açylýar. Daşary ýurt maýadarlaryna demir ýollary gurmak, ýerasty baýlyklary özleşdirmek, deňiz ýüklerini daşamak üçin konsessiýalar berilýär.

## § 5. Arap ýurtlary XVII asyryň ikinji ýarymynda - XIX asyryň ahyrlaryna çenli döwürde.

**Arap ýurtlary Osman imperiýasynyň düzümünde.** Täze taryha geçilýän döwürde arap ýerleriniň aglaba bölegi Osman imperiýasynyň düzümindedi. Osmanlylar Palestinany, Yragy, Hijazy (Gyzyl deňziniň gündogar kenarlary), Ýemeni, Müsüri, Tripolini (Liwiýa), Tunisi we Alžiri XVI asyrda eýeläpdiler. Osmanly soltanlaryna Marokkany, şeýle hem Arabystan ýarym adasynyň syýasy-ykdysady taýdan ähmiýetsiz merkezi we onuň günorta-gündogar böleklerini tabyn etmek başartmandyr. Özüniň sosial-ykdysady ösüş derejesi boýunça arap ýerleri biri-birinden düýpli tapawut edýärdi. Müsürde, Liwiýada we Palestinada ösen orta asyr gatnaşyklary dowam edýärdi. Bu ýerlerde ýarpaçylar bolan fellahlaryň (arap daýhanlary) ownuk hojalyklary ýaýrapdy. Ortaýer deňzine golaý kenarýaka etraplarda gyzgalaňly deňiz we üstaşyr söwda işleri alnyp barylýardy, haryt-pul gatnaşyklary ösýärdi. Emma Arabystanda, Günorta Yrakda, Alžiriň içki etraplarynda, Tunisda, Tripolide urug-jemagatçylyk gatnaşyklary saklanyp galýardy.

Arap ýurtlarynda wakyflardan başga ähli ekerançylyk ýerleri soltanyňky diýlip yglan edilipdir. Osmanly hökümdarlygynyň mäkäm ornaşan ýerleri bolan Yrakda we

Siriýada eýeçiligiň imperiýanyň merkezindäki ýaly düzgünler hereket edýärdi. Bu ýerlerden alynýan önüm we pul görnüşindäki ýer salgydy dolulygyna soltan hökümetiniň peýdasyna geçirilipdir. Imperiýanyň Müsür, Liwiýa, Tunis, Alžir, Ýemen ýaly mülklerinde ekerançylyk ýerleri ýerli dolandyryjylaryň hem-de begzadalaryň ygtyýarynda galdyrylypdyr. Ýygnalýan salgydyň bir bölegi soltanyň hazynasyna ugradylyp, galan bölegi öz ýerinde galdyrylypdyr.

Orta asyrlar bilen Täze taryhyň sepgidinde arap ýurtlarynyň şäherleri öz ajaýyp çeperçilik we senetçilik önümleri bilen şöhratlanmaklaryny dowam etdirýärdiler. Siriýanyň Halap we Damask, Yragyň Bagdat we Mosul, Müsüriň Kair we Aleksandriýa, Demirgazyk Afrikanyň Tunis, Alžir, Fes, Marrakeş şäherleri ösen senetçilik merkezleridi. Bu ýerlerde öndürilýän ýüpekden, nahdan we zygyrdan edilen matalar, nepis halylar, ýukajyk hem-de ýumşajyk gön, baý bezelen sowuk ýaraglar, sünnälenilip bezelen mis gap-gaçlar halkara söwdasynda uly isleglerden peýdalanypdyr. Bu harytlaryň käbirleri şindi XVIII asyrda-da Ýewropa äkidilýärdi, ýöne eýýäm olar Ýewropanyň gün-günden ösýän manufaktura önümleri bilen bäsleşmekden ejiz gelip, sebitiň bazarlaryndan ýuwaş-ýuwaşdan gysylyp çykarylýardy. Ýewropada senagat rewolýusiýasy başlandan soň Aziýanyň beýleki ýerlerine bolşy ýaly, bu ýerlerde arzan bahaly senagat harytlary köpçülikleýin getirilip ugrady.

Osman imperiýasynyň beýleki ýerlerinde bolşy ýaly, ýewropaly täjirler arap söwdagärlerini ýerli bazarlardan gysyp çykarýardylar. Daşary ýurtlylar daşary söwdany öz ellerinde saklaýardylar. Arap şäherleriniň bazarlarynda ýewropaly täjirler we olaryň wekilleri öz harytlaryny (sütük, ýüpek, çakyr, mawut, aýna, hrustal we başgalar) satýardylar, gündogar harytlaryny bolsa satyn alýardylar.

Marselli (Fransiýa) täjirler Siriýanyň we Demigazyk Afrikanyň kenarlarynda, iňlis Ost-Hindistan kompaniýasy bolsa XVIII asyrda Bagdatda we Basrada öz söwda faktorilerini esaslandyrdylar. Osmanly hökümeti söwda işlerinde ýewropalylara dürli ýeňillikleri berýärdi we şol ýeňillikler kapitulýasiýalar bilen tassyklanylýardy. Emma kapitulýasiýalar wagtyň geçmegi bilen ýewropalylar tarapyndan arap ýurtlaryna aralaşmagyň we osmanly hökümetiniň içerki işlerine gatyşmagyň guraly hökmünde ulanylyp başlaýar.

**Arap ýurtlarynyň dini ýagdaýy.** Osman imperiýasynyň arap ýerlerinde yslam dininiň dürli mezhebleri giňden ýaýrapdyr. Imperiýanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda dine, din adamlaryna örän uly orun degişlidi. Kazyýet, magaryf din adamlarynyň we dini guramalaryň elinde bolup, olar döwlet syýasatyna-da uly täsir edýärdiler. Şol döwürler din işgärleri Kairde ýerleşýän al-Azhar uniwersitetinde taýýarlanylypdyr.

Döwlet we din biri-birini hemişe goldap gelipdirler. Din adamlaryna, dini guramalara döwlet tarapyndan uly ýerler wakf hökmünde bölünip berlipdir. Wakf ýerleri osman imperiýasynda işläp bejerilýän ekerançylyk ýerleriniň 1/3 bölegini eýeleýärdi. Ekerançylyk ýerlerdeinden başga-da dini guramalaryň ygtyýaryna bazarlar, kerwensaraýlar, dükanlar, hammamlar hem berlipdir. Dini edaralaryň emläkleri konfiskasiýa edilmändir, olara salgyt salynmandyr.

Osman imperiýasynda ýaşaýan arap ilatynyň agramly bölegi Yslamyň sünni mezhebine eýeripdir. Emma sünnilerden başga-da, araplaryň arasynda yslamyň şygaçylyk, druzçylyk, zeýditçilik, ybaditçilik, ysmaýilitler ýaly mezhepleri hem ýaýrapdyr. Bu mezhepleriň iň ulusy şygaçylyk bolup, oňa uýýanlaryň agramly bölegi Yrakda ýaşaýardylar.

Araplaryň bir bölegi hristiançylygyň Gündogar ýurtlarynda ýaýran ugry bolan monofizitçilige hem uýýardylar. Monofizitçiligiň görnüşlerine Müsüriň koptlary, Yragyň assiriýalylary, Liwanyň maronitleri degişlidir. Bulardan başga-da, Watikan bilen baglanyşykly grek-kotolikçi we ermeni-kotolikçi buthanalar hem bardy. Osman imperiýasynyň arap mülklerinde ýahudyçylyga uýýan jöhütler (ýewreýler) hem köpçülikleýin ýaşaýardylar. Osman imperiýasynda Yslam dini agalyk etse-de beýleki dinler yzarlanmandyr. Ähli dinleriň öz mekdepleri, buthanalry, haýyr-sahabat guramalary bolup, olar özleriniň dini dessurlaryny arkaýyn amala aşyryp bilipdirler. Hiristiýanlaryň Palestinadaky esasy mukaddes ýerleri osmanly döwleti tarapyndan gorag astyna alnypdyr. XIX asyrda Osman imperiýasynyň arap mülklerinde bolup geçen dinara dawalar ýewropalylaryň ýöreden ýaramaz syýasatlary bilen baglanyşykly ýüze çykdy. Çünki ýewropalylar arap ýurtlaryna aralaşmak üçin hristianlary musulmanlara garşy küşgürýärdiler.

**Wahhabylaryň hereketi.** XVIII asyryň 40-njy ýyllarynda Merkezi Arabystanda (Nejd) wahhabizm hereketi ýüze çykýar. Herketiň ady ony esaslandyryjy, belli ulama Muhammet ibn Abd al-Wahhabyň (1703-1787) ady bilen baglanyşyklydyr. Abd al-Wahhab kazynyň maşgalasynda dünýä inýär. Ol şindi 10 ýaşyna ýetmänkä Kurany ýat bekläpdir, 12 ýaşyna ýetýänçä Teswir hem-de Hadys bilen tanyşýar. Ol Hijazda, Yrakda birnäçe gezek bolup, atly ulamalardan bilim alýar. Öz döwrüniň resmi dini taglymatyna çapraz gelýän garaýyşlary üçin ony Basradan kowupdyrlar. Abd al-Wahhab dürli ýyllarda Bagdatda, Kürdistanda, Hemedanda, Yspyhanda, Kumda, Halapda, Damaskda, Iýerusalimde we Kairde ýaşap, köp ýerlere syýahat edýär, öz döwrüniň dini taglymatlary, yslamdaky akymlar bilen düýpli tanyşýar.

1726-njy ýylda Abd al-Wahhab Nejdiň Huraýmala etrabyna göçüp gelýär we birnäçe ýyldan soň «Kitabut-Tauhid» («Ýekehudaýlygyň kitaby») atly işini ýazýar. Şonuň üçin hem soňra onuň yzyna eýerijiler özlerini ýekehudaýlylar[2] diýip atlandyrypdyrlar. Abd al-Wahhab öz eserinde araplary ýekehudaýlyga uýmaga, musulman dünýäsiniň ösmegi we özgermegi bilen Yslam dinini asyrlaryň tejribesi netijesinde goşulan täzeliklerden arassalamaga, musulmanlary VII asyryň ortalaryndaky ynanç esaslaryna dolanyp gelmäge, ýönekeý hem-de tygşytly ýaşamaga çagyrypdyr. Ol Muhammet Pygamberiň, onuň sahabalarynyň, meşhur ulamalaryň, pirleriň atlarynyň keramatlaşdyrylmagyny, Mekge-Medinäniň mukaddas ýerlerine, öwlüýälere zyýarat etmekligi ýazgarypdyr, yslamy kabul eden köp sanly halklaryň musulmançylyk bilen sepleşip giden baý däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny inkär edipdir. Abd al-Wahhabyň taglymaty yslam sopyçylygyny, yslamdaky dürli akymlary büs-bütin ret edýär. Mahlasy, onuň taglymaty köp asyrlaryň dowamynda kemala gelen musulman medeniýetini inkär etmegiň bir görnüşidi. Abd al-Wahhab şyga-parslara we osmanly soltanlaryna garşy «mukaddes uruş» alyp barmaga çagyrypdyr. Ol osmanly soltanlaryny «ýalan halyflar» diýip yglan edýär. Munuň özi osman imperiýasyny, onuň tabynlygyndaky musulman ülkelerini gowşatmaga gönükdirilen syýasatdy. Onuň osman imperiýasynyň gowşatmaga gönükdirilen syýasaty ahyrynda imperiýanyň Demirgazyk Afrikadaky we Arabystan ýarym adasyndaky ýerleriniň ýewropalylar tarapyndan eýelenilmegine getirdi.

Tiz wagtdan Abd al-Wahhabyň döreden wahhabylyk hereketi bütin Nejde ýaýraýar. 1744-nji ýylda ol Nejddäki

---

[2] Ýewropa we rus taryhy edebiýatynda olar wahhabylar (wahhabizm) diýlip atlandyrylýar.

Saud nesilşalygy tarapyndan dolandyrylýan Deriýýa emirligine göçüp gelýär. Abd al-Wahhabyň taglymatynyň osmanly soltanlarynyň häkimiýetine garşy gönükdirilendigi üçin Saud emirleri onuň taglymatyny kabul edip alýarlar. Tiz wagtdan onuň özi hem emiriň baş maslahatçysyna öwrülýär. Netijede 1886-njy ýyla çenli Wahhaby taglymaty bütin Nejde ýaýraýar we giň ýerleri öz içine alýan Saud emirligi[3] kemala gelýär. XVIII asyryň ahyrlarynda Pars aýlagynyň arap kenarlaryna öz täsirlerini ýaýradyp, wahhabylar Bahreýni, Kuweýti eýeleýärler. Birneme soňrak Maskat hem olaryň täsirine tabyn edilýär. Şol bir wagtyň özünde wahhabylar Hijazy eýeläp, Mekge-Medinäni tozdurypdyrlar we Gyzyl deňziniň kenaryna çykýarlar. Maskadyň soltany, Ýemeniň ymamlary we Arabystanyň günortasyndaky we günorta-günbataryndaky Hadramautyň hökümdarlary Saud emirlerine salgyt töläpdirler.

Wahhabylaryň hereketi musulman dünýäsiniň dürli sebitlerinde Mekge-Medinedäki mukaddes ýerlere gelýän zyýaratçylaryň sanyny üzül-kesil azaldýar. Wahhabylar osmanly soltanlarynyň Yrakdaky we Siriýadaky mülklerine talaňçylykly ýörişleri geçirýärdiler. Wahhabylaryň 1801-nji ýylda Kerbela (Yrak) geçiren wagşyçylykly ýörişleri musulman dünýäsinde uly ynjalyksyzlyk döredýär. Emma 1808-nji ýylda wahhabylaryň Bagdada geçiren uly ýörişini osmanly goşunlary yzyna serpikdirmegi başarýarlar.

Talaňçylykly ýörişleriň netijesinde wahhabylar bütin Arabystan ýarym adasyny diýen ýaly birleşdirýärler. Olaryň döwletiniň demirgazykdaky araçäkleri Damask – Halap – Mosul - Bagdat ugurlary boýunça geçýärdi. Wahhabylyk Hijazyň hökümdary – Mekgäniň şerifi -

[3] Häzirki Saud Arabystany patyşalygy şol emirligiň esasynda kemala geldi.

tarapyndan Yslamyň resmi ugurlarynyň biri hökmünde ykrar edilýär.

**XVII asyryň ikinji ýarymynda – XVIII asyrda Müsüriň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** Müsür Osman imperiýasynyň iň ösen ülkeleriniň biridi. Müsürde özboluşly dolandyryş ulgamy hereket edip, bu ýerde osmanlylaryň ýer eýeçilik ulgamy ornaşdyrylmandyr. Ony soltan tarapyndan 1-2 ýyl möhlet bilen bellenilýän paşa dolandyryp, ol hökümdaryň bu ýerdäki wekilidi. Wezipä bellenilendigi üçin hökümdara minnetdarlygyň alamaty hökmünde paşa soltana we onuň maşgalasyna belli bir mukdarda sowgat-serpaý ugradypdyr.

Paşa Müsüriň durmuşynyň ähli ugurlaryna jogap beripdir. Onuň ýanynda maslahatçy edara - diwan hereket edýärdi. Diwanyň düzümine osmanly goşunlarynyň 7 sany ojagynyň (korpus) serkerdeleri, mamlýuk begleri, baş şerigat kazysy - kazyesger, 4 sany musulman hukuk mekdepleriniň baştutanlary (şafiler, hanafiler, mälikiler, hanifiler), tanymal ulamalar we Pygamberiň nesilleri bolan şerifler girizilipdir. Diwan Müsüriň durmuşynyň umumy meselelerine (ýokary wezipeli harbylary belläpdir, beg derejesini beripdir we başgalar) garapdyr we degişli kararlary kabul edipdir. Ülkäniň gündelik meseleleri bilen kiçi diwan meşgullanypdyr.

Paşanyň orunbasary kethuda diýlip atlandyrylyp, ol häkimiň girdejileriniň öz wagtynda we takyk ýygnalmagyna jogap berýärdi. Kethuda paşa Stambuldan gelmezinden birnäçe aý öň gelip, Müsüriň tanymal adamlaryndan, täjirlerinden paşanyň adyndan soltan üçin salgyt ýygnapdyr we şonuň 15%-ni aýlyk hökmünde özünde galdyrypdyr. Paşanyň ýanynda onuň özüniň we Osman döwletiniň möhürnini saklaýan ýörite gullukçyşy, terjimeçiler bolupdyrlar. Osmanly gullukçylary arap diline

suwara däldiler ýa-da düýbünden bilmändirler, dolandyryş işleri bolsa türkiçe alnyp barlypdyr.

Diwanda şeýh ul-baladyň wezipesi uly ähmiýete eýe bolupdyr. Bu wezipäni adatça iň täsirli mamlýuk begi eýeleýärdi. Şeýh ul-balad diwanyň kararlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýärdi. Diwanyň mürzeleri (diwan efendi) paşanyň özi bilen Stambuldan gelipdirler. Diwan efendi 4-5 adamdan ybarat bolan mürzeler toparynyň işine ýolbaşçylyk edip, diwanyň beýanlaryny ýöretmek, Stambuldan gelýän permanlary göçurmek, diwanyň kabul edýän kararlaryny ýazmak bilen meşgullanypdyr.

Müsürde hazynanyň işi depderdar tarapyndan ýöredilipdir. XVI asyryň ahyrlarynda bu wezipe mamlýuk begleriniň eline geçýär. Hazynada ruznamaçynyň wezipesi hem ähmiýetlidi. Ol girdejilere we çykdajylara gözegçilik edipdir.

Müsüri soltan tarapyndan bellenilýän türk paşalary dolandyrsada, ýerli mamlük begleriniň täsiri hem ulydy. Mälim bolşy ýaly, mamlýuklar XIII asyryň ortalarynda Müsürde häkimiýeti ele alan türkmen, türki we kawkazly halklardan bolan tanymal harbylaryň nesilleridi. Olar asyrlaryň geçmegi bilen araplaşypdyrlar, emma müsürliler bilen goşulman, özleriniň aýratyn gatlagyny döredipdirler. XVIII asyryň ahyrlarynda mamlýuk begleriniň sany 12 müň adama ýetipdir. Olaryň 500-600, käbirleriniň bolsa birnäçe müňlük goşunlary bolupdyr. Emma beg derejesi nesilden-nesle geçmändir, şonuň üçin hem begler şu derejä öz dalaşgärklerini hödürläpdirler.

Mamlýuklar müsür diwanynda uly ähmiýete eýe bolmak bilen türk paşalarynyň buýruklaryny ýerine ýetirmändirler, göwünlerine ýaramadyk paşany bolsa häkimiýertden çetleşdiripdirler. 1747-nji ýylda mamlýuk Ybraýym Kiahiýa diwanda şeýh ul-balad wezipesini eýeleýär. Ol tanymal müsürli begzadalaryň emläklerini ellerinden alyp,

ülkäniň iň täsirli adamlaryň birine öwrülýär. Osmanly soltany Ybraýym Kiahiýany ýok etmek üçin Müsüre yzly-yzyna üç paşa belleýär, emma tabynlygynda 2 müň sany mamlýugy bolan bu bege çäre tapylmaýar.

XVIII asyryň 60-njy ýyllarynda Müsüriň syýasy sahnasyna mamlük Aly beg peýda bolýar. Ol Müsürdäki türk goşunlarynyň we olara tölenýän hak-heşdegiň möçberini ep-esli azaldýar. Soltan her hili ýollar bilen ony ýok etmäge çalşypdyr. Emma soltan tarapyndan bellenilen türk paşasy ony ýok edip bilmeýär. 1766-njy ýylda Aly beg özüni Müsüriň soltany diýip yglan edýär. Aly beg tabynlygyndaky mamlýuklaryň sanyny 6 müňe ýetirýär. Aly beg osmanly soltanynyň duşmanlary bilen gatnaşyklary açyp, 1771-nji ýylda onuň Palestinadaky mülklerine, Siriýa çozuşlary guraýar. Emma soltan goşunlaryna Aly begi ýeňmek we ony tussag etmek başardýar. Ỳesir alnan Aly beg Müsüre getirilýär we şol ýerde-de aradan çykýar.

1775-nji ýylda Müsüriň paşalygy mamlýuk Myrat bege berilýär. Myrat beg Ybraýym beg bilen bileleşip Müsürde hojaýynçylyk edýän mamlýuk beglerine garşy çykyş edýärler. Olar öz garşydaşlaryndan üstün çykyp, Müsüriň dolandyryş ulgamynyň ähli wezipelerini öz adamlarynyň arasynda paýlaýarlar. Olaryň dolandyran ýyllarynda Müsürde eden-etdilikler hokum sürüpdir, soltan hazynasyna salgytlar iberilmändir. Mamlýuklar Osman imperiýasynyň we Müsüriň bähbitleriniň tersine imperiýanyň garşydaşlary bolan Awstriýa, Fransiýa, Russiýa bilen gatnaşyklary ýola goýmaga, bu ýurtlary Müsüriň içinbe goýermäge çalyşýarlar.

1786-njy ýylda soltan Myrat begiň hem-de Ybraýym begiň eden-etdilikleriniň soňuna çykmak üçin Müsüre goşun iberýär. Aleksandriýada düşürilen türk goşunlary mamlýuklary derbi-dagyn edip, Myrat begi we Ybraýym

begi Ýokarky Müsüre gaçyp gitmäge mejbur edýär. Osmanly goşunlary Kairi eýeländen soň şäherde asuda durmuş ýola goýulýar, Müsüriň dolandyryş ulgamyna täze adamlar bellenilýär. Şundan soň türk goşunlary Ýokarky Müsüre ugradylýar. Bu ýerde türk goşunlarynyň serkerdesi Myrat beg hem-de Ybraýym beg bilen ylalaşyk baglaşyp, iki beg Ýokarky Müsürde galmaly we ýygnalýan salgytlara eýe bolmaly diýlip ylalaşylýar. Emma 1791-nji ýylda Myrat beg bilen Ybraýym beg ylalaşygy bozup ýene-de Kaire dolanyp gelýärler we garşydaşlaryny agdaryp, tä fransuzlar Müsüre gelýänçä möhüm wezipeleri öz ellerinde saklaýarlar.

**Napoleon Bonapartyň Müsüre ýörişi.** XVIII asyrda Müsür goňşy döwletler bilen işjeň söwda gatnaşyklaryny alyp barýardy. Aleksandriýada we Palestinanyň Müsür bilen ýanaşyk kenarýaka şäherlerinde daşary ýurt konsullyklary, söwda wekilhanalary hereket edýärdi. Söwda işlerinde ýewropalylar osman soltanlary tarapyndan berlen giň hukuklardan peýdalanýardylar. Fransiýa XVIII asyryň ahyrlarynda Müsürde ornaşmaga dalaş edýän döwletleriň iň täsirlisidi. Fransuz işewürleri Müsüre senagat harytlarynyň satylýan bazary, Fransiýany azyk önümleri, çig mallar bilen üpjün edip biljek ýurt hökmünde seredýärdiler.

1797-nji ýylda Napoleon Direktoriýa Müsüre garşy guraljak harby ýörişin meýilnamasyny teklip edýär. Harby ýörişi guramak üçin juda amatly wagt saýlanyp alnypdy, sebäbi Russiýa bilen alnyp barlan uruşlar Osman imperiýasyny gowşadypdy. Ýewropadaky meseleler bilen gümra bolup ýören Russiýa, Prussiýa we Angliýa müsür meselesine gatyşyp biljek däldiler.

Müsüre garşy ýöriş gizlinlikde geçirilmelidi. Angliýa Napoleonyň Britan adalaryna çozuşlaryna garaşýardy we öz kenarlaryny howlukmaçlyk bilen berkidýärdi. Admiral

Nelsonyň serkerdeligindäki iňlis floty bolsa Ortaýer deňzindäki Gibraltar bogazynyň goragynda durýardy.

1798-nji ýylyň aprelinde Napoleon fransuz Gündogar goşunlarynyň baş serkerdeligine bellenilýär. Maý aýynda 38 müňlik goşun Günorta Fransiýanyň we Italiýanyň portlaryndan çykyp Müsüre tarap ugraýar. Müsüriň Aleksandriýa portuna gelip Napoleon goşunlaryny gury ýere düşürmäge girişýär. Ỳerli ilatyň berk garşylyk görkezendigine garamazdan 2-nji iýulda Aleksandriýa fransuzlar tarapyndan eýelenilýär. Şäherlileri öz tarapyna çekmek maksady bilen Napoleon Aleksandriýada ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasyny döredýär. Onuň düzümine ýerli halkdan bolan tanymal adamlar girizilýär. Dolandyryş işleri şäheriň öňki häkimi Muhammet al-Kuraýime, kazyýeti bolsa şyh Muhammet al-Masirä tabşyrylýar. Napoleon Aleksandriýanyň ilatyny asudalyga çagyrypdyr, olaryň dinlerine degilmejekdigine, däp-dessurlaryna päsgel berilmejekdigine söz berýär.

Napoleon Kaýirdäki türk paşasyna hat ýazyp, Müsürde osman soltanynyň häkimiýetini dikeltmäge kömek etjekdigini we häkimniýeti bikanun eýelän mamlýuk beglerine berk çäre görkezjekdigini ynandyrýar. Emma fransuzlaryň Aleksandriýany eýeländiklerini eşidip, Ybraýym beg Kairiň ähli mamlýuklaryny, ulamalaryny we kazylaryny ýygnap mejlis geçirýär. Mejlisde Myrat begiň serkerdeliginde goşun düzmek we fransuzlary Kairiň eteginde garşylamak karar edilýär.

1798-nji ýylyň 21-nji iýulynda piramidalaryň golaýynda müsürliler bilen fransuzlaryň arasynda Kairiň hem-de tutuş Müsüriň ykbalyny çözen aýgytly söweş bolup geçýär. Mamlýuklaryň atly goşuny derbi-dagyn edilýär, Myrat beg goşunlarynyň aman galan bölegi bilen Ỳokarky Müsüre gaçyp gidýär. Kairiň gurply adamlary şäheri taşlap gaçýarlar. Ybraýym beg hem öz mamlýuklary bilen Siriýa

gidýär. Kairden soň fransuzlar Deltadaky Kalýub, Minuf, al-Kubru ýaly şäherleri eýeleýärler. Sentýabr aýynda Bonapart tarapyndan Kairde «uly diwan» döredilip, onuň düzümine üç musulman şyhy, üç söwdegär, üç oba şyhy, bir fellah (daýhan) we bir beduin (çarwa) girizilýär. Şeýle dolandyryş edaralary welaýatlarda-da döredilýär. Emma diwanlaryň ygtyýarlyklary çäkli bolupdyr we olar diňe gözegçilik işleri bilen meşgullanypdyrlar.

Müsür eýelenilenden soň fransuzlar öňki salgyt ulgamyny saklap galypdyrlar, köp sanly mamlýuklaryň emläkleri konfiskasiýa edilip, söwdagärler we senetçiler üçin ýörite ygtyýarnamalar (patent) girizilipdir. Elbetde, mamlýuklaryň hökümdarlygy bilen deňeşdirilende, fransuzlaryň agalygy müsürlilere ep-esli ýeňil düşüpdir. Bikanun salgyt ýygnamaklyk, söwdagärleri, senetçileri çökerýän çökder salgytlar ýatyrylypdyr. Emma täze hojaýynlar hem haklaryny gidermändir: 40 aýlap dowam eden fransuz agalygy döwründe fransuz hazynasy Müsürden 80 million frank girdeýji alypdyr.

Müsüriň halky ýurduň kese ýerliler tarapyndan basylyp alynmagy bilen ylalaşmak islemändirler. Ỳurduň dürli ýerlerinde şäher we oba ilatynyň, mamlýuk begleriniň çykyşlary bolup geçýärdi. 1798-nji ýylyň awgustynda admiral Nelsonyň iňlis eskadrasy Aleksandriýadan uzak bolmadyk Abukir aýlagynda duran fransuz gämileriniň üstüne çozuş geçirýär. Fransuzlaryň 15 gämisinden diňe 4-sine gaçyp sypmak we Malta aşmak başardýar. Iňlisleriň fransuz flotunyň üstünden gazanan ýeňşi Müsüriň dürli ýerlerinde gozgalaňlaryň gaýtadan güýçlenmegine getirýär. 1798-nji ýylyň sentýabr-oktýabr aýlarynda al-Mansurda, Kairde gozgalaňlar bolup geçýär. Napoleon gozgalaňlary basyp ýatyrypdyr, ýöne şunuň bilen bir hatarda, ol müsürlileri asudalyga çagyrypdyr, Myrat begiň

goşunyndaky alban, türk, hristian esgerlerine günä geçişlik yglan edipdir.

Kairdäki gozgalaň basylyp ýatyrylandan soň Napoleon şäheri berkidip ugraýar. Ähli fransuzlar aýratyn bir mähellä göçürilýär, türklerden, sudanlylardan, ýaş mamlýuklardan goşmaça goşun bölümleri döredilýär.

1799-njy ýylda Napoleon Müsüre garşy süýşüp gelýän soltan goşunlaryny garşylamak üçin Siriýa ýörişe başlaýar. Fransuzlar Al-Arişi, Gazany, Ỳaffany, Haýfany eýeleýärler. Damask paşasy tarapyndan ugradylan 20-müňlük mamlýuk goşuny ýeňlişe sezewar edilýär. Emma Akkanyň eteginde fransuzlaryň mundan beýläk öňe süýşmekleriniň öňi alynýar. 1799-njy ýylyň maýynda Napoleon ömründe ilkinji gezek yza – Müsüre çekilmäge mejbur bolýar. Tiz wagtdan ol öz ornuna general Kleberi goýup Fransiýa gidýär.

1800-nji ýylda Kleber al-Ariş şäherinde osmanly hökümetiniň beýik weziri bilen konwensiýa baglaşyp, 90 günüň dowamynda Müsürden çykyp gitmäge razylyk berýär. Emma wakalaryň ösüşi fransuzlara Müsürden çykyp gitmäge mümkinçilik bermändir. Sebäbi iňlisler, osmanlylar we ruslar fransuzlary ýesir almagy maksat edinipdirler. Şol sebäpden hem Kleber ähli fransuz gşunlaryny Kairde jemleýär we paýtagta hüjüm edýän türk goşunlaryna garşy täzeden söweş hereketlerine başlaýar. Uruş hereketleri bilen bir hatarda Ỳokarky Müsürde we Kairde fransuzlara garşy gozgalaňlar gaýtadan başlaýar.

1800-nji ýylyň iýulynda Kleber öldürilýär, onuň ornuna bolsa general Menu geçýär. General Menu Müsüri Fransiyanyň koloniýasy diýip yglan edýär. 1801-nji ýylyň martynda Abukirde iňlis goşunlary düşürilýär. Bu goşunlar Aleksandriýany gabap, Kaire tarap ugraýarlar. Iňlis goşunlary bilen bir wagtda Müsüre osmanly goşunlary hem girýär. Fransuzlara garşy Ỳokarky Müsüriň mamlýuklary

hem söweşe başlaýarlar. Şeýle şertlerde, general Menunyň goşunlary boýun egmäge mejbur bolýar. 1801-nji ýylyň sentýabrynda fransuz goşunlary Müsürden çykyp gidýär.

## § 6. Müsür Muhammet Alynyň dolandyran ýyllarynda

**Müsürde häkimiýet başyna Muhammet Alynyň gelmegi**. Türkiýe bilen Fransiýanyň arasynda baglaşylan deslapky şertnama boýunça Müsür Osman imperiýasynyň tabynlygynda galdyrylýar. Emma osmanly soltany Müsürde dolandyryşy doly ele almaga ýetişmändir. Sebäbi ýurtdaky häkimiýeti mamlýuklar almaga dyrjaşýardylar. 1802-nji ýylda Müsüre iberilen türk goşunlary mamlýuklara garşy söweş hereketlerine başlaýar, ýöne olary boýun egdirmek başartmaýar. 1803-nji ýylyň maýynda Kair mamlýuklaryň we polkownik Muhammet Alynyň serkerdeligindäki türk goşunlarynyň alban ojagynyň (korpus) birleşen güýçleri tarapyndan eýelenilýär. Osmanlylaryň 1804-nji ýylda mamlýuklary boýun egdirmäge eden synanşyklary hem şowsuz tamamlanýar. Netijede Müsürde dolandyryşy amala aşyrmak üçin Muhammet Alynyň we iki sany mamlýuk beginiň gatnaşmagynda ýörite adara döredilýär.

Emma Müsüriň halky mamlýuklaryň häkimiýetiniň dikeldilmegini islemändir we Kairde, ýurduň beýleki şäherlerinde gozgalaňlar turýar. Şeýle şertlerde alban ojagynyň serkerdesi Muhammet Aly gozgalaň turzan halky goldap çykyş edýär we mamlýuklary yzarlap başlaýar. Türk paşasy Kaire dolanyp gelýär, Muhammet Aly bolsa onuň orunbasarlygyna bellenilýär. Emma Kairiň ilaty türk paşasynyň häkimiýetini ykrar etmek islemeýär, şol sebäpden hem 1805-nji ýylda paşa-da ýurtdan kowulýar. Kairiň ulamalarynyň we baý täjirleriniň goldamagynda

Muhammet Aly (1805-1849) Müsüriň paşasyna öwrülýär. Osmanly soltany Muhammet Alyny özüniň Müsürdäki dikmesi hökmünde ykrar etmäge mejbur bolýar.

1807-nji ýylyň iňlis-osmanly urşy döwründe iňlisler Aleksandriýada we Rozettada goşun düşürip Müsüri eýelemäge synanyşýarlar. Emma Muhammet Aly öz goşunlaryny we Müsüriň ilatyny aýa galdyryp iňlisleri ýeňlişe sezewar edýär. Muhammet Aly mamlýuk beglerine garşy göreşleri güýçlendiripdir. 1808-nji ýylda mamlýuklaryň uly topalaňy basylyp ýatyrylýar. 1811-nji ýyda Muhammet Aly tanymal mamlýuklaryň köp sanlysyny ýok edýär, olaryň ençemesi bolsa Müsürden gaçyp gidýär.

Muhammet Aly Müsüriň tanymal din adamlaryny hem öz häkimiýetine tabyn edipdir, olaryň boýun egmek islemeýänlerini bolsa tussag edýär. 1808-nji ýylda «Al-Azhar» uniwersitetiniň rektory, şerif (Pygamberiň nesilleriniň ýaşulysy), hanafi kanunçylyk mekdebiniň baş müftüsi tussag edilýär. 1812-nji ýylda Muhammet Aly Ỳokarky Müsürdäki ähli ýarym garaşsyz mamlýuk begliklerini ýatyrýar. Şeýlelikde, Muhammet Aly Müsüriň ýeke-täk we doly ygtyýarly hökümdaryna öwrülýär. Ol Müsüri ykdysady we syýasy taýdan garaşsyz döwlete öwürmegi, munuň üçin düýpli özgertmeleri amala aşyrmagy öz öňünde maksat edip goýýar.

**Muhammet Alynyň özgertmeleri.** Muhammet Alynyň hökümetiniň durmuşa geçiren özgertmeleriniň ilkinjisi oba hojalygyny üýtgedip guramaga gönükdirilipdir. Agrar özgertmeleri 1808-nji ýylda döwlete salgyt tölemeýän multazimleriň[1] ekerançylyk ýerlerini hasaba almakdan

---

[1] Multazimler (iltizam) – musulman ỳurtlarynda, şol sanda Müsürde hem, döwletden salgyt ỳygnamak hukugyny satyn alỳan adamlar şeỳle atlandyrylypdyr. Olar aỳry-aỳry ỳerlerden gelỳän salgytlary bir ỳa-da birnäçe ỳyl öňünden öz jübilerinden töläp, salgyt ỳygnamak hukugyna

başlady. Multazimleriň ýerleri konfiskasiýa edilýär we olaryň elinden alnan ýerler Muhammet Alynyň tarapdarlarynyň arasynda paýlanylýar. Wakf ýerlerine, iri mülkdarlaryň we oba jemagatlarynyň elinden alan ýerlerine salgyt salnyp ugraýar. Ulamalar wakf ýerleriniň alynmagyna närazylyk bildiripdirler, emma Muhammet Aly olaryň garşylygyny kynçylyksyz syndyrypdyr. 1812-nji ýylda mamlýuk begleriniň ygtyýaryndaky ähli ýerler konfnskasiýa edilýär.

1813-nji ýylda ýerleri hasaba almak we salgyt ulgamyny üýtgetmek bilen baglanyşykly işler geçirilip ugraýar. Müsüriň hemme ýerinden çagyrylyp getirilen oba şyhlaryndan (kethuda) ýörite iş toparlary döredilip, olaryň işine ýewropaly hünärmenler hem gatnaşypdyrlar. Gözboýagçylyk bolmaz ýaly, iş toparlarynyň düzümindäki Aşaky we Ýokarky Müsürden bolan şyhlaryň ýerleri çalşyrylypdyr. Geçirilen işleriň netijesinde ähli ekerançylyk ýerleri hasaba alnypdyr we Müsürde ýeke-täk ýer ölçegi - feddan[2] girizilýär. Her bir daýhan hojalygyna 3-5 feddan ýer bölünip berlipdir we ýeriň hiline görä ýer eýesi her feddandan 10-15 real salgyt tölemäge borçlandyrylypdyr. Ähli goşmaça isalgytlar, ýygymlar, borçlar ýatyrylypdyr.

1814-nji ýylyň permany bilen mültazimleriň ýeri döwletiň haýryna geçirilýär, olar fellahlaryň üstünden hojaýynçylyk etmekden, kazylyk we salgyt ýygnamak hukugyndan we oba jemagatynyň işine baştutanlyk etmekden, daýhanlary öz peýdalaryna mugt işletmekden mahrum edilipdir. Salgytlaryň ýygnalmagyndan galýan

---

eỳe bolỳardylar. Ỳer eỳeleri hökmünde, multazimler daỳhanlardan çökder salgytlary ỳygnap, çykaran çykdajylaryndan birnäçe esse köp girdeji alỳardylar.

[2] 1 feddan – 0,42 ga.

paýyň ornuna iri ýer eýelerine döwlet tarapyndan pensiýa bellenilipdir, ýöne pensiýalar nesilden-nesle geçmändir.

Wakf ýerlerini we emläkleri barlmak işi hem tamamlanýar, eger-de, wakfa güwä geçýän resminama görkezilmese, şeýle ýerler bikanun eýelenilen ýerler diýlip hasap edilip, döwletiň haýryna geçirilipdir. Wakf ýerlerine takyk ölçegdäki salgyt salnypdyr. Metjitleri, medresileri, keselhanalary, ýatakhanalary we beýleki haýyr-sahawat edaralaryny saklamak bilen baglanyşykly çykdajylar döwlet büjetine geçirilipdir. Ulamalar hem edil multazimler ýaly döwlet tarapyndan pensiýa alyp başlaýarlar.

Geçirilen özgertmeleriň netijesinde 1821-1831-nji ýyllarda döwlet salgytlaryndan gelýän girdeji iki esse artypdyr. Muhammet Alynyň döwründe fellahlaryň ýagdaýy düýpli üýtgedi: hiç bir adam arçynyň rugsady bolmasa obadan çykyp gidip bilmändir. Gaçgak daýhanlary tutup getirmek bilen baglanyşykly gözleg işleri geçirilipdir we şunda diňe bir bir gaçgagyň oba arçynyny däl, eýsem onuň gaçyp baran obasynyň arçynyna hem temmi berlipdir.

Oba hojalyk pudagynda geçirilen özgertmeleriň çäkli bolandygyna garamazdan, olar öndüriji güýçleriň ösüşine oňaýly täsir edipdir, müsürli daýhanlaryň ýagdaýyny ýeňilleşdiripdir. Döwlet haryt önümçiligini höweslendiripdir, munuň üçin suwaryş ulgamyny ösdüripdir. Ýurtda köp sanly ýaplar gazylypdyr, Kairiň golaýynda Nil derýasynda ilkinji bent gurlupdyr. Ýurtda pagtanyň, tüwüniň, indigonyň[1] öndürilişi artypdyr. Öndürilýän oba hojalyk önümlerine hökümet tarapyndan kesgitli nyrh girizilýär. Mysal üçin, 1 kantar[2] pagta daýhandan 200 piastra satyn alnan bolsa, eksporta ugradylanda 580-600 piastr baha kesilipdir.

---

[1] Boýag alynýan gyrymsy ösümlik.

[2] 1 kantar – 45 kilograma golaý.

Muhammet Alynyň döwründe senagat kärhanalarynyň, manufaktura kärhanalarynyň gurluşygy giň gerime eýe bolýar. Şeýle kärhanalaryň köpüsi Muhammet Alynyň we onuň garyndaşlaryna degişli bolupdyr. 1818-nji ýylda ilkinji döwlet fabrigi gurulýar. Şondan soň her ýylda täze-täze fabrikler açylyp ulanylmaga berlipdir. Bulak şäheri Müsüriň iri senagat merkezine öwrülýär. Müsürde pagtaçylyk pudagynyň ösmegi dokma fabrikleriniň sanynyň artmagyna getirýär. Ýurtda ýüpek, nah, ýüň we zygyr matalary dokaýan fabrikleriň sany artypdyr. 1833-nji ýylda ýüpek matalarynyň satuwyndan Müsür 1 million 200 müň frank girdeýji aldy. Dokma senagaty üçin zerur enjamlar esasan Fransiýadan we Angliýadan satyn alnypdyr.

Müsürde metallurgiýa, kagyz, gant, aýna zawodlary, ok we däri öndürýän kärhanalar gurlupdyr. Emma senagat kärhanalarynyň gurluşygy senetçilik önümçiligini çökeripdir. Senetçiler zawodlara gidip hakyna tutma işçilere öwrülýärdiler. 1840-njy ýylda diňe Kairiň zawod-fabriklerinde işleýän işçileriň sany 65 müň adama ýetýär. Müsürli işçileriň iş şertleri juda agyr bolupdyr. Köp şäherlerde işçiler belli bir fabrige ýazgy edilipdir, käbir fabrikleriň işçileri kazarmada ýaşap, olar batalýonlara, rotalara bölünipdirler. Pyýada goşunyň serkerdeleriniň ýolbaşçylaryda işçiler harby okuwlara geçýärdiler.

Muhammet Aly Müsüriň hemişelik goşunyny döredýär. 1820-nji ýylda Asuanda ilkinji harby-meydan okuw merkezi döredilip, oňa münden gowrak mamlýuk ýigitleri alnypdyr. Okuwyň möhlete üç ýyla niýetlenilip, 1823-nji ýylda ýaş serkerdeleriň ilkinji goýberilişi bolýar. Şol ýyl Sennarda we Kordofanda negrlerden düzülen 30 müňlük goşun düzülýär. Emma Muhammet Aly goşuny diňe müsürlileriň özüňden – fellahlardan düzüp başlaýar. Müsüriň goşuny fransuz ustawy boýunça guralypdyr.

Hökümdar Müsüriň harby deňiz güýçlerini döretmäge-de uly üns berýär. Gämiler esasan daşary ýurtlardan satyn alnypdyr, emma ýurduň özünde-de gämi gurluşygyna üns güýçlenýär. 1831-nji ýylda Aleksandriýada 100 toply ilkinji harby gämi suwa goýberilýär. Netijede, ýurtda goşunyň her kysymy boýunça harby mekdepler, serkerdeleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak üçin harby akademiýa esaslandyrylýar. 1840-njy ýyla çenli ýurduň guryýer we deňiz goşunlarynda gulluk edýänleriň umumy sany 276 müňe ýetýär. Munuň özi Müsür ýaly geçmişde tabyn bolan ülke üçin ägirt uly güýçdi.

Muhammet Alynyň özgertmeleriniň ählisi hünärmenler meselelesini ýüze çykarypdyr. Şol sebäpden hem ol müsürli ýaş ýigitleri Ýewropa ýurtlaryna köpçülikleýin okuwa iberipdir. Fransiýada, Italiýada müsürli talyplar lukmançylygy, binagärçiligi, agranomçylygy, dag-magdan işlerini, diplomatiýany öwrenipdirler. Tiz wagtdan Müsüriň özünde dürli okuw jaýlary açylyp, olarda arap, türk we daşary ýurt dilleri, matematika, geografiýa, taryh dersleri öwrenilipdir. Ýörite orta mekdeplerinde lukmançylyk, inženerçilik, agronomçylyk, mal lukmançylygy, sazçylyk bilen baglanyşykly hünärmenler taýýarlanylypdyr. XIX asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyrlarynda ýörite orta okuw mekdeplerinde 9 müň okuwçy bilim alyp, hünär öwrenipdir. 1828-nji ýylda arap dilinde «Müsür täzelikleri» atly ilkinji gazet çykarylyp başlaýar. Ýurtda arap, pars we türk dillerinde neşir edilýän kitaplaryň sany ýyl-ýyldan artýar. Ylmyň dürli pudaklaryna degişli daşary yurt dilli edebiýat arap we türk dillerine terjime edilipdir.

Dolandyryş taýdan Müsür 7 sany welaýata bölünip, olaryň başynda Muhammet Aly tarapyndan bellenilýän häkimler durupdyr. Welaýatlar etraplara, olar hem öz gezeginde etrapçalara bölünipdir. Kair, Damýetta we

Rozetta şäherleri aýratyn ygtyýarlyklara eýe bolan häkimler tarapyndan dolandyrylypdyr.

Muhammet Alynyň Müsürde geçirýän özgertmeleri ummasyz köp adam güýçlerini we maliýe serişdelerini talap edipdir. Şol sebäpden hem bu işleri amala aşyrmaklyk ýönekeý bolmadyk şertlerde durmuşa geçirilipdir. Amal edilýän işler agyr zähmet şertleri, senetçileriň we söwdagärleriň tozmaklygy, din adamlarynyň nägilelikleri, hökümetiň geçirýän işlerine garşy gozgalaňlar bilen utgaşypdyr. Hökümet bu nägilelikleri we halk çykyşlaryny rehimsizlik bilen basyp ýatyrypdyr. Müsürli hökümdar öz öňünde maksat edip goýan ägirt uly işlerini tekepbirlik bilen dowam etdiripdir.

**Muhammet Alynyň hökümetiniň daşary syýasaty.** Muhammet Alynyň döwründe Müsür kagyz ýüzünde Osman imperiýasyna düzüminde galypdyr. Ol her ýyl osmanly soltany tarapyndan Müsüriň paşasy hökmünde tassyk edilipdir. Müsüriň metjitlerinde Juma namazynda soltanyň adyna hutba okalypdyr. Her ýyl Müsürden Stambula kesgitli mukdarda salgyt hem ugradylypdyr.


Muhammet Aly paşa

Muhammet Aly Osman imperiýasyndan garaşsyz, kuwwatly döwleti döretmäge çalyşýardy. 1811-nji ýyldan başlap ol yzygider uruşlary alyp barypdyr we 20 ýylyň dowamynda arap Gündogarynyň köp ýerlerini öz içine alýan ägirt uly döwlet döredýär. Onuň ilkinji urşy wahhabylara garşy alnyp barylýar. Sebäbi XIX asyryň başlarynda wahhabylaryň döwleti tutuş sebite uly howp salýardy. Osmanly soltanynyň teklibi bilen Muhammet Aly wahhabylara garşy uzaga çeken urşa başlaýar. 1811-1819-

njy ýyllaryň söweş hereketleriniň netijesinde müsürli hökümdar wahhabylaryň döwletini derbi-dagyn edýär we Arabystan kagyz ýüzünde ýene-de Osman imperiýasyna tabyn edilýär.

Arabystandan soň Muhammet Aly öz goşunlaryny Gündogar Sudanyň üstüne sürýär. Sudanyň mes toprakly ýerleri, baý altyn känleri, Afrikanyň dürli ýerleri bilen baglanyşýan söwda ýollary müsürli täjirleri hem özüne çekýärdi. 1820-1822-nji ýyllaryň ýörişleriniň netijesinde Muhammet Aly Gündogar Sudany eýeleýär we bu ýerler hem edil Arabystan ýaly kagyz ýüzünde Osman imperiýasynyň düzümine girizilýär. Iş ýüzünde bu ýerler hem Müsüriň gol astyna geçipdi.

1824-1827-nji ýyllarda müsürli goşunlar osmanly soltanynyň görkezmesi boýunça grekleriň gozgalaňyny basyp ýatyrmaga işjeň gatnaşýarlar. Muhammet Alynyň goşunlary Moreýany (Peloponnes), Orta Gresiýany, 1827-nji ýylda bolsa Afinyny eýeleýär. Emma grek meselesine Angliýa, Fransiýa we Russiýa goşulandan soň we 1827-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda Nawarin aýlagynda bolan deňiz söweşinde osmanly-müsür floty ýeňlişe sezewar edilenden soň, Muhammet Aly öz goşunlaryny Gresiýadan çykarýar. Gresiýa garşy uruşlaryň netijesinde Muhammet Aly Krit adasyny eýeleýär.

Imperiýanyň üstüne abanýan howp osman soltanyny ýewropa döwletlerine kömek sorap ýüz tutmaga mejbur etdi. Angliýanyň we Fransiýanyň zor salmagy netijesinde 1833-nji ýylda müsürliler tarapyndan eýelenilen Kütahýada ylalaşyk baglaşylyp, Muhammet Aly öz üstünden soltanyň häkimiýetini ykrar edýär we goşunlaryny Anadolydan çykarmaga mejbur boýar. Kütahýa ylalaşygy Osman imperiýasy bilen Müsüriň arasyny bölýän özboluşly şertnama öwrülipdi. Ylalaşyk boýunça osmanly soltany müsürli hökümdaryň Siriýa, Palestina we Kilikiýa

eýeçiligini, şeýle hem Müsüre, Arabystana, Sudana we Krite bolan hukugyny tassyk etdi.

**«Gündogar meselesiniň» ýitileşmegi. Müsür krizisi.** Muhammet Alynyň güçlenmegi osman imperiýasynyň welaýatlarynda ornaşmagy arzuw edýän ýewropa ýurtlarynyň dolandyryjylaryny ynjalykdan gaçyrdy. Şol bir wagtyň özünde-de Ýewropa döwletleri «gündogar meselesinde» haýsy hem bolsa bir döwletiň täsiriniň güýçlenmeginden hem howatyr edýärdiler. Kütahýa şertnamasy boýunça özuniň baý welaýatlaryny ýitiren Osman imperiýasynyň özi hem boýnyýogyn ýapjasyndan ar almak we ony gaýtadan tabyn etmek isleýärdi.


Hediw Ysmaýyl

Muhammet Aly 1838-nji ýylyň iňlis-türk söwda şertnamasynyň şertleriniň öz tabynlygyndaky ýerlere ýaýradylmagyna kes-kelläm garşy çykdy. Bu bolsa osmanly hökümeti bilen Müsüriň arasyndaky gapma-garşylyklary gaýtadan ýitileşdirýär. Iňlis diplomatiýasy Muhammet Alyny häkimiýetden çetleşdirmek maksady bilen Müsüriň özbaşdaklygyna aýgytly garşy çykýardy we Ýewropanyň beýleki döwletleri bilen bileleşip soltany Müsüre garşy urşa itekleýärdi.

Uruş hereketleri 1839-njy ýylda başlady. Muhammet Alynyň ogly Ybraýym paşa tarapyndan baştutanlyk edilýän müsürli goşunlar uruşda ýeňiş yzyna ýeňiş gazanýardylar. Emma Ybraýym paşa soltan bilen geleşik etmäge girişdi. Ol soltandan özüniň Müsüre we Muhammet Alynyň tabynlygyndaky beýleki ýerlere bolan mirasdarlyk hukuklarynyň tassyk edilmegini isleýärdi. Osman

imperiýasynyň bitewiligini saklamak üçin soltan Ybraýym paşanyň teklipleri bilen ylalaşmak isleýär. Emma muňa Angliýa, Fransiýa, Russiýa, Awstro-Wengriýa we Prussiýa garşy çykdylar we osmanly-müsür dawasyna işjeň gatyşyp ugradylar. Şeýle şertlerde Palestinada, Liwanda we Siriýada soltany goldap müsürlileriň agalygyna garşy gozgalaňlar hem başlady.

1840-njy ýylyň tomsunda ýewropa döwletleriniň ilçileriniň gatnaşmagynda Londonda maslahat geçirildi. Maslahatda müsür krizisini kadalaşdyrmak bilen baglanyşykly çäreler işlenilip düzüldi. Netijede ýewropa döwletleriniň adyndan Muhammet Ala ultimatum[1] berilýär we ol ret edilenden soň Angliýa, Awstralýa we Osman imperiýasy Müsüre garşy urşa başlaýarlar. Beýrutda iňlis-türk goşunlary düşürilýär. Birleşen deňiz goşunlary Palestinanyň kenaryndaky portlary gabawa alyp, kenar ýakalaryny oka tutýarlar. Müsür goşunlary yza çekilip başlady. Şol bir wagtyň özünde iňlis floty hem Aleksandriýanyň etegine ýüzüp geldi. Şeýle şertlerde Muhammet Alynyň hökümeti boýun synmaga mejbur boldy. 1840-njy ýylyň London konwensiýasyna we soltanyň 1841-nji ýylda yglan eden aýratyn permanynyň aşagyna öz goluny goýup, Muhammet Aly goşunlaryny Siriýadan, Liwandan, Kilikiýadan, Arabystandan we Kritden yzyna çagyrdy. Müsür bilen Sudan Muhammet Alynyň özüne mirasdüşer mülk edilip berildi. Muhammet Aly soltan hazynasyna salgyt ugratmagyny dowam etdirmäge, goşunlarynyň sanyny 18 müňden geçirmezlige borçlandy. Osman imperiýasynyň ýewropa ýurtlary bilen

---

[1] Ultimatum (latyn. ultimatum, sözme söz - ahryna çenli ýetirilen), halkara hukugy esasynda bir döwletiň beýleki bir döwlete, öz talaplarynyň kesgitli wagt çäginde haýal edilmän, buýtar-suýtarsyz ýerine ýetirilmegini talap edip gowşurýan diplomtik resminasy ýa-da dilden yglan edýän duýduryşy.

baglaşan ähli şertnamalarynyň güýji Müsüre-de ýaýradylýar.

**Müsür XIX asyryň 50-60-njy ýyllarynda.** Müsüriň özbaşdaklygyny gazanmaga gönükdirilen syýasaty şowsuzlyga uçranyndan soň Muhammet Aly häkimiýetini ogly Ibraýyma tabşyrýar. Ýöne üç aýdan soň Ibraýym paşa aradan çykýar. Tiz wagtdan Muhammet Alynyň özi hem ölýär. Şondan soň häkimiýet başyna Ybraýymyň ogly Abbas paşa (1849-1854) geçýär.

Abbas paşa Müsürde ýaşaýan türk, alban we asly Demirgazyk Kawkazadan bolan harby begzadalara - iri ýer eýelerine daýanypdyr. Ol syýasy garaýylarynda köneden gelýän osmançylyk däplerine eýeripdir, osmanly soltanyna ygrarlylyk bildiripdir. Abbas paşa Müsüriň durmuşyna günbataryň tejribesini ornaşdyrmagyň hem esasy garşydaşlarynyň biridi, ýöne muňa garamazdan, ol Angliýanyň täsirine tabynlyk bildiripdir. 1854-nji ýylda garşydaşlary Abbas paşanyň garşysyna dildüwüşik gurap, ony häkimiýetden agdarýarlar. Müsürde häkimiýet Muhammet Alynyň kiçi oglunyň nesilleriniň wekili Seýidiň (1854-1863) we Ysmaýylyň (1863-1879) ellerine gecýär. Olaryň dolandyran ýyllarynda Müsürde durmuş-ykdysady we syýasy häsiýetdäki özgertmeler amala aşyrylýar. Kanun esasynda gulçulyk we gul söwdasy, hristianlara salynýan jan başyna salgyt (jyza) ýatyrylýar we dinine garamazdan ähli raýatlaryň kanun öňündäki deňligi ykrar edilýär. 1858-nji ýylda kanun kabul edilip, ýerler daýhanlaryň hususy eýeçiligine berilýär. Kanun boýunça daýhanlar ýerlerini satmaga, täze ýerleri satyn almaga, zamunyna goýmaga,


Hediw Seýit

miras galdyrmaga hukuk gazanýarlar. Döwletiň peýdasyna zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeklik resmi taýdan ýatyrylýar. Emma ýer hakyndaky kanun kabul edilenden soň ýerleriň ep-esli bölegi süýthorlaryň we daşary ýurtlylaryň eline geçýär.

Salgyt özgertmesiniň çäginde önüm tabşyrmaklyk pul salgydy bilen çalşyrylýar. Öňler salgyt töläp bilmeýän daýhan üçin onuň golaý garyndaşlary jogapkärçilik çeken bolsalar, indi salgyt tölegi üçin daýhan hojalygynyň bir özi jogap beripdir.

Seýit paşa soltan hökümetinden Müsür goşunlarynyň sanyny 30 müňe çenli artdyrmaga ygtyýar berilmegini gazanýar. Seýit paşa-da, Ysmaýyl paşa-da Müsüriň Stambuldan garaşsyz bolmagy we onuň halkara hukuk ýagdaýynyň berkidilmegi ugrunda tagalla edýärdiler. Osmanly soltanynyň 1866-njy we 1867-nji ýyllarda kabul eden permanlary boýunça Müsürde häkimiýeti miras galdyrmagyň tertibi girizilýär. Müsüriň hökümdarlarynyň paşa derejesi ýatyrylyp, olary indi hediw[1] diýip atlandyrýardylar. 1867-nji ýylyň permany boýunça hediw Ysmaýyl döwletler bilen syýasy häsiýeti bolmadyk söwda we ykdysady şertnamalary baglaşmaga hukuk gazanýar.

1866-njy ýylda Kairde Wekilleriň maslahatçy ýygnagy ady bilen ýörite edara döredilýär. Ýewropa parlamentlerine çalymdaş bolan bu guramanyň maslahat beriji häsiýeti bolup, onda Müsüriň maliýe-ykdysady meseleleri ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Soltanyň aýratyn permany bilen hediwe özbaşdak daşary yurt karzlaryny almaga-da ygtyýar berilýär.

Seýidiň we Ysmaýylyň dolandyran ýyllarynda halk magaryfy we medeniýet ep-esli üstünliklere eýe bolýar. Ylmy we medeni jemgyýetler döredilýär, ilkinji opera

[1] Hediw (pars.) – hökümdar, jenap.

teatry açylýar. Metbugatyň işi janlanýar, arap we fransuz dillerinde gazetler we žurnallar neşir edilip başlaýar.

## § 7. Arap ýurtlaryna daşary ýurtlylaryň aralaşyp başlamagy

**Müsür.** 1840-njy ýylda Angliýa 1838-nji ýylda baglaşylan iňlis-türk söwda şertnmasynyň şertleriniň Müsüre, Sudana we Muhammet Alynyň öňki mülkleriniň ählisine girizilmegini gazanýar. Bu şertnama boýunça müsür, sudan we arabystan bazarlary iňlis harytlary üçin doly açylýar. Söwda işlerinde döwlet monopoliýasynyň ýatyrylandygy sebäpli müsür hökümeti ýurda getirilýän harytlaryň mukdaryny özbaşdak kesgitläp bilmeýärdi. Daşary ýurtly täjirler önüm öndürijileriň özlerinden çig mallary juda pes bahadan satyn almaga we öz ýurtlarynyň harytlaryny islendik mukdarda Müsüre getirmäge hukuk gazandylar. Netijede ýaňy kemala gelip ugran arap senagaty ýurdy arzan harytlar bilen dolduran daşary yurt, birinji nobatda iňlis işewürleriniň urgusyna duçar boldy. 1842-nji ýylda Osman imperiýasyna getirilen ňlis harytlarynyň mukdary 1840-njy ýyl bilen deňeşdirilende bir ýarym esse artdy. 1849-njy ýylda Angliýa Müsüriň daşary söwdasynda birinji orna geçdi.

Iňlis işewürleri Müsürde pagtaçylyk pudagynyň ösdürilmegine uly gyzyklanma bildirýärdiler we iňlis dokma senagatyny arzan çig maly bilen üpjün edýärdiler. 25 ýylyň içinde pagtanyň eksporty on esse artýar. Egerde, 1850-nji ýylda 365 müň kantar pagta eksport edilen bolsa, 1876-njy ýylda onuň möçberi 3 million kantardan hem geçdi. Şunuň netijesinde pagta Müsüriň esasy oba hojalyk ekinine, eksportuň bolsa esasy önümine öwrüldi. XIX asyryň ortalaryndan başlap müsür pagtasyny daşarky

bazarda satmakdan gelýän girdejiler nemes we iňlis täjirleriniň eline geçýär.

XIX asyryň ortalarynda ýerli dokma fabrikleri ýapylyp ugraýar. Muhammet Aliniň döwründe hereket eden 29 sany uly dokma fabriklerinden 1870-nji ýyla çenli diňe 3 sanysy galýar. Bu döwürde Müsüriň diňe gant senagaty belli bir derejede ösüpdir. Oňa-da dünýä bazarynda gandyň öndürilişiniň kemelmegi we bahalaryň ýokarlanmagy sebäp bolupdyr. XIX asyryň 60-njy ýyllarynda Ýamaýkada gulçulygyň ýatyrylmagy netijesinde palantasiýa hojalyklary çökýär we gandyň bahasy ýokarlanyp başlaýar. Hediw Ysmaýyl bu ýagdaýy peýdalanyp, 7 sany gant zawodyny gurdurýar. Zawodlar döwrüniň iň kämil enjamlary bilen abzallaşdyrylyp, olar ýylda 67 müň tonna gant öndüripdirler. Soňra bu zawodlar fransuz kompaniýasy tarapyndan satyn alynýar.


Ferdinand Lesseps

Ýewropalylar Müsürde girdejili pudaklary konsessiýa alyp ugraýarlar. XIX asyryň 50-nji ýyllarynda iňlisler Müsürde Kairi, Aleksandriýany we Suesi birikdirýän ilkinji demir ýoluň gurluşygyny konsessiýa alýarlar. 1869-njy ýylda iňlis kompaniýasy Müsürde telefon ulgamyny döretmek işini hem konsessiýa aldy. Iňlis maýa goýumlarynyň hasabyna Aleksandriýa suw üpjünçilik kompaniýasy döredildi. Konsessiýalary almakda fransuz kompaniýalary iňlisler bilen bäsleşýärdiler.

1854-nji ýylyň 30-njy noýabrynda Müsüriň hediwi Seýit fransuz telekeçisi Ferdinand Lessepse Ortaýer deňzini Gyzyl deňzi bilen birleşdirýän Sues kanalynyň gurluşygyna başlamaga rugsat berýär. Kanalyň gurluşygy tamamlanandan soň ol 99 ýyllap fransuzlara konsesiýa

berilmeli edilýär. Geljekki kanalyň iki kenaryndaky ýerler kompaniýa mugtuna berlipdir, Nil derýasyndan Suese çenli çekilmeli süýji suwly emeli derýä bolsa Müsüriň hasabyna gurulmaly edilýär. Bu kanalyň gurluşygyna 30 müň müsür sellahy gatnaşypdyr. Olary zor bilen işledýärdiler. Emma 1863-nji ýylda fellahlaryň mejbury işledilmegi gadagan edilýär.

Sues kanalynyň gurluşygyna Angliýa gözügidijilik bilen seredýärdi we mümkin boldugyça kanalyň gurluşygyna päsgel bermäge çalyşýardy. Angliýanyň maslahat bermegi bilen osmanly hökümeti Sues kanalynyň gurluşygynyň şertlerine gaýtadan seredilmegini gazanýar. Emma fransiýanyň hökümeti konsessiýanyň täze şertlerinden nägile bolup, gurluşygy tamamlamak üçin ýetmeýän maliýe serişdeleriniň tölenilmegini Müsürden talap edýär. 1862-nji ýylda Müsüriň hökümeti ilkinji daşary yurt karzyny almaga mejbur bolýar. XIX asyryň ägirt uly suw desgasy bolan Sues kanalynyň gurluşygy 1869-njy ýylda tamamlanýar. Gurluşygyň tamamlanmagy bilen baglanyşykly uly medeni çäreleri geçirilýär, Kairiň opera teatrynda Werdiniň «Aýida» baleti hem görkezilýär. Emma bu desga onuň eýelerine uly girdejileri getirip başlan-da bolsa, Müsür üçin tä XX asyryň ikinji ýarymyna çenli onuň ykdysady bähbidi bolmady.

**Siriýa we Liwan.** Daşary ýurt, birinji nobatda fransuz maýadarlarynyň aralaşyp ugramagy Siriýanyň we Liwanyň hojalygynyň tebigy ösüşine ýaramaz täsir etdi. Sebitiň bazarlarynyň Ýewropada öndürilýän arzan senagat harytlary bilen doldurylmagy ýerli önümçiligiň ýagdaýyny örän kynlaşdyrdy. XIX asyryň başlarynda Siriýada 50 müňe golaý dokma taralary (stanoklar) hasaba alnan bolsa, 40-njy ýyllarda olaryň sany 2,5 müňe çenli azaldy. Eksporta gidýän nah matanyň öndürilişi

ýatyp galýar. Asyryň 50-60-njy ýyllarynda ýewropalylar Liwanda we Siriýada hem öz dokma fabriklerini gurup başlaýarlar.

Ýewropaly maýadarlaryň Siriýa we Liwana aralaşyp başlamagy sebitiň şäher durmuşyna-da uly täsir edýär. Ir döwürlerden bäri öz önümleri bilen şöhratlanyp gelýän senetçilik şäherleri tozýarlar, emma söwda şäherleri, tersine, ýewropaly täjirleriň hojaýynçylyk edýändiklerine garamazdan, ep-esli ösdüler. Eksporta niýetlenilip öndürilýän oba hojalyk önümleri hem daşary yurt täjirleri tarapyndan satyn alynýardy. Ýerli täjirleriň käbirleri öz maýalaryny senagat önümçiligine goýmaga synanyşypdyrlar. Emma ýüze çykyp ugran ýerli senagat daşary yurt maýadarlarynyň bäsleşigine döz gelip bilmeýärdi, şol sebäpden hem ýerli işewürler tarapyndan esaslandyrylýan senagat kärhanalary ýa tozýardy ýa-da bolmasa daşary ýurtlylaryň eline geçýärdi.



Sues kanalynyň kosmosdan görnüşi

Ýerli täjirler çykgynsyz güne düşen senetçilik önümçiligini öz peýdalaryna ulanýardylar. Siriýaly we liwanly täjirler öý şertlerinde önüm öndürýän tozan senetçileri çig mal bilen üpjün edýärdiler we olaryň öndüren önümlerini satyp, olary özlerine tabyn edýärdiler. Önümçiligiň guralyşynyň we ýöredilişiniň şeýle bähbitsiz şertleri senetçileriň güzeranyny has-da

kynlaşdyrýar. Daşary yurt maýa goýumlarynyň Siriýa we Liwana aralaşmagy diňe söwda pudagy bilen çäklenmändir. XIX asyryň ortalarynda ýewropalylar bu ýerlerde özleriniň ýüpek egriji we pagta arassalaýjy zawodlaryny, demir ýollary gurup başlaýarlar.

Bu döwürde ýewropalylar Siriýanyň we Liwanyň içki işlerine-de gatyşyp ugraýarlar. Ýewropalylaryň Osman imperiýasynyň içki işlerine gödek gatyşmaklary netijesinde liwan meselesi, Palestinadaky mukaddes ýerleriň meselesi şol döwürlerde ýiti halkara meselesine öwrülip başlady. Bu meseleler ýewropalylara geljekde şu ýerleriň içki işlerine gatyşyp bilerler ýaly şertlerde çözülýärdi. Elbetde, soltan hökümeti özüniň Siriýadaky we Liwandaky häkimiýetini saklajak bolup, Angliýa bilen Fransiýanyň arasyndaky gapma-garşylyklary peýdalanmaga çalyşýardy.

**Arabystan.** XVIII asyryň ahyrynda Arabystana iňlisler aralaşyp ugraýarlar. 1798-nji ýylda Napoleon Bonapart bilen uruşlaryň döwründe Angliýa Maskat (Oman) soltanlygyny özüne boýun egdirdi, 1820-nji ýylda bolsa Ormuz aýlagynyň günorta we Pars aýlagynyň günorta-günbatar böleginde ýerleşýän ownuk döwletleriň şyhlaryny (hökümdarlar) şertnama baglaşmaga mejbur etdi. Bu şertnamanyň baglaşylmagy Omanyň demirgazyk kenarlaryndaky, soňra «Garakçylar kenary» diýlip atlandyrylan ýerlerde, britan protektoratçylygynyň girizilmegine getirdi. Şertnamany kabul etmedik taýpalaryň garşysyna iňlisler güýçli jeza çärelerini ulandylar.

XX asyryň başlarynda Angliýanyň Pars aýlagynda agalygyny berkarar etmäge gönükdirilen syýasatyna garşy arabystanly wahhabylar ýangynly garşylyk görkezdiler, ýöne asyryň 20-nji ýyllarynda iňlislere Pars aýlagynyň günbatar kenaryndaky birnäçe döwletleriň

üstünden protektoratçylyk düzgünini girizmek, 1839-njy ýylda bolsa Günorta Arabystandaky Aden portuny eýelemek başartdy.

Arabystandan Muhammet Alynyň müsür goşunlary çykarylandan soň Osman imperiýasy hem bu ýerde öz agalygyny dikeldip bilmedi. Diňe Hijazyň esasy şäherlerinde türk goşun bölümleri saklanyp galdy. Bu döwürde içerki Arabystanda (Nejd) üç sany emirlik: wahhabylaryň Nejd, şeýle hem Şammar bilen Kasym döwletleri döredi. Kagyz ýüzünde olar osmanlylaryň tabynlygyndadydy, hakykat ýüzünde bolsa garaşsyzdylar. Osmanlylaryň 1849-njy ýylda Ýemeni gaýtadan tabyn etmäge eden synanyşyklary hem netije bermedi.

1853-nji ýylda Angliýa Arabystan ýarym adasynyň gündogar kenarlarynda protektoratçylyk düzgünini girizdi we şol wagtdan başlap bu ýerler «Şertnamalaýyn Oman»[2] diýlip atlandyrylyp ugrady. Netijede XIX asyryň 50-nji ýyllarynda Angliýa Maskatda (Oman), Garakçylar kenarynda (Şertnamalaýyn Oman), Ormuzda, Hark adasynda, Bahreýinde we Kataryň bir böleginde agalyk ediji ýagdaýa eýe boldy. 1856-njy ýylda Maskatyň hökümdary aradan çykandan soň Angliýa onuň mülklerini iki oglunyň arasynda böldi: olaryň biri Omana, beýlekisi bolsa Zanzibara we Gündogar Afrikanyň kenarlaryna eýe boldy.

Omanda agalyga dyzaýan beýleki bir döwlet bolan Fransiýa Omanyň bölünmegine närazyçylyk bildirdi. Bu meselede ýüze çykan iňlis-fransuz jedelleri ylalaşyk bilen tamamlandy: 1862-nji ýylyň ylalaşygy boýunça Angliýa bilen Fransiýa Maskat bilen Zanzibaryň «garaşsyzlygyny» ykrar eden boldylar. Şeýlelikde, Fransiýa Omanyň bölünmegi bilen ylalaşdy, Angliýa

---

[2] Häzirki döwürde şol ýerde Birleşen Arap Emirlikleri (1971) ýerleşýär.

bolsa bu ýerleriň özbaşdaklygyny ykrar eden bolup, tiz wagtdan hem olaryň üstünden ýene-de agalygyny ýola goýdy.

XIX asyryň 50-60-njy ýyllarynda Omanda iňlisleriň dikmesi soltan Tuweýniniň (1856-1866) garşysyna gozgalaňlar bolup geçdi. Gozgalaňçylary nejdli wahhabylar hem ýakyndan goldaýardylar. Emma Angliýa soltan Tuweýnini ok-ýarag we beýleki zerur zatlar bilen üpjün edýärdi. Iňlisler Maskatdaky gozgalaňy basyp ýatyrmaga-da ýakyndan ýardam edipdirler.

1861-nji ýylda Angliýa Bahreýniň şyhynyň boýnuna-da protektoratçylyk şertnamasyny dakdy. Bu şertnama Bahreýni öz ýeri hasap edýän Osman imperiýasy bilen Eýrandaky Gajar döwletiniň garşysyna gönükdirilipdi. Omanda gozgalaňlar gidýän döwründe 1865-nji ýylda Pars aýlagyndaky iňlis wekili wahhabylaryň paýtagty er-Riýada gelýär we ýerli hökümdar bilen ylalaşyk baglaşyp, ony omanly gozgalaňçylary goldamazlyga yrýar. Angliýa hem öz gezeginde Omandan wahhabylara belli bir möçberde paç tölenilmegine ýardam edýär.

**Yrak.** XVIII asyryň ahyrlarynda Yrak hem Osman imperiýasynyň düzümindedi. Yragy osmanly soltanlary tarapyndan bellenilýän gruzin külemenleri[1] dolandyrýardylar. Nesilşalygy Beýik Süleýman esaslandyrypdyr we ol 1780-1812-nji ýyllarda soltanlara boýun egmän Yragy bir özi dolandyrýar. Süleýman paşa ölenden soň häkimiýete onuň ogly Seýit paşa (1812-1817) gelýär. Onuň dolandyran ýyllary özara uruşlar bilen geçýär. 1817-nji ýylda onuň ornuna gruzin Dawut paşa (1817-1831) gelýär. Dawudy şindi oglanjykka Beýik Süleýmana satyn alypdyr, soň ol hojaýynyň kätibi bolup

[1]Külemenler – Yslam dinine uýdurylan akýagyz gullar, mamlýuklar. Olar yrak goşunlarynyň saýlantgy bölegini düzýärdiler. Külemenleriň nesilşalygy Yragy 1780-1831-nji ýyllarda dolandyrdy.

işleýär we onuň gyzyna öýlenýär. Dawut paşa öz töweregine Yragyň täsirli din wekillerini hem-de külemenleri ýygnap osmanlylardan özbaşdak syýasat ýöredip ugraýar. Müsüriň hökümdary Muhammet Aly ýaly Dawut paşa hem Yrakda köp özgertmeleri amala aşyrýar. Ol Yrakda söwda edýän daşary yurt täjirleriniň ähli ýeňilliklerini ellerinden alyp, olara agyr gümrük paçlaryny salypdyr. Iňlis Ost-Hindistan kompaniýasy Dawut paşanyň hereketlerinden nägile bolup, öz gämilerini Şatt el-Arab derýasyna salýar we Bagdat bilen Basranyň arasyndaky derýa ýoluny kesýär. Yragyň hökümdary muňa jogap edip, bu kompaniýanyň harytlaryny konfiskasiýa edýär we onuň Bagdatdaky edarasayny gabaýar. Ost-Hindistan kompaniýasynyň ähli edaralary ýapylyp, onuň gullukçylary Yrakdan çykarylýar. Kompaniýa hem öz gezeginde Yragyň garşysyna deňiz gabawuny girizýär, bu bolsa ýurda harytlaryň getirilmegini we ýerli harytlaryň çykarylyşyny bökdeýär. Kompaniýa bilen Dawut paşanyň arasyndaky gapma-garşylyklar Ost-Hindistan kompaniýasynyň söwda ýeňillikleriniň gaýtadan dikeldilmegi bilen tamamlanýar.

Dawut paşa yrakly kürt begleriniň çykyşlaryna garşy göreşleri alyp barypdyr. Kürtleri Eýranyň hökümdarlary bolan gajarlar goldaýardylar. 1821-nji ýylda Dawut paşa Kürdüstanyň gajarlar tarapyndan bellenilen beginiň garşysyna ýöriş geçirýär. Emma Dawudyň goşunlary kürt beginiň hem-de gajar goşunlarynyň bilelikdäki hereketleri netijesinde ýeňlişe sezewar edilýär. Muňa jogap edip Dawut paşa Yrakda ýaşaýan şygalaryň garşysyna jeza çärelerini geçirýär. Yrakly paşanyň hereketleri 1821-1823-nji ýyllaryň osmanly-gajar urşunyň sebäpleriniň biri boldy. 1823-nji ýylda baglaşylan Erzerum şertnamasy boýunça Yrak Kürdüstany Osman imperiýasynyň çäginde galdy.

Gajarlar bilen alnyp barlan uruşlar Dawut paşa ýewropa nusgasyndaky goşuny döretmäge iterýär. Täze döredilen goşunlara daşary ýurtly, birinji nobatda iňlis harby hünärmenleri tarapyndan gowy tälim berlipdir. Dawut paşanyň goşunlary häzirki zaman toplary we beýleki ýaraglar bilen üpjün edilipdir, Bagdatda güýçli gorhana döredilýär.

Osman imperiýasynyň 1828-1829-njy ýylaryň rus-türk urşunda ýeňilmeginden peýdalanyp, Dawut paşa Yragyň garaşsyzlygyny gazanmagy niýet edinýär. Yragyň hökümdary Osman imperiýasynyň Adrianopol şertnamasy boýunça Russiýa tölemeli kontribusiýasynyň bir bölegini tölemekden boýun gaçyrýar. Soltan ony topalaňçy diýip yglan edýär we 1830-njy ýylda onuň garşysyna Halabyň häkiminiň baştutanlygyndaky osmanly goşunlaryny ugradýar. Osmanly goşunlary Yragy eýeläp, Dawut paşany agdarýarlar, külemenleriň häkimiýetini bolsa ýatyrýarlar.

Osman imperiýasynda tanzimat döwründe amala aşyrylan özgertmeler Yraga-da öz täsirini ýetirýär. Bu döwürde salgyt ýygnamak hukugyny satyn almak düzgüni ýatyrylýar, döwlet dolandyryş edarasynyň işi ep-esli kämilleşdirilýär. Ýurduň hojalyk durmuşynda-da ilerlemeler bolup geçýär: ekin meýdanlary, söwda işleri giňeýär, senetçilik önümçiligi ösýär. 1869-njy ýylda meşhur osmanly döwlet işgäri Midhat paşa Yragyň häkimligine bellenilýär.  Gysga döwrüň içinde Midhat paşa Yrakda örän köp işleri amala aşyrýar. Onuň hut özüniň başlangyçlary bilen Basrada gämi gurluşyk kärhanasyny easalandyrýar,  Yragy Stambul we London bilen birleşdirýän gämi gatnawy ýola goýulýar, demir ýol gurluşygy başlaýar. Midhat paşa taýpalaryň ýygynlaryny ýatyrýar we olaryň ýaraglaryny ellerinden alyp, çarwalary osmanly goşunlarynda gulluk etmäge mejbur edýär.

XIX asyryň 60-njy ýyllarynda Yrakda iňlis işewürleri uly işleri alyp barypdyrlar. Linçiň iňlis kompaniýasy Tigr derýasy boýunça Bagdat bilen Basranyň aralygynda gatnawy ýola goýýar. Basra bilen Pars aýlagynyň we Hindistanyň kenarlaryndaky, şeýle hem Sues kanaly ulanylmaga berlenden soň Gyzyl deňziniň kenarlaryndaky portlaryň arasynda hemişelik gatnaw ýola goýulýar. Bu döwürde iňlisler Yragyň üstünden Kalkutta bilen Londony birleşdirýän telegraf ulgamyny geçirýärler. Netijede XIX asyryň soňky çärýeginde Yrak Osman imperiýasynyň beýleki mülkleri ýaly dünýä hojalyk gatnaşyklaryna giňişleýin çekilip ugraýar.

**Tunis.** XVIII asyryň başlarynda Tunisde Hüseýniler nesilşalygyndan (1705-1957) bolan beýleriň (beg) häkimiýeti esaslandyrylýar. Tunisiň hökümdarlary hem özlerini Osman soltanynyň ýapjalary hasap edýärdiler. Olara soltan hökümeti tarapyndan giň ygtyýarlyklar berlipdir. Osman imperiýasynyň gowşamagy bilen XIX asyryň 20-nji ýyllarynda tunis bazary daşary yurt harytlary bilen doldurylypdyr. Şunuň netijesinde Tunisiň ýewropa ýurtlaryna, öňi bilen hem Fransiýa tabynlygy güýçlenýär. 1829-njy ýylda Tunisiň maliýe ulgamy çuň krizise düşýär. Şondan bir ýyl geçensoň Tunis Fransiýa bilen şertnama baglaşyp, fransuz raýatlaryna Tunisde söwda işlerini erkin alyp barmaga, erkin hereket etmäge hukuk berilýär.

1836-njy ýylda osmanly hökümeti Tunisiň Fransiýa garaşlylygyny aradan aýyrmak üçin Tunisiň kenarlaryna öz harby-deňiz güýçlerini iberýär. Emma fransuz deňiz goşunlary osmanly flotuny Tunisiň portlaryna goýbermeýär. Fransuzlaryň harby-syýasy we ykdysady taýdan zor salmagy Tunisiň beýlerini ýurtda özgertmeleri geçirmäge itekleýär. Özgertmeleriň çäginde ýanyçar ojaklary ýatyrylyp, täze goşun bölümleri, harby

mekdepler döredilýär. 1861-nji ýylda Tunisiň ilkinji konstitusiýasy yglan edilýär, salgyt we kazyýet ulgamlaryny kämilleşdirmek, demir ýollary, portlary, telegraf ulgamyny gurmak göz öňünde tutulýar.

Bu döwürde Tunis bilen gatnaşyklarda Angliýa aýratyn işjeňlik görkezýärdi. Iňlislere demir ýol gurluşygyny, farnsuzlara bolsa telegraf ulgamlaryny konsessiýa almak başardýar. Bulardan başga-da daşary ýurtlylar Tunisde ýer mülklerini edinmäge-de hukuk gazanýarlar. Ýewropa banklary Tunisi ýokary göterimli karzlary almaga mejbur edipdirler. Tunisiň hökümeti hem haýsy hem bolsa bir ýurduň banklaryna bagly bolmajak bolup, dürli ýurtlaryň banklaryndan karzlary alýardylar. Bu bolsa ýurduň ýewropalylara baglylygyny has hem güýçlendirýär. 1867-nji ýylda bergileriň artmagy netijesinde Tunisiň maliýe ulgamy ikinji gezek çuň krizise düşýär. Şunuň netijesinde 1869-njy ýylda Tunisiň bergilerini üzdürmek boýunça Angliýanyň, Fransiýanyň we Italiýanyň wekillerinden halkara maliýe iş topary döredilýär. Şeýlelikde, Tunis ýewropa ýurtlarynyň, aýratyn hem Fransiýanyň täsirine gutarnykly düşýär.

**Alžir.** Alžir hem XVI asyryň ahyrlaryndan bäri osmanly soltanlarynyň mülkidi. Osmanly hökümdarlary tarapyndan Alžiriň dolandyryjylary bolan deýlere[1] hem giň ygtyýarlyklar berlipdi. Ýurt dolandyryş-çäk gurluşy boýunça dört sany welaýata bölünip olaryň her birini beý dolandyrýardy.

Alžiriň Ortaýer deňzinde agalyk edýän güýçli floty bardy. XVI asyrdan bäri Alžir ýewropa we beýleki döwletler bilen diplomatik gatnaşyklary alyp barýardy. Asyryň 30-njy ýyllarynda Alžir Fransiýa bilen şertnama

---

[1] XVI asyryň ahyrlaryndan -1705-nji ýyla çenli Tunisiň, 1609-1711-nji ýyllarda Tripoliniň (Liwiýa), 1711-1830-njy ýyllarda bolsa Alžiriň häkimleriniň gulluk derejesi.

baglaşyp, 60-njy ýyllarda ilçiler hem alşyp başlaýar. XVIII asyrda Alžir ABŞ bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, 1795-nji ýylda bolsa onuň bilen dostluk we parahatçylyk hakynda şertnama baglaşdy.

Rewolýusiýa döwründe Fransiýa Alžiriň kömeginden peýdalanýar. Alžiriň deýi hem Fransiýa bilen söwda gatnaşyklaryna uly gyzyklanma bildiripdir. Ýewropanyň monarhlary tarapyndan daşy gabalan Fransiýa Alžirden köp mukdarda bugdaý, gön getirilipdir. Alžir Napoleonyň Italiýadaky goşunlaryny hem azyk bilen üpjün edýärdi. Emma 1798-1801-nji ýyllaryň fransuz-osmanly urşy döwründe Alžiriň deýi soltanyň talabyna boýun synyp Fransiýany goldamagyny bes edýär.

Fransiýa bilen Alžiriň arasyndaky gatnaşyklaryň parahatçylykly, kähalatlarda bolsa adatdan daşary dostlukly häsiýetde bolandygyna garamazdan, Napoleon Alžiri basyp almagy maksat edinýärdi. Emma Bonapartyň Ýewropadaky uruşlarda ýeňilmegi onuň bu maksatlarynyň amala aşman galmagyna sebäp bolýar.


Abdal Kadyr

XIX asyryň başlarynda içki agzalalyklar, taýpalaryň topalaňlary zerarly Alžir gowşap ugraýar. Fransiýanyň koroly Karl X bu ýagdaýdan peýdalanyp Alžiri basyp almagy maksat edinýär. Fransiýanyň bu isleglerini rus patyşasy hem goldaýar. Angliýa Alžiriň basylyp alynmagyna garşylyk bildirýär, emma bu mesele bilen baglanyşykly nähilidir bir çäreleri geçirmeýär. Fransuzlar Alžire çozmak üçin dürli bahanalary agtarypdyrlar. Şunda alžirlileriň hamana Ortaýer deňzinde garakçylyk edýändikleri hakyndaky çyna berimsiz toslamalar we

Fransiýanyň Alžire bergileri bilen baglanyşykly jedeller ulanylýar. Hakykatdan hem rewolýusiýa döwründe Alžirden getirilen däne üçin Fransiýanyň birnäçe million frank bergisi bardy. Indi Fransiýanyň şol bergileri beresi gelmeýärdi. Bu jedeller Alžirdäki fransuz konsuly Pýer Dewalyň döwründe has hem güýjeýär. 1827-nji ýylda nobatdaky jedeller döwründe Dewal Alžiriň deýiniň mertebesini peseldýär. Gahary gelen deý konsuly elindäki galamy bilen kakyp goýberýär. Bu wakany Fransiýa Alžire garşy urşa başlamakda bahana edip ulandy. Başda Alžire garşy uruşda farnsuzlar Müsüriň hökümdary Muhammet Alyny peýdalanmak isleýärler. Emma bu başartmanyndan soň 1830-njy ýylda general Burmonyň baştutanlygyndaky 37 müňlük fransuz goşunlary Alžire garşy urşa başlaýar. Tiz wagtdan Alžir şäheri fransuzlar tarapyndan basylyp alynýar, deý bolsa ýurtdan kowulýar.

1830-njy ýylyň iýul aýyndaky wakalardan soň, Karl X-nyň häkimiýeti synyp, onuň ornuna Lui Filip Orleanskiý Fransiýanyň koroly diýlip yglan edilýär. Ol biraz wagta çeken ikirjiňlenmelerden soň Alžiri basyp almaklygy dowam etdirýär we 1834-nji ýylda öňki osmanly paşalygy bolan Alžir Fransiýanyň koloniýasy diýlip yglan edilýär. Emma alžir halky ýurduň paýtagtynyň farnsuzlar tapyndan basylyp alynmagyna gahar-gazap bildirip aýaga galýar. Fransuzlara garşy halk göreşlerine ýurduň gündogarynda Konstantina welaýatynyň häkimi Ahmet beg, günbatarda bolsa halk gahrymany Abdal Kadyr (1808-1883) baştutanlyk edýärler.

Abdal Kadyr iňňän başarjaň guramaçy, şahyr hem ýazyjy we örän batyr adam bolupdyr. 1832-nji ýylda günbatar alžirli taýpalar ony özlerine serdar saýlaýarlar. Iki ýyllap dowam eden gazaply söweşlerden soň fransuzlar Abdal Kadyr bilen parahatçylykly şertnama

baglaşýarlar. Fransuzlar Günbatar Alžiriň üç sany kenarýaka şäherlerinden galan ýerleri Abdal Kadyryň baştutanlygyndaky garaşsyz emirligiň ýerleri diýip ykrar edýärler.

Günbatar Alžirde özbaşdak emirlik döredip, Abdal Kadyr ýurtda ummasyz köp işleri amala aşyrýar. Ol ähli taýpalaryň deňligini gazanýar, hazyna ogrulygyny, wezipeleriň satylmagyna garşy berk çäreleri ulanýar. Abdal Kadyr emirligiň ýerinde täze dolandyryş çäk-gurluşyny girizip, welaýatlaryň başyna öz dikmelerini belleýär. Onuň döwründe köp sanly manufakturalar işe girizilýär, içeri we daşary söwda ep-esli giňeýär.

Emma fransuzlara garşy göreşlerde alžirliler agzybirligi saklap bilmändirler. Ahmet beg Gündogar Alžirde Abdal Kadyrdan üzňe hereket edýärdi. Günbatar we Merkezi Alžirde hem käbir tire-taýpa serdarlary Abdal Kadyry goldamaýardylar. 1837-njy ýylda fransuzlar Abdal Kadyr bilen şertnama baglaşýarlar we emele gelen ümsümlikden peýdalanyp Ahmet begiň tabynlygyndaky Konstantiny şäherini zabt edip alýarlar. 1839-njy ýylda Abdal Kadyr bilen baglaşylan şertnamany bozup, fransuzlar Alžir emirligine garşy täze urşa başlaýarlar. Sekiz ýyla çeken bu urşuň netijesinde taraplar uly ýitgileri çekýärdiler, fransuzlar bolsa Alžire täze-täze goşun bölümlerini getirýärdiler. 1837-1844-nji ýyllarda Alžirdäki fransuz goşunlarynyň sany 42 müň bolandylygyndan 90 müňe çenli artdyrylýar. Tiz wagtdan Alžirdäki fransuz goşunlarynyň baştutanlygyna meşhur serkerde, marşal Býužo bellenilýär.

1844-nji ýyla çenli marşal Býužo Abdal Kadyryň döreden döwletiniň ähli ýerlerini eýeleýär. Alžirli hökümdar Marokka çekilmäge mejbur bolýar. Býužo marokkaly hökümdardan Abdal Kadyryň özüne berilmegini talap edýär, emma talap ýerine

ýetirilmäninden soň, ol goşunlary bilen keseki ýurda çozup girýär. 1844-nji ýylyň awgustynda fransuzlar marokkanyň goşunlaryny ýeňlişe sezewar edýärler. Şol bir wagtyň özünde bolsa fransuz floty Marokkanyň Tanžer we Mogador portlaryny oka tutýar. Fransuz-marokka urşuna Angliýanyň goşulyşmagy bilen fransuzlar uruş hereketlerini bes edýärler we iki ýurduň arasynda baglaşylan şertnama boýunça marokkaly hökümdar alžirlileri goldamazlyga, Abdal Kadyry bolsa ýurtdan kowmaga razylyk berýär.

Ýurduna dolanyp gelen Abdal Kadyry fransuzlar ýadawsyz yzarlaýardylar. 1847-nji ýylda fransuzlara halk gahrymanyny aldaw ýoly bilen ele salmak başardýar. Ony ilki Fransiýa sürgün edýärler, soňra bolsa ömrüniň ahyryna çenli öz ýurdundan alysda – Damaskda ýaşamaga mejbur edýärler. Abdal Kadyrdan soň 1848-nji ýylda Ahmet beg hem ele salynýar. Emma alžir halkynyň farnsuz basybalyjylaryna garşy milli azat edijilik urşy uzak ýyllar dowam edýär.

**Marokko.** XVI asyryň ikinji ýarymynda Demirgazyk Afrika eýelenilýän döwründe osmanlylar Marokkany eýeläp bilmändirler. XVI asyrdan başlap bu ýerde Muhammet pygamberiň nesilleri hasap edilýän şerifler, XVII asyryň ikinji ýarymyndan bolsa Alawiler hokum sürüp başladylar. Mulaý Ysmaýylyň (1672-1727) dolandyran ýyllarynda Marokko güýçli döwlete öwrülýär. Emma ol aradan çykandan soň ýurtda uzaga çeken özara uruşlar bolup geçýär.

XVIII-XIX asyrlaryň sepgidinde Marokkany Mulaý Sliman dolandyryp, ol özara uruşlaryň bes edilmegini gazanmakda we yurt dagynyklygyny ýeňip geçmekde tagalla baryny edýär. Emma onuň amala aşyrýan özgertmeleri dini guramalaryň we berberi taýpa serdarlarynyň bähbitlerine ters gelýär. Şonuň üçin hem ol

häkimiýetden çetleşdirilýär. Täze soltan Mulaý Abdyrahman (1822-1859) öz atasynyň özgertmelerinden el çekýär. Şonuň üçin hem ýiti içeri syýasy ýagdaý Marokkany gowşadýar. Mundan bolsa Ýewropa ýurtlary peýdalanýarlar.

Fransiýa tarapyndan Alžiriň eýelenilmegi netijesinde ýewropalylaryň Marokka zor salmalary güýçlenýär. Farnsuz-marokko urşy döwründe Angliýa Marokkany goldaýar. Bu bolsa ahyrynda 1856-njy ýylda iňlis-marokka şertnamasynyň baglaşylmagyna sebäp bolýar. Şertnama boýunça Angliýa Marokkada uly artykmaçlyklara eýe bolýar. Bu şertnama bilen bir hatarda, iki döwletiň arasynda söwda we deňizde ýüzmek boýunça konwensiýa hem baglaşylyp, Marokkanyň hökümeti iňlis täjirleri babatynda söwda erkinligini girizýär. Iňlis-marokka şertnamasy Fransiýanyň, aýratyn hem Ispaniýanyň dolandyryjylarynda uly ynjalyksyzlyk döredýär. Şonuň üçin hem XIX asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrlarynda Ispaniýa Marokkanyň käbir kenarýaka ýerlerini basyp alýar, emma Angliýanyň aýgytly garşylyk görkezmegi netijesinde Ispaniýa basyp alan käbir ýerlerinden el çekmäge mejbur bolýar. 1861-nji ýylda ispan-marokka şertnamasyna gol çekilip, ispanlar hem edil iňlisleriňki ýaly ýeňilliklere eýe bolýarlar. Marokkanyň hökümeti ispanlaryň el çeken ýerleri üçin Ispaniýanyň haýryna uly möçberde kontribusiýa tölemäge mejbur bolýar.

**Liwiýa.** 1835-nji ýylda Osman imperiýasynda merkezleşdiriş syýasaty alnyp barylýan döwürde Tripoli welaýatyna goşun bölümleri ugradylýar. 1711-nji ýyldan bäri Tripolini dolandyryp gelýän Garamanly nesilşalygy ýatyrylyp, bu ýerde osmanly dolandyrylyşy girizilýär. XIX asyryň 50-nji ýyllarynda Stambul tarapyndan bellenilýän

osmanly paşalary Liwiýanyň[1] syýasy ýagdaýyny durnuklaşdyrmagy, sebitiň ykdysady ösüşini gazanmagy başarýarlar. Emma osmanly hökümdarlygy Liwiýanyň esasan kenarýaka welaýatlarynda berkarar edilipdir. Ýurduň çöllük ýerlerinde as-Senusileriň derwüşçilik-sopyçylyk dini guramasy agalyk edýärdi.

Bu gurama asly alžirli Muhammet ben Aly as-Senusi (1787-1859) tarapyndan esaslanyrylýar. Senusiler öz dini ynançlary boýunça arabystanly wahhabylar golaý bolupdyrlar, ýöne wahhabylardan tapawutlylykda, olar keramatly şahslaryň ruhuna aýratyn uly sarpa goýupdyrlar. Liwiýanyň gyrak çetlerinde özleriniň merkezlerini (zawiýa) döretmek bilen senusiler uly işjeňlik görkezýärdiler. Günbatar siwilizasiýasynyň garşydaşlary bolup galmak bilen senusiler Muhammet Alynyň Müsürde, soltanlaryň Osman imperiýasynda amala aşyrylýan tanzimat özgertmelerini oňlamandyrlar.

Senusileriň täsiri esasan Liwiýanyň çöllük ýerlerinde we gyrak-çetlerinde güýçli bolupdyr. Şol sebäpden hem çarwalaryň arasynda olaryň täsiri ýokarydy. 1859-njy ýylda Muhammet ben Ali as-Senusi aradan çykandan soň gurama onuň ogly Muhammet al-Mähdi as-Senusi (1859-1901) baştutanlyk edýär. Özüniň ýurduň dürli ýerlerinde ýerleşýän zawiýalardaky tarapdarlaryna daýanyp, ol guramany has-da berkidýär. Onuň döwründe Osman imperiýasy we onuň Liwiýadaky dolandyryjylary bilen gatnaşyklar umuman alnanda parahaçylykly häsiýetde bolupdyr. Osmanly häkimiýeti bilen düşünişmezlikleriň häli-şindi ýüze çykyp durandygyna garamazdan, senusiler soltana tabynlyk bildiripdirler, her ýylda Stambula kesgitli

[1] Liwiýa – Müsür bilen Tunisiň aralygynda ýerleşýän Tripolitaniýa (Tarablus al-Garb), Kirenaika we Fessana ýerlerini atlandyrmak üçin ulanylýan adalga. Osmanlylar tarapyndan eýelenilenden soň bu ýerler birleşdirilip Tripoli paşalygy (soňra welaýaty) döredildi.

mukdarda paç tölenilipdir we hökümdaryň adyna hutba okalypdyr.

XIX asyryň soňky çärýeginde Demirgazyk Afrikanyň beýleki arap halklary ýaly senusiler hem ýewropalylaryň zor salmalaryna döz gelmeli we olara garşy uzaga çeken göreşlere girmeli boldylar.

## § 8. Afrika XVII asyryň ikinji ýarymyndan - XIX asyryň ahyrlaryna çenli döwürde

**Efiopiýa.** XVII asyrda bitewi efiop döwletiniň gowşamagy dowam edýärdi. Osmanlylaryň, Somalidäki musulman soltanarynyň, sudanly taýpalaryň ýörişleri, efiopiýaly häkimleriň merkezi häkimiýete garşy topalaňlary bilen uygaşyp gidýärdi. Efiopiýaly neguslaryň mülklerine ýurduň günortasynda ýaşaýan gallalar hem yzygider çozuşlary geçirýärdiler. Gallalaryň Efiopiýada öňden ornaşan bir bölegi ýerli amhar halky bilen garyşypdyr we hristiançylygyň monofizitçilik akymyny kabul edip alýar.

Efiop patyşasy Susnyýosyň (1606-1632) dolandyran ýyllarynyň köp bölegi galla hem-de agau taýpalary bilen uruşlarda geçýär. Susnyýos agau taýpasyny boýun egdirip, olary güýç bilen hristiançylyga salýar. Susnyýosa iudeýleşen falaş taýpalary ýowuz garşylyk görekezipdirler. Emma olaryň köp bölegi ýok edilipdir, bir bölegi bolsa hristianlçylyga salnypdyr ýa-da gul edilip satylypdyr.

Susnyýos ispan we portugal katolikleriniň täsirinde bolupdyr. Ol katolikçiligi kabul edýär. Bu bolsa efiop buthanasynyň we halk köpçüliginiň nägileligine getirýär. Netijede ýurtda dini şygarlara esaslanýan halk gozgalaňlary başlaýar. Şonuň üçin hem Susnyýos katolikçilikden we tagtdan çekmäge mejbur bolýar. Onuň ornuna gelen ogly

Fasilides (1632-1667) katolikleri Efiopiýadan kowup çykarýar.

Fasilides Gyzyl denžiniň boýlarynda ýaşaýan musulman goňşylary barada parahatçylykly syýasat alyp barmaga çalşypdyrlar. Ýöne ol ýurduň içinde tertip-düzgüni ýola goýmagy başarmandyr. Fasilides Tigre we Şoa welaýatlarynyň häkimleri ýiti garşylyk görkezýärdiler. 1642-nji ýylda negusyň goşunlaryny Tigrede ýaşaýan gallalar derbi-dagyn edýärler.

Fasilidesiň ogly Ýohannys I-niň (1607-1681) döwründe-de ýurduň içinde asudalyk bolmandyr. Ol dini oňşuksyzlyklaryň we dawalaryň öňüni almak, häkimleri tabyn etmek üçin yzygider sobor çagyryp durupdyr. Emma bu işler garaşylýan netijeleri bermändir. Şonuň üçin Ýohannysyň garşydaşlary onuň ogly Iýasuwy öz taraplaryna çekip, ony tagta çykýarlar. Iýasu (1681-1706) Efiopiýada merkezi häkimiýeti doly derejede elde saklan iň soňky negus bolupdyr. Oňa  Efiopadaky syýasy durmuşy kadalaşdyrmak, diniň döwlet işlerine gatyşmagynyň öňüni almak başardýar. Emma Efiopiýada döwlet häkimiýeti entekler hem gowşakdy, gallalaryň, käbir häkimleriň merkeze garşylygy saklanyp galýardy.

1705-nji ýylda efiopiýaly feodallar Iýasuwyň garşysyna dildüwşik guraýarlar. 1706-njy ýylda Iýasu öldürilýär, onuň ornuna bolsa ogly Takle Haýmonot (1706-1708) tagta çykýar. 1721-nji ýyla çenli ýurtda özara uruşlar bolup, häkimiýet başynda dört sany negus çalşypdyr. Iýasunyň ogly Walde Giorgis (Bakaffa, 1721-1730) döwründe özara uruşlar az wagtlyk bes edilýär. Ol köşk adamlarynyň arasynda köpçülikleýin jezalandyrmalary geçirip, olaryň köpüsini öldüripdir. Walde Giorgis goşuny gallalardan arasslaýar. Gaýtadan goşun jemläp, ony ot açýan ýaraglar bilen ýaraglandyrýar. 1724-nji ýýlda negusyň goşunlary Lasta, Waga, Tigre we Begemdyr welaýatlarynyň

häkimlerini boýun egdirýärler. Ýöne Walde Giorgise-de ýurtda asudalygy ýola goýmak başartmaýar.

Walde Giorgisden soňky neguslar ýurduň bitweiligini saklap bilmändirler. Netijede, XVIII asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap, tä 1855-nji ýyla çenli Efiopiýada «häkimleriň dolandyran döwri» dowam edýär we Efiopiýa merkezleşdirilen döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär.

XIX asyryň ortalarynda Efiopiýada birleşmek meýilleri güýçlenip ugraýar. Efiopiýany birleşdirmek işine, özara uruşlar döwründe mülküni ýitiren günbatarly begzada Kassa ýolbaşçylyk edýär. Ol Efiopiýanyň birleşdirilmegini we özara uruşlaryň bes edilmegini isleýän güýçleri töweregine ýygnap, ýurdy birikdirip ugraýar. 1854-ýyla çenli Kassa bütin merkezi Efiopiýany diýen ýaly birikdirýär. Onuň garşydaşlaryndan diňe Tigre welaýatynyň hökümdary Ubiýe galypdyr. Kassa Ubiýeden tabyn bolmagyny talap edýär. Ubiýe birbada Kassa tabynlyk bildirýär. Emma 1855-nji ýylda, haçan-da, Kassa özüni Feodor (Teodros) II (1855-1868) ady bilen Efiopiýanyň negusy diýip yglan edende, Ubiýe onuň häkimiýetini ykrar etmekden ýüz öwürýär. Ol öz goşunlaryny Feodoryň garşysyna sürýär, ýöne ýeňlişe sezewar edilýär. Netijede Efiopiýanyň ähli ýerleri Feodor tarapyndan birkdirilýär. 1855-nji ýylyň 7-nji fewralynda Feodar Efiopiýanyň negus-nagesti (şalar-şasy) diýip yglan edilýär.

Feodor basyp alan ýerleri bilen kanagatlanman, 1855-nji ýylyň güýzünde galla taýpasyna garşy söweş hereketlerine başlaýar. Lagadoryň eteginde bolan söweşde Feodor gallalary agyr ýeňlişe sezewar edip, Magdalu şäherini eýeleýär. Magdalu döwletiň paýtagtyna öwrülip, bu ýerde döwlet hazynasy ýerleşdirilýär.

Şoa welaýatynyň häkimleri Efiopiýanyň agdarylan neguslarynyň neslinden bolupdyrlar, şonuň üçin hem olar Feodoryň häkimiýetini bikanun hasap edipdirler. Şaoly

häkimler Angliýa we Fransiýa bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyrlar. Iňlisler, fransuzlar şaolylary ok-ýarag bilen hem üpjün edýärdiler. Emma Feodor Şaonyň paýtagty Ankober şäherini eýeleýär we bu ýerleri Efiopiýanyň ýeri diýip yglan edýär. Feodoryň hokum süren ýyllarynda Efiopiýada wajyp özgertmeler amala aşyrylýar. Ol basylyp alnan ýerlerde öz tarapdarlarynyň serkerdeliginde goşun bölümlerini ýerleşdiripdir, onuň tagallasy bilen söwda ýollarynyň howpsuzlygy üpjün edilipdir, ýollar gurlupdyr.

Negusyň amala aşyrýan özgertmeleri iri begzadalaryň, käbir syýasy toparlanyşyklaryň garşylygyny döredýär. Olar merkezi häkimiýete garşy gozgalaňlary, topalaňlary turuzýardylar. 1855-nji ýylda Tigre welaýatynda Ubiýeniň agtygy Negussiýe tarapyndan topalaň turzulýar. 1857-nji ýylda ol Massauadaky fransuz konsuly bilen gatnaşyk açýar we Fransiýanyň hökümeti tarapyndan goldanylsa, neguslygy ele alandan soň fransuzlara eglişik etjekdigini ynandyrýar. Emma 1861-nji ýylyň ýanwarynda Aksumdan uzak bolmadyk Sagamo diýen ýerde Negussiýe Feodoryň goşunlaryndan agyr ýeňlişe sezewar bolýar. Netijede Tigrede negusyň häkimiýeti ýene-de ornaşdyrylýar.

Feodor Efiopiýany mundan beýläk berkitmek üçin käbir özgertmeleri geçirmäge synanşyk edýär. Munuň üçin ol Ýewropa döwletleriniň kömeginden peýdalanmak isleýär. 1862-nji ýylda ol iňlis korolewasy Wiktoriýa we fransuz imperatory Napoleon III-ä hat ýazyp, diplomatik we ykdysady gatnaşyklary ýola goýmagy teklip edýär. Emma ýewropaly hökümdarlar Feodoryň öňünde daşary yurt missionerleriniň erkin hereket edip bilmekleri bilen baglanyşykly birnäçe şertleri goýýarlar. Feodor öz öňünde goýlan şertler bilen ylalaşmaýar. Üstesine-de, iňlis missionerleri we iňlis hem-de fransuz wekilleri Feodoryň garşydaşlary bilen gatnaşyk açyp, merkezi hökümetiň syýasatyna garşy gelýän işlere baş goşýarlar. Şeýle

bolansoň, Feodar fransuz konsulyny ýurtdan kowýar, iňlis konsulyny bolsa tussag etmäge buýruk berýär. Angliýanyň hökümetiniň bildiren talabyndan soň iňlis konsuly boşadylýar. Göwünlerine deglen iňlisler amatly pursat arap ugraýarlar. Olar ýurtdaky syýasy güýçleriň arasyndaky göreşleriň gaýtadan başlamagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar.

1865-nji ýylda Magdalynyň türmesinden Şoanyň öňki hökümdary Menelik gaçýar we galla taýpasynyň ýerdam bermegi bilen Şao welaýatyny eýeläp, özüni negus diyip yglan edýär. Şol döwürler Laste welaýatynyň häkimi, asly efiop neguslarynyň neslinden bolan Gobaziýe hem topalaň turuzýar. Tiz wagtdan ol Tigre welaýatyny eýeläp, bu ýere belli begzadalaryň biri Kasaýini häkim edip belleýär. Kasaýi soň Gobaziýäniň tabynlygyndan çykyp, ol hem özüni Tigräniň negusi diýip yglan edýär.

Şeýle şertlerde iňlislere Efiopiýanyň içerki işlerine gatyşmak üçin amatly şertler döreýär. 1867-nji ýylda Angliýanyň hökümeti Efiopiýada harby hereketleri başlamaga rugsat berýär. Iňlisler Gobaziýe we Menelik bilen gowy gatnaşyklary ýola goýýarlar. 1868-nji ýylyň ýanwarynda iňlis goşunlary ýurduň paýtagty Magdaluny eýeleýärler. Goranyş söweşlerinde Feodoryň özi hem öldürilýär.

1868-nji ýylyň iýunynda iňlisler Efiopiýadan çykyp gidenlerinden soň Gobaziýeniň, Meneligiň we Kasaniniň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler başlaýar. Olaryň içinde iň güýçlisi Gobaziýedi. Ol Amharada, Lastede, Wagada we Gojamda hökümdarlyk edýärdi. Emma 1872-ýylda ol Kasaýiden ýeňilýär. Şundan soň Kasaýi Aksumy eýeleýär we Ýohanys IV (1872-1889) ady bilen özüni Efiopiýanyň negusy diýip yglan edýär.

**Günbatar Afrikadaky döwletler.** XVIII asyryň 20-nji ýyllarynda fransuz söwdegärleri Senegalyň içerki

etraplaryna çenli baryp ýetýärler. Bu ýerlerde fransuzlar birnäçe söwda nokatlaryny esaslandyrylýar. Söwda nokatlarynyň esaslandyrylan ýerlerinden fransuzlar Gul Kenaryndan (Wolta we Niger derýalarynyň deňze guýýan ýerleri) getirilýän gullary äkidip satypdyrlar.

Ýedi ýyllyk uruş döwründe iňlisler fransuzlaryň Ýokarky Gwineýadaky ähli söwda nokatlaryny eýeleýärler we 1763-nji ýylyň Pariž şertnamasy boýunça diňe Gori nokadyny fransuzlara gaýtaryp berýärler. Demirgazyk Amerikanyň iňlis koloniýalarynyň garaşsyzlyk ugrundaky uruşlarynda fransuzlar Afrikadaky daýanç nokatlarynyň ählisini diýen ýaly gaýtaryp alýarlar. Emma Günbatar Afrikada agalyk barybir Angliýanyň tarapynda galdy.

Günbatar Afrikada gul söwdasy giň gerime eýe bolupdyr. Gul söwdasy ilki Altyn Kenarda (häzirki Gana döwletiniň ýerleri) alnyp barlypdyr, ýöne XVII asyryň ahyrlarynda gul söwdasynyň merkezi Wolta we Badagri derýalarynyň aşak akymlaryna (Gul Kenary) geçýär. Eger-de, XVII asyrda Afrikadan Amerika 2 million 750 müň gul akidilen bolsa, XVIII asyrda olaryň sany 7 milliona ýetýär. Şolaryň hem 70 %-e golaýy Günbatar Afrikadan akidilipdir. Amerika äkidilýän döwürde her altynjy gul açlykdan, keselçilikden we ýowuz sütemlerden ölüpdir. Afrikalylaryň millionlarçasy gullaryň ele salynýan wagtlary gyrlypdyr. Ynsan mertebesini kemsidýän gul söwdasynyň netijesinde Afrika özüniň 60 milliondan gowrak adamsyny ýitirýär.

**Segu we Kaarta döwletleri.** Täze taryha geçilýän döwürde Mali hem-de Songaýi döwletleriniň ýerinde Segu, Kaarta, Masina ýaly döwletler peýda bolýar. Olaryň güýçlileri bambara taýpasy tarapyndan esaslandyrylan Segu hem-de Kaarta döwletleridi. Bamabara taýpasynyň Kulubaly neslinden bolan Fotige-Biton (1660-1710) Mali döwletinden bölünip aýrylyp, Segu döwletini esaslandyrýar. Ol bambaralaryň Segu şäherini synmaz gala öwürýär. Üç ýylyň

dowamynda Maliniň goşunlary ýaş döwletiň garşysyna uly uruşlary alyp barypdyrlar. Emma Biton Maliniň goşunlaryny ýeňlişe sezewar edip, goşunlary bilen onuň paýtagtyna baryp ýetýär.

Güýçli goşunlary we floty döredip, Biton Bani derýasynyň gündogar kenarlaryndaky ýerleri eýeleýär. Niger derýasynyň aňyrsynda konýonmasa taýpasy boýun egdirilýär. Ondan soň Bagana welaýaty eýelenilip, fulbe taýpasynyň Masina döwletiniň ýerleri basylyp alynýar. 1670-nji ýylda Bitonyň goşunlary Tombukta, soňra bolsa Nýamine çenli baryp ýetýärler. Biton öz döwletini 60 sany etraba bölýär we olaryň başyna öz adamlaryny – öňki gullardan bolan tondionlary belleýär. 1740-njy ýylda tondionlar döwlet agdarylyşygyny geçirip, häkimiýet başyna täze nesilşalygy getirýärler. Ngola Diara (1750-1787) tarapyndan esaslandyrylan täze nesilşalyk Segu döwletinde 1861-nji ýylda çenli, ýagny häkimiýeti Omar el-Haj eýeleýänçä höküm sürýär.

Bitonyň häkimiýetine garşy Masasi tiresi gozgalaň turuzýar. Biton olary Kaarta welaýatyna kowup çykarýar. Tiz wagtdan masasiler bu ýerde bambaralaryň Kaarta döwletini we Suntian şäherini esaslandyrýarlar. Suntian şäheri Kaarta döwletiniň paýtagtyna öwrülýär. Günbatara ýörişleriň döwründe masasiler Fuladuge, Gangaran we Bambuk welaýatlaryny eýeleýärler. Bu ýerleriň eýelenilmegi Segu döwleti üçin uly howp döredýär. Iki döwletiň arasynda başlan uruşlaryň netijesinde Segu döwletiniň goşunlary Kaartanyň paýtagty Sundiany eýeleýär.

Kaartanyň hökümdary Sebe (1709-1760) goşunlary bilen demirgazyga gidip, täze paýtagty – Gemu şäherini esaslandyrýar. Bu döwürde Sebäniň goşunlary goňşy Diara döwletini hem basyp alýar. XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda Kaartanyň düzümine Kita etraby we Beledugunyň bir bölegi birikdirilýär. Segu döwleti bilen alnyp barlan uruşlar

Kaartanyň ýerleriniň köp böleginiň we paýtagt Gemunyň elden giderilmegi bilen tamamlanýar.

**Günbatar we Merkezi Sudandaky döwletler.** XVIII asyryň başlarynda Masinanyň köp bölegi Segu döwletiniň düzümine girizlýär, onuň günbatary bolsa Sahara taraplardan gelýän tuareg taýpalarynyň çozuşlaryna sezewar edilýär.

XVII asyryň ahyrlarynda Futa-Jalon welaýatynda Masinadan we Futa-Toradan gelen fulbe taýpalary ýurt tutunýarlar. Fulbeler musulman bolup, olar ymamlar tarapyndan dolandyrylýardy. Ymamyň ýanynda ýaşulylar maslahaty hereket edipdir. 1725-nji ýyla çenli ymamlaryň häkimiýeti diňe Futa-Jalon bilen çäklenýärdi, ýöne soňra otparaz goňşylarynyň ýerlerini hem eýeläp başlaýarlar. Fulbeleri Günbatar Sudandaky musulmançylyga uýýan tireler hem ýakyndan goldapdyrlar. Ybraýym Soriniň (1751-1784) dolandyran ýyllarynda Futa-Jalonda ýerleşýän fulbeleriň döwleti has hem güýçlenýär.

Günbatar we Merkezi Sudanda negrler (garaýagyzlar) we demirgazykdan bu ýerlere göçüp gelen araplar, berberiler we fulbeler ýaşaýardylar. Täze taryha geçilýän döwürde bu ýerlerde eýýäm ençeme döwletler bardy. Şol döwletleriň iň güýçlileri hausa taýpasy tarapyndan döredilen Kano, Gobir, Kasina we beýleki şäher-döwletleri bolupdyrlar. Olar Günbatar Sudanyň gündogar böleginiň ykdysady we medeni merkezleridi. Hausan şäher-döwletleriniň iň ulysy Kano bolup, ol diňe bir Tunis, Liwiýa topraklary bilen däl, eýsem Günbatar Afrikanyň (häzirki Gana, Günorta Niger) bilen hem gyzgalaňly söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyr.

XVII asyryň ahyrlarynda goňşylary Gobira we Zariýa tarapyndan çozuşlara sezewar edilen Kano gowşaýar. 1807-nji ýylda Kano Osman dan-Fodio tarapyndan baştutanlyk edilýän fulbeleriň zarbasyna duçar bolýar we Sokoto soltanlygynyň düzümine goşulýar. Fulbeliler Kasina şäher-döwletini hem eýeleýärler.

**Osman dan-Fadionyň baştutanlygynda fulbeleriň gozgalaňy.** XVIII asyryň ahyrlarynda fulbeleriň arasynda durmuş gatnaşyklary çylşyrymlaşýar we Osman dan-Fadionyň (1744-1817) baştutanlygynda gozgalaňyň turmagyna getirýär. Osman dan-Fadio fulbeleriň toronkwe tiresiniň begzada maşgalasyndan gelip çykypdyr. Ol fulbeleriň aşaky gatlaklarynda giň goldawa eýe bolýar. Osmanyň musulmançylygy ýaýratmak we onuň täsirini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly wagyzlary diňe bir fulbeleriň däl, eýsem olaryň tabynlygyndaky hausanlaryň arasynda hem giň goldaw tapýar.

Gozgalaň 1801-nji ýylda başlaýar. Ilkinji söweşlerde gozgalaňçylar Gobira döwletiniň goşunlaryny derbi-dagyn edýärler. Şundan soň Osman dan-Fadio goşunlaryny hausan döwletlerine garşy gönükdirýär. Ýeňişli ýörişleriň netijesinde Zariýa (1804), Kasina (1805), Kano (1807) döwletleri boýun egdirilýär. Gobiranyň hökümdary Zamfaranyň, Kebbiniň patyşalarynyň we tuaregleriň goşunlary bilen birleşýär, emma Osman dan-Fadio olaryň güýçlerini derbi-dagyn etmegi başarýar. Basylyp alnan ýerlerde täze - Sokota döwleti döredilip, ony iki sany soltanlyga bölýärler. Olar degişlilikde Sokoto we Gandu döwletleridi. Sokotanyň soltanlygyna Osman ogullarynyň biri Muhammet Bello, Gandu soltanlygyna bolsa Osmanyň beýleki ogly Abdylla göterilýär. Osman dan-Fadionyň özi bu iki döwletiň ruhy baştutanynyň wezipesini ýerine ýetiripdir.

Hasuan döwletleriniň ýerlerini eýeländen soň Osman dan-Fadionyň goşunlary 1809-njy ýylda Bornu döwletiniň çäklerine çozup girýär we Kasr Eggomo şäherini gabaýar. Bornu döwletiniň soltany Ahmet (1793-1810) gaçmaga we Kanemde häkimiýeti eýelän Muhammet el-Kanemiden kömek soramaga mejbur bolýar. Fulbeleriň çozuşlarynyň öňüni almak başardypdyr, emma Bornu döwleti Kanemiň

ýapjasyna öwrülýär. Muhammet el-Kanemi şyh derejesine eýe bolýar we Çad kölüniň günbatar kenaryndaky Kuku şäherini öz paýtagtyna öwürýär.

1846-njy ýylda soltan Ibram öň Bornu döwletiniň tabynlygynda bolan ýerleriň üstünden öz häkimiýetini dikeltmegi maksat edinýär, emma Kanemden agyr ýeňlişe sezewar bolýar. Kanem döwletiniň özi hem XIX asyryň 80-nji ýyllarynda iňlisler tarapyndan basylyp alynýar we Niger koloniýasynyň düzümine goşulýar.

**Omar el-Hajyň Tukuler döwleti.** XIX asyryň 30-40-njy ýyllarynda Günbatar Sudanda tijaniýýe musulman akymynyň ýolbaşçysy Omar el-Hajyň (1797-1864) baştutanlygynda musulman döwleti döreýär. Omar el-Haj 20 ýyllap Mekgede bolup gelenden soň ähli musulmanlaryň deňligi hakyndaky taglymaty öňe sürýär we tijaniýýe akymyny esaslandyrýar. Omaryň wagyzlary sudanly musulmanlaryň arasynda giň seslenmeleri döredipdir.

1848-nji ýylda Günbatar Sudanyň Dingiraýýa etrabynda ýerleşmek bilen Omar el-Haj butparazlara garşy mukaddes urşa taýýarlanyp ugraýar. 1854-nji ýylda ol Kaarta döwletini eýeleýär. Kaarta eýelenenden soň Omar öz paýtagtyny Niora şäherine geçirýär we fulbeleriň Masina döwleti bilen Segu döwletine garşy ýaranlyk şertnamasyny baglaşmaga synanyşýar. Emma Masinanyň hökümdary Omar el-Hajyň teklibini kabul etmän, goşunlaryny onuň garşysyna sürýär, emma ondan agyr ýeňlişe sezewar bolýar. Omar el-Haj Segu döwletini basyp almak maksady bilen ol döwletiniň serhetlerini berkitmek üçin Senegal derýasynyň orta akymlarynda ýerleşýän Hasso we Galam döwletleriniň üstüne ýöriş geçirýär. 1857-nji ýylda Osmanyň 20-müňlük goşuny Hassonyň paýtagty Medinäni gabaýar. Emma Hasso döwletine fransuzlar kömek beryärler we olar Omar el-Hajyň goşunlaryny yza çekilmäge mejbur edýärler. 1859-njy ýylda ol 40-müňlük goşun bilen fransuzlaryň Matam

berkitmesiniň üstüne ugraýar, ýöne ýene-de ýeňlişe sezewar edilýär. Emma Omar el-Hajyň Segu döwletiniň garşysyna geçiren ýörişi şowly tamamlanýar we 1861-nji ýylda onuň paýtagtyny eýeleýär. Şol ýyl Omar el-Haj ähli basyp alan ýerlerini ogly Ahmediň ygtyýaryna berýär.

Tukuler döwletinde häkimiýet başyna Ahmet gelenden soň ýurtda özara uruşlar başlaýar. Onuň garşysyna doganlary baş göterýärler, ýöne olar ýeňilýärler. 1884-nji ýylda Ahmet Segu döwletiniň ýerlerini ogly Medana berýär, özi bolsa Niora welaýatyny dolandyryp ugraýar. Omar el-Hajyň Tukuler döwleti kolonial basybalyşlaryň öňisyrasynda Günbatar Sudanyň iri syýasy birleşmeleriniň biridi.

**Gul söwdasynyň bes edilmegi we Günbatar Afrikada kolonial basybalyşlaryň başlanmagy.** 1772-nji ýylda Angliýanyň çäginde gul zähmetini peýdalanmak gadagan edilýär. 1807-nji ýylda Angliýanyň parlamenti britan raýatlaryna gul söwdasy bilen meşgullanmagy gadagan edýän karar kabul edýär, 1883-nji ýylda bolsa Britan imperiýasynyň mülklerinde gulçulyk ýatyrylýar. Şeýle kanunlar Daniýada (1804), ABŞ-da (1808), Şwesiýada (1813), Gollandiýada (1818) we Fransiýada (1818) hem kabul edilýär. Şunuň bilen bir hatarda, Ýewropa döwletleri Afrika aralaşmaga, ony öwrenmäge hem-de eýelemäge girişýärler. Günbatar Afrikada mäkäm ornaşmak maksady bilen Angliýa Sýerra-Leoniýanyň kenarlaryna gulçulykdan boşadylan afrikalylary göçürip başlaýar. Soňra şu ýerleriň esasynda Günbatar Afrikadaki ilkinji iňlis koloniýasy peýda bolýar.

Garaýagyz gullary Afrika göçürip getirmeklik ABŞ-nyň demirgazyk ştatlarynda hem başlaýar. 1816-njy ýylda şu maksat bilen «Amerikan göçegçileriniň jemgyýeti» döredilýär. Bu jemgyýetiň alyp baran işleriniň netijesinde 1837-nji ýyla çenli häzirki Liberiýanyň kenarýaka ýerlerinde birnäçe obalar döredilýär. 1847-nji ýylda şol obalaryň we

ilatly ýerleriň ählisi birleşdirilip garaşsyz Liberiýa (Azatlyk) respublikasy döredilýär. Liberiýada edil ABŞ-daky ýaly parlament döredilip, respublikany prezident dolandyrypdyr.

XVIII asyryň ahyrlarynda – XIX asyryň başlarynda ýewropalylar Afrikanyň jümmüşini öwrenmäge-de girişýärler. Şu maksat bilen ýewropa ýurtlarynda dürli «ylmy jemgyýetler» esaslandyrylýar. 1795-nji ýylda Mungo Parkyň baştutanlygynda Gambiýadan Günbatar Afrikanyň içerki etraplaryna ylmy ekspedisiýa ugradylýar. 1805-nji ýylda bu ýerden ugradylan ekspedisiýa Nigere çenli aralygy geçýär. Günbatar Afrikanyň öwrenilmeginde iňlis raýatlary Klappertonyň (1788-1827) ýolbaşçylygynda guralan ekspedisiýanyň uly ähmiýeti boldy. 1822-nji ýylda olar Tripoliden çykyp köne söwda ýollary bilen Saharanyň içinden geçip Bornuny we Çad kölüniň töwereklerinde barlaglary geçirdiler. 1825-1827-nji ýyllarda Çad kölünden Nigere gidýän ýol açylyp, Kanoda hem-de Sokotoda barlaglar geçirilýär. Şol ýyllarda doganlar Lenderleriň Niger derýasynyň boýlarynda geçiren barlaglarynyň ähmiýeti uly boldy.

Günbatar Afrikany öwrenmäge fransuz we nemes barlagçylary hem öz goşantlaryny goşdylar. 1818-nji ýylda fransuz Mollýen Senegal, Gambiýa we Rio-Grande derýalarynyň boýlaryny açdy. 1827-1829-njy ýyllarda Rene Kaýe bolsa Tombuktu şäherine baryp ýetdi. Sebiti öwrenmekde nemes barlagçysy Bart uly işleri amala aşyrdy. 1850-1855-nji ýyllarda ol Günbatar Sudanyň Masinadan tä Adamaua (Kamerunyň demirgazygy) çenli aralygyny öwrendi.

XIX asyryň başlarynda Altyn Kenarda ýewropalylaryň 25 sany forty bolup, olaryň 10-sy iňlisleriňkidi. Bu ýerlerde afrikalylaryň Aşanti döwleti ýerleşýärdi. Angliýa bu döwlet bilen uzak ýyllaryň dowamynda uruşlary alyp barmaly boldy. 1805-nji ýylda başlan bu uruşlar 1874-nji ýylda

Aşanti döwletiniň ýeňilmegi we Altyn Kenarda iňlis koloniýasynyň döredilmegi bilen tamamlandy. 1861-nji ýylda Günorta Niger hem iňlisler tarapyndan basylyp alyndy we 1874-nji ýylda iňlisleriň Altyn Kenar (häzir Gana) koloniýasyna goşuldy.

Günbatar Afrikada Fransiýa Angliýadan kem galmaýardy. Napoleon uruşlaryndan soň Fransiýa Senegaldaky hem-de Gambiýadaky berkitmelerini gaýtaryp aldy we olaryň töwereklerindäki ýerleri eýelemäge girişdi. XIX asyryň 30-40-njy ýyllarynda Fransiýa Gwineýanyň kenarlaryna hem aralaşyp ugrady. 1838-1848-nji ýyllarda fransuzlar Şirmaýy Kenaryň (häzir Kot-Diwuar) boýundaky Palmas burnunda we Ýag derýasynyň kenarynda Bonni berkitmesini esaslandyrdylar. Asyryň 60-njy ýyllarynda fransuzlar Günorta Nigeriň kenarlarynda hem ornaşdylar.

XIX asyryň 50-nji ýyllarynda Fransiýa Senegaldaky Galam we Hasso döwletlerini özüne tabyn edip, bu ýerlerde berkitmeleri gurdylar. 1857-nji Dakar basylyp alyndy. Şeýlelikde, fransuzlar Günbatar Sudan bilen ýanaşyk ýerleri, şeýle hem Gwineýanyň kenarlaryny eýelediler.

**Kongo derýasynyň boýlaryndaky döwletler. Kongo döwleti.** Kongo derýasynyň boýlarynda giçki orta asyrlar döwründen bäri ýaşap gelýän birnäçe döwletler bardy. Olardan Kongo, Ndonga, Kuba, Luba we Lunda güýçli döwletler hasaplanylýardy. Täze taryha geçilýän döwürde bu ýerlere portugallar aralaşyp, olar sebitiň döwletlerini tabyn etmäge çalyşýardylar. Portugallara Kongo döwleti ýiti garşylayk görkezýärdi. Ambuiliň eteginde bolan söweşde kongolez goşunlarynyň ýeňilmegi we hökümdar (mani) Antoniu I-niň (1661-1665) öldürilmegi portugallara Kongo döwletini basyp almaga mümkinçilik bermedi. Ambuiliň eteginde bolup geçen söweşden soň tä 1710-njy ýyla çenli Kongoda özara uruşlar dowam etdi. Uruşlaryň netijesinde ýurduň paýtagty Mbanza-Kongo (San-Salwador)

ýandyrylýar, 1684-nji ýylda bolsa paýtagtda ýaşaýyş bes edilýär. 1695-nji ýylda patyşanyň häkimiýeti dikeldilip, Pedro IV tagta çykýar, emma onuň häkimiýeti juda gowşakdy.

1703-nji ýylda paýtagt Mbanza-Kongony dikeltmek ugrunda hereket başlaýar. Portugaliýaly katolikçi missionerler bilen baglanyşykly bolan Pedro IV-niň gowuşgynsyzlygy hereketiň güýjemegine we onuň bütin ýurdy gurşap alan gozgalaňa öwrülmegine getirýär. Gozgalaňa Beatriçe atly zenan maşgala baştutanlyk edýär. Kongolez begzadalary we Pedro IV birleşip halk hereketini basyp ýatyrmaga girişýärler. 1706-njy ýylda olar Beatriçäni ele salýarlar we ol otda ýakylyp öldürilýär.

1709-njy ýylda gozgalaňyň basylyp ýatyrylandygyna garamazdan Kongonyň bitewiligini gazanmak başartmaýar. Özara uruşlara çekilen welaýat häkimleri merkezi hökümete tabyn bolmak islemeýärdiler. Netijede XVIII asyryň ortalaryna çenli Kongoda patyşanyň häkimiýeti diňe kagyz ýüzünde galyp, ähli häkimiýet welaýat häkimleriniň eline geçipdir.

Dolandyryş taýdan Kongo döwleti alty sany welaýata bölünipdir. Kongo döwleti döremänkä olaryň ählisi özbaşdak döwletlerdi. Demirgazykdaky goňşulary – Ngoýo, Loango, Kakongo we günortadaky Ndonga (Angola) döwletleri Konga paç töleýärdiler. Konganyň hökümdary mani (patyşa) diýlip atlandyrylyp, onuň ýanynda hemişelik hereket edýän 12-leriň geňeşi ýerleşipdir. Onuň düzümine alty welaýatyň häkimleri, patyşany saýlaýan uç begzda, baş kazy, geňeşiň başlygy we hökümdaryň birinji kätibi girizilipdir.

Kongolez jemgyýetinde begzadalar agalyk ediji ýagdaýa eýe bolupdyrlar. Patyşanyň garyndaşlary, welaýatlaryň häkimleri, köşk işgärleri onuň ýokary gatlagyny düzýärdiler. Olaryň köpüsi ýewropa bilimlerini alypdyrlar. Olaryň

aglabasy ýewropalylaryň gersog, garaf we markiz derejelerini göterýärdiler. Begzadalar ýaşaýyş-durmuşda ýewropalylara meňzemäge çalyşýardylar.

Ýurduň ähli ilatyna hazynanyň peýdasyna salgytlar salnypdyr. Salgyt hökmünde mata, şirmaýy, miwe, gök we bakja önümleri, mal we kähalatlarda bolsa gullar giňişleýin ulanylypdyr. Konganyň esasan bateke taýpasynyň esgerlerinden düzülen hakyna tutma goşunlary bolup, onuň möçberi 15-16 müň adama barabar bolupdyr. Goşunyň ikinji bölegini welaýat ýygynlary düzüp, ondaky söweşijileriň sany 100 müň adama ýetipdir.

**Kuba döwleti.** XVII asyryň 30-njy ýyllarynda Kuba döwleti uly ösüşlere eýe bolupdyr. Şýaama a Mbul a Ngoonganyň (1630-1640) dolandyran döwründe ýurduň ýerleriniň giňemegi, merkezi häkimiýetiň kemala gelmegi tamamlanýar. Onuň döwründe Kuba döwletinde ekerançylyk pudagynda adaty ekinler bilen bir hatarda mekgejöwen, manioki, şekerçiňrigi, arahis we temmäki ekmeklik giň gerime eýe bolýar. Ekerançylyk pudagynyň ösüşi söwdanyň we senetçilik önümçiliginiň giňemegine getirýär.

Şýaamanyň mirasdüşeri Mboong a Leýeng (1640-1650) goňşy taýpalara garşy basybalyjylykly uruşlary alyp barypdyr. Onuň döwründe Kubanyň günortasynda ýaşaýan pýang, býeng we bekete taýpalary boýun egdirilýär. Bankutu taýpasyny tabyn etmäge gönükdirilen uruşlar onuň mirasdary Mbo Mboşdan köp tagallalaryň edilmegini we uly goşun bölümleriniň saklanylmagyny talap edýär.

Kubanyň öz goňşylaryna garşy harby ýörişleri uzaga çekmändir. XVII asyryň ahyrlarynda boýun egdirilen kofa, pýang we ngendi taýpalary Kuba garşy gozgalaňlary turuzýarlar. Taýpalaryň gozgalaňlary XIX asyrda-da dowam edýär. Netijede Kuba döwleti gowşap başlaýar. Bu döwürde ýewropalylaryň zor salmalary hem güýçlenýär.

**Luba döwleti.** XVII asyryň birinji ýarymynda Kasongo Mbine Kibanzynyň basybalyşlary Luba döwletiniň ýerlerini giňeldip, onuň hökümdarynyň häkimiýetini ep-esli berkidýär. Emma onuň mirasdüşerleriniň döwründe başlan häkimiýet ugrundaky göreşleriň netijesinde Lubadan käbir ýerler bölünip aýrylýar.

Mulohwe (patyşa) Kidalanyň (XVIII asyryň başlary) dolandyran ýyllarynda Lubanyň günortasynda Kazemba (Lualabe derýasynyň ýokary akymlarynda) we Lozi döwletleri peýda bolýar. Bu döwletler Luba bilen bäsleşýärdiler. Şonuň üçin hem Ilonga Sungu (XVIII asyryň ikinji ýarymy) Lualaba derýasy bilen Tanganika kölüniň aralygyndaky ýerlere ýeňişli ýörişleri geçirýär. Şol bir wagtyň özünde ol ýurduň içindäki garşydaşlaryndan hem üstün çykmagy başarýar. Onuň ogly Kumwimba Ngomba (XVIII asyryň ahyry – XIX asyryň başy) Lubanyň çäklerini has hem giňeldýär. Luba döwletiniň düzümine gündogarda - Tanganika kölünden günbatarlygyna Buşiman derýasyna, demirgazykda - Lukuga derýasyndan günortalygyna, häzirki Zambiýa  çenli aralykdaky ýerler giripdir. Basylyp alnan ýerlere balubaly ilat göçürilip getirilipdir, serhet ýakalarynda bolsa balubalardan düzülen goşunlar ýerleşdirilipdir.

Lubanyň serhetlerine golaý ýerlerden Angola bilen Mozambigiň aralygyndaky söwda ýollary geçýärdi. Şonuň üçin hem sebitiň beýleki bir döwleti bolan Lunda bu ýerlere Lubany goýbermejek bolup çalyşýardy. Ilunga Kabaleniň (XIX asyryň birinji ýarymynda) döwründe Luba goňşylary bilen yzygider uruşlary alyp barypdyr. Ýurduň içeri syýasy ýagdaýy hem asuda bolmandyr. Şunuň netijesinde güýçden gaçan Luba döwletinde mulohweniň (patyşa) häkimiýetiniň täsiri gaçýar.

**Lunda döwleti.** Bu at bilen belli bolan döwlet iş ýüzünde balunda halky tarapyndan esaslandyrylan döwletleriň özboluşly birleşigi bolupdyr. Olaryň bu birleşigiň

baştutanyna (muata ýamwo) tabynlygy ýylda bir gezek paç tölemek bilen çäklenipdir. Lunda döwletleriniň birleşigi tutuş Merkezi Afrikada iň uly syýasy birleşmedi. Ol Kwango derýasynyň we Zambeziniň ýokary akymlary bilen aralykda ýerleşýärdi.

XVII asyryň bütin dowamynda balunda halky häzirki Zairiň Şaba welaýatynyň günortasynda we häzirki Zambiýanyň ýerlerinde ýaşaýan taýpalary tabyn edýär. Lunda döwletleriniň iň ulysy hem-de güýçlisi Mozambik bilen Angolanyň aralygynda ýerleşýän Kazembedi. Kazembe döwletiniň hökümdarlarynyň birnäçesi şu at bilen atlandyrylypdyr. XVIII asyryň ikinji ýarymynda Kazembe III Ilunganyň döwründe Kazembe sebitiň iň kuwwatly döwletine öwrülýär. Onuň ogly Kazembe IV Kibangu Keleke döwründe täze ýerler eýelenilýär, portugallar bilen gatnaşyklar açylýar. 1830-1831-nji ýyllarda portugal raýatlary Monteýru bilen Gamittu dagylar Kazembe IV-niň köşgünde kabul edilýär. Emma 1850-nji ýylda Kazembe IV aradan çykandan soň onuň ogly Mwangeniň döwründe Kazembe döwleti gowşaýar.

Lunda döwletiniň muata ýamwonyň (hökümdar) häkimiýetine tabyn edilen merkezi bölegi günbatarda Kasai derýasyna, gündogarda Lualaba derýasynyň ýokary akymlaryna, günortada bolsa Lulua derýasynyň gözbaşyna çenli aralykdaky ýerler bilen çäklenipdir. XIX asyryň birinji ýarymynda dolandyryjy nesilşalygyň wekilleriniň arasynda tutaşan ýiti göreşlerden soň Naweji II muata ýamwo bolýar. Onuň özi we mirasdüşerleri muata ýamwonyň häkimiýetini berkitmäge we onuň täsirini has uzaklara ýaýratmakda tagalla baryny edipdirler. 1840-njy ýylda Naweji II-niň köşgünde ilkinji ýewropaly peýda bolýar. Onuň özi hem ilçi iberip, Portugaliýa bilen söwda gatnaşyklaryny ýola goýýar. Emma goňşy taýpalaryň (luena, bekete, taba, çokwe) çozuşlarynyň artmagy bilen XIX asyryň ikinji ýarymynda

Lunda döwleti hem gowşaýar, bu bolsa onuň ýewropalylar tarapyndan eýelenilmegini ýeňilleşdirýär.

**Gündogar we Günorta-Gündogar Afrikanyň döwletleri.** XVI-XVII asyrlarda Afrikanyň gündogar kenarlarynda portugallar agalyk edýärdiler. Bu ýerlerde suahili taýpalarynyň Malindi, Kilwa, Mogadişo, Pate ýaly şäher-döwletleri bardy. 1669-njy ýylda Pate şäher-döwletiniň ilaty bilen omanly soltanyň goşunlary bileleşip portugallary Mombasydan, Kilwadan, Pembydan we Zanzibar adasyndan kowup çykarýarlar. 1727-1728-nji ýyllarda portugallar kenar ýakasyndaky şäherleriň birnäçesini gaýtadan eýeleýärler. Emma 1730-njy ýylda portugallar bu ýerlerdäki agalyklaryny ýene-de ýitirýärler.

Omanly soltanlar Gündogar Afrikanyň içki işlerine häli-şindi gatyşyp durupdyrlar. Bu ýerlerde dowam edýän syýasy göreşlerde, olar taraplaryň haýsy hem bolsa birini goldap çykyş etmek bilen, sebitde uly täsire eýe bolýarlar. 1832-nji ýylda Omanyň hökümdary Seýit Seýit paýtagtyny Maskatdan Zanzibara geçiryär. 1837-nji ýylda bolsa Mombasy şäherini eýeläp, Zanzibar soltanlygyny esaslandyrýar. Soltanlygyň düzümine Gündogar Afrikanyň kenarlaryndaky ähli şäherler girizilýär.

Zanzibar şäheri çalt depginler bilen ösüpdir we Gündogar Afrikanyň iň iri söwda merkezine öwrülýär. Zanzibarda we Pembede gwozdika ekilipdir we ol daşary söwdanyň esasy harydyna öwrülýär. Pangany we Tanga şäherleri Gündogar Afrikanyň içki etraplary, şeýle hem Uganda, Ruanda we Burundi ýerleri bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barýan möhüm portlaryň wezipesini ýerine ýetiripdirler.

1856-njy ýylda soltan Seýit Seýit aradan çykandan soň häkimiýet onuň ogly Mejidiň (1856-1870) eline geçýär. Onuň döwründe soltanlygyň ykdysady ýagdaýy pugtalanypdyr, oba hojalygy, senetçilik we söwda ösüpdir. 1859-njy ýylda Mejidiň dogany Seýit Bargaş agasynyň

garşysyna topalaň turzup, häkimiýeti öz eline alýar. Mejit kömek sorap iňlis konsulyna ýüz tutýar. Iňlis deňizçileriniň kömegi bilen Mejit tagta dolanyp gelýär, Seýit Bargaş bolsa Hindistana sürgün edilýär.

Ýurtda öz täsirini artdyrmak maksady bilen Angliýa Omanyň soltanyny Zanzibara garaşsyzlyk bermäge yrýar. Netijede 1856-njy ýylda Zanzibar garaşsyz döwlete öwrülýär, emma 1890-njy ýylda Angliýa bu döwletiň üstünden protektoratçylyk düzgünin girizdi.

XVIII-XIX asyryň birinji ýarymynda Gündogar Afrikanyň iri döwletleriniň biri-de Bugandady. XVIII asyryň ortalarynda ol syýasy we ykdysady ösüşde sebitiň köp döwletlerinden öňe saýlandy. Bu döwürde onuň çägi hem ep-esli giňedi we Tanganikanyň üsti bilen kenarýaka portlaryna gidýän söwda ýollarynda öz agalygyny ýola goýdy. Bugandadan şirmaýy we gullar äkidilipdir, ýurduň özüne bolsa mata we beýleki harytlar getirilipdir. XVIII asyryň ahyrlarynda Bugandada ot açýan ýaraglar hem köpçülikleýin ýaýrady. Ok atýan ýaraglaryň getirilmegi kabaka (patyşa) Sune II-ä (1836-1850) goşunlaryny gaýtadan ýaraglandyrmaga we giň ýerleri basyp almaga mümkinçilik berýär. Onuň ogly Mutesanyň (1850-1884) dolandyran ýyllarynda Bugandanyň goşunyň sany 150 mün adama, harby gämileri bolsa 300-e ýetýär.

Dolandyryş-çäk gurluşy boýunça Buganda döwleti 24 sany welaýata (*saza*) bölünip, olary kabaka tarapyndan bellenilýän dikme (*basaza*) dolandyrypdyr. Ýurduň ekerançylyk ýerleri urug ýa-da gullukçy begzadalar bolan bakungunyň we batangolanyň ellerinde jemlenipdir. Olaryň ýerleri jemagatçy daýhanlar bolan *batakalar* we *bakopiler* (kärendeçiler) tarapyndan işlenilip bejerilipdir.

XVII-XIX asyrlarda Gündogar Afrikada - häzirki Ruandanyň, Burundiniň, Tanzaniýanyň (Tanganika) ýerlerinde hem uly syýasy wakalar bolup geçýär. XIX

asyryň birinji ýarymynda Tanganikada taýpa bileleşikleri döräp, olar gurluşy boýunça irki orta asyr syýasy birleşiklerine golaýdy. Şol bileleşikleriň biri hem Usambara daglarynda dörän şambala halkynyň döwletidi. Döwletiň baştutany Kimweri (1820-1869) *simb* wa *muene* (asman arslany) drejesini göteripdir. Şambalanyň hökümdarlary Zanzibar soltanlygy, şeýle hem arap täjirleri bilen ysnyşykly söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyr.

Portugallar Günorta-Gündogar Afrikada – Zambezi derýasynyň boýlarynda şindi XVI asyrda ornaşypdyrlar we bu ýerlerde Sena, Tete, Kelimane we Sofale faktorilerini esaslandyrýarlar. Portugallar Monomotapa döwletiniň ýerinde Massape faktorisini hem döredýärler. Başda olar Monomotapanyň hökümdaryna paç töläpdirler, emma soňra monomotapalylaryň özara uruşlaryna gatyşyp, hökümdarlardan dürli ýeňillikleri alypdyrlar.

XVIII asyryň ahyrlaryndan başlap Madagaskar Fransiýa bilen Angliýanyň esasy hüjüm edýän ýerleriniň birine öwrülýär. Giçki orta asyrlarda adada güýçli Imerina döwleti bardy. Emma soňky asyrlaryň tozgunçylyklary zerarly ol güýçden gaçypdy. XVIII ahyrlarynda Imerina döwleti Andrienampuinimerin (1784-1810) tarapyndan gaýtadan dikeldilýär. Ol Madagaskaryň demirgazygynda, gündogarynda we günortasynda ýaşaýan taýpalary öz häkimiýetine tabyn edip güýçli döwlet döredýär.

Andrienampuinimeriniň ogly Radama I (1810-1828) Angliýa bilen Fransiýanyň Madagaskaryň üstünde dowam edýän dawalaryndan peýdalanmaga çalşypdyr. Ol iňlislerden kömek alyp, fransuzlar bilen gatnaşyk edýän madagaskarly taýpalary özüne tabyn edýär. 1822-nji ýylda gozgalaň turzan sakalawa taýpalaryny ýeňlişe sezewar edip, olary adanyň demirgazgyndaky we kenarýakadaky ýerlerinden kowup çykarýar. 1825-nji ýylda Radama fransuzlaryň

Madagaskardaky esasy daýanç nokatlary bolan Dofin fortuny olaryň ellerinden alýar.

Radamadan soň häkimiýete onuň birinji aýaly Ranawalona (1828-1861) gelýär. Ol iňlisleriň täsirini aýyrmaga we fransuzlar babatyndaky duşmançylykly syýasaty dowam etdirmäge çalşypdyr. Ranawalona Angliýa bilen Imerinanyň arasynda baglaşylan ylalaşyklary ýatyrýar, onuň missionerlerini bolsa ýurtdan çykaryp kowýar. 1836-njy ýylda ol Angliýanyň we Fransiýanyň korollaryna hat iberip, Madagaskar babatynda diňe sowda gatnaşyklary bilen çäklenmegi teklip edýär. Ranawalonanyň döwründe iňlisler we fransuzlar Madagaskarda ornaşmak üçin dürli usullary ulanypdyrlar, emma bu iş olara başartmandyr. 1861-nji ýylda Ranawalona aradan çykandan soň häkimiýete onuň ogly Rokota (Radama II, 1861-1863) gelýär. Radama II daşary ýurtlylara Madagaskarda erkin söwda etmäge we ada dolanyp gelmäge ygtyýar berýär. Emma patyşanyň hereketinden nägile bolan halk gozgalaň turuzýar. Gozgalaňçylar köşgi eýeläp, patyşany öldürýärler. Tagta Radama II-niň dul galan aýaly Razoherina (1963-1868) çykarylýar. Radama II-niň daşary ýurtlylar bilen gol çekişen ähli ylalaşyklary Razoherina tarapyndan ýatyrylýar. 1864-nji ýylda ýurduň hökümetiniň başlyklygyna Razoherinanyň erkek dogany Raýnilaýariwuni bellenilip, ol bu wezipede ýurt basylyp alynýança – tä 1895-nji ýyla çenli arakesmesiz işleýär.

## § 9. Hytaý XVII- XVIII asyrlarda.

**Mançžur basybalyşlarynyň öňisyrasynda Hytaýyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XVII asyryň 30-40-njy ýyllarynda hytaý döwleti çuňňur durmuş-ykdysady we syýasy kynçylyklary başdan geçirilipdir. Salgytlaryň artmagy, daýhanlaryň ekerançylyk ýerlerinden mahrum

edilmegi, emeldarlaryň eden-etdilikleri hytaý halkynyň tolgunmagyna we ýurtda uzak wagtlap dowam eden gozgalaňa (1628-1644) getiripdir. XVII asyryň 40-njy ýyllarynyň başlarynda daýhanlar gozgalaňy has-da güýjeýär. Bu döwürde gozgalaňçylar iki sany uly toparlanyşyga bölünipdirler. Olaryň birinjisi Hubeý-Şensi toparlanyşygy bolup, olar ýurduň merkezi we demirgazyk-günbatar taraplarynda, ikinji toparlanyşyk Syçuwan welaýatynda ýerlerişip, ol Hytaýyň günbatarynda hereket edipdir. Toparlanyşyklaryň ikisiniň hem goňşuçylykda ýerleşmegi min hökümetine olara garşy üstünlikli çäreleri geçirmäge päsgel beripdir. Gozgalaňçylaryň Hubeý-Şensi toparlanyşygyna öňki çopan Li Szyçen (1606-1645), Syçuan toparyna bolsa öňki esger Çžan Sýançžun (1606-1647) serkerdelik edipdirler.

Gozgalaňyň soňky döwürlerinde serkerdeler gozgalaňçy goşunlary kämilleşdirip, ony hemişelik esasda gurmaga we hereket edýän ýerlerinde dolandyryş ulgamyny ýola goýmaga çalşypdyrlar. Gozgalaňçylar agalyk edýän nesilşalygy agdarmagy we çökder salgyt ulgamyny ýatyrmagy maksat edinýärdiler. Gozgalaňçy goşunda tertip-düzgüni ýola goýup, Hubeý-Şensi topary Li Szyçeniň baştutanlygynda Pekine tarap süýşmegi karar edýär. 1643-nji ýylda welaýat merkezi Siyan şäheri (Şensiniň merkezi) eýelenilenden soň Li Szyçen imperator diýlip yglan edilýär.

1644-nji ýylyň ýazynda gozgalaňçy goşunlaryň Pekine hüjümi üstünlikli dowam edipdir we hökümet goşunlary tarapyndan olara nähilidir bir uly garşylyk görkezilmändir. Munuň özi min hökümetiniň 15 ýylyň dowamynda alyp baran içki uruşlary we ýurduň demirgazygynda mançžur basybalyjylary bilen dowam edýän agyr uruşlary sebäpli bolýardy. Şol ýylyň aprel aýynda Li Szyçeniň goşunlary Pekini eýeleýär. Gozgalaň ýeňiş bilen tamamlanýar. Iň soňky min hökümdary özüni öldürýär. Pekiniň

eýelenilmegine Çžan Siýançžunyň baştutanlygyndaky Syçuan toparlanyşygynyň goşunlary gatnaşmandyr.

Gozgalaňçylar ýurtda tertip-düzgüni we asudalygy ýola goýmaga başlaýarlar, minleriň zyndanlaryndaky köp sanly tussaglar boşadylýar, açgözlügi we rehimsizligi bilen ýakasyny tanadan döwlet emeldarlarynyň ýüzlerçesi jezalandyrylýar. Şaher ilatyna, senetçilere gozgalaňçylar kömek bermegi we olara ýardam etmekligi wada edýärler. Emma Li Szyçeniň esaslandyran täze nesilşalygy uly kynçylyklara sezewar bolup ugraýar, sebäbi uly goşuny saklamak üçin salgyt ýygnamalydy. Bu bolsa ýatyrylan salgytlary dikeltmäge mejbur edýär. Netijede salgytlaryň gaýtadan girizilmegi bilen baglanyşykly çäreler gozgalaňçylaryň gazanan ýeňişine uly howp salyp başlaýar. Emma gozgalaňçylaryň üstüne esasy howp demirgazykdan – mançžurlar tarapyndan abanýardy.

Mançžurlar XII-XIII asyrlardaky çžurçženleriň nesilleri bolup, olar XVI asyryň ahyrlarynda görnükli serkerde Nurhasy hanyň (1559-1626) baştutanlygynda birleşýärler we XVII asyryň başlarynda mançžurlaryň döwleti döredilýär. Nurhasynyň ogly Abahaýyň döwründe *Sin* (Arassa, Päk) döwleti döredilýär we Abahaý täze döwleti hytaý däpleri boýunça dolandyryp başlaýar. Mançžurlaryň Sin döwleti esasan gowy ýaraglandyrylan, tertip-düzgünli atly goşuna daýanypdyr. Olaryň goşunlary sekiz sany baýdaklara (goşun bölekleri) bölünipdir, şonuň üçin hem ol «*sekizbaýdakly*» adyna eýe bolupdyr. Hytaýa garşy alnyp barlan uruşlaryň döwründe Hytaýa, şeýle hem goňşylary Mongoliýa we Koreýa garşy uruşlarda mançžur goşunlarynyň düzüminde mongollardan we hytaýlylardan düzülen ýene-de sekiz sany baýdak hereket edipdirler. Hytaýa garşy alnyp baryljak uly söweşleriň öňisyrasy mançžurlarda 200 müňe golaý gowy ýaraglandyrylan söweşjeň goşun bolupdyr.

XVII asyryň 40-njy ýyllarynyň başlarynda mançžurlar Hytaýyň üstüne yzygider ýörişleri geçirip durupdyrlar we ýurtdan müňlerçe ilaty ýesir edip äkidipdirler. 1644-nji ýylyň ýazynda mançžur serkerdeleri hytaý goşun serkerdeleriniň mançžurlary Beýik hytay diwarlaryndan geçirmäge razydyklary barada habar alýarlar. Bu habary mançžurlara Beýik hytaý diwarlaryny goraýan min generaly U Sanguý ýollapdyr. Ol mançžurlary ýurduň içine goýbermegi we olaryň kömegi bilen Pekindäki gozgalaňçylaryň hökümetini agdarmagy we ýurtdaky gozgalaňlary basyp ýatyrmagy maksat edinipdir. Başda mançžurlar U Sanguýa ynanman onuň teklibini ret edýärler, ýöne onuň mançžurlar bilen hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyna göz ýetirip, dönük general bilen gatnaşyk açýarlar. U Sanguý özüniň mançžurlara wepaladygyny subut etmek üçin, ähli esgerlerine mançžurlaryň edişi ýaly maňlaý saçlaryny syrmagy we ýeňselerindäki enginlerine düşüp duran uzyn saçlaryny bolsa örmegi buýurýar. Mundan beýläk bu däp hytaýlylaryň mançžurlara tabynlygynyň masgaraçylykly nyşany hökmünde kabul edilipdir.

Li Szyçen emele gelen howply ýagdaýdan çykmak üçin U Sanguýa birleşmegi we bileleşip mançžurlary derbi-dagyn etmegi teklip edýär. Başda razylyk berse-de, soňra U Sanguý gozgalaňçy serdaryň teklibini ret edýär we mançžurlara Beýik hytaý diwaryndaky Şanhaýguan geçelgesini açyp berýär.

**Hytaýyň mançžurlar tarapyndan basylyp alynmagy.** 1644-nji ýylyň ýazynda mançžurlar U Sanguý bilen bileleşip, Hytaýy basyp almaga başlaýarlar we basybalyşlar kyrk ýyla golaý - tä 1683-nji ýylla çenli dowam edýär. 1644-nji ýylyň 27-nji maýynda Şanhaýguan geçelgesiniň töwereginde Li Szyçeniň goşunlarynyň hem-de U Sanguý bilen birleşen mançžurlaryň arasynda uly söweş bolup geçýär. Söweşiň aýgytly pursartynda mançžurlaryň

atly goşunlary özüniň artykmaçlygyny we ýokary söweş endiklerini görkezmegi başarýar. Netijede gozgalaňçy goşunlar yza çekilmäge mejbur bolýarlar. Emele gelen ýagdaý gozgalaňçylar üçin howplydy, şonuň üçin hem Li Szyçen Pekini galdyrmagy karar edýär we yza - öňki günbatardaky mekanyna dolanýar. Mançžurlar Pekini eýeläp, Abahaýyň ogullarynyň biri Şunžyny (Abadan dolandyryş) patyşa diýip yglan edýärler we Hytaýda mançžurlaryň Sin nesilşalygy esaslandyrylýar. Bu nesilşalyk Hytaýda 267 ýyllap (1644-1911) hökmirowanlyk sürdi.

Li Szyçeniň yza çekilýän goşunlary özlerini yzarlaýan sin goşunlaryna degerli garşylyk görkezip bilmändir. 1645-nji ýyldaky ýazky söweşlerden soň Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda gozgalaňçylaryň esasy güýçleri ýok edilýär, Li Szyçeniň özi bolsa öldürilýär. Li Syzyçen ýeňlenden soň Çžan Sýançžunyň baştutanlygyndaky Syçuan toparlanyşygy kyn ýagdaýa düşýär. Çžan Sýançžunyň Li Syzyçena kömek bermändigi sebäpli mançžurlar Hytaýyň merkezi etraplaryny ýeňillik bilen basyp alypdyrlar. Diňe 1646-njy ýylyň tomsunda Çzan Sýançžun basybalyjylara gaýtawyl bermegi karar edýär. Emma 1647-nji ýylyň gyşynda bolan söweşleriň birinde ol ýaralanyp mançžurlara ýesir düşýär we soňra jezalandyrylyp öldürilýär.

Gozgalaňçy serkerdeler öldürilenden soň olaryň goşunlary dargamandyr. Olaryň ornuna başarjaň serkerdeler geçýärler. Demirgazyk Hytaýy eýeläp, mançžurlar ýurduň merkezi we günorta welaýatlarynda halkyň ýiti garşylygyna sezewar bolýarlar. Basybalyjylara garşy göreşlere hytaý halkynyň giň gatlaklary aýaga galýarlar. 1645-nji ýylyň ýazynda Beýik kanalyň boýundaky Ýançžou şäheri ugrunda gandöküşikli söweşler alnyp barylýar. Şäheriň goragyna min generaly Şi Kef baştutanlyk edipdir. Şäher ilaty we min goşunlary mançžurlara on günläp ýangynly garşylyk görkezýärler. Şäher duşman tarapyndan eýelenilenden soň

on günläp rehimsiz talaňçylyga sezewar edilýär. Gözi bilen görenleriň ýazmagyna görä şäherde 800 müň ilat gyrlypdyr.

Ýanççžou eýelenilenden soň mançžur goşunlary Pekinden soň Hytaýyň ikinji syýasy merkezi bolan Nankin şäheriniň etegine süýşüp gelýärler. Emma şäheri goramak üçin ýeterlik derejede goşunyň hem-de ýaraglaryň bolandygyna garamazdan, emeldarlar Nankini mançžurlara söweşsiz tabşyrypdyrlar. 1647-nji ýylda min goşunlary bütinleý diýen ýaly dargaýar, ýogsam olaryň entäk ep-esli goşunlary bolupdyr. Emma dagynyk goşunlary birleşdirip biljek syýasy güýç tapylmandyr.


Çžen Çengunyň Taýwandaky ýadygärligi

Şeýlelikde, mançžur basybalyşlarynyň birinji döwri tamamlanýar. 1644-1647-nji ýyllarda mançžurlara Demirgazyk, Merkezi Hytaýda ornaşmak we ýurduň günortasyndaky ýerleriň ep-esli bölegini eýelemek başardýar. Emma olar basyp alan ýerlerinde ýeterlik derejede berkleşip bilmändirler. Sebäbi 1648-nji ýylda welaýatlaryň aglabasynda basybalyjylara garşy halk çykyşlary başlaýar. Şol gozgalaňlar 1650-nji ýyla çenli mançžurlar tarapyndan doly basylyp ýatyrylypdyr. Şonuň netijesinde mançžur basybalyşlarynyň ikinji döwri tamamlanýar.

Hytaýyň köp ýerlerinde mançžur agalygy dikeldilen hem bolsa göreşler bes edilmändir. Öňki gozgalaňçylaryň galyndylary Çžan Sýançžunyň egindeşi Li Dingonyň serkerdeliginde Hunan, Guýçžou, Guansi (ýurduň merkezi, günorta-günbatar, günorta welaýatlary) welaýatlarynda mançžurlara garşy agyr söweşleri alyp barypdyrlar. Dönük U Sanguýa Li Dingony has günorta tarap gysyp çykarmak başardýar. Li Dingo Hytaýyň Wýetnam bilen araçäkdäki

Ýunnan welayatyna çekilipdir. Bu ýerdäki söweşler tä Li Dingo wepat bolýança - 1662-nji ýyla çenli dowam edýär.

Mançžurlara garşy hereketler Günorta–Gündogar Hytayda-da alnyp barlypdyr. Bu ýerlerde alnyp barlan söweşlere şäherleriň watançy güýçleri baştutanlyk edip, şunda täjir maşgalasyndan bolan Çžen Çengun aýratyn tapawutlanypdyr. Ol güýçli flotuň we sinleriň tylynda hereket edýän goşunlaryň kömegi bilen XVII asyryň 50-nji ýyllarynda birnäçe üstünlikli ýörişleri geçiripdir. Çžen Çengunyň goşunlary hatda Nankini eýelemäge-de synanşypdyr we Ỳanszy derýasy boýunça has ýokarlygyna ýüzüp, mançžurlara uly zyýan ýetiripdirler. Onuň güýçleri Günorta-Gündogar Hytaýyň Fuszýan welaýatynyň kenar ýakalarynda we iri port şäher Sýamende (Amoý) ýerleşipdir.

Li Dingonyň goşunlary derbi-dagyn edilenden soň Çžen Çengunyň tabynlygyndaky güýçler mançžurlara garşy göreşiň esasy ojagyna öwrülipdir. Şonuň üçin hem mançžurlar Çžen Çengunyň goşunlaryna garşy aýgytly çäreleri geçirmek üçin güýçli flot döredilip, kenar ýakalaryň ilaty ýurduň jümmüşine göçürilipdir. Emele gelen ýagdaýy göz öňünde tutup, Çžen Çengun goşunlary we öz tarapdarlary bilen Taýwan adasyna göçmäge mejbur bolýar. Çžen Çengun Taýwana (Formoza) gelmänkä bu ýerde gollandlar hojaýynçylyk edýärdiler. 1662-nji ýylda Çžen Çengun olary adadan kowup çykarýar. Şunuň bilen mançžur basybalyşlarynyň üçünji döwri (1650-1662) hem tamamlanýar. Çžen Çengun tarapyndan Taýwanda döredilen bu döwlet tä 1683-nji ýyla çenli ýaşap, ol harby-syýasy babatda güýçli döwlet hasap edilipdir. Onuň dolandyran döwründe adanyň ykdysadyýetini ösdürmek bilen baglanyşykly çäreler geçirilipdir, täze ýerleriň ekin dolanyşygyna girizilmegi, balykçylygyň we beýleki pudaklaryň ösdürilmegi höweslendirilipdir.

Basybalyjylara garşy iň soňky gozgalaňy döwründe manççurlaryň tarapyna geçen hytaýly serkerdeler turuzýarlar. Olara U Sanguý baştutanlyk edýär. Hytaýly serkerdeleriň gozgalaň turuzmaklaryna manççurlarlaryň günortaly dikmeleriň goşunlaryny dargatmak baradaky karary sebäp bolýar. Manççurlaryň bu hereketi U Sanguýy öz öňünde goýan ähli maksatlaryndan mahrum edýärdi. Şonuň üçin hem ol gozgalaň turuzmagy we öz hususy nesilşalygyny esaslandyrmagy maksat edinýär. Hytaýly generallaryň manççurlara garşy göreşi 1681-nji ýyla çenli dowam edýär. Emma şindi gozgalaň basylyp ýatyrylmanka U Sanguý aradan çykýar we onuň ady Hytaýyň taryhynda dönükligiň nyşany bolup hemişelik galýar.

Şeýlelikde, Hytaýyň Taýwandan başga ähli ýerleri manççurlar tarapyndan basylyp alynýar. Şundan soň Taýwanda häkimiýet başyna gelen täze dolandyryjylar hem boýun egmegi karar edýärler. 1683-nji ýylda manççur goşunlary Taýwanda düşürilýär. Şu waka bilen Hytaýy basyp almaklygyň dördünji döwri (1662-1683) hem tamamlanýar. Hytaýy boýun egdirenlerinden soň manççurlar ýurduň ähli erkek adamlarynyň saçlaryny ýeňsesinden ördüripdirler. Bu däp hytaýlylaryň boýun egdirilendiginiň alamatydy.

Ägirt uly we gür ilatly Hytaý döwletiniň az sanly çarwa manççurlardan ýeňilmeginiň esasy sebäbi min hökümetiniň eden-etdilikleri zerarly ýurt tozgun ýagdaýa düşüpdi, yzy üzülmeýän daýhanlar gozgalaňlary dowam edýärdi, has beteri-de, umumy duşmana garşy göreşde hytaýlylar birleşip bilmändirler. Beýleki bir tarapdan, manççurlar inçe syýasat ýöredipdirler: olar daýhanlaryň, ýer eýeleriniň mülklerine degmändirler, eýelenilen ýerlerde ekerançylygy we önümçiligiň beýleki pudaklaryny höweslendiripdirler, min hökümeti tarapyndan girizilen çökder salgytlar we borçlar bolsa ýatyrylypdyr.

**XVII-XVIII asyrlarda hytaý jemgyýetiniň durmuş-ykdysady gurluşy** Hytaý mançžurlar tarapyndan eýelenilenden soň ýurduň durmuş-ykdysady durmuşynyň ekerançylyk pudagynda we şäher önümçiliginde düýpli üýtgeşmeler bolup geçmändir. Sin hökümdarlary Hytaýda köneden gelýän ykdysady gatnaşyklary öňküligine galdyrypdyrlar. Sürüm ýerleri öňküleri ýaly iki topara - *guan* (emeldarlar) we *min* (halk) ýerlerine bölünipdir. Min ýerlerine ýurduň sürüm ýerleriniň 3/4 (75%) bölegi degişli bolupdyr.

Obanyň durmuş-ykdysady ýaşaýşy hytaý oba jemagatyna esaslanypdyr. Ähli agzalaryny garyndaşlyk gatnaşyklary baglanyşdyrýan hytaý oba jemagatynda sürüm ýerlerine bileleşip eýeçilik edýärdiler. Ýöne jemagatyň ygtyýaryndaky sürüm ýerlerini obanyň adamlary bileleşip işläp bejermändirler-de, olary jemagatyň agzalaryna ýa-da goňşy obalaryň ýaşaýjylaryna kärendesine beripdirler. Kärendä berilýän ýerlerden gelýän girdeji jemagatyň agzalarynyň umumy girdejisine öwrülipdir.

Jemagat ýerleriniň giň ýaýran ýeri Hytaýyň günortasynda ýerleşipdir. Bu bolsa durmuş sazlaşygynyň bozulmagynyň öňüni alypdyr. Jemagat ýerleriniň içinde buthana, oba mekdebine berilýän we haýyr-sahawat ýerleri hem bolupdyr. Şeýle ýerlerden gelýän girdejiler we önümler, dini baýramçylyklary geçirmäge, mekdebiň çykdaýjylaryny ödemäge, jemagatyň garyp-gasarlaryny eklemäge sarp edilipdir.

Umumy eýeçilikdäki ýerlerden başga-da, oba jemagatynda ýekabara işlenilip bejerilýän ýerler hem bolupdyr. Şeýle ýerleri satmaga we kärendä bermäge ygtyýar edilipdir, ýöne munuň üçin jemagatyň agzalarynyň razyçylygyny almaklyk we ýeri satmak ýa-da kärendä bermek üçin öňi bilen jemagatyň agzalaryna teklip etmeklik talap edilipdir.

Hytaý oba jemagatynyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri-de, garyndaşlyk gatnaşyklary bolup, obalar adatça umumy bir nesilbaşydan gözbaş alyp gaýdýan garyndaşlardan ybarat bolupdyr. Şeýle ýagdaý esasan hem Günorta Hytaýyň obalary üçin häsiýetlidir.

Obanyň gurply adamlary iki topara bölünip, olaryň birinjisini baýan jemagatçylar düzüpdirler. Olar ýerleriniň bir bölegini kärendesine berip, beýleki böleginde öz maşgala agzalary bilen zähmet çekipdirler. Bular ýönekeý jemagatçylardan känbir tapawutlanmandyrlar. Jemagatyň gurply böleginiň ikinji toparyny hytaý jemgyýetiniň sowatly we wezipeli ýer eýeleri emele getiripdirler. Olar hem jemagatyň özünden çykan adamlar bolupdyr. Ýöne, olar köplenç, iri neberelerden (patranomiýa) gelip çykypdyrlar. Olar öz döwründe bilim alyp, alymlyk derejesini almak üçin synag tabşyran adamlardy. Hytaý jemgyýetinde şeýle adamlary «*şenşi*» diýip atlandyrýardylar. Beýleki derejesiz gurply jemagatçylar ýaly şenşiler hem öz ýerlerini kärendesine berýärdiler. Sinleriň döwründe Hytaýda ýer eýeleriniň peýdasyna zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeklik giň gerime eýe bolmandyr.

Garyndaşlyk gatnaşyklarynyň güýçli bolandygyna garamazdan kärende tölegi agyr bolupdyr, ýagny öndürilýän önümiň 30%-den 70%-e çenlisi kärende tölegi hökmünde ýer eýesine berlipdir. Ýöne, Hytaýda esasan ýapaçylyk giň ýaýrapdyr we öndürilen önümiň 50%-ne ýer eýesi eýe bolupdyr. Sin nesilşalygynyň döwri üçin orta we ownuk ýer eýeçiligi häsiýetlidi. Obaly baýlaryň aglabasynyň 50-100 *mu*[1] möçberinde (3-6 ga) ýerleri bolupdyr, daýhanlaryňky bolsa 10-20 mu (0,6-1,2 ga) barabar. Ỳüzlerçe we müňlerçe mu möçberindäki ýerler seýrek duş gelipdir. Ỳurduň sürüm ýerleriniň ýaryna golaýy ýekebara daýhan hojalyklarynyň

[1] 1 mu – 0,06 ga.

ygtyýarynda bolup, şeýle hojalyklar esasan Demirgazyk Hytaýda giň ýaýrapdyr. Umuman alnanda, XVII-XVIII asyrlarda Hytaýyň ekerançylyk pudagy natural häsiýetde bolupdyr.

XVIII asyryň birinji ýarymynda sin hökümeti tarapyndan ýeke-täk jan başyna salgyt girizilipdir. Salgydyň möçberi ýeriň hiline we mukdaryna bagly bolupdyr. Bu salgydy ýer eýeleriniň ählisi, şol sanda oba baýlary hem tölemeli bolupdyrlar. Şenşiler diňe döwletiň peýdasyna ýerine ýetirilýän zähmet borjundan boşadylypdyr.

Hytaýyň ekerançylyk ýerleriniň bir bölegi imperator maşgalasyna, mançžur begzadalaryna, mançžur goşunlarynyň serkerdelerine we esgerlerine degişli bolupdyr. Imperatoryň we mançžurlaryň «sekizbaýdakly» goşunlarynda gulluk edýänleriň ýerleri şol ýerlere berkidilen daýhanlar tarapyndan işlenilip bejerilipdir. «Sekiz baýdaklylaryň» ýerleri esasan Demirgazyk Hytaýda we ýurduň möhüm merkezleri hasaplanylan 72 sany şäherleriň töwereginde ýerleşipdir. Bu şäherlerde mançžur goşunlary ýerleşdirilip, sinleriň hökümdarlygynyň başky döwründe esgerlere we serkerdelere hytaýlylaryň ellerinden alnan ýerler berlipdir. Sinleriň döwründe serhet ýakalarynda ýerleşýän harby obalara degişli ýerler hem bolupdyr. Bu ýerler esgerleriň özleri tarapyndan işlenilip bejerilipdir we alynýan girdejiler harby obalary saklamaga sarp edilipdir.

XVII-XVIII asyrlarda şäher senetçiliginde nähilidir bir uly öňe gidişlik gazanylmandyr. Ownuk söwdagärler we senetçiler şäher ilatynyň esasy bölegini düzüpdirler. Olar özleriniň ýorite guramalaryna (*han*) birleşipdirler. Emma söwdagärleriň we senetçileriň guramalary ýurduň sosial gurluşynda agalyk ediji ýagdaýa öwrülip bilmändirler. Sebäbi senetçi şol bir wagtyň özünde öz önümini satýan söwdagäriň hem wezipesini ýerine ýetiripdir. Bu bolsa söwdanyň senetçilikden bölünip aýrylyp ýetişmändigine

şaýatlyk edýärdi. Hytaý söwdagärleriniň we senetçileriniň guramalary hakykat ýüzünde döwlete salgyt tölemek üçin döredilen guramalar ýaly bir zatdy. Sebäbi daýhanlar ýaly senetçiler hem dürli salgytlary tölemäge we zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge borçlandyrylandy. Hususyýetçi senetçi edil daýhan ýaly häkimiýetleriň öňunde goragsyzdy. Ỳurduň islendik ýerinde ýaşaýan senetçini paýtagtda ýerleşýän döwlet kärhanasyna işe gelmäge mejbur edip bolýardy. Köneden gelýän däpler boýunça daýhançylyk ilatyň esasy, senetçilik bilen söwda bolsa ikinji derejeli işi hasap edilýärdi, üstesine-de, döwlet häkimiýeti tarapyndan senetçilere we söwdagärlere halanylmaýan gatlaklar hökmünde seredilipdir. Söwdagärler we senetçiler babatynda şeýle garaýyşlaryň hokum sürmegi, Ỳewropa ýurtlaryndakydan tapawutlylykda, Hytaýda şäherleriň ýurduň syýasy ulgamynda möhüm orun eýelemegine mümkinçilik bermändir.


Imperator

Şeýlelikde, gürrün edilýän döwürde Hytaýda iki sany uly durmuş topary bardy. Olaryň birinjisi *min* topary bolup, ol hytay jemgyýetiniň esasy önüm öndürijilerini, salgyt töleýjilerini we zähmet borçlaryny ýerine ýetirijileri öz düzümine alypdyr. Bu topara daýhanlardan başga-da senetçiler bilen söwdagärler hem giripdirler.

Jemgyýetiň ikinji gatlagyny *guan* düzüp, olar emeldarlar hem-de harby gullukçylardy. Guan gatlagy önüm öndürmändir, salgyt tölemändir. Olar döwletiň dolandyryş ulgamyna wekilçilik edipdirler we goşun gullugyny ýerine ýetiripdirler. Munuň üçin olara döwlet tarapyndan hak tölenilipdir.

**Sin imperiýasynyň döwlet gurluşy.** Syýasy gurluşy boýunça Hytaý döwletini çäklendirilmedik häkimiýeti bolan

gündogar despotiýasynyň hataryna goşmak bolar. Nurhasynyň neslinden bolan beýik mançžur hanlary (Bogdy han) Hytaýda çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolupdyrlar. Döwletiň dolandyrylyşy asyrlar boýy dowam edip gelen iki hakykata esaslanypdyr: «Taňrynyň huzuryndaky döwletde[1] (ýagny Hytaýda) hökümdaryňkydan başga ýer ýokdur» we «Taňrynyň huzuryndaky döwletde ýaşaýanlaryň ählisi hökümdaryň raýtlarydyr». Hytaý kanunçylygyna girizilen bu kesgitlemeler döwletiň we onuň hökümdarynyň ýurduň durmuşynda ägirt uly ähmiýete eýe bolandygyny görkezýär.

Hytaý däbi boýunça «Asmanyň (Taňrynyň) ogly»[1] diýlip atlandyrylan sin hökümdary Taňry bilen adamlaryň arasyny baglanyşdyrýan mukaddes şahs hasap edilipdir. Hytaýlylar Asmanyň oglunyň keşbiniň asman gümmezinde, Demirgazyk ýyldyzynyň ýanynda ýerleşýändigine ynanynypdyrlar. Hytaý hökümdarlary ýurdy dolandyrmaga girişmezlerinden öň döwleti nähilidir bir dewiz – şygar bilen dolandyrjakdyklaryny yglan edipdirler. Şol şygar hökümdarlyk tamamlanýança imperatoryň hususy ady[2] bolup hyzmat edipdir. Hytaý kanunlary imperatoryň çyn adyny tutmagy berk gadagan edipdir we kanuny bozanlar ölüm jezasyna hokum edilipdir. Hökümdaryň ýüzüni görmeklik köşk adamlaryndan başgalara gadagan edilipdir, şonuň üçin hem imperator ýola düşende raýatlar öýleriniň penjirelerini we gapylaryny mäkäm ýapypdyrlar.

Bogdy hanlar kanunçylyk häkimiýetini amala aşyranlarynda iki sany maslahatçy edara – diwana we harby

---

[1] Hytaýlylar öz ýurtlaryny «Älemiň merkezindäki [döwlet]» («*Jungo*») ýa-da «Taňrynyň huzuryndaky [döwlet]»
(«*Týansýa*») diýip atlandyrýarlar.

[1] «Týan-szy» - sözme-söz «Asmanyň ogly», «Gögüň ogly», «Taňrynyň ogly»

[2] Mysal üçin birinji mançžur hökümdary «Şunçži», ỳagny «oňaỳly dolandyryş» atly dewiz bilen dolandyrypdyr.

geňeşe daýanypdyrlar. Mançžur hökümdarlary ýerli halkyň içinde närazylyk döremez ýaly, diwanyň düzümindäki orunlaryň deň ýaryny tanymal hytaýly begzadalara beripdirler. Emma gutarnykly çözgütler kabul edilende imperatorlar köplenç öz ýakyn adamlarynyň ýa-da mançžur begzadalarynyň pikirine gulak gabardypdyrlar. XVIII asyryň 30-njy ýyllarynda harby geňeş döredilenden soň, maslahatçy edaranyň esasy wezipeleri şu edaranyň ygtyýaryna geçipdir we mançžur hem-de hytaýly begzadalaryň arasyndaky san deňeçerligi hasaba alynman başlapdyr.

Şeýlelikde, ilat sany 700 müňden köp bolmadyk mançžurlar 150 million hytaýlyny dolandyrypdyrlar. Mançžur hökümdarlary dolandyryşda alty sany döwlet edarasyna daýanypdyrlar: derejeler, salgytlar, dabaralar, kazyýet, harby we jemgyýetçilik işleri. Dolandyryş taýdan ýurt 18 welaýata bölünip, olary häkimler dolandyrypdyrlar. Kähalatlarda welaýatlar birleşdirilip dikmelikler hem döredilip bilnipdir. Welaýatlar hem öz gezeginde oblastlara (welaýat bilen etrabyň arasyndaky dolandyryş birligi) bölünip, bir welaýatda takyk 10 sany oblast bolupdyr (jemi 180 oblast); oblastlar hem uýezdlere (jemi 1,5 müňe golaý), olar hem etraplara, wolostlara bölünipdirler. Dolandyryşda baoszýa – köpçulikleýin jogapkärçilik düzgüni giňden ulanylypdyr, şunda bäş hojalyklara, on hojalyklara bölünen hytaý obasynyň we şäheriniň adamlary birek-biregiň hereketi üçin jogap bermeli bolupdyrlar. Hytaýda obalar dolandyryş ülüşi hökmünde kabul edilmändir.

XVIII asyryň ahyrlarynda Hytaýyň ilatynyň sany 300 million adama golaýlapdyr. Gyzykly ýeri, şunça mukdardaky ilaty bary-ýogy 27 müň sany emeldar dolandyryp, olaryň 20-müňüsi döwlet, 7-müňüsi bolsa harby gullukçylar bolupdyr. Alymlyk derejesini we şol bir wagtyň özünde hem emeldaryň derejesini almak üçin synag

tabşyrmaga imperiýanyň doly hukukly raýatlarynyň ählisi gatnaşyp bilipdir. Synaglary tabşyrmaklyk üç basgançakda amala aşyrylyp, ol uýezd, welaýat hem-de paýtagt derejelerine bölünipdir. Synaglar döwründe hytaýyň iýeroglif hatyny, gadymy akyldarlaryň taryh we filosofiki eserlerini öz içine alýan «Dokuz kitap» diýlip atlandyrylan nusgawy eserleri kämil derejede bilmeklik talap edilipdir. Emeldarlyk wezipesine synag tabşyrýanlaryň diňe welaýat we paýtagt tapgyrlaryndan üstünlikli geçenleri dalaş edip bilipdirler. Sinler häkimiýet başyna gelenlerinden soň synaglar 1679-njy ýyldan başlap geçirilip ugraýar. Adalatsyzlyga we eden-etdilige ýol bermezlik üçin synagy geçirmegiň tertibi iňňän oýlanyşykly düzülipdir. Synagyň tertibini bozmak, parahorlyk, ýüz görmeklik ýaly ýagdaýlar ýüze çykarlanda günäkärler ýowuz jezlara hokum edilipdir. Synagy üstünlikli tabşyran adamlar «şenşi»[1] diýlip atlandyrylypdyr. Sinleriň döwründe Hytaýda 1 million töweregi şenşi hasaba alnypdyr, ýöne olaryň diňe ujypsyz bölegi resmi emeldarlaryň hataryna degişli bolupdyr.

Gulluk işini tamamlandan soň emeldar (ol indi şenşi) adatça öz doglan ýerine dolanyp gelipdir. Olaryň köpüsi oba mekdeplerinde mugallymçylyk etmek ýa-da obanyň taryhyny ýazmak bilen meşgullanypdyrlar. Şenşiler oba adamlarynyň arasynda örän uly abraýdan hem-de täsirden peýdalanypdyrlar.

Sinleriň döwründe emeldarlara ýer paýlary berilmändir. Döwlet wezipesini eýeleýän emeldara möçberi gaty uly bolmadyk aýlyk haky tölenipdir. Emma öz wezipe ygtyýarlyklaryndan hyýanatçylykly peýdalanmak bilen emeldar tiz baýapdyr. Wezipeden gidenden soň şeýle emeldarar ýer satyn alyp, obanyň sowatly baýlarynyň hataryna goşulypdyrlar.

[1] Şenşi – sözme-söz “giň guşakly alym”

Minleriň döwri bilen deňeşdirilende sin jemgyýetinde känbir üýtgeşmeler bolmandyr. Bir tapawudy ilatyň artykmaç hukukly topary bolan mançžurlar peýda bolupdyrlar. Olar ýerli ilatdan aýratynlykda ýaşapdyrlar, mançžurlaryň we hytaýlylaryň arasyndaky kanuny nikalar gadagan edilipdir.

Şenşiler, ekerançylar (*nun*), senetçiler (*gun*), söwdagärler (*şan*) ýerli ilatyň, ýagny hanlaryň doly hukukly toparlary hasap edilipdir. Şu toparlaryň adamlaryna synag tabşyrmaga we alymlyk derejesini alyp, wezipe eýelemäge ygtyýar edilipdir. Emma bu toparlar hukuklarynyň birmeňzeşligi sebäpli gatlaklary häsiyetlendirýän alamatlara eýe bolup bilmändirler. Munuň özi hytaý jemgyýetiniň juda işjeň häsiýetiniň bolandygyna güwä geçýär. Hytaýda sin döwrüniň ýokary alymlyk derejesine eýe bolan emeldarlarynyň aglabasy gelip çykyşy boýunça ýönekeý maşgalalaryň wekilleri bolupdyr.

Ýurduň içerki welaýatlarynda hemişelik goşun gullugyny alyp baran mançžur goşun bölümlerinden başga-da, Hytaýada «gök baýdakly» goşunlar hem bolupdyr. Bu goşunlary hytaýlylaryň (hanlardan) özlerinden düzüpdirler we basybalyjylykly uruşlarda esasy zarba urujy güýç hökmünde ulanypdyrlar.

Şeýlelikde, sin nesilşalygynyň dolandyran döwründe Hytaýyň durmuş-ykdysady we syýasy durmuşy üçin şeýle aýratynlyklar mahsus bolupdyr: jemagatyň Aziýa üçin häsiýetli bolan görnüşiniň agalyk etmegi, gatlaklaryň doly kemala gelip bilmändigi, şäherlerde özbaşdaklygyň bolmazlygy we olaryň hökümdaryň häkimiýetine doly tabynlygy.

**XVII-XVIII asyrlarda Hytaýyň daşary syýasaty we alyp baran uruşlary.** Hytaý basylyp alnandan soň sin hökümdarlary goňşy ýurtlara garşy basybalyjylykly ýörişlere başlaýarlar. Şindi Hytaý basylyp alynýan döwürde

manǯurlar Gündogar Mongoliýany eýeleýärler, Koreýany bolsa sin syýasatyna tabyn edýärler. Mongoliýany eýelemeklik uzaga çekipdir. 1636-njy ýylda sinler Içerki Mongoliýany, 1691-njy ýylda bolsa Daşarky Mongoliýany (Halha) eýeläpdirler. Jungaryýany eýelemek üçin sinler uzaga çeken uruşlary alyp barmaly bolupdyrlar, basybalyşlarda hytaýlylaryň «agzyny alart – höküm sür» syýasatyny giňişleýin ulanypdyrlar. Manǯurlar Jungariýada oýrat hanlarynyň häkimiýet ugrundaky göreşlerinde ýerli hökümdarlaryň biri bolan oýrat hany Amursanany goldan bolupdyrlar we oňa goşun kömegini beripdirler. Emma Jungariýa gelen manǯur goşunlary ýurtdan gitmäge howlukmandyrlar. Jungariýanyň garaşsyzlygynyň ýitirilendigine göz ýetiren Amursana 1755-nji ýylda manǯurlara garşy gozgalaň turuzýar. Iki ýyllap dowam eden bu gozgalaň oýratlaryň ýeňilmegi we Jungariýanyň Sin imperiýasyna gutarnykly goşulmagy bilen tamamlanýar.

1757-nji ýylda manǯurlar Jungaryýanyň goňşusy Kaşgariýany (Gündogar Türküstan) basyp almaga girişýärler. Emma ýerli halkyň görkezen ýiti garşylyklaryna garamazdan 1759-njy ýylda Kaşgariýa hem basylyp alynýar. Manǯur basybalyjylary basylyp alnan Jungariýanyň we Kaşgariýanyň ýerinde täze welaýat döredýärler we ony Sinszýan (Täze araçäk) diýip atlandyrýarlar.

Manǯur basybalyşlary günorta-günbatar taraplarda-da ýaýbaňlanypdyr. Bu ýerlerde gadymy Tibet ýurdy ýerleşýärdi. 1720-nji ýylda basybalyjylar Tibetiň gündogar bölegini eýeläp, tiz wagtdan öz täsirlerini ýurduň galan bölegine-de ýaýradýarlar. Tibetiň paýtagty Lhasada 150-müňlük goşun ýerleşdirmek bilen manǯurlar ýerli hökümdaryň häkimiýetini doly diýen ýaly öz gözegçiliklerine alýarlar. 1750-nji ýylda manǯurlaryň gurnamagynda Tibetiň hökümdary öldürilýär we XVIII

asyryň ahyrynda manç žur agalygy Tibetde-de doly berkarar edilýär.

Manç žur hökümdarlarynyň Hindihytaý ýurtlaryna garşy gönükdirilen basybalyşlary garaşylýan netijäni bermändir. 1768-nji ýylda Mýanma (öňki Birma) iberilen 40-müňlik goşun bir ýyl geçenden soň ýerli halk tarapyndan derbi-dagyn edilýär we yzyna dolanmaga mejbur bolýar. Manç žurlar 1769-njy ýylda 60-müňlik goşun bilen Mýanma ikinji gezek ýöriş geçirýärler. Emma bu gezek hem basybalyjylar agyr ýeňlişe sezewar edilýär. Taraplaryň arasynda baglaşylan şertnama laýyklykda, manç žurlar Mýanmadan goşunlaryny çykarypdyrlar, muňa derek Mýanmanyň hökümeti manç žurlara resmi tabynlyk bildiripdirler.

1788-nji ýylda manç žurlar Wýetnamyň içeri-syýasy durmuşynyň ýiti ýagdaýyndan peýdalanyp bu ýurduň üstüne uly mukdardaky goşunlary ugradýar. Bu goşunlar Wýetnamyň paýtagtyny eýeläp, häkimiýetini gozgalaňçylara aldyran ýerli hökümdary tagta çykarýarlar. Emma 1789-njy ýylda manç žur goşunlary wýetnamly gozgalaňçylar tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Wýetnamly gozgalaňçylaryň kuwwatly Sin imperiýasy bilen uzaga çeken uruşlary alyp barmaga ýagdaýy bolmandyr. Şonuň üçin hem olar manç žurlar bilen gepleşikleri geçiripdirler. Biraz soňra Wýetnam hem edil Mýanma ýaly şertlerde manç žurlar bilen ylalaşypdyrlar.

Manç žur basybalyşlary döwründe Uzak Gündogarda ruslar hem täze ýerleri eýeleýärdiler. Bu ýerlere rus häkimiýetleri tarapyndan dürli ekspedisiýalar (W. Poýarkowyň, Ý. Habarowyň ekspedisiýalary) guralýardy. Täze açylýan ýerlerde rus berkitmeleri esaslandyrylýardy. Ruslaryň Amur derýasynyň boýlarynda peýda bolmagy sin häkimiýetlerini ynjalykdan gaçyrýar. Emma rus tarapy manç žurlar bilen gepleşikleri geçirip, iki döwletiň

arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirmäge çalşypdyr. 1689-njy ýylyň 27-nji awgustynda Russiýa bilen Sin imperiýasynyň arasynda Nerçinsk şertnamasy baglaşylýar. Şertnama boýunça iki ýurduň arasyndaky araçäk Amur derýasynyň ýokary akymlary boýunça geçirilipdir.

**XVIII asyryň ahyrynda – XIX asyryň başynda Hytaýdaky gizlin jemgyýetler we halk gozgalaňlary.** Mälim bolşy ýaly, Hytaýyň taryhynda ençeme nesilşalyklary höküm sürupdiler. Şol nesilşalyklaryň ählisiniň hem dolandyran başky onýyllyklary özüniň asudalygy we oňňutly durmuşy bilen häsiýetlendirilýärdi. Ýöne köp nesilşalyklar 100 – 150 ýyl geçenden soň güýçden gaçyp ugraýardylar. Hytaýyň taryhy üçin häsiýetli bolan bu ýagdaý mançžurlaryň hökümdarlygy babatynda-da ýüze çykdy. XVIII asyryň soňky çärýeginden başlap Hytaýda ykdysady çökgünligiň ýüze çykmagy, salgytlaryň artmagy we durmuş kynçylyklarynyň güýjemegi netijesinde, ýurtda mançžur agalygyna garşy çykyşlarlaryň gerimi giňäp ugrady. Ýurduň dürli ýerlerinde ýüze çykýan halk çykyşlary dini we gizlin jemgyyetleriň alyp baran işleri bilen aýrylmaz baglanyşykly boldy. Ähli adamlaryň deňligi hakyndaky ynançlar bu guramalaryň ideologiýasynyň içinden eriş-argaç bolup geçýärdi. Olar adalat jemgyýetiniň iru-giç berkarar boljakdygyna, ählumumy abadançylygyň höküm sürjekdigine çuňňur ynanýardylar. Munuň üçin bolsa dini guramalaryň we gizlin jemgyýetleriň baştutanlygynda ezelişe we kemsidilmelere garşy gozgalaň turzup hökman ýeňiş gazanmalydy. Gozgalaňlaryň esasy şygarlary kese ýerli mançžur agalygyny syndyrmak we adalata esaslanýan hytaýlylaryň öz hökümdarlygyny berkarar etmek bilen baglanyşyklydy.

Dini guramalardan tapawutlylykda, gizlin jemgyýetler gozgalaňy taýyarlamak we oňa ýolbaşçylyk etmek bilen meşgul bolupdyrlar. Aslyýetinde Hytaýda gozgalaňlary

taýýarlamagyň ýerli aýratynlygy bardy. Bu ýurtda gozgalaňlar ençeme ýyllaryň, käbir gozgalaňlar bolsa ýuz ýylyň dowamynda taýýarlanylypdyr. Gozgalaňçylar gozgalaň turuzmaga howlukmaýardylar. Köp ýyllaryň dowamynda adam we ýarag toplaýardylar, esgerlere harby tälimlerini, söweş tilsimlerini, aýratyn hem ýaragsyz başa-baş söweşmekligi öwredýärdiler. Olar welaýatlara aýlanyp halkyň arasynda wagyz-nesihat we düşündiriş işlerini geçirýärdiler.

XVIII asyryň ahyrlarynda «Ak lotos (gül) jemgyýeti» öz gereketini işjeňleşdirýär. Bu jemgyýetiň baştutanlygynda 1796-njy ýylda uly halk gozgalaňy başlaýar. Gozgalaň 1804-nji ýyla çenli dowam edýär we Merkezi Hytaýyň ähli welaýatlaryny siýen ýaly gurşap alýar. 1798-1799-njy ýylda gozgalaňçylar sin goşunlaryny birnäçe gezek ýeňlişe sezewar edip, gözegçilik edýän ýerleriniň çägini ep-esli giňeldýärler. Emma sin hökümeti gozgalaňçylara garşy aýgytly çäreleri geçirip başlaýar we hökümet goşunlaryna başarjaň serkerdeler bellenilýär. 1800-nji ýylyň tomsunda sinleriň jeza beriji goşunlary gozgalaňçylary ýeňlişe sezewar edýär. 1803-nji ýylda alnyp barlan söweşleriň netijesinde jemgyýetiň gözegçiligindäki ýerler hökümet goşunlary tarapyndan eýelenilýär. 1804-nji ýylda gozgalaňçylaryň iň soňky güýçleri hem ýok edilýär.

1813-nji ýylda Demirgazyk Hytaýda «Taňry pähimi jemgyýeti» gozgalaň turuzýar. Onuň baştutany Hytaýyň hökümdary, min nesilşalygynyň dowamaty diýlip yglan edilýär. 1813-nji ýylyň oktýabrynda olaryň iňňän gowy tälim alan urşujylarynyň iki ýüz sanysyna Pekindäki «Gadagan şähere» aralaşmak başardýar. Emma olaryň hüjümleri köşk goragçylary tarapyndan yza serpikdirilipdir. Sin goşunlaryna 1814-nji ýylyň başlarynda bu gozgalaňy hem basyp ýatyrmak başardýar.

Agyr ýeňlişe sezewar edilýändiklerine garamazdan, gizlin jemgyýetleriň we dini guramalaryň hereketleri ýatyp galmandyr. Olar XIX asyryň dowamynda bolup geçen ähli gozgalaňlaryň we halk çykyşlarynyň ruhlandyryjylary hem-de guramaçylary bolupdyrlar.

## § 10. Hytaýa daşary ýurtlylaryň aralaşmagy we azat edijilik hereketleri

**Angliýanyň Hytaýy «açmaga» synanyşyk etmegi.** XVI asyryň dowamynda Hytaý bilen gatnaşyklarda Portugaliýa birinjiligi elde saklapdyr. 1537-nji ýylda portugallar günorta hytaý adalarynyň biri bolan Sýanşanda öz harytlaryny saklamak üçin min hökümetinden saraý gurmaga rugsat alýarlar. Şol ýerde soňra portugal koloniýasy Makao (Aomyn) esaslandyrylýar. XVII asyryň başlarynda golland Ost-Hindistan kompaniýasy hem hytaý hökümeti bilen diplomatik we söwda gatnaşyklaryny ýola goýmaga synanyşýar. Emma hytaý hökümeti gollandlar bilen gatnaşyklardan ýüz öwürýär. Şonuň üçin hem golland Ost-Hindistan kompaniýasy Taýwan adasynda ornaşýar. Mançžurlaryň Hytaýy basyp alýan döwründe XVII asyryň 60-njy ýyllarynda Çžen Çengun gollandlary Taýwandan kowup çykarýar. Muňa garamazdan, beýleki ýewropaly täjirler bilen deňeşdirilende, golland söwdagärleri Hytaý bilen gowy gatnaşyklary saklapdyrlar.

XVIII asyrda halkara söwdasynda iňlisleriň hojaýynçylyk edip başlamaklary bilen gollandlar Hytaý bilen söwdadan gysylyp çykarylýar. Iňlisler şindi XVII asyryň ahyrlarynda Guançžou porty bilen ýanaşyk söwda faktorisini esaslandyrýarlar. Emma 1757-nji ýylda sin hökümeti Hytaýy daşary ýurtlylaryň täsirinden goramak maksady bilen ýurduň Guançžou portundan başga ýerlerinde söwda etmegi

ýewropalylara gadagan edýär. Şonuň üçin hem Angliýanyň hökümeti hytaý bazaryny öz täjirleri üçin açmak we ýewropalylar babatynda girizilen çäklendirmeleri ýatyrtmak bilen baglanyşykly dürli çäreleri geçirmeli bolupdyr. Şu maksat bilen 1793-nji ýylda Hytaýa iňlis wekili Makkartneý iberilýär. Ol iňlis täjirleri üçin girizilen çäklendirmeleriň ýatyrylmagyny, diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny, iňlis raýatlarynyň Hytaýa erkin gelip we ýurda päsgelçiliksiz aýlanyp bilmeklerini gazanmaga çalşypdyr. Ýöne Makkartneýe üstünlik gazanmak başartmaýar. Hytaý köşgünde oňa imperator Sýanlunyň (1736-1796) iňlis koroly Georg III-niň adyna ulumsylyk bilen ýazylan hatyny gowşurýarlar. Hatda hytaý tarapynyň keseki yurt harytlaryna hiç bir hili isleginiň ýokdugy beýan edilipdir.

Angliýanyň Ost-Hindistan kompaniýasy Hytaý bilen söwda gatnaşyklaryny açmak isleglerinden el çekmeýärdiler. 1818-nji ýylda iňlis hökümeti söwda we diplomatik gatnaşyklaryny ýola goýmak bilen baglanyşykly teklipler bilen Hytaýa ýene-de ýüz tutýar. Emma iňlisleriň teklibi bu gezek hem kabul edilmeýär. Söwda kärhanasy hökmünde Ost-Hindistan kompaniýasy ýatyrylandan soň Uzak Gündogarda ýekabara iňlis täjirleriniň işjeňligi has hem güýjeýär. 1834-nji ýylda iňlis-hytaý söwdasynyň ýagdaýyny barlamak üçin Guançžoua (Kanton) lord Nepir gelýär. Emma Nepiriň Hytaýa gelmek üçin sin hökümetinden rugsat almandygy aýan bolýar we ondan haýal etmän ýurduň kenarlaryndan gitmeklik talap edilýär. Sin hökümetiniň talabyna Nepir haýbat atmak we Çžuszin derýasynyň deňze guýýan ýerine iki sany harby gämini salmak bilen jogap berýär. Netijede iňlis-hytaý gatnaşyklary ýitileşýär.

**Birinji tirýek urşy.** Iňlis-hytaý gatnaşyklarynyň ýitileşmegine iňlis söwdagärleriniň Hytaýda alyp barýan tirýek söwdasy hem uly täsir edýär. 1773-nji ýylda Britan

Hindistanyň hökümeti tirýek söwdasyna monopoliýa girizmeginden peýdalanyp, iňlis täjirleri tirýegi Hytaýa daşap ugraýarlar. Sebäbi iňlisler Hytaydan çaý, ýupek, mata ýaly harytlary satyn alyp dünýäniň dürli ýerlerine äkidip satýardylar. Emma Hytaýda iňlis harytlary geçmändir. Bu bolsa eksport bilen importyň arasyndaky deňeçerligi düýpli bozupdyr. Çünki iňlisler Hytaýdan satyn alýan harytlaryna kümüş pul tölemeli bolýardylar. Bu bolsa iňlis täjirleriniň elinde kümüş puluň ýiti ýetmezçiligini döredipdir, Hytaýdada iňlis harytlary geçmeýärdi. Üstesine-de, Angliýanyň hökümeti ýurtdan kümüş pullaryň gitmeginden, döwletiň walýuta serişdeleriniň azalmagyndan howatyr edip, öz täjirlerine kümüş pul bermändir. Şunlukda iňlis täjirleriniň öňünde goşmaça maliýe serişdeleri edinmegiň ýiti zerurlygy ýüze çykýar. Emele gelen ýagdaýdan iňlis täjirleri tiz çykalga tapypdyrlar. Olar Hindistandan Hytaýa ummasyz mukdarda tirýek daşap ugraýarlar. Tirýek söwdasy tiz özüni ödeýär. Hytaýa getirilýän tirýek kümüş pula satylýardy we şol pullaryň hasabynada ýerli harytlar satyn alnypdyr. Netijede, iňlis söwdagärleri gysga wagtyň içinde ummasyz köp peýda görüpdirler.


Lin Szesýuý

XIX asyryň 20-nji ýyllarynda Hytaýa daşalýan tirýegiň mukdary biçak artdy. 1815-1819-njy ýyllarda ýurda her ýyl ortaça 4420 çelek (her çelegiň agramy 60 kg barabardy), 1853-38-nji ýyllarda - 35445 çelek tirýek getirilipdir. Britan Hindistanynyň hökümetiniň tirýek söwdasyndan alýan girdejileri 66 ýylyň dowamynda (1773-1839) 70 esse artyp, 1835-1839-njy ýyllarda her ýyl umumy bahasy ortaça 5,2

million lýana[1] (umumy agramy 200 tonna kümüş) barabar tirýek satylypdyr. 1795-1838-nji ýyllar aralygynda Hytaýa 450 müň çelek ýa-da 27 million kg tirýek getirilipdir. Soňabaka iňlisleriň tirýek söwdasyna Türkiýäniň tirýegini satýan amerikan söwdagärleri hem goşuldy.

1800-nji ýylda Hytaýda tirýek söwdasynyň gadagan edilendigine garamazdan, iňlis hem-de amerikan täjirleri barybir bu işi dowam etdiripdirler. Hytaýda tirýek söwdasynyň artýan möçberlerde alnyp barylmagyna parahor ýerli emeldarlar hem ýakyndan ýardam edipdirler. Hytaýyň döwlet işgärleriniň arasynda tirýek söwdasyna garşy çykanlary hem tapylypdyr. Şolaryň biri Lin Szesýuý (1785-1850) imperatora hat ýazyp, tirýek söwdasynyň Hytaýa nähili zyýan getirýändigini düşündirmegi başarýar. 1838-nji ýylyň dekabr aýynda ol imperator tarapyndan tirýek söwdasyna garşy göreşmek üçin Guandun welaýatyna iberilýär. Guançžoua gelip Lin Szesýuý iňlis hem-de amerikan täjirleriniň elinden 20 müň çelek tirýegi alyp otlaýar. Iňlis söwdagärleri hytaýly emeldaryň hereketinden nägilelik bildirip, Angliýanyň hökümetine arz edýärler. Iňlis hökümetine Hytaýyň içki işlerine gatyşmak we ony öz täsirine tabyn etmek üçin amatly bahana döreýär. Öz raýatlarynyň bähbidini gorandan bolup iňlis hökümeti urşa başlaýar. 1839-njy ýylda deňizde ilkinji çaknyşyklar bolup geçýär, 1840-njy ýylda  bolsa iňlisler uruş yglan etmezden, Hytaýa garşy harby hereketlere başlaýarlar. Bahanasy tirýek


Üsti tirýekli gämiler

[1] Hytaýyň kümüş puly – 37,301 gram

söwdasy bolandygy üçin bu uruş «Tirýek uruşlary» adyny aldy. Şeýlelik bilen Angliýa bilen Hytaýyň arasynda birinji tirýek urşy (1839-1842) başlaýar.

1841-nji ýylda iňlis goşunlary ilki Guançşouy, soňra bolsa Sýameni gabadylar. Iňlis gämileriniň bir bölegi beýleki portlara zarba urmak üçin kenar ýakasy bilen demirgazyga tarap hereket edip ugrady we Çžouşan adasyndaky Dinhaý portuny eýeledi. Dinhaý iňlisler tarapyndan eýelenilenden soň Lin Szesýuý wezipesinden boşadylyp Sinszýana sürgün edilýär, Guançžoua bolsa iňlisler bilen geleşigiň tarapdary Si Şan ugradylýar. Si Şan haýal etmän iňlisleriň talabynyň kabul edilýändigini iňlisleriň dykgatyna ýetirýär, emma Bogdyhan onuň iňlisler bilen baglaşan ylalaşygyny tassyk etmeýär. Si Şan tussag edilýär, ähli emlägi bolsa elinden alynýar. Iňlis hökümeti hem öz gezeginde Si Şanyň ylalaşan eglişikleriniň gerimi bilen razylaşmandyr we Hytaýa goşmaça goşunlary ugradýar.

1841-nji ýylda iňlis goşunlary Guançžouň töwereklerini eýeleýärler, 1842-nji ýylda bolsa olar Sýameni, Usuny basyp alýarlar we Şanhaýa tarap süýşüp ugraýarlar. Şanhaý iňlis goşunlary tarapyndan eýelenilýär. Bu ýerden iňlis gämileri Nankine tarap ugradylýar. Emele gelen ýagdaýda Şinler boýun egmäge mejbur bolýarlar. 1842-nji ýylyň 29-njy awgustynda «Kornwallis» iňlis gämisinde Nankin şertnamasyna gol çekilýär. Şertnama boýunça Hytaýyň bäş sany porty - Guançşou, Sýamen, Fuçşou, Ninbo we Şanhaý iňlisler üçin söwda etmäge we ýaşamaga açyk diýip yglan edilýär. Iňlisler tarapyndan basylyp alnan Gonkong (Sýangan) adasy Angliýanyň tabynlygyna geçýär. Hytaý gümrük özbaşdaklygyndan mahrum edilip, ýurda getirilýän iňlis harytlaryna salynýan gümrük paçlary 5%-den geçmeli däl diýlip kabul edilýär. Bulardan başga-da, Hytaýyň

hökümeti Angliýa 25 million dollar töleg tölemäge borçlanýar.

Nankin şertnamasyndan bir ýyl geçenden soň, Angliýanyň hökümeti goşmaça ylalaşyk baglaşyp, Hytaýyň boýnuna täze borçlary ýükleýär. 1843-nji ýylda baglaşylan «bäs sany portda söwda etmek hakynda goşmaça ylalaşyga» laýyklykda iňlis raýatlarynyň eksterritoriallygy ykrar edilýär, iňlis raýatlary ýaşar ýaly hytaý şäherleriniň ýanynda settlmentleri gurmaga we olary iňlisleriň özleri tarapyndan özbaşdak dolandyrmaga ygtyýar berilýär.


Hun Sýusýuan

1844-nji ýylyň 3-nji iýulynda şeýle mazmundaky şertnama ABŞ, 1844-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda Fransiýa bilen hem baglaşylýar. Netijede, birinji tirýek urşy Hytaýyň Ýewropanyň öňdebaryjy döwletleriniň täsirine düşmegine getirýär.

**Hytaýda taýpinleriň gozgalaňy we Taýpin týango döwletiniň döredilmegi.** Birinji tirýek urşy döwründe salgytlaryň we borçlaryň yzygider artyp durmagy halkyň güzeranyny, ilatyň hal-ýagdaýyny çykgynsyz güne salýar. Daşary ýurt harytlarynyň yzygider getirilip durulmagy we onuň ýyl-ýyldan artýan möçberi ýerli senetçileri we hünärmentleri tozdurypdyr. Ýurduň dürli ýerlerinde bolup gören daşary ýurtlylar hytaý halkynyň gözgyny ýagdaýy barada köp mukdardaky maglumatlary galdyrypdyrlar. 1841-1849-njy ýyllarda ýurtda 110 sany halk tolgunyşyklary bolup geçýär. Tolgunyşyklara hytaýlylar bilen bir hatarda dunganlar, tibetliler, mýaolar we başga-da birnäçe halklaryň wekilleri gatnaşypdyrlar. Bu gozgalaňlar köplenç gizlin jemgyýetler tarapyndan guralypdyr. Bu döwürler «Asman we Zemin jemgyýeti» (Týandihueý), «Üç nokat jemgyýeti»

(Sandýanhueý) ýaly guramalar Hytaýyň dürli ýerlerinde gozgalaňlary turzupdyrlar.

Guandun we Guansi welaýatlary halk gozgalaňlarynyň köp ýaran ýerleriniň biridi. Bu ýerde birwagtlar Hytaýyň demirgazygyndan göçüp gelen gelmişekler hem köp ýaşaýardylar. Ýerli hytaýlylar olary «hakka» (gelmişek) diýip atlandyrýardylar. Hakkalaryň durmuşy ýerli hytaýlylaryňkydan hem has gözgyny bolupdyr. 1843-nji ýylda gelip çykyşy boýunça hakka, oba mugallymy Hun Sýusýuan (1814-1864) Guanside «Asman hökümdaryna (Taňra) tagzym jemgyýetini» (Baýşandihueý) döredýär. Ol ähli hytaýlylaryň erkin durmuşda ýaşamaklary üçin adalatly jemgyýeti gurmagy maksat edinýär, munuň üçin bolsa halky sin nesilşalygygyny agdarmaga çagyrýar. Onuň adalat jemgyýeti hakyndaky garaýyşlarynda hristiançylygyň we gadymy hytaý ynançlarynyň yzlaryny görmek bolýardy. Hun Sýusýuan egindeşleri – oba mugallymy Fen Ýunşan, kömür tutaşdyryjy Ýan Sýusin, garyp daýhan Sýan Çaoguý, bay daýhanyň ogly Şi Dakaý, ownuk mülkdar Weý Çanhueý dagy bilen halky buddaçylygyň hem-de daosçylygyň butlaryny ýumurmaga çagyrypdyr.

Şin häkimiýetleri «Baýşandihuýei» yzarlap ygraýarlar. Taraplaryň arasynda ilkinji çaknyşyklar başlaýar. 1850-nji ýylda Hun Sýusýuan Sin nesilşalygyna garşy urşa başlamak üçin amatly pursat döredi diýip hasap edýär we tarapdarlaryna Guansi welaýatynyň Szintýan obasynyň ýanynda ýygnanmagy buýurýar. Tiz wagtdan bu ýere Ýan Sýusin, Sýan Çaoguý, Weý Çanhueý, Şi Dakaý öz goşunlary bilen gelýärler. Bu ýerde aýallary we çagalary hem hasap edeniňde 20 müň gozgalaňçy ýygnanýar. Gozgalaňçylaryň hataryna magdançylar, odunçylar, gullar, senetçiler, ownuk täjirler, gizlin jemgyýetlkeriň agzalary, deňiz we guryýer garakçylary hem gelip goşulypdyrlar. Hun Sýusýuanyň goşunynda milli azlyklar, aýratyn hem çžuanlar (Şi Dakaý

bilen Weý Çanhueý çžuan halkynyň wekilleri bolupdyrlar) köp bolupdyr. Olar gozgalaňçy goşunda berk tertip-düzgün ýola goýupdyrlar, aýallary, çagalary erkeklerden aýratynlykda saklapdyrlar. Gozgalaňçylar ähli emläklerini satyp, toplan serişdelerini ýörite ammarlara tabşyrypdyrlar. Gozgalaňçylaryň ählisi mançžur agalygyndan erkinligiň nyşany hökmünde uzyn saçlaryny eginlerinden goýberip, maňlaýlaryna gyzyl mata daňypdyrlar. Şu alamatlar boýunça olary beýleki hytaýlylardan tapawutlandyryp bolýardy.

1851-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda Szintýan obasynda «Taňrynyň beýik abadançylyk döwletini» (Taýpin[1] týango) döretmek maksady bilen sin dinastiýasyna garşy uruş yglan edilýär. Tiz wagtdan Hun Sýusýuanyň özüni hem Týanwan (Taňry hökümdary) diýip atlandyryp başlaýarlar. Taýpin gozgalaňynyň taryhy dört döwre bölünýär:

1.Gozgalaňyň başky döwri - ilkinji çaknyşyklardan we Szintýan gozgalaňyndan Nankin eýänçä we Taýpin döwleti döredilýänçä (1850-1853);

2.Taýpin döwletiniň çäkleriniň giňeýän döwri – Nankin şäheri eýelenenden tä taýpinleriň arasynda oňşuksyzlyklar ýüze çykýança (1853-1856);

3.Taýpin gozgalaňynyň geriminiň pese gaçyp ugran döwri (1856-1860);

4.Taýpinleriň mançžur-hytaý feodallarynyň we daşary ýurtly basybalyjylaryň goşunlary bilen alyp baran uruşlarynyň döwri (1860-1864); gozgalaňyň ýeňilmegi.

1851-nji ýylda taýpinler Guansi welaýatynyň demirgazygyndaky Ýunan şäherini eýeleýärler. Şu ýerde-de ilkinji taýpin hökümeti döredilýär. Sin goşunlary Ýunany gabaýar, emma ýaramaz ýaraglandyrylan gozgalaňçy goşunlar olara agyr zarba urmak bilen gabawy böwüsmegi başarýarlar. Taýpinler Hunan welaýatynyň Ýanszy

[1] Gozgalaňyň ady şol söz bilen baglanyşykly.

derýasynyň boýundaky Içžou port şäherini eýeleýärler we derýa bilen gündogara tarap süýşüp ugraýarlar. 1853-nji ýylyň ýanwarynda Hubeý welaýatynyň Uçan, Hankou we Hanýan (Üç şäher) şäherlerini sin goşunlarynyň elinden alýarlar. Bu dowre çenli taýpin goşunlarynyň sany artyp, 500 müň adama ýetýär. Emma taýpinlere Guýlin we Çanşa şäherlerini eýelemek başartmaýar. Has beteri-de, bu ýerde iki sany belli taýpin serkerdeleri Fen Ýunşan bilen Sýao Çaoguý öldürilýär, şindi Ýunanyň gabawy döwründe taýpinlere goşulan «Týandihueý jemgyýetiniň» baştutany Hun Dasýuan bolsa ýesir alnyp öldürilipdi. Emma hiç bir güýç taýpinleriň öňe süýşmeginiň öňüni alyp bilmeýärdi. Szýansi, Anhueý, Szýansu we Ansin welaýatlarynyň birnäçe portlarydyr şäherlerini eýeläp, 1853-nji ýylyň 19-njy martynda taýpin goşunlary Hytaýyň köne paýtagtlarynyň biri bolan Nankin şäherini zabt edip alýarlar. Şäheri gozgalaňçylar Tiýanszin[2] (Taňrynyň paýtagty) diýip atlandyrýarlar we ol Taýpin döwletiniň paýtagtyna öwrülýär. Nankin alnanda taýpin goşunlarynyň sany eýýäm 1 million adama ýetipdir.



Taýpin we sin flotlarynyň arasyndaky söweş

1853-nji ýylda Nankin eýelenilenden soň taýpin hökümeti «Asman nesilşalygynyň ýer ulgamy» atly kanun kabul edýär. Kanun boýunça her maşgala adam sany boýunça deň ýer paýlary berilýär: 16 ýaşdan kiçilere ululara berilýän ýeriň ýarysy berlipdir. Taýpinler ähli ekerançylyk ýerlerini hiline görä 9 topara bölüpdirler. Şu bölünişik boýunça birinji toparyň (ýokary hilli mes toprakly ýer) 1 mu

[2] Týanszin (Taňry güzeri) atly şäher Pekiniň golaýynda-da bardyr, şonuň üçin hem ony taýpinleriň paýtagty bilen bulaşdyrmaly däl.

(0,15 ga) möçberindäki ýeri, dokuzynjy toparyň (pes hilli arryk ýer) 3 mu ýerine barabar bolupdyr. Artykmaç öndürilen azyk we gaýry önümleri taýpinler ýörite «saraýlara» tabşyrýardylar.

Taýpinleriň ýaşaýyşy harby düşelgäni (lager) ýada salýardy. Goşunda berk tertip-düzgünler girizilipdir. Çakyr içmek, tiryek çekmek, ýaramaz güýmenjeler bilen meşgullanmak bütinleý gadagan edilipdir. Taýpinleriň kabul eden kanunlary boýunça, geçmişde aýratyn hak-hukuksyzlykdan ejir çeken hytaýly zenanlaryň hukuklary erkekleriňki bilen deňleşdirilipdir, goşunda aýallardan düzülen bölümler döredilipdir. Aýal-gyzlary satmaklyklyk, olaryň azgynçylyk etmekleri, gadymdan gelýän wagşy däpleriň biri bolan gyzjagazlaryň aýagyny «duşamaklyk»[2] kanun esasynda gadagan edilipdir.


Taýpinler ýörişde

Daşary we içeri syýasatda taýpinler daşary ýurtlar bilen deňhukukly we özara bähbitli söwdanyň hem-de gatnaşyklaryň tarapdary bolupdyrlar. Taýpin döwletiniň çäginde diňe tirýek söwdasy gadagan edilipdir. 1853-1854-nji ýyllarda Angliýa, Fransiýa, ABŞ taýpinleriň paýtagtyna öz wekillerini ibermek bilen sinler bilen taýpinleriň arasyndaky gatnaşyklarda bitaraplyk ýörelgelerinden ugur alýandyklaryny beýan edipdirler. Emma iş ýüzünde bu döwletleriň taýpinler babatyndaky

[2] Bu däp boýunça gyzjagazlaryň aýagynyň daraklygyny injigine tarap gaňryp daňýardylar ýa-da olara agaçdan edilen hokga geýdirýärdiler. Netijede gyzjagazlaryň aýagy çagalykdan ösmändir we olar galan ömürlerine maýyp ýaly bolup galýardylar.

syýasaty başgaçady. Ýewropalylar assyranlyk bilen sinleri goldaýardyrlar, olara ok-ýarag, azyk we pul kömegini berýärdiler.

Nankini eýelänlerinden soň sin nesilşalygynyň häkimiýetini syndyrmak maksady bilen taýpinler 1853-nji ýylda Demirgazyk ýörişini geçirýärler. Olar söweşler bilen Anhueý, Henan, Şensi welaýatlaryndan geçýärler we ýene-de Henana dolanyp gelýärler. 1853-nji ýylyň sentýabr aýynda taýpin goşunlary paýatgtýaka welaýaty bolan Çžilini (1928-nji ýyldan bäri Hebeý welaýaty diýlip atlandyrylýar) eýeleýärler. Gozgalaňçylar Demirgazyk Hytaýyň iň uly merkezleriniň biri bolan Týansziniň etegine süýşüp gelýärler.

Şu döwürler Ýanszydan demirgazykda «Nýandan»[1] gizlin jemgyýeti tarapyndan guralan nýanszýuanlaryň gozgalaňy dowam edýärdi. Taýpinler nýanszýuanlaryň güýçleri bilen tagallaryny birleşdiren bolsalar öz öňlerinde goýan maksatlaryna ýetip biljekdiler. Emma taýpinlere olar bilen birleşmek başartmaýar. Şol sebäpden Demirgazyk ýörişi netijesiz tamamlanýar. 1854-nji ýylda taýpinleriň Pekini eýelemäge eden synanyşyklary hem ýeňliş bilen tamamlanýar.

Demirgazykdaky alnyp barlan uruşlar şowsuz tamamlansa-da, taýpin goşunlarynyň 1853-nji ýylda Günbatara ýorişleri üstünlikler getirýär. Anhueý, Sizyansi we Hubeý welaýatlarynyň köp ýerleri sinlerden gaýtadan azat edilýär. Emma bu ýerlerde taýpinler täze garşydaşlar bilen iş salyşmaly bolýarlar. Olar Szen Gofan, Li Hunçžan ýaly hytaýly iri ýer eýeleriniň we hökümet adamlarynyň goşunlary bilen söweşmeli boldylar. Sebäbi mançžurlaryň

---

[1] Nýan – hytaýça çyranyň peltesi manysyny aňladýar. Şonuň üçin hem «nýanszýan» sözüni «eli çyralylaryň goşuny» diýip terjime etmek bolar. Käbir hytaýly alymlar «nýan» sözüniň adamlaryň toparyny hem aňladýandygyny belleýärler. «Nýandan» - «Eli çyralylaryň jemgyýeti».

taýpinleriň hötdesinden gelip bilmeýändikleri üçin olaryň özleri goşun düzýärdiler we taýpinlere ýangynly garşylyk görkezýärdiler.

**Şanhaýdaky «Kiçi pyçaklylaryň jemgyýetiniň» (Sýaodaohueý) gozgalaňy.** 1853-1855-nji ýyllarda Hytaýyň günorta-gündogarynda «Kiçi pyçaklylar» gizlin jemgyýeti öz hereketini güýçlendirip ugraýar. Olaryň baş maksady sin nesilşalygyny agdarmak we min nesilşalygynyň häkimiýetini dikelmek bolupdyr. Bu jemgyýet taýpinleriň gazanan ýeňişlerinden peýdalanyp 1853-nji ýylda Fuszýanda gozgalaň turuzýarlar we Sýamen şäherini eýeleýärler. Haçan-da, Ýanszynyň boýlaryndaky welaýatlaryň daýhanlarynyň arasynda tolgunyşyklar başlanda, «Kiçi pyçaklylar» jemgyýetiniň Şanhaý bölümi Lýu Liçuanyň baştutanlygynda 1853-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda gozgalaň turuzýarlar we şäheriň ep-esli bölegini eýeleýärler. Lýu Liçuan taýpinleriň baştutanlaryna ýüzlenip gozgalaňçylaryň olara birleşmek isleýändiklerini beýan edýär. Emma Lýu Liçuanyň Nankine iberen wekili sinler tarapyndan ele salynýar. Şonuň üçin hem taýpinler «Kiçi pyçaklylar» jemgyýetine kömek berip bilmeýärler.


Szen Gofan

Lýu Liçuan Angliýanyň, ABŞ-nyň we Fransiýanyň konsullaryna ýüzlenip, gozgalaňçylaryň parahatçylyk isleýändiklerini, ýöne daşary ýurtlylardan Sinlere kömek bermezligi talap edýär. Şanhaýda we Szýansu welaýatynyň

käbir şäherlerinde gozgalaňçylaryň häkimiýetiniň berkarar edilmegi Sinler üçin agyr urga öwrülýär. Sebäbi Szýansu we Çžeszýan welaýatlary pekin hökümetiniň «ammary» hasap edilýärdi, şonuň üçin hem Şanhaýa uly goşun bölümleri ugradylýar. «Kiçi pyçaklylar» jemgyžeti 17 aýlap mançžur goşunlarynyň hüjümlerini yzyna serpikdirmegi başarýar. Emma 1855-nji ýylyň fewralynda gozgalaňçylar Şanhaýy taşlap gitmäge mejbur bolýarlar. Yza çekilinýän wagty Liýu Liçuan wepat bolýar. Şanhaý gozgalaňyna gatnaşyjylaryň köpüsi taýpinlere goşulýar, olaryň bir bölegi bolsa Szýansi welaýatyndaky Týandihueý jemgyýetiniň gozgalaňyna gatnaşýarlar. Şanhaýa kürsäp giren sin goşunlary şäheriň ilatyndan rehimsiz öç alýar. Daşary ýurtlylar bolsa sin hökümetinden Şanhaýda täze ýeňillikleri we ýerli gümrükhanany dolandyrmaga hukuk alýarlar.

**Taýpinleriň arasynda özara oňşuksyzlyklaryň ýüze çykmagy.** Halk köpçüliginiň, aýratyn hem daýhanlaryň goldaýandyklaryna garamazdan, harby şowsuzlyklar taýpinleriň ýagdayny gowşadypdyr. 1856-njy ýyldan başlap taýpinleriň arasynda soňra uly betbagtçylykara getiren ýiti oňşuksyzlyklar hem ýüze çykýar. Taýpin serdarlarynyň arasynda aç-açan duşmançylyklar döredi. Iri ýer eýesi bolan Weý Çanhueý gurply daýhanlaryň ýerleriniň elinden alynmagyny oňlamandyr. Ol garyp gatlakdan gelip çykan Ýan Sýusiniň taýpin goşunlarynyň serkerdeligine bellenmeginden nägilelik bildirýär. Hun Sýusýuanyň oňlamagy bilen Weý Çanhueý dildüwüşik guraýar we 1856-njy ýylyň sentýabrynda Ýan Sýusin we onuň birnäçe müň tarapdarlary öldürilýär. Weý Çanhueý az wagtlyk Nankindäki häkimiýeti öz eline alýar, emma tiz wagtdan ol hem öldürilýär. Hun Sýusýuan tarapyndan taýpin goşunlarynyň we hökümetiniň başlyklygyna bellenilen Şi Dakaý hem taýpin hökümdary tarapyndan wezipesinden boşadylýar. Netijede 1857-nji ýylda Şi Dakaý özüniň 100

münden hem gowrak goşunlaryny Nankinden çykaryp, ilki Anhueýe, ol ýerden hem Szýansi welaýatyna, bu ýerden bolsa Hytaýyň günorta-günbataryna gidýär.

Nankinde häkimiýet başyna Hun Sýusýuanyň garyndaşlary geçýär. Ýan Sýusiniň we onuň agyr söweşlerde taplanan köp sanly tarapdarlarynyň öldürilmegi, Şi Dakaýyň goşunlaryny alyp gitmegi, Taýpin týango döwletini gutarnykly güýçden gaçyrýar. Daýhanlar urşunda çuňňur çökgünlik başlaýar. Daýhanlar köpçüligi öňküleri ýaly adalatly jemgyýeti gurmak ugrunda jan çekýärdiler, taýpin




ýolbaşçylary bolsa täze feodallara öwrülýärdiler. Taýpinleriň arasyndaky oňşuksyzlyklar harby hereketleriň netijeliligine-de uly täsir etdi.

1856-1860-njy ýyllarda Hytaýda çylşyrymly syýasy wakalar bolup geçýärdi. Ýanszynyň boýlarynda taýpinler bilen mançžur-hytaý feodallarynyň arasynda söweşler

gidýän döwri, Guançžou taraplarda we Demirgazyk Hytaýda Angliýa bilen Fransiýa Hytaýa garşy uruş alyp barýardylar.

**Ikinji tirýek urşy.** Hytaýda emele gelen çylşyrymly ýagdaýdan Angliýa we Fransiýa peýdalandylar. Eýýäm 1854-nji ýylda olar Hytaýyň hökümetine ýüz tutup, 1842-1844-nji ýyllaryň şertnamalaryna gaýtadan seredilmegini, özlerine Hytaýyň bütin çäginde söwda etmäge ygtyýar berilmegini, Pekinde daşary ýurt ilçileriniň ýerleşdirilmegini, tirýek söwdasynya resmi taýdan ygtyýar edilmegini talap edýärler. Emma sin hökümeti talaplary berjaý etmekden ýüz öwürýär.

Krymda Russiýa garşy uruş alyp barýandyklary sebäpli Angliýa bilen Fransiýa birbada Hytaýa garşy söweş hereketlerine başlap bilmediler. 1855-nji ýylda Pariž ylalaşygyna gol çekilenden soň Angliýa we Fransiýa Hytaýa garşy urşa ykjam taýýarlanyp başladylar. Urşuň başlanmagyna hytaýlylaryň «Errou» gämisi bilen baglanyşykly ýüze çykan mesele bahana bolýar. Gäminiň eýesi Gonkongda (Sýangan) iňlis söwda şahadatnamasyny satyn alypdyr. Guançžouň ýerli hytaý häkimiýeti «Errou» gämisinde gaçakçylary (kontrbandaçylar) tussag edýär. Emma söwda şahadatnamasynyň möhletiniň dolandygyna garamazdan, Angliýanyň hökümeti bu hadysany, hamana iňlis raýatlaryna garşy ulanylan zorluk hökmünde häsiýetlendirip, Hytaýa garşy aç-açan urşa başlaýar. 1857-nji ýylda Angliýany goldap Fransiýa hem bu urşa goşulýar. Fransiýa urşa goşulmak üçin hytaý hökümetinden birugsat Guansi welaýatyna gelen fransuz missioneriniň öldürilmegini bahana edýär. Iňlis wekili lord Elgin Guandunyň hem-de Guansiniň dikmelerine daşary ýurtlylaryň Guançžoua goýberilmegini, 1842-1844-nji ýyllaryň şertnamalaryna gaýtadan seredilmegini talap edýär. Talaplar kabul edilmäninden soň 1857-nji ýylda iňlis-fransuz goşunlary Guançžouy top okuna tutup, şäheri

eýeleýärler. Şundan soň birleşen goşunlar demirgazyga tarap hüjüm edip, 1858-nji ýylyň başlarynda Bohaý aýlagyndaky Dagu galasyny, soňundan hem Taýanszini basyp alýarlar. 1858-nji ýylyň iýunynda Týanszinde iňlis-hytaý we fransuz-hytaý şertnamalary baglaşylýar. Bu şertnamalar boýunça Angliýa we Fransiýa Pekinde öz hemişelik wekilhanalatyny açmaga, Ýanszy derýasy boýunça söwda işlerini amala aşyrmaga rugsat aldylar, iňlis we fransuz raýatlary Hytaýyň çäginde erkin hereket etmäge hukuk gazandylar, daşary yurt söwdasy üçin Hytaýyň köp sanly täze portlary açyldy. Týanszin şertnamasy boýunça daşary ýurtlylara salynýan gümrük paçlary öňküsinden ep-esli azaldyldy, Hytaý Angliýa bilen Fransiýa kontribusiýa tölemäge borçlandy.

Hytaýyň düşen ýagdaýndan Russiýa imperiýasy hem peýdalandy. 1858-nji ýylda Russiýa bilen Hytaýyň arasynda Aýgun şertnamasy baglaşylyp, Amur ülkesi bilen baglanyşykly meseleler Russiýanyň peýdasyna çözülýär. Amuryň çep kenary Argun derýasyndan tä derýanyň deňze guýýan ýerine çenli Russiýanyň ýeri diýlip ykrar edildi. Amur, Sungari we Ussuri derýalary boýunça ýüzmek Russiýa bilen Hyaýdan başga ähli ýurtlara gadagan edildi.

Týanszin şertnamalary Hytaýyň döwlet özbaşdaklygyny çäklendirýärdi, onuň milli bitewiligine we döwlet garaşsyzlygyna howp salýardy. Şol sebäpden hem Hytaý hökümeti bu şertnamalary tassyklamakdan boýun gaçyrýar. 1859-njy ýylda şertnamalary hytaý hökümetine tassyklatmak üçin Pekine uly goşun bölümleri bilen gelen iňlis we fransuz wekilleri Hytaý hökümeti tarapyndan kabul edilmeýär. Netijede 1860-njy ýylyň iýunynda iňlis-fransuz goşunlary Demirgazyk Hytaýda uruş hereketlerine başlaýarlar. 1860-njy ýylyň 21-nji sentýabrynda Pekiniň golaýynda uly söweş bolup, mançžur-mongol atly goşunlary derbi-dagyn edilýär. Iňlis-fransuz goşunlary paýtagtyň daş-töweregini eýeledi. Hytaý imperatory köşgüni taşlap gaçyp gitdi.

1860-njy ýylda sin köşgüniň ygtyýarly wekili Gun Angliýanyň we Fransiýanyň wekilleri bilen Pekin konwensiýasyna gol çekýär. Pekin konwensiýasy Týanszin şertnamalaryny tassyk edýär we Hytaý 16,7 million lýan kontribusiýa tölemäge mejbur bolýar. Týanszin daşary ýurtlylar üçin açyk porta öwrülýär, Angliýa Gonkong adasynyň golaýyndaky Szýulun ýarym adasynyň bir bölegine eýe bolýar, döwletler Hytaýdan kuly (gul) äkitmäge ygtyýar alýarlar. 1860-njy ýylyň noýabrynda Russiýa imperiýasy hem Hytaýyň boýnuna Pekin şertnamasyny dakyp, Ussuri ülkesine eýe boldy.

Döwletleriň talaby bilen Pekinde daşary ýurtlaryň işleri bilen meşgullanýan ýörite döwlet edarasy – *szunlýamyn* – döredilip onuň baştutanlygyna Gun beg bellenilýär. 1861-nji ýylda Gun beg bilen tagtyň mirasdarynyň ejesi Sy Si (Ýehanera) tarapyndan döwlet agdarylyşygy geçirilenden soň ýewropalylaryň ýurtdaky täsiri has hem güýçlenýär.

**Taýpin týango döwletiniň ýykylmagy.** 1860-njy ýylda Li Sýuçeniň baştutanlygyndaky taýpin goşunlary Çžeszýan we Szýansu welaýatlaryny doly azat etmek, sin goşunlaryny Taýpin döwletiniň töwereklerinden gysyp çykarmak maksady bilen Gündogar ýörişine başlaýar. 1860-njy ýylyň iýunynda taýpinler Szýansuda we Çžeszýanda Çançžou. Suçžou, Szýasin şäherlerini azat edip, Şanhaýyň etegine süýşüp gelýärler. Emma Şanhaýy eýelemek başartmaýar. Şanhaýyň goragynda sin goşunlary bilen ýewropalylaryň goşunlary hem işjeňlik görkezipdirler. 1861-nji ýylyň birinji ýarymynda Li Sýuçeniň goşunlary Szýansunyň üsti bilen Hebeýe girýärler. Bu ýerde Li Sýuçeniň goşunlarynyň sany 500 müňe ýetýär. Şundan soň Li Sýuçen öz goşunlary bilen Çžeszýana dolanyp gelýär we 1861-nji ýylyň dekabrynda Hançžou şäherini eýeleýär. Netijede Szýansu we Çžeszýan welaýatlarynyň agramly bölegi taýpinler tarapyndan azat edilýär.

Bu döwürde mançžur hökümdarlary bilen hytaýly iri mülkdarlaryň arasyndaky gatnaşyklar ýygjamlaşýar. Sebäbi taýpinleriň üstünlikleri diňe bir mançžurlara däl, eýsem hytaýly feodallara-da uly howp salýardy. Mançžur hökümeti tanymal feodal Szen Gofana adatdan daşary ygtyýarlyklary berýär, sebäbi onuň ygtyýarynda iri ýer eýelerinden we begzadalaryň ogullaryndan düzülen, şeýle hem daşary ýurtlylar tarapyndan ýardam edilýän gowy ýaraglandyrylan goşunlar bardy. Bu döwürde Szen Gofandan başga-da Li Hunçžan we Szo Szuntan ýaly belli feodallar tarapyndan baştutanlyk edilýän güýçli goşunlar hem taýpinlere garşy agyr söweşleri alyp barýardylar. Bu goşunlar Taýpin týango döwletiniň paýtagtyny ýuwaş-ýuwaşdan gabawa salýardylar.


General Li Hunçžan

1864-nji ýylyň ýazyna çenli Szýansu we Çžeszýan welaýatlarynyň ähli ýerlerini diýen ýaly taýpinler öz garşydaşlaryna aldyrýarlar. Li Sýuçen Hun Sýusýuana gabaw halkasyny böwüsmegi teklip edýär. Emma onuň teklibi kabul edilmeýär. 1864-nji ýylyň 1-nji iýunynda Hun Sýusýuan awy içip özüni öldürýär. Li Sýuçin ýene-de bir ýarym aýlap Nankiniň goragyna baştutanlyk edyär. Emma 1864-nji ýylyň 19-njy iýulynda sin goşunlary paýtagta kürsäp girýärler. 20-nji iýulda günüň ahyryna çenli paýtagt sin goşunlarynyň eline geçýär we şunda 100 müňden gowrak adam öldürilýär. Li Sýuçen ýesir alynýar we jezalandyrylyp öldürilýär. Taýpin týango döwleti synýar.

**Nýanszýunlaryň we milli azlyklaryň gozgalaňlary.** Hytaýyň demirgazygynda 1853-nji ýyldan bäri dowam edip

gelýän nýanszýunlaryň gozgalaňy sin häkimiýetleri üçin uly howp bolup durýardy. Nýanszýunlar esasan Henan, Anhueý we Szýansu welaýatlarynda hereket edýärdiler. Gozgalaňçylaryň serdary tozan söwdagär Çžan Losin bolup, bu gozgalaňa esasan garyp daýhanlar gatnaşýardylar. Bular azda-kände taýpinler bilen bileleşip hereket edipdiler. Taýpinleriň gozgalaňy basylyp ýatyrylandan soň hem nýanszýunlar mançžurlar bilen uruşmaklaryny dowam etdirýärdiler. 1865-nji ýylda olar mançžur goşunlaryny Szýansuda we Şanduna ýeňlişe sezewar etdiler. Şunda mançžur goşunlarynyň baş serkerdesi hem öldürilýär. Şundan soň nýanszýunlar Hubeý welaýatyna hüjüm edip, Szen Gofanyň goşunlaryny ýeňlişe sezewar edýärler. Szen Gofan goşun serkerdeliginden çetleşdirilip, onuň ornuna Li Hunçžan bellenilýär.

1866-njy ýylda nýanszýunlaryň günbatar toparlanyşygy Şensi welaýatyna girýär we Günbatar Hytaýdaky dunganlaryň gozgalaňy bilen aragatnaşygy ýola goýýar. 1868-nji ýylda günbatarly nýanszýunlar paýtagtýaka Çžili welaýatyna çozup girýärler we Týansziniň etegine süýşüp gelýärler. Netijede Pekin howp astyna düşýär. Emma hökümet goşunlaryna nýanszýunlary yza çekilmäge mejbur etmek we 1868-nji ýylyň güýzünde Şandunda olary derbi-dagyn etmek başardýar.

XIX asyryň 50-70-nji ýyllarynda Hytaýda milli azlyklaryň gozgalaňlary hem bolup geçýär. 1854-nji ýylda Günorta Hytaýyň Guýçžou welaýatynda mýao milletiniň gozgalaňy başlaýar. Gozgalaňçylaryň sany birnäçe ýüz mün adama ýetip, oňa Çžan Sýumeý serkerdelik edýärdi. Haçanda 1859-njy ýylda Şi Dakaý Guýçžou welaýatyna gelende mýaoly gozgalaňçylar oňa ýakyndan ýardam edipdirler. Birnäçe wagtyň dowamynda Guýçžou welaýaty Şi Dakaýyň we Çžan Sýumeýiň tarapdarlarynyň gözegçiliginde galýar. Taýpinleriň gozgalaňy basylyp

ýatyrylandan soň bu ýere ummasyz köp mukdardaky sin goşunlary sürülýär. Gandöküşikli söweşler 1872-nji ýyla çenli dowam edip, sinlere mýaolaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmak başardýar. Şunda bir milliona golaý mýao ilaty gyrylýar.

Hytaýyň günortasyndaky Ýunnan welaýatynda dini boýunça musulman bolan pantaý halkynyň gozgalaňy turýar. Pantaýlar Dili şäherinde döwlet hem döredipdirler. Gozgalaňçylaryň serdary Du Wensýu soltan derejesini alypdyr we özüni Süleýman diýip yglan edýär. 1873-nji ýylda sinler pantaýlaryň gozgalaňyny hem rehimsizlik bilen basyp ýatyrýarlar.

XIX asyryň 60-70-nji ýyllarynda Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda musulman halky bolan dunganlar hem gozgalaň turuzýarlar. Gozgalaň 1862-nji ýylda Şensi welaýatynda başlaýar we tiz wagtdan Gansu we Sinhaý welaýatlaryny hem gurşap alýar. Gozgalaňçylar mili we dini süteme, agyr salgytlaryň salynmagyna garşy göreşýärdiler. 60-njy ýyllaryň ahyrynda gozgalaňa şäher kethudasynyň ogly, dungan Býanhu baştutanlyk edýär. Gansuda sin goşunlaryndan ýeňlenlerinden soň gozgalaňçylar Sinszýana (Gündogar Türküstan) çekilýärler. Bu ýerde gozgalaňa uýgurlar we beýleki musulman halklary hem köpçülikleýin goşulýarlar. Netijede Sinszýanda üç sany musulman döwletleri peýda bolýarlar: merkezi Kaşgarda ýerleşen Jetişar, merkezi Urumçide ýerleşen Dungan we merkezi Guljada ýerleşen Terenji (uýgur) döwletleri. Bu döwletleriň iň ulusy Jetişardy. Jetyşarda häkimiýeti Kokand hanynyň döwlet adamlarynyň biri bolan Ýakup beg eýeleýär. Ol soňra Dungan hanlygyny hem Jetyşara birikdirýär. Ýakup beg sinlere garşy göreşlerde Angliýanyň we Osman imperiýasynyň goldawuna daýanmaga çalşypdyr. Emma 1878-nji ýylda sin goşunlary Sinszýandaky gozgalaňy basyp ýatyrýarlar. Dunganlaryň köp sanlysy Býanhunyň

baştutanlygynda rus araçäginden geçip Merkezi Aziýada yurt tutunýarlar.

Umuman alnanda, XIX asyryň 40-70-nji ýyllarynda Hytaýyň dürli ýerlerinde köp sanly gozgalaňlar bolup geçýär. Taýpinleriň we beýleki gozgalaňlaryň basylyp ýatyrylýan döwründe 30 milliondan hem köp ilat gyrylýar.

## § 11. Ýaponiýa XVII asyryň ikinji ýarymyndan - XIX asyryň 70-nji yllaryna çenli döwürde

**Täze taryha geçilýän döwürde Ýaponiýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýynyň aýratynlyklary.** XVII-XVIII asyrlarda Hytaý, Koreýa we Günorta-Gündogar Aziya ýurtlary bilen deňeşdirilende Ýaponiýa ykdysady ösüşiniň aýratynlyklary boýunça Günbatar Ýewropanyň ýurtlaryna meňzäp ugrady. XVII asyrda Ýaponiýada orta asyr gatnaşyklary çalt depginler bilen ösdi. Sebäbi Ýaponiýanyň ýokary derejede guralan feodalçylyk gurluşy bardy we ol Aziýada iň ösen hasaplanýardy. Daýhanlaryň hojalygy ýöretmekdäki, önüm öndürmekdäki we salgyt tölemekdäki artykmaçlyklary saklanyp galýardy. Salgyt tölenilende ýapon daýhany öndüren önüminiň dört bölegini ýer eýesine berýärdi, alty bölegini bolsa özünde alyp galýardy. Munuň özi oba hojalygynyň we öndüriji güýçleriň çalt depginler bilen ösmegine ýardam edýärdi. Daýhan hojalyklary ekilýän ekinleriň görnüşlerini artdyrýardylar, şalynyň 100-e golaý görnuşi, bugdaýyň, arpanyň, süläniň 12 görnuşi ekin dolanşygyna girizilipdir. Ekerançylyk pudagynda dökünleriň täze görnüşleri ulanylýardy, suwarymly ekerançylyk giňeýärdi. Netijede, daýhanlar az zähmet sarp edip, ýylyň dowamynda 2-3 hasyl alýardylar. Şeýle şertlerde, daýhan diňe bir özüne zerur bolan önümi däl, eýsem bazar çykarmak üçin goşmaça önüm hem öndürip bilýärdi. Ekerançylyk

pudagynda bolup geçen şeýle özgerişler ýurduň esasy öndüriji güýji bolan daýhan hojalyklaryny berkidipdir.

Welaýatlaryň başynda daýmýolar oturyp, olar şol welaýatyň hem häkimi hem-de ekerançylyk ýerleriniň eýesi bolupdyrlar. Şonuň üçin hem Ýaponiýada welaýatyň «daýmýosy» diýlende, «mülkdar-häkim» göz öňüne gelýär. Daýmýolar welaýatlary dolandyrypdyrlar, welaýatyň ähli ekerançylyk ýerlerine eýeçilik edýärdiler. Olar alýan girdeýjileriniň hasabyna öz welaýatynyň emeldarlaryna we samuraýlaryna hak töläpdirler. Sýogunlar resmi taýdan daýmýolara salgyt salmandyrlar. Ýöne, daýmýolar sýoguna müňlerçe altyn we kümüş pullary, şeýle hem dürli zynatlary yzygiderli sowgat getiripdirler.

**Ýapon şäherleri.** Ýaponiýada söwda hem-de senetçilik önümçiligi ösüpdir. Ýurduň iri şäherleri senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezleridi. Bu döwürde Ýaponiýanyň Ýewropa ýurtlaryndakydan pes bolmadyk uly şäherleri bardy. Şeýle şäherleriň hatarynda bir million ilaty bolan Edony (häzirki Tokiýo), imperatoryň köşgi ýerleşýän Kiýotony, söwda merkezi Osakany, şeýle hem Sakaýi, Hakata, Nagasaki ýaly ösen şäherleri görkezmek bolar.

XIX asyryň ortalaryna çenli Ýaponiýada umumymilli bazar emele gelipdir. Bazar gatnaşyklary başda çäkli häsiýetdedi, ýöne soňra bu gatnaşyklar aýry-aýry welaýatlaryň çäginden çykyp, umumymilli häsýete eýe bolupdyr. Bir welaýatda öndürilýän harytlar goňşy we uzakdaky welaýatlara äkidilip satylypdyr. Ýaponiýanyň aýry-aýry welaýatlary harydyň haýsy hem bolsa bir görnüşini (ýüpek we nah matalar, kagyz, gap-gaç, agaç we demir önümleri we başgalar) öndürmäge ýöriteleşip başlapdyrlar. Käbir welaýatlarda dag-magdan işleriniň hem dürli görnüşleri güýçli depginlerde alnyp barlypdyr.

Ýaponiýada oba hojalyk önümçiliginiň aýry-aýry harytlaryny öndürmäge ýöriteleşmek işleri hem

güýçlenýärdi. Ýurduň bir ýerinde tüwi öndürilse, ýene bir ýerinde arpa, başga bir ýerinde bolsa çaý, temmäki ýa-da şekerçiňrigi öndürilýärdi. Harytlaryň alyş-çalyşy diňe bir şäherleriň senetçilik önümçiligini däl, eýsem oba hojalyk önümçiligini hem gurşap alypdyr. Pul-haryt gatnaşyklary obalara ýaýramak bilen ol köne natural hojalygy önümçilikden doly gysyp çykarypdyr.

Şäherler söwdanyň hem-de senetçiligiň merkezleri bolmak bilen ýurduň ykdysady ösüşinde möhüm ähmiýete eýe bolupdyrlar. Aýratyn hem ähliýapon söwda merkezine öwrülen Osaka şäheriniň ähmiýeti uludy. Ýaponiýanyň günorta we günorta-günbatar, şeýle hem merkezi welaýatlarynyň häkimleriniň Osakada öz söwda edaralary hem-de ammarlary bardy. Osakanyň ammarlarynda Ýaponiýanyň ähli ýerlerinden getirilýän harytlar jemlenilipdir we şu ýerden ýurduň dürli ýerlerine satmak üçin ugradylypdyr. Osaka bilen Edonyň, Osaka bilen Kiýotonyň, seýle hem Osaka bilen çetki welaýat merkezleriniň arasynda jebis söwda gatnaşyklary ýola goýlupdyr.

Tokugawalaryň döwründe Ýaponiýada şäherler, senetçilik ösüpdir, söwda giňäpdir. Edo, Osaka, Kioto, Nagoýa, Nagasaki, Hakato şol döwürleriň esasy iri ýapon şäherleridi. Ýurtdaky häkimýet Tokugawalar tarapyndan eýelenenden soň gündogarda täze paýtagt Edo şäheri gurlupdyr. XVII asyryň ortalarynda Edonyň we Kiotonyň ilaty eýýäm 500 mün adama ýetdi.

XVII asyryň ahyrlarynda – XVIII asyryň başlarynda Ýaponiýanyň ykdysady ýagdaýy ýaramazlaşyp ugraýar. Jemgyýetiň ýokary gatlaklary bilen ýönekeý halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerinde düýpli tapawut döreýär. Sýogunyň köşgi dürli şowhunlary-meýlisleri geçirýärdi, sungata howandarlyk edýärdi. Daýmýolar hem sýogunlardan kem galmazlyga çalyşýardylar. Ýurtda önüm öndürilişiniň

artýandygyna garamazdan, salgytlaryň artmagy sebäpli esasy önüm öndürijiler bolan daýhanlaryň ýagdaýy ýyl-ýyldan kynlaşýardy. Eger-de, XVII asyrda salgyt ýygnamaklyk öndürilen önümiň «dört bölegi - hökümdara, alty bölegi - halka» diýlip atlandyrylan ýörelgä esaslanan bolsa indi «bäş bölegi – hökümdara, bäş bölegi - halka» diýen ýörelgeden ugur alynýardy. Daýhanlaryň garyplaşmagy ilatyň sanynyň görnetin azalmagyna getirýär. 1726-njy ýylda Ýaponiýada 26,5 million ilat ýaşan bolsa, 1804-nji ýylda bu san 25,5 milliona barabar bolupdyr. Hasylsyzlyk ýyllary ýurtda çagalary öldürmeklik giň gerime eýe bolupdyr. Ilatyň hal-ýagdaýynyň agyrlaşmagyna, salgytlaryň birnäçe ýyl öňünden alynmak dessury hem uly zyýan ýetiripdir.

Ilatyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy daýhanlaryň köpçülikleýin gaçmaklary bilen utgaşypdyr. XVIII asyryň ahyrlaryna çenli gaçgak daýhanlaryň sany 1 million 400 müňe ýetýär. 1712-nji ýyldan başlap gaçgak daýhanlary ýüze çykarmak maksady bilen şäher ilatynyň arasynda häli-şindi barlaglar geçirilip durlupdyr. Ilatyň ýagdaýyny bu döwürde bolup geçen tebigy betbagtçylyklar (ýer titremeler, suw joşmalary, taýfunlar we başgalar) hem kynlaşdyrýardy. 1732-nji ýylda Merkezi Ýaponiýada kemala getirilen hasylyň agramly bölegi suw joşmalary we çekirtgeleriň çozmagy zerarly ýok edilýär. Şonda 1 milliona golaý ilat açlykdan gyrlypdyr.

Salgytlaryň artmagy, ýaşaýyş-durmuş şertleriniň agyrlaşmagy XVIII asyrda Ýaponiýanyň dürli ýerlerinde daýhanlar gozgalaňlarynyň turmagyna getirýär. 1747-nji ýylda Dewa welaýatynda, soňra Aýdzu welaýatynda çykgynsyz güne düşen daýhanlar topalaň turuzdylar. 1754-nji ýylda Kýusýu adasynyň Kurume etrabynda bakufu (sýogunyň hökümeti) tarapyndan 8 ýaşdan 80 ýaş aralygyndaky adamlara goşmaça salgytlaryň girizilmegi

sebäpli daýhanlaryň 200 müňden gowragynyň gatnaşmagynda gozgalaň bolup geçdi. 1764-1765-nji ýyllarda Kodzuke, Simodzuku, Musasi welaýatlarynyň daýhanlarynyň 200 müňüsi Edo ýöriş geçirdiler. Bu gozgalaňyň turmagyna-da hökümet tarapyndan goşmaça salgytlaryň girizilmegi sebäp bolýar. Emele gelen ýagdaýda hökümet goşmaça girizilen salgytlary ýatyrmaga mejbur boldy. Bu döwürler Osakada, şeýle hem Honsýu adasynyň merkezindäki we günortasyndaky, Kýusýu hem-de Sikoku adasyndaky şäherlerde hem halk şykyşlary bolup geçýär.

Tokugawalar dürli çäreleri we özgertmeleri durmuşa geçirmek ýoly bilen Ýaponiýanyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny sagdynlaşdyrmaga çalşypdyrlar. Bu işler aýratyn hem sýogunlar Sunaýosiniň (1680-1709) we Ýosimuneniň (1716-1751) döwründe giň gerime eýe bolupdyr. Halk içinde «tüwi sýoguny» adyna eýe bolan Ýosimuneniň döwründe yurt boýunça şalynyň ýygnalyşy artypdyr. Sebäbi onuň döwründe täze ýerleriň özleşdirilmeginiň netijesinde ekerançylyk ýerleriniň mukdary artypdyr, suwaryş ulgamy kämilleşdirilipdir. Emma oba hojalyk önümçiliginiň artmagy salgytlaryň yzygider ýokarlanmagy bilen utgaşdyrylýardy. Sýogunyň parahorluga, eden-etdiliklere garşy göreşi hem garaşylýan netije bermändir. Onuň samuraýlaryň ýokary gatlaklarynyň we söwda-süýthorçylyk toparlaryna garşy gönükdirilen syýasty hem berk garşylyga sezewar bolýar.

Ýosimuneniň döwründe ýurduň daşary ýurtlylar üçin ýapyk bolmaklygy saklanyp galýardy. Ýurtdan misiň, altynyň, kümüşiň çykarylyşy, Ýaponiýa gelýän hytaý we golland gämileriniň sany üzül-kesil kemeldilýär. Ýosimuneniň döwründe ýurtda durmuş-ykdysady gatnaşyklary düzgünleşdirmäge gönükdirilen birnäçe kanunlar hem kabul edilýär.

Ýaponiýada özgertmeleri geçirmek, ýurduň ykdysady ýagdaýyny berkitmek bilen baglanyşykly çäreler XVIII

asyryň ahyrlarynda-da alnyp barlypdyr. Kämillik ýaşyna ýetmedik sýogunyň atabegi – regenti (*taýro*) Masudaýra Sadanobu (onuň atabeglik eden döwri Kanseý döwrüniň (1787-1793) özgertmeleri diýlip atlandyrylýar ) söwda-süýthorçylyk we kemala gelip ugran buržuaz gatlaklara garşy hüjümi güýçlendirýär. Ol iri samuraýlaryň, baý şäherlileriň we gurply daýhanlaryň zynatly durmuşyny çäklendirmäge çalşypdyr. Ol imperator köşgi üçin bölünip berilýän serişdeleri hem üzül-kesil kemeldýär. Emma Ýaponiýada orta asyr gatnaşyklarynyň çuň krizise düşmegi barybir dowam edýärdi.

**Tokugawalaryň syýasy häkimiýetine garşy hereketleriň ýüze çykmagy.** XVIII asyrdan başlap Ýaponiýada Tokugawalaryň häkimiýetine garşy hereketler hem ýüze çykyp başlaýar. Tokugawalaryň syýasatyndan nägile güýçler sýogunyň häkimiýetiniň bikanundygy, ýapon imperatorlarynyň häkimiýetiniň bolsa hudaý tarapyndan berlendigi, şonuň üçin hem onuň kanunydygy hakyndaky garaýyşlary öňe sürýärdiler. Şeýle garaýyşlar esasan hem Tokugawalar tarapyndan yzarlanylan todzama-daýmýolaryň arasynda güýçlidi. Şindi 1660-njy ýylda todzama-daýmýolardan bolan Mito Misukuni «Mitonyň taryh mekdebi» atly ylmy-syýasy akymy esaslandyrýar. Mito öz okuwçylary hem-de kärdeşleri bilen gadymdan gelýän rowaýatlary, hekaýatlary we ýyl ýazgylaryny bir ýere jemleýär. Dürli görnuşdäki gadymy taryhy-edebi ýadygärlikleriň neşir edilmegi, imperatoryň nesilşalygynyň häkimiýetiniň asyrlaý boýy dyngysyz dowam edip



Kommodor Perri

gelýändigini, Ýaponiýada imperatordan başga hiç kimiň häkimiýete eýelik etmäge hukugynyň ýokdugy hakyndaky hakykaty tassyk etmelidi, şol bir wagtyň özünde bolsa sýogunyň häkimiýetiniň ilkibaşdan bikanundygyny hemmelere äşgär görkezmelidi.

Mitonyň esaslandyran taryh mekdebi sýogunyň häkimiýetiniň baş ideologiýasy bolup hyzmat edýän hytaý konfisiýaçylygynyň garşysyna ýapon halkynyň baý milli ruhy hem-de maddy gymmatlyklaryny öňe sürýärdi. Mitonyň döreden mekdebiniň işlerini *kokugaku* (milli) mekdebi dowam edtiripdir. Kamo Mabuti (1697-1769), Motoori Norinaga (1730-1801), Hirata Asutane (1776-1843) dagylar bu mekdebiň esasy wekilleridi. Bu mekdebiň alymlary ýurduň özüni aýratyn taryhy ýolunyň bardygy, Ýaponiýanyň, ýapon imperatorynyň we ýaponlaryň ylahy güýç tarapyndan ýaradylandygy hakyndaky ynançlardan ugur alýardylar we öz garaýyşlaryny halk arasynda giňden wagyz edýärdiler. Hirata Asutane - «Biziň topragymyz – hudaýlaryň watany, biziň ählimiz olaryň ýaradany. …Hytaýda adaty adam tötänleýin patyşa bolup bilýär, bir görseň hem patyşa adaty adama öwrülip duruberýär. …Entek asman we zemin barka, aý we gün öz şöhlesini saçyp durka ýene-de müňlerçe we müňlerçe ýyllar biziň imperatorymyz baky durar» diýip belläpdir. Ýaponiýanyň özüniň taryhy ýolunyň bardygy hakyndaky garaýyşlar 1867-1868-nji ýyllaryň wakalary döwründe sýogunyň garşydaşlarynyň esasy ideologiýasyna öwrülýär.

Tokugawalar sýogunlygynda halk çykyşlarynyň güýjemegi, ýokary gatlaklaryň arasynda bölünişigiň – sýogunlygyň tarapdarlary bilen garşydaşlarynyň arasynda göreşleriň başlanmagyna getirýär. Sýogunlygyň garşydaşlary Edodan epe-esli uzaklykda ýerleşýän Ýaponiýanyň günbataryndaky Sasuma, Týosýu, Tosa we Hidzen welaýatlarynda güýçlidi. Bu ýerlerdäki todzama-

daýmýolar ykdysady we harby özbaşdaklykdan peýdalanýardylar. Sýoguna garşy hereketlerde imperator we onuň köşgi todzama-daýmýolaryň baýdagy bolup hyzmat etdi. Imperatoryň kanuny häkimiýetini dikeltmek baradaky talaplary öňe sürmek bilen olar häkimiýeti zorluk bilen ele alan sýoguna garşy çykyş edýärdiler. Şeýleleikde, Ýaponiýada kem-kemden sýoguna garşy bileleşik ýüze çykýar.

**Ýaponiýanyň «açylmagy» we adalatsyz şertnamalaryň baglaşylmagy.** Ýaponiýanyň «ýapylmagy» ýurtda möwrütini ötüren feodal gatnaşyklaryň iň yzagalak görnüşleriniň saklanyp galmagyna we Ýaponiýanyň Ýewropa ýurtlaryndan has yza galmagyna sebäp bolýardy. Emma Ýaponiýanyň uzak wagtlaýyn ýapylmagy doly amala aşyrylyp bilinmändir. Gollandiýa, Hytaý we Koreýa bilen käbir gatnaşyklar alnyp barlypdyr. Bulardan başga-da sýogun we imperator Annama (Wýetnam) we Siama (Taýland) söwda gämilerini iberipdirler. XVII-XVIII asyrlarda ýapon adalaryna gelen rus barlagçylary, ilçileri, harbylary, söwdagärleri Bakufu tarapyndan kabul edilipdir. Emma XIX asyra geçilmegi bilen Ýaponiýanyň kenarlarynda peýda bolýan daşary yurt gämileriniň sany ýyl geçdigi saýy köpelýärdi. Bakufu ýapon kenarlaryna golaýlaýan daşary yurt gämilerini oka tutmak baradaky buýruklary 1825-nji ýylda-da ýaýratmagyny dowam etdirýärdi. Emma eýýäm 1842-nji ýylda hökümet tarapyndan perman kabul edilip, ýerli häkimlere ýapon portlaryna gelýän daşary yurt gämilerini agyz suwy hem-de azyk bilen üpjün etmeklik we diňe şondan soň olardan gitmekligi talap etmeklik buýrulýar.

1845-nji ýylda ABŞ-nyň kongresi amerikan prezidentine Ýaponiýa bilen söwda gatnaşyklary ýola goýmaga ygtyýar berýär. Şöwda gatnaşyklaryny açmaga birnäçe gezek netijesiz synanyşyk edilenden soň amerikan hökümeti

Ýaponiýa harby-deňiz güýçleri ugradylýar. 1853-nji ýylyň 8-nji iýulynda kommodor Perriniň serkerdeligindäki amerikan deňiz goşunlary paýtagtyň golaýyndaky Uraga aýlagyna girýär. Perri gepleşikleriň Nagasaki portuna geçirilmegi hakyndaky teklibi ret edýär we ýaponlara prezidentiň sýoguna ýazan hatyny gowşurýar. Emma ýapon tarapy amerikanlara 1854-nji ýylyň ýazyna çenli garaşmagy teklip edýär.

Amerikanlar gidensoň ýapon hökümeti gepleşikler ýoly bilen olary güýmemegi we ýurdy açmazlygy karar edýär. Emma 1854-nji ýylyň fewralynda Perri ýene-de Uraga gelmegi ýagdaýy bütinleý üýtgetmäge mejbur edýär. 250 sany toplar bilen ýaraglandyrylan 9 sany harby gämi we 1800 sany deňizçi, Perriniň haýbatlary, gepleşik geçirilip durlan mahaly 500 sany deňizçiniň kenara düşürilmegi ýapon tarapyny uly howsala salýar. Netijede 1854-nji ýýlyň 31-nji martynda Kanagawada (häzirki Iokogama) birinji ýapon-amerikan şertnamasy baglaşylýar. Şertnama boýunça amerikan gämilerine Simoda we Hakodate portlaryna girmäge, amerikanlara sýogun gullukçylarynyň gözegçilik etmeklerinde bu ýerlerde azyk-suwluk, kömür we beýleki zerur zatlary satyn almaga ygtyýar edilýär. Emma bu şertnama söwda ylalaşygy däldi, şonuň üçin hem amerikanlar 1844-nji ýylyň amerikan-hytaý şertnamasy ýaly ylalaşygyň baglaşylmagyny talap edýärler. 1854-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda Kanagawa şertnamasy ýaly ylalaşygy Ýaponiýa bilen Angliýa hem baglaşýar.

1854-nji ýylyň 21-nji awgustynda Nagasaki portuna wise-admiral Putýatiniň serkerdeligindäki rus eskadrasy hem gelýär. Putýatiniň missiýasy ýapon tarapynyň Sahalin adasynyň Russiýanyň Amur boýlaryndaky we Kuril adalaryndaky mülkleriniň bir bölegi hökmünde ykrar etmegini gazanmagy maksat edinýärdi. Emma sýogunyň hökümeti bilen şeýle şertnamany baglaşmak ruslara

başartmaýar. 1855-nji ýylyň 7-nji fewralynda Simoda şäherinde Russiýa bilen Ýaponiýanyň arasynda şertnama baglaşylýar. Şertnama boýunça iki ýurduň arasyndaky araçäk Urup we Iturup adalary boýunça geçirilýär, emma Sahaliniň meselesi çözülmändir; ol iki ýurduň bilelikdäki dolandyrylyşynda galýar.

Angliýa we Russiýa bilen baglaşylan şertnama laýyklykda, Nagasaki porty bu iki döwletiň gämileri üçin açylýar.

ABŞ bilen Angliýa Ýaponiýa bilen baglaşylan şertnamalar bilen kanagatlanmandyrlar. Olar Ýaponiýa babatynda hem Hytaý bilen baglaşylan şertnamalar ýaly ylalaşyk gazanmagy isleýärdiler. Emma bu meselede Gollandiýa ähli ýurtlardan öňürdipdir. 1856-1857-nji ýyllarda Gollandiýa Ýaponiýa bilen iki sany şertnama gol çekip, konsullyk we gümrük ylalaşyklaryny baglaşýar, söwda üçin Nagasaki portunyň açylmagyny gazanýarlar. 1858-nji ýylda baglaşylan täze amerikan-ýapon şertnamasy gazanan netijesi boýunça gollandlaryňkydan hem ozdurýar. ABŞ-nyň Ýaponiýadaky ilkinji konsuly Garris tarapyndan Simodada baglaşylan bu şertnama amerikanlara söwda erkinligini beripdir, iki ýurduň arasynda konsullyk gatnaşyklaryny ýola goýupdyr, amerikan raýatlaryna eksterritoriallyk ýörelgeleri esasynda Ýaponiýada erkin ýaşamaga ygtyýar beripdir, amerikanlar üçin Hakodate, Simoda, Kanagawa, Nagasaki, Niigata, Kobe, Osaka we Edo portlarydyr şäherlerini doly açypdyr. Getirilýän ýa-da äkidilýän harytlaryň umumy bahasyna laýyklykda gümrük paçlarynyň az möçberi 5% , ýokarysy bolsa 35% bolmaly diýlip kesgitlenilýär. Amerikan-ýapon şertnamasy boýunça, eger-de, Ýaponiýa günbataryň haýsy



Saýgo Takamori

hem bolsa bir döwleti bilen jedele girse, ABŞ-nyň araçyllygy göz öňünde tutulypdyr.

1858-nji ýylyň 7-nji awgustynda Edoda (Tokiýo) Russiýa bilen Ýaponiýanyň arasynda söwda hem-de deňizde ýüzmek barada şertnama baglaşylýar. Bu şertnamanyň güýji 1895-nji ýyla çenli hereket edýär. Şeýlelikde, 1854-1858-nji ýyllarda baglaşylan we «Anseý şertnamalary»[1] diýip at alan bu şertnamalar (*1854-nji ýylyň 31-nji martyndaky, 1858-nji ýylyň 29-njy iýulyndaky ýapon-amerikan; 1856-njy ýylyň 30-njy ýanwaryndaky golland-ýapon; 1854-nji ýylyň 14-nji oktýabryndaky, 1858-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky iňlis-ýapon; 1858-nji ýylyň 9-njy oktýabryndaky fransuz-ýapon; 1855-nji ýylyň 7-nji fewralyndaky, 1858-nji ýylyň 19-njy awgustyndaky rus-ýapon şertnamalary*) Ýaponiýa babatynda adalatsyzdy. Ýaponiýa bilen baglaşylan şertnamalar Ýaponiýanyň resmi suratda «açylýandygyny» yglan edipdir. Çünki baglaşylan şertnamalar Ýaponiýany şol döwrüň öndebaryjy döwletlerine tabyn edýärdi. Ýurda getirilýän daşary ýurt harytlaryna salynýan pes gümrük paçlary Ýaponiýanyň içini arzan harytlardan doldurdy we ýerli önümçilige uly zyýan ýetirdi. Bu bolsa ýerli senetçiligi we hünärmentçiligi halys tozdurypdyr.

Daşary ýurt täjirleri Ýaponiýadan çig mallary we azyk önümlerini iňňän arzan bahadan satyn alýardylar, bu bolsa öz gezeginde ýurtda azyk harytlarynyň gytçylygyna we olaryň bahasynyň içerki bazarda çökder artmagyna getirýärdi. Şol döwürlerde Ýaponiýada kümşüň bahasy altyndan üç esse gymmatlady. Şonuň üçin hem daşary ýurtlylar ýapon bazaryny kümüşden doldurypdyrlar we onuň ornuna ummasyz köp mukdarda altyn alyp gidipdirler. Netijede ABŞ-nyň we Ýewropa ýurtlarynyň Ýaponiýa bilen baglaşan adalatsyz şertnamalary ýurduň ykdysady

---

[1] Anseý eýýamynyň (1854-1859) ady bilen baglanyşykly.

kuwwatyny peseldipdir we ony ykdysady taýdan ösen döwletlere garaşly ýagdaýa salypdyr.

Ýaponiýanyň güýç bilen «açylmagy» ýapon ykdysadyýetiniň ösüşüňe uly täsir edýär. Ýurduň portlarynyň kese ýutly işewürler üçin açylmagy daşary söwdanyň ösmegine getirýär. Ýapon eksportynyň 50-80%-ni ýüpek, çaý, 20% -ni bolsa pagta, tüwi, balyk we deňiz önümleri tutupdyr. Import edilýän harytlar esasan senagat önümleriniň, ýüplük, ýüň we nah matadan ybarat bolupdyr. Ýapon portlarynyň açylmagy, ýurduň halkara söwda gatnaşyklaryna girmegi, içerki bazary arzan harytlardan doldurýar. Bu bolsa ýekabara öndürijileri, senetçileri we kemala gelip ugran ýerli senagat önümçiligini tozdurypdyr. Emma, muňa garamazdan, ABŞ, Angliya, Germaniýa, Fransiýa bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryň alnyp barylmagy Ýaponiýada iri maýa goýum önümçiligine esaslanýan häzikri zaman senagatynyň döremegine getirýär. 1868-nji ýyla çenli Ýaponiýada 50 sany agyr senagat kärhanasy we 100-den gowrak ýeňil senagat kärhanalary gurlupdyr. Daşary ýurtlardan alynýan enjamlaryň, maşynlaryň, stanoklaryň hasabyna metallurgiýa, gämi gurluşyk we egirme-dokma kärhanalary abzallaşdyrylypdyr. Ýapon ýüpegine bolan ýokary islegler ýurduň oba hojalygynda önümçiligiň ýokary göterilişini döredýär.

**Ýaponiýada 1863-1867-nji ýyllaryň raýatlyk urşy.** XIX asyryň başlarynda sýogunlyk çuň syýasy krizise çümüp ugraýar. Ýurduň ilatynyň dürli gatlaklary sýogunyň häkimiýetinden nägile bolup ugraýarlar. Daýhanlaryň, şäher ilatynyň gozgalaňlary sýogunlykdan närazy syýasy toparlaryň çykyşlary bilen utgaşypdyr. Sýogunyň häkimiýetinden ýüze cykyp ugran söwda we senagat buržuaziýasy hem nägiledi. Bu nägileliklere todzama-daýmiolar hem goşulýarlar. Sýogunyň garşydaşlaryny hökümet işgäri Ii Naosukeniň (1815-1860) hereketleri

aýratyn gazaplandyrýardy. 1858-nji ýylyň maýynda ol ýaş sýoguna taýro (regent - atabeg) edilip bellenilýär. Naosuke sýogunyň garşydaşlaryndan rehimsiz öç alýardy. Ol ýüze golaý samuraýy tussag edip zyndana taşlaýar we olaryň dördüsini jezalandyryp öldürýär. Olardan Hasimoto Sanai (1834-1859) we Ýosida Sýoin (1830-1859) aýratyn sowatly adamlar bolup, olar sýogunlygyň ibarypýatan garşydaşlary, imperatoryň häkimiýetiniň dikeldilmeginiň tarapdarydylar.

Emma yzarlamalar we jezalandyrmalar daýhanlaryň we samuraýlaryň köpçülikleýin çykyşlarynyň öňüni alyp bilmändir. 1860-njy ýylyň martynda Ii Naosuke sýoguna garşy göreşýän toparlanyşyklaryň baştutanlary bolan Mito welaýatynyň samuraýlary tarapyndan öldürilýär. Şundan soň sýogunyň hökümeti öz garşydaşlaryna garşy göreşiň usulyny üýtgedip, imperator köşgündäki iri begzadalar bilen ýakynlaşyp ugraýar. Sýogunyň hem-de imperatoryň köşkleriniň arasynda ýaranlyk (kobugattaý) baglaşylýar.

1862-nji ýylda Sasuma welaýatynyň daýmýosy Simadzu goşunlary bilen Kiota girýär we özüniň impertora we onuň «baky» häkimiýetine tabyndygyny yglan edýär. Şundan soň ol goşunlaryny sýogunyň paýtagty Edo tarap sürýär. Simadzu sýogundan ýapja daýmýolar babatynda *sankinkotaý* (zamun almak) düzgüniniň üýtgedilmegini talap edýär. Bakufu bu talaba boýun bolmaga we daýmýolary ýurduň ykbaly bilen baglanyşykly meseleleriň çözülmegine gatnaşdyrmaga mejbur bolýar.

1862-nji ýylda Sasuma welaýatynda samuraýlar tarapyndan iňlis raýaty öldürilýär, 1863-nji ýylyň iýunynda bolsa Týosýu daýmýolygyndaky Simonoseki galasy kenara golaý gelen daşary yurt gämilerini oka tutýar. Iňlis raýatynyň öldürilendigi üçin Bakufu töleg tölemäge borçlanýar, ýöne öz portlaryny ýapmaga eden synanyşygy üçin bolsa, Sasuma daýmýolygynyň paýtagty Kagosima top okuna tutulýar. Daýmýolugyň samuraý goşunlary henizem

Kiotada ýerleşýärdi, şonuň üçin hem Simadzu goşunlaryny Kiotadan çykaryp, iňlisler bilen söweşmek üçin günorta – Sasuma daýmýolygyna ugraýar. Kiotada Týosýu daýmýolygynyň samuraýlary galýarlar. Bu goşun bölümleriniň esasy köpçüligini samuraýlaryň aşaky gatlagynyň wekilleri – roninler düzýärdiler. Olara şäherlilerden düzülen goşun bölümleri (kiheýtaý) hem goşulypdyrlar. Emma tiz wagtdan daýmýo Simadzu bilen ylalaşyp, şeýle hem fransuzlardan ok-ýarag we beýleki goldawlary alyp, bakufu (sýogunyň hökümeti) Kiotadaky goşunlary kowup çykarmagyň hötdesinden gelýär.

Emma yza çekilýän *kiheýtaý* (şäherliler) goşunlary Týosýuda we beýleki daýmýolyklarda goldaw tapýarlar hem-de gaýtadan Kiota tarap ugraýarlar. Emma 1864-nji ýylyň 19-njy awgustynda kiheýtaý goşunlary sýogunyň tarapdarlaryndan agyr ýeňlişe sezewar bolýar. Tokugawalar Týosýu daýmýolygyna garşy jeza beriji goşunlary ugratmak barada inperatordan buýruk alyp, şeýle hem *kobugattaýa* (imperator bilen sýogunlygyň arasynda ýaranlygyň ýola goýulmagynyň tarapdarlary) daýanyp öz garşydaşlaryny derbi-dagyn edýärler.

Sýogunyň garşydaşlaryna daşary ýurtlylar hem agyr zarba urýarlar. 1864-nji ýylyň 4-5-nji sentýabrynda Angliýanyň, ABŞ-nyň, Fransiýanyň we Gollandiýanyň birleşen deňiz goşunlary Simonosekini (Týosýu daýmýolygynda) top okuna tutýarlar. Emma ýurduň içinde raýatlyk urşunyň ýyl-ýyldan güýçlenmegi döwletleri Ýaponiýanyň içindäki syýasy güýçler babatyndaky hereketlerini üýtgetmäge mejbur edýär. Angliýa sýogunyň garşydaşlaryny goldap başlaýar, Fransiýa bolsa öňküleri ýaly sýogunlygyň tarapyndady.

**Ýaponiýada Tokugawalar sýogunlygynyň ýykylmagy.** Harby-syýasy şowsuzlyklara garamazdan 1865-nji ýylda sýogunyň garşydaşlary öz hereketlerini güýçlendirýärler.

Sýogunyň garşydaşlaryna sasumaly gullukçy-buržuaz liderleri Okuba Tosimiti, Saýgo Takamori baştutanlyk edýärler. Bu döwürde Ito Hirobumi (1841-1909) we Takasugi Sinsaku (1839-1867) tarapyndan baştutanlyk edilýän Týosýu daýmýolygynyň kiheýtaýlarlaryň täsiri hem artýar. Bular daşary ýurtlarda bolup gören öz döwrüniň sowatly adamlarydy. Olar Ýaponiýanyň jemgyýetçilik-syýasy we ykdysady durmuşynyň Ýewropanyň gazananlarynyň esasynda täzelenilmegini talap edýärdiler.

1865-nji ýylyň maýynda sýogun tarapyndan Týosýu daýmýolygynyň garşysyna ugradylan jezalandyryjy goşunlaryň hereketi uzaga çekipdir, sýoguna Sasuma daýmýolygy hem ýardam etmekden ýüz öwrüpdir. Iň beteride jezalandyryjy goşunlaryň hereketi sýogunyň garşydaşlarynyň jebisleşmegine sebäp bolýar. 1866-njy ýylyň iýulynda bu ýere ugradylan sýogun goşunlary derbi-dagyn edilýär we «*Tobaku*!» - «Ýok bolsun bakufu!» atly sýoguna garşy hereket ýüze çykýar. Sýogunyň garşydaşlary bolan günorta-günbatarly daýmýolyklar – Týosýu, Sasuma, Tosa we Hidzen ýurduň birnäçe maliýe toparlaryndan, şol sanda Misui toparyndan ep-esli kömek hem alýarlar. Sýoguna garşy hereketde esasy orun ýönekeý samuraýlaryň eline geçmegi dowam edýärdi. Ýaponiýanyň boýnuna zorluk bilen dakylan adalatsyz şertnamalaryň esasy günäkäri bolan sýogun düzgünini agdarmak, şeýle hem daşary ýurtlylaryň


Musuhito

agalygyny ýok etmek islegleri ýurduň ähli gatlaklarynyň arasynda giň goldawa eýe bolupdyr.

1860-1867-nji ýyllarda daýhanlar gozgalaňlary Ýaponiýanyň ähli ýerlerini diýen ýaly gurşap aldy. Köpçülikleýin häsiýete eýe bolan daýhanlar gozgalaňlary Honsýu adasynyň Sesu, Sinano, Kodzuke, Etigo, Iwami, Musasi, Kawati, Bingo welaýatlarynda bolup geçdi. Ýurduň içeri syýasy durmuşyň şeýle çykgynsyz ýagdaýa eýe bolan döwründe günbatar döwletleri sýogundan 1858-nji ýylyň şertnamasynda göz öňünde tutulan Hýoga we Osaka şäherlerini açmaklygy talap edýärler. Sýogun talaplar bilen doly ylalaşýar we olaryň imperator köşgi tarapyndan tassyk edilmegini hem gazanýar.

1866-njy ýylda sýogun Iemoti aradan çykýar we onuň ornuna ogly – iň soňky sýogun Keýki (Hitosubasi) gelýär. Günortaly daýmýolyklaryň goşunlary Kiota tarap ugraýarlar. 1867-nji ýylyň başlarynda imperator Komeý hem aradan çykýar, bu bolsa sýogunyň ýagdaýyny has-da kynlaşdyrýar. Kobugattaýyň düzüminde esasy adam bolup galýan imperator Komeý sýogun bilen geleşik etmegiň we ýurtda feodal düzgünleriň saklanyp galmagynyň tarapdarydy. Onuň mirasdüşeri, 14 ýaşly Musuhito bu syýasata garşy çykyp bilerden ejiz gelýärdi. Täze hökümdaryň ýaşlygy zerarly sýogunyň garşydaşlary imperatoryň adyndan sýoguna talapnama gowşuryp, häkimiýeti hakyky eýesine gaýtaryp bermegi talap edýärler. 1867-nji ýylyň oktýabrynda talapnama sýogun Keýkä gowşurylýar. Öz garşydaşlarynyň güýçlidigine göz ýetirip, Keýki talaba boýun egmäge mejbur bolýar. Emma dilinde häkimiýeti gaýtarmaga söz berse-de, sýogun häkimiýetini bererli däldi; ol garşydaşlary bilen boljak göreşe ykjam taýýarlanyp ugraýar. Demirgazyk we Merkezi Ýaponiýada häkimiýetini saklap galýan Keýki garşydaşlary bilen urşa başlaýar.

1868-nji ýylyň ýanwarynda Kiotanyň töwereklerinde ýerleşýän Fusimide we Tobada bolan söweşlerde Keýki garşydaşlaryndan ýeňilýär we özüniň Edo galasyna gaçyp gelýär. Günorta welaýatlaryň goşunlary paýtagta tarap çalt hereket edýärdiler. 1868-nji ýylyň 3-nji maýynda Keýki Edo galasyny söweşsiz taşlap gidýär. Emma ýurtda raýatlyk urşy dowam edýärdi, Kanto daýmýolygynyň käbir feodallary, şeýle hem Honsýu adasynyň demirgazygy täze häkimiýetlere boýun egmek islemeýärdiler. Sýogunyň admiral Enomoto Takeaki tarapyndan serkerdelik edilýän deňiz goşunlary Hokkaýdo adasynyň günorta kenarlarynda «samuraýlaryň respublikasyny» jar edýärler. Emma 1869-njy ýylyň maý aýynda Hokaýdoda bolup geçen gazaply söweşlerden soň sýogunyň özi we onuň tarapdarlary doly ýeňlişe sezewar edilýär we Ýaponiýada Tokugawalar nesliniň häkimiýeti synýar.

1867-1868-nji ýyllaryň wakalarynyň netijesinde Ýaponiýada şindi 1192-nji ýylda häkimiýetini elinden aldyran imperatoryň häkimiýeti dikeldilýär. Imperator Musuhito (1867-1912) «Meýdzi» («Sowatly dolandyryş») tagt adyna eýe bolup ýurdy dolandyryp başlaýar. Şol sebäpden hem 1867-1868-nji ýyllaryň wakalary Ýaponiýanyň taryhynda «Meýdzi isin» (Meýdziniň häkimiýetiniň gaýtadan dikeldilmegi) diýlip atlandyrylýar. Ýaponiýada bolup geçen bu wakalar dünýä taryh ylmynda «tamamlanmadyk buržuaz rewolýusiýasy» hökmünde häsiýetlendirilýär.



Tosimiti Okubo

Tokugawalaryň ornuna häkimiýet başyna gelen güýçler kemala gelip ugran buržuaz gatlaklarynyň we iri ýer eýeleriniň bähbitlerini araýardylar. Hökümetde ýokary

wezipeleriň köşk begzadalary tarapyndan eýelenendigine garamazdan, onuň düzümindäki esasy orunlar günorta-gündogar daýmýolyklaryndan (Sasuma, Týosýu, Tosa we Hidzen) bolan tanymal samuraý nebereleriniň eline geçýär. Täze hökümetiň syýasatynyň işlenilip düzülmeginde sýoguna garşy göreşen güýçleriň liderleri Okubo Tosimitiniň we Kido Takamasanyň örän uly täsiri bolupdyr.

1867-1868-nji ýyllaryň wakalarynyň hereketlendiriji güýçleri hökmünde samuraýlaryň aşaky gatlaklaryny, ykdysady taýdan entek güýçsiz hem-de täsirsiz ýerli senagat buržuaziýasyny, iri ýer eýeleriniň we gullukçy feodallaryň sýogunyň häkimiýetine garşy çykan bölegini, daýhanlary we şäher ilatyny görkezmek bolar.

## § 12. Koreýa XVII - XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli döwürde

**XVII-XVIII asyrlarda Koreýanyň durmuş-ykdysady gurluşy we agrar gatnaşyklar.** XIX asyryň ikinji ýarymyna çenli Koreýanyň jemgyýetçilik-syýasy we ykdysady durmuşynda orta asyr tertip-düzgünleri dowam edip, ilatyň esasy köpçüligi oba hojalygy bilen meşgullanýardy. Ekerançylyk ýerlerine döwlet eýeçiliginiň saklanyp galýandygyna garamazdan, Koreýada köşge, şeýle hem hususyýetçilere degişli ýerler hem az däldi. Netijede, ýurduň ekin ýerlerine esasan  köşk adamlary, döwlet emeldarlary we baý daýhanlar eýeçilik edýärdiler.

XVII asyryň ikinji ýarymynda – XVIII asyryň başlarynda ýumrulan şäherler, obalar, suwaryş ulgamlary doly dikeldilýär. Mançžuriýadan iş mallary getirilip, ekin meýdanlarynyň möçberi, ekilýän ekinleriň görnuşleri ep-esli artýar. Şol döwürler şaly, bugdaý, arpa, nohut ýaly adaty ekinlerden başga-da, burç, kädi, pomidor, batat, temmäki, gowaça ýaly ekinler hem köpçülikleýin ekilipdir.

Ekerançylyk pudagynyň önümliliginiň artmagy käbir oba hojalyk önümlerini bazara çykarmaga mümkinçilik beripdir. XVIII asyrda söwda maksatlary bilen Çolla welaýatynda temmäki, Kesonda bolsa ženşen ekmeklik giň gerime eýe bolýar.

XVII-XVIII asyrlarda tölegiň esasy görnüşi ýer salgydy bolup, öndürijiler salgydy natura, ýagny önüm görnüşinde (tüwi ýa-da beýleki dänelik ekinleri) töleýärdiler. Şunuň bilen bir hatarda, daýhan hojalyklarynda öndürilýän dürli senetçilik önümleri (ýüpek, ýüpek mata, gap-gaçlar we başgalar) hem tabşyrylýardy. Önüm salgydyndan başga-da erkek adamlar döwletiň ýa-da iri ýer eýeleriniň peýdasyna dürli zähmet borçlaryny (ýollaryň, galalaryň, köşkleriň, ýaplaryň, bentleriň, gaçylaryň gurluşygy) ýerine ýetirýärdiler. Şeýlelikde, natural hojalyk asyrlaryň dowamynda koreý jemgyýetiniň ykdysady binýadyny düzüpdir.

Täze taryha geçilýän döwürde koreý jemgyýeti esasy üç gatlakdan durýardy. Bu ýagdaý Koreýada tä XIX asyryň ahyrlaryna çenli diýen ýaly dowam etdi. Ýokary gatlagyň wekillerini *ýanbanlar* («iki bölek») düzüp, oňa raýat we harby emeldarlar girýärdiler. Ýanbanlaryň paýtagtda ýaşaýanlary ýokary gatlagyň iň täsirli toparyny emele getirýärdiler. Bu gatlaga degişli bolmaklyk koreý jemgyýetinde giň hukuklardan peýdalanmaga mümkinçilik beripdir. Döwlet ýerlerinde oturýan daýhanlaryň agramly köpçüligi *ssanin* ýa-da *ýanin* (ýönekeý halk) gatlagyna degişli bolup, olar ýurduň esasy önüm öndürijileri, salgyt töleýjileri we zähmet borçlaryny ýerine ýetirijileridi. Koreý jemgyýetiniň iň aşaky, hukuksyz hem-de ezilýän gatlagyny *çhoninler* (ýigrenjiler) düzýärdiler. Çhoninlere koreý jemgyýetiniň ýer eýeleriniň mülklerinde peýdalanylan hukuksyz hyzmatkärleri, günlükçileri, talabanlary, döwlet senetçileri, söwdagärler (jerçi), darbazçylar, zyndan

gözegçileri, köçe süpürýänler, gassaplar ýaly hor-har gatlagy we başgalar degişli bolupdyrlar.

Koreýada ýokary döwlet häkimiýeti Li nesilşalygyndan (1392-1911) bolan patyşanyň (*wan*) elinde jemlenip, ol özüniň raýatlarynyň emlägine-de, janyna-da eýelik edip bilipdir. Konfusiýançylyk däplerine görä, Koreýada döwletiň özi bitewi bir uly maşgala hasap edilipdir. Şunda, kiçi - ula, çaga - ata, halk - emeldarlara, emeldarlar bolsa patyşa boýun egmelidi. Patyşa halkyň atasy hasaplanypdyr we onuň şahsyýeti hudaýlaşdyrylypdyr; onuň hakyky adyny tutmaklyk külli günä hasap edilipdir. Patyşanyň ady dürli many-mazmunly, haýyrly-sogaply şygarlar, çagyryşlar bilen çalşyrylypdyr.

Döwlet geňeşi Koreýanyň iň ýokary dolandyryş edarasy bolup, onda derejeler we wezipeler, maliýe, däp-dessurlar, harby, jenaýat we jemgyýetçilik işleri ýaly edaralar bolupdyr. Dolandyryş-çäk gurluşy boýunça yurt sekiz welaýata, birnäçe ýüz sany etraplara, etrapçalara bölünipdir. Hytaýdan tapawutlylykda, Koreýada oba iň aşaky dolandyryş birligi hasap edilipdir. Oba jemagatynyň her bir agzasy biri-biriniň hereketi üçin jogap bermeli bolupdyrlar.

XVII asyryň ikinji ýarymynda Koreýa 1592-1598-nji ýyllaryň ýapon basybalyşlarynyň ýetiren agyr tozgunçylygyndan saplanyp ugraýar. Koreý hökümeti tarapyndan ýurduň ykdysadyýetinde özgertmeler geçirmäge synanyşyk edilipdir. Kwanhegunyň (1608-1623) hokum süren döwründe belli döwlet işgäri Li Won Ikiň maslahaty bilen Kýongodo welaýatynda tejribe hökmünde salgyt ulgamyny kämilleşdirmek bilen baglanyşykly käbir özgertmeler geçirilýär. Sukçonyň (1674-1720) dolandyran ýyllarynda bolsa ýurduň demirgazyndaky Phýonan we Hamgýon welaýatlaryndan galan beýleki ýerlerinde ýer salgydy tüwi bilen çalşyrylýar.

Ýurduň suwaryş ulgamyny giňeltmek koreý hökümetiniň aýratyn gözegçiliginde durýan möhüm aladalaryň biridi. Çünki ekerançylyk önümleriniň we döwlet girdejileriniň artmagy öňi bilen ýaplaryň hem-de suw desgalarynyň guratlygyna bagly bolup durýardy. XVIII asyryň ahyrynda ýurtda ekin ýerlerini goramak üçin gurlan gaçylaryň 3259-sy, bentleriň 2265-si hereket edýärdi. Suwaryş desgalarynyň esasy köpçüligi ýurduň günorta welaýatlary bolan Kýonsanda, Çollada we Çhunçhonda ýerleşipdir. Suwaryşda jykyrlar köp ulanylypdyr, ekin meýdanlaryny suw joşmalaryndan, sil suwlaryndan we gurakçylykdan goramak üçin saýalyk agaçlary köpçülikleýin ekilipdir.

XVIII asyrda Koreýada iri ýer eýeçigi artýardy. Şahsy mülkler ýanbanlaryň döwlet ýerlerinde oturan daýhan ýerlerini eýelemekleriniň, tarp ýerleriň we taşlanan ýerleriň özleşdirilmeginiň hasabyna giňäpdir. Mysal üçin, 1726-1769-njy ýyllar aralygynda döwlete salgyt töleýän ýerleriň mukdary 30 müň kýol kemelipdir. Ýurtda haryt-pul gatnaşyklary ösdügiçe ýeri satmaklyk we satyn almaklyk giň gerime eýe bolupdyr. Eger-de, XVII asyrda ýerleriň satylandygy ýa-da satyn alnandygy hakyndaky resminamalar hökümet edaralarynda hasaba alnan bolsa, XVIII asyrda şeýtmeklik hökman hem bolmandyr. Täjirleriň käbir toparlary diňe bir ýerleri satyn almak bilen çäklenmän, eýsem para berip öz şejerelerini üýtgetdiripdirler we gulluk derejelerine eýe bolupdyrlar. Ýerleriň köpçülikleýin eýelenilmegi netijesinde öňki ýerli daýhanlar kärendeçilere öwrülipdirler, kärende şerti boýunça köplenç hasylyň ýary, kähalatlarda bolsa, ýarsyndan hem gowragy ýer eýesine berlipdir.

XVII asyryň ikinji ýarymynda Koreýanyň ähli welaýatlarynda kem-kemden tüwi salgydyna (*tedonmi*) geçilýär. Indi hojalykda öndürilýän senetçilik önümlerine derek diňe tüwi salgydy salnyp başlandy. Täze salgyt

ulgamy boýunça salgydyň bir bölegi pul görnüşinde hem ýygnalyp başlaýar. Soňra harby we ýer salgydy hem kem-käsleýin pula geçirilýär. Emma salgyt ýygnalanda bikanunçylyklara giň ýol açylypdyr. Mysal üçin, 16-60 ýaş aralygyndaky erkek adamlara salynýan harby salgydy, indi ilatyň beýleki toparlaryndan (aýallar, çagalar, garrylar ) hem alnypdyr. Bu döwürde Koreýada süýthorçulyk ösüpdir. Berilýän karzlaryň göterimi köplenç karzyň özünden artyk gelýärdi. Şeýle bolansoň halk arasynda «göbek garyndan uly» diýlip ýaňsy bilen aýdylypdyr.

**Senetçilik we söwda.** XVII asyra çenli şäher önümçiligi bolan senetçilik döwletiň özi tarapyndan döredilen ussahalarda alnyp barylýardy. Döwlet ussahanalarynda hukuksyz senetçiler (*konjan*) zähmet çekýärdiler. Merkezdäki we ýerlerdäki jemgyýetçilik işleri edarasyna berkidilen döwlet senetçileri döwlet üçin zerur bolan ýaraglary, harby esbaplary, dürli görnüşdäki zynat harytlaryny öndürmäge borçlydylar. Sebäbi senetçiligiň bu önümlerini obalardaky daýhan hojalyklary öndürip bilmeýärdiler. Döwlet senetçileri tarapyndan jemi 180-e golaý metaldan, agaçdan, gönden edilen önümler, gap-gaçlar, zergärçilik we başga önümler öndürilipdir. Paýtagtdaky we welaýat şäherlerindäki senetçileriň umumy sany 5 müň adam töweregi bolupdyr.



Seulyň Namdemun derwezesiniň öňündäki bazar

Wagtyň geçmegi bilen Koreýanyň şäherlerinde erkin senetçileriň ussahanalary hem peýda bolup ugraýar. XVII-XVIII asyrlarda erkin senetçileriň sany, olaryň öndürýän önümleriniň mukdary hem-de görnüşleri ep-esli artýar. Bu döwürde döwlet senetçiliginiň ähmiýeti gaçýar, onuň öndürijiliginiň pes bolandygy üçin hökümet döwlet senetçilerini erkinlige goýberýär, eger-de, senetçilik önümlerine isleg dörän ýagdaýynda, döwlet olary muzd töläp wagtlaýynça işledip bilipdir. Diňe bir welaýat şäherlerinde däl, eýsem paýtagtda hem döwlete degişli bolmadyk senetçilik birleşmeleri hereket edýärdiler we olar ýüpek reňkleýji maddalaryň, matalaryň, agaçdan we metaldan edilen önümleriň önümçiligi bilen meşgullanypdyrlar. Aýry-aýry etraplar senetçilik önümleriniň haýsy hem bolsa bir görnüşine ýöriteleşýärdi. Çolla welaýatynyň obalarynda bambukdan edilen örme önümler, tutylaryň dürli görnüşleri öndürilýärdi. Kure etrabynda – metal gap-gaçlary, Okkwada – ýelpewaç, Thonýonda – saman papaklary, Najonda – agaç önümleri, Rýonanda – kürek, Ramphoda – galam we syýa, Hamhynda – sürteç, Hejuda - syýa öndürilipdir.

Oba hojalygynyň we senetçiligiň ösüşi ýurtda haryt-pul gatnaşyklarynyň çalt depginler bilen ösmegine getirýär. Şunuň esasynda Koreýanyň dürli ýerlerinde bazarlar peýda boldy. XVIII asyryň ahyrlarynda ýurtda müňden gowrak bazarlar bardy. Seul, Pusan, Tegu, Phenýan, Ýýju, Tonne ýaly şäherler möhüm söwda merkezleridi.

Içerki söwdanyň janlanmagy daşary söwdanyň ösüşine oňaýly täsir edýärdi. XVII asyryň ortalaryndan başlap Hytaý bilen söwda gatnaşyklary giňedi. Hytaý bilen esasan Amnokkan derýasynyň kenarynda ýerleşýän Ýýju hem-de Çungan şäherleri söwda edýärdiler. Koreýadan Hytaýa gön, kagyz, nah mata, žençen ugradylypdyr, Hytaýdan Koreýa bolsa ýüpek, dermanlar, gulakjynlar, ýazuw esbaplary

getirilýärdi. Ýaponiýa bilen söwda işleri Pusanyň golaýyndaky Tonne söwda nokadynyň üsti bilen alnyp barylýardy. Bu ýerden ženžen, mata, tüwi äkidýärdiler, Ýaponiýadan bolsa kümüş, mis, kükürt, gara burç getirýärdiler. Daşary ýurtlar bilen söwda etmäge ygtyýar berilýändigi üçin hökümet tarapyndan ýörite tölegler girizilýär. XVIII asyryň ahyrlarynda söwda bileleşikleri hazyna her ýylda 40 müň nýan[1] töläpdirler. Hytaý bilen alnyp barylýan söwda gatnaşyklarynyň giňemegi kümşüň çykarylyşynyň artdyrylmagyny talap edýärdi. XVII asyryň ahyrynda Koreýada 70-den gowrak kümüş känleri hereket edipdir, altyn känleriniň sany artypdyr.

**Dolandyryjy toparlaryň arasyndaky özara göreşler.** XVII-XVIII asyrlarda ýurduň ykdysady ösüşiniň ýokary göterilýän döwründe Koreýanyň içeri-syýasy ýagdaýy çylşyrymly bolup galýardy. Koreýadaky dürli syýasy toparlaryň arasynda häkimiýet ugrynda ýirti göreşler gidýärdi. XVII asyryň ahyrlarynda ýurduň syýasy güýçleri günorta, demirgazyk, gündogar we günbatar toparlaryna bölünýärdiler. Bu toparlary geýimleriniň reňki boýunça «dört reňklileriň» toparlary diýip atlandyrýardylar. Patyşalaryň çalyşýan, mirasdüşerleriň yglan edilýän wagtlary bu toparlaryň arasyndaky göreşler has hem ýiti häsiýete eýe bolupdyr. Şonda satyn almaklyk, aldawçylyk, haýynlyk etmeklik, adam öldürmeklik bilen utgaşyp gidýän gandöküşikli uruşlar başlaýardy. Şol döwürlerde gan almak dessury giň ýaýrapdyr: öldürileniň nesillerinden biri tä ganhor öldürilýänçä onuň gana boýalan eşigini geýmeli bolupdyr.

Özara oňuşmaýan toparlaryň arasyndaky göreşde günbatar topary üstün çykýar. Ýöne, tiz wagtdan onuň özi hem iki sany duşmançylykly topara bölünýär. Olary syýasy

---

[1] 1 nýan – 100 mis teňňe.

garaýyşlary boýunça «ýaşlar» we «garrylar» toparlaryna bölýärdiler. Bu bölünişik Koreýada ýaýran konfusiýaçylyk taglymatynyň adaty we täze akymlary bilen baglanyşyklydy. Jemgyýetiň gapma-garşy toparlara bölünmegi, birek-birege ynamsyzlyk, yzygider dowam edýän bäsleşikler, ýurtda eden-etdilikleri we parahorlygy güýçlendirýärdi. Döwrüň öndebaryjy adamlary Koreýanyň şeýle ýagdaýa düşmeginden çuňňur ynjalyksyzlyk bildirýärdiler. Sonçžonyň hökümdarlyk eden döwrüniň meşhur döwlet işgäri, tanymal filosof Li Ik (1682-1764) syýasy toparlaryň Koreýanyň milli bitewiligine, döwlet özbaşdaklygyna ýetirýän zyýanly täsiri barada aýdýardy.

XVIII asyryň belli koreý patyşalary Ýonçžo (1725-1776) we Çonçžo (1776-1800) «garrylary» daşlaryna ýygnap, begzadalary döwlet wezipelerine bellänlerinde hiç bir topara artykmaçlyk bermändirler. Olaryň döwründe özara uruşlar bes edilýär, duşmançylykly toparlary köpçülikleýin yzarlamaklyk we jeza çäreleri bes edilýär. Ýöne barybir ýokary gatlaklaryň arasyndaky oňuşyksyzlyklar saklanyp galýardy. 1728-nji ýylda «ýaşlaryň» baştutany Li In Jwanyň ýolbaşçylygynda uly topalaň turýar. Halk arasyndaky nägileliklerden peýdalanmak bilen Li In Jwa ýurduň günorta welaýatlarynda ep-esli goşunlary ýygnap paýtagtda häkimiýeti ele almagy maksat edinýär. Emma Anson şäheriniň ýanynda topalaňçylar hökümet goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär.

Özara göreşleriň öňüni almak, salgytlardan ejir çekýän ilatyň ýagdaýyny ýeňilleşdirmek üçin Ýonçžo harby borçlylyk hakynda täze kanun girizýär. Köne düzgün boýunça her bir erkek adam goşunda gulluk etmelidi. Emma şu düzgün ulanylanda goşunda gulluk etmek üçin gereginden has köp esger toplanylýardy. Şonuň üçin hem XVI asyrdan başlap harby gullugy satyn almak düzgüni girizilýär. Şol düzgün boýunça gulluk etmek islemeýän

adam töleg töläp goşunçylykdan galyp bilýärdi. Ýöne tölegiň möçberi agyr bolandygy üçin Ýonçžo şol tölegleri iki esse azaldýar. Munuň özi ýönekeý halkyň ýagdaýyny ep-esli ýeňilleşdiripdir.

**Koreýa jemgyýetine durmuş krizisiň çuňlaşmagy we XIX asyryň daýhanlar gozgalaňlary.** XVIII asyrda Ýonçžonyň hem-de Çonçžonyň ýurduň asudalygynyň we abadançylygynyň hatyrasyna alyp baran syýasatlary oňyn netije beripdir. Emma Sunçžonyň, Honçžonyň we Çholçžonyň hökümdarlyk eden ýyllarynda ýurtdaky häkimiýet täsirli neberäleriň eline geçýär. Bu döwürlerde patyşalar häkimiýetden doly çetleşdirilipdir. Ýurtdaky häkimiýet şa aýalynyň we onuň ýakyn garyndaşlarynyň elinde jemlenýär. Altmyş ýyldan gowrak döwrüň dowamynda hökümetde andonly Kim we phunýanly Ço uruglary biri-birini çalşyp durupdyrlar. Olar öz neberäleriniň bähbitlerini araýan syýasat ýöredýärdiler, ýurtda eden-etdiliklere esaslanýan düzgünleri girizýärdiler. Olaryň islegleri boýunça tagta çykarylýan patyşalary bolsa oýunjak ýaly edip ulanýardylar. Neberäleriň eden-etdilikleri yurt möçberinde salgytlaryň artmagyna getirýärdi, halk köpçüliginde uly nägilelikleri döredýärdi. Hökümetiň daýhanlaryň ýagdaýyny ýeňilleşdirmek barada edýän tagallalary garaşylýan netijeleri bermändir. Netijede ýurduň dürli ýerlerinde gozgalaňlar başlaýar.

1811-1812-nji ýyllarda Koreýanyň demirgazyk-günbatar taraplarynda turan gozgalaň XIX asyryň iň uly halk çykyşlarynyň biri boldy. Gozgalaňa ýerli iri ýer eýesi Hon Gýon Ne baştutanlyk edýär. Hon Gýon Ne demirgazyk-günbatarly bolup, onuň ildeşleri hökümet işlerine kabul edilmändir. Onuň özi hem birnäçe gezek döwlet synaglaryny tabşyrmaga netijesiz synanyşyk edipdir. Hon Gýon Ne Kasan etrabynyň Tabakton obasynda gaçgak daýhanlardan gowy ýaraglandyrylan goşun düzýär. 1811-nji ýylda, haçan-

da, Phýonan welaýatynda hasylsyzlyk zerarly açlyk başlanda, Hon Gýon Ne gozgalaňa başlaýar. Az wagtyň içinde olar demirgazyk-günbataryň Kasan, Kwaksan we beýleki şäherlerini eýeleýärler. Gozgalaňçylaryň baş makasady hökümetiň demirgazyk-günbatar babatyndaky adalatsyz syýatyny ýok etmek, horluk çekýän halka ýardam etmek bolupdyr. Şu maksat bilen gozgalaňçylar Koreýanyň demirgazyk-günbatarynda birnäçe üstünlikli ýörişleri geçiripdirler. Emma Çongžu galasy gabalanda Hon Gýon Neniň gozgalaňçylary hökümet goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär, gozgalaňçy serdar bolsa öldürilýär.

1813-nji ýylda Çejudo adasynyň balykçylary gozgalaň turuzýarlar, 1816-njy ýylda bolsa Sonçhonda Hon Gýon Neniň tarapdarlary gozgalaň turuzmaga synanyşýarlar. Emma bu gozgalaňlar hem hökümet goşunlary tarapyndan basylyp ýatyrylýar.

1832-nji ýyldan başlap Koreýada dokuz ýyllap dowam eden açlyk hem-de keselçilik başlaýar. Ýurduň şäherlerinde we obalarynda aç adamlaryň topalaňlary, halk çykyşlary bolup geçýär.

XIX asyryň 60-njy ýyllarynda gozgalaňlaryň sany has hem artýar. Diňe 1862-nji ýylda Koreýanyň dürli ýerlerinde müňlerçe adamlar gatnaşan uly gozgalaňlaryň 21 sanysy bolup geçýär. Gozgalaňlara dini sektalaryň agzalary hem işeňňir gatnaşýardylar. Çhwe Çže U tarapyndan 50-nji ýyllaryň ahyrynda döredilen «Tonhak» («Gündogar taglymaty») dini sektasy uly işleri alyp barypdyr. Bu sekta konfusiançylyk, buddaçylyk we daosçylyk ýaly dinleriň iň ynsanperwer ynançlaryny hem-de ýörelgelerini özünde jemläpdir. Emma 1863-nji ýylda Çhwe Çže U jezalandyrylyp öldürilenden soň sektanyň hereketi wagtlaýynça gowşaýar.

**Koreýa daşary ýurtlylaryň aralaşyp başlamagy we Tewongunyň hökümetiniň syýasaty.** XIX asyryň birinji

ýarymynda Koreýanyň kenarlarynda iňlis, fransuz, amerikan gämileri peýda bolup ugraýar. Daşary ýurtlylar Koreýada hristiançylygy hem ýaýradyp başlaýarlar. 1831-nji ýylda papa Grigoriý XVI koreýa ýepiskoplygyny açmak barada görkezme berýär. Hristiançylygy ýaýratmakda fransuz missionerleri aýratyn işjeňlik görkezýärdiler. 1837-nji ýylda ýerli ilatyň eýýäm 9 müňden gowragy hristiançylyga uýýardy. Emma koreý hökümeti ýerli hristianlara we missionerlere garşy ýowuz jeza çärelerini geçirýärdi. Hristianlaryň jezalandyrylmagy, fransuz missionerleriniň öldürilmegi 1846-njy we 1847-nji ýyllarda Koreýa fransuz flotunyň iberilmegine sebäp boldy. 1845-nji ýylda amerikan kongesi Ýaponiýa we Koreýa diplomatlary hem-de işewürleri ibermek hakynda karar kabul etdi. Munuň özi günbatar ýurtlarynyň Hytaýy we Ýaponiýany zor bilen «açmaklaryna», bu döwletleriň boýnuna adalatsyz şertnamalryň dakylmagyna getirdi.

Daşary ýurtlaryň zor salmalarynyň güýçlenýän döwründe Koreýada iş başyna *tewongunyň* (regent, atabeg) hökümeti geldi. 1863-nji ýylda patyşa Çholçžon (1849-1863) aradan çykdy. Merhum patyşanyň yzynda ogul zürýady galmandyr. Şonuň üçin hem patyşanyň dul galan aýalyna Li nesilşalygynyň gapdal şahasyndan bolan 12 ýaşly Li Je Hwan (tagt ady Koçžon – 1863-1907) ogullyk berlip, tagta çykarylýar. Emma hakykatda häkimiýet Li Je Hwanyň tewonguny edilip bellenilen kakasy Li Ha Ynyň eline geçýär.

Ýurduň syýasy we ykdysady durmuşynda ýüze çykan howply ýagdaýa göz ýetirip, tewongun aýgytly çäreleri durmuşa geçirip ugraýar. Tewongun gujurly hen-de başarjaň ýaşlary, olaryň jemgyýetiň haýsy gatlaklaryndan çykandyklaryna seretmän ýokary dowlet wezipelerine belleýär, andonly we phunýanly begzadalary bolsa dolandyryş ulgamyndan çetleşdirýär. Ol döwletiň maliýe

ulgamyny hem tertibe salýar, bu bolsa çökder salgytlary azaltmaga, halk köpçüliginiň ýagdaýyny ýeňilleşdirmäge we hazyna gelýän girdejileri artdyrmaga mümkinçilik berýär. Tewongun ýurduň kanunçylyk ulgamyny hem tertibe salýar.

Tewongunyň amala aşyrýan çäreleri hökümeti we halk köpçüligini Günbatar ýurtlarynyň zor salmalaryna garşy durmaga taýýarlaýardy. 1866-njy ýylda koreýaly katolikleriň bähbitlerini goramak bahanasy bilen fransuz goşunlary Seula barýan ýoluň ugrunda ýerleşýän Kanhwa adasynda düşürildi. Emma gowy ýaraglandyrylan koreý goşunlary fransuzlary bu ýerden kowup çykardy. 1871-nji ýylda bu ada amerikanlar hem gelýärler, ýöne agyr söweşlerden soň, amerikan goşunlary hem koreý topragyndan gitmäge mejbur edildi. Fransuz-amerikan çozuşlarynyň öňi alnandan soň Koreýanyň dolandyryjylary «ýapyk gapylar» syýasatyna geçýärler, hatda ýewropalylar bilen ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýan Ýaponiýa bilen hem gatnaşyklar kesilýär.

Tewongunyň we onuň egindeşleriniň daşary ýurtlylaryň zor salmalaryna garşy gönükdirilen syýasty halk içinde giň goldawa eýe bolupdyr. Emma ýurduň «ýapylmagy» Koreýany umumy dünýä ösüşinden çetleşdirýärdi we onuň mundan beýläkki ösüşini bökdeýärdi.

## § 13. Mongoliýa XVII - XIX asyrlarda.

**Mançžur basybalyşlarynyň öňisyrasynda Mongoliýanyň syýasy ýagdaýy.** Giçki orta asyrlarda bolşy ýaly Täze taryha geçilýän döwürde-de Mongoliýada ýurt dagynyklygy dowam edýärdi. Ýurt üç sany uly bölege - Günorta Mongoliýa (Içerki Mongoliýa), Halha (Daşarky Mongoliýa) we Günbatar Mongoliýa (Jungariýa ýa-da Oýrataýa) bölünipdi. Mongoliýanyň bu bölekleri hem öz gezeginde ownuk hanlyklara bölünip, olarda häkimiýet

nesilden-nesle geçýärdi. Mançžur basybalyşlarynyň öňüsyrasynda umumy mongol hanynyň derejesini Çingiz hanyň neslinden bolan Ligden han (1592-1634) göterýärdi. Onuň mirasdüşer mülkleri Hytaý bilen serhetleşýän Içerki Mongoliýada ýerleşýärdi. Ligden han mongol ýerlerini birleşdirmek, bitewi mongol döwletini döretmek ugrunda tagalla baryny etse-de, oňa bu işi amala aşyrmak başartmandyr. Çünki natural hojalyga daýanýan we ýönekeý alyş-çalyşa esaslanýan mongol ykdysadyýeti Mongoliýada umumy milli bazaryň kemala gelmegine düýpli päsgel berýärdi, mongol ýerlerini syýasy hem-de ykdysady taýtadan biri-birinden has-da üzňeleşdirýärdi. Bu ýagdaý ýurduň aýry-aýry ýerlerini öz içine alýan ownuk we iri hanlyklaryň döremegine-de getirdi.

Mongoliýanyň ýerinde ownuk hanlyklaryň ýüze çykmagy XVI asyrda başlapdy, emma XVII asyrda häkimiýeti nesilden-nesle geçýän has iri hanlyklar hem peýda boldy. Täze taryha geçilýän döwürde Halha Mongoliýanyň ýerinde şeýle hanlyklaryň üç sanysy bardy. Olar Tuşetu hanyň, Jasaktu hanyň we Seçen hanyň aýmaklarydy[1]. Şu hökümdarlaryň neslinden bolan hanlar 1921-nji ýylyň halk rewolýusiýasyna çenli Mongoliýanyň syýasy durmuşynda görnükli orna eýe boldylar.

Aýmaklardan başga-da, Mongoliýada ownuk mülkler bolan otaklar hem bardy we olaryň başynda-da mirasdüşer häkimiýeti bolan, ýöne özünden ýokarda durýan hökümdara tabynlyk bildirýän noýonlar durýardylar. Hanlaryň we noýonlaryň arasyndaky gatnaşyklar, köp babatda edil Orta asyrlarda ýewropada hokum süren süzeren-wassal gatnaşyklaryna çalymdaşdy. Emma Mongoliýanyň begadalarynyň öz içki aýratynlyklary bardy: Günorta

[1] Çingiz hanyň döwründe aýmak ol ýa-da beýleki taýpanyň göçüp-gonup ýören ýerlerini aňladan bolsa, indi ol belli bir ýerleri öz içine alýan syýasy birleşmäni – hanlygy aňladýardy.

Mongoliýanyň we Halhanyň hanlarynyň we noýanlarynyň ählisi göniden-göni Çingiz hanyň nesilleridi. Bu bolsa asyrlaryň dowamynda olaryň arasynda garyndaşlyk gatnaşyklarynyň saklanyp galmagyna getiripdir. Bu ýerlerde Çingiz hanyň dogan-garyndaşlarynyň nesillerinden örňän hanlar hem bolupdyr, ýöne olar hakyky han neslinden bir basgançak aşakda durýardylar. Şonuň üçin hem Mongoliýada yurt dagynyklygynyň dowam edýändigine garamazdan, halhaly hanlar umumy mongol hany babatyndaky borçlaryny ýerine ýetirmäge çalyşýardylar, sebäbi ol Çingiz hanyň nesliniň ýaşulysy hasaplanýardy.

Emma Halhanyň we Günorta Mongoliýanyň çäginden daşarda, ýagny oýrat (jungar) hanlarynyň hokum sürýän ýerlerinde başgarak ýagdaý hokum sürýärdi. Oýrat hanlary gelip çykyşy boýunça Çingiz han tarapyndan tabyn edilen tire-taýpalara degişlidiler, şonuň üçin hem olar onuň nesillerinden bolan hanlardan aşakda durýardylar. Wagtyň geçmegi bilen halhaly hanlar öz süňk hossarlary bolan günortaly hanlardan kem-kemden daşlaşyp ugraýarlar. 1640-njy ýyldan soň bolsa mançžurlaryň günortaly hanlaryň ýerlerini eýelemekleri bilen olaryň arasyndaky gatnaşyklar bütinleý diýen ýaly kesilýär. Munuň tersine, mongol ýerleriniň üstüne mançžur howpunyň artmagy netijesinde, halhaly hanlar oýrat hanlary bilen gatnaşyklary ýygjamlaşdyryp ugraýarlar we halhaly hem-de jungariýaly hanlaryň gatnaşmagynda bilelikdäki gurultaýlar geçirilip ugraýar.

Mongol jemgyýetiniň durmuş gurluşy barada aýdylanda, bu döwürde ilatyň esasy köpçüligini *aratlar* tutupdyrlar. XVII asyryň başlarynda aratlar begzadalaryň haýryna salgyt töleýän we borçlary ýerine ýetirýän tabyn ilata öwrüldiler. Eger-de, XV-XVI asyrlarda, aratlar köpçüligi taryhy çeşmelerde *ulsyn irgen* (döwlet adamlary) ýa-da *harýat irgen* (döwletiň raýatlary) diýlip atlandyrylan bolsalar, XVII

asyryň çeşmelerinde olar eýýäm *albat humuus* (borçly adamlar) diýlip görkezilipdir. Emma aratlar öz emläk ýagdaýlary boýunça birmeňzeş bolmandyrlar. Olary baý, orta we garyp aratlar diýip biri-birinden tapawutlandyrypdyrlar. Aratlardan bolan emeldarlar – *tuşimiller* we *tarhanlar* öz hukuk derejeleri boýunça aratlar köpçüliginden saýlanypdyrlar. Tuşimiller mongol hanlyklaryndaky döwlet edaralarynda mürzeleriň, iş dolandyryjylaryň, hasapçylaryň wezipelerini ýerine ýetirýärdiler, munuň üçin olara hak tölenipdir, käbir salgytlardan we borçlardan boşadylypdyr. Aratlaryň aýratyn hukukly bölegini tarhanlar (erkin) düzüpdirler. Bu at aýratyn hyzmatlary bitiren we edermenlik görkezen ýonekeý aratlardan bolan adamlara berilýän dereje bolupdyr. Tarhanlar erkin göçüp-gonupdyrlar, salgytlardan, borçlardan boşadylypdyrlar, hanyň huzuryna erkin baryp bilipdirler.

XVII asyryň birinji ýarymynda Mongoliýada din adamlarynyň – *lamalaryň* gatlagy hem gutarnykly kemala gelipdir. Mongoliýada ilkinji lamaçylyk ybadathanasy 1586-njy ýylda esaslandyrylýar. Tiz wagtdan ybadathanalar Mongoliýanyň ähli ýerlerinde peýda bolýar. Tuşetu hanyň ogly Jebzundamba-hutuhty I 1639-njy ýylda bogdo-gegen ady bilen Mongoliýanyň lamaçylyk buthanasynyň baştutany diýlip yglan edilýär. Halhaly hanlar oňa onlarça aratlary sowgat hökmünde berýärler. Aratlaryň şeýle topary soňra «*şabinarlar*» (şägirt) diýen ada eýe boldylar. Şeýdip Mongoliýada şabinarçylyk düzgüni, ýagny bogdo-gene degişli tabyn ilat, şeýle hem ybadathanalarda lamaçylyk din adamlarynyň dini derejeleri – *hutuhtylar* we *hubilganlar* ýüze çykdy.

XVI asyryň ahyrlarynda – XVII asyryň başlarynda Mongoliýada ykdysadyýetiň biraz janlanmagy bilen ilkinji söwda-senetçilik merkezleri bolan şäherler hem ýüze çykýar. Altyn han (1507-1582) tarapyndan esaslandyrylan

Huh-Hoto şäherinden başga-da, günbatar mongol hanlary Batyr Huntaýjy (1635-1654), Galdan Boşoktu han (1671-1697) söwda-senetçilik merkezleriniň düýbüni tutupdyrlar. 1685-nji ýylda Galdan Boşoktu han Kobdo şäherini esaslandyrýar. Emma Mongoliýada başlan bu özgerişler mançžurlaryň talaňçylykly ýörişleri zerarly yoga çykarylýar.

**Halhanyň mançžurlar tarapyndan basylyp alynmagy.** 1634-nji ýylda mançžur basybalyjylary umumy mongol hökümdary Ligden hanyň Günorta Mongoliýadaky hususy mülki bolan Çahar hanlygyny ýok edýärler. Mongoliýada ýokary han häkimiýetiniň nyşany bolan Çahar hanlygynyň basylyp alynmagy mançžurlara bütin Içerki Mongoliýada öz agalyklaryny girizmäge mümkinçilik berýär. Günorta Mongoliýanyň eýelenilmegi halhaly hökümdarlaryny uly howsala salýar. Olar mançžur hökümdary Abahaýyň huzuryna wekilleri we sowgatlary iberip, oňa dostlukly gatnaşyklary teklip edýärler. Olar şeýtmek bilen öz mülklerini mançžurlaryň çozuşlaryndan goramak isläpdirler.

1647-nji ýylda  Seçen han bilen Tuşetu han günorta mongol hanlarynyň biri Tengizi mançžurlara garşy uruşda goldaýarlar. Ýöne olar mançžurlardan ýeňilýärler. Mançžurlar ýeňlen hanlardan ogullaryny ýa-da inilerini girew hökmünde Pekinde ýaşamaga ibermekligi talap edýärler. Munuň özi Çingiz hanyň nesilleri bolan halhaly hanlar üçin baryp ýatan masgaraçylykdy, şol sebäpden hem olar talaby ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýarlar. Emma 1655-nji ýylda Halhanyň hanlary mançzurlara barybir boýun synýarlar we talap edilýän girewi Pekine ugradýarlar. Şeýdip olar mançžurlar döwletine garaşly bolup galýarlar.

Bu döwürde XVII asyryň 30-njy ýyllarynda Çoros nesli tarapyndan esaslandyrylan Günbatar Mongoliýadaky Jungar[1]

---

[1] Bu at Çingiz hanyň döwründäki «Dzungar» («Çep ganat») adyndan gelip çykypdyr. Bu söz rus dilinde ýoýlup Jungar adyna eýe bolýar.

hanlygy güýçlenýärdi. Bu hanlygyň ilatynyň esasy bölegini bolsa mongol halkynyň günbatar şahasyny emele getirýän oýrat taýpasy düzýärdi. XVII asyryň 60-njy ýyllarynda Jasaktu hanyň nesilleriniň arasynda mirasdarlyk ugrunda özara göreşler başlaýar. Bu göreşlere halhaly hanlar bilen bir hatarda jungar hökümdarlary hem goşulýarlar. Tuşetu hanyň nesli dalaşgärleriň birini goldan bolsa, jungarlar hem öz gezeginde onuň garşydaşyna ýardam edipdirler. Munuň özi XVII asyryň 80-90-njy ýyllarynda halhalylaryň we jungariýalylaryň arasynda gandöküşikli uruşlaryň alnyp barylmagyna sebäp bolýar.

Mongoliýada emele gelen ýagdaýy sin häkimýetleri öz bähbitleri üçin peýdalanmaga çalyşýarlar. 1664-nji ýylda sinler Gobi çölüni Halha bilen Içerki Mongoliýanyň arasyndaky serhet diýip yglan edýärler we araçäkden özbaşdak geçmekligi gadagan edýärler. Bu ýerde mançžur goşunlary hem ýerleşdirilýär. Netijede mongollaryň demirgazykdaky we günortadaky ýerleriniň arasy bölünýär. Mançžurlar Jasaktu hanyň nesilleriniň arasyndaky göreşlere hem goşulýardylar.

1686-njy ýylyň güýzünde Halhada Tuşetu hany Jasaktu hanyň nesilleri bilen ýaraşdyrmak üçin hanlaryň uly gurlutaýy bolýar. Gurlutaýa Jungariýanyň hany Galdan hanyň wekilleri hem gatnaşýarlar. Emma hanlara ýaraşyk baglaşmak başartmaýar. Netijede 1687-nji ýylyň başlarynda Tuşetu han Jasaktu hanyň mirasdary Şaranyň mülklerine çozuş edýar, şonda Şara han öldürilýär. Muňa jogap edip Galdan han hem şol ýylyň güýzünde Tuşetu hanyň garşysyna öz goşunlaryny ugradýar. Onuň goşunlary Tuşetu han tarapyndan derbi-dagyn edilýär. 1688-nji ýylyň ýazynda Galdan han Halha ýene-de 30 müňlik goşun iberip, halhaly hanlaryň goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar edýär. 1688-nji

---

Jungariýanyň ilatynyň esasan oýratlardan durýandygy üçin taryhy edebiýatda ol kähalatlarda Oýratiýa diýlip hem atlandyrylýar.

ýylyň güýzünde halhaly han-begler günorta gaçýarlar we sin häkimiýetlerinden kömek soraýarlar. 1691-nji ýylda Dolonoryň töwereklerinde Halha dabaraly ýagdaýda mançžurlaryň Sin imperiýasyna kabul edilýär. Şunuň bilen bir wagtda Galdan hanyň garşysyna taýýarlyk işleri geçirilip ugraýar. 1696-njy ýylyň tomsunda Urganyň (häzirki Ulan-Bator) töwreklerinde Galdanyň goşunlaryna sinler tarapyndan agyr zarba urulýar. 1697-nji ýylda ýenlenine namys edip, Galdan han awy içip ölýär. Söweş hereketleri wagtlaýynça togtaýar.

Galdan hanyň mançžurlardan ýeňilmegi Halhanyň resmi suratda Sin imperiýasynyň düzümine goşulmagyna getirýär. Mançžur bogdyhany Halhanyň hökümdary diýlip yglan edilýär. Halhada sin döwletiniň kanunlary girizilýär. Bu ýerdäki dolandyryş işleri sin hökümetiniň daşary gatnaşyklar edarasy tarapyndan amala aşyrylypdyr. Şu edara Halhanyň dikmesini imperatoryň tassyklamagyna hödürläpdir. Dikme Halhanyň harby, syýasy we dolandyryş häkimiýetlerini öz elinde jemläpdir.

Mongol hanlary bogdyhanyň (imperator) ýapjalary bolup galypdyrlar. Mongoliýada öňki dolandyryş ulgamy ýatyrylypdyr. Mirasdüşer mülkler bolan otoklaryň ornuna indi Çingiz hanyň döwründäki *hoşun* (goşun) girizilýär. Hoşun hem öz gezeginde birnäçe böleklere – *somonlara* bölünip, olaryň her biri mançžur hökümdary üçin 150 esgeri ýaraglandyrmaly bolupdyr. Her bir hoşunyň başynda mançžur imperatory tarapyndan bellenilýän *dzasak* (jasak, ýasak) durupdyr. Birnäçe hoşun birleşip aýmagy emele getiripdir. Ýöne aýmagyň häkiminiň ähmiýeti hoşunyňkydan känbir ýokary derejede bolmandyr. Pekinde ýerleşýän sin häkimiýetleri Halha salgyt salmandyrlar. Salgydyň ýerine halhalylar öz hasaplaryna Russiýa bilen araçägi goramaga, mançžur goşunynda gulluk etmäge, Mongoliýa gelýän

mançžur goşunlaryny azyk önümleri bilen üjün etmäge we ş.m. boçlanypdyrlar.

Daşarky Mongoliýa mançurlar tarapyndan basylyp alnandan soň aratlaryň ýagdaýy hem düýpli üýtgeýär. Aratlary indi üç topara böldiler: *somon aratlary* (olar hoşunyň çägindäki somon hanlaryna we mirasdüşer ownuk mülkdarlara salgyt töläpdirler), *hamjylga* (olar aýry-aýry begzadalaryň tabynlygynda bolup, şolara-da salgyt töleýärdiler) we *şabinarlar* (lamaçylyk ybadathanalaryna berkidilen hukuksyz aratlar). Sinleriň döwründe tarhanlaryň gatlagy saklanyp galypdyr. Mongol gullukçylarynyň sany artypdyr. 1719-njy ýylyň permany bilen Mongoliýada iş dolandyrylyşy mançžur diline geçirilýär.

**Jungariýada 1755-1758-nji ýyllaryň mançžurlara garşy azat edijilik urşy.** Galdan han ölenden soň jungar tagtyna onuň agasynyň ogly Sewan Rabdan eýe bolýar. Ol mançžurlara Galdan hanyň halhaly hanlara beren Altaý daglaryndan gündogarda we demirgazykda ýerleşen jungar ýerleriniň yzyna gaýtarylyp berilmegini talap edýär. Mançžurlar hem öz gezeninde oýrat hanlarynyň özbaşdaklygynyň dikeldilmegini talap edýärler. Mançžurlar şeýtmek bilen Jungariýany içinden dargatmak isleýärdiler.

1715-nji ýylda mançžurlar bilen Jungariýalaryň arasynda söweş hereketleri ýaýbaňlanýar. Bu uruşlar birnäçe ýyllap dowam edip, uruşda hiç bir tarap aýygytly ýeňiş gazanyp bilmändir.

1731-nji ýylda jungar goşunlary Halha çozup, mançžurlary we olary goldaýan halhaly hanlary ýeňlişe sezewar edýärler. Emma 1732-nji ýylda alnyp barlan uruşlar jungarlaryň ýeňilmegi bilen tamamlanýar. 1739-njy ýylda mançžurlar bilen jungarlaryň arasynda parahatçylykly şertnama gol çekilip, Altaý dag gerişleri Jungariýa bilen Hytaýyň arasyndaky serhet diýlip yglan edilýär. Şeýlelikde, Jungariýa Halhada özüne garaşly demirgazyk mongol

döwletini döretmek, sinlere bolsa Jungariýany basyp almak başartmaýar.

Sewan Radbanyň ogly Galdan Sereniň höküm süren ýyllarynda Jungar hanlygy kuwwatly döwlete öwrilýär. Bu hanlygyň düzümine dürli ýyllarda Gündogar Türküstanyň (Kaşgar) bir bölegi we Týanşandaky gyrgyz ýerleri hem girizilipdir.

1745-nji ýylda Galdan Seren ölenden soň hanlykda häkimiýet ugrunda göreşler başlaýar. Bu uruşlaryň tutaşmagynda sin diplomatlary hem «hyzmat» baryny görkezipdirler. Galdan Sereniň agasynyň ogly Dawasa jungar hanlary bilen ylalaşmak we ýurtda asudalygy ýola goýmak başardypdyr. Şol döwürde täsirli jungar hanlarynyň biri-de Amursanady. Emma Dawasy jungar tagtyny eýeländen soň Amursana onuň esasy garşydaşyna öwrülýär. Dawasy bilen Amursananyň arasynda uruşlar başlaýar. 1754-nji ýylda Amursana garşydaşyndan ýeňilýär we Hytaýa gaçyp gidýär. Mançžur imperatory Sýanlun Dawasa garşy göreşmek üçin Amursana kömek wada edýär. Şeýtmek bilen Sýanlun Jungariýany sin imperiýasynyň düzümine goşmagy we mançžurlaryň ýapjalary bolan halhaly hanlary gižželeýän bu özbaşdak mongol hanlygyny ýok etmegi maksat edinýärdi.

1755-nji ýylda mançžur goşunlary iki sap bolup Jungariýa çozup girýärler. Şol saplaryň birine-de Amursana serkerdelik edýärdi. Mançžur goşunlarynyň okgunly hereketleriniň netijesinde birnäçe aýyň dowamynda Jungariýa basylyp alynýar. Dawasy günbatara, Kaşgara tarap gaçyp gidýär, ýöne tutulyp mançžurlaryň eline berilýär.

Jungariýany eýeläp mançžurlar bu ýerde öz häkimiýetleri girizýärler. Jungariýada merkezi han häkimiýeti ýatyryrylyp, onuň ýerinde sinleriň göniden-göni tabynlygynda galýan we biri-biri bilen özara baglanyşygy bolmadyk dört sany ýerli

hanlyklar döredilýär. Netijede uzaga çeken mançžur-oýrat uruşlary sinleriň ýeňşi bilen tamamlanýar.

Sinleriň kömegi bilen Jungariýanyň hany bolmagy arzuw eden Amursana 1755-nji ýylyň sentýabrynda käbir oýrat we halhaly serkerdeler bilen dilleşip sinlere garşy gozgalaň turuzýarlar. Bu gozgalaň sinleri uly howsala salýar. Sebäbi diňe bir Jungariýanyň däl, eýsem Halhanyň hem Sin imperiýasyndan bölünip aýrylmagy mümkindi. Üstesine-de, halhaly mongol han-begleri, lamaçylyk buthanasynyň baştutany bogdo-gegen hem mançžurlardan närazydylar. Ýagdaý şeýle bolansoň sinler gozgalaň entek Mongoliýa ýaýrap ýetişmänkä ony basyp ýatyrmaga howlugypdyrlar.

1756-njy ýylyň ýazynda Jungariýa gowy ýaraglandyrylan sin goşunlary girizilýär. Gazaply söweşlerden soň gozgalaňçylar ýeňilýärler. Amursana gazak sähralaryna gaçyp gidýär. Täze güýçleri ýygnap, Amursana tomsuň ahyrlarynda ýene-de Jungariýa dolanyp gelýär. Ol 1756-njy ýylyň tomsunda Halhada Sengunçžabanyň baştutanlygynda mançžur agalygyna garşy turan halk gozgalaňyna goşulmak isleýär. Emma Amursana halhaly gozgalaňçylar bilen birleşmek başartmaýar. 1757-nji ýylyň başlarynda gozgalaňçylaryň baştutany Sengunçžaba mançžurlar tarapyndan ýesir alynýar we gozgalaň rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylýar.

1757-nji ýylda sinler Jungariýa jeza beriji goşunlary iberýärler. Gozgalaňçylar berk garşylyk görkezipdirler. Emma Amursana olardan ýeňilýär we ýene-de gazak sähralaryna tarap gaçyp gidýär we şol ýerde-de aradan çykýar. Jungariýaly gozgalaňçylaryň aýry-aýry toparlary söweşleri dowam etdiripdirler. Emma sin goşunlary olary ýeke-ýekeden ýok edýär. 1757-nji ýylyň ahyrlarynda - 1758-nji başlarynda Jungariýanyň ilatynyň esasy bölegi mançžurlar tarapyndan gyrylýar.

**Mongoliýa ýewropalylaryň Hytaýa aralaşýan döwründe.** XVIII asyryň ahyrlarynda Mongoliýada sin häkimiýeti belli-külli berkidilip, mongollar babatynda berk düzgünler ýola goýlup başlaýar. 1789-njy ýylda Mongoliýa üçin ýörite «Kanunlar ýygyndysy» kabul edilýär. Bu ýygyndynyň üstünde ýeterlik derejede işlenilenden soň 1818-nji ýylda ol güýje girýär. Bu döwre çenli manҫžurlaryň özleri hem döwleti dolandyrmagyň hytaý ulgamyny doly özleşdirýärler. Emma Mongoliýa babatynda döwleti dolandyrmagyň ýerli tejribesi peýdalanypdyr. Eger-de, Hytaýyň dolandyryş ulgamynda «hökümdar - emeldar» ýörelgesi ulanylan bolsa, Mongoliýada sinler bu ýeriň adaty dolandyryş ulgamynyň «beýik han – ýapja hanlar» ýörelgesini ulanypdyrlar. Şu düzgün boýunça «beýik hanyň» wezipesini manҫžur hökümdary, «ýapja hanlaryň» wezipesini bolsa sinleriň tabynlygyndaky mongol hanlary ýerine ýetiripdirler. Eger-de, manҫžurlara sadyklyk bilen gulluk edilen ýagdaýynda, Mongoliýanyň hoşun we somon hanlarynyň häkimiýeti mirasdüşer diýlip yglan edilipdir we häkimiýete gelýän her bir mirasdüşeriň häkimiýeti bogdyhanlar tarapyndan tassyk edilip durlupdyr.

XIX asyryň ortalarynda Hytaýyň ýewropalylar tarapyndan özleşdirilip başlanmagy bilen, imperiýanyň gyrak-çetleriniň biri bolan Mongoliýa hem dünýä hojalyk gatnaşyklaryna goşulyp ugraýar. Mallaryň we çig mallaryň Ýewropa we Amerika ýurtlaryna eksport edilip başlamaga bilen Mongoliýa senegat harytlary hem köpçülikleýin getirilip başlaýar. Ýewropa firmalary bilen mongollaryň arasyndaky aralykçylaryň wezipesini hytaýly söwdagärleri we süýthorlary ýerine ýetirýärdiler. Asyryň 60-njy ýyllarynda Mongoliýa rus täjirleri üçin hem açylýar. 1861-nji ýylda Mongoliýanyň paýtagty Urgada ilkinji rus konsullygy açylýar, 1881-nji ýylda bolsa Russiýa sin häkimiýetlerinden Mongoliýanyň bütin çäginde gümrüksiz

söwda etmäge ygtyýar alýar. Mongoliýanyň dünýä hojalyk gatnaşyklaryna girişmegi yurtda haryt-pul gatnaşyklarynyň kemala gelmegine we giňemegine uly itergi berýär. Haryt-pul gatnaşyklarynyň giňemegi netijesinde mongol begzadalary natural salgytlary, pul salgydy bilen çalyşýarlar.

Mongoliýada mançžur agalygynyň berkarar edilmegi, Hytaýa daşary ýurtlylaryň aralaşmagy, mongol topragynyň dünýä hojalyk gatnaşyklaryna girmegi ýaly hadysalar mongollaryň milli aň-düşünjeleriniň artmagyna, olarda milliligiň oýanmagyna getirýär. Bu döwürde Mongoliýada **e**debiýat, filosofiýa, taryh we geografiýa ylymlary janlanýar. XVII asyryň ikinji ýarymynda – XIX asyrda sumba-hamba Işbalžiriň (1704-1788), şeýle hem mindol-nomun han Jambalçoýžindanzanprenleýiň (1789-1838) geografiýa ylmyna degişli işleriniň neşir edilmeginiň uly ähmiýeti bolupdyr. Bu awtorlaryň işlerinde Russiýa, Ýakyn Gündogar we Ýewropa ýurtlary barada gymmatly maglumatlar berlipdir.

Mongol edebiýatynda dünýewi häsiýetdäki şygryýetiň we kyssanyň döremegi XIX asyr mongol jemgyýetiniň medeni durmuşynda uly waka boldy. Bu döwürde Rawža (1803-1856) we Inžinaş (1837-1892) ýaly ýazyjy-şahyrlar adaty durmuş meselelerini gozgaýan ajaýyp eserleri döredýärler.

## § 14. Wýetnam XVII-XIX asyrlaryň ortalaryna çenli döwürde

**Wýetnam Täze taryha geçilýän döwürde.** XVII asyryň ahyrlarynda Daýwýet[1] döwleti häzirki Wiýetnamyň çägine deňeçerräk ýerleri tutýardy. Täze taryha geçilýän döwürde Daýwýet Günorta-Gündogar Aziýada iň bir ösýän, şonuň

[1] Beýik Wýet.

bilen bir wagtda çylşyrymly durmuş gurluşly döwlet bolup galýardy. Wýetnamyň taryhy merkezi bolan Gyzyl derýasynyň boýlarynda ilatyň juda gür ýerleşmegi onuň ösüş şertleriniň we mümkinçilikleriniň Ýawa bilen Hytaýyňka meňzeşdigine güwä geçýärdi. XVIII asyryň ahyrlary Wiýetnamda orta asyr gatnaşyklarynyň dargaýan döwrüdi. Ekerançylyk ýerlerine jemagat eýeçiligi çalt dargaýardy. Bu bolsa obada mirasdüşer mülkleriň we hususy ýerleriň ýüze çykmagyny tizleşdiripdir.

XVII-XVIII asyrlarda iri ýer eýeleriniň jemgyýetdäki ähmiýetiniň ýokarlanmagy öňi bilen harby gullugyň we aşaky basganççaklardaky döwlet wezipelerini ýerine ýetirmekligiň ähmiýetiniň artmagy bilen bagly boldy. Şunuň bilen bir wagtda, daýhan hojalyklarynyň köp böleginiň eýeçilik edýän ýerleriniň mukdary ep-esli kemelipdir we olaryň iri ýer eýelerine (harbylar we emeldarlar) tabynlygyny güýçlendiripdir.

Ýokary gatlaklaryň arasynda bolup geçen bu hadysalar döwlet emeldarlarynyň ýokary we orta gatlaklarynyň ähmiýetiniň peselmegine getirýär. Irki döwürlerde bu emeldarlary synag tabşyrmak arkaly *wua* (imperator) häkimiýeti tarapyndan döwlet wezipelerine belleýärdiler. Emma Daýwýetde merkezi häkimiýetiň (imperatoryň) gowşamagy bilen emeldarlar ýerlerdäki mirasdüşer häkimler (*týua*) tarapyndan bellenilipdir. Bu döwürde ýurtdaky syýasy häkimiýet aýry-aýry welaýatlaryň mirasdüşer dolandyryjylary bolan týualaryň elinde lemlenipdi, etraplary bolsa týua tarapyndan bellenilýän tanymal harby-ekerançy neberelerden bolan dikmeler dolandyrýardylar. Şäherleriň, şenetçiigiň we söwdanyň ösmegi ýurdy ähli zatlar bilen bolelin üpjün etmäge doly mümkinçilik berýärdi.

Daýwieýtiň esasy ik bölegi bolan Demirgazygyň (*Daňňoaý*) hem-de Günortanyň (*Daňçauň*) ösüş derejeleri we şertleri birmeňzeş däldi. Demirgazykda ilat örän gür

ýerleşipdir. Bu bolsa bir tarapdan daýhan hojalyklarynyň ygtyýýaryndaky ýerleriň möçberiniň kemelmegine, iri ýer eýeleriniň täsiruiniň artmagyna, beýleki bir tarapdan bolsa iri mülkleriň kemala gelmegine päsgel beripdir, sebäbi ilatyň gür ýerleşýändigi zerarly ýerler düýbinden ýetmeýärdi. Daňňoaýda Çin kowmundan bolan týular hökümdarlyk edýärdiler. Häkimiýetini týualara aldyran Giçki Le neslinden[1] bolan erksiz imperatorlar hem olaryň hökümdarlyk edýän ýerlerinde ýaşaýardylar. Umuman alnanda XVII asyr Daňňoaýda durmuş sazlaşygynyň bozulýan, şol bir wagtyň özünde bolsa, şäherleriň, söwdanyň we gazylyp alynýan senagatyň belli bir derejede ösýän döwri boldy.

Daňňoaýda emele gelen çylşyrymly durmuş-ykdysady ýagdaýy kadalaşdyrmak üçin gür ilatly Daňňoaýdan daýhanlary has günorta (Daňçauň) etraplara göçürýärdiler. Emma Ňuenler neberesinden bolan týularyň özbaşdak döwletiniň kemala gelmegi bilen demirgazyklylaryň günorta göçürilmeginiň öňi alyndy. Daňňoaýly týualaryň 1625-1672-nji ýyllarda Daňçauňdaky az ilatlaşan ýerleri eýelemek bilen baglanyşykly tagallalary puja çykaryldy.

**Daňňoaý XVII-XVIII asyrlaryň ahyrlarynda.** Ňuenlerden ýer alyp bilmänlerinden soň Daňňoaýyň hökümdarlary Gyzyl derýanyň boýlaryndaky obalara berilýän ünsi güýçlendirýärler. Çin neberesinden bolan týualaryň has uzakdan görüjileri durmuş syýasatynda Gyzyl derýanyň çäginden daşarda ýaşaýan, esasan hem Daňçauňa golaý ýerleşýän Thanhoa welaýatynyň ilatyna bil baglapdyrlar. Sebäbi çinleriň goşunlary esasan thanhoalylardan düzülýärdi. Ýagdaý şeýle bolansoň, thanhoalay esgerlere hem Gyzyl derýanyň boýlaryndan gulluk ýerlerini bermeli bolýardy. Indi çinler harby işjeňligi

[1] Bu nesilşalyk «Aşaky Giçki Le» (1428-1527) we «Ýokarky Giçki Le» nesilşalyklaryna (1533-1788) bölünýär.

peseltmek bilen deryanyň boýlaryndaky ýerleri şol ýerleriň ilatynyň elinde galdyryp bilýärdiler. Týualar demirgazykdaky iri ýer eýeleriniň sanyny hem-de olaryň ygtyýaryndaky ýerleriň möçberini kemeldipdirler, döwletiň maliýe ulgamyny, döwlet edarasynyň işini tertibe salypdyrlar.

Başarjaň hem-de tygşytly týua Çin Kyoňyň (1707-1729) döwründe ykdysady çäreleriň giň tapgyry durmuşa ornaşdyrylypdyr. Ol Gyzyl derýanyň boýlarynda ýaşaýan daýhanlara salynýan salgytlary ýeňilleşdirýär, iri ýer eýeleriniň ýerleriniň mukdary azaldylýar, söwda we senetçilik işleri bilen meşgullanmaklyk höweslendirilýär (sebäbi adamlaryň hemmesini ekerançylyk ýerleri bilen üpjün edip bolanok). 1723-nji ýylda döwlet gullugy bilen abgly bolmadyk iri ýer eýeçiligi ykrar edilýär.

Çin Kyoňyň amala aşyran bu çäreleri sebitiň ykdysady ýagdaýyny ep-esli ýeňilleşdirýär, ýöne olar ilatyň agdaklyk etmek meselesini çözmekden ejiz gelýärdiler. XVIII asyrda Daňňoaýyň içeri syýasy durmuşynyň esasy wakasy, sebitiň sosial we döwlet gurluşynda dolandyryşyň täze usulynyň, ýagny týuanyň häkimiýetiniň berkemegi boldy. Ýurduň imperatorynyň elinden ýokary häkimiýeti almak bilen Çin urgundan bolan týualar XVIII asyrda ýerlerdäki harby uruglaryň goldawyna daýanýan täze syýasy gurluşy döretmegi başardylar. Dolandyryşyň şu usuly XVIII asyrda özüniň ýaşaýşy ukyplydygyny subut etdi. Daňňoaýly hökümdarlaryň syýasaty aňyrdan gelýän köne gatnaşyklara däl-de, döwrüň ýüze çykaran täze talaplaryna esaslandy, olaryň häkimiýeti has tertipli hem-de merkezleşdirilen häsiýete eýe bolýardy.

Umuman alnanda, Daňňoaýyň týualary ykdysady we syýasy ösüşde ýüze çykyp biläýjek meseleleri çözmäge hemişe taýyar bolup durupdyrlar. Emma Çin Kyoň ölenden soň häkimiýete nalajedeýin hem-de zalym Çin Ziýaňyň

gelmegi bilen XVIII asyryň 30-njy ýyllarynda köp zatlar bulaşdyryldy. Daýhan hojalyklaryna salynýan salgytlar ýokarlandy, dürli maksatlar üçin sarp edilýän çykdajylaryň mukdary artdy, bu bolsa Daňňoaýda daýhanlaryň gozgalaň turuzmaklaryna getirdi. 1743-nji ýylda turan daýhanlar gozgalaňyna Ňuen Hyu Kau ýolbaşçylyk etdi. Ol berk tertip-düzgünli goşun döredip, çin goşunlaryny birnäçe gezek agyr ýeňlişe sezewar edýär. Gozgalaňyň ýokary galan döwründe gozgalaňçylar paýtagt şäher Thaňlauňa (häzirki Hanoý) golaý gelmegi başardylar. Ňuen Hyu Kau tarapyndan baştutanlyk edilýän gozgalaň 8 ýyllap dowam edýär. Ahyrynda 1751-nji ýylda Daňňoaýyň Ňean welaýatynda gozgalaňçylar derbi-dagyn edilýär.

Ňuen Hyu Kau tarapyndan ýolbaşçylyk edilen gozgalaň bilen bir wagtda 1740-1751-nji ýyllarda paýtagtdan demirgazykdaky dag etek welaýatlarynda hem daýhanlaryň gozgalaňlary bolup geçdi. Daňňoaýda uzak ýyllaryň dowamynda şazada Le Zýuý Matyň baştutanlygynda Le nesilşalygynyň tarapdarlarynyň çykyşlary hem boldy. Bu çykyşlary daňňoaýly týualar öz söweşjeň goşunlarynyň kömegi bilen basyp ýatyryp bildiler.

**Daňçauň XVII-XVIII asyrlaryň ahyrlarynda.** Daňňoaý bilen deňeşdirilende Daňçauňda ýagdaý başgaçarak bolupdyr. XVIII asyrda Ňuen neberesinden bolan týualar özleriniň az ilatlaşan ýerleriniň çägini Mekong derýasynyň deňze guýýan ýerleriniň (Mekongyň deltasy) hasabyna giňeltdiler. Daňçauňda ýurduň edara edilişi hem düýpli tapawut edýärdi. Daňňoaýdan tapawutlylykda, bu ýerde döwlet häkimiýetinde emeldarlaryň täsiri gowşak bolup, tersine harbylar uly ähmiýete eýediler. Kenarýaka şäheriň ilaty ösen senetçilik, daşary we kabotaž (kenarýaka deňiz) söwda bilen ýakyndan iş salyşypdyrlar. Daňçauňyň günorta welaýaty bolan Zýadinde iri ýer eýeçiligi giň ýaýrap, daşary bazara bu ýerden ummasyz köp mukdarda

tüwi çykarypdyr. Bu ýerde jemagatçyk gurluşy hem gowşak bolup, sebitde bazar gatnaşyklary çalt depginler bilen ösüpdir.

Daňçauňyň ýene-de bir aýratynlygy, onuň serhetýaka welaýatlarynda hususy ýerleri bolan daýhan hojalyklary agdyklyk edýärdi. Özbaşdak daýhan hojalyklary salgydy az töläpdirler, sebäbi olar serhedi goraýardylar. Daňçauňly daýhanlary iki topara bölýärdiler, olaryň birinji toparyny Merkezi Wýetnamyň jemagatçy (Daňňoaýyň jemagatçy daýhanlary bilen deňeşdirilende bu ýerde-de jemagatçylyk gatnaşyklary gowşak ösüpdir), ikinjisini bolsa Günorta Wýetnamyň hususyýetçi daýhan hojalyklary düzýärdi.

XVII asyryň ikinji ýarymyndan XVIII asyryň 70-nji ýyllaryna çenli Daňçauňda asuda durmuş hokum süripdir. Şol bir wagtyň özünde bolsa Ňuenler günortada ýerleri eýelemekligi dowam etdiripdirler. Týampalaryň Pandurang begligi tabyn edilýär, Mokongyň boýlaryndaky ýerler eýelenilýär. Ňuenler Daýwýetdäki Giçki Le nesilşalygynyň häkimiýetini ykrar etseler-de, Hytaýdaky Sin imperiýasy bilen hem diplomatik gatnaşyklary ýola goýmaga çalşypdyrlar. Giçki Le patyşalarynyň Çinleriň elinde bolandygy uçin Ňuenler patyşalardan gelip gowuşýan ýüzlenmeleri kabul etmändirler.

XVIII asyryň asyryň başlary Günorta babatynda hem, Demirgazyk üçin hem, durmuş gapma-garşylyklarynyň çylşyrymlaşmagy häsiýetlidi. Emma XVIII asyrda Daňçauňda durmuş gapma-garşylyklary demirgazykdakydan has gowşak bolup galýardy. Daňçauňda şeýle ýagdaýyň hokum sürýändigi üçin týua Ňuen Fuk Khoat işjeň daşary syýasat ýöretmäge, Giçki Le nesilşalygyna bolan resmi baglylygyny has gowşatmaga, öz häkimiýetini imperatoryň ygtyýarlyklary bilen deňleşdirmäge çalşypdyr. Onuň Daňçauňy ýokary götermäge we imperatorlyk derejesine eýe bolmaga gönükdirilen syýasaty, týua köşgüniň

çykdajylarynyň artmagy köp serişdeleri talap edýärdi, üstesine-de, Kampuçiýa bilen alnyp barylýan uruşlaryň käbirleriniň şowsuz tamamlanmagy ykdysady kynçylyklary döredýärdi. Týualaryň harby işjeňliginiň artmagy netijesinde salgyt ýeňilliklerinden peýdalanýan günortaly daýhanlara doly möçberde salgyt salnyp başlanýar. Şu ýagdaý zerarly dörän nägilelikler Daňçauňda teýşonlaryň gozgalaňynyň turmagyna getirdi.

Gozgalaňyň turmagyna Kampuçiýa bilen alnyp barylýan uruşlar, dolandyryjylaryň arasyndaky özara oňşuksyzlyklar hem belli bir derejede täsir edipdir. Özara göreşleriň döwründe häkimiýet atabegiň (regent) eline geçýär, şol sebäpden hem şazadalaryň beýleki biriniň tarapdarlary atabegiň häkimiýetne garşy baş göterýärler. Şeýle şertlerde ýutda gozgalaňyň başlandygy hem duýulmandyr, haçan-da, dolandyryjylar howsala düşüp ugranlarynda, gozgalaň eýýäm giň gerime eýe bolupdy.

**Teýşonlaryň gozgalaňy.** 1771-nji ýylda Mekongyň deltasyndaky Kýunýon welaýatyndaky Günbatar daglarynda[1] gozgalaň başlaýar. Gozgalaňçylar Ňuenleriň emeldarlaryny kowupdyrlar, gullukçy begzdalaryň we iri ýer eýeleriniň bir böleginiň emläklerini ellerinden alyp daýhanlara paýlap beripdirler. Gozgalaňçy serdarlaryň arasynda daýhanlardan başga-da, ownuk döwlet gullukçylary, sowdägärler, senetçiler hem bolupdyr. Gozgalaňa üç dogan: Ňuen Wan Nýak -emeldar, Ňuen Wan Hýue - söwdagär we Ňuen Wan Li - budda monahy baştutanlyk edipdirler.

Salgytlaryň azaldylmagy, emlākleriň gaýtadan paýlanylmagy, obalarda hokum sürýän eden-etdilikleriň öňüni almak ozgalaňçylaryň esasy talaplarydy. Gozgalaňçylar XVI asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyrlarynda

[1] Teý şon – günbatar dagy, şu sözden hem gozgalaňyň ady gelip çykýar.

häkimiýetini elden aldyran Giçki Le nesilşalygynyň dikeldilmegini we Ňuenleriň dolandyryş edarasynyň gozgalaňçylaryň adamlary bilen çalşyrmagyny talap edipdirler. Birbada Ňuenlere gozgalaňy basyp ýatyrmak başartmaýar. Gozgalaň giň gerime eýe bolup ugransoň, olaryň garşysyna hökümet goşunlaryny sürüpdirler. Teýşonlaryň gozgalaňyndan Çinler peýdalanýarlar we Merkezi Wýetnamdaky käbir ýerleri eýeleýärler. Ňuenleriň garşysyna üstünlikli çykyş etmek maksady bilen Teýşonlar Giçki Le nesilşalygyna ygrarlylyk bildiripdirler we Çinlerden derejeleri alýarlar. Ňuenlere garşy alnyp barlan uruşlaryň netijesinde Teýşonlar Daňçauňda köp ýerleri özlerine tabyn edýärler. 1778-nji ýylda Ňuen Wan Nýak özuňi imperator diýip yglan edýär we Teýşonlaryň döwleti döreýär.

Daňçauňda häkimiýet Teýşonlaryň eline geçenden soň Ňuen Wan Nýak obalarda jemagatçylyga esaslanýan köne dolandyryş ulgamyny girizmäge girişýär. Emma Teýşonlar tarapyndan amala aşyrylýan işler Günorta Wýetnamyň obalarynyň ösüş meýillerine laýyk gelmändir. Üstesine-de, wagt geçdigiçe Teýşonlaryň arasynda hem baýlaşmak hadysasy güýçlenýärdi. Şeýle şertlerde goşuny, köşgi saklamak üçin çykdajylar artypdyr, Teýşonlaryň dolandyryş edarasy ulalypdyr. Döwlet edarasyna öňki nesilşalyga gulluk eden köp sanly emeldarlar hem çekilipdir. Netijede XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda Teýşonlaryň döwletiniň syýasy gurluşy üýtgäp, ol adaty orta asyr döwletine öwrülýär. Ýöne bu döwletde asly Kýunýon welaýatyndan bolan daýhanlar uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Emma Kýunýonly daýhanlaryň ýagdaýy daňňoaýly daýhanlaryňkydan has gowy bolan-da bolsa, Zýadinli daýhanlaryňkydan has pes bolupdyr. Zýadin welaýatynda iri ýer eýeçiligi giň ýaýrapdy, şonuň üçin hem olar bu ýerleri birnäçe gezek eýelän

teýşonlary däl-de, doly derbi-dagyn edilip ýetişilmedik Ňuenleri goldapdyrlar.

1786-njy ýylda Teýşonlaryň goşuny Ňuen Wan Hýueniň baştutanlygynda Demirgazyga, Çinleriň mülkune çozup, olary derbi-dagyn edýärler. Thaňlauňdaky häkimiýet kagyz ýüzünde Giçki Le nesilşalygyna berilýär, ýöne, hakykat ýüzünde, hökümdar bolup Ňuen Wan Hýue galypdyr. Bu ýerde Teýşonlar tarapyndan döredilen döwlet edarasyna Giçki Le nesilşalygynyň, şeýle hem Çinleriň köp emeldarlary girizilipdir. Şeýle bolansoň emeldarlaryň Teýşonlara bolan duşmançylygy, olaryň guran döwletiniň çalt begzadalaşmagy netijesinde peselipdir. Şeýlelikde, dagynyk ýurt Teýşonlar tarapyndan birikdirilipdir; diňe günortada Ňuenleriň tabynlygynda uly bolmadyk ýerler galypdyr.

Tiz wagtdan Teýşonlaryň arasynda agzalalyk başlaýar we yurt ikä bölünýär. Başarjaň serkerde hökmünde özüni tanadan Ňuen Wan Hýue 1789-nji ýylda Giçki Le nesilşalygyny dikeltmek bahanasy bilen Daňňoaýa çozup giren Sin imperiýasynyň goşunlaryndan üstün çykyp, Demirgazygyň hökümdary bolýar, Merkezi Wýetnamda bolsa Ňuen Wan Nyýak hökümdarlyk edýärdi. Demirgazykda sinler, günortada bolsa Ňuenler bilen alnyp barlan uruşlar köp çykdajylary talap edipdir, bu bolsa salgytlaryň artdyrylmagyna getirdi. Salgytlaryň artmagy bolsa ýiti nägilelikleri döretdi.

Teýşonlaryň döwletinde ýüze çykan nägileliklerden Ňuenler peýdalanmagy başarýarlar. Nuenler nesilşalygyndan bolan Ňuen Fuk An (soňra imperator The To)[1] 1788-nji ýylda günortaly ownuk mülkdarlaryň, söwdagärleriň, şeýle hem Günorta we Merkezi Wýetnamda ornaşýan fransuz

---

[1] Ňuen Fuk An öz dolandyran döwrüni Žýa Lauň eýýamy diýip atlandyrýar, şonuň üçin hem ol ýewropa çeşmelerinde we ylmy edebiýatynda «imperator Žýa Lauň» diýlip hem atlandyrylýar.

söwdagärleriniň hem-de missionerleriniň (olar çaltlyk bilen ornaşýardylar) goldamagynda işjeň herekete girişýär. Ňuen Fuk Anyň 150 müňden gowrak goşuny Teýşonlara garşy aýgytly hüjüme geçýär. 1792-1802-nji ýyllarda Ňuen Fuk Anyň goşunlary kem-kemden Merkezi Wiýetnamyň günortasyny, soňam Teýşonlaryň watany bolan Kýunýon welaýatyny eýeleýärler. Daýwýetiň demirgazygyny Ňuen Fuk An günortada öz döwletini döreden soň eýeleýär. 1802-nji ýýlda The To (1802-1820) tagt ady bilen imperator diýlip yglan edilýär.

**Ňuenleriň imperiýasy.** Teýşonlar tarapyndan Wýetnamyň birikdirilmegi ýurduň esasy meselesi bolan Demirgazygyň artykmaç ilatyny günorta göçürmek, Zýadin şalysyny bolsa Demirgazyga ibermek meselesini çözmäge mümkinçilik berýär. XVIII asyryň ahyrlarynda - XIX asyryň başlarynda Zýadin şalysynyň öndürilişiniň birnäçe esse artmagy goşuny, Ňuenleriň imperiýasynyň Merkezi Wýetnamda ýerleşýän täze paýtagty Hýue şaherini we merkezi döwlet edarasyny eklemäge doly ýetipdir. The To ýurdy ösdürmek bilen baglanyşykly çäreleriň uly tapgyryny durmuşa geçirýär. 1804-nji ýyldan başlap ýurt Wiýetnam[2] diýlip atlandyrylyp ugraýar. Bu döwürde jemagat ýer eýeçiligi pese düşüp, obada gurply daýhanlaryň sany üzül-kesil artýar.

Ňuenleriň imperiýasynda döwlet gurluşyny kämilleşdirmek, ekerançylyk pudagyny tertibe salmak, salgyt ulgamyny düzgünleşdirmek ugrunda dolandyryjy toparlaryň arasynda özara göreşler dowam edipdir. Ýokary gatlaklaryň bir bölegi köne ykdysady gatnaşyklary (jemagatçylyk), beýleki bir bölegi bolsa täze ykdysady gatnaşyklaryň (hususyýetçilik) tarapyny tutup çykyş edýärdiler. Olary garaýyşlary boýunça köneçillere

[2] Wýetnam – sözme-söz «Wýetiň günortasy» diýen manynyny aňladýar.

(konserwatorlar) we täzeçillere (realistler) bölýärdiler. Realistleri The Tonyň hut özi goldapdyr. Wuanyň köşgünde olar esasy wezipeleri eýeleýärdiler. The Tonyň hyzmaty bilen ýurduň şaly mülküne öwrülen Zýadinden beýleki welaýatlara ummasyz köp şaly iberilipdir, demirgazykly daýhanlara salynýan salgydyň mukdary bolsa The To tarapyndan ep-esli azaldylýar.

Ňuenleriň imperiýasynda ýokary döwlet we harby wezipelerde serkerdeler, dolandyryşyň aşaky başgançaklarynda bolsa begzadalar köpçülikleýin ulanylypdyr. 1818-nji ýyldan başlap The To ähli döwlet emeldarlaryny pully aýlyga geçirip, olaryň döwlet durmuşyndaky täsirini peseldipdir. Sebäbi olar ähli meselelerde merkezi häkimiýete garaşly bolup galypdyrlar. Geçirilýän özgertmeler bazar gatnaşyklarynyň gerimini giňeldipdir, şalynyň öndürilişi we satuwa çykarylyşy has güýçlenipdir; ýurduň hojalygy natural önümçiligiň çäginden çykyp ugraýar we şalyny işläp wagtyň, islän möçberinde pula satyn alyp bolupdyr.

Döwlet 24 welaýata, 4 sany paýtagt welaýatyna bölünip, olary wua tarapyndan bellenilýän häkimler dolandyrypdyrlar. Häkimlerden başga-da demirgazyk, merkezi we günorta welaýatlar toparlarynyň başynda wua tarapyndan bellenilýän dikmeler hem oturypdyr.

The To Wýetnamyň garaşsyzlygynyň we öz nesilşalygynyň häkimiýetiniň goňşy döwletler tarapyndan ykrar edilmegini gazanyp, Ýewropa döwletleri bilen deň hukukly gatnaşyklary ýola goýýar. The Todan soň onuň ogly Than To (1820-1840) Wiýetnamyň wuasy bolýar. Than To atasynyň ýoluny dowam etdirmän, töweregine konserwatorlary ýygnapdyr. Ol meşhur wýetnamly konfusiýaçy akyldar Fan Hýuýi Týunyň XIX asyryň başlarynda işläp dozen «Altyn asyr hakyndaky» utopiýalaryna çümüpdir. Fan Hýuýi Týu Wýetnamyň döwlet

durmuşynda jemagatçylyk gurluşynyň saklanylyp galmagyny we konfusiýançylyk däpleriniň ulanylmagyny wagyz edipdir. Şunuň esasynda 1820-nji ýyldan başlap Than To[1] «Merkezleşdirilen döwlet – jemagat» taglymatyny amala aşyrmaga girişýär. Munuň üçin ol «Bindin tejribesi» adyny alan çäräni durmuşa geçirmäge synanyşyk edýär. Than To Bindin welaýatynda ýere hususy eýeçiligi ýatyryp, döwlet eýeçiligini girizýär. Emma onuň bu tejribesi Bidin welaýatynda önümçiligi ep-esli peseldýär, ýer eýeleriniň bolsa giň närazylygyny döredýär. Netijede onuň bu maksady başa barman galýar.

Than To ýurdy «Beýik Günorta», ýagny Daýnam diýip atlandyrýar. Munuň özi Wýetnamyň Günortasyny Demirgazyga garşy goýmakdy. Hökümdar işleriň kynlyk bilen gidýändigine garamazdan, netijesiz işlerini dowam etdiripdir. Than To häkimiýetini Demirgazyga diňe 1826-njy ýylda, Günortada - Zýadin welatynda bolsa ölmezinden bäs ýyl öň – 1836-nji ýylda girizip ýetişipdir. Than To realistleriň köşkden giderilmegini gazanypdyr, olaryň ornuna bolsa döwlet işlerinden başy çykmaýan begzadalary köpçülikleýin çekipdir. Ýurtda şalynyň öndürilişi, gazylyp alynýan senagat, söwda, senetçilik pese düşýär. Goşun söweş ukyplaryny ýitirip ugraýar, ot açýan ýaraglarynyň ähmiýeti peselýär. Ol kakasy The Tonyň esasy daýanjy bolan harbylara hem gyýa göz bilen garapdyr. Than Tony emeldarlaryň başarjaňlygy däl-de, olaryň daş keşbi gyzyklandyrypdyr. Bu ýagdaý Hýeu Tonyň (1841-1847) döwründe hem dowam edýär.

Ýurduň durmuş-ykdysady we syýasy ulgamlarynda emele gelen şeýle ýagdaýlarda täze hökümdar Zyk Ton[1] (1847-1883) ýüzüni realistlere öwürýär. Ol XIX asyryň 50-nji ýyllarynda The To tarapyndan başlanan işleri dowam

---

[1] Imperator Min Maň.
[1] Imperator Ty Dyk.

etdiripdir. Ol aýratyn hem Demirgazyga uly üns berýär. Zyk Ton esasy önüm öndürijiler bolan iri ýelerine ýakyndan ýardam edipdir, döwlet emeldarlarynyň sanyny bolsa üzül-kesil azaldypdyr. Ýöne Than Tonyň edip giden işleri döwletiň ösüşine uly zyýan edipdir. Üstesine-de ýurduň daşary ýagdaýý hem asuda bolmandyr. Wýetnama ýeropalylar zor salýadylar. Netijede XIX asyryň 50-nji ýyllaryndan başlap Wýetnam döwleti ykdysady we durmuş çökgünliginiň girdabyna duçar bolýar.

## § 15. Indoneziýa XVII – XIX asyrlarda

**Indoneziýa XVII asyryň ikinji ýarymynda.** Täze taryha geçilýän döwürde Indoneziýanyň ýerinde köp sanly halklar we halkyýetler ýaşap, olar durmuş-ykdysady ösüşiň dürli tapgyryny başdan geçirýärdiler. Indoneziýanyň Sumatra, Kalimantan, Sulawesi we beýleki adalarynyň jümmüşinde ilkidurmuş jemagat gurluşynyň dargamak we irki orta asyr gatnaşyklarynyň ýüze çykmak ýagdaýy dowam edýärdi. Ýurduň kenarýaka etraplarynda bolsa kuwwatly orta asyr beglikleri bardy. Bu beglikler şindi orta asyrlar döwründe-de Aziýanyň dürli sebitleri bilen ysnyşykly söwda gatnaşyklaryny alyp baryp, ep-esli ösüşlere eýe bolupdylar. Olar buddaçylygyň hem-de indusçylygyň merkezleri hökmünde tanalypdylar. Giçki orta asyrlarda bu ýerde eýýäm köp sanly musulman döwletleri kemala gelip, sebitiň taryhynda täze döwür başlady.

Bu döwürde Indoneziýanyň ösen sebiti Ỳawa bolup, bu ýerde-de güýçli muslulman döwletleri ýerleşýärdiler. Olaryň häkimiýeti diňe bir Ỳawa däl, eýsem Indoneziýanyň başga ýerlerine-de ýaýrapdyr. XVI asyrda Ỳawada merkezleşen orta asyr döwleti -  Majapahit imperiýasy dargapdyr. Onuň ornuna musulman nesilşalyklary tarapyndan dolandyrylýan

birnäçe özbaşdak döwletler döredi. Ỳawanyň durmuş gurluşy oba jemgatyna daýanypdyr. Ekerançylyk ýerleri esasan döwletiň elindedi. Oba hojalygynyň ösüşi Ỳawada orta asyr gatnaşyklaryny kämilleşdirýärdi. Döwlet eýeçiliginden başga-da, adada iri ýer eýeleri bolan harby serkerdeleriň we döwlet emeldararynyň hususy mülkleri hem bolupdyr.

XVI asyrda portugallaryň peýda bolmagy we olaryň Malakka bogazyny, asyrlar boýy hereket edip gelýän deňiz ýollaryny eýelemekleri, Indoneziýada söwdanyň pese düşmegine getirýär. 1602-nji ýylda esaslandyrylan golland Ost-Hindistan kompaniýasy XVII asyryň ortalarynda Indoneziýanyň esasy merkezlerini eýeleýär we tutuş sebitde aýry-aýry harytlaryň söwdasyna öz agalygyny girizýär. Ỳerli halkyň portugallara garşy göreşlerinden peýdalanyp, gollandlar Molukka adalarynda ornaşdylar we tiz wagtdan portugallaryňkydan hem zabun düzgünleri girizdiler.

Gollandiýanyň Hoş Umyt burnundan başlap, tä Ỳaponiýa çenli aralykda ýerleşýän söwda faktorileri golland täjirlerine Indoneziýadaky orunlaryny berkitmäge mümkinçilik berdi. Indoneziýanyň ösen ýerleriniň biri bolan Ýawa adasynda gollandlara güýçli orta asyr döwletleri garşy durýardylar. Şol sebäpden hem adany eýelemeklik has uzaga çekdi.

XVII asyryň ortalarynda Ýawanyň merkezi we gündogar böleginde mululman döwleti bolan Mataram ýerleşýärdi. Bu döwlet gadymy ýawa halkynyň kemala gelen ýerlerini öz içine alypdyr. Mataramda ýer soltanyňky diýlip hasap edilipdir. Munuň özi ekerançylyk ýerleriniň döwlet eýeçiliginde bolandygyny aňladýardy. Döwlet ýerleriniň içinde soltanyň hut öz hojalygyna degişli ummasyz köp ýerler bolupdyr. Şeýle ýerleriň üstünden ýörite bellenilen emeldar gözegçiligi amala aşyrypdyr. Galan ýerlerde ýer salgydyny we beýleki döwlet ýygymlaryny ýygnamaklyk, ilaty ýollaryň, galalaryň, gaçylaryň, bentleriň gurluşygyna

sürmeklik soltanyň ýerlerdäki dikmeleri, iri mülkdarlar ýa-da Mataram soltanynyň ýapjalary tarapyndan amala aşyrylypdyr.

Mataramyň oba hojalyk önümçiliginiň esasy birligi oba jemagaty bolup, onuň agzalarynyň her biriniň öz ýer paýy bolupdyr. Boş ýatan ýerler (tokaýlar, çemenlikler) we öri meýdanlary jemagatyň umumy eýeçiliginde galypdyr. XVII asyrda Mataramyň käbir ýerlerinde jemagat ýerlerini özara paýlaşyp durmaklyk hem gabat gelýärdi. Oba jemagaty saýlawly oba gurmasy tarapyndan dolandyrylypdyr. Ỳawada natural hojalyk hokum sürüp, ekerançylyk önümçiligi senetçilik bilen utgaşdyrylypdyr. Haryt-pul gatnaşyklary güýçlenipdir, bu bolsa köp salgytlary pul bilen çalyşyrmaga mümkinçilik beripdir. Ol ýa-da beýleki harytlary satmak, salgyt ýygnamak hukuklary hökümdarlar tarapyndan söwdagärlere satylypdyr.

XVII asyryň bütin dowamynda Mataram soltanlary öz ýerlerini giňeltmäge çalşypdyrlar. Şunuň netijesinde Madura adasynyň bir bölegi, Surabaýa, Çeribon beglikleri basylyp alynýar. XVII asyryň ortalarynda Ýawanyň günbataryndaky Bantam (Banten) begligi güýçlenýär. 1595-nji ýylda bu ýere Kornelis Hutmanyň baştutanlygynda golland söwdagärleriniň ilkinji topary gelipdi. Gelmişek täjirlerden alynýan gümrük paçlarynyň we dürli ýygymlaryň möçberiniň artmagy bantamly soltanlary we begzdalary baýlaşdyrypdyr. Burça bolan islegiň artmagy bilen soltanlar daýhanlary burç agajyny ekmäge mejbur edýärdiler. Munuň özi azyklyk ekinlerin ekilýän meýdanlarynyň azaldylmagynyň we maldarçylyk önümçiligini çäklendirmegiň hasabyna amala aşyrylypdyr.

XVII asyryň ortalarynda golland Ost-Hindistan kompaniýasy Bantam bilen Mataramyň arasynda dowam edýän bäsleşigi öz peýdasyna ulanmaga, soňra bu döwletleriň ikisini hem özüne tabyn etmäge çalşypdyr.

Kompaniýa tarapyndan hoşboý ysly otlaryň[1] söwdasyna monopoliýanyň girizilmegi Molukka beglikleri bolan Ternat we Tidor soltanlyklarynyň birmahalky kuwwatyny gowşadypdyr. Golland Ost-Hindistan kompaniýasy Ternatyň Hoşboý ysly otlar adalaryna bolan hökmürowanlyk hukugyny ykrar etse-de, barybir öz beren wadasynda tapylmandyr. Kompaniýa bu ýerlerde öndürilýän gwozdika we muskat hozuna özi baha kesýärdi we bu önümleriň ňäçe nukdarda öndürilmelidigini özbaşdak kesgitleýärdi.

Molukkadan portugallar doly kowlup çykarlandan soň Ýawada ýerleşýän Batawiýa (häzirki Jakarta) golland kolonial mülkleriniň merkezine öwrülýär. Bu döwürde sebitiň musulman döwletleriniň birleri güýçlenýän bolsa, başga birleri tiz güýçden gaçýardy. XVII asyrda Makassar bogazynda ýerleşýän Sulawesi adasyndaky Gowa döwleti güýçlenýär. Onuň hökümdarlary gollandlar tarapyndan gysylýan ýewropaly we gündogar ýurtlarynyň täjirlerine bu ýerlerde söwda işlerini alyp barmaga giň mümkinçilikleri döredipdirler. Netijede bu söwda gollandlaryň bähbitlerine uly zyýan ýetiripdir. Gowanyň garşysyna iberilen harby ýörişler hem uzak ýyllaryň dowamynda garaşylýan netijeleri bermändir. 1667-nji ýylda Ost-Hindistan kompaniýasynyň goşunlaryna Gowanyň paýtagtyny basyp almak başardýar. Gowanyň soltany Hasanuddin 1667-nji ýylyň noýabrynda kompaniýa bilen Bongaý şertnamasyny baglaşmaga mejbur bolýar. Şertnama boýunça kompaniýa Gowada söwda etmäge monopol hukuk alýar. Soltan kompaniýanyň ýapjasyna öwrülip, Molukka adalary bilen özbaşdak söwda

---

[1] Naharlara, höreklere tagam bermek üçin dürli ösümlikleriň çigidinden, gülünden, ýapragyndan, köküնden, miwesinden (gara, gyzyl burç, tmin, gorçisa, muskat hozy, gwozdika, lawr agajynyň ýapragy, korisa, hren, ukrop, petruşka we başgalar) taýýarlanylýan azyklyk serişdeler. Beýik geografiki açyşlar we kolonial basybalyşlar döwründe öň ýewropalylara nätanyş bolan bu önümleriň söwdasy olara ummasyz girdeji getiripdir.

etmekden el çekýär. Gowanyň ýeriniň bir bölegi paýtagty bilen bilelikde kompaniýanyň tabynlygyna geçýär.

**Mataramda Trunujoýonyň baştutanlygyndaky gozgalaň.** 1652-nji ýylda golland Ost-Hindistan kompaniýasy Mataramyň soltanyny bilen şertnama baglaşyp, özüniň Ýawada edinen ýerleriniň ykrar edilmegini gazanýar. Çitarum derýasy boýunça kompaniýanyň mülkleri bilen Mataramyň ýerleriniň arasynda serhet geçirilýär. Şol ýyllar Mataramda salgytlar artyp, ilatyň gzerany agyrlaşypdyr, ýagdaý aýrtatyn hem täzelikde basylyp alnan Madura adasynda kyn bolupdyr. Mataramyň soltany Amankurat I-niň köşk adamlary babatyndaky ýowuz syýasaty oňa garşy dildüwşikleriň guralmagyna we topalaňlaryň turmagyna sebäp bolýar. 1674-nji ýylda Mataramda gozgalaň turup, oňa maduraly begzada Trunujoýo baştutanlyk edýär. Gozgalaňçylaryň esasy köpçüligni maduraly ilat düžupdir. Ýawa çozup giren maduraly gozgalaňçylar Amankurat I-niň zulmundan azat edijiler hökmünde garşylanylypdyr. Gozgalaňçylara Maduradan göçürilip getirilen ilat, şeýle hem ýerli ýawalylar goşulypdyrlar. Gozgalaňçylaryň baş maksady Amankurat I-ni agdarmak we XVI asyrda ýykylan Majapahit döwletini dikeltmek bolupdyr. Gollandlar soltana kömek berseler-de, gozgalaňçylar Mataramyň paýtagtyny eýeleýärler. Amankurat I kompaniýanyň ýerlerine gaçyp gidýär.

1677-nji ýylda gollandlar aradan çykan soltanyň ogly Amangkurat II-ni Ost-Hindistan kompaniýasyna Mataramyň ähli ýerinde päsgelçiliksiz söwda etmäge hukuk bermäge mejbur edýärler. Kompaniýanyň ýerleri hem giňeldilýär. Ýawanyň demirgazyk kenaryndaky Semarang porty gollandlaryň eline geçýär. Kompaniýa Matarmyň Rembang portunda gämi gurluşyk werfini gurmaga ygtyýar alýar. Amankurat II gollandlaryň Trunujoýonyň gozgalaňyny

basyp ýatyrmak bilen baglanyşykly çykdajylaryny tölemäge hem razylyk berýär.

1678-nji ýylda kompaniýa Matarama goşun iberip, Trunujoýonyň baştutnlygyndaky gozgalaňçylary agyr ýeňlişe sezewar edýär. Amangkurat II golland ýaragynyň güýji bilen gaýtadan tagta çykarylýar. Gozgalaňlar döwründe paýtagtyň ýumrulandygy sebäpli täze paýtagtyň – Kartasura şäheriniň düýbi tutulýar. Emma gozgalaňy doly basyp ýatyrmak üçin ýene-de üç ýyl gerek bolýar.

**Bantamyň basylyp alynmagy we Surapatiniň baştutanlygyndaky gozgalaň.** Mataramda berkänlerinden soň gollandlar Bantam soltanlygyna zor salyp ugraýarlar. Bantam soltanynyň maşgalasyndaky häkimiýet ugrundaky göreşlere gollandlar hem goşulypdyrlar. 1683-nji ýylda Bantamyň soltany gollandlar tarapyndan ele salynýar we Batawiýa (Jakarta) iberilip, tä ölýänçä öý tussaglygynda saklanylýar. 1684-nji ýylda onuň mirasdüşeri kompaniýa bilen şertnama baglaşyp, gollandlara Bantamyň ýerinde söwda etmäge hukuk berýär, özüniň serhetýaka Çeribon welaýatyna bolan talaplaryndan we Sumatrada ýerleşýän öz tabynlygyndaky Lampong welaýatyndan el çekýär. Bantam bilen kompaniýanyň mülkleriniň arasyndaky serhet gollandlaryň islegi boýunça geçirilýär.

Bantamyň gollandlardan ýeňilmegi iňlis Ost-Hindistan kompaniýasy üçin uly urgy boldy. Iňlis we beýleki ýewropa ýurtlarynyň täjirleri Bantamdan gitmäge mejbur bolýarlar. Bantamdan gysylyp çykarylan iňlisler Sumatranyň günbatar kenaryndaky Benkulende ornaşýarlar.

1683-nji ýylda Ternatyň soltany öz üstünden golland Ost-Hindistan kompaniýasynyň agalygyny ýatyrmaga synanyşyk edýär. Emma gollandlara Ternatyň soltanynyň goşunlaryny derb-dagyn etmek başardýar. Netijede Ternatyň üstünden golland agalygy gaýtadan dikeldilýär.

Ost-Hindistan kompaniýasynyň Indoneziýadaky basybalyşlary onuň Ýawadaky ornuny has-da berkidýär. Emma ýerli halkyň arasynda basybalyjylara garşy ýigrenç örän güýçli bolupdyr. Ýawanyň dürli ýerlerinde (Batawiýada, Bantamda, Çeribonda) keseýerlilere garşy göreşe çagyrýan wagyzlar güýçlenipdir. 1686-njy ýylda Gündogar Ýawada Surapatiniň baştutanlygynda gozgalaň turýar. Asly Bali adasyndan bolan öňki gul Surapati bir döwürde kompaniýanyň goşunynda serkerde bolup gulluk edipdir. Bantama garşy uruşlryň döwründe Surapati ýerli halkyň tarapyna geçipdir we basybalyjylara garşy uruşlara gatnaşypdyr. Bantam ýeňlenden soň ol Matarama gaçyp gelýär. Gündogar Ýawada ýerleşip, Surapati özüni häkim diýip yglan edýär. XVII asyryň 80-nji ýyllarynda bu ýerlerde garaşsyz döwlet ýüze çykýar.

Başky döwürlerde Mataramyň hökümdary Amankurat II özüniň gollandlara garşy maksatlarynda Surapatiniň ýardamyna bil baglap ony ýakyndan goldapdyr. Emma Surapatiniň tabynlygyndaky ýerler Mataramyň Malang we Kediri ýerleriniň hasabyna giňänden soň, ol kömek sorap kompaniýa ýüz tutýar. Emma kompaniýa Amangkurat II güýçden gaçýança kömek bermekden saklanýar.

Amangkurat II ölenden soň onuň ogly Amangkurat III-niň tagtyna kakasynyň insi dawa edip urşa başlaýar. Kompaniýa bu dawalara içgin gatyşypdyr. Amankurat II-niň inisi Susuhunan Pugeriň tagta bolan hukugyny ykrar edip, gollandlar oňa paýtagty eýelemäge kömek edýärler. 1705-nji ýylda täze hökümdar Susuhunan Puger gollandlaryň peýdasyna Mataramyň ep-esli ýerlerinden el çekýär. Ol Ost-Hindistan kompaniýasyna täze söwda ýeňillikleri we Mataramyň paýtagtynda goşun saklamaga ygtyýar berýär.

Häkimiýetini elden gideren Amankurat III 1708-nji ýylda Surapatiniň gozgalaňçylaryna goşulýar we üç ýyllap kompaniýanyň goşunlaryna garşylyk görkezýär. Emma

1711-nji ýylda Surapati gollandlardan ýeňilýär, Amankurat III bolsa ýesir alnyp, Seýlon adasyna sürgün edilýär. Surapatiniň tarapdarlary ýeňilseler-de, uzak wagtlap boýun egmändirler. Diňe 1719-njy ýylda gollandlara Surapatiniň ähli ýerlerini eýelemek başardýar, gozgalaňçy serdaryň özi bolsa söweşleriň birinde wepat bolýar.

**Indoneziýada golland kolonial ulgamynyň kemala gelmegi.** XVIII asyryň başlaryna çenli Indoneziýada golland Ost-Hindistan kompaniýasynyň agalygy ýola goýulýar. Ägirt uly maýa goýumlaryna eýe bolmak bilen niderland Ost-Hindistan kompaniýasy iri paýdarlaryň birleşmesine öwrüldi. Kompaniýanyň baýlyklaryna, onuň alýan girdejilerine iňlis, fransuz Ost-hindistan kompaniýalarynyň gözi gidýärdi. Indoneziýanyň ähli ýerlerinde diýen ýaly ýola goýlan söwda monopoliýasy kompaniýa ýewropa we gündogar bazarlaryndan ägirt uly girdejileri almaga mümkinçik berýärdi. Hoşboý ysly otlar adalaryny eýeläp, kompaniýa gaçakçy söwdanyň öňüni alýar, dünýä bazarynda harytlaryň ýokary bahasyny saklamak üçin sebitden äkidilýän harytlaryň möçberini berk gözegçilige alýar. Hoşboý ysly otlary ekmeklik we öndürmeklik diňe aýry-aýry ýerlerde (gwozdika – Ambonda, muskat hozy - Banda adasynda) ygtyýar edilipdir. Galan ýerlerde ilata hoşboý ysly önümleri berýän gyrymsy agaçlary, baglary we otlary çapyp, otlap ýok etmeklik hokum edilipdir. Emma Indoneziýanyň tropiki guşaklykdaky tebigaty öz kanunlaryny ýöredipdir: gyrymsy agaçlar, baglar we otlar birnäçe ýydan ýene-de ösüp-örňäp gidýärdiler. Kompaniýa olary çapmak üçin täze-täze ekspedisiýalary iberipdir.

Hoşboý ysly ekinleri ekmäge rugsat berlen ýerlerde-de ýagdaý öwerlikli bolmandyr. Sebäbi önümler ilatdan juda pes bahadan alnypdyr, artykmaç ekmäge-de ýol berilmändir. Şol sebäpden hem ýerli ilat öndürýän önümlerini azyk harytlaryna çalşyp bilmändirler. Gollandlar tarapyndan bu

ýerlere getirilýän azyk harytlary bolsa köplenç ýetmändir. Kompaniýanyň ýowuz syýasatyna garşy indonez adalarynyň ilaty gozgalaňlar bilen jogap berýärdiler. Emma gozgalaňlar döwründe ýerini taşlan, tozan ýerli daýhanlaryň mes toprakly ýerlerine kompaniýa golland kolonistlerini göçürip getirýärdi. XVIII asyrda gollandlar Indoniziýada täze - kofe ekinini hem ornaşdyrýarlar.

Kompaniýa Ýawa adasyndaky döwletlerde alnyp barylýan tirýek, Sumatranyň günbatar kenarynda düz öndrilişine monopoliýa girizýär. Munuň özi kompaniýa ägirt uly girdejiler getiripdir. Gollandlaryň eden-etdilikleri zerarly Günbatar Sumatradaky duz gaýnadylýan ýerler ýapylyp, duzuň bahasy bu ýerde on esse artypdyr.

**Hytaýlylaryň we ýawalylaryň gozgalaňy.** XVII asyrda niderland Ost-Hindistan kompaniýasy Ýawa adasynda hytaýly senetçileriň, gök ekerançylarynyň we bagbanlarynyň zähmetinden giňişleýin peýdalanypdyr. Munuň üçin Hytaýdan daýhanlary göçürip getirýärdiler. XVIII asyrda Batawiýada hytaýlylaryň eýýäm dört müňüsi, onuň çäginden daşarda bolsa alty müňüsi ýaşaýardy. Kompaniýa ykdysady taýdan berkänden soň hytaýlylary göçürip getirmeklik bes edilýär. Sebäbi işewür hem-de hojalykçy hytaýlylar tiz baýlaşypdyrlar. Ýagdaý şeýle bolansoň hytaýlylar babatynda dürli çäklendirmeler girizilip başlanýar. Kompaniýanyň Ýawadaky mülklerinde diňe gollandlar tarapyndan rugsat haty berlen hytaýlylara ýaşamaga rugsat berilýär. Rugsat haty bolmadyk hytaýlylary bolsa Seýlon adasyna göçürmeklik karar edilýär.

1740-njy ýylda hytaýlylaryň arasynda tussag etmeler başlanýar. Hytaýlylar Ýawanyň dürli ýerlerine gaçýarlar. Kompaniýa Batawiýada ýaşaýan baý hytaýlylaryň öýleriniň tozdurylmagyny we otlanylmagyny guraýar. Netijede 600-den gowrak öýler otlanylýar. General-gubernator gaçgaklary yzlaryna dolanmaga çagyrmaga mejbur bolýar. Gaçgaklaryň

bir bölegi dolanyp gelýär we Batawiýada aýratyn mähellelerde ýerleşdirilýär. Emma hytaýlylaryň bir bölegi ýawaly ýerli ilat bilen birleşip, gozgalaňa başlaýarlar. Gozgalaňçylar Rembangdaky, Kartasurdaky golland goşunlaryny ýaragsyzlandyryp, Semarangy gabaýarlar.

Soltan Paku Buwona II gorkusyna kompaniýa ýüz tutýar. Ýöne gozgalaňçylar paýtagt Kartasurany eýeläp, Paku Buwanany kowýarlar, onuň ýerine bolsa Seýlona surgün edilen Amankurat III-niň agtygy Amankurat IV-ni soltan diýip yglan edilýärler. Emma golland goşunlary gozgalaňy tiz basyp ýatyrmagy başarýarlar. Amankurat IV boýun egýär, Paku Buwona II bolsa ýene-de tagtyna eýe bolýar. Paku Buwona II Ýawanyň Salo etrabynda döwletiniň täze paýtagtynyň – Surakarta şäheriniň düýbini tutýar.



Çarlz Bruk

**Iňlis-golland bäsleşigi we Indoneziýanyň Angliýa tarapyndan eýelenilmegi.** XVII asyryň ikinji ýarymynda bolup geçen üç sany iňlis-golland uruşlarynyň netijesinde Gollandiýanyň kolonial kuwwaty syndyrylýar. 1701-1714-nji ýyllaryň ispan tagty ugrundaky uruşlarda Niderlandlar ikinji derejeli döwlete öwrülýär. XVIII asyrdan başlap gollandlara özleriniň iňlis bäsdeşlerinden goranmak has hem kyn düşüp ugraýar. Soňa baka söwda faktorileri hem az girdeji getirip başlapdyrlar. Bu bolsa faktorileriň köpüsiniň ýapylmagyna getirýär. Gollandiýanyň hökümeti kompaniýa her-hili kömekleri berse-de barybir netije bermändir. Niderland Hindistanynyň general-gubernatory Imhofyň (1743-1750) geçiren çäreleri hem netijesiz tamamlanýar.

Bu döwürde ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýaramazlaşmagy bilen Indoneziýanyň içeri syýasy ýagdaýy

hem durnuksyzlaşýar. 1740-njy ýylyň gozgalaňyna gatnaşyjylaryň köpüsi ýene-de ýaraga ýapyşýarlar. Gozgalaňçylar Paku Buwonanyň dogany Mankubumini sotan diýip yglan edýärler. Tiz wagtdan Mataramyň köp böleginde Mankubuminiň häkimiýeti ykrar edilýär. Paku Buwona kömege gelen gollandlar 1751-nji ýylda ýeňlişe sezewar edilýär. Emma Mankubuminiň tarapdarlary hem özara oňuşmandyrlar. Onuň agasynyň ogly Mangkonogero Mankubuminiň häkimiýetine dalaş edip ugraýar. Bu göreşlere gollandlar goşulyşyp, olara Mangkonogerony öz taraplaryna çekmek başardýar. 1755-nji ýylda ol kompaniýa tabynlyk bildirýär. Mataramyň ýarpy ýerine eýe bolup, Mangkonogero soltan derejesine eýe bolýar we Jokýakarta şäherini öz paýtagtyna öwürýär. Şeýlelikde, golland Ost-Hindistan kompaniýasy Mataramyň iki sany soltanlyga – Surakarta we Jokýakarta döwletlerine bölünmegini gazanýar.

XVIII asyryň ahyrlarynda Gollandiýa Angliýanyň Demirgazyk Amerikadaky koloniýalarynyň özbaşdaklyk ugrundaky göreşini goldaýar. 1780-1784-nji ýyllaryň iňlis-golland uruşlary niderland Ost-Hindistan kompaniýasyna uly zyýan ýetirýär. Iňlisler gollandlaryň Sumatradaky Padang söwda faktoriýasyny we galasyny eýeläp, Ýewropa bilen Indoneziýanyň aralygyndaky deňiz ýollaryna gözegçiligi ýola goýýarlar. Golland Ost-Hindistan kompaniýasy agyr krizisi başdan geçirýärdi. Gozgalaňlary basyp ýatyrmak, täze ýerleri eýelemek üçin sarp edilýän çykdajylar, hazyna ogurlygy netijesinde kompaniýa tozýar. Şonuň üçin hem 1800-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Niderland Ost-Hindistan kompaniýasy ýapylýar.

XVIII-XIX asyrlaryň sepgidinde Gollandiya Fransiýanyň ýaranyna, soňra bolsa Napoleonyň imperiýasynyň bir bölegine öwrülýär. 1811-nji ýylyň awgustynda 100 gamiden ybarat bolan iňlis floty Indoneziýanyň kenaryna gelýär. 12

müňlik iňlis goşuny kän kynçylyk çekmän paýtagt şäher Batawiýany eýeleýär. Golland general-gubernatory boýun egýändigi hakyndaky resminama gol çekýär. Şeýleleikde, Indoneziýa Angliýanyň koloniýasyna öwrülýär. Indoneziýanyň gubernatorlygyna belli iňlis kolonial işgäri Stemford Raflz bellenilýär. Raflz Indoneziyada ençeme özgertmeleri durmuşa geçirýär. Bu ýerde mazmuny boýunça iňlisleriň Hindistanda ornaşdyran «raýatwari» düzgünine meňzeş eýeçilik ulgamy  girizilýar. Özgertmeler boýunça Indoneziýadaky ähli ýerler Angliýanyňky diýlip yglan edilýär, daýhanlar bolsa mirasdüşer kärendeçilere öwrülýärler. Indonezida pul salgydy girizilip, zähmet borjy we natural ýygymlar ýatyrylýar. Umuman alnanda, bu özgertmeler Indoneziýanyň ykdysady ösüşine, onuň daşary ýurtlar bilen gatnaşyklaryna oňyn täsir edýär.

Raflz öňler gollandlaryň, indi bolsa iňlis häkimiýetine tabyn edilen ýerli hökümdarlaryň we häkimleriň ygtyýarlyklaryny çäklendiripdir. Olaryň kazyýet häkimiýetini we salgyt ýygnamaga bolan hukuklaryny ýatyrypdyr. Gowy ýaraglandyrylan iňlis goşunlarynyň kömegi bilen Raflz Jokýakartany eýeleýär. Soltan häkimiýetden çetleşdiilip, Pedanga sürgün edilýär, onuň ornuna bolsa ogly Hamengku Bowono III tagta çykarylýar. Soltanyň hazynasy iňlisleriň eline geçýär. 1813-nji ýylda Raflz Bantamyň soltanyny häkimeti taşlamaga mejbur edýär we Bantam döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär.


S. Raflz

Napaleon ýeňlenden soň Gollandiýa ýene-de özbaşdak döwlet hökmünde dikeldilýär. Angliýa Ýewropada öz täsirindäki döwletiň bolmagyny isläp 1814-nji ýylda

Gollandiýanyň Indoneziýa bolan hukugy dikeldilýär. Indoneziýany Gollandiýa gaýtaryp bermek işleri 1819-njy ýyla çenli dowam etdi.

Gollandiýanyň gowşamagy iňlislere onuň Günorta-Gündogar Aziýadaky koloniýalarynda we olar bilen ýanaşyk ýerlerde ornaşmaga mümkinçilik berýär. Günbatar Sumatrada ýerleşýän Bankulen iňlis mülkune gubernator edilip bellenilen S. Raflz Sumatranyň gündogarynda ýerleşýän Palembangda iňlis agalygyny ornaşdyrmaga çalşypdyr. Ol Açeniň soltanyny Angliýa üçin juda amatly bolan şertnamany baglaşmaga yrýar. Raflz Malakka ýarym adasynyň günortasynda ýerleşýän ilatsyz Singapur adasyny eýeleýär. Angliýa Singapury eýeläp, soňra ony sebitiň birinji derejeli söwda portuna we berk goragly berkitmä öwürýär. 1824-nji ýylda Angliýa Gollandiýa bilen şertnama baglaşyp Indoneziýada erkin söwda etmäge-de hukuk gazanýar.

**Mejbury ekinler ulgamynyň girizilmegi.** Golland agalygy dikeldilen soň halkyň hal-ýagdaýy agyrlaşýar. Ýawada halk ýene-de gozgalaňy başlaýar. 1825-nji ýyldan başlan gozgalaňa jokýakartaly soltanlaryň maşgalasyndan bolan Diponegoro (1785-1855) baştutanlyk edýär. Bu gozgalaň 1830-njy ýyla çenli dowam etdi. Emma golland häkimiýetlerine Diponegorony goldap çykyş eden jokýakartaly begzadalaryň we gozgalaňçy serkerdeleriň bir bölegini öz tarapyna çekmek başardýar. Gepleşikleriň geçirilýän wagty Diponegoro ähdiýalanlyk bilen tussag edilip, uzakdaky Makassara[3] sürgün edilýär.

Diponegoronyň gozgalaňy basylyp ýatyrylandan soň golland häkimiýetleri Indozneziýadan alynýan girdejileri artdyrmak we munuň üçin çykarylýan çykdajylary azaltmak maksady bilen «mejbury ekinler ulgamy» adyny alan salgyt düzgünini girizýärler. Täze düzgün boýunça ähli ýawaly

[3] Sulawesi adasynyň günortasynda ýerleşýän uly port şäheri. 1970-nji ýyldan bäri Ujungpandang.

daýhanalar ýer salgydynyň ornuna önümleri eksport edilýän ekinleriň haýsy hem bolsa birini (şekerçiňrigi, kofe, gowaça, indigo, temmäki we başgalar) ekmäge mejbur edilýär. Munuň üçin jemagat eýeçiliginiň ýaýran ýerlerinde daýhanlar jemagata degişli ýerleriň bir bölegini tehniki ekinler üçin bölüp aýrypdyrlar we bileleşip häkimiýetleriň talap edýän ekinlerini ekipdirler.

Öndürilen ekerançylyk önümlerini gaýtadan işlemek üçin kärhanalary gurmaklyk göz öňünde tutulypdyr. Şol kärhanalarda töwerekdäki obalaryň daýhanlary mejbury ýagdaýda işledilmeli edilýär. Kärhanalaryň eýeleri gaýtadan işlenilen önümleri hökmany suratda hökümet ambarlaryna tabşyrmaly bolupdyrlar. Önümleri dünýä bazaryna çykarmak hukugy diňe Niderland söwda jemgyýetine berilýär.



Diponegoro

Eksporta gidýän önümleri öndürmek üçin daýhan hojalyklaryna ýokary hasyl berýän mes toprakly ýerleri bölünip berlipdir. Azyk harytlaryny öndürmek üçin bolsa pes hilli ýerler bölünip berlip, olar adatça daýhanlaryň ýaşaýan ýerlerinden ep-esli uzaklykda ýerleşipdir. Önümçiligiň şeýle usulda guralmagy golland kolonial häkimiýetlerine uly girdejileri getiripdir. Sebäbi ekinleriň ekilmegi, ýygnalmagy, gaýtadan işlenilmegi we port şäherlerde ýerleşýän ammarlara eltmek üçin golland häkimiýetleri hiç hili çykdajy etmeýärdiler. Netijede «Mejbury ekinler ulgamynyň» dowam eden döwründe

gollandlar Indoneziýadan 900 million guldene[1] barabar girdeji alypdyrlar.

**«Daşarky mülkler».** Golland resminamalarynda we taryhy edebiýatda Niderland Hindistanynyň (häzirki Indoneziýa) Ýawa we onuň bilen ýanaşyk Madura adasyndan beýleki ähli adalary Gollandiýanyň «Daşarky mülkleri» diýlip atlandyrylýardy. Golland kolonizatorlary Daşarky mülklerde ýerleşýän döwletleriň içerki işlerine känbir gatyşmandyrlar. Sebäbi munuň özi köp çykdajylary talap edýän ýörişleri geçirmekligi talap edýärdi. Şonuň üçin hem gollandlar bu döwletleri biri-birine garşy küşgürip, olar bilen şertnama baglaşýardylar we olary öz täsirlerine tabyn edýärdiler. Ýöne Indoneziýanyň ýerinde entekler hem hiç bir yurt tarapyndan koloniýa edilmedik ýerler bardy. Şeýle döwletler has hem Kalimantan adasynda köpdi.

1839-njy ýylda iňlis Ost-Hindistan kompaniýasynyň gullukçysy Jeýms Bruk (1803-1868) Demirgazyk Kalimantana gelýär. Bu ýerlerde ýaşaýan daýak taýpalary we Sarawagyň ýokary gatlaklarynyň wekilleri Bruneýiň soltanyna tabyn bolmakdan we oňa salgyt tölemekden boýun gaçyryp gozgalaň turuzýarlar. Bruneý soltany Brugyň iňlis goşunlarynyň kömegi bilen bu gozgalaňy basyp ýatyrýar. Minnetdar soltan ýylda 2 müň dollar tölemek şerti bilen Sarawagy Bruga mülk edip berýär. Birnäçe ýyl geçensoň Bruk Sarawagyň hakyky hökümdaryna (maharaja) öwrülýär. Ol Singapura Kalimantan bilen söwda etmäge päsgel berýän deňiz garakçylygynyň soňuna çykýar.

1846-njy ýylda Brugyň araçyl bolmagynda Bruneýiň soltany Labuan adasyny Angliýa berýär. Bruk Labuanyň general-gubernatory, Bruneýdäki iňlis konsuly wezipelerine bellenilýär. 1888-nji ýylda Brugyň agasynyň ogly Çarlz Brugyň (1829-1917) döwründe Angliýa Sarawagyň

[1] 1814-2002-nji ýyllarda Gollandiýanyň milli walýutasy.

üstünden protektoratçylyk düzgünini girizýär. Netijede XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli indonez adalarynyň Kalimantanyň demirgazygyndaky Bruneýden, Sarawakdan we Borneodan[2] galan ýerlerindäki döwletleriň köpüsiniň üstünden golland agalygy girizilýär. Diňe Sumatra adasynyň çet demirgazyk çüňkünde ýerleşýän Açe soltanlygyna 1899-njy ýyla çenli öz garaşsyzlygyny saklap galmak başardýar.

## § 16. Hindistanda Beýik Mogollaryň döwletiniň dargamagy we täze döwletleriň peýda bolmagy

**Beýik Mogollaryň döwleti XVII asyryň ikinji ýarymynda.** XVII asyryň ortalarynda Beýik Mogollaryň döwletiniň düzümine Demirgazyk Hindistan we onuň Merkeziniň bir bölegi girýärdi. Onuň mülklerine owgan ýerleriniň hem bir bölegi (Kabul, Peşawar, 1653-nji ýyla Kandagar) degişlidi. Bu döwürde Beýik Mogollaryň döwleti günortada Adylşalar (Bijapur) we türkmenleriň Ktubşalar döwletleri (Golkonda), demirgazyk-gündogarda we gündogarda Nepal beglikleri, Tibet we Assam bilen serhetleşýärdi. Beýik Mogollaryň döwletiniň düzümine Hindistanyň ilatynyň 2/3 bölegi ýaşaýan iň baý ýerleri girýärdi.

Esaslandyrylan döwründen bäri ýüz ýyldan köp wagt geçen hem bolsa, Beýik Mogollaryň döwleti gündogar hökmirowanlygyna daýanýan harbylaşan orta asyr döwleti bolup galýardy. Döwleti *patyşa* derejesini göterýän hökümdar dolandyryp, onuň häkimiýeti *diwana* (hazynanyň işini dolandyrýar), *bakşa* (harby serkerde) we ýokary kazyýete daýanýardy. Kazyýet edarasynyň baştutany hökmany suratda musulman ulamalaryndan bellenilipdir.

---

[2] Häzir Malaýziýa federasiýasynyň Sabah ştaty.

Patyşa Aurangzebiň (1658-1707) dolandyran ýyllarynda döwlet subadarlar tarapyndan dolandyrylýan 19 sany welaýata (*suba*) bölünýärdi. Welaýatlar *taksila*, olar hem öz gezeginde *parganalara* bölünipdirler. Subadarlary patyşanyň hut özi belleýärdi. Häkimlik edýän welaýatlarynda subadarlar dolandyryş, harby we kazyýet häkimiýetlerine eýediler. Olar öz goşunlary bilen tutuş welaýaty tabynlykda saklaýardylar, salgytlaryň we beýleki ýygymlaryň ýygnalyşyna, kazyýet hökümleriniň we patyşanyň permanlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýärdiler.

Beýik Mogollaryň döwletinde ähli häkimiýet dürli milletlerden gelip çykan musulman gullukçylarynyň elinde jemlenipdir. Hökümdarlar, serkerdeleriň, döwlet işgärleriniň we ýönekeý esgerleriň aglaba köpçüligi gelip çykyşy boýunça sünni türkilerden we türkmenlerden ybaratdylar, ýöne goşunda owganlar, dolandyryşda şyga – parslar, ulamalaryň arasynda araplar köp bolupdyr.

Döwletde ähli ekerançylyk ýerleriniň eýesi patyşa hasap edilipdir. Şonuň üçin hem ähli ekerançylyk ýerlerine patyşanyň peýdasyna salgyt salnypdyr. Beýik Mogollaryň döwletinde ýer eýeçiliginiň *jagir, zemindary, ynam* we *wakf* ýaly görnüşleri hereket edipdir. Jagirdarlar diýlip atlandyrylan jagir ýerleriniň eýeleri gullukçylar gatlagynyň ep-esli bölegini düzüpdirler. Olar patyşanyň peýdasyna raýatlardan salgyt ýygnaýardylar we ýygnalan salgydyň 10%-ni özlerinde alyp galyp, şonuň hasabyna hakyna tutma ňöker goşunyny saklaýardylar. Käbir jagirdarlaryň girdejileri birnäçe ýüz müň rupiýa barabar bolupdyr. Aurangzebiň dolandyran ýyllarynda ululy-kiçili jagirdarlaryň 4 müň sanysy hasaba alnypdyr. XVII asyryň ortalarynda jagirdarlar, edil öňki döwürlerdäki ýaly, öz jagirlerini miras galdyryp bilmändirler. Jagirdarlar hökümdaryň esasy daýançlary bolupdyrlar, çünki hökümdaryň harby kuwwaty

jagir goşunlarynyň sanyna we onuň söweş endiklerine bagly bolupdyr.

Jagirdarlardan tapawutlylykda zemindarlar goşun saklamaga borçly däldiler. Olar özlerine zemindary edilip berlen ekerançylyk ýerleriniň raýatlaryndan patyşanyň peýdasyna salgyt ýygnapdyrlar we munuň üçin muzd hökmünde ýygnalan salgydyň 10%-ni özlerinde alyp galypdyrlar. Jagirdarlardan tapawutlylykda, olar ýerlerini miras galdyryp bilipdirler. Zemindarlar adatça indus begzadalaryndan, jagirdarlar bolsa musulmanlardan bolupdyrlar.

Ynam ýerleri döwletiň öňunde aýratyn hyzmat görkezen adamlara (tanymal döwlet adamlary, serkerdeler, ulamalar, alymlar we başgalar) patyşa tarapyndan bildirilýän hormat-sarpanyň nyşany hökmünde berlipdir. Ynam ýerlerinden gelýän salgytlar dolulygyna *ynamdaryň* öz haýryna geçirilipdir. Aadatça ynamdar aradan çykandan soň hökümdarlar ynamy onuň mirasdarlaryna beripdirler.

**Hindistanyň kenarlarynda daşary yurt söwdasy.** XVII asyrda hindi söwdagärleriniň ýewropaly täjirleri we gämi eýeleri bilen gatnaşyklary giňeýär. Bu işde kenarýaka täjirleri aýratyn işewürlik görkezýärdiler. Ýewropalylaryň hindi şäherleriniň söwda we senetçilik bilen meşgullanýan ilaty bilen gatnaşyklary ýönekeý bolmandyr. Haçan-da, ýewropalylar garakçylyk edip, hindileriň gämilerini talaýarkalar özara gatnaşyklar ýitileşýärdi. Ýöne, adatça, hindi hem-de ýewropaly täjirleriň arasynda özara bähbitli söwda işleri alnyp barlypdyr. Ýewropa bazarlaryna çykylmagy käbir hindi harytlarynyň – gymmat baha matalaryň, burçuň, indigonyň öndürilişini artdyrypdyr, onuň söwdasyny alyp barýan hindi täjirlerine ummasyz girdeji getiripdir. Emma hindi bazarlarynda ýewropadan getirilýän harytlara islegler pes derejede galypdyr, şol sebäpden hem satuw gerimi boýunça-da, möçberi boýunça-da getirilýän

(mysal üçin, sagatlar, dürbiler, kompaslar we başgalar) harytlar, äkidilýäninden birnäçe esse az bolupdyr. Munuň özi söwda we töleg ýetmezçigini (deficit) döredýärdi. Bu bolsa ýewropalylary Ýewropadan gymmat baha metallary (altyn, kümüş) çykarmaga mejbur edýärdi. Emma muňa metropoliýalaryň öz döwletleriniň bähbidini gorap ykyş edýän maliýe toparlary berk garşylyk görkezýärdiler. Ýagdaý şeýle bolansoň, iňlis, fransuz, golland we beýleki ýurtlaryň täjirleri özleriniň hindi kärdeşlerine ýüz tutup, olardan karz soraýardylar. Hindi täjirleri söwda kompaniýalaryna, hususan-da, iňlis Ost-Hindistan kompaniýasyna uly möçberde karzlary beripdirler. Kompaniýa hem öz gezeginde eden-etdiliklere sezewar bolup, janlaryny, emläklerini goramak üçin Surat, Bombeý we Madras ýaly iňlis faktorilerine gaçyp gelýän hindi söwdagärlerine gaçybatalga berýärdiler. Şeýdip, Hindistanynda ýerli işewürleriň «komprodorlar» diýlip atlandyrylan aýratyn bölegi peýda boldy. Olar ýerli halk bilen daşary ýutlylaryň arasynda aralakçy gatlalagyň wezipesini ýerine ýetirip başlaýarlar.

Hindistanda hereket eden daşary ýurt söwda kompaniýalarynyň arasynda 1600-nji ýylda esaslandyrylan we Angliýanyň hökümdary Ýelizawetadan Hoş Umyt burnundan gündogarda ýerleşýän ähli ýurtlar bilen söwda etmäge hartiýa alan iňlis Ost-Hindistan kompaniýasy aýratyn işjeňlik görkezipdir. XVIII asyra çenli kompaniýa kenarýaka şäherlerde we Ganga derýasynyň boýlarynda birnäçe faktorilere eýe boldy. Berkitme görnüşindäki şeýle


Guru Gowind singh

faktoriler Bombeýde, Madrasda we Kalkuttada (degişlilikde Bombeý, Keramatly Georg we Wilýam fortlary) ýerleşýärdiler.

Kompaniýanyň Hindistandan äkidýän esasy harydy nah we ýüpek matalardy. Hindistandan getirilýän matalaryň möçberiniň juda giň gerime eýe bolmagy iňlis manufakturaçylarynyň uly nägileleigini döredýär. Şol sebäpden hem Angliýanyň parlamentiniň jemagat palatasy Angliýa hindi matalarynyň käbir görnüşlerini getirmekligi düýpli çäklendirýär, ýöne Ýewropanyň beýleki ýurtlaryna mata äkidilmegine welin doly erkinlik berýär. Ost-Hindistan kompaniýasy matany diňe bir Ýewropa däl, eýsem Aziýanyň we Afrikanyň ýurtlaryna hem köpçülikleýin daşap ugraýar. Kompaniýa mogol hökümdarlaryndan içerki gümrük paçlaryny tölemezlik barada hukuk alanyndan soň Hindistan bilen söwdanyň şertleri has hem ýeňleýär.

**Penjapda sikhleriň döwletiniň döremegi.** XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap Hindistanyň dürli ýerlerinde merkezi häkimiýete garşy gozlalaňlaryň sany artyp ugraýar. Patyşa Augrangzebiň öz ýapjalarynyň tabynlygyny saklamak üçin tagalla baryny edendigine garamazdan, döwletiň bölünmeginiň we onuň aýry-aýry ýerleriniň özbaşdak bolmagynyň öňüni alyp bilmändir. Merkezi häkimiýete garşy gönükdirilen gozgalaňlaryň iň ulylary Penjapda (Demirgazyk Hindistan) we Maharaştrada (Dekan) bolup geçdi.

Penjapdaky gozgalaň guru (halypa) Nanak (1469-1538) tarapyndan easalandyrylan sikhler dini akymy tarapyndan turzulypdyr. Sikhler başda asuda dindarlar bolupdyrlar. Olar sikhçilige uýýanlaryň ählisiniň deňligini ykrar edipdirler, adamlaryň kastalara bölünmegini, şeýle hem butlara çokunmaklygy, terkidünýäligi ýazgarypdyrlar. Emma XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap sikhler aýgytly herekete geçip ugraýarlar. Olaryň serdary guru Gowind Singh (1675-

1708) Beýik Mogollaryň häkimiýetini ykrar etmändir we Penjapda sikhleriň döwletini döretmegi öz öňünde maksat edip goýýar. Ol sikhçiligi indusçylygyň bir akymy bolanlygyndan aýratyn bir dine öwürýär. Ol bu diniň özboluşly däp-dessurlaryny girizip, sikhleriň ählisine öz atlarynyň yzyndan singh (arslan) lakamyny götermäge ygtyýar berýär. Öň bu lakamy diňe harby kastalaryň saýlantgy adamlary göterip bilýärdiler.

**Maharaştrada Marath döwletiniň döremegi.** Meýik Mogollaryň häkimiýetine garşy hereketler Günorta Hindistanda, hususanda, marath halkynyň ýurdy bolan Maharaştrada güýçlenipdir. XVII asyryň birinji ýarymynda marathlaryň bir bölegi Beýik Mogollaryň, ýene bir bölegi bolsa Kutubşalar we Adylşalar döwletleriniň düzüminde ýaşapdyrlar. Asyryň ikinji ýarymynda mogollaryň häkimiýetine garşy marath begzadalarynyň baştutanlygynda iri çykyşlar başlaýar. Bu çykyşlara iri jagirdaryň ogly Şiwaji Bhonsle (1627-1680) baştutanlyk edýär. Ol 19 ýaşynda söweşjeň dagly halkalaryndan ýaragly toparlary döredip Bijapura (Adylşalar) garşy çozuşlary gurap durupdyr. Haçan-da, Aurangzeb Bijapura ýöriş guranda, 1657-nji ýylda Şiwaji hem mogollara garşy urşa  başlaýar.

**BEÝIK MOGOLLARYŇ DÖWLETI XVII ASYRYŇ IKINJI ÝARYMYNDAN - XVIII ASYRYŇ BAŞLARYNA ÇENLI DÖWÜRDE**




1 - Beýik Mogollaryň döwletiniň araçäkleri (1707-nji ýyla çenli); 2 - 1686-1687-nji ýyllarda Beýik Mogollaryň döwletiniň düzümine goşulan Bijapuryň we Golkondanyň araçäkleri; 3 - 1680-nji ýyla çenli Marath döwletleriniň konfederasiýasynyň araçäkleri; 4 - Jatlaryň gozgalaňlarynyň bolup geçen ýerleri; 5 - Sikhleriň gozgalaňlarynyň bolup geçen ýerleri; 6 - Marathlaryň gozgalaňlarynyň bolup geçen ýerleri; 7 - 1738-nji ýyla çenli Marath döwletleriniň konfederasiýasynyň araçäkleri.

Şiwajiniň mogollara we adylşalara garşy uruşlary marathlaryň arasynda giň goldawa eýe bolýar. Üç ýylyň

dowamynda Şiwaji giň ýerleri eýelemegi başarýar. 1664-nji ýylda ol Surat port şäherini mogollaryň elinden alýar. Emma Aurangzeb Şiwajiniň garşysyna uly goşunlary ugradyp, ony ýaraşyk baglaşmaga mejbur edýär. 1665-nji ýylda baglaşylan şertnama görä Şiwaji eýelän ýerleriniň köp bölegini elden giderýär we mogul hökümdaryna gulluga durmaga mejbur edilýär. Emma Şiwaji gullukdan gaçýar we 1674-nji ýylda ýene-de mogollara garşy urşa başlaýar. 1674-nji ýylda Şiwaji Bhonsle dabaraly ýagdaýda başyna täç geýip, garaşsyz Marath döwletiniň hökümdaryna öwrülýär.

Marath jemgyýetiniň giň gatlaklarynyň goldawyna daýanmak üçin Şiwajy daýhanlara salynýan salgytlaryň mukdaryny iki essä golaý azaldýar, daýhan hojalyklaryny tozdurýan salgyt ýygnamak hukugyny ýatyrýar. Ol hazynany kesekileriň ýerlerine ýörişleri geçirmegiň we basylyp alnan ýerleriň ilatyny talamagyň hasabyna doldurypdyr.

Şiwaji ölenden soň Aurangzeb onuň ogluny ýeňlişe sezewar etmegi we Maharaştrany eýelemegi başarýar. Mogol hökümdary 1686-1687-nji ýyllarda Maharaştranyň goňşylary bolan Golkondany we Bijapury hem eýeleýär. Emma Maharaştranyň eýelenilmegi marathileriň mogol hökümdarlygyna garşy aýaga galmagyna getirýär. Aurangzebiň mirasdüşeri Bahadur şa (1707-1712) marathlary köşeşdirmek üçin Şiwajiniň agtygy Şahuny özüne gulluk etmek şerti bilen ýesirlikden boşadýar. Emma marath döwletinde hem häkimiýet ugrunda göreşler başlaýar. Bu göreşlerde Şahu üstün çykýar we ol kakasynyň kabulhanasy Sitarda ýerleşip, Marath döwletini dolandyryp ugraýar. Emma Marath döwletini iş ýüzünde Şahunyň adyndan peşwa (baş wezir) Balajy Wişwanath dolandyrypdyr. Ol mogol patyşalaryndan olaryň Dekandaky mülklerinden salgyt ýygnamak hukugyny satyn alýar. Aradan çykmazynyň öň ýanynda Balajy özüniň

peşwalygyny ogly Bajy Rao I-ä (1720-1740) miras galdyrmagy başarýar. Şeýlelikde, Balaji erksiz hökümdarlaryň häkimiýetinden peýdalanyp, Marath döwletinde peşwalaryň nesilşalygyny esaslandyrýar.

Bajy Raonyň dolandyran döwründe Beýik Mogollaryň döwletiniň gowşamagyndan peýdalanyp, marathiler Gujaraty, Malwany we Bundelkhandy eýeleýärler. Täze eýelenilen ýerlerden salgyt ýygnamak üçin peşwa bu ýerleri üç sany marath serkerdesiniň arasynda paýlaýar. Bu serkerdeleriň her biri özüne berlen ýeri mirasdüşer mülke öwürýärler. Şeýdip, Gujaratda – Baroda, Malwada – Indaur, Bundelkhanda – Gwalior beglikleri peýda bolýar. Bajy Rao Nagpury Bhonsle nesline berip, özi bolsa Punany alýar. Netijede peşwalaryň nesilleriniň baştutanlygynda Marath döwletleriniň kuwwatly konfederasiýasy - birleşmesi döreýär. Marathlaryň güýçlenmegi Beýik Mogollaryň kuwwatyna agyr zarba urýar.

1724-nji ýylda Beýik Mogollaryň Dekandaky dikmesi özbaşdaklygyny yglan edip, bu ýerlerde täze döwleti – Haýdarabat nyzamlygyny (beglik) döredýär. 1740-njy ýylda mogollaryň Bengaliýadaky dikmesi hem garaşsyzlygyny gazanýar, 1747-nji ýylda bolsa Aud döwleti (owganlaryň Rohilkhand döwleti) peýda bolýar.


Şiwaji Bhonsle

1739-njy ýylda Eýranyň hökümdary Nedir şanyň Hindistana ýörişleri hem Beýik Mogollaryň döwletini halys gowşadýar we ondan köp ýerleriň bölünip aýrylmagyna getirýär. 1747-nji ýylda Hindistanyň üstüne owgan hökümdary Ahmet şa Dürranynyň ýörişleri hem başlaýar. 1751-nji ýylda Ahmet şa mogollaryň elinden Penjaby alýar. Netijede Ahmet şa iş

ýüzünde Deliniň hojaýynyna öwrülýär we bu ýerde ýokary wezipelere öz tarapdarlaryny belleýär.

1758-nji ýylda marath peşwalary Penjaba ýöriş geçirip, Ahmet şanyň dikmelerini ýeňlişe sezewar edýärler. Bu waka peşwalar bilen owgan döwletiniň arasynda uruş hereketlerine getirýär. 1761-nji ýylda Deliniň golaýyndaky Panipatyň eteginde bolan söweşde Ahmet şanyň baştutanlygyndaky owgan we Demirgazyk Hindistanyň musulman häkimleriniň birleşen goşunlary marathlary aýylganç ýeňlişe sezewar edýärler.

**Hindistanda iňlis-fransuz bäsleşigi.** XVIII asyryň 40-njy ýyllarynda Angliýa bilen Fransiýanyň arasynda Hindistanda ornaşmak ugrunda ýiti göreşler başlaýar. Fransuz Ost-Hindistan kompaniýasyna (1664-1950) degişli bolan Pondişeri şäheriniň (Bengal aýlagynyň günbatar kenaryndaky port) gubernatory Dýupleks (1697-1763) hindilerden düzülen hakyna tutma sipaýi goşunlaryny döredýär. Fransuz harbylarynyň serkerdeliginde ýewropa ülňüleri esasynda tälim berlen sipaýi goşunlary, haçan-da, iňlisler fransuzlary Hindistandaky mülklerinden kowup çykarmaga synanyşyk edenlerinde, özüniň ýokary söweş endiklerini görkezýärler. Uruş tamamlanandan soň Dýupleks öz döreden goşunlarynyň güýji bilen Dekanda fransuz agalygyny ýola goýmagy maksat edinýär.

1748-nji ýylda Dýupleks Haýdarabatda we Karnatakada (Günorta Hindistanda) tutaşan häkimiýet ugrundaky göreşlere gatyşýar. Hökümdarlara beren kömekleri we çykaran çykdajylaryny ödemek üçin Dýupleks Haýdarabadyň kenar ýakasyndaky etraplaryndan (Demirgazyk Sirkar) salgyt ýygnamak hukugyny alýar. Fransuzlaryň üstünlikleri iňlisleri howsala salýar. Fransuzlaryň göreldesi bilen iňlisler hem özleriniň sipaýi goşunlaryny döredýarler we olary fransuzlaryň garşydaşlaryna ýardam etmekde ulanýarlar. 1752-nji ýylda

iňlisler Maýsuryň tagtyna öz adamsyny belleýärler. Dýupleksiň syýasaty fransuz Ost-Hindistan kompaniýasynyň ýolabaşçylarynyň nägileligini döredýär. Sebäbi onuň alyp barýan uruşlary zerarly kompaniýa uly ýitgileri çekipdir. Dýupleks yzyna çagyrylyp Fransiýa ugradylýar, onuň ýerine gelen täze gubernator kompaniýanyň isleglerini berjaý edip, iňlisler bilen ýaraşyk baglaşýar. Ylalaşyga görä fransuzlar Demirgazyk Sirkardan el çekýärler we iňlisleriň Maýsurda oturdan nawabyny (hökümdar) ykrar edýärler.

1756-njy ýylda iňlisler fort Wilýama (Kalkutta) gaçyp gelen döwlet jenaýatçysyny Bengaliýanyň nawaby Siraj ud-Döwlä bermekden boýun gaçyrýarlar. Siraj ud-Döwler söweş hereketlerine başlap iňlisleriň Kasymbazardaky faktorisini eýeleýär we ol ýerden hem Kalkutta tarap süýşüp ugraýar. Iňlis gubernatory we onuň edarasynyň gullukçylary Kalkuttany taşlap Ganga derýasynyň deňze guýýan ýerindäki adalaryň birine gaçyp gidýärler. Nawab Kalkuttany söweşsiz eýeleýär. Kalkuttanyň eýelenendigi hakyndaky habar Madrasa ýetenden soň bu ýerden Siraj ud-Döwläniň garşysyna iňlis we sipaýi goşunlary ugradylýar. Bu goşunlara Günorta Hindistanda fransuzlar bilen alnyp barlan uruşlara gatnaşyjy Robert Klaýw (1725-1774) serkerdelik edýär.


Robert Klaýw we Mir Japar

Klaýw garşylyk görmezden Kalkuttany eýeleýär. Kalkuttanyň Klaýw tarapyndan eýelenendigini eşidip, Siraj ud-Döwle hem goşunlary bilen bu ýere ugraýar. Şäheriň

eteginde söweş bolup, iki tarap hem uly ýitgileri çekýärler. Siraj ud-Döwle iňlisler bilen ylalaşmaga we iňlisleriň çykaran çykdajylaryny tölemäge, iňlis Ost-Hindistan kompaniýasyna Bengal nawablygynda gümrük pajyny tölemezden söwda etmäge razylyk bermäge mejbur bolýar.

Siraj ud-Döwle bilen gazanylan ylalaşyk Klaýwy kanagatlandyrmandyr we ol her edip, hesip edip nawaby tagtdan agdarmagy we onuň ýerine öz adamsyny goýmagy maksat edinýär. Munuň üçin ol Siraj ud-Döwläniň agasy (kakasynyň dogany) Mir Japar bilen dilleşip, nawaba garşy urşa gaýtadan başlaýar. 1757-nji ýylyň 23-nji iýunynda Plessiniň eteginde bolan söweşde Siraj ud-Döwle öz atly goşunlarynyň serkerdesi Mir Japaryň dönükligi sebäpli Klaýwyň goşunlaryndan ýeňilýär. Bengal tagtyna Mir Japar çykarylýar, Siraj ud-Döwle bolsa tiz wagtdan ele salnyp öldürilýär. Mir Japar fransuzlary Bengaliýadan kowmagy, Kalkuttanyň golaýyndaky etraplaryň birini iňlislere bermäge wada edýär. Iňlisleriň eden kömegine minnetdarlygyň alamaty hökmünde Mir Japar kompaniýa 1 million 250 müň funt-sterling sowgat berýär. Netijede Bengaliýada gazanan maliýe we maddy serişdelerini iňlis Ost-Hindistan kompaniýasy Hindistanyň günortasynda fransuzlara garşy alnyp barylýan uruşlarda peýdalanýar.

Ýedi ýyllyk urşuň (1756-1763) ahyrynda Pariž ýaraşyk şertnamasy boýunça fransuz Ost-Hindistan kompaniýasyna Hindistan bilen söwda etmäge, Pondişeri we ýene-de birnäçe şäherleri elde saklamaga ygtyýar berilýär. Muňa derek fransuzlar ähli gorag berkitmelerini ýumurmaga we Hindistanda goşun saklamazlyga borçlanýarlar.

**Iňlis Ost-Hindistan kompaniýasynyň Bengaliýadaky eden-etdilikleri.** Bengal tagtynda Mir Japary oturdylandan soň iňlisler 20 million ilatly bu ülkäniň hojaýynlaryna öwrüldiler. Kompaniýanyň gullukçylary oýnatgy nawabdan täze-täze sowgatlary talap edýärdiler. Baglaşylan ylalaşyga

görä, kompaniýa Bengaliýada söwda edýändigi üçin gümrük pajyny tölemändir. Munuň bilen hem çäklenmän kompaniýanyň gullukçylary Mir Japaryň hazynasynyň zyýanyna ýerli täjirlere hem gorag hatlaryny (*dastaki*) satýardylar. Netijede döwlet hazynasyna söwda işlerinden hiç hili girdeji gelmändir.

Iňlisleriň eden-etdilikleri Mir Japary gollandlar bilen gizlin gepleşikleri geçirmäge itekleýär. Hindistanda ornaşmagy arzuw edýän gollandlar Çinsurdaky (Ganga derýasynyň boýunda) golland faktorisine uly deňiz goşunlaryny ugradýarlar. Emma golland gämileriniň Ganganyň gollarynyň biri bolan Hugli derýasy boýunça ýokarlygyna ýüzüşi şowsuz tamamlanýar. Iňlisler gollandlary derbi-dagyn edýärler we Çinsurdaky golland faktorisiniň ýolbaşçylaryny şäheriň töwereginde berkitme gurmazlyga we goşun saklamazlyga mejbur edýärler.

1760-njy ýylda Klaýw Angliýa gidenden soň Ost-Hindistan kompaniýasynyň kalkutta geňeşi Mir Japary tagtdan agdaryp, ýerine garyndaşy Mir Kasymy oturdýar. Munuň üçin Mir Kasym kalkutta geňeşine Bengaliýanyň dört etrabyny berýär we 2 million rupiýa (200 müň funt-sterling) töleýär. Emma bir ýyl geçip geçmänkä nawab bilen kalkutta geňeşiniň arasynda oňşuksyzlyklar ýüze çykýar. Mir Kasym iňlislerden Bengaliýanyň içki işlerine gatyşmazlygy we dastakileriň satylmagynyň bes edilmegini talap edýär. Iňlisler nawabyň nägileliklerine üns bermändirler. Muňa gahar edip Mir Kasym perman kabul edip, diňe bir iňlisleriň däl, eýsem Bengaliýanyň ähli söwdagärleriniň gümrük pajyndan boşadylýandygyny yglan edýär. Kalkutta geňeşi nawabdan permanyň ýatyrylmagyny talap edýär, Patnadaky iňlis faktorisiniň baştutany bolsa şäheri basyp almaga synanyşýar. Emma nawab ony ýeňlişe sezewar edýär.

Bu waka Mir Kasymyň iňlisler bilen başlan uruşlarynyň başlangyjy boldy. Uruşda Mir Kasymy Audyň nawaby we mogol patyşasy Şah Älem II (1759-1788) goldapdyrlar. Emma 1764-nji ýylda Buksaryň eteginde bolan söweşde ýaranlar iňlislerden ýeňilýärler. Mir Kasym Delä gaçyp gidýär. Kalkuttanyň gubernatorlygyna ikilenç dolanyp gelen Klaýw mogol patyşasyny we Audyň nawabyny şertnama baglaşmaga mejbur edýär. Şertnama boýunça iňlisler Bengal nawablygyndan salgyt ýygnamaga hukuk gazanýarlar, aud nawaby bolsa kompaniýa 5 million rupiýa töläp, onuň daşyndan hem Allahabat bilen Kora etraplaryny berýär. Kompaniýanyň ygtyýar bermegi bilen Mir Japar ýene-de yzyna dolanyp gelýär.


Heýstings

1772-nji ýylda Bengaliýanyň gubernatorlygyna bellenilen Uorren Heýgstingsiň (1732-1818) döwründe iňlisler bu ýerlerden ummasyz köp girdejileri almagyň hötdesinden gelýärler. Ganga derýasynyň boýlarynda eýelenilen ýerlerde iňlisler salgyt ýygnamak hukugyny öz ellerine alýarlar. Soňra bu işi ýeňilleşdirmek maksady bilen iňlisler salgyt ýygnamak hukugyny ýerli *amillara* satýarlar. Netijede Heýstings kompaniýanyň Bengaliýadan alýan girdejileriniň mukdaryny nawabyň döwründäkiden üç esse köpeldýär. Iňlisler tarapyndan girizilen duz söwdasyna monopoliýa hem kompaniýa uly girdejileri getirýärdi. Kompaniýadan ygtyýar alynmazdan özbaşdak duz gaýnatmak ýa-da başga bir usul bilen duz öndürmeklik berk gadagan edilipdir. Öndürilen ähli duz kompaniýanyň ammarlaryna tabşyrylmaly edilýär. Heýstingsiň döwründe Bengaliýada nawabyň häkimiýeti ýatyrylyp, ol kompaniýanyň pensionerine öwrülýär.

Heýstingsiň döwründe hindi senetçileri kyn günlere sataşdyrylypdyr. Öňler senetçilik önümleri araçyllar bolan ýerli täjirlerden alynýardy. Indi kompaniýanyň özi Hindistanyň dürli ýerlerinde söwda agentliklerini döredýärdiler. Senetçileri diňe kompaniýanyň buýurmalaryny ýerine ýetirmek üçin işledýärdiler. Senetçileriň öndürýän önümleriniň başgalara satylmazlygy üçin olaryň gapdalynda ýörite sakçy goýýardylar.

Iňlisleriň eden-etdiliklere hindi halkyna juda gymmatr düşüpdir. 1757-1780-nji ýyllar aralygynda iňlisler Hindistandan 38 million funt-sterlinge barabar harytlary we altyn-kümüş äkidipdirler. Kompaniýanyň gullukçylary dürli usullar bilen ummasyz köp baýlyk toplapdyrlar. 1784-nji ýylda general-gubernatoryň wezipesinden aýrylandan soň Heýstings dürli etmişleri üçin iňlis parlamenti tarapyndan kazyýet jogapkärçiligine çekilýär.

**Iňlis kolonial dolandyryş edarasynyň döredilmegi.** Iňlisleriň Hindistany eýeläp başlamagy Angliýanyň söwda-senagat buržuaziýasy bilen Ost-Hindistan kompaniýasynyň arasynda ýiti jedelleriň döremegine getirýär. Sebäbi Angliýanyň söwda-senagat we maliýe toparlary hem özleriniň Hindistany özleşdirmäge goýberilmegini talap edýärdiler. Olaryň iňlis koroly we Ost-Hindistan kompaniýasy bilen jedelleri ylalaşyk bilen tamamlanýar. 1773-nji ýylda kanun kabul edilip, Hindistanda general-gubernatoryň wezipesi girizilýär. Kompaniýa bu wezipä dalaşgär hökmünde Heýstingsi hödürleýär. Heýstings Hindistanyň ilkinji general gubernatory boldy. Emma onuň häkimiýeti dört agzadan ybarat bolan geňeş tarapyndan çäklendirilipdir. Geňeşiň üç agzasy parlament tarapyndan bellenilip, kompaniýa bu geňeşe özüniň diňe bir adamsyny goşup bilýärdi. Geňeşiň başlygy general-gubernatoryň özi bolsa-da, ol sesleriň köplügi bilen kabul edilýän kararlara

tabyn bolmalydy. Netijede ol parlament tarapyndan bellenilýän maslahatçylaryň gözegçiginde galmaly bolupdyr.

1784-nji ýylda Uilýam Pittiň (1759-1806) iňlis hökümeti Ost-Hindistan kompaniýasynyň ygtyýarlyklaryny çäklendirýän ýene-de bir wajyp karar kabul edýär. Pittiň hökümeti parlamentde kompaniýanyň ýerlerini dolandyrmak bilen baglanyşykly kanunyň kabul edilmegini gazanýar. Kanun boýunça korolyň makullamagy bilen kompaniýanyň direktorynyň diňe öz edarasynyň gullukçylaryny bellemäge we söwda işlerine ýolbaşçylyk etmäge hukugy saklanyp galypdyr. Pittiň kanuny boýunça Hindistany dolandyrmaklyk korol tarapyndan bellenilýän alty adamdan ybarat bolan Gözegçilik geňeşiniň ygtyýaryna geçipdir.


Haýdar Aly

Hindi ýerleriniň arasynda ilkinji bolup koloniýa öwrülen Bengaliýada iňlis kazylarynyň başlyklyk etmeginde jenaýat we raýat kazyýetleri döredilýär. Bu kazylar ýerli şerigat we indus kanunçylygyna, şeýle hem general-gubernatoryň we ýerli gubernatorlaryň karalaryna esaslanyp ol ýa-da beýleki meseleler boýunça hökümleri çykarýardylar. Iňlis raýatlary ýerli jenaýat we raýat kazyýetine çekilmändirler. Olaryň işlerine welaýat ýokary kazyýetlerinde seredilýärdi.

Ost-Hindistan kompaniýasy Hindistanda sipaýi goşun bölümlerini we polisiýa edaralaryny döredipdir. Entäk Klaýwyň döwründe sipaýi goşunlary gaýtadan düzülipdir. Klaýw sipaýi goşunlaryny polklara, rotalara we wzwodlara bölüp, olary hemişelik goşunlara öwrüpdir. Sipaýi goşunlaryna daşky görnüşi boýunça iňlisleriňkä meňzeýän birmeňzeş harby lybas geýdirilipdir. Bu goşunda gulluk derejesi boýunça hak-heşdek bellenilýär. Iňlisleriň




tabynlygyndaky Bengal, Bombeý we Madras welaýatlarynyň her biriniň öz goşunlary döredilýär. Şu goşunyň kömegi bilen iňlisler Hindistany basyp almaga girişýärler.

**XVIII ikinji ýarymynda Hindistanda iňlis basybalyşlary.** Bengaliýany eýeländen soň Oat-Hindistan

kompaniýasy bütin Hindistany basyp almaga girişýär. Bu işi amala aşyrmak üçin iňlisler dürli usullary ulanýardylar. Şol usullary giň ýaýran görnüşleriniň biri-de *subsidar* şertnamalar ulgamydy. Şeýle şertnamalar bilen kompaniýa ol ýa-da beýleki hindi begliginiň ýerinde öz goşunlaryny ýerleşdirmäge hukuk alýardy. Hindi begliginiň çäginde ýerleşdirilen iňlis goşunlaryny ýerli hökümdar öz hasabyna subsidirlemäge, ýagny maliýeleşdirmäge borçlanypdyr. Şeýle düzgüniň girizilmegi ahyrky netijede begligiň kompaniýa tarapyndan doly eýelenilmegine we özbaşdaklygyň ýitirilmegine getirýärdi. XVIII asyryň ikinji ýarymynda kompaniýa subsidar şertnamalaryny Hindistanyň günortasynda Karnatakanyň nawabynyň, Haýdarabadyň nyzamynyň, demirgazykda bolsa Audyň nawabynyň boýnuna dakdy.

Iňlis basybalyjylaryna Maýsur begligi ýiti garşylyk görkezipdir. Bu begligi 1761-nji ýyldan bäri başarjaň hökümdar we ezber serkerde Haýdar Aly (1761-1782) dolandyryp gelýärdi. Haýdar Aly gowy ýaraglandyrylan hem-de tälim berlen güýçli goşun döredipdir. Ol fransuz harbylaryny göwünjeňlik bilen goşun gullugyna alypdyr. Şowly ýörişleriň netijesinde maýsurly hökümdar Marath döwletine, Haýdarabada we Karnataka degişli käbir ýerleri öz döwletiniň düzümine goşýar. Ol Günorta Hindistanyň günbatar kenarlaryna (Malabar kenary) ýöriş geçirip, Trawankuryň emirini paç tölemäge mejbur edýär.

Haýdar Alynyň güýçlenmegi iňlisleri howsala salypdyr we olar 1767-nji ýylda Maýsura garşy urşa başlaýarlar. Uruş iňlislere üstünlik getirmändir: olar Haýdar Aly bilen şertnama baglaşyp, Maýsury özleriniň ýarany hökmünde ykrar edýärler. Emma Marath döwleti Maýsura garşy urşa başlanda, iňlisler Haýdar Alyny goldamandyrlar. Ost-Hindistan kompaniýasynyň öz ýarany babatyndaky syýasaty iňlisleri Maýsuryň hakyky garşydaşyna öwürýär. Marathlar

bilen ylalaşyp, Haýdar Aly Marath peşwasy we Haýdarabadyň nyzamy bilen iňlislere garşy bileleşik döredýär. Emma hindi döwletleriniň ýaranlygy ygtybarly däldi. 1780-nji ýylda, haçan-da, iňlisler Maýsuryň üstüne çozanlarynda, Haýdar Alynyň kompaniýa tarapyndan satyn alnan ýaranlary ony goldamandyrlar.

Haýdar Aly ölenden soň iňlislere garşy azat edijilik uruşlaryny onuň ogly Tipu Soltan (1780-1799) dowam etdirýär. Iňlislere garşy uruşlarda Tipu Soltanyň tarapynda durup fransuz goşun bölümleri hem söweşipdirler. Emma Angliýa bilen Fransiýanyň arasyndaky uruşlar tamamlanandan soň fransuz goşunlary yzyna çagyrylýar. Iňlislere Tipu Soltany ýaraşyk baglaşmaga mejbur etmek başardýar. 1784-nji ýylyň şertnamasy boýunça iňlisler Karnatakadan maýsur goşunlarynyň çykarylmagyny gazanýarlar.

Kompaniýa bilen şertnama baglaşsa-da Tipu Soltan döwletiň harby kuwwatyny ünsden düşürmändir. Şertnama baglaşylandan soň iňlislere garşy uruşlarda ýardam etmeklerini sorap, ol Stambula we Pariže öz wekillerini iberýär. Emma çylşyrymly harby-syýasy ýgdaýlary başdan geçirýän Osman imperiýasy bilen Fransiýa uzakdaky musulman döwletine kömek berip bilmändirler. Tipu Soltanyň marathlary we Haýdarabady ýaranlyga yrmak bilen baglanyşykly tagallalary hem netije bermändir. Hindistanyň general-gubernatory lord Kornuollise (1786-1793) Marath döwletiniň we Haýdarabadyň Maýsuryň öňündäki ikirjiňlenmelerini kompaniýanyň peýdasyna ulanmak başardýar.

1790-njy ýylda üçünji maýsur-iňlis urşy başlaýar. Özüniň uly harby-ykdysady artykmaçlygyny peýdalanmak bilen kompaniýa Tipu Soltany ýeňlişe sezewar edýär. 1792-nji ýylyň Seringapatam şertnamasy boýunça Maýsuryň

boýnuna agyr kontribusiýa ýükläp, kompaniýa onuň ýerleriniň ýaryny eýeleýär.

Iňlis Ost-Hindistan kompaniýasy Maýsury basyp almaga gönükdirilen syýasatyndan el çekmändir. Tipu Soltan hem gideren ýerlerini gaýtaryp almak ugrunda tagalla baryny edýär. Şeýle şertlerde 1799-njy ýylda dördünji maýsur-iňlis urşy başlaýar. Emma Tipu Soltan iňlislerden ýeňilýär. Hindistanyň taryhynda milli gahryman hökmünde tanalýan Tipu Soltan paýtagty Seringapatam şäheri duşman tarapyndan zabt edilende wepat bolýar. Maýsury basyp alyp, iňlisler begligi ýatyrmandyrlar; olar Haýdar Alynyň musulman nesilşalygynyň ornuna özlerine sadyklyk bilen gulluk etmäge meýil bildiren indus nesilşalygyny getirýärler. Maýsuryň täze hökümdarynyň boýnuna kompaniýa subsidar şertnamasyny dakýar.


Tipu Soltan

1801-nji ýylda aradan çykan nawabyň iňlislere garşy duşmançylygyny bahana edip, kompaniýa Karnatakanyň ýerlerini hem öz mülklerine birikdirýär.

Marathlaryň 1761-nji ýyldaky Panipat söweşindäki ýeňlişinden, şeýle hem peşwalarynyň özara agazalalyklaryndan peýdalanyp, Ost-Hindistan kompaniýasy Marath döwletine hem zor salyp ugraýar. General-gubernator Uelsli (1798-1805) tarapyndan baştutanlyk edilýän iňlis goşunlary günortadan we Bengaliýa taraplardan hüjüm edip Maharaştrany eýeläp başlaýarlar. Bu uruşda iňlislere diňe Barody we Gwalior beglikleri ýaragly garşylyk görkezipdirler. Bu beglikler ýeňlişe sezewar edilip, olaryň boýnuna-da subsidar şertnamasy dakylýar. Iňlisler Delide oturan mogol patyşasyny hem boýun egdirip, ony

kompaniýanyň pensionerine öwürýärler. Mogol patyşasyna Delidäki köşgüni saklamaga, patyşa derejesini götermäge we köşk adamlaryny saklamaga ygtyýar berilýär. Mundan başga-da, patyşa Deliden we onuň töwereklerinden gelýän salgytlar galdyrylýar. Şeýleikde, XIX asyryň başlaryna çenli tutuş günorta Hindistan tä Delä çenli aralykda iňlisleriň eliune geçýär, Beýik Mogallaryň döwletiniň bolsa diňe ady bilen abraýy saklanyp galýar.

**Hindistanda zemindary we raýatwary düzgünleriniň girizilmegi.** 1786-njy ýylda Hindistanyň general-gubernatorlygyna bellenilen lord Kornuollis hazynany berkitmek we hindi jemgyýetinde iňlis häkimiýetlerini goldaýan durmuş toparyny döretmek maksady bilen salgyt ulgamyny kämilleşdirmäge girişýär. 1793-nji ýylda Kornuollis Bengaliýada hemişelik salgyt ulgamynyň girizilýändigi baradaky permana gol çekýär. Bu perman boýunça ýerli begzadalara we amilalara (salgyt ýygnamak hukugynyň eýeleri) ýer salgydyny tölemek şerti bilen eýeçilik hukugy (zemindary) berilýär. Ýer salgydynyň mukdary ýygnalan salgydyň 9/10 bölegi möçberinde kesgitlenilýär, özi hem ýygnalan salgydyň kompaniýa üçin tölenilmeli böleginiň mukdary hemişelik ýazylyp, onuň möçberi hiç-hili üýtgemändir. Mälim bolşy ýaly, Beýik Mogollaryň döwründe-de zemindarlar özlerine degişli ýerlerden ýygnalan hasylyň 9/10 bölegini patyşanyň hazynasyna tabşyrýardylar, emma ol hiç haçan bellige alynmandyr. Şonuň üçin hem zemindaryň özüne galýan paý azalmasa köpelmeýärdi. Täze kanuna görä, indi zemindar ekin ýerlerini giňeltmegiň, hasyllylygyň artdyrylmagynyň ýa-da başga bir usul bilen salgydyň özünde galýan böleginiň mukdaryny artdyrmaga mümkinçilik alypdyr. Şeýlelikde, hindi daýhanlary bolan raýatlaryň ýere eýeçilik hukuklary zemindarlara berilýär. Raýatyň özünde bolsa hasylyň salgytdan galan bölegi galypdyr. Goşmaça kanuna görä,

salgydyny töläp bilmedik ýagdaýynda zemindara raýatyň emlägini konfiskasiýa etmäge, türmä salmaga hukuk beripdir. Emma Bengal zemindarlarynyň hukuklary hem çäkli bolupdyr. Kompaniýa tölenilmeli salgyt üzülmese, zemindaryň ýeri konfiskasiýa edilipdir we auksiona çykarylyp satylypdyr.


Kornuollis

Madras welaýatynda daýhan ýerlerini zemindarlara bermäge edilen synanyşyk raýatlaryň çuňňur nägileligini döredipdir. Şol sebäpden hem kolonial häkimiýetleri bu ýerde eýeçiligiň *raýatwary* diýlip atlandyrylan başgarak görnüşini girizipdirler. Kompaniýa ýer salgydyny tölemek şerti bilen madrasly daýhanlara (raýatlar) hemişelik kärendeçilik hukugyny berýärler. Şunda ýer salgydynyň möçberi düme ýerlerinde öndürilýän hasylyň ýarysy, suwarymly ýerlerde bolsa 3/5 bölegi möçberinde kesgitlenilipdir, tölegiň möçberi bolsa hemişelik ýazylypdyr. Netijede raýatlar hem hasyllylygy ýokarlandyrmagyň hasabyna özlerine galýan girdejini artdyrmaga mümkinçilik alypdyrlar. Kanun boýunça ýeri işläp bejermeklik daýhanyň esasy borjy hasap edilipdir. Raýatwary ulgamyny iňlisler soňra Bombeý welaýatyna, ýagny Maharaştra bilen Gujarata-da ýaýradypdyrlar.

**XIX asyryň birinji ýarymynda iňlis basybalyşlary we halk gozgalaňlary.** Ýewropada napoleon uruşlary tamamlanandan soň Angliýa Hindistanyň basylyp alynmadyk ýerlerine garşy täze uruşlara başlaýar. 1814-nji ýylda Kompaniýa goşunlaryny Nepala garşy sürýär. Iňlisler Nepaly çaltlyk bilen basyp alarys öýdýärdiler, emma uruşlar köp serişdeleri talap etdi. Iki ýyllap dowam eden uruşlardan soň Nepalyň maharajasy ýeňlişe sezewar boldy. Maharaja paýtagt şäher Katmanduda iňlis rezidentini ýerleşdirmäge,

Gimalaý daglarynyň eteklerini bermäge we iňlis protektoratçylygyny kabul etmäge mejbur boldy.

Nepal boýun egdirilenden soň Ost-Hindistan kompaniýasy Marath döwletine garsy uruşlara täzeden başlady. Munuň üçin talaňçylyklar bilen meşgullanýan gury ýer garakçylary bolan *pindariler* meselesini bahana hökmünde ulandy. Pindarileriň peýda bolmagy iňlisleriň Hindustany (Penjap bilen Bengaliýanyň aralygyndaky ýerler) basyp almagy bilen baglanyşykly boldy. Beýik Mogollary we köp sanly ownuk döwletleri özüne tabyn edip, kompaniýa olaryň goşunlaryny dargatdy. Dargadylan goşunlaryň esgerleriniň bir bölegi öz obalaryna dolanyp gelýärler, galanlary bolsa öz serkerdeleriniň töweregine jemlenip, garakçylyk etmek ýoluna düşýärler. Sebäbi ata-baba harby iş bilen meşgullanyp gelýän esgerler, daýhançylyk etmekligi hakyky esgerler üçin masgaraçylyk diýip düşünýärdiler. Pindarileriň esasy hereket edýän sebitleri Indor begliginiň ýerleridi. Indoryň begi olary hakyna tutup, hemişelik goşun hökmünde ulanypdyr.



Elfinston

Pndariler esasan iňlislere degişli marathlaryň we rajputlaryň ýerlerini talansoňlar, kompaniýa olary tabyn etmegi we şol bir wagtyň özünde-de Maharaştrany doly eýeläp gutarmagy maksat edinýär. Pindarilere garşy uruşmak üçin kompaniýa 120 müňlük goşun jemleýär. Iňlis goşunlary bada-bat Gwalior begligini eýeleýärler. Peşwa Bajy Rao iňlisleriň maksadyna düşünip olara garşy urşa başlaýar. Peşwany Indoryň hem-de Nagpuryň begleri hem goldaýarlar. Emma 1818-nji ýylda başlanan üçünji iňlis-marath urşy marathlaryň we olaryň ýaranlarynyň ýeňlişi bilen tamamlanýar. Urşuň netijesinde iňlisleri Indor we

Nagpur begleriniň ýerleriniň ep-esli bölegini kompaniýanyň mülklerine birikdirýärler, özlerini bolsa subsidar şertnamasyny baglaşmaga mejbur edýärler. Iňlisler Bajy Raony tagtyndan hem-de köşgünden mahrum edip, Kanpuryň golaýyndaky Bithura göçürýärler we oňa ýylda 800 müň rupiýa pensiýa bellenilýär. Peşwalaryň mülki hasap edilen Maharaştra kompaniýanyň mülklerine goşulýar. Maharaştra Ost-Hindistan kompaniýasynyň Bombeý welaýatynyň bir bölegine öwrülýär.

Maharaştrany boýun egdirip kompaniýa marath begzadalary babatynda seresaply hereket edipdirler. Bombeýiň gubernatory lord Elfinston Satara we Kolhapur begliklerini Şiwajiniň nesilleriniň elinde galdyrýar, jagirdarlaryň we ynamdarlaryň hukuklaryny tassyk edýär. Elfinston Maharaştranyň ilatynyň iň täsirli gatlagy bolan brahmanlara ýüzlenip, olaryň hukuklarynyň Ost-Hindistan kompaniýasy tarapyndan hemişe goraljakdygyny ynandyrýar. Bombeý welaýatynyň iňlis gubernatory daýhanlar babatynda ýer salgydynyň azaldyp, oba arçynlaryna we mürzelerine goşmaça ýygymlary ýygnamagy gadagan edýär. Elfinston arçynlary we mürzeleri ýerli salgyt edarasynyň gullukçylaryna öwrüp, olara aýlyk belleýär, goşmaça girdeji hökmünde jemagatlardan alynýan ýer salgydynyň 10%-ni hem olaryň özünde galdyrýar.

Iňlis basybalyşlary döwründe Hindistanyň dürli ýerlerinde halk çykyşlary bolup geçýär. 1816-njy ýylda Rohilkhandyň Bareýli şäherinde gozgalaň bolup geçýär. Iňlis polisiýasyny maliýeleşdirmek üçin goşmaça salgytlaryň girizilmegi gozgalaňyň turmagyna sebäp bolýar. Iňlis polisiýasy bilen şäherlileriň arasynda çaknyşyklar başlaýar. Çaknyşykda şäheriň müftüsi Muhammet Aýwaz polisiýa işgärleri tarapyndan ýenjilýär. Mertebesine deglen mufti musulmanlary iňlislere garşy gazawada çagyrýar. Gysga wagtyň içinde 10 sany gazy ýygnanýar. Gazylar şäher

polisiýasyny we sipaýi goşunlaryny derbi-dagyn edýärler. Emma iňlisler Bareýli şäheriniň ilatynyň garşysyna hemişelik goşunlary sürip, gozgalaňy basyp ýatyrýarlar.

XIX asyryň 20-nji ýyllarynda hindistanly wahhabylaryň çykyşlary hem giň gerime eýe bolýar. Hindistana wahhabyçylygyň ýaýramagyna belli ulamalar Muhammet Ysmaýylyň we Seýit Ahmet Barelwiniň wagyzlary uly täsir edýär. Wahhabylaryň serkerdesi Seýit Ahmet iňlislere garşy jihad yglan edýär. Iňlisler onuň garşysyna goşun bölümlerini sürüpdirler. 1823-nji ýylda ol öz tarapdarlary bilen Penjabyň demirgazyk-günbatar araçägindäki Sitana gidip, şol ýerden wahhabylaryň hereketine baştutanlygyny dowam edýär. Emma 1831-nji ýylda sikhler bilen bolan çaknyşykda Seýit Ahmet wepat bolýar.

1817-1818-nji ýyllarda salgytlaryň artdyrylmagy sebäpli Orissada daýhanlar gozgalaňlary bolup geçýär. XIX asyryň 30-40-njy ýyllarynda iňlis häkimiýetleriniň eden-etdilikleri sebäpli turýan gozgalaňlaryň sany has hem köpelýär. 1838-nji ýylda Bombeý welaýatynyň Kolhapur etrabynda başlan daýhanlar gozgalaňy birnäçe ýyllap dowam edýär. 1839-1846-njy ýyllarda Bombeý welaýatynyň demirgazygynda ýaşaýan bhil taýpasy gozgalaň turuzýar. Asyryň 30-40-njy ýyllarynda Madras welaýatynda, Orissada birnäçe gozgalaňlar bolup geçdi.

**Hindistanda dolandyryş ulgamynyň mundan beýläk kämilleşdirilmegi.** XIX asyryň 30-njy ýyllarynda iňlis häkimiýetleri basylyp alnan ýerlerde dolandyryş, kazyýet we beýleki ugurlarda birnäçe özgertmeleri durmuşa geçirýärler. Bu döwürde etrap häkimleri bolan *kollektorlaryň* ygtyýarlyklary giňeldilýär. 1833-nji ýylda dürli kanunlary işläp taýýarlamak üçin Hindistanyň general-gubernatorynyň ýanynda diňe iňlis gullukçylaryndan durýan 12 adamdan ybarat maslahatçy geňeş döredilýär. Hindistanyň basylyp alnan ýerleri Ost-Hindistan kompaniýasy tarapyndan üç sany

prezidentlige (Bengal, Madras we Bombeý) bölünýär. Bengal prezidentliginiň baştutany şol bir wagtyň özünde bütin Hindistan koloniýasynyň hem general-gubernatory bolupdyr.

General-gubernator tarapyndan kabul edilýän kanunlaryň berjaý edilmegi ähli gubernatorlar üçin hökmany bolupdyr. Iňlisler az hak tölenilýän aşaky wezipelere hindi gullukçylaryny köpçülikleýin çekmek bilen döwlet çykdajylaryny ep-esli azaldypdyrlar. Kabul edilen kanunlar esasynda ähli gümrük serhetleri, içerki gümrük paçlary ýatyrylýar. Iňlis häkimiýetleri tarapyndan ýollaryň howpsuzlygy dikeldilýär, asyrlar boýy dowam edip gelen guryýer galtamanlarynyň we kellekeserleriň *thak* diýlip atlandyrylan guramasy doly ýok edilýär.

Metropoliýany azyk önümleri bilen yzygider üpjün etmek maksady bilen iňlisler çaý we kofe plantasiýalaryny döredýärler. Indigonyň we tiryegiň öndürilişini artdyrmak üçin iňlisler daýhanlara öňünden pul (awans) berýärdiler. Bu döwürde aýratyn hem tirýegiň öndürilişi artypdyr, sebäbi dünýäniiň dürli sebitlerinde tirýege bolan isleg ýokarlanýar. Gündogar ýurtlarynda tirýek hemişe-de ekilýärdi, ýöne ol haryt hökmünde bazarlarda satylamandyr: ony durmuşda derman serişdesi hökmünde ulanýardylar, şonuň üçin hem ol hiç haçan hem jemgyýetçilik durmuşynyň sagdynlygyna howp salmandyr. Emma kolonial basybalyşlar döwründe ýewropalylar tirýegiň öndürilişine monopoliýa girizip, ony bazar harydyna öwürýärler. Şeýdip tirýek söwdasy Aziýa we Afrika halklarynyň başyndan sosial kesel, hakyky betbagtçylyk bolup indi.

XIX asyryň 30-njy ýyllarynda iňlis häkimiýetleri ýer salgydynyň mukdaryny ep-esli azaldýarlar, bir ýyldan bäş ýyla çenli salgyt ýygnamakdan el çekýärler we ony otuz ýyla çenli uzaldýarlar. Salgydy öndürilen önümden däl-de, ekerançylyk ýeriň mukdaryndan alnyp başlanýar. Şunda

ekerançylyk ýerinde ekin ekilýändigi ýa-da ekilmeýändigi hasaba alynmandyr. Salgyt salnanda ýeriň hili göz öňünde tutulypdyr.

Salgyt ulgamynda täze tertibiň kabul edilmegi, salgyt salynmaýan döwürleriň girizilmegi daýhanlary höweslendiripdir. Netijede 20 ýylyň dowamynda (1835-1855) oba hojalyk önümleriniň eksporty 2 esse artypdyr. Emma hindi daýhanlarynyň aglaba köpüsi dürli sebäplere görä garyplaşypdyr. Bu döwürler birnäçe million adamynyň gyrylmagyna getiren açlyklar hem bolup geçipdir. 1832-1854-nji ýyllar aralygynda dört gezek Hindistanyň köp ýerlerini gurşap alan aýylganç açlyklar bolup geçdi.

XIX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap iňlis häkimiýetleri Hindistanyň öndüriji güýçleriniň ösüşi barada-da tagallalary edip ugrapdyrlar. Oba ýerlerinde suwaryş desgalary abatlanylypdyr, täze ýaplar gazylyp işe girizilipdir. Kompaniýa tarapyndan 600 müň ga ýerleri suwlandyrmaga ukyply bolan Ganga kanaly gurulýar. Kolonial häkimiýetleri çagyl ýollaryň we telegraf ulgamlarynyň gurluşygyna-da uly ähmiýet beripdirler. 1855-nji ýylda gurlup gutaran telegraf ulgamy Hindistan koloniasynyň paýtagty Kalkuttany demirgazyk-günbatarda Agra hem-de Attok, günortada we günbatarda bolsa Madras hem-de Bombeý bilen baglanyşdyrypdyr. 1856-njy ýylda uzynlygy 600 km bolan demir ýol hem gurlup ulanylmaga berilýär.

Hindistany 1848-1856-njy ýyllarda dolandyran lord Dalhuzi (1812-1860) iňlisleriň tabynlygyndaky ownuk hindi döwletleriniň hökümdarlarynyň mülklerini ellerinden alyp başlaýar. Ol Aud (1856), Satara (1853), Nagpur (1853), Jhansi (1853) begliklerini, Berar welaýatyny (1853) ýatyrýar. Dalhuzi hindi hökümdarlaryny ogul zurýatlary bolmadyk halatynda, ogullyk almagy gadagan edýär we olaryň ýerlerini kompaniýanyň mülkleriniň düzümine goşýar.

## § 17. Ost-Hindistan kompaniýasy tarapyndan Hindistanyň basylyp alynmagynyň tamamlanmagy we 1857-1859-njy ýyllaryň halk azat edijilik gozgalaňy

**Demirgazyk Hindistanyň demirgazyk-günbatar welaýatlarynyň we sikhleriň döwletiniň basylyp alynmagy.** XIX asyryň başlarynda Ost-Hindistan kompaniýasy Sindiň[1] musulman emirleri we sikhleriň döwleti bilen aragatnaşygy ýola goýýarlar. 1832-nji ýylda iňlisler Hind derýasy boýunça haryt äkitmäge hukuk berýän şertnamany Sindiň emirleriniň boýnuna dakýarlar, 1838-nji ýylda bolsa emirler öz ýerlerinde iňlis rezidentleriniň ýerleşdirilmegine razylyk berýärler. Şol ýyl iňlisler Owganystanyň üstüne çozmak bahanasy bilen Sinde goşunlaryny salýarlar. Emma 1839-1842-nji ýyllaryň urşunda iňlisler Owganystany basyp alyp bilmediler. Iňlis-owgan urşy tamamlanandan soň emirler goşunlaryň çykarylmagyny talap edýärler. Netijede Sind bilen kompaniýanyň arasynda uruşlar başlap, 1843-nji ýylda bu ýerler iňlisler tarapyndan basylyp alynýar.

Sind basylyp alnandan soň iňlisler Penjapdaky sikhleriň döwletine garşy urşa başlaýarlar. XVIII asyryň 60-njy ýyllarynda dörän Sikh döwleti öz düzüminde Penjabyň 12 sany ownuk sikh döwletlerini birleşdirýän özboluşly konfederasiýady. XIX asyryň 20-nji ýyllarynda başarjaň serkerdeliriň biri bolan Ranjit Sing sikh döwletlerini bir bitewi döwlete birleşdirýär. Ol ýewropaly serkerdeleriň kömegi bilen gowy ýaraglandyrylan we tälim berlen söweşe ukyply goşun döredýär. Ranjit Singh öz goşunlary bilen sebitdäki musulman döwletlerine garşy talaňçylykly ýörişleri hem geçirýärdi. 1818-1823-nji ýyllarda ol Multany,

---

[1] Hind derýasynyň aşak akymlary. Häzir Päkistan Yslam respublikasynyň Sind welaýaty.

Kaşmiri we Peşawary basyp alýar. Ol owgan döwletine garşy alnyp barlan basybalyjylykly uruşda iňlislere ýardam beripdir.

1839-njy ýylda Ranjit Sing ölenden soň sikh döwletinde häkimiýet ugrunda özara uruşlar başlaýar. Bu uruşlaryň netijesinde Lahor tagtynda alty sany hökümdar çalyşýar. Mundan Ost-Hindistan kompaniýasy peýdalanýar we sikhlere garşy urşa başlaýar. 1846-njy ýylyň fewralynda Sobraonyň eteginde bolan söweşde penjaply esgerleriň gazaply garşylyk görkezendigine garamazdan sikhler agyr ýeňlişe sezewar edilýär. Kompaniýanyň goşunlary sikhleriň paýtagty Lahora girýärler. Penjapda ýeleşýän sikh hökümetiniň boýnuna subsidar şertnamsy dakylyp, bu ýerde kompaniýanyň rezidenti ýerleşdirilýär. Sikhleriň abat galan käbir goşun bölümleri we göwünlerine deglen sikh begzdalary gozgalaň turuzýarlar. 1848-nji ýylda ikinji iňlis-sikh urşy başlaýar. Bu uruş 1849-njy ýylda sikhleriň ýeňilmegi, Penjabyň kompaniýanyň mülkleriniň düzümine goşulmagy bilen tamamlanýar. Şeýlelikde, Hindistan özüniň bütin geografiki çäklerinde iňlisler tarapyndan doly basylyp alynýar.



Ram Mohan Roý

**Hindistanda ýewropa bilimini alan intelligent gatlagynyň döremegi.** Eýýäm XIX asyryň başlarynda Hindistanda ýerli intelligensiýa gatlagy peýda bolup başlady. Şeýle gatlak iňlisler tarapyndan hindi ýerleriniň içinde ilkinji bolup eýelenilen Bengaliýa ýurdunda kemala geldi. Bu ýerleriň iri zemindarlary, iňlisler bilen gatnaşykda bolan söwdagär toparlary ýewropa medeniýeti bilen tanşyp başlaýarlar. Olaryň özleri, çagalary iňlis dilini, ýewropa medeniýetini, Angliýanyň taryhyny, edebiýatyny, syýasy we

döwlet gurluşyny öwrenýärdiler. Ost-Hindistan kompaniýasy bengallary ýewropa medeniýetine çekmek üçin iňlis dilinde okadylýan mekdepleriň ulgamyny döredyärdi.

1857-nji ýylda Kalkuttada Hindu kolleji, 1828-nji ýylda bolsa Bombeýde Elfinston kolleji açylýar. 1836-njy ýylda Kalkuttada we onuň töwereklerinde 25 sany mekdepler bolup, olarda iňlis we bengal dilleri bilen bir hatarda, Ýewropanyň taryhyny, geografiýasyny, matematikany, astronomiýany, fizikany, himiýany we hatda käbir senetleri hem öwredipdirler. XIX asyryň 50-nji ýyllarynda ilkinji uniwersitetler hem açylyp ugraýar. 1857-nji ýylda Kalkutta, Bombeý we Madras uniwersitetleri işe başlaýar. Uniwersitetlerde okuwlar iňlis dilinde alnyp barlypdyr. Ýerli diller diňe başlangyç mekdeplerde öwredilýärdi.

Ýurduň bilim ulgamynynda geçirilen şeýle işler öz netijesini beripdir. Hindileriň arasyndan giň dünýägaraýyşly, ýokary medeniýetli we watançy adamlar peýda bolup başlady. Şeýle adamlaryň biri-de bengal milletiniň wekili, iri zemindaryň ogly Ram Mohan Roý (1772-1833) bolupdy. Ol nusgawy indus we musulman bilimlerini alypdyr, bengal we iňlis dillerinden başga-da arap, pars, grek we gadymy ýewreý dillerini hem suwara öwrenipdir. 1814-nji ýylda Ram Mohan Roý salgyt gullugy edarasyndaky wezipesini taşlap, galan ömrüni magaryfçylyk we jemgyýetçilik-syýasy işlerine bagyş edýär. 1815-nji ýylda ol «Atmiýa sabha» (Ruhy ýygnak) jemgyýetini esaslandyrýar. 1821-nji ýylda Ram Mohan Roý birbada bengal we pars dillerinde gazetleri neşir edip ugraýar. Bu gazetleriň sahypalarynda ol sowatsyzlyga, medeni we ruhy garyplyga garşy çykyş edipdir, aýal-gyzlaryň deňligini wagyz edipdir.

1828-nji ýylda Ram Mohan Roý «Brahmo samaj» (Brahma jemgyýeti) jemgyýetini esaslandyrýar. Bu jemgyýet onuň reformatorçylyk, magaryfçylyk we

jemgyýetçilik garaýyşlaryny wagyz edýän gurama öwrülýär. 1832-nji ýylda ol Hindistanyň bähbitlerini goramak üçin Angliýa gidýär. Ol indusçylyk däpleriniň gadagan edýändigine garamazdan, ilkinji bolup öz ýurdunyň çäginden çykyp bilen adamdyr. Ram Mohan Roý Angliýada bolýan mahaly aradan çykýar we Bristol şäherinde jaýlanýar.

**1857-1859-njy ýyllaryň gozgalaňynyň başlamagy.** 1857-nji ýylda Demirgazyk Hindistanda iňlis agalygyna garşy ägirt uly halk gozgalaňy turýar. Bu gozgalaňyň esasy sebäbi ýüz ýyldan hem gowrak wagt bäri dowam edip gelýän iňlis agalygy bilen aýrylmaz baglanyşyklydy. Iňlis çeşmeleriniň berýän maglumatlaryna görä, 1852-1857-nji ýyllarda iňlis häkimiýetleri Hindistanda iki müň sany jagirleri we ynamlary konfiskasiýa edipdirler, köp sanly ownukly-irili beglikleri ýatyrypdyrlar. Munuň özi hindi jemgyýetiniň ýokary gatlaklarynda, iňlis protektoratçylyk düzgüni girizilen ýa-da iňlisler bilen subsidar şertnamasyny baglaşan köp sanly döwletleriň hökümdarlarynyň arasynda uly howsala döredipdir. Iňlis häkimiýetlerinden ähli ygtyýarlyklaryny elden gideren Beýik Mogol patyşasy hem nägiledi.


Bahadur şa

Gozgalaňy Biharyň, demirgazyk-günbatar welaýatlaryň we Audyň ilatyndan jemlenen Bengal sipaýi goşunlary başlady. Bengal goşunlarynda musulmanlar bilen bir hatarda, induslaryň brahman we kşatri (rajput) kastalarynyň wekilleri hem köp bolupdyr. Iňlis serkerdeleri tarapyndan dolandyrylýan sipaýi goşunlarynda berk tertip-düzgünler saklanylypdyr. Pes jynsyň wekilleri hökmünde olar häli-şindi kemsidipdirler, olary öz islegleriniň garşysyna

Hindistanyň çäginden daşaryk äkidipdirler. Hindistanyň çäginden çykmaklyk bolsa indusçylyk däpleri boýunça barypýatan günä hasaplanylýardy. Haçan-da, sipaýi goşunlary täze tüpeňler bilen ýaraglandyrylanda, esgerleriň arasynda, hamana, täze peşeňleriň daşyna doňuz we sygyr ýagynyň çalnandygy barada myş-myşlar ýaýraýar. Munuň özi musulman we indus esgerleriniň dini ynançlarynyň äsgermezçilik edilmegidi. Ine şu myş-myşlar hem gozgalaňyň başlamagyna bahana bolýar.

1857-nji ýylyň 10-njy maýynda Deliniň golaýyndaky Mirut şäherinde ýerleşýän üç sany sipaýi polkunyň esgerleri gozgalaňa başlaýarlar. Şäher ilatynyň ýardam bermeginde sipaýiler iňlis emeldarlaryny we serkerdelerini öldürip, hökümet edaralaryny dargydýarlar, şäher türmesindäki bendileri boşadýarlar. Olar Delä tarap ugraýarlar we 11-nji mayday säher cagy bu ýerdäki sipaýi goşunlary bilen birleşip şäheri eýeleýärler. Delidäki ähli iňlis raýatlarynyň ele salnanlary öldürilýär. Gowy berkidilen şäher we onuň gorhanasy (arsenal) gozgalaňçylaryň eline geçýär.

Gozgalaňçylar Bahadur şanyň, onuň ogullarynyň, köşk adamlarynyň oturýan kösgini eýeläp, patyşany bütin hindi halkyny iňlislere garşy gozgalaňa çagyrýan ýüzlenmä gol çekdirýärler. Tiz wagtdan gozgalaňlar Demirgazyk Hindistandaky sipaýi polklarynyň köpüsini gurşap alýar. Iňlislere garşy gozgalaňa şäherleriň, obalaryň ilaty hem aýaga galýarlar. Bir aýyň dowamynda Deliden Patna çenli aralykdaky ähli ýerler gozgalaňçylaryň eline geçýär.


Nana Sahib

Bengal sipaýi goşunlarynyň Penjapda ýerleşýän polklary iňlis polklary tarapyndan haýal edilmän ýaragsyzlandyrylýar.

Ýaraglary alnyp ýetişilmedik sipaýi polklarynyň gozgalaňyny bolsa ýerli halk goldamandyr. Sebäbi iňlis agalygynyň ýola goýlanyndan bäri geçen bary-ýogy sekiz ýylyň içinde Penjabyň ilaty şindi iňlis agalygynyň jebrini görüp ýetişmändi. Şonuň üçin hem bu ýerdäki çykyşlar iňlisler tarapyndan haýal edilmän basylyp ýatyrylýar.

Käbir kömekçi goşun bölümleriniň çykyşlary bolaýmasa, Madras we Bombeý welaýatlaryndaky sipaýi goşunlary, umuman alnanda, iňlislere wepaly bolup galypdyrlar. Şonuň üçin hem bu ýerdäki çykyşlary hem iňlisler ýeňillik bilen basyp ýatyrýarlar. Sipaýileriň gozgalaň turuzmandyklary üçin Madras we Bombeý welaýatlarynyň ilaty hem parahat oturypdyr. Ýagdaý şeýle bolansoň iňlislere garşy gozgalaňyň ähli kynçylykary Bengal sipaýi goşunlarynyň we Ganga derýasynyň boýlarynda ýaşaýan ilatyň gerdenine düşdi. Bu ýerlerde gozgalaňyň birnäçe özbaşdak hereket edýän merkezleri peýda bolup, olaryň esasysy Deli we onuň törekelerindäki ýerlerdi. Gozgalaňyň ikinji bir merkezinde ýolbaşçylygy Bajy Rao II-niň ogullygy Nana Sahib öz eline aldy. Audda öňki begiň dul aýaly 1856-njy ýylda iňlisler tarapyndan ýatyrylan begligiň dikeldilýändigini yglan etdi.

**Beýik Mogollaryň döwletiniň dikeldilmegi.** Mogol hökümdary Bahadur şanyň (1837-1857) häkimiýeti dikeldilenden soň Hekim Ahsanullanyň baştutanlygynda hökümet döredilýär. Mogol goşunlarynyň baş serkerdeligine patyşanyň ogly Mürze Mogol, beýleki şazadalar bolsa goşun bölümleriniň serkerdeligine bellenilýär. Emma Mürze Mogol öz üstüne ýüklenilen wezipelere kynlyk bilen hötde gelýärdi, sebäbi 150 müň şäher ilatyny, 30 müňlük sipaýi goşunlaryny zerur zatlar bilen üpjün etmek juda kyn düşýärdi. Üstesine-de, Deliden 185 km daşlykda ýerleşýän Ambaladan iňlis goşunlary süýşüp geldi. Olaryň garşysyna ugradylan sipaýi goşunlary derbi-dagyn edilip Delä çekildi.

Iňlis goşunlary bolsa Penjaba gidýän ýoluň ugrunda berkleşdiler.

Rohilkhanddan Bagt hanyň baştutanlygyndaky gozgalaňçy goşunlar Delä gelenden soň Bahadur şanyň ýagdaýy birneme ýeňilleşdi. Bagt hanyň baştutanlygynda 10 adamdan durýan dolandyryş edarasy döredilip, olaryň 6-sy sipaýi goşunlaryň, 4-si bolsa şäher ilatynyň wekilleridi. Bu edara Delide harby, dolandyryş we kazyýet işlerini amala aşyrýardy. Emma Delide ýagdaý gün-günden kynlaşýardy: azyk harytlarynyň, ýaraglaryň, ok-däriniň ýiti ýetmezçiligi duýulýardy. Şeýle şertlerde sipaýi goşunlary şäheri taşlap gidip ugradylar we 40 müňlik sipaýi goşunlaryndan şäherde diňe 11-12 müňüsi galdy. Bahadur şa Hindistanyň ownuk beglikleriniň hökümdarlaryna, ýerli han-beglerine iňlislere garşy göreşe aýaga galmaga yzly-yzyna çagyryş bilen ýüzlenýärdi. Emma Hindistanyň hiç bir ýerinden Delä kömek gelmändir.

1857-nji ýylyň sentýabrynda iňlisler Delini zabt edip ugradylar we birnäçe günläp dowam eden köçe söweşlerinden soň 19-njy sentýabrda şäheri eýelediler. Müňlerçe şäher ilaty, şol sanda garrylar, aýallar, çagalar ýeňijiler tarapyndan öldürilýär. Bahadur şa Bagt han bilen şäherden çykyp gitmekden boýun gaçyrýar we iňlislere ýesir düşýär. Iňlisler bilen söweşlerde ähli ogullaryny gurban beren Bahadur şa Birmanyň (häzir Mýanma) paýtagty Ranguna (häzir Ýangon) sürgün edilýär we şol ýerde-de 1862-nji ýylda aradan çykýar.

**Kanpurdaky gozgalaň.** 1857-nji ýylyň 4-nji iýunynda Ganga derýasynyň boýundaky Kanpur şäherinde ýerleşýän sipaýyi goşunlary gozgalaň turuzdylar. Gozgalaňa iňlisler tarapyndan peşwanyň mirasdüşerliginden we degişli pensiýadan mahrum edilen Nana Sahib serkerdelik edýärdi. Gozgalaňçylar çaltlyk bilen şäheri eýelediler we şäher gospitalynda gizlenen uly bolmadyk iňlis goşun bölümini

gabawa aldylar. Bu ýerdäki iňlis goşunlary ýigrimi günläp garşylyk görkezenlerinden soň boýun egýärler. Nana Sahib iňlislere Kanpurdan çykyp gitmäge ygtyýar berýär, emma Ganganyň boýunda şäher adamlary olaryň üstüne çozup, aýallardan, çagalardan galanlaryny öldürýärler.

Kanpurda gozgalaňçylar tarapyndan Nana Sahibiň baştutanlygynda ýerli dolandyryş edarasyny döredýärler. Ýöne ýolbaşçylyk esasan onuň ýakyn maslahatçysy Azimulla tarapyndan amala aşyrylypdyr. Azimulla Nana Sahibiň ynanylan adamsy bolupdyr. Ol 1854-nji ýylda Nana Sahibiň tabşyrygy boýunça Londona gidip, hojaýynynyň peşwalyga we pensiýa almaga bolan hukugyny talap edipdir. Emma iňlis hökümeti bu talaplary esassyz diýip tapýar. Londandan yzyna dolanyp gelýärkä Azimulla Stambula sowlup, azat edijilik urşunda kömek bermegini sorap türk soltanyna ýüz tutýar.

Nana Sahibiň görnükli serkerdeleriniň biri-de onuň çagalyk dosty, Bajy Rao II-niň köşgünde ösüp ulalan Tantiýa Topi (1814-1859) bolupdyr. Kanpurdaky gozgalaňyň esasy baştutanlary Nana Sahibiň we Tantiýa Topiniň doganlary we beýleki serkerdeler bolupdyrlar. Olar şäherde asudalygy we tertip-düzgüni ýola goýupdyrlar. Ýöne wagtyň geçmegi bilen şäheri we goşunlary azyk önümleri bilen üpjün etmekde kynçylyklar ýüze çykyp ugraýar. Şonuň üçin hem bu çykdajylary ödemek üçin şäher täjirlerine salgyt salnyp başlaýar. Üstesine-de, 1857-nji ýylyň 30-njy iýulynda Nana Sahib Kanpurdan gidip, özüniň Bithurdaky köşgünde dabaraly ýadaýda başyna peşwanyň täjini geýýär. Gozgalaňçy serdaryň uruşlar gidýän döwri şeýle çäreleri geçirmegi köpleriň göwnünden turmandyr.


Tantiýa Topi

General-gubernator Kanning gozgalaň başlan badyna Madrasdan, Bombeýden we Birmadan goşunlaryň iberilmegini gazanýar. Hytaýa iberilen iňlis gämileri haýal edilmän Hindistanyň kenarlaryna dolanyp gelýärler. Eýrandaky goşunlar hem bu ýere ugradylýar.

Iýun aýynyň başlarynda general Niliň serkerdeligindäki iňlis goşunlary Benaresi eýeläp, bu ýerdäki sipaýyilerden rehimsiz öç alýar. Birnäçe günden soň iňlis goşunlary Allahabada tarap ugraýarlar. Allahabatdaky gozgalaň 1857-nji ýylyň iýun aýynyň 6-syndan 7-sine geçilýän gije başlapdy. Gozgalaňa wahhabylaryň ýolbaşçysy Liakat Aly baştutanlyk edýär. 11-nji iýunda Allahabat iňlisler tarapyndan eýelenilip, şäher ilaty we şäheriň etegindäki obalar aýylganç talaňçylyklara sezewar edilýär. Iňlis goşunlarynyň rehimsizligi sebäpli gozgalaňyň has giň gerime eýe bolmagyndan gorkup, Henning general Nili yzyna çagyrmaga we onuň ornuna general Hewlogy ibermäge mejbur bolýar. Emma ol hem rehimsizlikde Nilden pes oturmandyr.

Nana Sahib general Hewlogyň jeza beriji goşunlaryna garşy gozgalaňçylaryň toplar bilen güýçlendirilen uly toparyny ugradýar. Emma Fatehpurda ol goşunlar ýeňlişe sezawar edilip, Kanpura tarap yza çekilýärler. Üç günden soň şäheriň etegine Hewlogyň goşunlary süýşüp gelýär. Ýiti garşylyk görkezilendigine garamazdan Kanpurdaky gozgalaňçylar derbi-dagyn edilýär we ilki Bithura, ol ýerden hem Auda tarap yza çekilýärler. Kanpurdan gidilmeziniň öňisyrasy 27-nji iýunda gozgalaňçylar girewine alnan iňlis aýallaryny we çagalaryny Ganga derýasyna gark edip öldürýärler. Gozgalaňçylaryň harby-strategiki zerurlygy

bolmadyk bu gabahat hereketi iňlisleriň gahar-gazabyny öňküden hem güýçlendiripdir we soňraky söweşlerde jeza beriji goşunlar ýerli halka rehim-şepagat etmändirler. Kanpurdan soň Hewlok Audyň merkezi Lakhnauda gabawda ýatan iňlis goşunlaryny halas etmek üçin aýgytly hüjüme geçýär.

**Auddaky gozgalaň.** Auddaky gozgalaň sipaýileriň Mirutdaky gozgalaňyndan has öň turýar. 1857-nji ýylyň ýanwarynda bu ýere Möwlewi Ahmedulla atly din wekili gelip, halky iňlislere garşy mukaddes söweşe çagyrýar. Ahmedullanyň garşysyna polisiýa bölümleri ugradylyp, onuň gozgalaňçy topary derbi-dagyn edilýär. Onuň özüni iňlisler ölüm jezasyna hokum edýärler. Emma onuň bagtyna 7-nji iýunda Lakhnauda sipaýileriň gozgalaňy başlaýar. Şäherde kämillik ýaşyna ýetmedik nawabyň ejesiniň baştutanlygynda hökümet düzülýär. Audyň paýtagtyna gozgalaňçy goşunlary bilen Ahmedulla hem gelýär.



Rani Lakşmi Baý

27-nji iýulda 1700 sany iňlis esgeri we 10 sany topy bilen general Hewlok Kanpurdan Lakhnaua tarap ugraýar. Emma Aud begliginiň çägine girende iňlislere berk garşylyk görkezilipdir. Şol sebäpden ol esgerleriniň ep-esli bölegini ýitirip yza çekilýär. Bu wagt Nana Sahib Bithurda, Tantiýa Topiniň goşunlary bolsa  Kalpide ýerleşipdir. Hewlok Tantiýa Topiniň hüjümlerini yzyna serpikdirmegi, Nana Sahibi bolsa Bithurdan gysyp çykarmagy başarýar. Sentýabryň ahyrlarynda general Hewlok Lakhnauda gabawda ýatan iňlis bölümleri bilen birleşýär.

Auddaky gozgalaňy basyp ýatyrmak wezipesi Angliýadan ýörite iberilen general Kolin Kempbeliň üstüne

ýüklenilýär. Baş serkerde Kempbeliň goşunlarynyň Auda ýetip gelýändigini eşidip, Tantiýa Topi ýene-de Kanpuryň eteginde peýda bolup, bu ýerde galdyrylan general Uindamy ýeňlişe sezewar edýär. Emma Kanpura ýetip gelen Kempbeliň goşunlary Tantiýa Topini Kalpi şäherine yza çekilmäge mejbur edýär. Iňlisler Kempbeliň goşunlaryny güýçlendiripdirler. 1858-nji ýylyň 23-nji fewralynda 30-müňlük goşun bilen Kempbel Auda ugraýar. Uzaga çeken gandöküşikli söweşlerden soň 19-njy martda Kempbel Lakhnau şäherini kynlyk bilen eýeleýär. Aud beginiň dul aýaly we Ahmedulla aman galan goşunlary bilen Rohilkhanda ugraýarlar. Bu ýerde Nana Sahibiň we Bagt hanyň goşunlary hem ýygnanypdyr.

Lakhnau eýelenilenden soň sipaýi goşunlary esasy daýanç nokatlaryny elden giderýärler. Gozgalaňyň taryhynda gaça uruşlaryň döwri başlaýar. Ahmedullanyň goşunlary indi Rohilkhanda hüjüm edýän iňlis goşunlary bilen gaça uruşlary alyp barýardy. Emma 1858-nji ýylyň 5-nji iýunynda ol iňlislere satylan raja Pawana tarapyndan haýynlyk bilen öldürilýär.

**Lakşmi Baýyň baştutanlygyndaky gozgalaň. Gozgalaňyn basylyp ýatyrylmagy.** Jhansi begliginde sipaýileriň gozgalaňy 1857-nji ýylyň iýunynda başlaýar. Olar şäherdäki iňlisleri ýok edip Delä gidýärler. Paýtagty hem Jhansi diýlip atlandyrylýan bu beglikde häkimiýeti begiň dul galan aýaly rani Lakşmi Baý öz eline alýar. Jhansiniň garşysyna general Rouzyň baştutanlygyndaky jeza beriji goşunlar iberilýär. Halk goldawyna eýe bolan hökümdar zenan haýal etmän şäheriň goragyny ýola goýýar. 1858-nji ýylyň 31-nji martynda Rouz Jhansini zabt edip ugraýar.

Jhansiniň gabalandygy hakyndaky habary eşidip Tantiýa Topi goşunlary bilen bu ýere ugraýar. Emma Tantiýa Topi bu ýere gelýänçä iňlisler şäheriň goragçylarynyň ysgynyny

gaçyrypdyrlar. Şol sebäpden hem olar Rouzyň goşunlaryna garşy urşa başlan Tantiýa Topini goldap bilmändirler. Netijede Tantiýa Topi söweşde ýeňlip, ýene-de Kalpi şäherine yza çekilmäge mejbur bolýar. Lakşmi Baý hem özüniň az sanly janpenalary bilen şäherden çykyp gidýär we soňra Tantiýa Topi bilen birleşýär. Lakşmi Baý Tantiýa Topiniň atly goşunlaryna serkerdelik etmek bilen Merkezi Hindistanda alnyp barlan köp sanly sööweşlere gatnaşýar. 1858-nji ýylyň 18-nji iýunynda Gwalioryň eteginde general Rouzyň goşunlary bilen alnyp barlan gandöküşikli söweşde rani Lakşmi Baý wepat bolýar.


Gozgalaüçylaryň jezalandyrylyşy

Gwalioryň etegindäki söweşde ýeňlişe sezewar bolandan soň Tantiýa Topi göreşi dowam etdirmek maksady bilen yza çekilýär. Ol Bundelkhanda we Rajputanda iňlislere garşy birnäçe üstünlikli ýörişleri geçirýär. Bu döwürde gozgalaňlaryň serdarlary ýa söweşlerde wepat bolupdylar, ýa-da iňlisler tarapyndan ýesir alnyp, jezalandyrylyp öldürilipdi. Diňe Audyň beginiň dul aýalyna Nepala gaçyp gitmeklik başardypdyr. Nana Sahib iňlislere ýesir düşmegiň ýollaryny gözläpdir, emma iňlisler teklip edilýän şertler bilen ony ýesir almakdan boýun gaçyrýarlar. Şol sebäpden hem gozgalaňçy serdar nobatdaky söweşleriň birinde Nepalyň serhedindäki jeňňelliklerde wepat bolýar.

1859-njy ýylyň başlarynda Tantiýa Topi gaça uruşlar bilen Maharaştra gelýär we ýerli halky gozgalaň turuzmaga synanyşýar. Emma marathlary aýaga galdyrmak oňa başartmaýar. Tantiýa Topi ýene-de demirgazyga gidýär. Emma 1859-njy ýylyň 7-nji aprelinde bir zemindar ony iňlislere tutup berýär. 18-nji aprelde halk gozgalaňynyň

serdary iňlisler tarapyndan kazyýet jogapkärçiligine çekilip dardan asylýar. Tantiýa Topiniň ölümi bilen hindi halkynyň iňlis kolonizatorlaryna garşy azat edijilik urşy hem tamamlanýar.

# II BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY XIX ASYRYŇ AHYRLARYNDA - XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA

## § 1. XIX asyryň ikinji ýarymynda Eýranyň ýarym kolonial döwlete öwrülmegi

**1856-1857-nji ýyllaryň iňlis-eýran urşy.** XIX asyryň birinji ýarymynda bolup geçen harby-syýasy wakalar Eýranyň mundan beýläkki ösüşine ýaramaz täsir etdi. Asyryň birinji çärýeginiň rus-eýran, eýran-türk uruşlary, 1837-1841-nji ýyllarda Hyradyň üstünde dörän iňlis-eýran dawalary Eýrany halys gowşatdy. Russiýa we Angliýa tarapyndan Eýranyň boýnuna dakylan adalatsyz şertnamalar Eýrany tabyn ýurda öwürdi.

XIX asyryň 50-nji ýyllarynda Eýranyň Angliýa bilen gatnaşyklary ýene-de dartgynly ýagdaýa eýe boldy. Döwletleriň arasyndaky gatnaşyklaryň ýitileşmegine-de ýene-de Hyrat meselesi sebäp boldy. Indi köp wagt bäri özbaşdaklygyny saklap gelýän Hyrat hanlygyny Eýran özüne tabyn etmek isleýärdi. Emma bu hanlyga Merkezi Aziýa ýurtlaryna aralaşmaga, Eýrany we Owganystany öz täsirine salmaga çalyşýan Angliýa hem uly gyzyklanma bildirýärdi.

1853-nji ýylyň 25-nji ýanwarynda Eýranyň sadr-azamy (baş wezir), eger-de, Angliýa Hyrat hanlygynyň içerki işine

gatyşmakdan el çekse, Eýranyň hem bu meselä goşulmajakdygy barada Angliýanyň hökümetini hat üsti bilen habardar etdi. Emma Krym urşunyň başlamagy bilen Angliýa bilen Russiýanyň arasynda ýüze çykan gapma-garşylyklary peýdalanyp, Eýran Hyrat meselesine ýene-de uly gyzyklanma bildirip ugrady. Şu maksat bilen 1853-nji ýylyň iýulynda Eýran Russiýa bilen harby ýaranlyk baglaşmak barada gepleşikleri geçirip ugrady. Emma Angliýanyň hem-de Fransiýanyň zor salmaklary netijesinde Russiýa Eýran bilen ýaranlyk baglaşmakdan ýüz öwürdi. Muňa garamazdan, Eýran Angliýanyň Krym urşy bilen gümralygyndan peýdalanmagy we Hyradyň Dost Muhammet han tarapyndan eýelenilmegine ýol bermezligi karar edýär.

1855-nji ýylyň ahyrlarynda eýran goşunlarynyň Hyrada garşy ýörişleriniň öňüni alyp bilmejegine göz ýetirip, Tährandaky iňlis wekili Merreý Angliýa bilen Eýranyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň kesilýändigini yglan edýär. Netijede 1856-njy ýylyň başlarynda eýran goşunlary Maşatdan çykyp Hyrada tarap ugraýar. 1856-njy ýylyň maý aýynda eýran goşunlary şäheri gabawa alyp, uzak gabawdan soň 26-njy oktýabrda Hyrady eýelediler.


Nasyreddin şa

1856-njy ýylyň 1-nji noýabrynda iňlisler Eýrana garşy urşa başladylar. Pars aýlagynda iňlis deňiz goşunlary peýda bolup, 4-nji dekabrda Harg adasy, 10-njy dekabrda bolsa Buşir porty eýelenilýär. 1857-nji ýylyň fewralynda iňlis goşunlary Buşirden Borazjana tarap ugraýarlar. 1857-nji ýylyň 8-nji

fewralynda Huşabyň eteginde bolan söweşden soň iňlisler yzyna dolanýarlar. Munuň hem sebäbi iňlisler Karun derýasynyň boýlaryna hüjüm etmegi meýilleşdirýärler. 1857-nji ýylyň mart aýynyň ahyrlarynda iňlisler Muhammeri (häzir Horremşehr) eýeleýärler we Karun derýasy boýunça ýokarlygyna ýüzüp ugraýarlar. 1-nji aprelde iňlisler Ahwaz şäherini hem eýelediler. Emma tiz wagtdan Parižde iňlis-eýran ýaraşyk şertnamasynyň (1857-nji ýylyň 4-nji martynda) baglaşylandygy baradaky habar gelip gowuşýar we uruş hereketleri togtadylýar.

Pariž şertnamasy boýunça Eýran Hyratdan we Owganystanyň beýleki ýerlerinden goşunlaryny çykarmaga, dagy-duwara bu ýerlere talap bildirmezlige, Hyradyň we Owganystanyň garaşsyzlygyny ykrar etmäge, Hyrat we Owganystan bilen baglanyşykly jedelli meseleler ýüze çykanda araçy hökmünde Angliýa ýüz tutmaga borçlanýar. Angliýa hem öz gezeginde uruş hereketlerini bes etmäge we goşunlaryny Eýranyň portlaryndan, şäherlerinden, adalaryndan çykarmaga söz berýär. 1857-nji ýylda Eýran bilen Angliýanyň arasynda diplomatik gatnaşyklar gaýtadan dikeldilýär. Eýranyň Russiýa we Angliýa bilen uruşlarda ýeňilmegi onuň ykdysady, syýasy we harby taýdan yzagalaklygynyň netijesidi.

**Eýranda iňlis konsessiýalary.** Eýranyň Angliýa we Eýrana ykdysady taýdan tabynlygy onuň ýerleriniň konsessiýa berilmegi bilen aýrylmaz baglanyşykly boldy. Angliýa bilen Hindistanyň arasynda hemişelik aragatnaşygy ýola goýmak maksady bilen iňlis hökümeti Eýranyň içi bilen telegraf ulgamyny geçirmekligi karar etdi. Şu maksat bilen 1862-nji, 1865-nji we 1872-nji ýyllarda Angliýa Eýran bilen telegraf konwensiýalaryny baglaşdy. Konwensiýalar boýunça Angliýanyň Hindiýewropa telegraf depertamenti Eýran hökümetiniň hasabyna Hanekin – Tähran – Buşir liniýasyny çekmäge ygtyýar aldy. Buşirde bu liniýalar

iňlisleriň Fao – Jask – Maskat – Karaçi suwasty aragatnaşyk kabeline birikdirildi. 1868-nji ýylyň 2-nji aprelindäki konwensiýa boýunça iňlis hökümeti Eýranyň Jask şäherinden Britan Hindistanyndaky Gwatara çenli (Gündogar Bulujystanyň serhedinde) telegraf liniýasyny gurmaga hukuk gazanýar.

1868-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda Eýranyň hökümeti Hindiýewropa telegraf kompaniýasyna Julfa – Tähran telegraf liniýasyny gurmaga ygtyýar berýär. Bu liniýa London – Torn – Warşawa – Odessa – Tbilisi – Julfa telegraf ulgamynyň dowamy bolmalydy. Hindiýewropa telegraf kompaniýasynyň bu ulgamy Germaniýanyň hem-de Russiýanyň içi bilen geçirmäge bu ýurtlaryň hökümetleri bilen ýörite ylalaşyklary bardy.

1901-nji ýylyň 15-nji awgustyndaky konwensiýa boýunça eýran hökümeti iňlisleriň ýolbaşçylygynda we olaryň beren karzynyň esasynda Tährandan Kaşanyň, Ýezdiň we Kermanyň üsti bilen britan Bulujystanyna çenli telegraf liniýasynyň gurluşygyny konsessiýa bermäge borçlandy. Bu döwürde Tähran – Maşat aralygynda hem telegraf liniýasy gurlupdyr, ýöne ol Eýrana degişlidi. Telegraf ulgamlarynyň gurluşygy Eýrana juda gymmat düşýär; 1869-njy ýylyň ahyrynda Eýranyň Angliýa bergisi 47 million funt-sterlinge ýetýär.

Iňlis işewürleri Eýranyň ýerasty we ýerüsti baýlyklaryny özleşdirmegi hem konsessiýa almaga başlaýarlar. 1872-nji ýylyň iýulynda baron Ý. Reýter Eýran hökümetinden 70 ýyllyk möhlet bilen demir we tramway ýollaryny gurmaklygy, nebitli ýerleri, tokaýlary özleşdirmekligi, ýaplary we guýylary gazmaklygy konsessiýa alýar. Bulardan başga-da Reýtere 20 müň funt-sterlinge 25 ýyllyk möhlet bilen banklary gurmaga, ýurduň gümrükhanasyny dolandyrmaga, gury ýer ýollaryny, telegraf liniýalaryny, fabrikleri, zawodlary gurmaga hukuk berilýär. Emma iňlis

işewüri bilen baglaşylan bu ylalaşyklar köşk adamlarynyň arasynda ýiti nägilelik döredipdir. Şonuň üçin hem 1873-nji ýylda Nasyreddin şa bu ylalaşygy ýatyrmaga mejbur bolýar.

1889-njy ýylda Nasyreddin şa Reýtere Tähranda Şehinşah bankyny dörätmäge we ony 60 ýyllyk möhlet bilen ulanmaga rugsat berýär. Bu bank Eýranda kagyz pullary çykarmaga hukuk gazanýar. Şehinşah banky Eýranyň döwlet bankynyň ornuny tutan-da bolsa, onuň merkezi dolandyryş edarasy Londonda ýerleşýärdi we ol eýran kanunlaryna tabyn däldi. Töwrüzde, Reştde, Maşatda, Ýezdde, Yspyhanda, Şirazda we Buşirde bank öz bölümlerini, ýurduň ähli söwda merkezlerinde bolsa şahamçajyklaryny açypdyr.

1888-nji ýylda Angliýanyň «Doganlar Linç» firmasy Eýrandan Karun derýasy boýunça derýa parahodçylygyny konsessiýa alýar. Soňra bu firma Şehinşah bankynyň üsti bilen Ahwaz – Yspyhan ýolunyň gurluşygynyň konsessiýasyna, Tähran – Kum – Soltanabat we Tähran – Yspyhan ýollaryny dolandyrmak hukugyna eýe bolýar. Pars aýlagyndaky derýa parahodçylygy hem iňlisleriň eline geçdi. Şu döwürler Şehinşah banky günorta gümrükhanalarynyň paç ýygymlaryny zamunyna goýmak şerti bilen Eýrana 500 müň funt-sterlig möçberinde karz berýär. Munuň özi Eýranyň daşary döwletden alan ilkinji karzydy.

1901-nji ýylyň martynda iňlis raýaty B.N. d,Arsi eýran hökümetinden Eýranyň Azerbaýjan, Gilýan, Mazenderan, Astrabat we Horasan welaýatlaryndan galan ýerleriniň nebitli ýataklaryny iňňän ýeňillikli şertlerde konsessiýa aldy. Bu ylalaşyk boýunça D,Arsi nebitli ýerleri barlamaga, gazyp almaga, gaýtadan işlemäge we satmaga monopol hukuk gazandy. 1908-nji ýylda Şuşter şäheriniň günorta-gündogaryndaky Meýdan – Naftun etraplarynda nebitiň ägirt uly ýatagy ýüze çykarylandan soň, 1909-njy ýylda d,Arsiniň konsessiýasynyň esasynda «Iňlis-eýran nebit kompaniýasy» (IENK) döredilýär.

Umuman alnanda Birinji jahan urşunyň öňisyrasynda




iňlisleriň Eýranyň ykdysadyýetine goýan maýa goýumlarynyň mukdary 9,7 million funt-sterlinge ýetdi. Netijede Eýranyň ykdysadyýetine goýulýan maýa goýumlarynyň möçberi boýunça Angliýa birinji orna çykdy.

**Russiýanyň konsessiýalary.** Eýranyň tebigy baýlyklaryny ulanmakda işjeňlik görkezýän ýurtlaryň biri-de Russiýa imperiýasydy. 1879-njy ýylda Russiýa Astrabat bilen Esenguly aýlagynyň demirgazygyndaky Çekişlere (Türkmenistan) çenli aralykda telegraf ulgamynyň gurluşygyny konsessiýa aldy. Bu ulgama rus gullukçylary tarapyndan hyzmat edilýärdi.

1888-nji ýylyň dekabrynda rus telekeçisi Lianozow şa hökümetinden Hazar deňziniň Eýrana degişli böleginde (Astaradan Etrege çenli aralykda) balyk tutmaga ygtyýar

alýar. 1890-njy ýylyň 21-nji aprelinde bolsa beýleki bir us işewüri A. S. Polýakow Nasyreddin şadan Persiýanyň[1] hasap-karz bankyny esaslandyrmaga we ony 75 ýyllyk möhlet bilen ulanmaga rugsat gazanýar. Bu bank harytlary, gozganmaýan emläkleri, gymmat baha kagyzlary we beýleki gymmatlyklary zamunyna alyp karzlary beripdir. Tiz wagtdan Persiýanyň hasap-karz banky Russiýanyň döwlet bankynyň we maliýe ministrliginiň gözegçiligine geçirilip, ol patyşa Russiýasynyň döwlet edarasyna öwrülýär. 1907-nji ýylyň ahyrlaryna çenli Tähranda, Töwrüzde, Reştde we Maşatda bu bankyň bölümleri, Kazwinde, Hemedanda, Enzelide, Urmiýada, Yspyhanda, Seýistanda we Sebzewarda bolsa agentlikleri açylýar[2]. Bankda Eýranyň demirgazykdaky gümrükhanalarynyň paç ýygymlary jemlenýärdi we onuň üsti bilen Eýranyň hökümeti Russiýadan karzlary alýardy. Bank eýranly işewürlere hem karzlary beripdir.

1890-njy ýylyň 9-njy noýabrynda Polýakow eýran hökümetinden ätiýaçlandyryş we ulag-aragatnaşyk işlerini konsessiýa alýar we şunuň esasynda «Persiýanyň ätiýaçlandyryş we ulag jemgyýetini» döredýär. Bu jemgyýet Enzeli – Kazwin – Tähran we Kazwin – Hemedan ýoluny gurýar. Ol Hazar deňzinde «Kawkaz we Merkuriý», «Nadežda» (Umyt) «Gündogar jemgyýeti» ýaly edaralary döredip, Eýran bilen Russiýanyň aralygynda gämi gatnawuny ýola goýýar. 1902-nji ýylda Hasap-karz banky Julfa – Töwrüz – Kazwin ýoluny gurmagy konsessiýa alýar. Demir ýollar barada aýdylanda Russiýa bilen Angliýa Eýrana demir ýol gurmaga ygtyýar etmändirler. 1890-njy

[1] 1935-nji ýyla çenli Eýran şeýle atlandyryldy.
[2] Persiýanyň hasap-karz bankynyň bölümleri Zakaspi oblastynyň Aşgabat we Merw şäherlerinde hem hereket edýärdi.

ýylyň ahyrynda Eýran demir ýol gurluşygyny konsessiýa bermezlige we 20 ýyllap demir ýol gurmazlyga borçlanýar.

1900-nji ýylda Russiýa Eýrana demirgazyk gümrükhanalarynyň paç ýygymlaryny zamunyna goýmak şerti bilen 22,5 million rubl karz berdi. 1902-nji ýylda Eýran Russiýadan ýene-de 10 million rubl karz aldy. Umuman alnanda Birinji jahan urşunyň öňýany Russiýa tarapyndan Eýranyň ykdysadyýetine 164 million rubl maýa goýumlary goýlupdyr.

Eýranyň hökümeti iňlis hem-de rus işewürlerinden başga-da beýleki ýewropa ýurtlarynyň telekeçilerine-de konsessiýalary beripdir. Belgiýanyň «Demir ýol we tramway jemgyýeti» 1888-nji ýylyň konsessiýasyna laýyklykda Tähran bilen Şah Abdylla Azymyň aralygynda kiçi kysymly demir ýoly, Tähranda ata tirkelýän tramway liniýasyny gurdy we ulanyp başlady. Belgiýanyň telekeçileri Tähranda myhmanhanalary, restoranlary, kazino gurmaklygy, çakyr we gant öndürmekligi hem-de satmaklygy konsessiýa aldylar.

**Eýranyň daşary söwda gatnaşyklary.** XIX asyryň ikinji ýarymynda Eýranyň ýewropa ýurtlary bilen daşary söwda gatnaşyklary ep-esli giňeýär. XX asyryň başlarynda Eýranda köp sanly söwda kompaniýalary mäkäm ornaşypdyrlar. Söwda işlerinde iňlisleriň «Pars aýlagynyň söwda kompaniýasy», ruslaryň «Persiýa we Orta Aziýa söwda-senagat kompaniýasy», gollandlaryň «Gos we ogly» firmasy, şweýsarlaryň «Sigler we onuň Kompaniýasy» aýratyn işjeňlik görkezipdirler. Eýranyň daşary söwda dolanyşygynyň 80%-i Russiýa bilen Angliýanyň paýyna düşýärdi.

1901-nji ýylda Russiýa, 1903-nji ýylda bolsa Angliýa Eýran bilen gümrükhana işi boýunça ylalaşyk baglaşýarlar. Bu ylalaşyklar boýunça Eýrana getirilýän harytlara gümrük paçlary salynmandyr, salynaýan ýagdaýnda-da juda pes

gümrük pajy kesgitlenilipdir. Munuň özi Eýrana iňlis hemde rus harytlary üçin giň ýol açypdyr.

Eýranyň daşary söwda gatnaşyklary kolonial häsiýetdedi. Eýrana getirilýän harytlaryň mukdary ýurtdan äkidilýäninde görnetin artyk gelýärdi. Daşary ýurtlardan ilkinji nobatda nah, ýüň we ýüpek matalary, gant, çaý, kerosin, metal önümleri we beýleki senagat harytlary köpçülikleýin getirilýärdi. Eýranyň öz içinden pagta, kakadylan kişde önümleri, halylar, tüwi, ýüpek, gön, tirýek, ýüň, temmäki äkidilýärdi. Matalaryň agramly bölegi Angliýadan getirilýärdi. Iňlis-eýran söwdasy Eýran üçin bähbitsizdi, sebäbi Angliýadan getirilýän harytlaryň möçberi bu ýerden äkidilýäninden 4-5 esse artyk gelýärdi. Emma Russiýanyň Eýrandan äkidýän harytlarynyň möçberi, bu ýere getirilýäninden ep-esli azdy. Russiýa eýran bazaryndan pagta, kişde önümleri, tüwi, gön, ýüň, halylar we beýleki harytlar äkidilipdir, Eýrana bolsa gant, nah matalar, aýna, farfor önümleri, kerosin, nebit, metal önümleri ýaly rus senagat harytlary eksport edilýärdi.

Daşary söwda gatnaşyklarynyň giňemegi Eýranda oba hojalyk önümçiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýärdi. Gowaçanyň, şalynyň, temmäkiniň, tirýegiň öndürilişi, bu ekinler üçin niýetlenilýän ekin meýdanlarynyň möçberi artýar. Eýranyň aýry-aýry ýerleri oba hojalyk önümleriniň haýsy hem bolsa bir görnüşini ekmäge ýöriteleşýär. Mysal üçin, ýurduň demirgazyk welaýatlarynda şaly, gowaça ekmäge, kişde önümlerini öndürmäge uly üns berýärdiler.

**Eýranyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda daşary ýurtlylaryň täsiriniň artmagy.** Eýranyň daşary ýutlara, ilkinji nobatda bolsa Angliýa bilen Russiýa ykdysady taýdan baglylygy, ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna uly täsir edýär. Bu ýurtlar Eýranyň dolandyryş ulgamynda, harby işlerinde pugta ornaşýardylar. 1879-njy ýylda Nasyreddin şanyň çagyryşy boýunça Eýrana Russiýanyň ýaragly

güýçleriniň baş ştabynyň ýokary derejeli serkerdesi Domantowiç gelýär. Ol öz ýanynda bolýan birnäçe rus serkerdeleri bilen rus harby nusgasynda pars-kazak atly goşun birikmesini düzýär. Ilki polk, soňra brigada derejesine ýetirilen bu goşun bölümi, birinji jahan urşy ýyllarynda söweşjen atly diwiziýa öwrülýär.

Ýerli halkyň wekillerinden düzülen bu goşun birikmesine rus serkerdesi baştutanlyk edip, ol göniden-göni şanyň tabynlygynda saklanypdyr. Birikmede rus serkerdelinden başga-da, ýerli hanlaryň, emirleriň ogullaryndan düzülen uly we kiçi serkerdeler hem gulluk edýärdiler. Pars-kazak atly brigadasy Eýranyň iň söweşe ukyply hemişelik goşun bölümi bolmak bilen soňra ol Nasyreddin şanyň şahsy goragçysyna öwrüldi.

Tähranda Russiýanyň patyşa hökümetiniň täsiri örän güýçlidi. Şeýle bolansoň Russiýa şa hökümetine islendik pursat täsir edip bilýärdi. Bu işde rus hökümeti Eýrandaky konsullaryny, harby gullukçylaryny, konsessiýalaryň eýelerini ulanýardy.

Eýranda Angliýa hem mäkäm ornaşypdy. Iňlisler diňe bir şanyň özi, onuň köşk adamlary bilen däl, eýsem ýurduň günortasyndaky welaýatlaryň emirleri, hanlar, taýpa serdarlary (bagtyýar hanlary, buluç serdarlary, huzistanly şeýhler) bilen ýakyn aragatnaşyk saklaýardylar. XIX asyryň ahyrlarynda Angliýa Eýranyň içine birnäçe gezek goşunlaryny saldy we onuň elinden Gündogar Bulujystanty, Seýistanyň bir bölegini aldy. Garakçylara, gul söwdasyna garşy göreşmek bahanasy bilen iňlis floty Pars aýlagyny doly derejede diýen ýaly eýeledi. Edil rus hökümetiniň edişi ýaly, Angliýa hem şa hökümetine täsir etmekde öz konsullaryny, harbylaryny, konsessiýalaryň eýelerini giňişleýin ulanýardy.

XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda Eýranyň döwlet edarasynda belgiýalylar hem köpdi. 1898-

nji ýylda eýran hökümetiniň çagyrmagy boýunça ýurda Nausyň baştutanlygynda belgiýaly emeldarlar geldi. Nausyň toparynyň öňünde eýran gümrükhanasynyň işini ýewropa nusgasy esasynda ýola goýmak tabşyrylýar. 1902-nji ýylda ýurduň gümrükhana gullugynda eýýäm 30 sany belgiýaly emeldarlar işleýärdi. 1904-nji ýylda Naus eýran gümrükhanasynyň baş müdirligine, soňra bolsa Eýranyň poçta ministri wezipesine bellenilýär. Bulardan başga-da, Naus baş hazynadaryň, pasport gullugy edarasynyň we ýokary döwlet geňeşiniň agzasy wezipelerini hem eýeleýär.

Daşary ýurtlylaryň täsiri bilen ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda käbir öňegidişlikler hem gazanylýar. 1873-nji, 1878-nji we 1889-njy ýyllarda Nasyreddin şa Ýewropa ýurtlarynda we Russiýada bolup görýär. Daşary yurt saparlaryndan soň ol ýurduň dolandyryş ulgamynda we köşkde ýewropa medeniýetiniň gazananlaryny girizýär. Hökümetiň düzüminde içeri işler, adalat (ýustisiýa), magaryf, poçta we telegraf ministrlikleri ýaly täze edaralar döredilýär. Ýewropa ülňüleri esasynda birnäçe dünýewi mekdepler açylýar. Nasyreddin şa din adamlarynyň kazyýet ulgamyndaky täsirini çäklendirmäge hem çalşypdyr. Emma ýurduň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni ösüşindäki kynçylyklar Eýrana asyrlar boýy dowam edip gelen yzagalaklygy ýeňip geçmäge mümkinçilik bermändir.

**Milli senagaty döretmäge synanyşyklar.** XIX asyryň ikinji ýarymynda Eýranda buržuaz gatnaşyklary we milli buržuaz toparlary peýda bolup ugraýar. Hakyna tutma zähmet giň gerime eýe bolýar. Iri söwdagärleriň, süýthorlaryň we begzadalaryň elinde ep-esli mukdarda maliýe serişdeleri toplanypdy. Munuň özi senetçilik we manufaktura önümçiliginden zawod-fabrik önümçiligine geçmäge şert döredýärdi. Tähranda, Töwrüzde, Yspyhanda, Şirazda, Ýezdde, Buşirde we Eýranyň beýleki şäherlerinde dürli görnüşdäki söwda, senagat, maliýe-karz, ýol gurluşyk,

gämi gatnawy paýdarlar kompaniýalaryny we jemgyýetlerini döretmäge synanyşyklar edilýär. 1882-nji ýylda Töwrüzde täjir M. Kuzekunani, onuň inileri we M. Sarraf «Ettehadiýe» jemgyýetini esaslandyrýarlar. Bu jemgyýet 15 ýyla golaý wagt bank işlerini alyp barypdyr. 1898-nji ýylda täjir Kazeruni egirme-dokma fabrigini gurmak we eýran matasynyň söwdasyny ýola goýmak maksady bilen Yspyhanda «Yslamiýe», şeýle hem daşary ýurtlar bilen söwda etmek üçin «Masudiýe» jemgyýetlerini döredýär.

1892-nji ýylda ýerli işewürler tarapyndan Ýezdde «Mansuriýe», Şirazda bolsa «Pars» kompaniýalary döredilip, olaryň çekleri we wekselleri Parsda Şehinşah bankynyň banknotlary bilen deň derejede hereket edipdirler. 1899-njy ýylda daşary we içeri söwda işlerini amala aşyrmak üçin tähranly söwdagärleriň 17-si birleşip «Şereketi Umumy» kompaniýasyny esaslandyrýarlar. Buşirli we şirazly täjirler bolsa «Naseri» gämi kompaniýasyny döredýärler. Bu kompaniýanyň gämileri Buşir bilen Jiddanyň (Arabystan) arasynda yzygider gatnawy ýola goýýarlar.

XIX asyryň ikinji ýarymynda eýranly işewürler tarapyndan zawod-fabrikler hem gurlup başlaýar. 1858-nji ýylda Tähranda ilkinji egirme-dokma fabrigi işe girizilýär, ýöne ol birnäçe ýyl işläninden soň ýapylypdyr. 1879-njy ýylda Hüseýn han Sepahsalar tarapyndan Tähranda gaz zawody gurlup, soňra ol Belgiýanyň kompaniýalarynyň birine satylýar. 1890-njy ýylda sadr-azam Amin ed-Döwle Tähranyň eteginde otlyçöp fabrigini, 1899-njy ýylda bolsa Kahrizakda gant zawodyny açýar. 1894-nji ýylda sadr-azam Sani ed-Döwle Tähranda ýüplük fabrigini işe girizýär. Bulardan başga-da, XIX asyryň ikinji ýarymynda Tähranda, Yspyhanda, Gilýanda, Mazendaranda we beýleki ýerlerde kagyz, mata, gap-gaç öndürýän we ýüpek egriji fabrikler

gurulýar. Emma bularyň köpüsi soňra daşary ýurt harytlarynyň bäsleşigine döz gelip bilmän ýapylýar.

Eýranyň senagat kärhanalarynda ýersiz galan daýhanlar, tozan senetçiler zähmet çekýärdiler. Emma daşary ýurt konsessiýalary, daşary ýutlylara we ýerli işewürlere degişli kärhanalar işsizligiň öňüni alyp bilmeýärdiler. Şol sebäpden hem eýranly işsizleriň müňlerçesi talap gözläp, Russiýanyň Eýran bilen goňşyçylykda ýerleşýän Kawkaz we Zakaspi (Türkmenistan) ýerlerine gidýärdiler. 1910-njy ýylda bu ýerlerde işleýän eýranly raýatlaryň sany 200 müňe ýetipdir.

**Eýranda buržuaz watançylygyň ýüze çykmagy.** Kemala gelip ugran milli buržuaziýanyň we ýerli intelligensiýanyň öňdebaryjy wekilleri Eýranda durmuş-ykdysady, syýasy, kanunçylyk we medeni özgertmeleriniň geçirilmeginiň, şeýle hem ýurduň daşary ýurtlara baglylygynyň soňuna çykylmagynyň zerurlygy ugrunda çykyş edýärdiler. Netijede XIX asyryň ikinji ýarymynda Eýranda milli watançylyga daýanýan aň-düşünjeler oýanyp başlady. Milli watançylygyň esasy wagyz edijileri intelligensiýa toparlarydy.

Mürze Melkum han (1833-1908) Eýranda milli watançylyk hereketiniň gözbaşynda duran tanymal adamlaryň biri bolupdyr. Ol Parižde ýewropa bilimini alypdyr we ýurduna dolanyp gelenden soň Eýranyň daşary işler ministrliginiň täsirli emeldarlarynyň birine öwrülýär. 1858-nji ýylda onuň işjeň gatnaşmagynda «Adamiýat» atly gizlin jemgyýet döredilýär. Bu jemgyýete esasan Ýewropada bilim alyp gelen intelligensiýa wekilleri, şeýle hem erkin garaýyşlara eýerýän ýerli begzdalaryň topary girýärdiler. Bu guramanyň üsti bilen Melkum han döwlet gurluşyny üýtgedip guramak, şanyň häkimiýetini çäklendirmek, halka käbir buržuaz-demokratik azatlyklary bermek, şahsyýetiň hukuklaryny, hususy eýeçiligi goramak ýaly öňdebaryjy pikirleri ýaýradypdyr. XIX asyryň ahyrlarynda Melkum han

Londonda pars dilinde «Kanun» gazetini neşir edip başlaýar. Jemgyýetiň beýleki bir görnükli wekilleriniň biri bolan Ýusup han Mustaşer ed-Döwle has radikal pikirleri öňe sürüpdir. Ol Melkum hanyň «Kanun» gazetiniň sahypalarynda çap edýän eserlerinde Eýranda konstirusion monarhiýa düzgüniňiň, parlament dolandyryşynyň girizilmegini wagyz edipdir.


Melkum han

Eýranda watançylyk aň-düşünjeleriniň ýaýramagyna azerbaýjanly intelligentleriň alyp barýan işleri hem uly itergi berýärdi. Bu işde tanymal azerbaýjan magaryfçysy we demokraty mürze Fataly Ahundow (1812-1878) aýratyn tapawutlaypdyr. Abdyrahym Talybowyň, Zeýnelabidin Marageýiniň eserlerinde yzagalaklyk, nadanlyk ýaly ynsan mertebesini peseldýän nogsanlyklar ýiti ýazgarylypdyr.

Eýranda, şonuň ýalyda Orta Gündogaryň ýurtlarynda milli aňyň oýanmagyna şol döwürlerde köpçülikleýin ýaýran panyslamçylyk ideýalary hem uly täsir edipdir. Panyslamçylar musulman ýurtlarynyň ýewropalylar tarapyndan eýelenilýän döwründe bileleşip göreşmegi, bitewi muslulman döwletini döretmek ugrunda iş alyp barýardylar, daşary ýurtlylara tabynlyk bildirýän hökümdarlara, begzadalara garşy ýadawsyz göreşýärdiler. Olar öz gündelik işlerinde göreşiň terrorçylyk usullaryny hem ulanýardylar. 1896-njy ýylyň 1-nji maýynda panyslamçy Reza Kermany Nasyreddin şany atyp öldürdi.

Milli aňyň ösmeginde ýewropa ülňüleri esasynda gurlan dünýewi mekdepleri (Ruşdiýe mekdepleri), Tährandaky we

Töwrüzdäki kitaphanalar, daşary ýurtlarda pars dilinde neşir edilýän «Ahtar» (Stambul), «Hikmet» (Kair), «Habl ul-Metin» (Hindistan) gazetleri netijeli işleri amala aşyrypdyrlar. Bu döwürlerde Eýranda gizlin jemgyýetler hem döredilýärdi. 1905-nji ýylda Tähranda erkin pikirli ýer eýeleri, buržuaz toparlary, din wekilleri tarapyndan «Enjumene mahfi» («Gizlin komitet») guramasy esaslandyrylýar. Eýran milletini «oýarmagy», ýurtda giň özgertmeleriň geçirilmegini talap etmegi bu gurama öz öňünde baş maksat edip goýupdyr.

## § 2. 1905-1911-nji ýyllaryň Eýran rewolýusiýasy

**Eýranda rewolýusiýanyň başlamagy we konstitusiýanyň yglan edilmegi.** XX asyryň başlary Eýranyň taryhynda dartgynly jemgyýetçilik-syýasy wakalaryň giň gerime eýe bolan döwri hökmünde häsiýetlendirilýär. 1905-1907-nji ýyllaryň birinji rus rewolýusýasy Eýran hem uly täsir edýär. Sebäbi Kawkazda we Zakaspide bolup geçýän iş taşlaýyşlara, köpçülikleýin ýörişlere, patyşa hökümetine garşy çykyşlara ata watanlary bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan eýranly işçiler hem işjeň gatnaşýardylar.



Muzaffareddin şa

Eýranda rewolýusiýanyň başlamagyna Tähranda bolup geçen wakalar sebäp bolýar. 1905-nji ýylyň dekabrynda gandyň bahasynyň peseldilmegi bilen baglanyşykly buýrugyň ýerine ýetirilmändigi üçin Tähranyň häkiminiň hökümi bilen 17

sany täjir zabun ýenjilýär. Tähranyň häkiminiň, şeýle hem ýurduň beýleki welaýat häkimleriniň eden-etdilikleri Tähranda gahar-gazap döredýär. Şäherde bazarlar, dükanlar, senetçileriň ussahanalary ýapylýar. Şäher ulamalarynyň bir topary mujtehid seýit Muhammet Tabatabaýy we seýit Abdylla Behbehanynyň ýolbaşçylygynda Tährandan gidip Şah Abdyl Azymda best[4] edip oturýarlar. Köpçülikleýin ýörişler, bestler Şirazda, Maşatda we beýleki şäherlerde-de bolup geçýär. Ýörişlere gatnaşyjylar hökümet başlygy Aýn ed-Döwläniň iş başyndan gitmegini, adalathanalaryň (arz-şikaýatlaryň soralýan öýler) açylmagyny talap edýärdiler. 1906-njy ýylyň ýanwarynda Muzaffareddin şa (1896-1907) halkyň talaplaryny berjaý etmäge söz berýär.

Emma çykyşlar tamamlanandan soň şa hökümeti oňa gatnaşyjylara garşy tussag etmelere başlaýar. Muňa jogap edip 1906-njy ýylyň iýulynda halk çykyşlary gaýtadan başlaýar. Tähranda ählumumy iş taşlaýyşlar yglan edilip, bazarlar, dükanlar ýapylýar, müňlerçe adamlar iňlis ilçihasynyň öňündäki bagda beste oturýarlar. Ulamalaryň ençemesi nägilelik bildirip Tährandan Kuma gidýärler. Çykyşlara gatnaşyjylar diňe bir Aýn ed-Döwläniň iş başyndan giderilmegini däl, eýsem konstitusiýanyň kabul edilmegini, mejlisiň – parlamentiň çagyrylmagyny hem talap edýärler.



Muhammmet

1906-njy ýylyň 29-njy iýulynda şa Aýn ed-Döwläni iş başyndan aýyrmaga we onuň ornuna halk arasynda hormatdan peýdalanýan Nasrulla han Muşir ed-Döwläni bellemäge mejbur

[4] Häkimiýetleriň zulmundan nägilelelik bildirilip, metjitlere, öwlüýälere, atly ulamalaryň guburlaryna, öýlerine gidip oturmaklyk.

bolýar. 5-nji awgustda konstitusiýanyň girizilýändigi hakynda perman çap edilýär. Emma ýörişler we iş taşlaýyşlar bes edilenden soň döwlet işgärleriniň bir topary konstitusiýanyň girizilmeginiň, mejlisiň çagyrylmagynyň öňüni almaga synanyşyp, şany saýlaw düzgünini tassyk etmezlige yrýarlar. Ýene-de halk tolgunyşyklary başlaýar. Çykyşlar has hem Töwrüzde güýçlidi. Bu ýerde 1906-njy ýylyň sentýabrynda ählumumy iş taşlaýyşlar yglan edilýär, bazarlar ýapylýar, ownuk söwdagärlerden, ulamalardan we ýer eýelerinden düzülen enjumen döredilýär. Eýranly sosial-demokratlar tarapyndan mojahitleriň[2] rewolýusion-demokratik guramasy döredilýär.

Halk köpçüliginiň talaplary netijesinde 9-njy sentýabrda Muzaffareddin şa saýlawlar hakyndaky düzgünnamany tassyk edýär. Bu düzgünnamanyň esasynda kurial usul boýunça eýran jemgyýetiniň alty sany gatlagynyň wekillerinden (şazadalar we gajarlar, ulamalar, begzadalar, täjirler, ekerançylar we ýer eýeleri, senetçiler) saýlanylýan iki basgançakly saýlaw düzgünini girizmek göz öňünde tutulypdyr. Ýokary emläk senziniň bellenendigi üçin daýhanlaryň, senetçileriň, söwdagärleriň agramly bölegi, işçiler, şäher garyplary saýlawlara gatnaşmaga mümkinçilik alyp bilmändirler.

**Birinji mejlis we konstitusiýanyň kabul edilmegi.** 1906-njy ýylyň 7-nji oktýabrynda Tähranda Eýran mejlisiniň birinji ýygnagy açylýar. Mejlisiň deputatlarynyň arasynda begzadalar, iri söwdagärler we orta buržuazlar, ulamalar, ýer eýeleri, ýokary wezipeli emeldarlar, senetçileriň ýokary gatlaklary bardy. Senetçileriň we şäher buržuaziýasynyň wekilleri mejlisiň çepçi deputatlar toparyny düzýärdiler. Eýranyň birinji mejlisi deputatlarynyň düzümi boýunça-da,

---

[2] Mojahit (arap-pars. din ugrunda göreşijiler), Musulman Gündogarynda sosial-syýasy hereketlere, ýagny hak işi ugrundaky göreşlere gatnaşyjylar.

alyp baran işleri babatynda-da, soňraky mejlislerden düýpli tapawut edipdi.

1906-njy ýylyň oktýabr – dekabr aýlarynda mejlis döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň derwaýys meseleleri bilen meşgullanýar. Çöregiň ýetmezçilik edýän şertlerinde onuň 1 batmany üçin 24 şaýy nyrh kesgitlenilýär. Mejlis hökümetiň täze daşary yurt karzyny almak baradaky teklibini ret edýär. 1906-njy ýylyň ahyrlarynda mejlisiň esasy wezipesi konstitusiýany işläp düzmekliklige gönükdirilýar. 30-njy dekabrda agyr hassa Muzaffareddin şa eýran konstitusiýasynyň bir bölegi bolup durýan esasy kanuny tassyk edýär. Esasy kanun boýunça şa häkimiýeti mejlis tarapyndan çäklendirilýärdi. Mejlisiň ähli kanunlary we döwlet büjetini tassyk etmäge, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge hukugy bardy. Kosessiýalary bermeklik, daşary yurt karzlaryny almaklyk, daşary ýurtlar bilen şertnama baglaşmaklyk, araçägi üýtgetmeklik, demir ýollary gurmaklyk we başgalar diňe mejlis bilen ylalaşylandan, ondan ygtyýar alnandan soň güýje girip bilýärdi. Mejlisiň aşaky palatasy bilen bir hatarda, onuň ýokarky palatasyny – senaty döretmeklik hem göz öňünde tutulypdyr, ýöne ony rewolýusiýa döwründe döretmeklik başa barmandyr. Şular bilen bir hatarda esasy kanun boýunça şanyň mejlisiň işini ýatyrmaga bolan hukugy saklanyp galypdyr.

1907-nji ýylyň 8-nji ýanwarynda Muzaffareddin şa aradan çykandan soň tagta onuň ogly Muhammet Aly şa (1907-1909) eýe bolýar. Täze patyşa mejlise hem-de demokratik herekete garşy durýan toparlaryň wekilidi. Emma Muhammet Aly şanyň mejlisiň garşysyna herekete geçmäge eden synanyşyklary ýurduň dürli ýerlerinde halk çykyşlarynyň turmagyna sebäp bolýar. Töwrüzde halk köpçüligi şa häkimiýetlerine garşy gozgalaňlary hem turuzýar. Tähranda hem şa bilen mejlisiň arasynda oňşuksyzlyklar başlaýar. Mejlis şadan we onuň

hökümetinden dolandyryşy konstitusiýa esasynda alyp barmagy, ministrleriň şanyň öňünde däl-de, hut mejlisiň öňünde hasabat bermeklerini, daşary ýurtlylara ministriň wezipesini eýelemegi gadagan etmegi gödek görnüşde talap edýär. Esasy kanunyň kabul edilmegi we 1907-nji ýylyň ýanwar-fewral aýlarynyň wakalary bilen eýran rewolýusiýasynyň birinji döwri tamamlanýar.

**Demokratik işjeňligiň güýjemegi we konstitusiýanyň tarapdarlarynyň bölünmegi.** 1907-nji ýylda Eýran rewolýusiýasy öz ösüşinde täze tapgyra gadam basýar. Rewolýusion wakalara eýran jemgyýetiniň giň gatlaklary çekilýärdi. Bu bolsa jemgyýetde ýiti gapma-garşylyklaryň döremegine getirýärdi. Şol sebäpden ulamalaryň, erkin pikirli ýer eýeleriniň bir bölegi, iri buržuaziýa rewolýusion wakalardan daşlaşyp ugradylar. Sebäbi ýurduň içindäki barlyşyksyz göreşler köpçülikleýin iş taşlaýyşlara, gytçylyga, bahalaryň ýokarlanmagyna, topalaňlaryň turmagyna, nähak gan dökülmelere getirýärdi. Şonuň üçin hem ýokary gatlaklaryň wekilleri ýaş hökümdaryň ýurtda tertip-düzgüni ýola salmaga, demokratik hereketiň işjeňligini peseltmäge, şa häkimiýetiniň netijeliligini we onuň juda peselen syýasy abraýyny galdyrmaga gönükdirilen çärelerini oňlap başladylar.

Emma Eýranda dartgynly jemgyýetçilik-syýasy wakalar gün geçdigisaýyn ýokarlanýardy. Yspyhanda, Töwrüzde, Makuda, Kermanda, Parsda, Kermanşahda, Maşatda, Gilýanda, Mazendaranda, Zenjanda we beýleki ýerlerde ýerli dolandyryş edaralaryna garşy topalaňlar turup, şanyň wekilleri kowulýardy. Bu bolsa ýurtdaky ýagdaýy has-da ýitileşdirýärdi. Bu döwürde Eýranda iş alyp barýan daşary yurt işewürlerine, olaryň konsessiýalaryna, edara-kärhanalaryna garşy çykyşlar has hem güýjedi. Eýranyň ekerançylyk welaýatlarynda ýersiz daýhanlaryň çykyşlary, baý adamlaryň öýlerini, mülklerini talamaklyk, adam

öldürmeklik giň gerime eýe boldy. Eýranyň täze taryhynda işçileriň ilkinji iş taşlaýyşlary bolup geçdi. Enzeliniň we Buşiriň hammallary, gaýykçylary, Tähranyň telegrafçylary, neşirýatçylary, tramway sürüjileri, Lianozowyň Hazar denzindäki balyk kärhanasynyň işgärleri iş taşladylar.


Eýranyň birinji mejlisiniň deputatlary (ortada mejlisiň başlygy Murtazaguly han Sani ed-Döwle)

Bu döwürde Eýranyň dürli ýerleri enjumenler bilen gurşaldy. 1907-nji ýylyň ortalarynda diňe Tähranyň özünde 140-a golaý, Reştde – 12, Kermanşahda – 10 sany enjumen hereket edýärdi. Köp şaherlerde enjumenler şanyň ýerli dolandyryş edaralarynyň üstünden gözegçiligi ýola goýýardylar, nyrhlary kesgitleýärdiler, mekdepleri açýardylar.

Demirgazyk Eýranyň köp şäherlerinde we etraplarynda mujahitleriň gizlin guramalary döredilýärdi. Bu guramalara esasan senetçiler, ownuk söwdagärler, ýer eýeleri, işçiler we daýhanlar girýärdiler. Mujahitler maksatlary boýunça rus social-demokratlaryna golaýdylar. Şonuň üçin hem olar Bakudaky «Gummet»[1] sosial-demokratik guramasy bilen

[1] Gummet (azerbaýjan. energiýa, güýç) azerbaýjanly sosial-demokratlarynyň guramasy bolup, ol 1904-1920-nji ýyllarda Demirgazyk Azerbaýjanda we Zakaspide hereket etdi.

ýakyn aragatnaşyk saklapdyrlar. Mujahitleriň 1907-nji ýylyň sentýabrynda Maşatda kabul edilen maksatnamasynda ählumumy göni we gizlin saýlaw hukugynyň girizilmegi, şahsyýet, söz, ýygnaklar, guramalar azatlygy, iş taşlaýyşlary geçirmäge hukuk, şanyň mülklerini elinden almaklyk we daýhanlaryň arasynda paýlamaklyk, sekiz sagatlyk iş güni we başga talaplar öz beýanyny tapypdyr. Mujahitler öz ýaragly nökerlerini – fedaýi[1] goşun bölümlerini döredipdirler.

Rewolýusiýa ýyllarynda Eýranda metbugat hem giň gerime eýe bolýar. Şol ýyllar yurt boýunça 350-ä golaý gazet-žurnallar neşir edilipdir. Şolaryň 150-ä golaýy Tähranda, 50-ä golaýy Töwrüzde, 25-si Reştde, 20-si Yspyhanda, 10-sy Maşatda çap edilýär.

Demokratik hereketiň netijesinde Eýranyň mejlisi şa maşgalasyny eklemek üçin sarp edilýän serişdeleriň we tanymal begzadalara tölenilýän pensiýalaryň möçberini epesli azaldýar, salgytlaryň käbir görnüşlerini (maliýat, tiul) ýatyrýar, parahorçylyga garşy kanun tassyk edilýär. Şunuň bilen bir hatarda, eýran mejlisi ýurtda emele gelen çylşyrymly ýagdaýdan ugur alyp, yzy üzülmeýän çykyşlara, enjumenlere, mujahit gurmalaryna we fedaýi goşunlaryna garşy çäreleri hem bellemäge mejbur bolýar. Emele gelen ýagdaýdan çykmak üçin Muhammet Aly şa hem Muşir ed-Döwläni hökümetiň başlyklygyndan aýryp, onuň ýerine daşary ýurtdan çagyrylyp getirilen Amin as-Soltany belleýär. 1907-nji ýylyň maýynda şa esasy kanuna girizilen goşmaçalara gol çekmekden ýüz öwürýär. Bu bolsa Tähranda, Töwrüzde uly çykyşlaryň başlamagyna getirýär. 1907-nji ýylyň awgustynda hökümetiň başlygy Amin as-Soltan fedaý Abbas Aga tarapyndan öldürilýär.

[1] Fedaýi (arap-pars.) - hak iş üçin janyny pida (feda) edýän adam.

1907-nji ýylyň oktýabrynda Muhammet Aly şa eýran konstitusiýasynyň möhüm bölegi bolan esasy kanuna girizilen goşmaçalara gol çekmäge mejbur bolýar. Goşmaçalarda ähli adamlaryň kanun öňündäki deňligi, şahsyýetiň we emlägiň eldegrilmesizligi, söz, metbugat, jemgyýetler, ýygnaklar azatlygy jar edilipdir. Onda häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet şahalaryna bölünýändigi yglan edilipdir. Kanun boýunça hökümdara giň ygtyýarlyklar bellenilipdir: onuň jogapkärçilige çekilip bilinmezlige, goşunlaryň baş serkerdeligine, uruş yglan etmäge, ýaraşyk baglaşmaga, ministrleri bellemäge we aýyrmaga bolan hukuklary tassyk edilipdir. Şol bir wagtyň özünde-de şa mejlisiň öňünde konstitusiýa we kanuna ygrarly bolmaga kasam etmäge borçly edilýär. Esasy kanun boýunça welaýatlarda we etraplarda enjumenleriň döredilmegine-de ygtyýar berilýär.

Goşmaçalar eýranly ulamalara giň hukuklary beripdir. Ýokary ulamalaryň teklip etmekleri boýunça 5 sany ulamadan ybarat ýörite edara döretmeklik göz öňünde tutulypdyr. Bu edaranyň wezipesi mejlis tarapyndan kabul edilýän kanunlaryň şerigatyň kadalaryna näderejede laýyk gelýändigini kesgitlemelidi. Esasy kanunda şygaçylyk Eýranyň döwlet dini diýlip yglan edilipdir.

**Rewolýusiýa döwründe Eýranyň daşary syýasaty.** Rewolýusiýasynyň dowam edýän döwründe Eýrana Germaniýa hem aralaşmaga çalyşýardy. 1906-njy ýyldan başlap german işewürleri Gamburg bilen Pars aýlagynyň arasynda yzygider gämi gatnawuny ýola goýýarlar. Olar Tährany XIX asyryň ahyrlarynda gurlup başlan Bagdat demir ýoly bilen birleşdirmegi meýilleşdirýärdiler. Germaniýaly işewürler Eýrana getirilýän harytlaryň möçberini yzygider artdyrýardylar, konsessiýalary edinmäge çalyşýardylar. Olaryň tagallasy bilen Tähranda nemes mekdebi hem açylýar.

1905-nji ýylyň ahyrlarynda Eýran bilen takyk kesgitlenilen araçägiň ýoklugyndan peýdalanyp Türkiýe Urmiýa kölüniň töwereklerindäki Soujbulak (Mehabat) etrabyny eýeledi.

Germaniýanyň Ýakyn Gündogara we Eýrana aralaşyp başlamagy bäsdeş döwletler bolan Angliýa bilen Russiýany billeşip hereket etmäge iterdi. Bu iki döwlet Aziýanyň beýleki ýerlerinde bolşy ýaly, Eýrany hem täsir zolaklaryna bölmäge çalyşýardylar. 1907-nji ýylyň 31-nji awgustynda Eýrany, Owganystany we Tibeti täsir zolaklaryna bölýän iňlis-rus ylalaşygyna gol çekilýär. Aziýa halklarynyň içerki işlerine gödek gatyşmagyň nyşany bolan bu ylalaşyk boýunça Eýranyň Kasra-Şirin – Yspyhan – Ýezd – Zülpükär liniýasyndan demirgazykda ýerleşýän ýerleri Russiýanyň, Eýranyň Bender-Abbas – Kerman – Birjand – Gazik liniýasyndan günortada ýerleşýän ýerleri Angliýanyň täsir zolaklary, bu iki zolagyň arasyndaky ýerler bolsa bitarap zolak diýlip yglan edilýär. Eýran topragy babatynda amala aşyrylan bu bet işler Eýranyň milli bähbitleriniň, onuň milli garaşsyzlygynyň hem-de döwlet çäk bitewiliginiň gödek äsgermezçilik edilmegidi, keseki döwletiň mertebesiniň peseldilmegidi. Eýran döwleti babatynda kabul edilen bu ylalaşyk ýurtda çuňňur gahar-gazap döredýär. Eýranyň hökümeti bu ylalaşygy ykrar etmekden ýüz öwürýär, mejlis bolsa Eýranyň täsir zolaklaryna bölünmegine ýiti garşylyk bildirýär.

**1907-1908-nji ýyllarda eýran rewolýusiýasynyň giň gerime eýe bolmagy.** Eýranda rewolýusion wakalaryň ýiti häsiýete eýe bolmagy Muhammet Aly şany aýgytly herekete geçmäge mejbur edýär. Eýranyň mejlisini ýatyrmak we enjumenleri dargytmak maksady bilen şa Tährana hökümet goşunlaryny çekip ugraýar. 1907-nji ýylyň 2-nji dekabrynda şanyň buýrugy bilen şäheriň merkezi meýdançasy bolan Tophanada goşunlar we hökümdaryň tarapdarlary

ýygnanýarlar. Muhammet Aly şa mejlisi we enjumenleri dargytmak barada buýruk berýär. Emma mejlisi hem-de enjumenleri goramak üçin birnäçe müň adam, şol sanda ýaragly fedaýylar ýygnanýarlar. Töwrüziň, Reştiň, Maşadyň, Kazwiniň, Kermanyň we Şirazyň enjumenleri halk köpçüligini aýaga galdyryp, Muhammet Aly şanyň tagtdan el çekmegini talap edýärler. Tährana enjumenler tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän köp sanly ýaragly goşun bölümleri girizilýär. Eýranyň ministrler kabineti iş başyndan gidýär. Emma mejlis wakalaryň dartgynly ýagdaýa eýe bolmagyndan howatyr edip, şa bilen gepleşiklere başlaýar. Muhammet Aly şa özüniň konstitusiýa ygrarlydygyny ýene-de bir gezek tassyk edýär, mejlis hem öz gezeginde şanyň ygtyýarlyklaryny goramaga we kepillendirmäge borçlanýar.

Emma ýurtda syýasy ýagdaý gün geldigiçe güýçlenýär, Eýranyň dürli ýerlerinde işçileriň, daýhanlaryň, şäher ilatynyň çykyşlary köpelýär. Käbir ýerlerde enjumenler fedaýy goşun bölümlerine daýanyp, häkimiýeti öz ellerine almaga-da synanyşyk edipdirler. 1908-nji ýylyň iýunyna çenli Tährandaky enjumenleriň sany 200-e golaýlaýar. Olaryň ygtyýarynda köp sanly fedaýy goşunlary hem bardy. 1908-nji ýylyň 28-nji fewralynda fedaýylar Muhammet Aly şanyň janyna kast etmäge synanyşýarlar. Şol bir wagtyň özünde-de mejlisiň ýolbaşçylary, onuň erkin garaýyşly köpçüligi şanyň topalaňlaryň we bidüzgünçilikleriň öňüni almaga gönükdirilen tagallalaryny goldapdyrlar.

Şeýle şertlerde Muhammet Aly şa Tährana goşun bölümlerini çekip, aýgytly herekete geçýär. 1908-nji ýylyň 22-nji iýunynda şa harby ýagdaýy girizýär we pars-kazak goşun birikmesiniň serkerdesi polkownik Lýahowa mejlisiň jaýyny, onuň bilen goňşuçylykda ýerleşýän Sepahsalar metjidini eýelemäge buýruk berýär. Lýahow metjitdäki konstitusiýanyň tarapdarlarynyň ýaraglaryny ellerinden alýar. 23-nji iýunda mejlisi oka tutup, pars-kazak birikmesi

mejlisi, azerbaýjan enjumenini we Sepahsalar metjidini eýeleýär. Mejlisiň şa hökümeti bilen ylalaşmak islemeýän deputatlarynyň birnäçesi tussag edilýär, käbirleri bolsa öldürilýär. Şanyň buýrugy boýunça konstitusion hereketiň ýolbaşçylarynyň biri Mälik al-Mutakalleman, «Sure Israfil» gazetiniň redaktory mürze Jahangir han, «Ruh al-Kuddus» gazetiniň redaktory Soltan al-Ulama Horasany, Kazy Ardaky, seýit Jemal we beýlekiler dardan asylýar. Mejlisiň deputaty Tagy zada we ýene-de birnäçe adamlar Angliýanyň ilçihanasynda beste oturýarlar. Emma mejlisiň deputatlaryň köpüsi şanyň tarapyna geçýärler. Mejlisiň dargadylýan mahaly onuň goragçylarynyň 300-den gowragy öldürilýär. Şa goşunlaryndan 100-e golaý adam öldürilýär we ýaralanýar. Mejlisiň we enjumenleriň ýatyrylýandygy yglan edilýär, gazetler ýapylýar. Tähranda gabaw ýagdaýy girizilýär. Eýranyň Töwrüzden galan şäherlerinde enjumenler dargadylýar. Möhüm welaýatlara şanyň tarapdarlary häkim edilip bellenilýär.

**1908-1909-njy ýyllaryň Töwrüz gozgalaňy.** Eýran mejlisi we enjumenler dargydylandan soň rewolýusiýa Eýran Azerbaýjanynyň merkezi Töwrüz şäherine geçýär. Hökümetiň şäheri eýelemek we mujahitleri, fedaýylary derbi-dagyn etmäge synanyşygy başa barmaýar. Töwrüz enjumeni dargaýar. Emma şäher ilaty – işçiler, senetçiler, ownuk söwdagärler, şäher garyplry aýaga galyp, ýerli häkimiýeti eýeleýärler. Töwrüz gozgalaňyna ýönekeý halkdan gelip çykan Setdar, işçi Bagir, şeýle hem ýerli sosial-demokratik guramasynyň ýolbaşçylary Aly Mosýu, Dawafuruş, hajy Mäti Aga ýolbaşçylyk edipdirler. Olaryň arasynda Setdar özüniň başarjaňlygy bilen aýratyn tapawutlanypdyr. Setdaryň ýakyn kömekçisi Hüseýin Bagban bolupdyr. Şäherdäki fedaýy goşunlaryna daýhan Ýyldyrym, neçjar Naýyp Muhammet Agaýy, ok ýasaýan Mir Abdyl Hasan Peşeňçi dagylar serkerdelik edipdirler.

Şäheri dolandyrmak üçin täze enjumen döredilýär. Gozgalaňçylar konstitusiýanyň dikeldilmegini we mejlisiň çagyrylmagyny talap edýärdiler. 1908-nji ýylyň oktýabryna çenli dört aýyň dowamynda töwrüzli gozgalaňçylar diňe bir şa goşunlary bilen däl, eýsem şanyň bu ýerlerdäki tarapdarlary bolan garajadaglylaryň baştutany Rahym han Çelebiýanlynyň, şahsewenleriň baştutany Nasrulla han Ýurtçynyň we beýlekileriň nökerleri bilen hem uruşlary alyp barypdyrlar. Bu döwürde şäheriň esasy bölegi gozgalaňçylaryň garşydaşlary tarapyndan eýelenilipdir. Emma oktýabr aýynda Setdaryň goşunlary garşydaşlaryny şäherden gysyp çykarýar.


Töwrizli fedaýylar

Şanyň hem-de onuň tarapdarlarynyň goşunlary Töwrüzden çykarylandan soň gozgalaňçylar Azerbaýjanyň Marand, Marage, Hoý, Salmas we başga-da birnäçe şäherlerini eýeleýärler. Eýelenilen şäherlerde we obalarda enjumenler döredilýär, fedaýy goşun bölümleri düzülýär. Muhammet Aly şanyň Azerbaýjandaky mülkleri konfiskasiýa edilýär. Dolandyryş işlerini Töwrüziň welaýat enjumeni amala aşyrypdyr. Bu ýerde Setdar bilen Bagiriň baştutanlygynda harby geňeş döredilýär. 1908-nji ýylyň ahyrlaryna çenli Azerbaýjanda 40 müňe golaý fedaýy bolup, olaryň 20 müňüsi Töwrüzde ýeleşýärdi.

1909-njy ýylyň ýanwarynda şa goşunlary Töwrüzi gaýtadan gabaýar. Bu döwürde Horasanyň baş şäheri bolan

Maşatda, ýurduň merkezindäki Yspyhanda, Hazaryň golaýyndaky Reştde hem uly çykyşlar bolup geçýär. 1908-nji ýylyň 8-nji fewralynda Reştde gozgalaň turup, ýerli häkimiýet konstitusiýanyň tarapdarlarynyň eline geçýär. 1909-njy ýylyň martynda konstitusiýanyň tarapdarlary Buşirde we Bender-Abbasda ýerli häkimiýeti basyp alýarlar.

Angliýanyň we Russiýanyň hökümetleri Eýranda bolup geçýän wakalary üns berip synlaýardylar. Iňlisler we ruslar hökümdara konstitusiýany dikeltmegi maslahat berýärler, ýöne, şunuň bilen bir hatarda, bu döwletleriň her biri öz täsir zolaklaryna goşun salýarlar. Eýranyň günortasynda – Buşirde, Bender-Abbasda, Lingde iňlis goşunlary düşürilip, ýerli enjumenler derbi-dagyn edilýär. 1909-njy ýylyň aprel aýynyň ahyrlarynda rus goşunlary hem Töwrüze girýär. Rus goşunlarynyň aýgytly hereketleri netijesinde bu ýerdäki gozgalaň basylyp ýatyrylýar, fedaýy goşunlary dargydylýar. Emma Töwrüzi eýeläp ruslar we şanyň tarapdarlary Setdar bilen Bagiri tussag etmändirler. Şäherde Töwrüz enjumeni, Azerbaýjanyň welaýat enjumeni tarapyndan bellenilen häkimi Ejlal al-Mülk hem öňkileri ýaly dolandyryşy amala aşyrmaklaryny dowam etdiripdirler.

**Muhammet Aly şanyň häkimiýetden çetleşdirilmegi we Ikinji mejlisiň çagyrylmagy.** Töwrüzdäki, Gilýandaky, Maşatdaky, Yspyhandaky we ýurduň beýleki ýerlerindäki gozgalaňlar Muhammet Aly şanyň häkimiýetine agyr zarba urdylar. 1909-njy ýylyň iýulynda gilýanly fedaýylaryň demirgazykdan, bagtyýar taýpa goşunlarynyň günortadan Tährana geçiren ýörişleriniň netijesinde Muhammet Aly şa tagtdan


Setdar han

agdaryldy. Tagta şanyň kämillik ýaşyna ýetmedik ogly Ahmet (1909-1925) çykarylyp, onuň atabegligine gajarlar nesliniň ýaşulysy Azat al-Mülk bellenildi. Häkimiýetini aldyran hökümdar ýylda 100 tümene barabar ömürlik pensiýa bellenilenden soň Russiýanyň Kawkazdaky mülklerine (Demirgazyk Azerbaýjan) çykyp gitdi. Ýurtda 1906-1907-nji ýyllaryň konstitusiýasynyň dikeldilýändigi yglan edilýär. Täze hökümetiň başlyklygyna gilýanly fedaýylaryň Tähran ýörişine gatnaşyjy, Muhammet Alynyň garşydaşlarynyň biri, iri mülkdar Sepahdar bellenilýär. Sepahdaryň ministrleriniň aglabasy iri begzadalardan we bagtyýar hanlarynyň wekillerinden düzülipdir. Mysal üçin, içeri işler ministriniň wezipesini bagtyýar taýpasynyň wekili Serdar Asad eýeleýär, Tähran polisiýasynyň başlyklygyna bolsa daşnak[1] Ýefrem Dawidýans bellenilýär.

Fedaýylary ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyndan çetleşdirmek maksady bilen, 1909-njy ýylyň sentýabr aýynyň ahyrlarynda Sepahdar olardan ýaraglaryny tabşyrmaklygy we Tährandan çykmaklygy talap edýär. Emma fedaýylar konstitusiýanyň dikeldilmändigini, mejlisiň çagyrylmandygyny aýdyp, talaby ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýarlar.

1909-njy ýylyň noýabrynda Ikinji mejlis işe başlaýar. Mejlise saýlawlar şindi Muhammet Aly şa döwründe işlenilip düzülen we tassyklanylan saýlaw hakyndaky kanun esasynda geçirilýär. Bu kanun kurial saýlaw düzgünini ýatyrmagy, emläk senzini saklamagy we başgalary göz öňünde tutupdyr. Kurial saýlaw düzgüniniň ýatyrylmagy, emläk senziniň ýokarlandyrylmagy eýran jemgyýetiniň aşaky gatlaklarynyň saýlawlara gatnaşyp bilmek mümkinçiliklerini belli-külli çäklendirýärdi. Şonuň üçin hem

---

[1] Daşnaksutýun (ermeni. birleşik) 1890-njy ýylda Parižde esaslandyrylan ermeni milletçileriniň syýasy partiýasy. Bu partiýanyň agzalaryny daşnak diýip atladyrýarlar.

Ikinji mejlisde ýokary gatlaklaryň wekilleri agdyklyk edýärdi.

Sepahdaryň hökümetine Eýrany agyr ykdysady çökgünlikden çykarmak başartmaýar. Ol daşary yurt karzyny almaga, goşmaça salgytlary girizmäge mejbur bolýar. Bu bolsa ýurtda ýene-de nägileliklerиň tutaşmagyna sebäp bolýar. 1910-njy ýylyň iýulynda Sepahdaryň hökümeti iş başyndan gidýär. Täze hökümete erkin garaýyşly Mustwoufi al-Mamalek baştutanlyk edýär. Bu hökümeti 1909-njy ýylyň ahyrlarynda döredilen Eýranyň Demokratik partiýasy ýakyndan goldaýardy. 1910-njy ýylyň awgustynda Mustoufi al-Mamalek bagtyýarlardan düzülen nöker goşunlaryna daýanyp Tährandaky fedaýylaryň ýaraglaryny ellerinden alýar. Sepahdar daşary syýasatda Angliýa we Russiýa bilen gatnaşyklara ýykgyn eden bolsa, onda Mustoufa al-Mamelek Germaniýa hem-de ABŞ bilen gatnaşyklaryň tarapdary hökmünde iş alyp barýardy. Mustoufi al-Mamalegiň hökümeti ABŞ-dan maliýe maslahatçylaryny çagyrýar. Emma onuň hökümeti hem öz öňünde durýan meseleleri çözmekden ejiz gelýär we iş başyndan gidýär. Iş başyna ýene-de Sepahdaryň hökümeti gelýär. Onuň hökümeti 1911-nji ýylyň ýazynda Angliýadan 1 million 250 müň funt-sterling karz alýar.

1911-nji ýylyň maýynda Eýrana M. Şusteriň baştutanlygynda amerikan maliýe maslahatçylarynyň topary gelýär. Şusteriň toparyna ýurduň maliýe ulgamyny tertibe salmak üçin hökümet we mejlis tarapyndan giň ygtyýarlyklar berilýär. Emma çylşyrymly syýasy wakalar, sosial gapma-garşylyklar, ykdysady çökgünlikler zerarly halys tapdan düşen Eýrany galkyndyrmak mümkin däldi.

Bu döwürde häkimiýetini aldyran Muhammet Aly şa hem ýurda dolanyp gelmegiň ýollaryny agtarýardy. Azerbaýjanyň Russiýa degişli böleginde ýaşaýan öňki şany ruslar hem gižželeýärdiler we oňa Tährandaky tagtyny eýelemegi teklip

edýärdiler. Muhammet Aly şa Muzaffareddin şanyň etrek boýlarynda ýaşaýan türkmenleriň ýomut taýpasyndan bolan aýalyndan doglan ogludy. Onuň daýylary ýomutlaryň täsirli han maşgalasyndandylar. Haçan-da, Muhammet Aly şany goldamak üçin goşunlaryň zerurlygy ýüze çykanda, ruslar oňa Etrege gitmegi we daýylaryndan kömek soramagy maslahat berýärler. 1911-nji ýylyň iýulynda Muhammet Aly şa ruslaryň ýardam bermeginde Hazar deňzinden geçip, deňziň günorta-gündogar kenaryndaky Kümüşdepe şäherine gelýär. Kümüşdepede daýylary oňa türkmenlerden düzülen birnäçe müňlük goşun ýygnap berýärler. Şu goşunlara baş bolup Muhammet Aly şa Tährana ýörişe başlaýar. Muhammet Aly şany goldap, Kürdistanda dogany Salar ad-Döwle, Maraganyň häkimi Samat han, şahsewen hanlary hem aýaga galýarlar. Emma Muhammet Aly şanyň Tährana ýörişi heläkçilik bilen tamamlanýar. 1911-nji ýylyň güýzünde onuň tarapdarlary hökümet goşunlary tarapyndan agyr ýeňlişe sezewar edilýär. Ähli umydy puja çykan şa 1912-nji ýylyň başlarynda ýurtdan çykyp gidýär.

Angliýanyň hem-de Russiýanyň dolandyryjylary M. Şusteriň baştutanlygyndaky amerikan maslahatçylarynyň çagyrylyp getirilmegini oňlamandyrlar. 1911-nji ýylyň noýabrynda patyşa Russiýasynyň hökümeti Angliýanyň goldawyna daýanyp, eýran hökümetinden Şusteriň döwlet işlerinden çetleşdirilmegini talap edýär. Eýranyň milli garaşsyzlygyny äsgermezçilik edýän bu talap ýurtda ýiti gahar-gazap döredýär. Eýranyň mejlisi ruslaryň talabyny ret edip çykyş edýär. Şeýle şertlerde patyşa hökümeti Eýran Azerbaýjanyna, Gilýana we Horasana rus goşunlaryny salyp ýurduň demirgazygyny eýeleýär. Bu ýerlerdäki rewolýusiýa rus ýaragynyň güýji bilen basylyp ýatyrylýar. Eýranyň günortasyndaky rewolýusion çykyşlary bolsa iňlis goşunlary basyp ýatyrdylar.

Tähranyň özünde-de Ýefrem Dawidýansyň baştutanlygyndaky şäher polisiýasy, bagtyýarlaryň nöker goşunlary döwlet agdarylyşygyny geçirýärler. Mejlis, enjumenler, çepçi gazetler dargadylýar. Şeýlelikde, 1905-1911-nji ýyllaryň eýran rewolýusiýasy tamamlanýar. Emma rewolýusiýa basylyp ýatyrylan-da bolsa, onuň Eýranyň taryhy ykbalynda örän uly ähmiýeti boldy. 1905-1911-nji ýyllaryň wakalary diňe bir Eýranyň däl, eýsem ýewropalylar tarapyndan bakna edilen tutuş Aziýa yklymynyň taryhynda hem öwrülişikli wakalaryň biri boldy. Bu döwrüň wakalarynyň netijesinde Eýranyň taryhynda ilkinji gezek konstitusiýa kabul edilip, şa häkimiýeti çäklendirildi, ilkinji gezek wekilçilikli edara – mejlis işe başlady. Rewolýusiýanyň netijesinde belli bir çäklendirmelere garamazdan, eýran halky käbir demokratik hukuklara hem eýe boldy.

**Eýran birinji jahan urşy ýyllarynda.** Birinji jahan urşunyň başlanmagy bilen 1914-nji ýylyň 2-nji noýabrynda Eýran özüniň bitaraplygyny yglan edýär. Ýöne uruşýan döwletler ýurduň bitaraplyk syýasatyny äsgermezçilik etdiler. 1914-nji ýylyň noýabrynda Türkiýe özüne Eýranyň demirgazyk-günbataryndan howp salýan rus goşunlaryna garşy urşa başlady. Tiz wagtdan türk goşunlary Hoýy, Urmiýany, Töwrizi eýelediler. Emma 1915-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda rus goşunlary türkleri Töwrizden gysyp çykardylar. Şundan soň Eýranyň günbataryndaky Hemedan, Kermanşah we Hanekin taraplarda german-türk we rus-iňlis toparlarynyň ararsynda söweşler ýaýbaňlandy.

Birinji jahan urşy ýyllarynda Eýranyň dolandyryjylarynyň, Üçünji mejlisiň deputatlarynyň arasynda Germaniýanyň we Türkiýäniň tarapdarlarynyň täsiri güýçlenýärdi. Olar Germaniýa hem-de Türkiýä daýanyp, Angliýanyň we Russiýanyň tabynlygyndan çykyp bolar öýdýärdiler. Emma Angliýanyň we Russiýanyň

hökümetleri Eýrany jahan urşuna çekmäge jan edýärdiler. Munuň üçin olar haýbat atmakdan, zor salmakdan hem gaýtmaýardylar. 1915-nji ýylyň noýabrynda Mustoufi al-Mamalegiň hökümeti Angliýa hem-de Russiýa bilen bilelikde Germaniýa we Türkiýä garşy Eýranyň urşa girmegi bilen baglanyşykly gepleşikleri geçirmekden ýüz öwürdi. Muňa jogap edip rus goşunlary Tährana tarap hüjüme geçdiler. 1915-nji ýylyň ahyrlarynda Ahmet şa Germaniýa bilen Türkiýäniň tarapdarlary agdyklyk edýän hökümeti iş başyndan aýyrmaga we üçünji mejlisi dargytmaga mejbur boldy.

Dargydylan mejlisiň deputatlarynyň bir topary Tährandan Kuma gidip, Eýranyň wagtlaýyn milli hökümetini döredýärler. Rus goşunlarynyň hüjüm edýänligi zerarly bu hökümet ilki Hemedana, soňra bolsa Kermanşaha göçdi. 1916-njy ýylyň başlarynda bu hökümet yza çekilýän türk goşunlaryna goşulyp Türkiýäniň ýerine gidýär.

1917-nji ýyla çenli Eýranyň tutuş demirgazygyny - tä Yspyhana çenli ýerleri rus goşunlary eýelediler. Eýranyň günortasyny bolsa iňlis goşunlary eýeledi. Angliýanyň we Russiýanyň Eýrany eýelemegi ýurtda azat edijilik hereketiniň ýüze çykmagyna getirýär. Bu hereketler aýratyn hem Eýranyň demirgazygynda güýçlidi. Küçek hanyň (1881-1921) baştutanlygynda gilýanly daýhanlardan, senetçilerden, ownuk buržuaz toparlardan düzülen halk azat edijilik goşunlary bu ýerlerdäki rus goşunlarynyň üstüne häli-şindi çozuşlary gurap durýardylar. Küçek hanyň goşunlarynyň esasan Gilýanyň sümme tokaýlyk ýerlerinde hereket edýändigi üçin olary «jeňňelçiler» diýip atlandyrýardylar.

Jahan urşy ýyllarynda Eýranyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy has hem ýaramazlaşdy. Iňlis hem-de rus goşunlary tarapyndan alnyp barlan uruşlar ýurduň welaýatlarynyň arasyndaky gatnaşyklara, welaýatlaryň

merkez bilen baglanyşygyna iňňän ýaramaz täsir etdi. Önüm öndürilişi, içerki we daşary bazaryň gerimi görülmedik derejede peseldi.

## § 3. Owganystan XIX asyryň ahyrlarynda - XX asyryň başlarynda

**Ikinji iňlis-owgan urşy.** XIX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap iňlisler ýene-de Owganystana uly gyzyklanma bildirip ugraýarlar. Munuň üçin belli iňlis diplomaty we gündogarşynasy Genri Roulinson (1810-1895) tarapyndan ýörite maksatnama işlenilip düzülýär. Maksatnama hindi-owgan araçäginde harby maksatly desgalary, gury ýer we demir ýollary, berkitmeleri gurmagy, Kabul hökümetiniň üstünden syýasy gözegçiligi ýola goýmak üçin Owganystanda britan konsulluklaryny we agentliklerini döretmegi göz öňünde tutupdyr. 1873-nji ýylda Angliýa Russiýa bilen ylalaşyk baglaşyp, onuň Owganystany iňlisleriň bähbitleriniň aralýan giňişligi diýip ykrar etmegini gazanýar. Asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap iňlisler Owganystan bilen araçäkdäki puştun ýerlerini hem eýeläp ugraýarlar. Angliýa puştun taýpalary bilen goňşyçylykda ýerleşýän Kwetta begligini şertnama baglaşmaga mejbur edip, onuň ýerine demir ýol we telegraf çekmegi maksat edinýär. Emma iňlisler Owganystanyň emiri Şir Aly hany (1868-1979) Kabulda hemişelik herkete edýän iňlis missiýasyny ýerleşdirmäge boýun edip bilmeýärler.

Owgan emirine zor salmak başartmanyndan soň Britan Hindistanynyň wise-koroly Litton Kabuldan resmi däl iňlis wekilini yzyna çagyrýar we urşa taýýarlanyp ugraýar. Şiraly han Russiýanyň harby-syýasy ýardamyna bil baglap, Angliýa boýun egmek islemändir. Şol döwürler Russiýa hem Merkezi Aziýanyň Owganystan bilen ýanaşyk ýerlerine

goşun bölümlerini ugradýar, 1878-nji ýylyň maýynda bolsa Kabula general Stoletowyň baştutanlygynda harby-diplomatiki missiýasy ugradylýar. Stoletow Şir Aly han bilen harby ýaranlyk hakyndaky rus-owgan şertnamasyna gol çekýär. Emma Berlin kongresinde Russiýa bilen Angliýanyň arasynda ýewropa syýasaty babatynda wagtlaýyn ylalaşyk gazanylandan soň Russiýa rus-owgan şertnamasyny tassyk etmeýär. Emele gelen ýagdaýda Angliýanyň hökümeti Şiraly handan Jozef Çemberleniň (1836-1914) ýolbaşçylygyndaky britan missiýasyny we onuň ýanyndaky goşun bölümlerini kabul etmegi talap edýär. Çemberleniň maksady Kabulda, Balhda we Hyratda iňlis agentlikleriniň döredilmegine Şiraly hany boýun etmelidi. Emma emiriň buýrugy bilen iňlisler Owganystana goýberilmeýär. Şiraly hanyň Stoletow bilen gepleşikleri geçirmegi, Çemberleniň missiýasynyň kabul edilmezligi




Angliýa tarapy üçin Owganystanyň üstüne çozmaga bahana bolup hyzmat edýär. Angliýanyň premýer-ministri Benjamin Dizraýeli (graf Bikonsfild, 1804-1881) Owganystana iňlis tarapynyň talaplarynyň haýal edilmän berjaý edilmelidigini

duýdurýar. Duýduryşyň jogabyna-da garaşman 1878-nji ýylyň noýabr aýynda 35 münlük iňlis goşuny Owganystanyň üstüne hüjüme başlaýar.

Deslapky düzülen harby maksatnama laýyklykda iňlis goşunlary Owganystanyň üstüne üç ugur boýunça çozýarlar. General Brounyň serkerdeligindäki iňlis goşunlary Haýber jülgesi boýunça Jelalabada tarap hüjüm edip ugraýarlar we owganlaryň ýangynly garşylyk görkezýändiklerine garamazdan 1879-njy ýylyň ýanwarynda Jelalabady eýeleýärler. Iňlis goşunlarynyň paýtagta golaý gelmegi bilen Kabulda howsalaly ýagdaý emele gelýär. Käbir owgan hanlary, Şir Aly hanyň köşk adamlarynyň bir topary emiriň garşysyna çykýarlar. Şir Aly han Kabulda ogly Ýakup hany galdyryp, rus missiýasynyň wekilleri bilen ýurduň demirgazygyna - Mazary-Şerife tarap ugraýar. Şir Aly han urşy bes etmäge çagyryp iňlis hökümetine ýüz tutýar we eger-de, basybalyşlar bes edilmese, halkara bileleşigine ýüzlenjekdigini aýdýar. Owganystandaky wakalar sebäpli Londondaky rus ilçisi Şuwalow iňlis hökümetine birnäçe nota gowşurýar. Şir Aly han barada aýdylanda bolsa ol Mazary-Şerife gelenden soň agyr keselleýär we 1879-njy ýylyň 20-nji fewralynda aradan çykýar.

Şir Aly han ölenden soň Ýakup han halkyň iňlislere garşy ýiti söweşleri alyp barýandyklaryna garamazdan göreşi bes edýär we 1879-njy ýylyň 26-njy maýynda Kandagaryň golaýyndaky Gandamak diýen ýerde iňlis hökümetiniň wekili Lui Kawanýeri bilen Owganystan babatynda kemsidiji häsiýetdäki şertnama baglaşmaga mejbur bolýar. Şertnama boýuça Owganystan dünýä döwletleri bilen daşary gatnaşyklardan mahrum edilýär. Iňlisler Owganystanyň Sibi, Pişina we Gurama etraplaryny dolandyrmaga, dag geçelgelerine gözegçilik etmäge hukuk gazanýarlar. Owgan emiriniň ähli hereketlerini iňlisler doly gözegçilige alýarlar, munuň üçin Kabulda ýörite iňlis rezidenti ýerleşdirilýär.

Tabynlyk bildirendigi üçin iňlis hökümeti emire ýylda 600 müň rupiýa pensiýa belleýär. Şunuň bilen ikinji iňlis-owgan urşunyň birinji tapgyr tamamlanýar.

**Owganystanda iňlislere garşy azat edijilik urşunyň ýaýbaňlanmagy.** Ýakup han iňlisler bilen ýaraşyga gol çekse-de owgan halky göreşi bes etmändir. Basybalyjylara garşy göreşler gaýtadan güýjeýär. Watançy han-begler, tanymal ulamalar owgan halkyny iňlislere garşy göreşe çagyrýarlar. Kabulyň özünde-de iňlis rezidentine we onuň ýanynda ýerleşýän goşunlara ýigrenç güýçli bolupdyr. Ýurtda gaça uruşlaryň gerimi gün-günden giňeýär. Kabulda we iňlisler tarapyndan basylyp alnan iri şäherlerde halk bilen iňlis goşunlarynyň arasynda çaknyşyklar güýjeýär. 1879-njy ýylda Kabulda owgan esgerleri gozgalaň turuzýarlar. Şäherdäki iňlis rezidentligi we onuň gullukçylary ýok edilýär. Gorkusyndan zähresi ýarylan Ýakup han ötünç sorap wise-korola ýüzlenýär. Emele gelen ýagdaýda iňlis hökümeti Owganystana general Robertsiň baştutanlygynda jeza beriji goşunlary ibermegi karar edýär.

Şir Aly hanyň meşhur serkerdeleriniň biri Muhammet han goşunlary bilen Robertsiň öňünden çykýar. Emma iňlislere bu goşunlary ýeňlişe sezewar etmek başardýar. Muhammet han Gazna şäherine yza çekilýär. Robertsiň goşunlary Bala Hisary eýeläp Kabula girýär. Roberts Ýakup hany gowuşgynsyzlykda aýyplap, tagtdan agdarýar we Hindistana sürgün edýär.

Gaznada ýerleşen owgan goşunlaryna Şir Aly hanyň beýleki bir serkerdesi, general Muhammet Jan han Wardak baştutanlyk edýärdi. Onuň goşunlary esasan Kuhistanyň owgan we täjik ilatyndan düzülendi. Muhammet Jan han öňki emiriň hemişelik goşunlarynyň esgerleriniň hem esasy köpçüligini öz tarapyna çekýär. Owgan Türküstanyndaky owgan goşunlarynyň gelmegi hem Muhammet Jan hanyň ýagdaýyny has-da ýeňilleşdirýär. Belli ulama Din

Muhammet iňlislere garşy wagyz işlerini güýçlendiripdir we Muhammet Jan hana ýakyndan ýerdam edipdir. Ol fetwa kabul edip halky basybalyjylara garşy aýaga galmaga we iňlisleri ýurtdan kowup çykarmaga çagyrypdyr. Din Muhammediň çagyryşy gilzaý we momand taýpalarynyň arasynda seslenme tapýar.

1879-njy ýylyň ahyrlarynda Gaznadaky, Kuhistandaky we ýurduň beýleki ýerlerindäki azat edijilik goşunlary Kabula tarap süýşüp ugraýarlar. General Roberts olaryň garşysyna iňlis esgerlerini ugradýar. Kabulyň eteginde aýgytly söweşler ýaýbaňlanýar. Kabulyň ilaty tarapyndan goldaw tapan owgan goşunlary paýtagty eýeleýär. Emma general Robertse Hindistandan goşmaça kömek gelenden soň Muhammet Jan han Kabuly taşlap gidýär.

Şeýlelikde, iňlisleriň elinde Kabul we Kandagar, şeýle hem Britan Hindistanyndan Owganystana çozmaga mümkinçilik berýän möhüm geçelgeler galýar. Muňa garamazdan iňlisleriň ýagdaýy öwerlikli däldi. Şonuň üçin hem iňlisler ýurtdaky ýagdaýy durnuklaşdyrmak üçin owgan tagtyna eýe gözläp başlaýarlar. Bu döwürde Merkezi Aziýanyň aglaba bölegini basyp alan (türkmen ýerlerinden diňe Ahal bilen Merw basylyp alynmandy) Russiýada hem owgan tagtyna mynasyp adamy gözleýärdiler. Ahyrynda Russiýany hem, Angliýany hem kanagatlandyryp biljek şeýle dalaşgär tapylýar. Ol bir wagt tagt ugrundaky göreşlerde ýeňlip, Owganystandan Buhara – rus patyşasynyň mülklerine gaçyp giden Abdyrahman handy.

**Owganystanda häkimiýet başyna Abdyrahman hanyň gelmegi.** Abdyrahman Dost Muhammet hanyň agtygy, Şir Aly hanyň bolsa doganynyň ogludy. Ruslar Abdyrahman han Owgan Türküstanynda häkimiýeti alyp, iňlisleriň zor salmalaryna garşy durup biler diýip hasap edýärdiler. Iňlisler hem öz gezeginde, eger-de, Abdyrahman Owganystanda häkimiýeti eline alyp bilse, uzagyndan iňlisleriň

tabynlygyny kabul eder öýdýärdiler. Abdyrahman hanyň özi barada aýdylanda bolsa, ol Angliýa bilen Russiýanyň arasyndaky oňşuksyzlyklardan peýdalanyp, Owganystanyň doly hukukly hökümdary bolmaga çalşypdyr. Rus häkimiýetleriniň ýardam etmeginde Abdyrahman hana Badahşana aşmak we bu ýerde öz häkimiýetini ykrar etdirmek başardýar.

Bu döwürde Owganystanyň demirgazyk-günbataryndaky Hyrat welaýatynda Eýýup han häkimlik edýärdi. Beýleki käbir owgan hanlary ýaly ol hem ýurtdaky merkezi häkimiýete dalaş edýärdi. Emma Angliýa häkimiýet meselesinde Abdyrahman hany goldaýar we oňa eger-de, ol owgan tagtyny eýelemäge isleg bildirse, iňlisler tarapyndan goldanyljakdygyny beýan edýärler. Iňlisler Abdyrahman hana uly möçberde pensiýa tölemegi, Gandamak şertnamasynyň Owganystanyň garaşsyzlygyny curt-kesik çäklendirýän käbir şertlerinden el çekmegi, owgan hökümetiniň içerki işlerine gatyşmazlygy wada edýärler. Öz gezeginde Abdyrahman han hem eger-de, iňlisler Owganystanda goşun saklamzalyga, iňlis rezidentlerini ýerleşdirmezlige razy bolsalar, Angliýdan başga hiç bir döwlet bilen diplomatik gatnaşyklary saklamazlyga borçlanýar. Bulardan başga-da, Abdyrahman han Hindistan bilen araçäkde ýerleşýän käbir owgan ýerleriniň Angliýanyň tabynlygyna geçmegine, dag geçelgeleriniň üstünden iňlis gözegçiliginiň amala aşyrylamgyna razylyk berýär.

Iňlis hökümeti Kandagary Owganystandan bölüp aýryp, onuň ýerinde özbaşdak emirlik döretmegi maksat edinipdir. Şonuň üçin hem şindi Owganystanda Abdyrahman hanyň häkimiyeti berkarar edilmänkä, Kandagar welaýaty ugrunda Eýyup han bilen iňlis goşunlarynyň arasynda gazaply söweşler alnyp barlypdyr. Iňlis hem-de owgan goşunlarynyň arasyndaky aýgytlaýjy söweş Maýwand obasynyň eteginde bolup geçýär. Emma hemişelik goşun bölümlerinden we

gazylardan düzülen owgan azat edijilik goşunlary iňlisleriň hem-de olaryň tarapyna geçen kandagarly hanlaryň goşunlarynyň üstünden aýgytly ýeňiş gazanýarlar. Iňlisler zordan gaçyp Kandagarda gizlenýärler. Eýýup han Kandagary gabaýar, ýöne tiz wagtdan goşunlaryny Hyrada alyp gidýär. Şeýle şertlerde iňlisler Owganystany bölmek meýillerinden el çekýärler. Angliýanyň hökümeti Kandagary Abdyrahman hana bermegi karar edýär. 1881-nji ýylda, haçan-da, Eýýup han Kandagary eýelemäge ikinji gezek synanyşyk edende, ýeňlip Hyrada çekilýär. Tiz wagtdan Hyrat Abdyrahman han tarapyndan eýelenilýär, Eýýup han bolsa Eýrana gaçyp gidýär. Şeýlelikde, Abdyrahman han Owganystanyň ýeke-täk hökümdary bolup galýar. Ony iňlislere garşy uruşlary alyp baran köp sanly owgan serdarlary goldapdyrlar. Din Muhammet ýörite fetwa kabul edip, Abdyrahman hany Owganystanyň kanuny hökümdary diýip yglan edýär. 1881-nji ýylyň ortalaryna çenli Abdyrahman hanyň häkimiýeti Owganystanyň ähli ýerlerinde ykrar edilýär. Bu döwre çenli iňlis goşunlary ýurduň çäginden doly çykarylýar.

**Abdyrahman hanyň hökümetiniň içeri we daşary syýasaty.** Owganystanda häkimiýeti ele alyp Abdyrahman han (1881-1901) merkezi hökümete tabynlyk bildirmeýän han-beglere garşy berk çäreleri amala aşyrýar. Bu meselede ol öz döwründe Dost Muhammet hanyň we Şir Aly hanyň alyp baran merkezleşdiriş syýasatlaryny dowam etdirýär. Onuň dolandyran ýyllarynda ilatyň söwda bilen meşgullanýan gatlaklarynyň ýagdaýy berkeýär. Emiriň özi hem owgan jemgyýetiniň bu


Abdyrahman han

gatlagyna ýakyndan ýardam edipdir. Iňlis häkimiýetleriniň Hindistanyň Owganystan bilen ýanaşyk ýerleşýän welaýatlaryna demir ýol çekmegi ýurda harytlaryň getirilişiniň gerimini giňeldýär we kerwen söwdasy bilen meşgullanýan owganlaryň powinda taýpasynyň söwda işlerindäki ähmiýetini peseldýär. Abdyrahman han garaköli bagananyň öndürilişine we onuň söwdasyna monopoliýa girisýär. Söwda işlerine ýurduň iri begzadalary, tire-taýpa serdarlary hem çekilip ugraýar. Abdyrahnman han söwda ýollarynyň howpsuzlygyna uly üns berýär. Ol ýurduň bütin çäginde ulanylýan ýeke-täk ýerli puly – owgan rupiýasyny (owgany) girizýär. Ol zikgehana açypdyr we Owganystanyň ähli ýerlerinde ýeke-täk agram we ölçeg birliklerini orbnaşdyrýar. Aýry-aýry harytlara döwlet monopoliýasyny girizmek bilen Abdyrahman daşary ýurtly söwdagärleri bilen deňeşdirilende owgan täjirleri üçin has amatly şertleri döredipdir.

Emir tarapyndan döredilen dolandyryş edarasy döwlet hazynasyna girdejileriň yzygider gelip durmagyny üpjün edýär. Owgan däl ilat we owgan daýhanlarynyň uly bölegi döwlete önüm salgydyny tölemäge borçlandyrylypdyr. Käbir owgan taýpalary söwda ýollarynyň howpsuzlygyny üpjün edýändikleri we emiriň haýryna käbir hyzmatlary ýerine ýetirýändikleri üçin salgyt ýeňilliklerinden peýdalanypdyrlar. Käbir halatlarda Abdyrahman täsirli owgan han-beglerine özleriniň häkimlik edýän ýerlerinden salgyt ýygnamaga-da ygtyýar berýär.

XIX asyryň 80-nji ýyllarynda Russiýa bilen araçäk kesgitlenilenden soň Abdyrahman han puştun taýpalarynyň, owgan däl halklaryň (täjik, özbek, türkmen we başgalar) merkezi häkimiýete tabynlygyny berkitmek üçin ilaty ýurduň günortasyndan demirgazyga, Hyratdan Balha köpçülikleýin göçüripdir. Abdyrahman han Hindiguş daglarynyň günorta tarapyndaky barmasy kyn daglyk

Kapyrystan diýlip atlandyrylan ülkäni eýeleýär. Ilkidurmuş jemagat gurluşy şertlerinde ýaşaýan bu ýerleriň köp hudaýlylyga uýýan halkyny ol Yslam dinine uýdurýar we ony Nurystan diýip atlandyrýar.

Abdyrahman han häzirki zaman döwlet dolandyryş edarasyny döretmäge çalşypdyr. Munuň üçin ol maliýe, söwda, adalat, jemgyýetçilik işleri, aragatnaşyk ministrliklerini, polisiýa gullugyny, döwlet diwanyny döredýär. Bilim we saglygy saklaýyş edaralary hem döredilýär. Tagalla baryny etse-de Abdyrahman hana Hind derýasynyň sag kenaryndaky we Süleýman daglarynyň sebitindäki puştun ýerlerini öz döwletiniň düzümine goşmak başartmandyr.

Daşary syýasatda Owganystanda Angliýanyň täsiri güýçli bolup galypdyr. Angliýa Owganystana goňşy ýurtlar bilen söwda işlerini alyp barmaga päsgel beripdir. Abdyrahman han Russiýa bilen Owganystanyň arasyndaky serhetleri kesgitleýän 1869-1873-nji ýyllaryň rus-owgan ylalaşyklaryny bozýar. Ylalaşyk boýunça Amyderýanyň günorta kenary iki ýurduň arasyndaky serhet diýlip hasap edilipdi. 1883-nji ýylda emiriň goşunlary 1876-njy ýylda Russiýa tarapyndan basylyp alnan Kokant hanlygyna degişli Pamirdäki beglikleriň ýerlerine goşun salýar. 1885-nji ýylda iňlis wekili Lemsdeniň gižželemegi bilen Guşgy (häzir Serhetabat) sebitlerine owgan goşunlary hüjüm edip ugraýar. Emma rus goşunlary iňlis serkerdeleri tarapyndan dolandyrylan owgan goşunlaryny Daşköpriniň ýanynda agyr ýeňlişe sezewar edýärler. 1885-nji ýylda Russiýa bilen Owganystanyň arasynda serhet babatynda ylalaşyk gazanylýar, 1887-nji ýylda bolsa Tejen (Gerirud) derýasyndan Amyderýa çenli aralykda rus-owgan araçägi çekilýär.

Edil öňki döwürlerde bolşy ýaly, Owganystanyň Britan Hindistany koloniýasy bilen aralykda anyk takyklanylan we ykrar edilen araçägi ýokdy. Şonuň üçin hem Angliýa Hindistan bilen Owganystanyň aralygynda ýerleşýän puştun ýerlerini eýelemäge girişýär. 1891-nji ýylda iňlisler Weziristanyň Angliýanyň tabynlygyndaky Süleýman daglarynyň töweregindäki puştunlaryň wezir taýpasynyň ýerlerine goşulmagyny talap edýärler. Iňlisler Weziristanyň demirgazygyndaky Guramany, owganlaryň turi taýpasynyň ýaşaýan ýerlerini hem eýeleýärler. Emma 1890-njy we 1891-nji ýyllarda orakzaý taýpasyny boýun egdirmek iňlislere başartmandyr.


Habibulla han
(çepden birinji)

1893-nji Hindistanyň demirgazyk-günbatar araçägini kesgitlemek maksady bilen Kabula Mortimer Dýurangyň ýolbaşçylygynda iňlis missiýasy gelýär. Owgan hem-de iňlis wekilleriniň bilelikdäki işleriniň netijesinde 1893-nji ýylyň 12-nji noýabrynda Owganystan bilen Hindistanyň arasynda «Dýurandyň liniýasy» adyny alan iňlis-owgan araçägi çekilýär. Netijede Süleýman dag gerişleri Owganystan bilen Britan Hindistanynyň arasyndaky araçäk diýlip ykrar edilýär. Şunda owganlaryň Süleýman dag gerişlerinden gündogarda ýaşaýan millionlarçasy iňlisleriň eline geçýär. XIX asyryň 90-njy ýyllarynyň ahyrlarynda Britan Hindistanynyň çäklerinde galan puştunlar iňlislere garşy birnäçe gezek gozgalaň turuzýarlar. Elbetde, edenli hökümdar hökmünde Abdyrahman han bu ýerleriň puştun ilatynyň göreşlerine ýardam etmäge çalşypdyr. Munuň üçin

serhetýaka ýerlerine ok-ýaraglary jemledipdir. Emma bu uruşlarda ähli puştunlary bir agza jemläp bilmejekdigine göz ýetirip, owgan emiri olary goldamagyny bes edýär. Bu ýerlerdäki gozgalaňlar basylyp ýatyrylandan soň 1901-nji ýylda serhetdäki ähli puştun ýerleri birleşdirilip Britan Hindistany koloniýasynyň düzüminde Demirgazyk-Günbatar serhet welaýaty[1] döredilýär.

**Owganystanda häkimiýet başyna Habibulla hanyň gelmegi.** XX asyryň başlarynda Owganystan Angliýanyň tabynlygyndaky yzagalak döwletleriň biri bolup galýardy. Köp babatda ol daşky dünýäden «ýapyk ýurtdy». Ýewropalylar Owganystana diňe emiriň aýratyn rugsady bilen gelip bilýärdiler, owgan raýatlaryna bolsa ýörite ygtyýarnama bolmasa ýurdan çykmaga rugsat berilmändir. Owgan emiriniň amala aşyran käbir ykdysady özgertmelerine garamazdan Owganystan dünýä hojalyk gatnaşyklaryna goşulyşyp bilmändir. Ýurtda daşary ýurtlylara degişli ýekeje-de konsessiýa bolmandyr. Emma wagtyň geçmegi bilen Owganystana Günbatar ýurtlarynyň buržuaz ideýalary, Gündogaryň musulman magaryfçylygy azda-kände täsir edipdir. Bu bolsa ýurtda öz döwrüniň öňdebaryjy düzgünleriniň ornaşdyrylmagyny, möwrütini ötüren orta asyr düzgünleriniň ýatyrylmagyny maksat edinýän dürli syýasy toparlaryň döremegine getirýär.

1801-nji ýylda Abdyrahman aradan çykandan soň owgan tagtyna onuň uly ogly Habibulla han (1901-1919) eýe bolýar. Habibulla hanyň tagallalary bilen 1903-nji ýylda Owganystanda ilkinji dünýewi okuw mekdebi - Habibiýe liseýi açylýar. Liseýe diňe bir owgan begzdalarynyň däl, eýsem jemgyýetiň orta gatlaklarynyň çagalary hem okuwa alnypdyr. Habibulla hanyň köşgünde ýewropaça geýinmeklik girizilýär. Owgan emiri birbada iňlis

[1] Häzir Päkistan Yslam respublikasynyň Demirgazyk-Günbatar serhet welaýaty.

subsidiýalaryndan ýüz öwürýär. Ýöne, Owganystana Deniň iňlis missiýasy gelip gidenden soň, Habibulla han kakasynyň iňlisler bilen baglaşan ylalaşyklarydyr şertnamalarynyň ählisine ygrarlylyk bildirýär. Şundan soň emire berilýän subsidiýalar gaýtadan gelip başlaýar.

1907-nji ýylda Angliýa bilen Russiýa tarapyndan öňi bilen Germaniýanyň bähbitlerine, şeýle hem Gündogar ýurtlarynda ýaýbaňlanyp ugran azat edijilik hereketine garşy gönükdirilen «Persiýanyň (Eýran), Owganystanyň we Tibetiň işleri boýunça konwensiýa» baglaşylandan soň Habibulla han Angliýa resmi suratda protest (garşylyk) bildirýär. Emma owgan emiriniň garşylygy jogapsyz galdyrylýar.

**Owganystanda buržuaz magaryfçylygynyň ýüze çykmagy.** Owgan jemgyýetiniň ýokary gatlaklaryndan çykan sowatly adamlar ýurtda özgertmeleriň geçirilmegi ugrunda çykyş edip ugraýarlar. Olaryň köpüsi Britan Hindistanynda, Eýranda, Türkiýede we Arap ýurtlarynda ýaýbaňlanyp ugran magaryfçylyk hereketinden habarlydylar. Owganystanda magaryfçylyk hereketine asly Hindistanly, Habibiýe liseýiniň müdiri Abdyl Gany baştutanlyk edipdir. Bu okuw mekdebiniň esasynda owgan intelligentleriniň özboluşly guramasy kemala gelýär. Bu gurama liseýiň mugallymlary, onuň okuwçylary girip, olary «ýaş owganlar» diýip atlandyrýardylar. Ýaş owganlaryň ruhy halypasy Muhammet beg Tarzy bolup, ol hem barakzaýlaryň muhammetzaý tiresinden gelip çykypdyr. Mälim bolşy ýaly Owganystanyň dolandyryjy nesilşalygy hem şu tiräniň wekilleridi.

Muhammet beg bir döwürde Abdyrahman han bilen oňuşman daşary ýurda emigrasiýa gidýär we Eýranda, Yrakda, Siriýada ýaşap öz döwrüniň öňdebaryjy ideýalary bilen ýakyndan tanyşýar. Habibulla hanyň rugsady bilen ýurda dolanyp gelenden soň, Muhammet beg şahyr, žurnalist

we ýazyjy hökmünde uly işleriň başyny başlaýar. Habibulla hanyň körpe ogly, Owganystanyň geljekki patyşasy Amanulla hanyň[1] (1892-1960) Muhammet begiň gyzyna öýlenmegi bilen owgan magaryfçysynyň abraýy has-da artýar. Ol 1911-nji ýylda Kabulda gazet neşir edip başlaýar. Muhammet begiň gazet sahypalarynda ýewropalylaryň kolonial syýasatyny ýazgaryp ýazýan ýiti äheňdäki makalalary ýaş owganlaryň milli aňynyň oýanmagyna örän uly täsir edipdir. Musulman magaryfçylygynyň tarapdary bolan Muhammet beg Tarzi belli musulman jemgyýetçilik syýasy işgäri Jemal ed-Din al-Afganynyň täsirinde bolupdyr. Ol Yslam dinine Gündogaryň ezilen halklaryny kese ýerlileriň agalygyna garşy göreşde birleşdirip biljek ýeke-täk güýç hökmünde garapdyr.


Amanulla han

XX asyryň başlarynda Owganystanyň syýasy durmuşynda «köne owganlar» diýlip atlandyrylan güýçler hem peýda bolýar. Bu güýçlere emiriň inisi Nasrulla han baştutanlyk edýärdi. Nasrulla han we onuň tarapdarlary hem edil ýaş owganlar ýaly Owganystanyň garaşsyz döwlet bolmagy ugrunda çykyş edýärdiler. Emma ýaş owganlardan tapawutlylykda, olar Owganystanda köneden gelýän adaty dolandyryşyň, orta asyr däp-desurlarynyň saklanyp galmagyny isleýärdiler, ýurda günbataryň öňdebaryjy ideýalarynyň ýaýramagyna çürt-kesik garşy çykýardylar. Birinji jahan urşunyň

[1] 1919-1929-njy ýyllarda Owganystanyň patyşasy.

öňisyrasynda köne owganlar Angliýanyň Owganystan babatyndaky adalatsyz syýasatyna garşy Germaniýa we Osman imperiýasy bilen ýakynlaşýarlar. Olar Gündogaryň musulman halklaryny türk soltanynyň daşynda jemlenmäge we kese ýerlilere garşy bileleşip göreşmäge çagyrýardylar.

**Owganystan Birinji jahan urşy ýyllarynda.** Birinji jahan urşy başlandan soň Habibulla han Owganystanyň bitaraplygyny yglan edýär. Emma ýurtda Angliýanyň agalygyna garşy nägilelikler güýçlenipdir. Köne owganlar we ýaş owganlaryň bir topary ýurduň bähbitleri üçin Owganystanyň Germaniýa hem-de Türkiýe bilen ýakynlaşmagy ugrunda çykyş edýärler. Dünýa musulmanlarynyň halyfy bolan Türk soltanynyň Angliýa we Russiýa garşy mukaddes uruş yglan etmegi hem owganlaryň göwnüni galkyndyrypdyr, olaryň kalbynda iňlis agalygyndan azat bolmaga umyt döredipdir.

Türkiýede fon Nidermeýeriň baştutanlygynda Germaniýanyň, Awstro-Wengriýanyň we Türkiýäniň harbylaryndan ýörite missiýa döredilýär. Bu missiýa Eýranyň iňlisler hem-de ruslar tarapyndan eýelenilen ýerleriniň içi bilen geçip Owganystana aşmak başardýar. Missiýanyň wekilleri Kabulda Nasrulla han we Amanulla han bilen duşuşýarlar. Daşary yurt wekillerini Habibulla han hem kabul edýär. Bar bolan maglumatlar görä, bu missiýa Habibullany Germaniýa bilen şertnama baglaşmaga yrmak başardýar. Nemes hem-de türk serkerdeleri owgan goşunlaryny tertibe salmaga, olary ýaraglandyrmaga girişýärler. Emma owgan emiriniň öz yglan eden bitaraplyk syýasatyny bes etmäge bogny ysmandyr. Ol diňe Russiýanyň bitaraplygy gazanylandan soň Owganystan Germaniýa bilen Türkiýäniň tarapynda durup Angliýanyň garşysyna uruş yglan eder diýip aýdýar.

Bu döwürde Owganystanda Hindistanyň dürli watançy hem-de terrorçy guramalary bilen baglanyşykly hindi

emigrant toparlary hem hereket edipdirler. Olara Mahandra Pratap baştutanlyk edip, ol Owganystany Angliýa garşy urşa çekmäge çalşypdyr. Hindistanyň we Owganystanyň köp watançylary Germaniýa bilen Türkiýä daýanyp Angliýadan üstün çykyp, milli garaşsyzlygy gazanyp bolar diýip hasap edýärdiler. Mahandra Pratap Owganystandan Ýewropa gidýär we bu ýerde Hindistanyň rewolýusion hökümetini esaslandyrýar. Ol Rus patyşasy Nikolaý II hat ýazyp ony Germaniýa bilen birleşmäge we Angliýa garşy uruş yglan etmäge çagyrýar.

Nidermeýeriň missiýasynyň Owganystanda bolýan mahaly serhetýakada ýaşaýan puştun taýpalary (momand, hosta) iňlis häkimiyetlerine garşy gozgalaň turuzýarlar. Angliýanyň hökümetine german-türk missiýasyny Owganystandan kowdurmak başardýar. Muňa derek iňlisler Habybulla hana berilýän subsadiýalary köpeltmegi we uruş gutarandan soň oňa birwagtlaýyn pul kömegini bermegi wada edýärler. Şeýleleikde, 1916-njy ýylyň maýynda Nidermeýeriň german-türk missiýasy öz öňünde goýan maksadyna ýetip bilmän Owganystandan çykyp gidýär. 1917-nji ýylda wise-korolyň talaby bilen Habibulla han hem goşunlaryny hindi-owgan araçägine sürýär we owgan taýpalaryny gozgalaňy bes etmäge, iňlis häkimiýetlerine tabyn bolmaga çagyrýar. Emiriň hereketi azatlyk ugrunda uruş alyp barýan taýpalaryň arasynda gahar-gazap döredýär. Şol ýylyň awgustynda iňlisler serhetýaka ýerlerde ýaşaýan puştunlaryň gozgalaňlaryny rehimsizlik bilen basyp ýatyrýarlar. Emma rehimsiz yzarlamalar we jezalandyrmalar owgan halkynyň garaşsyzlyga bolan erkini syndyryp bilmändir. 1919-njy ýylda häkimiýet başyna gelen Amanulla han özüniň aýgytly hereketkleri bilen Owganystanyň garaşsyzlygyny dikeltmegi başarýar.

## § 4. Türkiýe XIX asyryň 60-njy ýyllaryndan – XX asyryň başlaryna çenli döwürde

**Konstitusiýa ugrundaky hereket. «Täze osmanlylar jemgyýetiniň» döremegi.** XIX asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrlaryna çenli Osman imperiýasynda ummasyz köp işler durmuşa geçirilipdir. Has dogrusy 30 ýylyň dowamynda «ýokardan rewolýusiýa» geçirilipdi. Ykdysadyýetiň ösmegi we onuň dünýä bazaryna goşulmagy milli buržuaziýanyň kemala gelmegini çaltlandyrypdyr. Asyryň ortalarynda milli intelligensiýa hem ýüze çykýar. Sebäbi ýurtda amala aşyrylýan ylym-bilim özgertmeleri ilkinji miwelerini berýärdi. 1864-nji ýylda ýurtda eýýäm birinji basgançaga degişli mekdepleriň 15 müň sanysy bolup, olarda 660 müň okuwçy bilim alýardy. 1868-nji ýylda kabul edilen magaryf hakyndaky kanun başlangyç mekdebi ählumumy, hökmany we mugt diýip ygan edýär. Daşary ýurtlarda okaýanlaryň sany hem artypdyr. 1855-nji ýylda Parižde açylan Osmanly mekdebinde 60 sany ýaş ýigit bilim alypdyr.



Namyk Kemal

1851-nji ýylda Stambulda «Bilim komiteti» («Enjumen-i danyş») atly özboluşly ylymlar akademiýasy esaslandyrylýar. Onuň esasy maksady dürli ylymlar boýunça türk dilindäki kitaplary köpeltmek bolupdyr. 70-nji ýyllara çenli imperiýada 47 sany gazet we žurnal neşir edilip, şolaryň 13 türk dilinde çap edilipdir. Bu döwürde «Osmanly magaryf jemgyýeti», «Kitap jemgyýeti» atly intelligensiýa wekilleriniň

magaryfçylyk guramalary peýda bolýar. Türk intelligensiýasynyň wekilleri ylmyň we biliminň köpçülikleýin ýaýradylmagy, türk diliniň arassalygy, onuň ulanylyş geriminiň giňeldilmegi ugrunda çykyş edipdirler. Olary ýurduň syýasy we ykdysady taýdan ösüşi gyzyklandyrypdyr, Türkiýäniň ýewropa ýurtlaryna baglylygynyň güýçlenmegi, imperiýanyň bitewiligi ýaly meseleler uly alada goýupdyr. Şeýle ýagdaýda kem-kemden türk intelligentleriniň «täze osmanlylar» diýlip atlandyran hereketi ýüze çykýar. Onuň başynda Namyk Kemal, Ybraýym Şinasi, Aly Suawy, Zyýabeý ýaly ýazyjylar durup, olar soltan häkimiýetiniň çäklendirilmegi, konstitusiýanyň kabul edilmegi we parlamentiň çagyrylmagy ugrunda çykyş edipdirler. «Täze osmanlylar» jemgyýetiniň agzalary Ybraýym Şinasi (1826-1871) tarapyndan esaslandyrylan «Taswir-i efkär» («Aňyýetleri ýaýradyjy») gazetiniň töwereginde jemlenipdirler. Ybraýym Şinasy tanzimaty amala aşyrmak boýunça işgärleriň biridi. Ol Fransiýadaky 1848-nji ýylyň rewolýusiýasyna hem gatnaşypdy. Hereketiň görnükli wekilleriniň biri-de Namyk Kemak (1840-1888) bolup, ol öz eserlerini halkyň dilinde ýazypdyr we häzirki zaman edebi türk diliniň düýbüni tutupdyr. «Täze osmanlylaryň» esasy köpçüligini erkin pikirli ýazyjylar, žurnalistler, mugallymlar, emeldarlar we harbylar düzüpdir.

1865-nji ýylda Namyk Kemal özünde 250 agzany birleşdirýän gizlin syýasy jemgyýet döredýär. Guramanyň agzalary progressiw garaýyşly osmanly şazadasy Myrady tagta çykarmak üçin dildüwüşik geçirmäge synanyşýarlar. Emma 1867-nji ýylda dildüwüşigiň üsti açylýar we Namyk Kemal, Zyýabeý we Aly Suawy ýurtdan çykyp gitmäge mejbur bolýarlar.

**XIX asyryň ahyrlarynda - XX asyryň başlarynda Osman imperiýasynyň ykdysady ýagdaýy.** XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli Osman imperiýasynyň dünýä hojalyk

ulgamyna goşulmak işi umuman alnanda tamalanýar. Emma bir wagtlar dünýäniň iň kuwwatly döwleti bolan Osman imperiýasy şol hojalyk ulgamynyň gyrak-çetine öwrülýär. Krym urşundan soň dörän ykdysady tozgunçylyk zerarly hökümet ýewropa banklaryndan agyr göterimli karzlary almaga mejbur bolýar. 1854-nji ýylda iňlis hökümetiniň beren 3,3 million lira barabar karzyndan hazyna diňe 2,5 millionyny alyp bilipdir, karzyň galan bölegi dürli ýygymlar we göterimler bahanasy bilen londonly we parižli bankirleriň hasabyna geçirilipdir. 1875-nji ýyla çenli alnan karzlaryň mukdary 242 million lira barabar bolup, hökümet onuň diňe 127,5 millionyny peýdalanyp bilipdir, onuň galan bölegi göterimleri tölemek we öňki bergileri tölemek üçin saklanylypdyr. Bergileriň juda köplügi zerarly ony üzmek üçin döwlet çykdajylarynyň ýaryna golaýy sarp edilipdir. 1879-njy ýylda imperiýanyň maliýe ulgamy doly tozýar. Şonuň üçin hem osmanly hökümeti bilen karzçylaryň arasyndaky gepleşikleriň netijesinde iri ýewropa banklarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda bergileri üzmek boýunça ýörite edara döredilýär. Bu edara döwlet hazynasyna gelýän girdejileri berk gözegçilige alýar. Hazyna gelýän girdejileriň azalmagy hökümeti täze karzlary soramaga mejbur edýär. 1890-1914-nji ýyllarda karzlaryň möçberi 166 million lira ýetýär.


Ybraýym Şinasy

1856-njy ýylda Ottoman banky esaslandyrylandan soň ýurtda iri fransuz «Lion kredit», Nemes we Wena

banklarynyň şahamçalary açylýar, fransuz-awtro-wenger Saloniki banky işläp başlaýar. XX asyryň başlarynda Türkiýede ýewropa banklarynyň 15-si we 1888-nji ýylda açylan ýeke-täk ýerli Oba hojalyk banky pul dolanyşyk işlerini amala aşyrypdyrlar.

Osman imperiýasy daşary ýurt kompaniýalaryna we banklaryna bähbitli konsessiýalary hem berýärdi. Şindi 50-nji ýyllarda Angliýa ilkinji demir ýoly gurmaga hukuk alýar. Emma konsessiýalar ugrundaky bäsleşikler XIX asyryň soňky iki onýyllygynda german kompaniýalarynyň goşulyşmagy bilen has hem güýjeýär. Ilkinji demir ýol gurluşygyny german kompaniýalary konsessiýa alýarlar we ol Izmitden (Mermer deňziniň kenarynda) Ankara çenli aralygy öz içine alypdyr. Onuň gurluşygy 1892-nji ýylda tamamlanýar we indiki ýyl soltan hökümeti Nemes bankyna Bagdat demir ýolunyň birinji nobatdakysyny konsessiýa berýär. Angliýanyň ýangynly garşylyk görkezmegine garamazdan german kapitalyna Bagdat demir ýolunuň tutuş gurluşygyny konsessiýa almak başardýar. Şeýleleikde 1885-1908-nji ýyllarda demir ýollaryň umumy uzynlygy 4 müň kilometre barabar bolýar.


Soltan Abdyl Eziz

Demir ýollar bilen bir hatarda, ýurduň deňiz transporty we iri deňiz portlary, daşary ýurt kapitalynyň gözegçiligi astyna düşýär, kömür gazyp almak we beýleki peýdaly magdanly ýerleri özleşdirmek, Stambulyň we Izmiriň kommunal hojalyk kärhanalary, telegraf ulgamlarynyň gurluşygy we aragatnaşygyň beýleki

pudaklary daşary ýurt kompaniýalaryna konsessiýa berilýär.

XIX asyryň soňky çärýeginde Osman imperiýasynda fabrikleriň, zawodlaryň, känleriň, demir ýol depolarynyň we ussahanalarynyň, portlaryň gurluşygy başlaýar. Ýöne, maýa goýumlary ýewropa senagaty bilen bäsleşmeýän ýa-da eksporta gidýän önümleri (pagta, temmäki, kişmiş) gaýtadan işleýän pudaklara goýlupdyr. 1900-nji ýylda hasaba alnan 1587 kärhananyň esasy köpçüligi ownuk ussahanalar bolup, olaryň diňe 200-e golaýyny fabrikleriň we zawodlaryň hataryna goşup bolupdyr. Olaryň hem köpüsi oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek bilen meşgullanypdyrlar. Azyk senagaty kärhanalaryndan başga-da ýurtda egirme-dokma, sabyn gaýnadýan, ýüpek we haly öndürýän pudaklar hem käbir ösüşlere eýe bolupdyrlar.

Ýurduň ykdysady durmuşynda bolup geçen özgerişler osmanly jemgyýetiniň durmuş gurluşyna-da özboluşly täsir edipdir. Ýurtda işçileriň sany üzül-kesil artypdyr, intelligensiýanyň hatary giňäpdir. Mugallymlar, lukmanlar, hukukçylar, ýazyjylar, žurnalistler, dürli telekeçilik kompaniýalarynyň gullukçylary, emeldarlar, harbylar osmanly jemgyýetiniň adaty gatlaklaryna öwrülipdirler. Imperiýanyň ilat sany hem artypdyr we 1897-nji ýylda ýurduň ilatynyň sany 20 milliondan geçipdir.

**XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Osman imperiýasynyň içeri syýasaty. Konstitusiýanyň kabul edilmegi.** Bu döwür Osman imperiýasynyň taryhynda soltan häkimiýetiniň tarapdarlary bilen konstitusiýa ugrunda çykyş edýän güýçleriň arasyndaky göreşleriň ýitileşmegi bilen häsiýetlendirilýär. Halk köpçüliginiň soltan Abdyl Eziziň (1861-1876) syýasatyndan nägile bolmagy «täze osmanlylar» jemgyýetiniň işjeňleşmegine sebäp bolýar. 70-nji ýyllaryň başlarynda günä geçişlik yglan edilenden soň jemgyýetiň agzalary Stambula dolanyp gelýärler. 1872-nji

ýylda Namyk Kemal «Ibret» («Wesýet») gazetini neşir edip ugraýar. Gazetiň sahypalarynda halk köpçüliginiň hak-hukuklary, erkinlik, konstitusiýa barada makalalar çap edilýär. Bu döwürde «täze osmanlylaryň» hereketiniň maksatnamasy işlenilip düzülýar. «Täze osmanlylar» ýewropa ýurtlary bilen baglaşylan «kapitulýasiýalaryň» we adalatsyz söwda şertnamalaryň ýatyrylmagy ugrunda çykyş edýärdiler, hökümetiň bähbitsiz daşary ýurt karzlaryny almak bilen baglanyşykly syýasatyny ýiti tankyt edýärdiler. Jemgyýetiň agzalarynyň pikiriçe ýurduň ösüşine we onuň ýewropa ýurtlaryndan yza galmagyna soltanyň absolýut häkimiýeti päsgel berýärdi. Şonuň üçin hem olar hiç kim tarapyndan çäklendirilmedik soltan häkimiýetiniň konstitusion monarhiýa düzgüni bilen çalşyrylmagyny talap edýärdiler.

Milli meselede herekete gatnaşyjylar osman imperiýasynyň raýatlarynyň, olaryň haýsy millete degişlidigine, haýsy dine uýýandygyna garamazdan deň hukukly bolmalydyrlar diýip aýdýardylar. Ýöne, olar Osman imperiýasy bölünmezdir diýip aýdypdyrlar we imperiýanyň halklaryna awtonomiýa berilmeginiň tarapdary bolmandyrlar.

1873-nji ýylda soltan hökümeti «täze osmanlylaryň» garşysyna jeza çärelerini ulanyp başlaýar. Olaryň gazeti ýapylýar, Namyk Kemal we jemgyýetiň beýleki ýolbaşçylary bolsa sürgün edilýär. Emma jeza çäreleri «täze osmanlylaryň» ideýalarynyň ýaýramagynyň öňüni alyp bilmändir. Şol ideýalary belli osmanly döwlet işgärleriniň hem käbirleri goldapdyrlar. Şeýle döwlet işgärleriniň arasynda Midhat paşa (1822-1884) aýratyn uly orun eýeläpdir. Dürli ýyllarda Bolgariýanyň, Siriýanyň häkimi we baş weziriň wezipesini eýelemek bilen Midhat paşa «täze osmanlylaryň» ykdysadyýeti ösdürmek bilen baglanyşykly pikirlerini durmuşa geçirmäge çalşypdyr.

1875-nji ýylda ýurtda ýagdaý çylşyrymlaşýar. Iki ýyllap yzly-yzyna gurakçylyk bolýar we ýurduň köp ýerlerinde açlyk başlaýar. Şol ýylyň tomsunda ilki Gersegowinada, soňra bolsa Bosniýada daýhanlaryň çykyşlary bolup geçýär. 1976-njy ýylyň aprelinde şeýle topalaňlar Bolgariýada-da başlaýar. Topalaňlaryň ählisi hemişelik hökümet goşunlary we «başybozuklar» (wagtlaýyn nöker goşunlary) tarapyndan basylyp ýatyrylýar. Emma Balkanlarda bolup geçýän wakalara ýewropa döwletleri hem goşulyp başlaýarlar we 1876-njy ýylyň ýanwarynda osmanly hökümetinden Bosniýada we Gersegowinada özgertmeler geçirmekligi talap edýärler. Osman imperiýasynyň ýewropadaky mülkleriniň elden gitmek howpy döreýär.

Ýurduň içinde we daşynda emele gelen ýagdaý Midhat paşanyň baştutanlygynda özgertmeleriň tarapdarlarynyň herekete gelmegine getirýär. Bulary soltanyň ýewropa ýurtlary babatyndaky syýasatyndan nägile bolýan konserwatiw pikirli döwlet hem-de din işgärleriniň bir bölegi goldapdyr.

Midhat paşanyň we onuň tarapdarlary tarapyndan ýolbaşçylyk edilen medreseleriň okuwçylarynyň, senetçileriň, ownuk we orta söwdagärleriň, şäher garyplarynyň parahatçylykly ýörişinden soň baş wezir Nedim paşanyň hökümeti iş başyndan gidýär. 1876-njy ýylyň 30-njy maýyna geçilýän gije soltan Abdyl Eziz hem tagtdan el çekýär.

Midhat paşanyň ýardamy bilen özgertmeleriň tarapdary Myrat V tagta çykarylýar. Ýöne ýaş şazadynyň tagta çykarylmagyna köşk adamlarynyň bir bölegi garşy çykypdyr, üstesine-de, ol nerw kesellerinden ejir çekipdir. 1876-njy ýylyň 31-nji awustynda Myrat V agdarylyp, ýerine inisi Abdyl Hamit II (1876-1909) tagta çykýar. Täç geýmeziniň öň ýanynda ol Midhat paşa haýal etmän

konstitusiýany kabul etjekdigini aýdýar, ýöne tagta geçenden soň wadasyny ýerine ýetirmäge howlukmaýar.

Bu döwürler imperiýanyň syýasy ýagdaýy has-da çylşyrymlaşýar. Gersegowinadaky we Bosniýadaky topalaňlary goldap Serbiýa bilen Çernogoriýa osmanlylara garşy urşa başlaýar. Osmanly goşunlary serbleri derbi-dagyn edenden soň Balkanlardaky meselä Russiýa hem goşulýar we Serbiýa bilen parahatçylykly şertnama baglaşmagy soltandan talap edýär. Meselä beýleki döwletler hem goşulýarlar. Şundan soň Stambulda Balkanlardaky emele gelen ýagdaýy öwrenmek we belli bir karara gelmek üçin ýewropa döwletleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda halkara maslahatyny geçirmeklik karar edilýär. Haçan-da, maslahat üçin Bosniýanyň, Gersegowinanyň we Bolgariýanyň awtonomiýasyny göz öňünde tutýan taslamanyň taýýarlanylandygy belli bolandan soň, baş wezirlige bellenilen Midhat paşa döwletleriň Osman imperiýasynyň içki işlerine goşulmagynyň öňüni almak üçin haýal etmän konstitusiýanyň girizilmegini gazanýar. 1876-njy ýylyň 23-nji dekabrynda, halkara maslahatynyň başlan güni dabaraly ýagdaýda konstitusiýanyň girizilýändigi hakynda soltanyň permany okalýar.



Midhat paşa

Midhat paşa bilen Namyk Kemal tarapyndan işlenilip düzülen konstitusiýa iki palataly parlamentiň (mejlis) çagyrylmagyny göz öňünde tutupdyr. Konstitusiýa

imperiýanyň ilatyna giň raýatlyk hukuklaryny hem berýärdi. Emma konstitusiýa döwletiň baştutany soltana hem giň ygtyýarlyklary beripdir, onuň şahsyýeti eldegrilmesiz we mukaddes diýlip yglan edilipdir. Konstitusiýanyň girizilmegi Osman imperiýasynyň taryhynda möhüm waka bolupdyr we ol orta asyr düzgünlerine agyr zarba urupdyr. Emma konstitusiýanyň tarapdarlary giň goldawdan peýdalanyp bilmändirler, üstesine-de, 1877-nji ýylyň fewralynda halkara maslahaty hem maksadyna ýetip bilmän öz işini bes edýär. Bu ýagdaýdan peýdalanyp soltan Midhat paşany we «täze osmanlylar» jemgyýetiniň ýolbaşçylaryny tussag etmäge buýruk berýär.

Midhat paşanyň tarapdarlaryny çetleşdirse-de Abdyl Hamit II konstitusiýany ýatyrmaga bogny ysmandyr. 1877-nji ýylyň martynda parlamentiň birinji ýygnagy açylýar. Parlamentiň düzümi 120 sany deputatdan (71-si musulman, 49-sy bolsa musulman dällerden) ybarat bolupdyr. 1877-nji ýylyň güýzünde parlamente täze saýlawlar geçirilýär. Parlamentiň deputatlary hökümetiň alyp barýan işini tankyt edipdirler, 1878-nji ýylyň fewralynda parlament 1877-1878-nji ýyllaryň osmanly-türk urşundaky şowsuzlyklar üçin hökümetiň başlygy beýik wezire ynam bildirmändir. Bu hereket parlamentiň ykbalyny çözýär: ol näbelli wagta çenli dargadylýar. Netijede, 1876-njy ýylyň konstitusiýasynyň işi hem tgtadylýar.

**1877-1878-nji ýyllaryň osmanly-rus urşy we XIX asyryň ahyrlarynda «gündogar meselesi».** XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Balkanlar meselesinde Russiýa aýratyn işjeňlik görkezýärdi. «Dindeş slawýan halklaryna kömek bermek» bahanasy bilen Russiýa bu ýerlere aralaşmagy we öz «doganlarynyň» üstünden agalyk etmek isleýärdi. 1877-nji ýylyň fewralynda Stambulda halkara maslahaty netijesiz tamamlanandan soň rus hökümeti Londonda iri döwletleriň maslahatyny çagyrmak hakyndaky teklip bilen çykyş edýär.

Emma osmanly hökümeti Bosniýa, Gersegowina we Bolgariýa awtonomiýa bermegi göz öňünde tutýan London protokolyny ret edenden soň 1877-nji ýylyň aprelinde Russiýa Türkiýä garşy uruş yglan edýär.

Bu uruşda Russiýanyň tarapynda Rumyniýanyň (1862-nji ýylda Moldowanyň we Walahiýanyň birleşmegi bilen dörän döwlet), Serbiýanyň, bolgar separatistleriniň goşun bölümleri hereket etdiler. Plewnanyň eteginde türk goşunlarynyň goranyşyny böwsüp, rus goşunlary Balkanlara girdiler we Edirne şäherini eýelediler. Kyn güne düşen soltan hökümeti ýaraşyk soramaga mejbur boldy. 1878-nji ýylyň 3-nji martynda Mermer deňziniň kenaryndaky San-Stefano diýen ýerde ýaraşyk şertnamasyna gol çekildi. Onuň şertlerine görä, düzümine Makedoniýa we Egeý deňziniň kenaryndaky zolak girýän garaşsyz Bolgar knýazlygy döredilip, Serbiýa, Çernogoriýa we Rumyniýa garaşsyzlyk berilmeli edilýär. Emma günbatar ýurtlary sebitde Russiýanyň täsirini artdyryp biljek San-Stefano şertnamasyny ykrar etmekden ýüz öwürdiler. Parahatçylykly şertnamanyň gutarnykly nusgasyny taýýarlamak üçin Angliýanyň we Awstro-Wengriýanyň başlangyjy bilen Berlinde ýewropa kongresi çagyrylýar. 1878-nji ýylyň 13-nji iýulynda kongrese gatnaşyjylar Berlin traktatyna gol çekýärler. Berlin traktaty Balkan daglaryndan demirgazykda soltana resmi taýdan tabyn bolan Bolgar knýazlygynyň döredilmegini göz öňünde tutupdyr, Günorta Bolgariýa bolsa «Gündogar Rumeliýa» ady bilen awtonom hukukly osmanly welaýatyna öwrülipdir. Serbiýa, Çernogoriýa we Rumyniýa doly garaşsyz döwletler diýlip yglan edilýär. Şunuň bilen bir hatarda, Awstro-Wengriýa mesele ýüze çykan ýagdaýynda, osmanlylaryň elinde galýan Bosniýany we Gersegowinany eýelemäge ygtyýar alypdyr.

Berlin traktaty boýunça Russiýanyň Pariž şertnamasy boýunça elden gideren Batumi, Kars, Ardagan şäherleri we Günorta Bessarabiýa osmanlylaryň elinden alnyp, onuň özüne gaýtarylyp berilýär. Osman imperiýasynyň ýerlerini paýlaşmakda Günbatar Ýewropa döwletleri hem gol gowşuryp oturmandyrlar. Osmanly hökümeti Russiýa bilen dawalarda ýardam edendigi üçin Angliýa Kipri «dolandyrmaga» berýär. 1881-nji ýylda Fransiýa öňki osmanly mülki bolan Tunisi özüne tabyn tabyn edýär, 1882-nji ýylda bolsa Angliýa Müsüri eýeleýär. Döwletleriň goldamagy bilen Fessaliýa Gresiýa bilen, Gündogar Rumeliýa bolsa Bolgariýa bilen birleşýär. 1897-nji ýylyň gozgalyňyndan soň Krit adasy awtonomiýa hukugyna eýe bolýar we hakykatda doly diýen ýaly garaşsyzlyk gazanýar.


Soltan Abdyl Hamit II

Osman imperiýasynyň mülkleri paýlaşylýan döwürde «gündogar meselesine» Germaniýa hem goşulyp ugraýar. XIX asyryň 80-nji ýyllarynda german harbylary ýurduň goşunlaryny üýtgedip gurmaga ýakyndan ýardam edipdirler. 1889-njy ýylda Stambula german imperatory Wilgelm II resmi sapar bilen gelýär. Elbetde, paýlaşykda Germaniýa ýer ýetmändir, ýöne oňa derek german kompaniýalary Türkiýäniň ykdysadyýetinde üstünlikli hereket edipdirler. 1890-njy ýylda Nemes banky Bagdat demir ýolunyň gurluşygyny konsessiýa alýar.

**Türkiýe Abdyl Hamit II-niň dolandyran ýyllarynda.** Imperiýanyň daşary syýasy durmuşyndaky şowsuzlyklar Abdyl Hamit II-niň hökümetini ýurduň içinde berk syýasy düzgüni ýola goýmaga mejbur edýär. Konstitusiýany ýatyryp, parlamenti dargadyp, soltan absolýut häkimiýeti ýola goýýar. Tertip-düzgüni berkitmek, ýurtdaky dolandyryşy ele almak üçin Abdyl Hamit II iri begzadalara, taýpa serdarlaryna, ulamalara we köne garaýyşly döwlet işgärlerine daýanypdyr. Täzelikleriň tarapdarlary, ýokary bilimli döwlet işgärleriniň köpüsi dolandyryş işlerinden çetleşdirilipdir. Ýurtdaky bulagaýylyklary we gozgalaňlary basyp ýatyrmak üçin kürt taýpa serdarlarynyň serkerdeliginde ýörite «hamidiýe» goşun bölümleri döredilýär. Abdyl Hamit II Yslam dininiň jemgyýetdäki we döwlet dolandyryşdaky abraýyny ýokary götermäge we onuň kömegi bilen ysgyndan gaçan imperiýany dikeltmegi maksat edinipdir. Dünýewi bilim ulgamy döwletiň berk gözegçiligine alnypdyr. Emma dolandyryş ulgamynda işleýän emeldarlaryň sowatlylyk derejesi juda pese düşýär. 1898-nji ýylda osmanly hökümetiniň ministrleriniň birinde-de uniwersitet bilimi bolmandyr. Ýurtda syýasy yzarlamalar, şugulçylyk ösüpdir. Köp sanly gazetler, žurnallar ýapylýar.

Soltan hökümetiniň içeri syýasaty ýurtda oňa bolan garşylyklary hem döredipdir. «Täze osmanlylaryň» öňdebaryjy ideýalary intelligensiýa toparlarynyň arasynda ýaşamagyny henizem dowam etdirýärdi. Olar indi soltan häkimiýetine garşy barlyşyksyz, rewolýusion ýol bilen göreş ýoluny saýlap alýarlar. 1889-njy ýylda Stambulyň harby-lukmançylyk mekdebiniň talyby Ybraýym Temonyň başlangyjy bilen «Ittihat we terakki» («Bitewilik we ösüş») atly gizlin gurama döredilýär.

Edil şol döwürler Ýewropada Ahmet Riza begiň ýolbaşçylygynda türk emigrantlarynyň oppozision topary döredilýär. Bu toparyň agzalary ölzerini «genç türkler» («ýaştürkler») diýip atlandyrypdyrlar. Ýaş türkleriň hereketine dolandyryjy toparlaryň Abdul Hamidiň syýasatyndan nägilileleriniň hem ençemesi giripdirler. Ýaş türklere şazada Sabaheddin ýakyndan duýgydaşlyk



Stambuldaky halk ýörişi

bildiripdir we olary aşaklyk bilen goldapdyr. Olar ýurtda konstitusion düzgüniň dikeldilmegi we ýewropadaky ýaly düzgünleriň girizilmegi ugrunda çykyş edipdirler. Emma ýaş türkleriň guramasy dagynyk ýagdaýda iş alyp barypdyrlar, üstesine-de, köp meselelerde olar umumy bir karara gelip bilmeýärdiler. Şonuň üçin hem 1902-nji ýylda Parižde ýaş türkleriň birinji kongresi çagyrylýar. Emma Türkiýäniň dowam edýän döwlet gurluşyny üýtgetmegiň ýollary we usullary hakyndaky jedeller ýaş türkleriň bölünmegine we

iki sany özbaşdak merkeziň döremegine getirýär. Şol toparlaryň birine Ahmet Riza beg ýolbaşçylyk edip, onuň tarapdarlary «Mesweret» («Jedeller») gazetiniň töwereginde jemlenipdirler. Bu topar ýurduň ähli raýatlarynyň deňligini, Osman imperiýasynyň bitewiligini we bölünmezligini öňe sürüpdirler. Ikinji topara şazada Sabaheddin ýolbaşçylyk edip, onuň tarapdarlary «Şahsy başlangyçlar we federasiýa jemgyýetini» döredipdirler. Bu jemgyýet imperiýanyň düzümine girýän ähli halklara awtonomiýa berilmegini we döwletiň federatiw gurluşyny öňe sürüpdirler.

XX asyryň başlarynda Türkiýede hökümete garşy giň halk köpçüliginiň çykyşlary hem bolup geçýär. 1905-nji ýylyň ahyrlarynda Eýrandaky wakalaryň täsiri bilen Gündogar Anadolyda şäher ilatynyň çykyşlary bolup geçýär. 1906-njy ýylda Erzurumda «jan berer» atly rewolýusion gurama döreýär. Olar «dadaş» («ýoldaş») diýlip atlandyrylan goşun bölümlerini döredýärler. «Jan berer» guramasyna ownuk söwdagärler, senetçiler, esgerler, kiçi serkerdeler girýärler. Olar tas iki ýyllap diýen ýaly Erzurumda häkimiýeti öz ellerinde saklaýarlar. Erzurumdaky wakalar Kastomonu, Trabzon we Wan welaýatlarynda-da bolup geçýär.

Abdyl Hamit II-niň häkimiýetine garşy göreşde ýaş türkler ähli oppozision güýçleriň birleşmegi ugrunda tagalla edipdirler. 1907-nji ýylda Parižde gurultaý çagrylyp, onuň işine ýaş türklerden başga-da Makedoniýanyň rewolýusion guramasy, ermenileriň liberal-milletçi Daşnaksýutýun partiýasy we başgalar gatnaşýarlar. Gurultaýda soltan hökümetine garşy gozgalaň turuzmagy maksat edinýärler. Gozgalaňy başlamagy «Ittihad we Terakkiniň» Saloniki bölümi öz boýnuna alýar.

**1908-nji ýylda Türkiýede ýaş tükleriň rewolýusiýasy.** Pariž gurultaýy gozgalaňy Abdul Hamidiň soltanlygynyň 33

ýyllygyna gabatlap geçirmegi karar edýärler. Emma wakalaryň ösüşi gozgalaňy ir başlamaga mejbur edýär.

1908-nji ýylyň uýulynda Rewelda (Tallin) rus patyşasy Nikolaý II we iňlis koroly Eduard VII duşuşyp, Awstro-Wengriýanyň eýe bolan Solonik demir ýol konsesiýasyna garşy bileleşip hereket etmegi we bu ýere 10-12 müňlik goşun salmagy şertleşýärler. Munuň özi geljekde Makedoniýanyň Türkiýeden bölünip aýrylmagyna getirjekdi. Angliýa bilen Russiýa bu barada Türkiýä ultimatum hem berýärler. Döwletleriň hereketi ýaş türkleriň Saloniki bölümini haýal etmän gozgalaňy başlamaga itekleýär.

1908-nji ýylyň 3-nji iýulynda Makedoniýanyň Resna şäherleriniň komendanty Ahmed Nyýazy begiň ýolbaşçylygyndaky 200 esgerden ybarat topary ýaragly gozgalaňa başlaýar. Soňra gozgalaňy beýleki ýaştürk guramalary alyp göterýärler. Bu gozgalaňý Salonikidäki beýleki goşun bölümleri, Monastyrdaky, Skopledäki we beýleki uly şäherlerdäki goşunlar hem goldaýarlar. 23-nji iýulda «Ittihad we Terakkiniň» Saloniki bölümi soltandan haýal etmän konstitusiýany girizmägi talap edýär we eger-de talap ýerine ýetirilmese rewolýusion goşunlaryň Stambula ýöriş gurajakdygyny duýdurýar. Haçan-da, gozgalaňçylary Stambulyň, Izmiriň we Afýon-Garahysaryň töweregindäki goşun bölümleriniň, şeýle hem harby-deňiz güýçleriniň goldaýandygy aýan bolandan soň, 24-nji iýula geçilýän gije Abdyl Hamit II konstitusiýany dikeltmäge we parlamenti çagyrmaga mejbur bolýar. Soltanyň permany yglan edilenden soň ýurduň iri şäherlerinde uly halk çykyşlary başlaýar. Ýagdaýyň şeýle tiz üýtgemegi soltany has uly eglişikler etmäge mejbur edýär: rewolýusion herekete gatnaşyjylaryň 40 müňüsine amnistiýa berilýär, syýasy tussaglar boşadylýar, emigrasiýada gezip ýörenlere ýurda dolanyp gelmäge ygtyýar edilýär, senzura ýatyrylýar. Soltan

hökümeti gizlin polisiýany ýok etmäge, 30-müňlük şugulçylar gullugyny dargatmaga, abraýdan düşen köp sanly döwlet emeldarlaryny işden kowmaga mejbur bolýar. Ýurtda syýasy durmuş janlanýar, dürli jemgyýetçilik guramalary, jemgyýetler we syýasy birleşmeler peýda bolýar, syýasy partiýalar döreýär.

Ýaş türkler Abdyl Hamidi häkimiýetde galmagyna garşy bolmandyrlar, ýöne onuň hökümetiniň düzümine-de girmeýärler. Muňa derek parlamentde ýaş türkler köp ýer alypdyrlar. Ahmet Riza beg parlamentiň wekiller palatasynyň başlyklygyna saýlanýar. Ilkinji ädimler ýaş türkleriň amala aşyryp başlan işleriniň aram hem-de çäklidigini görkezýär. «Ittihad we terakkiniň» kongesinde kabul edilen täze maksatnamada döwletiň syýasy gurluşyny aýgytly üýtgetmegi göz öňünde tutulmandyrl. Durmuş we ykdysady meseleler bilen baglanyşykly möhüm wezipeler, ýagny daýhanlara ýer bermek, işçileriň ýagdaýyny gowylandyrmak barada hem anyk işler göz öňünde tutulmandyr. Imperiýanyň bitewiligini saklamagy maksat edinip, ýaş türkleriň ýolbaşçylary «osmançylykdan» ugur alypdyrlar. Olar türk dilini imperiýanyň döwlet dili diýip yglan edipdirler.

**1909-njy ýylyň topalaňy.** Ýaş türkleriň parlamentdäki deputatlary garaýyşlary boýunça iki topara bölünýärdiler. Olaryň bir topary döwletiň federatiw gurluşy, milli we dini azlyklara awtronomiýa berilmegi ugrunda çykyş edýärdiler. Bu topara şazada Sabaheddin ýolbaşçylyk edýärdi. Sabahaddiniň tarapdarlary parlamentiň 1908-nji ýylyň noýabr-dekabr aýlarynda saýlanan deputatlarynyň 230-synyň 60-a golaýyny özüne biruikdiripdir we olar öz içinde birnäçe içki toparlary döredipdirler. Şol toparlaryň iň täsirlileriniň biri-de «Ahrar» («Erkinler») partiýasy bolupdyr. «Ahraryň» ýolbaşçylary imperiýanyň beýleki halklarynyň milli buržuaziýasy we osmanly döwlet

işgärleriniň konserwatiw toparlary bilen ýakynlaşyp, ýaş türkleriň hereketiniň beýleki ganatyna - «Ittihad we Terakki» toparyna garşy iş alyp barypdyr. Ýaş türkleriň hereketiniň bölünmeginiň netijesinde 1909-njy ýylyň apreline çenli parlament göze ilerlikli nähilidir bir karar kabul edip bilmändir. Bu ýagdaý halk arasynda ýaş türkleriň syýasy abraýynyň peselmegine getirýär.

Ỳöne ýaş türkleriň syýasy abraýyna esasy zarba daşyndan urulýar. Ýurtda ýaş türkleriň rewolýusiýasynyň dowam edýänliginden peýdalanyp, 1908-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda Bolgariýa garaşsyzlygyny yglan edýär, ertesi gün bolsa Awstro-Wengriýa Bosniýany we Gerşegowinany eýeleýär. Ýaş türkleriň Ýewropa ýurtlaryna ýüzlenmesi, Awstro-Wengriýanyň garşysyna ykdysady gabaw syýasyny yglan etmäge çagyryşlar netije bermeýär. Bu ýagdaýy ýaş türkleriň garşydaşlary peýdalanýarlar we 1909-njy ýylyň 13-nji aprelinde Abdyl Hamidiň, ulamalaryň hem-de Sabaheddiniň «Ahrar» partiýasynyň goldamagynda Stambul garnizonynyň goşunlary topalaň turuzýar. Gozgalaňçylar kanun çykaryjy palatynyň ýatyrylmagyny, şerigatyň we soltan häkimiýetiniň dikeldilmegini talap edýärler. Paýtagtda ýaş türkleri we olaryň tarapdarlaryny yzarlap başlaýarlar. Abdyl Hamide gysga wagtlyk häkimiýetini dikeltmek başardýar. Özlerine wepaly goşun bölümlerini ulanmak we aýgytly hereket etmek bilen ýaş



Enwer paşa

türkler 26-njy aprele çenli paýtagtda topalaňy basyp ýatyrmagyň hötdesinden gelýärler.

1909-njy ýylyň 17-nji aprelinde parlament Abdyl Hamit II-ni tagtdan agdarmak hakynda karar kabul edýär. Tagta garry hem-de erksiz Mehmet V Reşit (1909-1918) çykarylýar. Täze hökümetiň düzümine ýaş türkleriň birnäçesi girizilýär, olardan häkimleri, ilçileri, goşun serkerdelerini, köşk emeldarlaryny belläpdirler. «Ittihad we Terakki» Osman imperiýasynyň syýasy durmuşynda möhüm orna eýe bolýar. 1909-njy ýylyň aprel wakalary ýaş türkleriň rewolýusiýasynyň tamamlanandygyny aňladypdyr. Konstitusiýany dikeltmek ugrunda harby topalaň görnüşinde başlan bu hereket, soňra köp ýyllaryň dowamynda gadagançylyk hem-de zulum etmeler zerarly bökdelen täze syýasy güýçleriň hereket etmegi üçin giň ýol açýar. Gysga wagtyň içinde Stambul sebitde syýasy işjeňligiň merkezine öwrülýär. Bu ýerde emigrasiýadaky ýaş türkler, balkanly hem-de eýranly rewolýusionerler, arap medeniýet işgärleri, Russiýanyň türki halklaryň wekilleri ýygnanýardylar.

**Ýaş türkler häkimiýet başynda.** Ýaş türkleriň häkimiýetde bolan döwri esasy üns ýurduň ykdysadyýetini ösdürmäge, döwlet edarasynyň işini üýtgedip guramaga, goşunyň söweş ukybyny ýokarlandyrmaga, kanunçylygy we bilim ulgamyny kämilleşdirmäge gönükdiripdirler. Munuň üçin ýewropanyň tejribesini ulanmaga çalşypdyrlar. Emma ilatyň giň gatlaklaryna daýanyp bilmezlikleri, milli buržuaziýanyň gowşak bolmaklygy, Osman imperiýasynyň köp babatda ýewropa döwletlerine bagly bolmaklygy «Ittihad we terakkiniň» öňde goýan maksatlarynyň köpüsiniň amala aşman galmagyna getiripdir. Üstesine-de, ýurduň ösüşindäki kynçylyklar, ýaş türkleriň aýry-aýry meseleleri çözmekde gowuşgynsyzlygy olaryň garşydaşlarynyň işjeňleşmegine getirýär. 1911-nji ýylda oppozisiýa «Hürriýet we itilaf» («Azatlyk we ylalaşyk»)

partiýasyny esaslandyrýar. Bu pariýany esasan köşk işgärleri, din adamlary we milli buržuaziýanyň daşary ýurt kapitaly bilen baglanyşykly bölegi (komprodor buržuaziýa) esaslandyrypdyrlar. 1912-nji ýylda «itilafçylar» ýaş türkleriň wekilleriniň agdyklyk edýän parlamenti dargatmagy we «Ittihad we terakki» patiýasyna oppozisiýada durýan hökümeti iş başyna getirmek hem başardýar. Emma 1913-nji ýylyň ýanwarynda ýaş türkler döwlet agdarylyşygyny geçirýärler. 1908-nji ýylyň rewolýusiýasyna gatnaşyjy ýaş serkerdeleriň biri Enwer begiň ýolbaşçylygyndaky goşun bölümleri hökümet jaýyny gabaýar we içerik kürsäp girip, hökümeti zor bilen iş başyndan gitmäge mejbur edýär.

Däsary syýasatda ýaş türkler ýewropa ýurtlarynyň syýasy, ykdysady we harby taýdan zor salmalaryndan çykmaga çalşypdyrlar. Emma 1911-1913-nji ýyllarda ýewropa ýurtlarynyň hökümetleri bilen geçirilen gepleşikler Angliýanyň, Fransiýanyň we beýlekileriň «kapitulýasiýanyň» şertlerine täzeden seretmek islemeýändiklerini görkezýär.


Jemal paşa

Özleriniň osmanly döwletiniň syýasy durmuşyndaky ornuny berkitmek maksady bilen ýaş türkler ykdysady syýasata ep-esli üýtgeşmeler girizipdirler we syýasy doktrinalaryny üýtgedipdirler. «Ittihad we terakkiniň» 1913-nji ýylda kabul edilen maksatnamasynda döwlet senagatyň we oba hojalygynyň ösüşinde uly orun eýelemelidir diýlip aýdylypdyr. «Senagaty höweslendirmek» hakyndaky kanun we 1913-nji ýyldan soň hökümet tarapyndan daşary ýurtlardan maşynlaryň getirilýändigi üçin tölegleriň ýatyrylmagy, senagat

kärhanalaryny gurmak üçin ýerleriň we karzlaryň bölünip berilmegi ýerli işewürligiň ösüşi üçin amatly şertleri döredipdir. Käbir işler oba hojalyk önümçiliginde-de amala aşyrylypdyr. Mysal üçin, gozganmaýan emlägi miras almak, döwlet we wakf ýerlerini satmak hakynda kanunlar kabul edilipdir.

**Tripolitan we balkan uruşlary (1911-1913).** Ýaş türkleriň döwletiň bitewiligini saklamak ugrunda alnyp baran uly işlerine garamazdan Osman imperiýasynyň dargamagy dowam edýärdi. Imperiýanyň ýerlerine göz dikýän döwletleriň hataryna XX asyryň başlarynda Italiýa hem goşulýar. Bismark tarapyndan «işdäsi açyk, ýöne dişleri çüýrük» diýip juda ýerlikli häsiýetnama berlen Italiýa 1911-nji ýylyň güýzünde Osman imperiýasynyň Demirgazyk Afrikadaky iki mülküni – Tripolitaniýany we Kirenaikany basyp almak üçin urşa başlaýar. Artilleriýa we uçarlar bilen ýaraglandyrylan italýan goşunlaryna gowşak ýaraglandyrylan we az sanly türk goşunlary ýeterlik garşylyk görkezip bilmändirler. Ortaýer deňzinde italýan deňiz goşunlarynyň agalyk edýändigi zerarly bu ýerdäki türk goşunlaryna goşmaça kömekleri hem iberip bolmandyr, Müsüriň üsti bilen bolsa goşunlaryň geçirilmegine iňlisler ygtyýar etmändirler. Muňa garamazdan uruş uzaga çekipdir, sebäbi türk goşunlarynyň garşylygyndan başga-da arap taýpalary italýan goşunlaryna berk garşylyk görkezipdirler. Stambuly şertnama baglaşmaga mejbur etmek maksady bilen italýanlar Dodekanes adalaryny eýeleýärler, Beýruty we birnäçe deňiz portlaryny oka tutup, olar Dardanel bogazyna hüjüm edipdirler. 1912-nji ýylyň Uşi-Lozanna şertnamasyna görä Türkiýe Tripolitaniýa we Kirenaika bolan hukuklaryndan el çekmäge mejbur bolýar. Netijede Italiýa täze eýelän ýerleriniň esasynda Liwiýa koloniýasyny döredýär. Italiýa Dodekanes adalaryny gaýtaryp bermändir, ýogsam şertnema boýunça ol türklere degişli bolmaly eken.

Ýaş türkleriň hökümetiniň şowsuzlygyndan «Hürriýet we itilaf» («Azatlyk we ylalaşyk») partiýasy peýdalanýar we hökümet başyna gelýär.

Tripolitan urşy Türkiýäniň gowşaklygyny görkezipdir we mundan Bolgariýa, Serbiýa we Çernogoriýa peýdalanyp Balkan bileleşigini döredýärler. Urşuň turmagyna soltan hökümetiniň Makedoniýa awtonomiýa bermekden boýun gaçyrmagy sebäp bolýar. 1912-nji ýylyň oktýabrynda başlan


Zyýa Gökalp

1-nji Balkan urşunda garşydaşlarynyň 700 müňlük gowy ýaraglandyrylan goşunlarynyň garşysyna Türkiýe 350-müňlük goşun çykaryp bilipdir. Ýaranlar birnäçe ýeňişleri gazanmagy başarýarlar, bolgar goşunlarynyň hüjümini bolsa Stambulyň eteginde saklamak başardýar. Itilafçylaryň hökümeti iri döwletlere araçy bolmagy teklip edip ýüz tutýarlar. Gepleşikleriň gidýän wagty ýaş türkler ýagdaýdan peýdalanýarlar we hökümeti ele alýarlar. Emma ýaş türklere balkanlardaky ýagdaýy öz peýdalaryna üýtgetmek başartmaýar. 1913-nji ýylyň 30-njy maýynda baglaşylan London şertnamasy boýunça Türkiýe Ýewropadaky ähli ýerlerini diýen ýaly elden giderýärler. Albaniýa bolsa özbaşdak beglige öwrülýär.

Türkiýäniň elinden alnan ýerleri paýlaşmak ugrunda ýaranlaryň arasynda oňşuksyzlyklar başlaýar we ol 2-nji Balkan urşunyň turmagyna sebäp bolýar. 1913-nji ýylyň iýun-awgust aýlarynda bolup geçen bu uruşda Türkiýe Rumyniýa bilen bileleşip, Serbiýanyň, Gresiýanyň we

Çernagoriýanyň Bolgariýanyň garşysyna döredilen bileleşigini goldaýar. Buharest şertnamasy boýunça Türkiýe ýeňlen Bolgariýanyň elinden Gündogar Frakiýay Edirne bilen bileleikde gaýtaryp alýar.

Birinji jahan urşunyň öňisyrasynda ýaş türkler daşary syýasatda dünýä musulmanlarynyň bitewiligi (panyslamçylyk) we türki halklaryň bileleşigi (pantürkçilik) hakyndaky ideýalary öňe sürüpdirler. Aýratyn hem belli türk filosofy Zyýa Gökalpyň (1876-1924) dünýä türkleriniň bitewiligi hakyndaky ideýalary ýaş türkleriň syýasatynda giň goldawa eýe bolupdyr. Gökalp dünýä musulmanlarynyň bitewiligi hakyndaky ideýalaryň garşysyna dünýewi we dini häkimiýetleri biri-birinden aýyrmak, türk milletiniň mundan beýläkki ösüşinde ýewropa siwilizasiýasynyň gazananlaryny ulanmak hakyndaky pikiri öňe sürüpdir.

Kaýzer Germaniýasy ýaş türkleriň bu syýasatlaryny işjeň goldapdyr we Türkiýäni Angliýa, Fransiýa we Russiýa garşy bäsleşikde ulanmaga çalşypdyr. Ýaş türkleriň hem bir böleginde dünýä syýasatynda özüni görkezip ugran Germaniýa bilen ýaran bolmak we şunuň esasynda ýitiren ornuny gaýtadan dikeltmek meýilleri agdyklyk edipdir. Bu toparyň täsiri aýratyn hem 1913-nji ýylyň ahyrynda häkimiýet «triumwiratyň»[1] - harby ministr Enwer paşanyň, içeri işler ministri we «Ittihad we terakki» partiýasynyň başlygy Talaat paşanyň we Stambulyň gubernatory we harby-deňiz ministri Jemal paşanyň eline geçenden soň has hem güýçlenýär. Enwer paşanyň çagyryşy boýunça Türkiýä general Liman fon Sandersiň baştutanlygynda german harby missiýasy gelýär.

**Türkiýe brinji jahan urşy ýyllarynda (1914-1918).** Birinji jahan urşy başlan badyna ýaş türkleriň hökümeti birtaraplaýyn tertipde «kapitulýasiýa» düzgünini ýatyrmaga

[1] Üçleriň

çalyşýar. Birbada ýaştürkleriň hökümeti bu uruşda Türkiýäniň bitaraplygyny isleýän Antantanyň ýurtlary şu meselede özi bilen ylalaşar öýdüp Germaniýany aç-açan goldamandyr. Emma umytlary puç bolandan soň german-türk harby ýaranlygy baglaşylýar. Grmaniýa öz ýaranyna harby karzlary berýär we türk deňiz goşunlaryny iki sany «Geben» we «Breslau» kreýserleri bilen güýçlendirýär. Enwer paşanyň serkerdeligindäki german-türk deňiz goşunlary 1914-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda rus flotunyň üstüne çozup Sewastopol, Noworossiýs we Feodosiýa portlaryny oka tutýar. Şeýdibem ýaş türkleriň hökümeti Germaniýanyň tarapynda durup birinji jahan urşuna girýär.

Harby maksatnama laýyklykda türk goşunlary Kawkazda Russiýa, Müsürde bolsa Angliýa garşy uruş alyp barmalydy. Birneme soňrak Antanta ýurtlary Mesopotamiýada we Balkanlarda hem uruş hereketlerine başlaýarlar. Bu ýerlerde türk goşunlary goranyşda galypdyrlar. 1914-nji ýylyň ahyrynda – 1915-nji ýylyň başynda rus goşunlary Sarygamyşyň eteginde Enwer paşanyň serkerdeligindäki Kawkaz frontunyň goşunlaryny ýeňlişe sezewar edýär. Üstünlikli öňe süýşmek bilen rus goşunlary 1916-njy ýylda Gündogar Anadolynyň käbir ýerlerini Erzerum we Trabzon bilen bilelikde eýeleýärler. 1915-1916-njy ýyllarda Jemal paşanyň serkerdeligindäki 4-nji goşun toparlanyşygynyň Müsüri eýelemek maksady bilen Sues kanalyna tarap aýgytly hüjümleriniň ikisi şowsuz tamamlanýar. Türk goşunlarynyň Dardanela hüjüm edýän iňlis-fransuz goşunlarynyň garşysyna gönükdirilen goranyş uruşlary we Yrakda general Taunsendiň iňlis goşun korpusynyň garşysyna geçirilen söweşleri şowly tamamlanýar. Emma 1917-nji ýylyň başynda iňlis goşunlarynyň okgunly hüjüme geçmegi bilen türkler Bagdady aldyrýarlar. Şeýlelikde, ýylyň ahyryna çenli Osman imperiýasynyň düzümine giren ähli arap ýurtlary elden gidýär. Netijede, 1914-nji ýylyň

noýabrynadan 1918-nji ýylyň oktýabryna çenli dört ýyllap dowam eden uruşlaryň netijesinde, Türkiýäniň 600 müň adamsy öldürilýär, 1 million adamsy bolsa maýyp bolýar. Ilatyň ýitgileri aýratyn hem oba ýerlerinde güýçli bolupdyr. Şol sebäpden ekin ekilýän ýerleriň mukdary 1914-nji ýylda 6,4 million ga bolanlygyndan 1916-njy ýylda 2,5 milliona çenli, mallaryň baş sany bolsa 47% kemelýär.

Antanta ýurtlary bilen söwda we ykdysady gatnaşyklaryň kesilmegi, iňlis-fransuz kapitaly bilen baglanyşykly komprador buržuaziýasynyň ornunyň gowşamagy ýerli işewürleriň ýagdaýyny gowylandyrypdyr. Uruş ýyllarynda ýurtda türk kapitalyna degişli 90-a golaý täze paýdarlar jemgyýetleri we kompaniýalary döreýär, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän, mata dokaýan kärhanalaryň sany köpelýär, kömrüň, hromyň, misiň, kükürdiň gazylyp alnyşy artýar. Hökümetiň milli senagaty höweslendirmek bilen baglanyşykly çäreleri türk işewürleriniň işjeňleşmegine has-da uly itergi berýär. 1915-nji ýylda girizilen gümrük tölegleri getirilýän harytlara salynýan salgydy 30%-e çenli artdyrmaga mümkinçilik berýär. Şol ýyl daşary ýurt paýdarlar jemgyýetlerini türk kanunçylygyna tabyn etmek baradaky kanun hem kabul edilip, daşary ýurt kompaniýalary «Senagaty höweslendirmek hakyndaky» kanunda görkezilen ýeňilliklerden mahrum edilýär. Türk hökümeti käbir karz banklarynyň döredilmegine hem ýakyndan ýardam edýär.

Emma ýaş türkleriň hökümeti tarapyndan amala aşyrylan bu oňyn işler Osman imperiýasynyň heläk bolmagynyň öňüni alyp bilmeýär. 1918-nji ýylyň oktýabrynda ýaş türkler iş başyndan gidýärler. Talaat paşanyň hökümeti iş başyndan gidenden soň geçirilen «Ittihad we terakki» partiýasynyň gurultaýy pariýanyň ýatyrylýandygy hakynda karar kabul edýär. Ýaş türkleriň iş başyna gelen garşydaşlary Antanta bilen haýal etmän gepleşilere başlaýarlar. 1918-nji ýylýn 30-

njy oktýabrynda Mudros portunda (Lemnos adasynda) «Agamenon» atly iňlis gämisinde ýaraşyk şertnamasy baglaşylýar. Mudros şertnamasy Türkiýäniň Antanta ýurtlarynyň öňünde doly boýun egýändigini aňladýardy. Şeýlelikde, türk halky üçin birinji jahan urşy we Türkiýäniň taryhynda bolsa Osman imperiýasynyň eýýamy tamamlanýar.

## § 5. Arap ýurtlary XIX asyryň ahyrlarynda - XX asyryn başlarynda

**Yrak, Siriýa, Liwan we Palestina.** Osman imperiýasynyň gowşamagy we onuň Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň täsirine düşmegi bilen XIX asyryň ahyrynda Ýewropa ýurtlary osmanlylaryň arap ülkelerinde ymykly ornaşýardylar. Osman imperiýasy bilen baglaşylan söwda şertnamalary boýunça Ýewropa döwletleri, aýratyn hem Angliýa we Fransiýa Yragyň, Siriýanyň Liwanyň, we Palestinanyň bazarlaryny özleşdirýärdiler, sebitiň ykdysadyýetinde çuň kök urýardylar. Iňlis, fransuz kompaniýalary Yragyň we Siriýanyň ýerlerinde konsessiýalara eýe bolup, bu ýurtlaryň ykdysadyýetine uly möçberde maýa goýumlaryny goýýardylar, ekerançylyk ýerlerine, nebitli ýataklara eýe bolýardylar.

Siriýanyň, Liwanyň we Palestinanyň ykdysadyýetinde esasan fransuz kompaniýalary hojaýynçylyk edýärdiler. Netijede XIX asyryň ahyrlarynda Osman imperiýasynyň bu ýerleri fransuz senagatynyň çig mal çeşmesine we senagat önümleriniň satylýan bazaryna öwrülýär. Siriýadan, Liwandan we Palestinadan Fransiýa we Angliýa miwe önümleri, şekerçiňrigi, tämmäki, pagta we ýüpek artýan möçberlerde eksport edilipdir. Siriýada we Liwanda öndürilýän temmäkini satyn almak we satmak işlerini

fransuzlar öz ellerine alýarlar. Şunda ýerli daýhanlar tarapyndan temmäkiniň näçe mukdarda öndürilmelidigini, olaryň satyn alnyş bahasynyň näçe bolmalydygyny fransuzlaryň özleri kesgitleýärdiler.

Sebitiň ýurtlarynyň maliýe ulgamy hem daşary ýurt banklarynyň gözegçiligine alnypdyr. Siriýada, Liwanda we Palestinada Ottoman bankynyň şahamçalary, Iňlis-palestin paýdarlar kompaniýasy, Palestina kommersiýa banky, Saloniki banky, Lion krediti (Fransiýa), German gündogar banky, Palestina banky (Germaniýa) agalyk edipdirler, ätiýaşlandyryş işleri bolsa esasan Awstriýanyň elinde bolupdyr. Daşary ýurt kompaniýalary gämi gurluşygyny hem öz ellerine alypdyrlar. Fransuz kompaniýalary Ýaffa – Iýerusalim, Beýrut – Damask demir ýol şahalaryna, Beýrut portuna, kenarýaka şäherleriniň kommunal hojalyk kärhanalaryna eýeçilik edýärdiler.

XIX asyryň ahyryndan başlap ýewropalylaryň ýardam bermegi bilen Palestinada baý sionistler[1] hem ornaşýardylar. Olar osmanly soltanlarynyň milletara we dinara ylalaşyga esaslanýanýan syýasatyndan, şeýle hem araplaryň sadalygyndan peýdalanyp olaryň ýerlerini köpçülikleýin satyn alyp ugraýarlar.

XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başlarynda Yrakda iňlisler ornaşýardylar. Deňiz we derýa aragatnaşygy, bank işleri, daşary söwda, işläp bejerýän senagat esasan iňlis kompaniýalarynyň elindedi. Ýöne bu ýerde Fransiýanyň, Belgiýanyň we Italiýanyň kompaniýalary hem uly işleri alyp barypdyrlar. Şonuň üçin hem iňlisler beýleki ýurtlaryň işewürleri bilen Yragy özleşdirmekde bäsleşmeli

[1]Iýerusalimdäki Sion depesiniň ady bilen baglanyşykly milletçilikli gurama. Sionistleriň bütindünýä guramasy 1897-nji ýylda esaslandyrylyp, ol ýewreýleriň (jöhitler) Palestina köpçülikleýin göçüp barmaklaryny höweslendirmegi we araplaryň elinden alnan ýerlerde Ysraýyl döwletini döretmegi maksat edinipdir.

bolupdyrlar. XIX asyryň 90-njy ýyllarynda Yragyň diňe ulag-aragatnaşyk pudagynda 10 sany daşary ýurt kompaniýalary hereket edipdir. XIX asyryň 80-njy ýyllarynda Bagdatda we Basrada Ottaman bankynyň bölümleri işläp başlaýar.

Gürrüňi edilýän döwürde bu sebite nemesler hem aralaşmaga çalşypdyrlar. XIX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrynda nemesler Bagdat demir ýoluny gurmak üçin iri ulag-aragatnaşyk kompaniýasyny esaslandyrýarlar. Emma iňlisler bu taslamanyň amala aşyrylmagyna dürli usullar we ýollar bilen päsgel beripdirler. Şunuň netijesinde birinji jahan urşuna çenli Bagdat demir ýolunyň diňe 160 kilometri gurlup ulanylmaga berlipdir.

Yrakda Basra portunyň üsti bilen gyzgalaňly daşary söwda gatnaşyklary alnyp barlypdyr. Bu ýerden dünýä bazaryna esasan pisse we bugdaý çykarylypdyr. 1900-1910-njy ýyllar aralygynda Yrakdan 5 million put[1] bugdaý, tüwi we arpa eksport edilipdir. Bu döwürde Yragyň özüne dokma önümleri, nah, ýüpek we ýüň matalar getirilipdir.

**Arabystan ýarym adasy.** Dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň güýçlenmegi netijesinde daşary yurt maýa goýumlary Arabystan ýarym adasynyň barmasy kyn ýerlerine-de aralaşýar. 1869-njy ýylda Sues kanalynyň açylmagy Arabystan ýarym adasynyň kenarlaryny Ýewropadan Aziya gidýän möhüm ýollaryň çatrygyna öwürýär. Bu möhüm suw ýoly açylmanka Angliýa Adeni eýeleýär, Omany we Şertnamalaýyn Omanyň taýpalaryny bolsa öz protektoratyna öwürýär. Fransiýa, Russiýa we Germaniýa hem bu ýerlerde ornaşmaga çalyşýardylar. Şonuň üçin hem Osman imperiýasyna sebitde öz hökümdarlygyny saklap galmak juda kyn düşýärdi.

---

[1] 1 put – 16,38 kg

1871-nji ýylda iňlisler Kataryň şyhynyň boýnuna protektoratçylyk düzgünini dakmagy maksat edinýärler. Emma Yragyň häkimi Midhat paşa türk goşunlaryny Katara we Kuweýta iberip, bu ýerleri (Nejd sanjagy) Osman imperiýasynyň düzümine goşýar. 1872-nji ýylda türk goşunlary Ýemeniň daglyk welaýatlaryny hem eýeleýärler.

Arabystany eýelemekde Angliýa ähli döwletlerden öňde barýardy. Günorta-Gündogar Arabystanyň (Hadramaut) kenarlarynda hereket edýän iňlis harby gämileri ýerli emirlere zor salyp, olary Anglýa tabyn bolmaga mejbur edýärdiler. Netijede Hadramautyň şyhlarynyň ählisi iňlis protektoratçylyk düzgünini kabul edýärler. 1880-nji ýylda iňlisler Bahreýni Angliýadan başga hiç bir döwlet bilen diplomatik gatnaşyklary alyp barmazlyga borçlandyrdylar. Arabystanda ornaşmaga Fransiýa bilen Russiýa-da dyrjaşýardylar. Emma asyryň ahyrynda Angliýa bu döwletleriň ikisini hem bu ýerlerden gysyp çykardy.

XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Osman imeriýasy Kuweýtiň üstünden öz hökümdarlygyny dikelden-de bolsa, iňlisler onuň şyhy Muhammet ibn Sabahy (1892-1896) özlerlerine tabyn edipdiler. Emma iňlisleriň agalygy ýurduň dolandyryjylarynyň bir böleginde nägilelik döredýär. Şonuň üçin hem 1896-njy ýylda iňlisleriň ýapjasy şyh Muhammet öweý dogany Mübärek tarapyndan öldürilýär. 1899-njy ýylda nemes kompaniýasy Bagdat demir ýoluny Konýadan (Türkiýe) Bagdada, ondan hem Pars aýlagyna, mümkin bolsa Kuweýte çenli dowam etdirmäge ygtyýar alýar. Iňlisler bu gurluşygyň amala aşyrylmazlygy üçin tagalla baryny edýärdiler. Mübäregi öz tabynlygynda saklmak üçin Angliýa Şammaryň emiri Ibn Reşidi Kuweýte garşy urşa itekleýär. Netijede 1899-njy ýylda Kuweýtiň şyhy Angliýa bilen şertnama baglaşyp, «özümiň, mirasdarymyň we geljekki nesillerimiň adyndan

Kuweýti Angliýadan başga hiç bir ýurda bermejekdigine gol çekýärin» diýip borçlanýar.

Germaniýanyň Kuweýtde harby-deňiz bazasyny edinmek we bu ýere Bagdat demir ýolunyň bir şahasyny eltmek bilen baglanyşykly synanyşyklary Angliýanyň ýiti garşylygyna sezewar bolýar. 1901-nji ýylda osman soltany Kuweýte öz goşunlaryny iberýär. Emma Kuweýt aýlagynda duran iňlis kreýseri türklere kenara düşmäge mümkinçilik bermeýär.

Kuweýtiň degre-daşynda özüniň harby-syýasy täsirini berkitmek üçin Angliýa indi Kuweýtiň şyhyny goňşusy, osmanly soltanynyň ýapjasy Şammar şyhynyň üstüne küşgürýär. Şammaryň Raşidiler neslinden bolan emirleri Nejddäki wahhabylary häkimiýetden kowup olaryň ýerlerini hem öz emirlikleriniň düzümine goşýarlar. Kuweýte gaçyp gelen wahhaby serdarlary Şammar bilen alnyp barylýan uruşlara işeňňir gatnaşypdyrlar. Şu uruşlaryň netijesinde 1902-nji ýylda iň soňky wahhaby emiri Abdyl Eziziň ogly Ibn Saud wahhabylaryň öňki paýtagty er-Riýady eýeläp, Nejdde Wahhabylaryň döwleti gaýtadan dikeldilýär, Ibn Saud bolsa emir diýlip yglan edilýär. Osman imperiýasy we Şammar bilen alnyp barlan uruşlarda Ibn Saud öz döwletiniň çägini ep-esli giňeldýär.

**Müsür.** Sues kanalynyň gurluşygy Müsüre juda gymmat düşdi. Daşary yurt bankçylary Oppengeým, Frýuling, Goşen, Rotşild, Bişofsheým we beýlekiler juda ýokarlandyrylan göterim bilen Müsüre karz pullary beripdirler. Käbir karzlaryň tölegi ýylda 15-25 %-e barabar bolupdyr. Netijede 1876-njy ýylda Müsüriň bergisi 94 million funt-sterlinga ýetdi.

XIX asyryň 70-nji ýykllarynda bergileri tölemek üçin ýurduň girdejileriniň 60-80%-i sarp edilýärdi. Emma 1876-njy ýylda maliýe ulgamy halyş çöken Müsür bergiler boýunça töleg etmegini bes edýär. Bu ýagdaý

ýewropalylara Müsüriň maliýe ulgamyny öz ellerine almaga mümkinçilik berýär. Fransiýanyň, Italiýanyň we Awstriýanyň wekillerinden ýörite topar döredilýär. Toparyň agzalary (komissarlar) karzlar we bergiler boýunça tölegleriň wagtly-wagtynda geçirilmegine gözegçilik edýärdiler. Angliýanyň bu meselede Fransiýa bilen mäşi bişişmändir, şonuň üçin hem topara öz komissaryny bellemändir.

1876-njy ýylyň maýynda Müsüriň hediwi ähli bergileriň birleşdirilýändigi we olaryň 65 ýylyň dowamynda (ýylda 7 %-i) üzüljekdigi barada perman kabul edýär. Bergileriň üzüljekdigininiň kepilnamasy hököminde Aşaky Müsüriň dört sany baý welaýatyndan ýygnalýan ýer salgydy, Kairiň we Aleksandriýanyň gümrük girdeýjileri we hediw Ysmaýylyň mülklerinden gelýän girdeýjiler maliýe toparynyň ygtyýaryna berilýär.


Nubar paşa

Alnan karzlaryň we bergileriň göterimlerini tölemek üçin köşk işgärleriniň, goşunyň sany kemeldilýär, döwlet emeldarlarynyň aýlygy azaldylýar, salgytlar bir ýyl öňünden alynýar. Emma baryabyr töleg üçin serişde ýetmändir. 1878-nji ýylyň aprelinde Müsüriň maliýa ýagdaýyny barlamak boýunça täze halkara iş topary döredilýär. Fransuz işewüri Ferdinand Lesseps tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän bu iş topary hedewi ýurdy dolandyrmakdan çetleşdirmek we ýewropalylaryň gatnaşmagynda Ministrler kabinetini döretmek barada karar

çykarýar. Ministrler Kabinetine daşary yurt bankçylary bilen ýakyn aragatnaşyk saklaýan müsürli iri ýer eýesi, ermeni asylly Nubar paşa ýolbaşçylyk edýär. Riýaz paşa içeri işler ministri wezipesine, iňlis Riwers Bilson - maliýe ministri, Fransiýanyň wekili – jemgyýetçilik işler ministri, Awsriýanyňky bolsa - baş gözegçi wezipelerine bellenilýär.

Müsüriň maliýe ýagdaýynyň şeýle derejä ýetmegi ýurduň içinde giň nägilelikleri döredipdir. Müsüriň gurply adamlary, iri ýer eýeleri, özüni oňarýan daýhan hojalyklary Müsüriň tas ýewropalylardan diýen ýaly durýan Ministrler kabinetiniň amala aşyrýan işlerine çuňňur gahar-gazap bildiripdirler. Halk nägileliklerine müsürli intelligensiýa toparlary, goşun serkerdeleri baştutanlyk edipdirler. Olar özlerini watançylar («al-Hizb al-Watani») diýip atlandyrypdyrlar. Watançylyk hereketinde asly daýhan maşgalasyndan bolan harby serkerde Ahmet Araby paşa (1839-1911), Muhammet Abdo (1849-1905) we beýlekiler görnükli orun eýeläpdirler.

1879-njy ýylyň fewralynda Ministrler kabineti Müsüriň bergilerini üzmegi çaltlaşdyrmak bahanasy bilen müsür goşunlarynyň serkerdeleriniň 2,5 müňüsini gullukdan boşatmak hakynda karar kabul edýär. Gahar-gazaba münen müsürli serkerdeler polkownik Ahmet Araby paşanyň baştutanlygynda hökümet jaýyny gabap Nubar paşany we Riwers Wilsony tussag edýärler. Zähresi ýarylan hediw Ysmaýyl serkerdeleri köşeşdirmek üçin gelipdir. Diňe talaplaryň ýerine ýetiriljekdigi wada edilenden soň serkerdeler tussaglary boşadýarlar. Tiz wagtdan Nubar paşanyň hökümeti iş başyndan aýrylyp, onuň ornuna Şerif paşanyň baştutanlygynda milli hökümet döredilýär. Emma täze hökümetiň amala aşyryp başlan işleri ýewropalylaryň göwnünden turmandyr. Şonuň üçin hem iňlis konsuly hediwden ýewropalylary öňki wezipelerini dikeltmägi talap edýär. Emma hediw Ysmaýyl talaba boýun bolmaýar.

Şeýle şertlerde Angliýa bilen Fransiýa hediwe häkimiýetiden meýletin gitmegi teklip edýärler. Hediw kömek bermegini sorap soltan Abdyl Hamit II-ä ýüz tutýar. Emma soltanyň ýewropa döwletleri bilen gatnaşyklary ýitileşdiresi gelmändir, şonuň üçin hem hediwe telegramma iberip, onuň tagtdan agdarylýandygyny, ogly Tofigiň bolsa Müsüriň hediwligine bellenilýändigini habar berýär. Tofik (1879-1892) milli hökümeti iş başyndan aýyrýar we onuň ýerine iňlisparaz Riýaz paşanyň baştutanlygyndaky hökümeti getirýär.


Ahmet Araby paşa

**Müsürde Araby paşanyň baştutanlygyndaky gozgalaň.** 1880-nji ýylyň maýynda Araby paşanyň baştutanlygyndaky serkerdeler topary harby derejeleriň we wezipeleriň berilmegi bilen baglanyşykly talap bilen harby ministre ýüz tutýarlar. Emma harby ministr talaplardan netije çykarmagyň ýerine Arabynyň tarapdarlaryny yzarlap başlaýar. 1881-nji ýylyň ýanwarynda Araby paşa indi talaplar bilen Ministrler kabinetine ýüz tutýar. Şundan soň hökümetiň karary bilen Araby paşa tussag edilýär. Emma Kairde ýerleşýän goşun bölümleri harby ministrligi gabap tussaglary boşadýarlar. Gozgalaňçy goşunlar hediwiň köşgüne gelip harby ministriň iş başyndan aýrylmagyny talap edýärler. Netijede ministr wezipesinden boşadylyp, onuň ýerine al-Hizb-al-Watany guramasynyň

ýolbaşçylarynyň biri Mahmut Samy al-Barudy bellenilýär. Ahmet Araby paşanyň ýolbaşçylygynda harby derejeleriň we wezipeleriň berlişini barlamak boýunça topar döredilýär. Hediw Tofik serkerdelere öz wagtynda aýlyk töläp ugraýar we şol bir wagtyň özünde bolsa gozgalaňçy goşunlary Kairden çykarmak bilen baglanyşykly çäreleri geçirip ugraýar. Harby ministr Mahmyt Sami hökümetiň kararyndan närazylyk bildirýär, şonuň üçin hem wezipesinden çetleşdirilýär.

1881-nji ýylyň sentýabrynda müsür goşunlaryny Kairden çykarmak hakynda karar kabul edilýär. Araby paşa karary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýar we ýene-de gozgalaň turuzýar. Hediwiň köşgüni gaban gozgalaňçy goşunlar Araby paşanyň baştutanlygynda hökümdardan hökümetiň iş başyndan aýrylmagyny, parlamentiň çagyrylmagyny we goşunyň sanynyň artdyrylmagyny talap edýärler. Hediw talaplary kabul etmäge we boýun synmaga mejbur bolýar.

Täze hökümete ýene-de Şerif paşa baştutanlyk edýär. Emma Şerif paşa ýewropaylar bilen hyzmatdaşlyk etmegiň tarapdary bolup çykyş edýär we 1881-nji ýylyň oktýabrynda Kairden gozgalaňçy goşunlaryň üç bölüminiň çykarylýandygy hakynda karara gol çekýär. Şol ýylyň dekabrynda parlament hem işe başlaýar. Emma parlamentde onuň ygtyýarlyklary hakynda ýiti jedeller dowam edipdir, sebäbi ýurduň içeri we daşary syýasaty bilen baglanyşykly meseleleriň parlamentde ara alnyp maslahatlaşmagyny, döwlet girdejilerini we çykdajylaryny tassyk etmek, hökümetiň işine gözegçiligi ýola goýmak wezipelerini parlament öz ygtyýaryna almaga çalşypdyr. Şerif paşa parlamentiň talaplary bilen razylaşmandyr. Şonuň üçin hem parlamentiň wekilleri hediwden onuň wezipesinden aýrylmagyny talap edýärler. 1882-nji ýylyň fewralynda Şerif paşanyň ýerine parlamentiň goldamagy

bilen Mahmyt Samy al-Barudynyň hökümeti gelýär, Araby paşa bolsa harby ministriň wezipesini eýeleýär.

Goşunlaryň hem-de parlamentiň bilelikdäki hereketleriniň netijesinde ýurtdaky häkimiýet watançy güýçleriň eline geçýär. Gysga döwrüň içinde Müsüriň jemgyýetçilik-syýasy we ykdysady durmuşy bilen baglanyşykly çäreleriň uly tapgyryny amala aşyrmaklyk bellenilýär, köp sanly kanunlar kabul edilýär. Emma Müsürde amala aşyrylýan oňyn özgertmeler ýewropalylary, aýratyn hem Angliýa bilen Fransiýany uly howsala salypdyr.

1882-nji ýylyň maýynda Angliýa we Fransiýa öz raýatlaryny goramak bahanasy bilen Aleksandriýa flot iberýärler. Olar hediwe talapnama berip Mahmyt Samynyň iş başyndan giderilmegini we Araby paşanyň wezipesinden boşadylmagyny talap edýärler. Hediw ýurtlaryň talapnamasy bilen ylalaşyp, hökümeti iş başyndan aýyrmak hakynda perman çykarýar. Emma watançy güýçler hediwiň permanyna boýun egmeýärler. Tersine Müsüriň giň halk köpçüligi hediwiň häkimiýetden el çekmegini talap edip çykyşlary guraýarlar. Müsürdäki bolup geçýän wakalara osmanly soltany hem goşulyşýar. Stambuldan iberilen soltan wekilleri hediwi we watançylary ylalaşdyrmaga çalyşýarlar, emma olaryň tagallary hem puç bolýar.

Watançylar bilen hökümetiň arasyndaky ýiti jedelleri 1882-nji ýylyň 23-nji iýunynda Angliýanyň we Fransiýanyň başlangyjy boýunça ýewropa döwletleriniň gatnaşmagynda Stambulda açylan halkara maslahaty hem çözüp bilmeýär. Üstesine-de, müsüriň hökümeti ýurduň kenar ýaka etraplaryny berkitmek we bolup biläýjek çozuşlara garşy taýýarlyk görmek barada karar kabul edýär. Şeýle şertlerde Angliýanyň hökümeti iňlis flotunyň serkerdesi admiral Seýmura Müsüriň kenar ýaka ýerlerine zor salmak barada tabşyryk berýär. Sebäbi

Aleksandriýanyň häkimi şäheriň töwereginde berkitmeleri gurmaga buýruk berýär. 1882-nji ýylyň 11-nji iýulynda iňlis floty Aleksandriýany top okuna tutýar we 15-nji iýulda şäheri eýeleýär. Emele gelen ýagdaýda Kairde Adatdan daşary geňeş döredilip, Araby paşa müsür goşunlarynyň baş serkerdeligine bellenilýär, hediw Tofik bolsa häkimiýetden çetleşdirilýär.

Russiýanyň, Fransiýanyň, Germaniýanyň we Awstriýanyň nägileligine garamazdan Angliýa Müsüre goşun salýar we ýurdy eýeläp başlaýar. Müsüre garşy alnyp barlan uruşlarda Araby paşanyň goşunlary iňlisleriň öňünde durup bilmeýärler. Sebäbi iňlis goşunlary Müsüriň üstüne onuň gowşak goralýan ýerleri bolan Sues kanaly taraplardan aýgytly hüjüm edýärler. Netijede 1882-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda Kair iňlisler tarapyndan eýelenýär. Araby paşa iňlisler tarapyndan ýesir alynýar. Hediw ýurda dolanyp gelýär. Iňlis basybalyşlary netijesinde müsürli watançylaryň 30-müňüsi tussag edilýär. Gozgalaň basylyp ýatyrylandan soň Araby paşa we egindeşleriniň birnäçesi ölüm jezasyna hokum edilýär, ýöne soňra ol Seýlon adasyna ömürlik sürgün bilen çalşyrylýar. Müsürli watançylaryň köpüsi daşary ýurtlara gaçyp gidýärler.


Muhammet Ahmet

Müsür kagyz ýüzünde Osman imperiýasynyň ýeri hasap edilýärdi, şonuň üçin hem Angliýa

ýurdy eýelemegi maksat edinmändir. Sebäbi şeýle edilse uly halkara dawasy dörejekdi. Şonuň üçin hem Angliýa Araby paşanyň gozgalaňy basylyp ýatyrylandan soň goşunlaryny üç ýylyň dowamynda Müsürden çykarmaga söz berýär. Emma Angliýa beren wadasynda tapylmaýar; Müsüriň halkara hukuk derejesi üýtgedilmese-de (ol Osman imperiýasynyň ýeri bolup galýardy), hakykat ýüzünde ol 1882-nji ýyldan başlap Angliýanyň koloniýasyna öwrülýär.

Müsürde hediwiň hökümdarlygynda köne dolandyryş ulgamy saklanyp galýar. 1883-nji ýylda iki palataly (Kanunçylyk geňeşi we Baş maslahat) parlament döredilýär. Emma palatalaryň ikisiniň hem kanunçylyk başlangyçlary bilen çykyş etmäge hukuklary bolmandyr. Iş ýüzünde ýurtdaky häkimiýet Angliýa tarapyndan bellenilýän baş konsulyň eline geçipdir. Bu wezipede arakesmesiz 24 ýyllap lord Kromer (1883-1907) işleýär.

XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başlarynda Müsüriň durmuş-ykdysady we syýasy durmuşy dolulygyna Angliýanyň täsirine tabyn edildi.

**Sudanda mätiçileriň hereketi.** Arap ýurtlarynyň biri bolan Sudana ýewropalylar XIX asyryň 30-njy ýyllarynda aralaşyp ugraýarlar. Asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrynda Angliýa Gündogar Sudany eýeläp başlaýar. Netijede 70-nji ýyllaryň ahyrlaryna çenli Sudanyň köp ýerleri iňlisler tarapyndan eýelenýär. Sudanyň arap halky ýurduň iňlisler tarapyndan eýelenilmegine garşy uzaga çeken uruşlara başlaýar. 1881-nji ýylda başlan azat edijilik uruşlaryna meşhur din wekili Muhammet Ahmet (1848-1885) baştutanlyk edýär. Muhammet Ahmet özüni Mäti[1] diýip yglan edýär, şonuň üçin hem sudanlylaryň iňlis agalygyna garşy gönükdirilen azat edijilik hereketi ylmy edebiýatda

[1] Mahdi (arap.) – halasgär.

onuň ady bilen baglanyşdyrylyp, «mätiçileriň gozgalaňy» diýlip atlandyrylýar. Mätiçileriň gowy ýaraglandyrylan, berk tertip-düzgünli goşunlary iňlis harby bölümleriniň üstüne çozup uly zyýan ýetirýärdiler.

1885-nji ýylyň başynda mätiçiler Hartumy eýeleýärler we Sudanyň iňlis häkimini öldürýärler. Mätiçiler Muhammet Ahmediň baştutanlygynda dini (teokratik) döwlet döredýärler. Muhammet Ahmet aradan çykandan soň 1885-nji ýylda häkimiýet Abdylla ibn al-Seýit Muhammediň (1846-1899) eline geçýär. Mätiçileriň döwletiniň paýtagty Omdurman şäheri bolup, 1895-nji ýylda olaryň ygtyýarynda 86 müňlük söweşjeň goşunlary bardy. Sudanyň hökümdary döwleti we goşuny berkitmek bilen baglanyşykly birnäçe işleri durmuşa geçirýär, iňlisleriň hüjüm edäýjek ýerlerinde goşmaça goşun bölümlerini ýerleşdirýär.

Angliýanyň hökümeti mätiçileri boýun egdirmek, olary döreden döwletini ýok etmek üçin dürli çäreleri amala aşyrypdyr. Müsür bilen araçäkde, Sudanyň Gyzyl deňziniň kenarlaryndaky ýerlerde gowy ýaraglandyrylan goşunlar ýerleşdirilipdir. Sudany eýelemekde Müsüriň hökümeti hem Angliýa ýakyndan ýardam berýär. 1896-1898-nji ýyllarda mätiçiler bilen iňlis goşunlarynyň arasynda birnäçe gandöküşikli söweşler bolup geçýär. Emma 1898-nji ýylda general Kitçener tarapyndan serkerdelik edilýän birleşen iňlis-müsür goşunlary Sudana garşy urşa başlaýarlar. Şol bir wagtyň özünde Nil derýasynyň boýy bilen Sudana tarap demir ýol hem çekilip ugraýar. Sentýabr aýynda Kitçeneriň goşunlary mätiçileriň paýtagty Omdurmany eýelemegi başarýarlar. Paýtagt eýelenilenden soň mätiçileriň döwleti dargaýar, ýöne olar ýene-de birnäçe ýyllap iňlis basybalyjylaryna ýiti garşylyk görkezipdirler. Iňlislere garşy alnyp barlan gaça uruşlaryň birinde Abdylla ibn al-Seýit Muhammediň özi hem öldürilýär.

1899-njy ýylda basylyp alnan Sudan «kondominium»[1] diýlip yglan edilýär. Munuň özi Sudanyň mundan beýläk Angliýa bilen Müsür (hakykat ýüzünde Osman imperiýasy) tarapyndan bileleşip dolandyryljakdygyny aňladypdyr, emma iş ýüzünde Sudan Angliýanyň gol astyna geçýär. Kondominiumy iňlisleriň hödürnamasy boýunça Müsüriň hediwi tarapyndan bellenýän häkim dolandyrypdyr. Emma Sudandaky ähli möhüm wezipelere diýen ýaly iňlis serkerdeleri bellenilýär. Angliýanyň işewürleri Sudany özleşdirmäge we ony iňlis senagatynyň çig mal çeşmesine öwürmäge çalşypdyrlar. Ýurda Angliýadan senagat önümleri köpçülikleýin getirilipdir, Sudanyň özünden bolsa çig mallar eksport edilipdir. Iňlisleriň tagallary bilen Sudanda demir ýollar, telegraf ulgamy gurlup ulanylmaga berilýär.

**Alžir Fransiýanyň golastynda.** XIX asyryň 30-40-njy ýyllarynda Alžir Fransiýa tarapyndan basylyp alnandan soň ýurduň ekerançylyk ýerleri farnsuzlar tarapyndan köpçülikleýin eýelenilip ugraýar. 1848-nji ýylyň iýun gozgalaňy basylyp ýatyrylandan soň Parižden Alžire müňlerçe adamlar sürgün edilýär. 1851-nji ýylyň dekabr agdarylyşygyndan soň Napoleon III özüniň köp sanly syýasy garşydaşlaryny hem bu ýere ugratdy. Sürgün edilenlerden soňra yzyna dolanyp gelenleri hem boldy, emma köp adamlar Alžirde hemişelik galdy. Olaryň arasynda lukmanlar, mugallymlar, hukukçylar, çaphana işgärleri, gurluşykçylar we başgalar köpdi. Olaryň ählisi Ikinji imperiýany ýigrenýärdiler; olaryň köpüsi Napoleon III-niň we onuň Alžirdäki dikmelerine garşy göreşýärdiler.

1870-1871-nji ýyllaryň frank-prus urşy we Pariž kommunasy döwründe  Alžirde hem uly syýasy wakalar, iş taşlaýyşlar we köpçülikleýin ýörişler bolup geçdi. Bu

---

[1] Kondominium (latyn. con – bilelikde, dominium - dolandyrmak ), bilelikde dolandyrylýan ýer.

wakalara ýurtda ýaşaýan fransuzlar bilen bir hatarda alžirliler hem işeňňir gatnaşýardylar. 1871-nji ýylda Gündogar Alžiri Muhammet Mukraniniň baştutanlygynda arap we berberi taýpalarynyň gozgalaňy gurşap aldy. Onuň tabynlygynda 30 sany taýpa bolup, ol 25 münlük gozgalaňçy goşun döredýär. Muhammet Mukraniniň gozgalaňyny Rahmaniýa derwüşçilik guramasy hem godaýar. Guramanyň tabynlygynda 250 sany tiredir taýpalar bolup, ol hem 100 müň söeşiji jemleýär. Gozgalaňa Rahmaniýa guramasy goşulandan soň Gündogar Alžiriň ähli ýerlerinde gozgalaň başlaýar. Fransuzlar bilen alnyp barlan uruşlaryň dowamynda jemi 10 sany uly söweşler bolup geçýär. Söweşleriň netijesinde obalarda ýaşaýan fransuzlar şäherlere gaçyp gelýärdiler. Gysga döwrüň içinde ýurduň çöllük we oba ýerleri gozgalaňçylaryň eline geçdi.

Emma Alžirdäki fransuz kolonial edarasy ýurtdaky fransuz goşunlarynyň sanyny gün-günden artdyrýardy we ýurtda 85 müňlük gowy ýaraglandyrylan goşun jemledi. 1871-nji ýylyň iýulynda gozgalaňçylaryň esasy güýçleri derbi-dagyn edildi. Rahmaniýa guramasynyň serdarlarynyň köpüsi ýaraglaryny taşlap, boýun egdiler. 1872-nji ýylda gozgalaňyň serdary Ahmet Mezrag ýaragyny taşlady. Gozgalaňçylaryň müňlerçesi öldürildi ýa-da türmelere taşlandy, köpüsi bolsa alysdaky fransuz koloniýasy bolan Täze Kaledoniýa sürgün edildi.

1871-nji ýylyň azat edijilik urşy tamamlanandan soň Alžiriň ekerançylyk ýerleriniň ýene-de köp mukdary fransuzlaryň eline geçdi. 1873-nji ýylda ýer hakynda kanun kabul edilip, urug we jemagat ýerleri hususy eýeçilige berildi. XIX asyryň 70-nji ýyllarynyň dowamynda fransuz kolonistleri 400 müň gektar ýere eýe boldylar. Netijede XX asyryň başlarynda Alžirdaki fransuz kolonistleriniň eýeçiligine geçen ýerleriň mukdary 900 müň gektara ýetdi.

Fransuz häkimiýetleri ilaty iki topara bölüpdiler: olaryň birinji bölegi «Fransiýanyň raýatlary» diýlip atlandyrylýardy. Olar farnsuzlar bolup, fransuz parlamentine öz deputatlaryny saýlap bilýärdiler we alžir koloniýasyny dolandyrmaga gatnaşýardylar. Ilatyň ikinji topary «Fransiýanyň tabyn ilaty» diýlip olar alžirlileriň özleridi: tabyn ilatyň saýlaw hukuklary bolmandyr, olar ýurdy dolandyrmaga gatnaşdyrylmandyr. Raýatlar edil Fransiýanyň özünde ýaşaýan ilatyň töleýän salgytlaryny töleýärdiler, emma tabyn ilata çökder kolonial salgytlar salnypdyr. Raýatlary fransuz kanunlary boýunça kazyýet jogapkärçiligine çekýärdiler, emma tabyn ilat üçin aýratyn ýowuz kanunlar girizilipdir.

**Tunisiň we Marokkanyň Fransiýa tarapyndan basylyp alynmagy.** Rus-türk urşy tamamlanandan soň 1878-nji ýylda ýewropa döwletleriniň başlangyjy bilen çagyrylan Berlin kongresinde Angliýa bilen Germaniýa fransuzlaryň ünsüni Müsürden sowmak üçin Tunisiň Fransiýa tarapyndan basylyp alynmagyna razylyk berýär. 1881-nji ýylda 30-müňlük fransuz goşuny uruş yglan etmezden Alžiriň ýerinden Tunisiň üstüne çozýar. Tiz wagtdan Tunisiň begi boýun synmaga mejbur bolýar. 1881-nji ýylyň fransuz-tunis şertnamasy boýunça beg ýurduň fransuzlar tarapyndan eýelenilmegine, Tunisde fransuz rezidentiniň bellenilmegine razylyk berýär. Bu şertnamada Tunisiň Fransiýa babatyndaky protektoratlygy aýratyn maddada görkezilmedik hem bolsa, ýurtda fransuz agalygy ýola goýulýardy. Netijede Osman imperiýasynyň ýene-de bir mülki ýewropalylar tarapyndan basylyp alynýar.

1881-nji ýylda Tunisiň begi perman kabul edip, beýleki ýurtlar bilen gatnaşyklarda Fransiýa Tunisiň ýeke-täk araçyl döwletidir diýlip tassyk edýär. Öň Osman imperiýasynyň Tunis welaýatynyň häkimi hasap edilen beg

özüni garaşsyz hökümdar diýip yglan edýär. Emma iş ýüzünde Tunisiň begi Fransiýanyň elindäki oýunjaga öwrülýär.

Tunis eýelenilenden soň ýurduň ekerançylyk ýerleri fransuzlar tarapyndan arzan bahadan eýelenilip ugraýar. Birinji jahan urşunyň başlaryna çenli ýewropalylara eýýäm 1 million gektar (900 müň gektary fransuzlaryňky) ýerler degişlidi. Emma Alžirden tapawutlylykda Tunisde ýewropaly ilat az ýaşaýardy. Şonuň üçin hem eýelenilen ekerançylyk ýerlerini ýewropalylar ýerli daýhanlara agyr şertler bilen kärendesine berýärdiler.

Tunisden soň basylyp alynmak nobaty Marokka ýetdi. Marokkany basyp almakda ýewropanyň köp döwletleriniň – Fransiýanyň, Angliýanyň, Germaniýanyň, Ispaniýanyň we Italiýanyň bahbitleri çaknyşýardy. Şunda aýratyn hem Fransiýa işjeňlik görkezýärdi. 1870-nji ýyldan başlap Fransiýa Marokkanyň Alžir bilen serhetdäki ýerlerini eýeläp ugrady. Emma Marokkadaky fransuz basybalyşlary beýleki döwletleriň ýiti garşylygyna sezewar boldy. Şol sebäpden hem Fransiýa Marokkany basyp almak üçin iňlisler, ispanlar we italýanlar bilen ylalaşmaly boldy. 1900-1902-nji ýyllaryň fransuz-italýan yalalaşyklary boýunça Fransiýa Italiýanyň Liwiýany basyp almagyna razylyk berdi. 1904-nji ýylyň iňlis-fransuz ylalaşygy boýunça bolsa Fransiýa Angliýanyň Müsürde erkin hereket etmegi, Angliýa bolsa Fransiýanyň


Jemaleddin al-Afgani

Marokkany basyp almagy bilen razylaşdy. Şol ýylyň özünde baglaşylan fransuz-ispan ylalaşygy boýunça ýurtlaryň ikisi Marokkany täzir zolaklaryna bölmek barada şertleşdiler. Ylalaşyk boýunça Marokkanyň demirgazygy ispan zolagy, günortasy bolsa frnsuzlaryňky diýlip yglan edildi.

Emma Fransiýa marokka meselesinde Germaniýa bilen ylalaşmak başartmaýar. 1904-nji ýylda Marokkanyň Fransiýanyň bähbitleriniň aralýan giňişligi diýlip yglan edilendigine garamazdan german kaýzeri Wilgelm II 1905-nji ýylyň ýazynda Tanžer portuna gelip, Marokkanyň soltanyny garaşsyz hökümdar hökmünde mübärekleýär. Germaniýanyň talaby boýunça 1906-njy ýylda Alhesirasda (Ispaniýa) marokka meselesi boýunça halkara maslahaty çagyrylýar. Maslahatda Fransiýany Angliýa bilen Russiýa goldaýar. Maslahatyň ahyrynda Marokkada konsessiýa edinmäge deň hukuklar berilýär, ýöne şunuň bilen bir hatarda, Marokkada Fransiýanyň hem-de Ispaniýanyň aýratyn bähbitleri ykrar edilýär.

Tiz wagtdan Fransiýa Marokkany eýelemäge girişýär, ýurduň demirgazygynda bolsa ispan goşunlary düşürilýär. Emma Marokkanyň halky basybalyjylara garşy aýaga galýar. Keseýerlilere boýun egen soltan Abdal Eziz 1907-nji ýylda häkimiýetden agdarylýar. Täze hökümdar Abdal Hafiz (Mulaý Hafid) gozgalaňçylara goşulýar. Emma güýçler deň däldi. 1911-nji ýylda fransuz goşunlary Fesi we Meknesi eýelediler. Emma syýasy sahnada ýene-de Germaniýa peýda bolýar. Marokkanyň Agadir portunda german harby gämisi labyr taşlaýar. Dört aýa çeken gepleşiklerden soň Fransiýa ýurduň ýerleriniň bir bölegini we Günorta Marokkada demir ýol gurluşygyny Germaniýa konsessiýa berýär. Şundan soň Germaniýa Marokkany Fransiýanyň basyp almagy bilen ylalaşýar.

1912-nji ýylda soltan Abdal Hafiz fransuzlar bilen şertnama baglaşmaga mejbur bolýar. Şertnama boýunça Marokkanyň üstünden fransuz protektoratçylyk düzgüni girizilýär, ýurduň demirgazygy Ispaniýa berilýär, Tanžer bolsa halkara zolagy diýlip yglan edilýär.

**Italiýanyň Liwiýadaky basybalyşlary.** XX asyryň başlarynda Liwiýa Osman imperiýasynyň yzagalak ülkeleriň biridi. Liwiýanyň bütin çägi osmanly hökümdarlygynyň tabynlygynda bolsa-da, Kirenaikada senusileriň dini guramasy agalyk edýärdi. Ýurtda türk goşunlary bilen bir hatarda senusileriň öz goşunlary hem bardy. Demirgazyk Afrikanyň ýewropa döwletleri tarapyndan eýelenilýän döwürde italýan basybalyjylary Liwiýany basyp almgy maksat edinýarler. 1894-1896-njy ýyllarda efiopiýanyň halkyndan masgaraçylykly ýeňlişe sezewar edilenden soň Italiýa Liwiýany basyp almaga girişdi.

Marokka krizisiniň dowam edýän döwründe 1911-nji ýylyň sentýabrynda Italiýa osmanly hökümetine özüniň Liwiýany basyp almagy maksat edinýändigini duýdurýar we ondan Tripoli welaýatyndaky goşunlara italýanlara garşy görkezmezlik barada buýruk bermegi talap edýär. Osmanly hökümeti jogap notasynda meseläni parahatçylyk ýol bilen çözmekligi teklip edýär. Emma Italiýa öz talabynda durýar. Netijede Osman imperiýasy bilen Italiýanyň arasynda diplomatik


Muhammet Abdo

gatnaşyklar kesilýär we italýan-türk urşy başlaýar. 1911-nji ýylyň oktýabrynda italýan harby-deňiz güýçleri Tripoli, Dernu, Bengazi we Homs şäherlerini eýeleýär. Ýiti garşylyk görkezilendigine garamazdan, türk hem-de arap goşunlary, şeýle hem arap ýurtlaryndan komege gelen meyletinçi ýygynlar italýanlaryň hüjümleriniň öňüni alyp bilmeýärler.

Bu uruşda artykmaçlyk italýanlaryň tarapyndady. Italiýanyň deňiz güýçleri Ortaýer deňzinde agalyk edip, Liwiýanyň kenar ýakalaryny gabawa alýardylar we Stambul tarapdan gelýän türk goşunlaryna kenarda düşmäge mümkinçilik bermeýärdiler. Gury ýerde-de Angliýa türk goşunlaryny Liwiýa tarap geçirmedi. Netijede häzirki zaman toplary, harby uçarlary bilen ýaraglanan Italiýa Liwiýany eýeledi.

1912-nji ýylyň oktýabrynda Türkiýe Italiýa bilen Lozanna şertnamsyna gol çekmäge mejbur boldy. Şertnama boýunça Osman imperiýasy Liwiýanyň italýanlar tarapyndan basylyp alynmagyny ykrar etmeýär, ýöne goşunlaryny ýurtdan çykarmaga we türk emeldarlaryny yzyna çagyrmaga razylyk berýär. Munuň özi Liwiýanyň Osman imperiýasynyň elinden zorluk bilen alynyýandygyny aňladýardy. Fransiýa, Angliýa, Awstro-Wengriýa we Germaniýa Liwiýanyň italýanlar tarapyndan basylyp alynmagyny resmi ýagdaýda ykrar edýärler.

Liwiýanyň arap halky ýurduň basylyp alynmagy bilen ylalaşmaýar we kolonizatorlar bilen uzaga çeken uruşlara başlaýarlar. Diňe 1914-nji ýylda italýanlara Liwiýanyň içki welaýatlaryny eýelemek başardýar. Emma jahan urşunyň başlamagy bilen italýanlar ýene-de Liwiýanyň kenaryndaky insiz zolaga gysylyp çykarylýar.

**XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda arap ýurtlarynda jemgyýetçilik-syýasy aň-düşünjeleriň ösüşi.** Siriýa we Müsür arap Galkynyş hereketiniň ykrar

edilen merkezleridi. XIX asyryň soňky çärýeginde Müsür arap dünýäsiniň intellektual we magaryfçylyk merkezine öwrülýär. Asly Siriýadan we Liwandan bolan Ýakup Sarruf, Adib Yshak, Farah Antun, Nejib Haddad we başgalar arap magaryfçylygynyň kemala gelmeginde uly yz galdyrypdyrlar.

Müsüriň metbugatynda arap magaryfçylary öňdebarijy pikirler bilen yzygider çykyş edýärdiler we araplary galkyndyrmakda magaryfçylyga ägirt uly ähmiýet berýärdiler. Arap magaryfçylary gündogar jemgyýetini galkyndyrmak we ony üýtgedip guramak üçin köplenç dünýewi hukuk we syýasy kadalaryna hem-de edaralaryna ýüzlenýärdiler, olaryň ähmiýetini aýratyn nygtap belleýärdiler. Ýewropa medeniýetiniň tarapdarlary Gündogar dünýäsini jemgyýeti we döwleti guramagyň günbatar ýewropa ölçegleri esasynda özgertmek ugrunda çykyş edýärdiler. Arap magaryfçylarynyň arasynda günbatar we gündogar medeniýetlerini sazlaşykly baglanyşdyrmak ugrunda çykyş edýänleri-de bardy.


Mustafa Kamil

XIX asyryň soňky çärýeginde magaryfçylyk bilen bir hatarda Müsürde arap Galkynyşynda dini-reformatorçylyk hereket hem ýüze çykýar. Bu hereketiň gözbaşynda belli jemgyýetçilik-syýasy işgäri Muhammet Abdo (1849-1905) durýardy. Ol daýhan maşgalasynda doglupdyr, Kairiň «al-Azhar» uniwersitetinde ýokary bilim alypdyr. Araby Paşanyň gozgalaňyna gatnaşandygy üçin Muhammet Abdo 1882-nji

ýylda Müsürden çykarylýar. Alty ýyldan soň watanyna dolanyp gelip, ol al-Azhar uniwersitetinde okuw okadylyşyny özgertmegiň üstünde işläp başlaýar. 1889-njy ýylda Muhammet Abdo Müsüriň baş müftiligine bellenýär. Ýokary dini wezipä bellenilmegi oňa öz garaýyşlaryny döly derejede ýüze çykarmaga we reformatorçylyk ideýalaryny iş ýüzünde amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Onuň başlaňgyçlary bilen Kairde žurnal neşir edilip ugraýar. Žurnalyň sahypalarynda Muhammet Abdo we onuň pikirdeşleri musulman magaryfçylygyny öňe sürüpdirler. Olaryň pikiriçe, magaryfçylyk gündogar halklaryna musulman bitewiligini gazanmaga, yzagalak aň-düşünjelerden we garýyşlardan saplanmaga ýardam etmelidi. Munuň üçin arap ýurtlarynda syýasy we döwlet gurluşyny kem-kemden kämilleşdirmelidi, ilatyň sowatlylyk hem-de medeni derejesini döwrüň talaplary esasynda ýokarlandyrmalydy.

Müsürli magaryfçylaryň arasynda günbatarçylar hem görnükli orun eýeleýärdiler. Bu ugruň gözbaşynda ömrüni Müsüriň iňlis agalygyndan azat edilmegine bagyş eden, arap azat edijilik hereketiniň görnükli wekilleriniň biri Mustafa Kamil (1874-1908) durýardy. Parižde okan ýyllary Mustafa Kamil iňlis agalygyna garşy işeňňir çykyş edip ugraýar. Ol Müsüri diňe ýewropalylaryň özara oňşuksyzlygyndan peýdalanyp azat edip bolar diýip düşünipdir, şonuň üçin hem Fransiýada, Germaniýada, Awtro-Wengriýada iňlislere garşy wagyz işlerini alyp barypdyr. Emma Faşod krizisi[1] döwründe Fransiýanyň Angliýadan ejizlemegi we 1904-nji ýylyň iňlis-fransuz

[1] Bu krizis fransuzlaryň Ýokarky Nilde ýerleşýän Faşod obasyny eýelemegi bilen ýüze çykdy. Emma fransuzlar iňlisleriň basyşyna döz gelip bilmän, Nil derýasynyň boýunda agalyk etmek isleglerinden el çekmäge mejbur boldylar. Muňa derek iňlis hökümeti Fransiýa Merkezi Afrikadaky käbir ýerleri berdi.

ylalaşygy boýunça Fransiýanyň Müsürden el çekmegi müsürli watançylaryň bar umydyny puja çykarypdyr. Şol sebäpden hem mundan beýläk Mustafa Kamil we onuň egindeşleri Müsüriň geljekki garaşsyzlygynyň kepili hökmünde Osman imperiýasyna bil baglap başlaýarlar.

Bu döwürde arap milletçilerine we magaryfçylaryna musulman Gündogarynyň meşhur jemgyýetçilik-syýasy we dini işgäri Jemaleddin al-Afganynyň garaýyşlary uly täsir edýär. 1871-1879-njy ýyllar aralygynda al-Afgani Müsürde ýaşaýar we töweregine müsürli hem-de dürli ýurtlardan gelen emigrant watançylary ýygnaýar.

Gündogaryň halklaryny kese ýerli basybalyjylaryň agalygyna garşy göreşde al-Afgani Yslamyň birleşdiriji hem-de bitewileşdiriji güýjüne uly ähmiýet beripdir. Şunda günbataryň hukugynyň we syýasy gurluşynyň garşysyna Yslamyň durmuş adalatlylygyny, jemgyýetçilik sazlaşygyny gazanmaga we halk häkimiýetini berkarar etmäge gönükdirilen baky ýörelgelerini öňe sürüpdir. Onuň garaýyşlary Müsüriň hediwi Ysmaýyl, osmanly soltany Abdyl Hamit II tarapyndan uly goldawa eýe bolupdyr.

**Arap ýurtlary birinji jahan urşy ýyllarynda.** 1914-nji ýylda arap ýurtlary hem jahan urşuna çekildi. Iňlis-fransuz goşunlary Müsürde, Sudanda, Alžirde, Marokkada we Arabystan ýarym adasyndaky britan mülklerinde ýerleşýärdi. Liwanyň, Palestinanyň, Siriýanyň, Yragyň we Arabystanyň bir böleginiň maddy we adam güýçleri german-türk tarapynyň ygtyýarynda galýardy.

Osman imperiýasynyň arap mülklerinde başlan uruş hereketleri Türkiýe üçin amatsyz şertlerde dowam etdi. 1914-nji ýylyň noýabrynda iňlis goşunlary Basrada düşürilip, Yragy eýelemek maksady bilen demirgazyga tarap hüjüm edip ugrady. Tiz wagtdan Fao, soňra bolsa Basra eýelendi. Emma başky döwürde bu söweşler Angliý üçin şowsuz boldy. 1915-nji ýylyň noýabrynda 10 müňlük

iňlis goşunlary Kut al-Amaryň eteginde gabawa düşdi we boýun egdirildi. Emma iňlislere barybir Günorta Yragy, Pars aýlagyndaky portlary elde saklamak başartdy. Üstesine-de uruş hereketleriniň alnyp barylýan beýleki ýerlerinde türk goşunlaryna üstünlik gazanmak başartmady. 1915-nji ýylyň ýanwar-fewral, 1916-njy ýylyň aprel we awgust aýlarynda türk goşunlarynyň Sues kanalynyň boýlaryndaky iňlis berkitmelerine geçiren çozuşlary netijesiz tamamlandy. Urşuň ikinji ýylynyň ahyrynda Osman imperiýasy juda kyn ýagdaýa düşdi, onuň iň söweşjeň goşun bölümleri derbi-dagyn edilipdi.

1916-njy ýylyň ahyrynda iňlislere Yrak taraplarda artykmaçlygy ele almak başartdy we ony urşuň ahyryna çenli elde sakladylar. Bu ýerde iňlisleriň 160 müňlük goşunlary ýerleşdirildi. 1917-nji ýylda iňlis goşunlary Bagdaty, Tikridi we tutuş Mesopotamiýany eýeledi.

1916-njy ýylyň ahyrynda iňlis goşunlary Sinaý ýarym adasyny hem eýelediler we 1917-nji ýylyň başlarynda Palestina bilen araçäge çykdylar. 1917-nji ýylyň güýzünde iňlis goşunlary Gaza-Bir Saba taraplarda türkleriň goranyşyny böwüsdiler. Şunuň netijesinde 1917-nji ýylyň noýabr-dekabr aýlarynda türkleriň elinden Ýaffa bilen Iýerusalim alyndy.

Jahan urşunyň barşynda 1918-nji ýylyň güýzünde iňlis-fransuz goşunlary Palestinada aýgytly hüjüme geçdiler. Gazaply söweşleriň netijesinde Nablus, Nazaret, Damask, Beýrut, Halap şäherleri türk goşunlarynyň elinden alyndy we 30-njy oktýabra çenli bütin Siriýa garşydaş tarapyň eline geçdi. Şeýlelikde, urşuň ahyryna çenli Aziýadaky arap ýerleriniň Hijaz bilen Ýemenden galan ýerleri iňlis-fransuz goşunlary tarapyndan basylyp alyndy.

1918-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Osman imperiýasy ýeňlendigi hakyndaky şertnama gol çekmäge mejbur boldy. Şunuň netijesinde we soňraky baglaşylan

şertnamalar boýunça Osman imperiýasy ähli arap mülklerinden mahrum boldy.

## § 6. Afrikanyň halklary we döwletleri XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda

**Efiopiýa.** 1868-nji ýylyň iýunynda iňlisler Efiopiýadan çykyp gidenlerinden soň Gobaziýeniň, Meneligiň we Kasaniniň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler başlaýar. Olaryň içinde iň güýçlisi Gobaziýedi. Ol Amharada, Lastede, Wagada we Gojamda hökümdarlyk edýärdi. 1868-nji ýylyň aprelinde Gobaziýe Takle Georgis adyny alyp, özüni Efiopiýanyň negusy diýip yglan edýär. Emma 1872-ýylda ol Kasaýiden ýeňilýär. Şundan soň Kasaýi Aksumy eýeleýär we Ýohanys IV (1872-1889) ady bilen Efiopiýany dolandyryp başlaýar.


Menelik II

Esasy garşydaşy Gobaziýeden üstün çykyp Kasaýi – Ýohannys IV Minelik bilen boljak söweşlere taýýarlanyp ugraýar. Bu döwürde Efiopiýanyň üstüne müsürliler üç gezek çozuş geçirýärler, ýöne her gezek hem olar üstünlik gazanyp bilmeýärler. Müsürlilerden üstün çykandan soň Ýohannys esasy güýçlerini Meneligiň garşysyna gönükdirip, ony agyr ýeňlişe sezewar edýär. Menelik Ýohannysy negus diýip ykrar edýär we negus nagesti drejesinden el çekýär. Öz gezeginde Ýohannys

hem Meneligiň Şao welaýatyna bolan hukugyny we onuň hökümdary derejesini ykrar edýär.

XIX asyryň 70-80-nji yyllaryna çenli Gyzyl deňziniň sebitinde halkara ýagdaýy düýpli üýtgeýär. Sues kanalynyň gurlup ulanylmaga berilmegi bilen Angliýanyň, Fransiýanyň we Italiýanyň bu sebite bolan gyzyklanmalary güýçlenýär. 1884-nji ýylyň ýazynda iňlis hökümeti Efiopiýa admiral Hewitiň baştutanlygynda wekiller toparyny iberip, negusdan Sudanyň mätiçiler tarapyndan daşy gabalan fortlaryndan iňlis goşunlaryny çykarmaga ýardam etmegini soraýarlar. Ýohannys iňlis wekilleri bilen ylalaşyga gol çekip, özüniň demirgazyk we demirgazyk-gündogar araçäklerine golaý ýerleşýän iňlis fortlarynyň gabawuny aýyrmaga kömek bermegi wada edýär. Efiopiýanyň goşunlary mätiçileriň fortlara edýän hüjümlerini yzyna serpikdirmegi we iňlis goşunlaryny azat etmegi başarýar. Şeýdip Efiopiýa özi üçin juda zyýanly bolan mätiçiler bilen urşa çekilýär.

Haçan-da, efiop goşunlary mätiçiler bilen uruşlary alyp barýarka, iňlisler Efiopiýanyň ýeke-täk deňiz portuny Italiýanyň eýelemegine razylyk berýärler. Italýanlar haýal etmän ýurduň jümmüşine demirgazykdan hüjüm edip Ýohannysyň mülklerine howp salyp ugraýarlar. Italýanlar Menelik bilen aragatnaşygy ýola goýýarlar we ony Ýohannysa garşy urşa iteklemäge çalyşýarlar. Menelik italýanlaryň kömegini kabul edýär, emma Ýohannysa garşy hereket etmäge howlukmaýar.

Ýohannys IV-niň mülkleri ähli taraplardan gabawa düşýär. Demirgazykdan italýanlar, günbatardan – mätiçiler howp salýardylar, italýanlar tarapyndan küşgürilen danakil taýpalary – günorta-günbatardan hüjüm edýärdiler, Meneligiň goşunlary bolsa günorta araçäkde taýýar bolup durdylar.

1887-nji ýylda Mätiçiler Efiopiýa çozup Gondary eýeleýärler we Dembeýýa welaýatynyň köp ýerlerini

tozdurýarlar. 1888-nji ýylda mätiçiler çozuşlary gaýtalaýarlar, ýöne efiopiýaly rasalaryň (häkimler) goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Mätiçiler bilen alnyp barylýan gazaply söweşleriň birinde Ýohannys ölüm howply ýaralanyp aradan çykýar.

Ýohannys ölenden soň Efiopiýanyň tagtyny Menelik II (1889-1913) eýeleýär. 1889-njy ýylda, şindi häkimiýeti eýelemänkä, Menelik Italiýa bilen dostluk we söwda hakyndaky şertnama gol çekýär. Şertnama boýunça Menelik Italiýanyň Eritreýany eýelemäge bolan hukugyny tassyk edýär. Italiýa hem öz gezeginde bu ýerleriň öwezine Efiopiýa 38 müň tüpeň we 28 sany top berýär.

Tagta eýe bolandan soň Menelik 1890-njy ýylda gallalaryň Leha patyşalygyny, 1893-nji ýylda Wolamo patyşalygyny we Sidamo welaýatyny eýeleýär. 1895-nji ýylda Menelik II-niň goşunlary arussi taýpasyny boýun egdirýär. Emma Italiýa bilen arada başlan jedeller Meneligi günortada basybalyşlary bes etmäge mejbur edýär.

1889-njy ýylyň efiop-italýan şertnamasyna laýyklykda, italýan goşunlary dekabr aýynda Kereni we Asmary, 1890-njy ýylyň ýanwarynda bolsa Tigreniň merkezi Aduany eýeläp, Mareb derýasyndan geçýärler. 1890-njy ýylyň oktýabrynda Italiýa Efipiýanyň üstünden protektoratçylyk düzgününiň girizilýändifgini yglan edýär. Italiýanyň basybalayjylykly hereketlerinden nägile bolan Menelik II ähli ýewropa döwletleriniň bastutanlaryna notalary[1] ugradýar. Bu çäreler netije bermäninden soň Menelik II Italiýa bilen baglaşylan şertnamanyň ýatyrylýandygyny yglan edýär.

1894-nji ýylda Menelik Tigräniň häkimi (rasa) Mangaşa italýan goşunlaryna garşy söweşe başlamaga buýruk berýär.

---

[1] Nota (latyn. nota – yşarat, bellik), diplomatik resminama bolup, şol boýunça döwletara gatnaşyklarynda ýüze çykan haýsy hem bolsa bir mesele boýunça ýiti garşylyk bildirilýär.

Şeýlelikde, 1894-1896-njy ýyllaryň efiop-italýan urşy başlaýar. Bu uruşda italýanlar başky döwürde üstünlik gazanan hem bolsalar, soňraky söweşlerde efiopiýalylar tarapyndan agyr ýeňlişe sezewar edildi. 1896-njy ýylda Efiopiýanyň täze paýtagty (1887-nji ýylda düýbi tutulan) Addis-Abeba gelen italýan wekilleri Efiopiýany garaşsyz döwlet hökmünde ykrar edýärler. Italiýa Efiopiýa 10 million italýan lirasy möçberinde kontribusiýa töleýär.

Italiýanyň üstünden gazanylan ýeňiş Menelik II-ä 1897-1898-nji ýyllarda Efiopiýanyň bütin günortasyndaky ýerleri eýelemäge mümkinçilik berýär. Italiýa garşy uruşlarda Efiopiýa Fransiýanyň goldawyndan peýdalanypdyr. Şonuň üçin hem Menelik II fransuz kompaniýalaryna demir ýol gurluşygyny konsessiýa berýär.

Meneligiň dolandyran soňky ýyllarynda Efiopiýada häkimiýet ugrunda göreşler güýçlenýär. Bu döwürde Efiopiýanyň syýasy durmuşy esasan üç sany toparlanyşygyň elindedi. Olaryň birinjisi şoaly begzadalar bolup, oňa Hapte Giorgis baştutanlyk edýärdi. Ikinji topara haryt-pul gatnaşyklarynyň ösdürilmeginiň, ýewropalylar bilen ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýmagyň tarapdarlary birleşýärdiler. Meneligiň meşhur serkerdeleriniň biri bolan Makoneniň ogly Tafari bu toparlanyşygyň ýobaşçysydy. Syýasy toparlanyşyklaryň üçünjisini boýun egdirilen ýerleriň begzadalary, musulman söwdagärleri düzüp, oňa Wollo welaýatynyň rasasy Mikael ýolbaşçylyk edipdir. Rasa Mikael öň Menelik


Bur urşujylary

bilen birnäçe ýola çaknyşypdy. Sonuň üçin hem Mikael bilen gatnaşyklary berkitmek üçin Menelik oňa öz gyzyny berýär we ondan bolan agtygy Ýasuny mirasdüşer diýip yglan edýär.

Ýasu musulmançylygyň tarapdary bolupdyr. Ony Efiopiýanyň musulmanlary ýakyndan goldaýardylar. Emma Menelik ysmaz keseleine duçar bolýar. Hökümdaryň aýaly Tantu ýagdaýdan peýdalanyp, gyzy Zauditanyň mirasdüşer diýlip yglan edilmegini gazanýar. Nägile bolan Ýasunyň tarapdarlary 1910-njy ýylda döwlet agdarylyşygyny geçirip, Tantunyň atabegligini (regent) elinden alýarlar. Ýasu negus diýlip yglan edilýär, emma ol babasy Menelik aradan çykýança (1913-nji ýylyň 12-nji dekabry) häkimiýeti doly öz eline alyp bilmeýär. Jahan urşy başlandan soň Ýasu Osman imperiýasyna we Germaniýa raýdaşlyk bildirýär. Ol Somaliniň musulman gozgalaňçylaryny hem ýakyndan goldapdyr. Şol sebäpden hem Angliýa bilen Fransiýa Ýasuny häkimiýetden çetleşdirmegiň ýollaryny agtarypdyrlar, munuň üçin onuň garşydaşlaryny ulanmaga çalşypdyrlar.

1916-njy ýylda Ýasunyň musulman welaýatlaryna aýlanyp ýörenliginden peýdalanyp, garşydaşlary döwlet agdarylyşygyny geçirýärler we 1917-nji ýylda tagta Menelik II-niň gyzy Zaudita çykarylýar, onuň atabegligine bolsa Tafari Makonen belenilýär. Ýasu gozgalaň turzup, häkimiýetini gaýtaryp almaga çalşypdyr. Emma onuň ähli tagallalary puja çykýar we ýurda taşlap gitmäge mejbur bolýar.

**Günorta Afrikanyň halklary we döwletleri.** 1652-nji ýylda Hoş Umyt burnunda golland Ost-Hindistan kompaniýasy özüniň ilkinji Kap koloniýasyny esaslandyrdy. XVII asyryň ahyrlarynda gollandlardan[1] başga-da bu ýere

---

[1] Olary «burlar» (daýhan) diýip atlandyrýardylar.

dini yzarlamalardan gaçyp fransuz gugenotlary geldiler. XIX asyryň başlarynda Kap koloniýasynda eýýäm 20 müň adam ýaşaýardy. Demirgazykda we demirgazyk-günbatarda onuň araçäkleri Melewşe derýasyna, demirgazyk-gündogarda bolsa Greýt-Fiş derýasyna çenli ýetdi. Ýewropaly ilat göçüp gelmänkä bu ýerlerde ýerli koý-koý, saan, kosa, zulu, şona, beçuana, gerero, owambo, matabela ýaly taýpalar ýaşaýardylar. Wagtyň geçmegi bilen bu taýpalar ýewropalylar tarapyndan Günorta Afrikanyň dürli ýerlerine gysylyp çykarylypdyr.

1806-njy ýylda Angliýa gollandlaryň Kap koloniýasyny basyp alýar. Iňlisleriň Günorta Afrikadaky basybalyşlaryny 1814-1815-nji ýyllaryň Wena kongresi hem tassyk edýär. Basylyp alnan ýerlerde iňlis häkimiýetleri burlar (gollandlar) babatynda ýowuz syýasat ýöredipdirler. Kabul edilýän kararlaryň şähelçe ýerine ýetirilmändigi üçin burlara berk temmi berilýärdi.


Burlar söweşde

1820-nji ýylda Kap koloniýasyna Angliýadan 5 müň maşgala göçürilip getirilýär. Olar koloniýanyň iň mes toprakly we ýaşamak üçin has amatly bolan günorta-gündogar böleginde ýerleşdirildi. 1825-nji ýylda iňlis dili koloniýanyň resmi dili diýlip yglan edildi. Golland (bur ýa-da afrikans) dilinde gazet-žurnallary çykarmaklyk, mekdeplerde okatmaklyk gadagan edildi. Munuň özi burlaryň gahar-gazabyny tutaşdyrýardy, olaryň öz hak-hukuklary ugrunda baş götermeklerine sebäp bolýardy. 1832-nji ýylda burlaryň ýaşaýan ýerlerinde biri-birinden üzňe gozgalaňlar bolup geçdi. 1834-nji ýylda koloniýanyň iňlis häkimiýeti

gulçulygy ýatyrdy. Bu bolsa burlaryň hojalygyna uly zyýan ýetirdi. Çünki olaryň hojalygy indi 200 ýyla golaý wagt bäri gul zähmetiniň ulanylmagyna esaslanýardy. Gullary bolsa burlar iňlis söwdagärlerinden satyn alýardylar.

Şundan soň burlaryň esasy köpçüligi britan koloniýasynyň çäginden göçüp («beýik trek[2]») başlaýarlar. Burlar ownuk toparlara bölünip, Kap koloniýasynyň demirgazyk we gündogar araçäkleri boýunça süýşüp, ýerli taýpalaryň ýerlerini eýeläp başlaýarlar. Olaryň aýry-aýry toparlary ýerli taýpalar bilen söweşlerde ýa-da keselçilik zerarly gyrlypdyr. Emma burlaryň agramly bölegine Melewşe we Waal derýalarynyň aralygynda ýygnanmak başardýar. Birnäçe söweşlerden soň burlar matabele taýpasyny Limpopo derýasynyň aňyrsyna kowýarlar. 1837-nji ýylyň iýunynda Winburgda täze döwletiň konstitusiýasyny kabul edýärler. Parlamentiň wezipesini bolsa Halk wekilleriniň geňeşi, ýerine ýetiriji häkimiýeti bolsa baş serkerde amala aşyrýar. Bu wezipä Piter Retif saýlanylýar. 1838-nji ýylda Piter Rif häzirki Natalyň ýerinde ýaşaýan zuluslar bilen gepleşik geçirilýän wagty öldürilýär. Muňa jogap edip burlar Andre Pretoriusyň baştutanlygynda zuluslara garşy urşa başlaýarlar. 1838-nji ýylyň 16-njy dekabrynda zuluslar derbi-dagyn edilýär we Nataldan gaçyp gidýärler. Bu ýerde burlaryň Natal respublikasy jar edilýär. Emma iňlisler burlary topalaňçy diýip yglan edýärler we 1842-nji ýylda goşun iberip Nataly basyp alýarlar.

1848-nji ýylda häzirki Transwaalyň we Melewşäniň ýerleri burlar tarapyndan eýelenilýär we dört sany bur respublikalary döredilýär. Emma şol ýylyň fewralynda Kap koloniýasynyň häkimiýetleri Melewşe we Waal derýalarynyň aralygyndaky ýerleri britan mülki diýip yglan edýär. Pretoriusyň baştutanlygynda burlar iňlis

---

[2] Trek – göçe-göçlik.

häkimiýetiniň wekillerini kowýarlar. Emma awgust aýynda iňlis goşunlary gelip burlary derbi-dagyn edýär. Melewşe respublikasynyň ilatynyň agramly bölegi Tranwaal respublikasyna göçüp gidýär.

1858-nji ýylda Transwaaldaky dört sany bur respublikalary birleşip Günorta Afrika Respublikasyny jar edýärler. Onuň prezidentligine A. Pretoriusyň ogly Martin Pretorius saýlanylýar. Emma burlar hem öz aralarynda oňuşmandyrlar. Diňe 1864-nji ýylda Pretoriusa ýutdaky ýagdaýy düzgünleşdirmek we döwleti bitewilikde saklamak başardýar.



Iňlis-zulus uruşlaryndan bir pursat

1867-nji ýylda bir bur oglanjygy Melewşe derýasynyn kenaryndan lowurdap ýatan täsin daşjagaz tapýar. Görlüp oturylsa ol almaz daşy eken. Şundan soň Melewşe derýasynyň boýlaryna almaz edinmek we baýamak maksady bilen dünýäniň çar künjeginden ilat göçüp gelip ugraýar. Netijede bu ýerlerdäki ýewropaly ilatyň sany çalt artyp ugraýar. 1871-nji ýyla çenli diňe almaz gözleýänleriň sany 40 müňe ýetýär. Almazly ýerleriň açylmagy we bu ýerde «almaz ülkesiniň» paýtagty Kimberli şäheriniň döremegi Melewşe bilen Kap koloniýasynyň arasynda araçäk meselesini ýuze çykarýar. Sebäbi Kimberlä burlar hem, iňlisler hem dawa edýärdiler. Ahyrynda Kimberli iňlisleriň eline geçýär.

Tiz wagtdan almazly ýerleri özleşdirmäge Ýewropa kompaniýalary hem gatnaşyp başlaýarlar, sebäbi ilat almazly ýerleriň ýokary gatlagyny özleşdirip gutarypdyrlar. Indi almaz gazyp almak üçin maşynlar, enjamlar gerekdi. Almazly ýerleri eýelemekde we senagat taýdan özleşdirmekde «Britan Günorta Afrika kompaniýasynyň» hyzmaty uly boldy. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Sesil Jon Rods (1853-1902) 1890-1896-njy ýyllarda Kap koloniýasynyň premier-ministri wezipesinde işlemek bilen Günorta Afrikanyň ýerlerini eýelemekde aýratyn işjeňlik görkezdi.

Iňlisleriň Günorta Afrikadaky basybalyşlaryna zuluslar ýangynly garşylyk görkezipdirler. 1879-njy ýylyň ýanwarynda Kap koloniýasynyň goşunlary Zululende garşy uruş hereketlerine başlaýarlar. Emma eýýäm 22-nji ýanwarda Ketçwaýýo tarapyndan serkerdelik edilýän zulus goşunlary iňlisleri agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Iýun aýynda iňlisleriň 20-müňlük goşuny zuluslaryň ýurdunyň içki etraplaryna aralaşýarlar. 1879-njy ýylyň 4-nji iýulynda zuluslaryň esasy güýçleri Ulundiniň eteginde agyr ýeňlişe sezewar edilýär. Ketçwaýýo ýesir alnyp, Angliýa sürgün edilýär. Muňa garamazdan zuluslaryň garşylygy dowam etdirilýär. Diňe 1887-nji ýylda iňlisler zuluslaryň ýurduny doly eýeleýärler we ony Natal koloniýasynyň düzümine goşýarlar.


Bur urşujylary

1883-nji ýylda nemes

söwdagäri Lýuderis Melewşe derýasyndan demirgazykda ýerleşýän giň kenar ýaka ýerlerini ujypsyzja pula satyn alýar. Bu ýerler (häzirki Namibiýanyň ýerleri) german protektoraty diýlip yglan edilýär. Şeýdip Günorta-Günbatar Afrikada german koloniýasy esaslandyrylýar. Ýerli ilat bolan gottentot we gerero taýpalary bolsa amatsyz çöllük ýerlere gysylyp çykarylýar.

Germaniýanyň Günorta-Günbatar Afrikadaky mülkleri bilen bur respublikalarynyň arasyny bölmek we nemesleri Zambezi-Limpopo derýa aralygyna goýbermezlik maksady bilen iňlisler beçuanalaryň ýurduny basyp alýarlar. Onuň mes toprakly günorta etraplary Kap koloniýasyna goşulýar, çöllük ýerleri bolsa Beçuanalend ady bilen iňlis protektoratlygyna öwrülýär. Beçuanalaryň ýurdunyň eýelenilmegi iňlislere Zambezi-Limpopo derýa aralygyna aralaşmaga mümkinçilik berýär. 1893-nji ýylda Sesil Rodsuň we Beçuanalenddäki iňlis goşunlarynyň bilelikdäki hereketleriniň netijesinde bu ýerde ýaşaýan matabele taýpasynyň ýerleri basylyp alynýar.

Iňlisleriň mundan beýläkki hüjümleri iňlis-portugal gatnaşyklaryny ýitileşdirýär. Taraplaryň arasynda gandöküşikli söweşler bolup geçýär. Emma 1891-nji ýylyň şertnamasy boýunça portugal Mozambigi bilen iňlisleriň Zambezi derýasynyň boýundaky mülkleriniň arasynda serhet kesgitlenilýär. Iňlis basybalyşlarynyň netijesinde täze koloniýalar – Zambeziden demirgazykda Demirgazyk Rodeziýa[1], Nýasa kölüniň boýunda bolsa Nýasalend esaslandyrylýar. Şeýlelikde, bütin Günorta Afrika koloniýa öwrülýär. Sebitde Angliýa agalyk ediji ýagdaýa eýe boldy. Onuň koloniýalary bur respublikalarynyň daş-töweregini gurşap aldy. Şonuň üçin hem 1899-1902-nji iňlis-bur uruşlarynyň netijesinde burlar hem boýun egdirildi. Indi

[1] Rodeziýa – Sesil Rodsuň hormatyna dakylan at.

Transwaal we Melewşe respublikalary britan häkimleri tarapyndan dolandyrylyp başlady. Günorta Afrikanyň ýerinde iňlisler tarapyndan basylyp alnan ýerleriň esasynda 1910-njy ýylda Günorta Afrika Bileleşigi ady bilen iňlis dominiony döredildi. Onuň düzümine Kap koloniýasy, Natal, Transwaal we Melewşe Erkin döwletleri girizildi.

**Günbatar Afrikanyň basylyp alynmagy.** Altyn Kenarda ornaşmak bilen iňlisler bu ýerlerdäki Aşanti döwletini derbi-dagyn etmäge çalşypdyrlar. XIX asyryň 70-80-nji ýyllarynda Aşanti bilen iňlisleriň arasynda birnäçe söweşler bolup, olaryň köpüsinde ýerli ilat ýeňlişe sezewar edilýär. 1896-njy ýylda paýtagt şäher Kumasi iňlis goşunlary tarapyndan basylyp alnyp, Aşanti döwleti ýaşamagyny bes edýär. Netijede iňlislere Niger derýasynyň deňze guýýan ýeriniň iki tarapyndaky giň ýerleri eýelemek başardýar. XIX asyryň 80-90-njy ýyllarynda iňlisler Niger derýasynyň kenarlary bilen ýokarlygyna tarap süýşüp ugraýarlar we asyryň ahyrlarynda hausa we fulbe musulman halklarynyň Sokoto, Kano, Kasina döwletleriniň araçäklerine çykýarlar. 1903-1906-njy ýyllarda alnyp barlan uruşlaryň netijesinde bu ýerler iňlisler tarapyndan basylyp alynýar. 1914-nji ýylda Nigeriň ähli britan mülkleri birleşdirilýär we ol «Nigeriýa koloniýasy we protektoraty» diýlip atlandyrylyp başlaýar.

Günbatar Afrikada Fransiýa hem uly işjeňlik görkezýärdi. Senegal derýasynyň deňze guýýan ýerindäki mülklerine daýanyp, fransuzlar Günbatar Afrikanyň içki etraplarynda ornaşmaga çalyşýardylar. 1883-nji ýylda Niger derýasynyň ýokary akymlaryna tarap öňe süýşýän fransuz goşunlary Bamako şäherini eýeleýärler. Bu ýerden olar sebitdäki iri döwletler bolan Segu we Uasulu döwletlerine garşy urşa başladylar. Ýerli halkyň ýangynly garşylyk görkezendiklerine garamazdan, 1898-nji ýyla çenli fransuzlara bu döwletleriň ýerlerini eýelemek başardýar.

1892-nji ýylda ýiti garşylyklardan soň Fransiýa Dagomeýany[1] hem basyp aldy.

XIX asyryň ahyryna çenli Afrikada ägirt ägirt uly fransuz koloniýasyny döretmek işi tamamlandy. Günbatar Afrikadaky fransuz koloniýalary birleşdirilip, Fransuz Günbatar Afrika koloniýasy döredildi. Onuň düzümine sekiz koloniýa – Senegal, Mawritaniýa, Niger, Gwineýa, Şirmaýy Kenar[2], Dagomeýa, Fransuz Sudany[3] girizildi. Fransuz Ekwatorial Afrikasyna bolsa dört koloniýa – Gabon, Orta Kongo, Ubangi-Şari[4] we Çad girizildi.

Angliýa, Fransiýa bilen bir hatarda Günbatar Afrikany paýlaşmaga Germaniýa hem gatnaşdy. 1884-nji ýylda Germaniýa Togo hem-de Kamerun koloniýalaryna eýe boldy. Germaniýadan soň koloniýalary edinmäge Belgiýa hem girişdi. Ýewropa döwletleriniň razylygy bilen Belgiýanyň koroly Leopold II Kongo derýasynyň boýlaryndaky giň ýerleri eýelemegi başarýar. 1884-1885-nji ýyllarda Kongo meselesi bilen baglanşykly Berlinde halkara maslahaty geçirilip, Tropiki Afrikanyň merkesinde ýerleşýän bu ýerleri öz garşydaşlarynyň eýelemegini islemeýän iri ýewropa döwletleri, onuň Belgiýanyň patyşasy Lopold II-niň mülki bolmagyna razylyk berýärler. Netijede Leopoldyň baştutanlygynda «Erkin Kongo döwleti» döredilýär. 1908-nji ýylda bu döwlet ýatyrylyp, ol Belgiýanyň koloniýasy diýlip yglan edilýär.

**Gündogar Afrikanyň ýewropalylar tarapyndan eýelenilmegi.** Afrikanyň bu sebitlerini eýelemekde esasan Angliýa bilen Germaniýa bäsleşýärdiler. XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Angliýa Zanzibaryň soltanynyň boýnuna birnäçe şertnamalary dakyp, ony özüne tabyn etdi.

---

[1] 1975-nji ýyldan bäri Benin respublikasy.
[2] 1986-njy ýyldan Kot d,Iwuar respublikasy.
[3] 1960-njy ýyldan bäri Mali respublikasy.
[4] 1960-njy ýyldan bäri Merkezi Afrika respublikasy.

1886-njy ýylda Germaniýa bilen Angliýanyň arasynda Gündogar Afrikadaky täsir zolaklaryny kesgitlemek boýunça birinji ylalaşyk baglaşylýar, 1890-njy ýylda bolsa Germaniýa Angliýanyň Buganda (töweregindäki ýerler bilen bilelikde) we Keniýa bolan hukugyny tassyk edýär. Angliýa hem öz gezeginde Germaniýanyň Demirgazyk deňzindäki Gelgoland adasyny we Tanganikany eýelemäge bolan talaplaryny kanagatlandyrýar.

1894-nji ýylda Buganda hüjüm edýän iňlis goşunlary ýerli hökümdary  Angliýa tabyn bolmaga mejbur edýär. Şundan soň Angliýa Bugandanyň goňşylary bolan Banýorany, Torony we Ankoleni eýeläp, olary Buganda bilen bilelikde özüniň Uganda koloniýasynyň düzümine goşdy. Angliýa tarapyndan öň basylyp alnan we Ugandadan gündogarda ýerleşýän ýerler Keniýa koloniýasyny emele getirdiler. Keniýadan günortada  Ruwuma derýasyna we Tanganika kölüne çenli ýerler Germaniýanyň tabynlygyna geçdi. Netijede Germaniýa tarapyndan basylyp alnan Tanganika, Ruanda we Urundi ýerleri birleşdirilip, olar German Gündogar Afrika koloniýasyny emele getirdiler. Birnäçe ýyla çeken basybalyjylykly uruşlaryň netijesinde XIX asyryň ahrynda Madagaskar adasy hem fransuz koloniýasyna öwrüldi.

Afrikanyň paýlaşygynda iň köp paýa Angliýa eýe boldy. Angliýanyň ägirt uly kolonial imperiýa öwrülmegi  ýurduň raýatlarynda iňlis imperiýasyna buýsanç, onuň harby-syýasy kuwwatyna guwanç duýgylaryny döredipdir. Şeýle guwanç hem-de buýsanç duýgylarynyň öňünde Jozef Redýard Kipling (1865-1936) ýaly meşhur ýazyjy-şahyr hem durup bilmändirler. Kipling iňlis kolonial imperiýasyny şeýle wasp edýär:

Dolduryp dostlar, bulgury
Içiň meniň bilen bile…
Täze ýurtdan özge ýerden

Bize altyn baýlyk gelýär.
Imperiýam dolup zerden
Ýene şöhrata bezelýär.

Giredjimiz bolar, ine,
Dolup puldan banklarymyz.
Söwdagärler artar ýene,
Goý, ýaşasyn korolymyz.

Aýlanalyň bu dünýäni,
Asman-zemin biziň bolsun!
Tutalyň älem-jahany
Hemme baýlyk biziň bolsun!…

Şeýlelikde, XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda Ýewropanyň iri döwletleri tarapyndan Afrikany paýlaşmaklyk işi tamamlandy. XX asyryň başlarynda onuň ýerinde diňe iki sany garaşsyz döwlet – Efiopiýa bilen Liberiýa galdy.

## § 7. Hytaý XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda

**XIX asyryň ahyrlarynda Hytaýyň syýasy-ykdysady ýagdaýy.** Hytaýyň günbatar ýurtlary bilen uruşlarda ýeňilmegi mançžurlaryň köşgünde ýiti oňşuksyzlyklaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Dolandyryjy toparlaryň käbir öňden görüji wekilleri daşary ýurtlaryň harby-tehniki gazananlaryny peýdalanmagyň we şunuň esasynda ýurdy güýçlendirmegiň zerurlygy hakyndaky pikirleri öňe sürüp ugraýarlar. Hytaýyň taryhynda bu hereket «Hytaýy öz hasabyna güýçlendirmek syýasaty» diýlip atlandyrylýar. Emma sin köşgüniň täsirli adamlarynyň ep-esli bölegi bu syýasata ynamsyzlyk bilen garaýardylar we oňa päsgel


Sy Si (Ýehanera)

bermäge çalyşýardylar. Bu syýasatyň tarapdarlary daşary döwletler bilen doly derejedäki diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny we daşary söwda gatnaşyklarynyň giňeldilmegini talap edýärdiler. Munuň özi Hytaýda özgertmeleri geçirmäge synanyşykdy. «Hytaýy öz hasabyna güýçlendirmek syýasatyna» eýerýänleri patyşa aýal Sy Si (Ýehanera, 1835-1908) hem goldaýar (bu aýal 1861-nji ýyldan ilki kämillik ýaşyna ýetmedik ogly Tunçžiniň, 1875-nji ýyldan bolsa kämillik ýaşyna ýetmedik ýüwürjisi Guansýuýyň adyndan dolandyrypdyr).

Özgertmeleri geçirmegiň tarapdarlarynyň täsiri bilen sin hökümeti döwlet dolandyryş edarasyny, maliýe we magaryf ulgamyny, goşuny we floty, transporty hem-de aragatnaşygy kem-käsleýin kämilleşdirip ugraýar. Bu işlere amala aşyrmak üçin Pekinde ýörite döwlet edarasy («szunli ýamyn» - «baş müdirlik») döredilip, ol daşary gatnaşyklara ýolbaşçylygy amala aşyrypdyr. Bu edara daşary söwda, ýaraglary we harby gämileri satyn almak, deňiz goragyny ýola goýmak, demir ýol gurluşygyny, dag-magdan işlerini amala aşyrmak bilen hem meşgullanypdyr. Pekinde daşary ýurt dillerini öwredýän mekdepler açylypdyr.

Taýpinleriň gozgalaňlary basylyp ýatyrylýan döwründe ýurduň syýasy sahnasynda peýda bolan hytaýly döwlet işgärleri, olardan soň mançžur begzadalary gorhanalary, ok-däri öndürýän zawodlary gurup başlaýarlar. 1861-nji ýylda Szen Gofan Ansinde ilkinji gorhanany (arsenal) gurdurýar.

1862-nji ýylda Li Hunçžan iňlisleriň ýardam bermeginde ilki Şanhaýda, soňra bolsa Suçžouda we Nankinde gorhana döredýär. 1865-nji ýylda Şanhaýda gurlan şol döwrüň iň uly ýarag zawody we gämi gurýan zawod hem Li Hunçžanyň ady bilen baglanyşyklydyr. Hunanly harbylaryň baştutany Szo Szuntan 1864-nji ýylda Hançžouda gämi zawodyny esaslandyrýar. Týanszinde, Sianda, Guançžouda, Girinde, Lançžouda we Çenduda döwlet serişdeleriniň hasabyna gorhanalar we zawodlar gurulýar. 1881-nji ýylda Demirgazyk Hytaýda ilkinji demir ýol hereket edip ugraýar. 1882-nji ýylda general Li Hunçžan Şanhaýda iri dokma fabriginiň gurluşygyna başlaýar.

«Hytaýy öz hasabyna güýçlendirmek syýasatynyň» baş maksady ýurduň syýasy ulgamyny üýtgetmezden ýurdy ösen döwletleriň hataryna goşmak bolup durýardy. Bu syýasaty amala aşyrmakda Ýaponiýada durmuşa geçirilýän öňdebaryjy özgertmeler nusga bolup hyzmat edýär. Munuň üçin hytaýly ýaşlary Ýaponiýa tejribe öwrenmäge we okuw okamaga ugradýardylar. Emma ýurtda alnyp barylýan şeýle özgertmeleriň barypýatan garşydaşlary-da bardy. Olar her hili ýollar we usullar bilen öňdebaryjy özgertmeleriň amala aşyrylmagyna päsgel berýärdiler. Şunuň bilen bir hatarda, Hytaýyň dolandyryjylary Ýewropa ýurtlarynyň öňünde eglişik yzyna eglişik edýärdiler, bu bolsa özgertmeleriň garşyddaşlaryny has-da gylawlandyrypdyr. Bu döwürlerde hytaýly kulylaryny (gara işçiler) ABŞ-a, Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryna, Awstraliýa we Latyn Amerikasy ýurtlaryna köpçülikleýin äkidýärdiler. Hytaýyň hökümeti uruşlar we daýhanlar gozgalaňlary basylyp ýatyrylanda zyýan çeken daýhan hojalyklaryna käbir eglişikleri edipdir; salgyt azaldylypdyr, olara ýeňillikli şertlerde kärende ýerleri berilipdir.

Daýhanlar gozgalaňlary basylyp ýatyrylýan döwürlerde hytaýly feodallaryň we iri yeleriniň goşunlarynyň

serkerdeleri ummasyz köp baýlyk toplapdyrlar. Mançžur häkimiýetleriniň gowşaklygyndan peýdalanyp olar öz goşunlary bilen gözegçilik edýän ýerlerinde berk tertip-düzgüni ýola goýupdyrlar. Tiz wagtdan öňki harbylar işewirlige baş goşup, daşary ýurtly işewirler bilen gatnaşyklary ýola goýup başlaýarlar. Bu babatda Anhueý welaýatyndaky gozgalaňy basyp ýatyrmaga gatnaşan Li Hunçžan (1823-1901) uly işjeňlik görkezipdir. Ol soňra paýtgata dikme edilip iberilýär, general öz goşunlarynam ýany bilen alyp gidýär. Li Hunçžan Demirgazyk we Demirgazyk-Gündogar Hytaýyň daşary söwda işlerini öz gözegçiligine alýar. Li Hunçžan golastyndaky goşunlaryny hem güýçlendiripdir, häzirki zaman gämileri we ýaraglary bilen enjamlaşdyrylan güýçli flot hem döredýär. Hytaýly general daşary ýurt konsullary, banklary, söwda firmalary bilen gatnaşyklary acypdyr. Ol Sin hökümetinden köp ýeňillikleri almagy hem başarýar. 1887-nji ýyla çenli onuň goşunlarynyň sany 40 müň esgere we serkerdä ýetýär. Ol Hytaýda iň täsirli adamlaryň birine öwrülýär. Li Hunçžan ýaly täsirli harby adamlar soňra hytaý militarizminiň düýbüni tutýarlar.

Hytayda ilkinji kapitalistik kärhanalaryň düýbi hytaýly feodallar we köşk adamlary tarapyndan tutulýar. 1861-1894-nji ýyllar aralygynda olar 19 sany döwlet harby kärhanalaryny gurupdyrlar. Işçiler esasan esgerlerden, senetçilerden we daýhanlardan durýardylar. XIX asyryň 60-70-nji ýyllarynda Hytaýyň portlarynda ýewropalylar hem köp sanly senagat kärhanalaryny gurdylar. Bu kärhanalar esasan eksporta gidýän çig maly işläp bejermek, durmuş hyzmaty (kommunal hojalyk) we ýeňil senagat önümçiligi bilen baglanyşyklydy. 1894-nji ýyla çenli ýewropalylaryň eýeçiliginde jemi 101 sany kärhana (werfler, doklar, ýüpek saraýan, ýag çykarýan, sabyn gaýnadýan, harazlar, tipografiýalar we başg.) bolup, olaryň 2/3 bölegi iňlislere

degişlidi. Daşary ýurt kärhanalaryň ýarysyndan gowragy Şanhaýda ýerleşipdir.

XIX asyryň 70-80-nji ýyllarda Hytaýda ilkinji hususy kärhanalar hem ýüze çykyp ugraýar. Olary hytaýly sowdagärler we iri ýer eýeleri döredipdirler. Bu kärhanalar esasan egirme-dokma, harazlar, pagta arassalaýjy, ýag çykarýan, çaýy gaýtadan işleýän, otly çöp öndürýän. çaphana kärhanalarydy. Netijede 1872-1894-nji ýyllar aralygynda Hytaýda 75 sany hususy kärhana açylypdyr. Bu döwürde Hytaýyň senagat taydan ösüşiniň esasy aýratynlygy, birinji nobatda ol döwlet kärhanalarynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly boldy. Hytaýyň senagat buržuaziýasynyň döremegi hem söwda we manufaktura kapitalynyň fabrik kapitalyna öwrülmeginiň esasynda däl-de iri ýer eýeleriniň bir bölejiginiň buržuazlaşmagy esasynda döredi.

**Fransuz-hytaý (1884-1885), ýapon-hytaý (1894-1895) uruşlary we olaryň netijeleri.** XIX asyryň soňky çärýeginde ýewropalylaryň Hytaýa aralaşmagy has hem güýjeýär. Daşary ýurtlylar üçin açylan portlarda 70-den gowrak protestant, katolikçi missioner (din ýaýradyjylar) guramalary hereket edipdirler. Ýerli ilatyň arasynda haýyr-yhsan işlerini geçirýändiklerine, çagalara sowat öwredýändiklerine garamazdan ýerli ilatyň, ýokary gatlaklaryň arasynda missionerlere ynamsyzlyk güýçlidi. Týanszinde fransuz konsuly we birnäçe


Daşary ýurtlylar Hytaýyň ýerini paýlaşýarlar (karikatura)

missionerler öldürilipdir. Daşary ýurtly missionerler hytaý dilinde gazetleri we žurnallary neşir edýärdiler, missionerçilik mekdeplerini, haýyr-sahawat guramalaryny döredýärdiler. Asyryň 90-njy ýyllaryna çenli Hytaýdaky katolikçi missionerleriň sany 628 adama ýetýär. Bu döwürde katolikçilgi kabul eden 335 sany hytaýly katolikçi ruhanylar hem iş alyp barypdyrlar. 1890-njy ýylda Hytaýda 6000 golaý protestant ruhanylary hem ybadat we gaýry işler bilen meşgullanypdyrlar. Hytaýyň deňiz ýakasyndaky Şanhaý, Týanszin, Guançžou, Hankou ýaly iri şäherlerinde daşary ýurtlylaryň ýaşaýan settlmentleri (mähelle, kwartal) peýda bolýar.

1875-nji ýylda Hytaýyň Ýunnan welaýaty bilen Mýanmanyň (Birma) araçäginde iňlis konsullygynyň işgäri öldürilýär. Iňlisler şu ýagdaýy bahanalap Çifuda (häzir Ýantaý) sinleriň ynanylan wekili Li Hunçžany özleri üçin oňaýly konwensiýany[1] baglaşmaga mejbur edýärler. 1876-njy ýylda Angliýa uly möçberde kontribusiýa we Ýunnan welaýatynyň serhedinde söwda etmäge ygtyýar alýar. Daşary ýurtlylaryň hytaý kazyýetine degişli däldigi ykrar edilipdir we Ýanszy derýasynyň boýunda dört sany port açylypdyr.

1884-nji ýylda fransuz hökümeti Demirgazyk Wýetnama garşy uruş hereketlerine başlaýar. Bu döwürde Wýetnamyň demirgazygynda öňki taýpin goşunlarynyň sinleriň tarapyna geçen bölümleri we hökümet tarapyndan bu ýere ugradylan 50 müňlik sin goşunlary ýerleşýärdi. Birleşen hytaý hem-de wýetnam goşunlary fransuzlary birnäçe gezek ýeňlişe sezewar edýärler. Emma fransuz harby floty Hytaýyň Fuçžou portuna aralaşyp, bu ýerde ýerleşen hytaý harby gämilerini gark edýär. Halkyň gahar gazabyna, watançylyk

[1] Konwensiýa (lat. conventio - ylalaşyk) – haýsy hem bolsa bir pudakda döwletleriň özara hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän halkara şertnamalarynyň bir görnüşi.

joşgunyna garamazdan, Hytaý hökümeti boýun synmaga howlukýar. 1885-nji ýylda Týanszinde baglaşylan şertnama Hytaýy Wýetnamyň daşary syýasatyna bolan köneden gelýän täsirinden mahrum edýär. Hytaýyň hökümeti Fransiýa Günorta Hytaýda uly ýeňillikleri berýär.

Fransuz-hytaý urşundan soň ýewropalylaryň täsiriu has hem güýjeýär. 1890-njy ýylaa çenli sin hökümeti daşary söwda üçin ýurduň jemi 32 sany portuny açýar. 1885-1895-nji ýyllarda Hytaýyň daşary söwda dolanyşygy iki esse artyp, ol 153 million lýan bolanlygyndan 315 million lýana ýetýär. Hytaý bilen söwdada Angliýa birinjiligi elden bermän gelýärdi. Munuň özi ýewropalylaryň Hytaýda özleri üçin juda bähbitli işleri alyp barýandyklaryna şaýatlyk edýärdi.

Hytaýyň içerki işlerine gatyşmakda Ýaponiýa hem Angliýa bilen Fransiýadan yza galmaýardy. 1872-nji ýylda Ýaponiýa Rýukýu adalaryny (olardan iň ulusy Okinawa) aýratyn prefektura hökmünde özüne birikdirýär. 1885-nji ýylda ýapon premýer-ministri Ito Hirobumi bilen Li Hunçžan ylalaşyga gol çekýärler. Ylalaşyk boýunça Ýaponiýa hem Hytaýda edil iňlis-fransuz tarapy ýaly ýeňillikleri gazanýar.


Ito Hirobumi

XIX asyryň 90-njy ýyllarynyň başlarynda Koreýanyň üstünde ýapon-hytaý gatnaşyklary ýitileşdi. Gadymdan gelýän döwletara gatnaşyklarynyň däplerine görä Koreýa Hytaýyň

täsirindäki, onuň ýapja döwleti hasap edilýärdi. Emma asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap Koreýada ýapon täsiri güýçlenýär. Seulda ýerleşýän ýapon diplomatik missiýasy koreýleri Hytaýa garşy küşgürýärdi. Sin hökümetiniň Koreýanyň paýtagtynda ýerleşýän ygtyýarly wekili general Ýuan Şlkaý (Li Hunçžanyň golaý adamlarynyň biri) ýapon täsirini gowşatmaga çalşypdyr. 1894-nji ýylda Koreýada hökümete garşy halk gozgalaňy turdy. Koreýanyň hökümeti Hytaýa kömek sorap ýüz tutdy. Emele gelen ýagdaýy bahanalap Ýaponiýa Koreýa goşun saldy. Ýapon goşunlary paýtagty eýeledi we koreý patyşasy ýesir alyndy. Ýapon hökümeti patyşany Hytaýa garşy uruş etmäge mejbur etdi. Netijede, 1894-nji ýylda Koreýanyň üstünde ýapon-hytaý urşy başlady. Tiz wagtdan Günorta Mançžuriýada, Lýaodun ýarym adasynda we Şandunda uruş hereketleri ýaýbaňlandy. Ýapon goşunlary we floty hytaý goşunlaryny derbi-dagyn etdiler, olaryň harby-deňiz güýçlerine bolsa agyr zarba urdylar. Patyşa aýal Sy Si gorkusyna ýaponlar bilen şertnama baglaşmaga mejbur boldy. Munuň üçin harby ýeňliş zerarly wezipesinden çetleşdirilen Li Hunçžan Ýaponiýa iberildi.

Gepleşikler Ýaponiýanyň Simonseki şäherinde alnyp barlypdyr. Fransiýanyň, Germaniýanyň hem-de Russiýanyň wekilleriniň goldawyna daýanmak bilen Li Hunçžan ýaponlaryň agyr talaplaryny çäklendirmegi başardy. Talap edilýän kontribusiýanyň möçberi 200 million lýana çenli kemeldildi. Ýaponiýa Mukdeni (Şenýan) eýelemkden, Pekini daşary söwda üçin açmak hakyndaky talaplaryndan el çekmäge mejbur boldy. 1895-nji ýylyň 17-nji aprelinde baglaşylan Simonoseki şertnamasynyň birinji maddasy boýunça Koreýa Hytaýdan özbaşdak döwlet diýlip yglan edildi. Ýaponiýa Taýwan, Penhuledao (Peskador) adalaryny, Lýaodun ýarym adasyna eýe boldy. Elbetde, Hytaýyň ýeňilmeginden peýdalanyp, Ýaponiýa ýene-de ondan köp

eglişikleri gazanmagy isleýärdi. Emma Russiýa, Fransiýa, Germaniýa muňa ýol bermediler. Üstesine-de, soňra olar Ýaponýany Lýaodun ýarym adasyndan el çekmäge mejbur etdiler. Ýöne, Hytaý Ýaponiýanyň Lýaodundan el çekýändigi üçin oňa 30 million lýan kontribusiýa tölemäge mejbur boldy.

1884-1885-nji ýyllaryň fransuz-hytaý, 1894-1895-nji ýyllaryň ýapon-hytaý uruşlary Sin imperiýasynyň halys gowşandygyny, onuň daşary ýurtlaryň täsirindäki döwlete öwrülendigini subut etdi. Bu ýeňlişler ýurtda başy başlanan «Hytaýy öz hasabyna güýçlendirmek syýasatynyň» hem puç bolmagyna getirdi.

**Hytaýda rewolýusion-demokratik we buržuaz-demokratik hereketleriň ýüze çykmagy.** Hytaýyň Fransiýadan hem-de Ýaponiýadan ýeňilmegi ýurduň ähli gatlaklaryna örän uly täsir etdi we rewolýusion-demokratik hem-de özgertmeler ugrundaky hereketleriň ýüze çykmagyna sebäp boldy. Rewolýusion-demokratik hereketiň başynda Sun Ýatsen (1866-1925) durýardy. Sun Ýatseniň asly Guandun welaýatyndan bolup, ol garyp daýhan maşgalasyndan gelip çykypdyr. Ol on üç ýaşynda gazanç etmek üçin Gawaý adalaryna gidýär. 1883-nji ýylda ýurduna dolanyp gelip, ol missionerler tarapyndan esaslandyrylan orta mekdebe, soňra bolsa lukmançylyk mekdebine okuwa girýär. 1892-nji ýylda Sun Ýatsen Gonkongyň lukmançylyk institutyny tapawutlanan bahalar bilen tamamlaýar. 1893-nji ýylda ol Hytaýda giň göwrümli özgertmeleri göz öňünde tutýan teklipler toplumyny işläp düzýär we ony hut Li Hunçžanyň öz eline gowşurmak maksady bilen Týanszine gidýär. Ýöne oňa haty gowşurmak başartmandyr. 1894-nji ýylda Sun Ýatsen pikirdeşleri bilen Gawaý adalarynda sin hökümdarlygyny agdarmagy maksat edinýän «Hytaýyň galkynyş birleşigini» (Sin Çžun) döredýär.

Sun Ýatsen tarapyndan esaslandyrylan «Hytaýyň galkynyş birleşigi» az sanly agzalary bolan gizlin guramady. Onuň düzümine Günorta we Gündogar Hytaýyň milli buržuaziýasynyň we buržuaz intelligentleriniň, şäherleriň ownuk buržuaz gatlaklarynyň, mülkdarlaryň hem-de şenşileriň wekilleri girýärdiler. 1895-nji ýylyň başynda Sun Ýatsen Gonkonga dolanyp gelýär we bu ýerde «Hytaýyň galkynyş birleşiginiň» merkezini esaslandyrýar. Tiz wagtdan Guandundaky «Asman we Zemin» gizlin jemgyýeti bilen hem aragatnaşyk ýola goýulýar. Bu iki guramanyň ýolbaşçylary 1895-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda sinlere garşy gozgalaň turuzmagy maksat edinýärler. Ýöne gozgalaňa taýýarlyk döwründe onuň üsti açylýar we guramanyň käbir agzalary tussag edilip öldürilýär. Sun Ýatsen ilki Gonkonga, soňra Ýaponiýa, ol ýerden hem Gawaý adalaryna we ABŞ-a gidýär. Sun Ýatsen baran ýerlerinde özlerine tarapdarlary toplaýardy we sinlere garşy gozgalaňlara işjeň taýýarlanýardy. 1896-njy ýylda Londonda bolýan wagty ony sin diplomatlary ogurlaýarlar we gizlinlik bilen Hytaýa äkitmek üçin gizläp saklaýarlar. Ýöne Sun Ýatseni Gonkongda okadan iňlis mugallymy Kentli öz okuwçysynyň gündüziň güni Londonyň köçesinde ogurlanandygyny eşidip, jemgyýetçiligi aýaga galdyrýar. Iňlis jemgyýetçiliginiň ýardam etmeginde Sun Ýatsen azat edilýär. Şeýlelikde, sinlere garşy göreşijiniň ady bütin Ýewropa ýaýraýar.

Sin häkimiýetleriniň nalajedeýinligi, ýurtda feodal eden-etdiligiň güýçlenmegi we Hytaýyň keseýerlilerden masgara bolup ýeňilmegi 1895-nji ýylda özgertmeler ugrunda hereketiň döremegine-de getirýär. Bu hereketiň gözbaşynda hem asly Guandun welaýatyndan bolan konfusiýaçy alym Kan Ýuweý (1858-1927) durýardy. Kan Ýuweý oba mugallymynyň maşgalasynda dünýä inýär, ýaşlykdan nusgawy bilim alyp, onuň özi hem mugallym bolup ýetişýär.

1888-nji ýylda ol imperator Guansýuýa hat ýazyp, Hytaýy berkitmek we ýewropalylara gaýtawul bermek üçin hökümdary özgertmeleri geçirmäge çagyrýar. Ol Ýaponiýa bilen Simoneseki şertnamasy baglaşylan döwri Pekine ýokary alymlyk derejesini almak üçin synag tabşyrmaga gelipdi. Şonda ol bu şertnamanyň garşy herekete ýolbaşçylyk edýär. 1895-nji ýylyň ýazynda Kan Ýuweýiň baştutanlygynda Pekinde ýygnak bolup oňa 1200-den gowrak adam gatnaşýar. Ýygnaga gatnaşyjylar Kan Ýuweý tarapyndan imperatoryň adyna ýazylan ýüzlenmäni biragyzdan goldap çykyş edýärler.


Sun Ýatsen

Kan Ýuweýiň ýüzlenmesi iki bölümden ybarat bolup, onuň birinjisinde Simoneseki şertnamasynyň garşysyna subutnamalar getirilipdir, urşy nähili dowam etdirilmelidigi barada anyk maslahatlar berilipdir. Ýüzlenmäniň ikinji bölüminde bolsa daşary syýasat, harby işler, ykdysadyýet we medeniýet bilen baglanyşykly meseleler gozgalypdyr. Ýüzlenmäniň awtory we onuň tarapdarlary imperator Guansýuýa öz ýalňyşlyklaryny boýun almagy we harby ýeňliş üçin günäkärlere temmi bermekligi, paýtagty Pekinden Siana geçirmekligi, goşuny ýewropa tertibinde düzmekligi, başarjaň hem-de ýaş serkerdeleri goldamaklygy, döwlet işlerine daşary ýurtlarda ýaşaýan hytaýlylary çekmekligi teklip edýärler. Hytaýyň daşary ýurtlylar tarapyndan bölünmeginiň öňüni almak üçin olar döwlet dolandyryş ulgamyndaky köne düzgünleri ýatyrmaklygy, gerekmejek edaralary ýapmaklygy talap edipdirler. Olar döwlet banky tarapyndan kagyz pullaryň we teňňeleriň çykarylmagyny, demir ýollaryň gurulmagyny, maşynlaryň

we otlylaryň öndürilmegini, kömür hem-de magdan känleriniň açylmagyny, döwlet aragatnaşyk gullugynyň döredilmegini zerur hasap edipdirler. Mahlasy, ýüzlenme Hytaýyň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni durmuşy bilen baglanyşykly teklipleriň uly toplumyny öňe sürüpdirler.

Synag tabşyransoň Kan Ýuweý jemgyýetçilik işleri edarasyna iş dolandyryjy edilip işe kabul edilýär. Döwlet işi bilen bir hatarda ol giň jemgyýetçilik işlerini hem ýaýbaňlandyrýar. Kan Ýuweý paýtagtda özgertmeleriň tarapdarlarynyň metbugat guramasy bolan «Döwletiň güýçlenmegi» (San sýue bao) atly gündelik gazetiň çykarylmagyny ýola goýýar. Onuň teklibi bilen özgertmeleriň tarapdarlarynyň guramasy döredilýär. Netijede ýurduň dürli künjeklerinde Kan Ýuweýiň täsiri bilen öňdebaryjy gazet-žurnallar neşir edilip, täze-täze guramalar, syýasy bileleşikler peýda bolup ugraýar. Adam Smitiň, Gerbert Spenseriň we Tomas Geksliniň zehinli hytaýly dilçi alymy Ýan Fu tarapyndan terjime edilen eserleri halkyň arasynda giň meşhurlyga eýe bolýar. Emma köp wagt geçmänkä köne pikirli syýasy toparlar dürli bahanalar bilen Kan Ýuweýiň gazetiniň we guramasynyň ýapylmagyny gazanýarlar. Şondan soň ol Şanhaýa, ondanam Guanduna gidip ýene-de mugallymçylyk kärini dowam etdirýär.


Kan Ýuweý

**Konsessiýa ugrundaky göreşler.** Daşary ýurt kapitalyna garşy hereketlere garamazdan Hytaýyň içine aralaşmagyň

depgini dowam etdirilýär. Angliýa Günorta Hytaýyň welaýatlarynda we Ýanszy derýasynyň boýlarynda öz täsirini ornaşdyrýar; 1895-nji ýylda Fransiýa Günorta we Günorta-Günbatar welaýatlarynda dag-magdan işlerini ýola goýmaga ygtyýar alýar. 1895-nji ýylyň oktýabrynda Germaniýa Hankouda we Týanszinde konsessiýa döretmäge, Russiýa bolsa Mançžuriýada Hytaý-Gündogar demir ýoluny (KWŽD) gurmaga hukuk alýar. Şeýlelikde, 1897-nji ýyla çenli Hytaýýň 34 porty daşary ýurt söwdasy üçin açylypdyr.

1897-nji ýylyň noýabrynda iki sany nemes missionerleriniň öldürilmegini bahanalap, German eskaddrasy Şandun ýarym adasyndaky Szýaoçžou etrabyny Sindao şäheri bilen bilelikde eýeleýär. 1898-nji ýylda hytaý hökümeti nemesleriň Şandun ýarym adasynda demir ýol gurmaga, Sindaoda german harby-deňiz bazasyny gurmaga gönükdirilen isleglerini kanagatlandyrmaga mejbur bolýar. Szýaoçžou aýlagynyň kenar ýakalaryny Germaniýa 99 ýyllyk möhlet bilen kärendä alýar. Şeýlelikde, Hytaýda «Konsessiýa[1] edinmek ugrundaky söweşler» başlaýar; 1898-nji ýylda Russiýa Lýaodun ýarym adasynyň bir bölegini Dalýan (Dalniý) we Lýuýşun (Port-Artur) şäherleri bilen bilelikde kärendä alýar; Fransiýa Haýnan adasynyň golaýyndaky Guançžou aýlagynyň kenaryny özüne kärendä berilmegini gazanýar; Angliýa Szýulun (Koulan) ýarym adasynyň ep-esli bölegine, Şandun ýarym adasyndaky Weýhaýweý portuna eýe bolýar. 1898-nji ýylyň iýulynda Russiýa Hytaý-Gündogar demir ýolunyň günorta şahasyny gurmaga hukuk gazanýar. Ýaponiýa hem öz gezeginde sin hökümetine talap bildirip, ondan Taýwan adasynyň

---

[1] Konsessiýa (lat. concessio – ygtyýarnama, eglişik etmek) – döwlete degişli tebigy baýlyklaryň, kärhanalaryň we beýleki hojalyk edaralarynyň kesgitli wagt çäginde ol ýa-da beýlki bir ýurda, kompaniýa, aýry-aýry şahsyýetlere berilýändigi hakyndaky şertnama.

garşysyndaky Fuszýan welaýatynyň ýerini hiç bir döwlete konsessiýa bermejekdigine kepil gazanýar.

**Özgertmeleriň tarapdarlarynyň hereketleri.** Sindaonyň Germaniýa tarapyndan eýelenilmegi hytaý jemgyýetçiliginiň öňdebaryjy toparlarynyň arasynda uly nägilelikleri döredýär. Kan Ýuweý özgertmeleriň tarapdarlarynyň ýene-de bir ýere jemläp ugraýar. Ol Pekinde Gaundun ylmy assosiýasy we «Masgaraçylyga akyl ýetirenleriň assosiýasy» ýaly işjeň syýasy guramalary esaslandyrýar. Guansýuýyň adyna ýollan ýüzlenmesinde Kan Ýuweý daşary yurt basybalyjylaryna mynasyp garşylyk görkezip bilmeýän sin hökümetini ýiti tankyt edýärdi. Ol ýaş imperatora rus patyşasy Pýotr I we ýapon imperatory Musuhito ýaly özgertmeleri geçirmäge hut özüniň baştutanlyk etmegini maslahat berýärdi. Özüniň käbir watançy köşk adamlarynyň teklibi bilen Guansýuý Kan Ýuweýi Szunliýamyna (Daşary gatnaşyklar boýunça baş müdirlik) işe kabul etmegi, onuň pikirlerini diňlemekligi buýurýar.

Kan Ýuweýiň ýolbaşçylygynda özgertmeleriň tarapdarlarynyň täze jemgyýeti - Döwleti goramak birleşigi döredilýär. Birleşigiň maksady ýurduň bütewiligini we halkyň howpsuzlygy goramak, özgertmeleri wagyz etmek, ykdysady bilimleri ýaýratmak we hökümete ýurdy dolandyrmaga kömek etmek bolup durýardy. Ýurtda watançylyk hereketiniň ýokary göterilmegi bilen imperator Kan Ýuweýiň teklipleriniň we başlangyçlarynyň esasynda düzülen «Ýüz günlik özgertmeler» ady bilen taryha giren özgertmeler toplumyny amala aşyrmaga girişýär. «Ýüz günlik özgertmeler» döwründe (1898-nji ýylyň 11-nji iýulynda başlaýar) Guansýuý Hytaýyň durmuş-ykdysady we syýasy keşbini täzelemek bilen baglanyşykly 60-dan gowrak permana gol çekýär. Bu permanlar boýunça hökümetiň ýanynda senagat we söwda, dag-magdan işleri, oba hojalygy

we demirýol gurluşygy boýunça dört sany baş müdirligi döretmegi karar edilýär. Goşuny häzirki zaman talaplary esasynda täzeden guramak, merkezde hem-de welaýatlarda gerekmejek köne döwlet dolandyryş edaralaryny ýatyrmak göz öňünde tutulypdyr. Ähli emeldarlara imperatoryň adyna hat üsti bilen ýüz tutmaga rugsat berilýär. Hökümet paýtagtda uniwersitet açmaklygy maksat edinipdir, häzirki zaman hususy mekdepleriň döredilmegini höweslendiripdir, günbatar ylymlaryny okuw maksatnamalaryna girizmeklik maksada laýyk hasap edilipdir. Imperator maşyn gurluşygyny ösdürmäge, gazet-žurnallary neşir etmekligi, daşary yurt dillerindäki kitaplary hytaý diline terjime etdirmegi wada edýär.

Imperator Guansýuý we özgermeleriň tarapdarlary goşuna daýanyp döwlet agdarylyşygyny geçirmägi maksat edinýärler. Emma agdarylyşygyň harby ýolbaşçysy Ýuan Şikaý dönüklige ýüz urýar. Ol paýtagt welaýatynyň dikmesi Žun Luny bu barada habardar edýär. 1898-nji ýylyň 21-nji sentýabrynda patyşa aýal Sy Si mançžurlaryň özüne wepaly goşun bölümlerine daýanyp Guansýuýy we onuň tarapdarlarynyň toparyny tussag edip, öz atabegligini (regent) dikeldýär. Kan Ýuweýiň tarapdarlarynyň altysy, olaryň arasyndan Tan Sytun we Kan ýuweýi inisi tussag edilip, işleri derňelmezden jezalandyrylyp öldürilýär. Kan Ýuweýiň özi, şeýle hem Lan Siçao we başgalar bolsa daşary ýurda gaçyarlar. Sy Si «Ýüz günlik özgertmeler» bilen baglanyşykly kabul edilen permanlaryň aglabasyny ýatyrýar we özgertmeleriň garşydaşlaryny öz öňki wezipelerinde dikeldýär.

**Ihetuanlaryň gozgalaňy.** XIX asyryň ahyrlarynda Hytaýda daşary ýurtlylara garşy hereket giň gerime eýe bolýar. Has hem missionerçilige garşy hereketler güýçlidi. Şindi 1896-njy ýylda Şandun ýarym adasynda «Uly gylyçlaryň jemgyýetiniň» baştutanlygynda missionerçilige

garşy göreş başlaýar. 1898-nji ýylyň güýz aýlaryndan başlap Şandunyň demirgazyk etraplarynda (Şandun nemes konsessiýasy) gizlin Ihetuan («Adalatyň we parahatçylygyň goşunlary» ýa-da Ihesýuan – «Adalatyň we parahatçylygyň hatyrasyna düwülen ýumruk»)[1] jemgyýeti hem missionerçilige garşy hereketlerini güýçlendirýär. Ihetuanlaryň guramasynyň agzalary esasan daýhanlardan, senetçilerden, gaýykçylardan, ýükçilerden, ownuk jerçilerden ybarat bolup, olara daýhan Çžu Hunden serkerdelik edýärdi. Çžu Hundeni Taňrynyň Aždarhasy diýip atlandyrýardylar we ol özüni iň soňky hytaý nesilşalygy bolan min nesilşalygynyň wekili diýip yglan edýär. Ihetuanlaryň esasy şygary kese ýerlileri ýok etmek we olary ýurtdan kowup çykarmak bolup durýardy. Şonuň üçin hem olaryň üçburç baýdaklarynyň ýüzünde «Sinleri goldalyň, kese ýerlilere ölüm bolsun!» diýen heder etdiriji şygar ýazylandy.

Ihetuanlaryň gozgalaňy üç tapgyrda bolup geçdi. Birinjisi - 1899-njy ýylyň ahyrlarynda bolup, onuň gerimi Şandun welaýatynyň çäginden çykmandyr. Sin hökümeti ihetuanlaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin Şanduna daşary ýurtlaryň teklibi bilen general Ýuwan Şikaýy iberýär. Çykyşlaryň ikinji tapgyry – 1900-nji ýylyň ýazynda başlaýar. Bu döwürde gozgalaň paýtagt welaýatyna-da ýaýraýar. Paýtagt welaýaty bolan Çžilide daşary ýurtlylara garşy gönükdirilen şygarlar bilen bir hatarda, hökümete garşy çagyryşlar hem häli-şindi ýaňlanýardy. Ihetuanlaryň arasynda özlerini taýpin serdary Hun Sýusýuanyň we Ýan Sýusiniň ruhlary siňenler diýip yglan eden gaýykçy Čžan

[1]Ihetuanlar bilen ýüzbe-ýüz bolan daşary ýurtlylar bu hereketiň adyndaky «ýumruk» sözüni göz öňünde tutup, gozgalaňçylary «boksçylar» diýip atlandyrypdyrlar. Şonuň üçin hem ýewropa edebiýatynda ihetuanlaryň hereketi köplenç «boksçylaryň gozgalaňy» diýlip atlandyrylýar.

Deçen, esger Szo Futýan, şeýle hem ihetuanlaryň aýallardan düzülen goşun bölümlerine baştutanlyk eden gaýykçynyň gyzy Huan Lýan batyrgaý hereketleri, ýangynly çykyşlary bilen aýratyn tapawutlanýardylar. Gozgalaňçylar Demirgazyk Hytaýýň şäherleri boýunça hereket etmek bilen daşary ýurt missiýalaryny we kärhanalaryny ýok edýärdiler. Ihetuanlaryň gozgalaňy howply häsiýete eýe bolup ugrandan soň sekiz döwlet - Angliýa, ABŞ, Ýaponiýa, Fransiýa, Russiýa, Italiýa, Germaniýa we Awstro-Wengriýa Hytaýa garşy aç-açan urşa başladylar.

Sin hökümeti daşary döwletler bilen gatnaşyklarda öz ýagdaýyny berkitmek üçin ihetuanlar bilen gepleşik geçiripdirler, şol bir wagtda bolsa daşary ýurt diplomatlaryny rahatlandyrmaga çalyşypdyrlar. Munuň özi sin häkimiýetleriniň ikiýüzli syýasat ýöredýändiklerine şaýatlyk edýärdi. 1900-nji ýylyň iýun aýynda sinler ihetuanlaryň goşunlaryny Pekine goýberýärler. Paýtagtda ihetuanlar bilen daşary ýurt goşunlarynyň arasynda çaknyşyklar başlady. Tiýanszine gelýän deňiz ýollaryny goraýan Dagu berkitmesiniň ýykylandygyny eşidip, Sy Si döwletlere garşy uruş yglan edýär. Pekinde we Tiýanszinde ýerleşýän ihetuan we sin goşunlary daşary ýurt birikmelerini gabadylar. Ihetuanlar Týanszinden Pekine tarap süýşüp gelýän admiral Seýmuryň iňlis goşunlaryny ýeňlişe sezewar etdiler.


Ihetuanlar

Demirgazyk Hytaýa daşary döwletlerden gelýän goşunlaryň sany artdygyça sinler ihetuanlar babatyndaky syýasayny üýtgedip ugraýarlar. Sinler olary iň howply ýerlere iberipdirler, şeýdibem ihetuanlardan dynmak isläpdirler. 1900-nji ýylyň awgust aýynda 40 müňlik daşary ýurt goşuny ihetuanlaryň garşylygyny syndyryp paýtagta kürsäp girýär. Sy Si Li Hunçžany gepleşik geçirmäge iberip, özi hem öý tussaglygynda saklanýan Guansýuýy alyp, ýurduň jümmüşine gaçyp gidýär.

Gozgalaňyň üçünji tapgyry sinler daşary yurt goşunlaryna boýun egenlerinden soň başlady. Sy Si hökümet goşunlaryna ýaragy ihetuanlara garşy öwürmegi buýurýar. Pekin eýelenilenden soň daşary ýurtlylaryň goşunlary sin goşun bölümleri bilen birleşip ihetuanlary yzarlap ugraýarlar. Tiz wagtdan Demirgazyk Hytaýa nemes feldmarşaly Walderzeýeniň baştutanlygynda 22 müňlik daşary yurt goşunlary hem düşürilýär. Emma daşary yurt döwletleriniň arasyndaky agzalalyklar gepleşikleriň uzaga çekmegine sebäp bolýar. Diňe 1901-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda Li Hunçžan sin hökümetiniň adyndan döwletler bilen «Boksçylar protokoly» adyna eýe bolan şertnamany baglaşýar. Şertnama boýunça sinler 39 ýylyň dowamynda döwletlere 450 million lýan kontribusiýa tölemäge borçlanýar. Hytaýa daşary bazardan ýarag satyn almak gadagan edilýär, Týanszine barýan ýoluň ugrundaky berkitmeleri ýumurmak göz öňünde tutulýar. Daşary ýurtlylar Demirgazyk Hytaýda goşun saklamaga ygtyýar alýarlar. Pekinde ilçihanalaryň ýerleşýän ýörite mähellesi döredilýär, mähelläniň dolandyrylyşy bilen daşary ýurtlylaryň diňe özleri meşgullanypdyrlar.

1902-nji ýylyň ýanwarynda döwletleriň rugsady bilen hytaý hökümeti Pekine dolanyp gelýär. Demirgazyk Hytaýda daşary ýurtlylar bilen alnyp barlan uruşlarda Sun Ýatseniň «Birleşigi» hem, Kan Ýuweýiň tarapdarlary hem

ihetuanlary goldamandyrlar. Sun Ýatsen ihetuanlaryň arasyna öz wekilini iberýär. Emma ol daşary ýurtlylar bilen gatnaşyklarda aýyplanyp öldürilýär.

**XIX asyryň başlarynda Hytaýda iri maýa goýum önümçiliginiň kemala gelmegi.** Ihetuanlaryň gozgalaňyndan soň sinler senagaty, ulag we aragatnaşyk ulgamlaryny, söwdany ösdürmek, şeýle hem magaryfy we hünärmneleriň taýýarlanyşyny kämilleşdirmek babatynda käbir işleri durmuşa geçirýärler. Emma iri maýa goýum önümçiliginiň kemala gelmegine ýurtda hokum sürýän feodalçylyk düzgünleri we ýurduň ykdysadyýetinde daşary ýurtlaryň agalyk etmegi uly päsgelçilikleri döredýärdi. Muňa garamazdan XX asyryň başlarynda ýurtda eýýäm 386 sany fabrikler, şahtalar we känler açylyp, olar dolulygyna ýa-da kem-käsleýin milli maýadarlaryň elindedi. Daşary söwdanyň möçberi hem artyardy. Egerde 1901-nji ýylda ýurduň eksporty 122 million dollara barabar bolan bolsa, 1911-nji ýylda onuň möçberi 245 million dollara ýetdi. Içerki bazara import edilýän harytlaryň möçberi 193 million dollar bolanlygyndan, degişli döwürde 306 million dollara barabar boldy. Hytaýa daşary ýurt maýa goýumynyň eksporty hem artdy. 1900-nji ýylda daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberi 750 million bolanlygyndan, 1914-nji ýyl 1 milliard 650 million dollara çenli köpeldi. Maýa goýumlar esasan demir ýol gurluşygynda, daşary söwdada, işläp bejerýän we dag-magdan senagatynda giňden peýdalanylypdyr. Hytaýyň bergisi şol ýyllar 835 million dollara çenli artypdyr. Bergiler esasan daşky karzlaryň hasabyna artyp, olar esasan sinleriň harby-dolandyryş zerurlyklaryna gönükdirilipdir.

1912-nji ýyla çenli daşary ýurtlylar üçin açylan portlaryň we ilatly ýerleriň sany 100-den geçdi. 1899-1913-nji ýyllarda Hytaýda iş alyp barýan daşary ýurt firmalarynyň sany üç esse köpelip, olaryň sany 2400-e we ýurtda hemişelik ýaşaýan daşary ýurtlylaryň sany bolsa 53 müň

bolanlygyndan, 165 müň adama ýetýär. Däp bolup gelşi ýaly, Hytaý bilen söwdada Angliýa birinjiligi elden bermän gelýärdi.

**Rewolýusion-demokratik we konstitusion-monarhistik hereketler.** XX asyryň başlary Hytaýda milli-azat edijilik hereketi we mançžurlaryň agalygyna garşy göreşler gaýtadan ýaýbaňlanyp başlady. Hytaýyň syýasy durmuşynda bolup geçýän wakalara Günbatar Ýewropa ýurtlarynda we Russiýada bolup geçýän durmuş-syýasy wakalar hem öz täsirini ýetirýärdi. 1905-nji ýylyň tomsunda Sun Ýatseniň başda durmagynda sin nesilşalygyny agdarmagy we Hytaýda respublikan gurluşy esaslandyrmagy maksat edinýän dürli rewolýusion-demokratik guramalar birleşýärler. Ýaponiýanyň paýtagty Tokiýoda Jungo gemin tunmynhueý (Hyaýyň bitewi rewolýusion birleşigi) döredilýär. Oňa ýurduň içinde we daşynda 40-dan gowrak bölümleri bolan «Hytaýyň galkynyş birleşigi», Çžeszýan we Szýansu welaýatlarynyň rewolýusion guramasy bolan «Hyaýyň şöhratyny dikeltmek birleşigi» (Guanfu), şeýle hem «Hytaýyň täzeleniş birleşigi» (Huasin) guramalary girizildi. Ýaponiýada okaýan hytaýly ýaşlaryň arasynda mançžurlara garşy meýiller güýçledi, şol sebäpden hem bu ýerde mançžurlara garşy ruhda hereket edýän gazet-žurnallar hem neşir edilýärdi.

1905-nji ýylyň noýabr aýynda Sun Ýatsen «halkçylygyň üç ýörelgesi» atly maksatnamasyny işläp düzýär. Bu maksatnama milletçilik, halk häkimiýeti we halk abadançylygy ýaly ýörelgeleri özünde jemleýärdi. Milletçilik mazmuny boýunça kese ýerlililer bolan mançžurlaryň agalygyny syndyrmagy we hytaýlylaryň milli häkimiýetini dikeltmegi göz öňünde tutýardy. Halk häkimiýetine Hytaýda patyşalyk düzgünini ýatyryp, respublikan gurluşyny berkarar etmeklik diýlip düşünilýärdi. Halk abadançylygy bolsa ýere bolan hukuklaryň

deňleşdirilmegini aňladyp, ol giň daýhanlar köpçüliginiň bähbitlerini araýardy. Hytaýyň bitewi rewolýusion birleşigi Tokioda «Minbao» (Halk) žurnalyny neşir edip ugraýar we onuň sahypalarynda halkçylygyň üç ýörelgesi giňden wagyz edilipdir.

1906-njy ýylda Sun Ýatsen tarapyndan esaslandyrylan guramanyň eýýäm 10 müňden gowrak agzasy bardy. 1906-njy we 1911-nji ýyllarda Hyaýyň bitewi rewolýusion birleşigi ýurduň Merkezi, Günorta we Gündogar welaýatlarynda ondan gowrak hökümete garşy çykyşlary guraýar. Gozgalaňlaryň ählisiniň şowsuz tamamlanandygyna garamazdan ýurtda mançžurlaryň kese ýerli agalygyna garşy çykyşlar ýyl-ýyldan güýçlenýärdi.

XX asyryň başlarynda Gawaý adalarynda emigrasiýada gezip ýören Kan Yuweý bilen Lýan Siçao dagy hytaýly rewolýusionerlere we hut Sun Ýatsene garşy ýangynly çykyş edýärdiler, şol bir wagtyň özünde bolsa özgertmeler ugrunda göreşýärdiler. Hytaýyň öz içinde iri buržuaziýanyň wekilleri, tanymal mülkdarlar konstitusiýanyň kabul edilmegini talap edýärdiler. 1909-njy ýylda beýik atabeg (regent) Szaý Fyn özüniň kämillik ýaşyna ýetmedik ogly, imperator Pu Iniň (Pu I) adyndan welaýatlarda «maslahatçy komitetleriň» döredilýändigini yglan edýär. Konstitusiýa ugrundaky herekete hytaý jemgyýetiniň ýokary gatlaklary, aýratyn hem söwda-senagat buržuaziýasy işjeň gatnaşýardy. Olar daşary yurt harytlarynyň getirilmegine garşy çykyşlary guraýardylar, daşary yurt konsessiýalarynyň Hytaýa gaýtarylyp berilmegini, daşary yurtlar bilen bähbitsiz geleşikleriň edilmegine nägilelik bildirýärdiler, agyr göterimli karzlaryň alynmazlygyny talap edýärdiler. Halk nägilelikleri Hytaýyň dürli ýerlerinde dowam edýän gozgalaňlar bilen utgaşyp gidýärdi. 1911-nji ýylyň güýzünde Syçuan welaýatynda (Merkezi Hytaý) ýaragly gozgalaň başlaýar. Gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin ugradylan

hytaýlylardan düzülen sin goşunlary kähalatlarda gozgalaň turzan halkyň tarapyna geçýärdiler. Gozgalaňlar döwründe sinleriň esasy daýanjy bolan iri ýer eýeleriniň hem bir bölegi olardan ýüz öwürdiler.

**Sinhaý rewolýusiýasy[1] we Hytaýda sin nesilşalygynyň häkimiýetiniň synmagy.** Mançžurlara garşy çykyşlaryň güçlenýän döwründe Orta Hytaýdaky Hubeý welaýatynyň Ýanszy derýasynyň boýundaky biri-biri bilen golaý goňşylykda ýerleşýän Uçan, Hankou we Hanýan (bu şäherler soňra birleşip Uhan şäherini emele getirdiler) şäherlerindäki rewolýusion guramalar öz işlerini güýçlendiryärler. Bu guramalar Sun Ýatsen bilen hem ykjam aragatnaşygy ýola goýýarlar. 1911-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda gozgalaň turuzmak hakynda karar kabul edilýär. Gozgalaňçy komitetiň ýygnagynda Şanhaýa wekil iberip, Hytaýyň bitewi rewolýusion birleşiginiň ýolbaşçylaryndan Huan Sin bilen Sun Sýaoženi çagyrmagy makul bilýärler. Ýöne Hankouda ýerleşýän rus konsessiýasynda ýerleşen gozgalaňyň syýasy merkeziniň jaýynda tötänleýin granat ýarylmagy sebäpli hökümet tussag etmelere başlaýar.



Pu I

Sinleriň Uçandaky dikmesi şaheriň derwezesini ýapdyryp, köp adamlary ele salyp öldürýär. 10-njy

[1] «Sinhaý» ýyly hytaý kamary senenamasy boýunça 191-nji ýylyň 30-njy ýanwaryndan 1912-nji ýylyň 17-nji fewralyna çenli dowam edýär. Ýyl hasaby bilen baglanyşykly bolansoň bu wakalar Sinhaý rewolýusiýasy diýlip atlandyrylýar.

oktýabrda agşamara respublikaçy-rewolýusion guramanyň agzasy, seržant Sýun Bikun tarapyndan serkerdelik edilýän sapýor batalýonynyň esgerleri aýaga galdyrýar. Olara topçylar polkunyň we gatyşyk goşunlaryň esgerleri – jemi 4 müň sany esger goşulýar. Gijeki söweşlerden soň respublikaçy-rewolýusion goşunlar Uçandaky dikmäniň edarasyny eýeleýärler. Gozgalaňyň başlan gününiň ertesi welaýat maslahatynyň agzalary bilen geçirilen ýygnakda respublikaçy-rewolýusion guramanyň agzalary Hubeýiň rewolýusion hökümetiniň baştutanlygyna gatyşyk goşunlaryň şäherden gaçyp ýetişmedik serkerdesi Li Ýuanhuny, ýerli raýat dolandyryş edarsynyň başlyklygyna bolsa ýerli konstitusiýaçylaryň ýolbaşçysy Tan Hualuny bellemegi karar etdiler

Respublikaçylaryň we ýerli welaýat maslahatynyň agzalarynyň ýygnagynda ýurdy Hytaý respubliksay we ony bäş milletiň - hytaýlylaryň, mançžurlaryň, mongollaryň, dunganlaryň we tibetlileriň ýurdy diýip yglan etmeklik karar edilýär. Ýygnakda Hytaýyň gadymy hökümdary Huandiden alyp gaýdýan täze senenamasy girizilýär. Hubeýde dörän täze hökümet Hytaýyň ähli welaýatlarynyň ilatyna we imperator goşunlarynyň esgerlerine öz taraplaryna geçmek barada ýüzlenme bilen çykyş edýär. Honkouda ýerleşýän daşary yurt konsullyklaryna nota bilen ýüzlenip, täze hökümet olaryň sinler bilen baglaşylan ähli ylalaşyklarynyň ykrar edilýändigini beýan edýärler. Rewolýusiýa gatnaşyjylar mançžur agalygyndan erkinligiň alamaty hökmünde örülen saçlaryny kesýärler.

Uçanyň harby hökümeti Hubeýi goramak barada karar kabul edýär. Sin goşunlaryna Hankouy eýelemek başardýar. Soň daşary ýurtlylaryň kömegi bilen Hanýan hem eýelenilýär. Ýöne gozgalaňçylara Uçany elde saklamak başardýar. Hubeýdan soň 1911-nji ýylyň oktýabr-noýabr aýlarynda Hytaýyň 14 welaýatynda sinleriň häkimiýetiniň

ýatyrylýandygy dabaraly ýagdaýda yglan ediýär. Diňe Çžli, Henan we Gansu sin häkimiýetleriniň elinde galýar. Käbir welaýatlarda ýerli häkimiýet täze goşunlaryň goldamagy netijesinde respublikaçylar tarapyndan ýaragly gozgalaňlaryň esasynda eýelenilýär. Emma Szýansi, Çžeszýan, Szýansu, Guansi, Anhueý, Fuszýan, Guandun, Şandun we Syçuan welaýatlarynda häkimiýet buržuaziýanyň we iri ýer eýeleriniň şu welaýatlardaky sin dolandyryjylary bilen geleşik etmekleriniň netijesinde ele alyndy.

Respublika yglan edilenden soň käbir welaýatlarda harby häkimiň (dudu) wezipesine hatda sin emeldarlarynyň bellenilenleri hem bolupdyr. Welaýatlaryň kanun çykaryjy ýygnaklarynda iri buržuaziýanyň, mülkdarlaryň, konstitusiýaçylaryň wekilleri agdyklyk edipdirler we olar kem-kemden respublikaçylary ýerli guramalardan gysyp çykarypdyrlar.

Welaýatlaryň garaşsyzlygynyň yglan edilmegi, Ýanszy derýasynyň boýlaryndaky welaýatlarda ýaragly gozgalaňlaryň ýaýbaňlanmagy, galyberse-de, Pekinde maslahatçy ýygnagyň wekilleriniň hökümete garşy aç-açan çykyş etmekleri sin hökümetini gorkuzdy. Şeýle şertlerde sinler wezipesinden çetleşdirilen general Ýuan Şikaýy paýtagta çagryp getirip, oňa ilki baş serkerdäniň, soňra bolsa premier-ministriň wezipesini berýärler. Ýuan Şikaý respublikaçy Günortanyň käbir syýasy toparlary bilen gizlin gepleşikleri geçirýär. Mançžurlaryň hem-de respublikaçylaryň arasynda ussatlarça araçyllyk etmek bilen ol häkimiýeti basyp almaga ýykgyn edipdir.

Hytaýda bolup geçýän çylşyrymly syýasy wakalara daşary yurt diplomatlary hem işjeň gatnaşýardylar. Uçanda iňlis konsulynyň araçyllyk etmeginde sinleriň we respublikaçy goşunlaryň arasynda ýaraşyk yglan edilýär. Günortanyň respublikaçylary bilen gepleşik geçirmek üçin bu ýere Ýuan Şikaýyň ynanylan wekili Tan Şaoi iberilýär.

Onuň maksady respublikaçylary ýurtda konstitusion-monarhiýa düzgüniň berkarar edilmegine yrmalydy. Emma Uçandaky rewolýusion goşunlaryň serkerdesi Li Ýuanhuna bil baglamakdan çekinip, respublikaçylar gepleşigiň Şanhaýa geçirilmegini talap edýärler.

Şeýle şertlerde 1911-nji ýylyň 29-njy dekabrynda Nankinde garaşsyz welaýatlaryň wekilleri golaýda emigrasiýadan dolanyp gelen Sun Ýatseni Hytaý respblikasynyň wagtlaýyn prezidenti diýip yglan edýärler we oňa respublikanyň wagtlaýyn hökümetini düzmegi tabşyrýarlar. Sun Ýatseniň baştutanlyk edýän wagtlaýyn hökümeti Hytaý respublikasynyň konstitusiýasyny kabul edýär. Kanun boýunça halka giň demokratik azatlyklar berilýär. Hytaý respublikasynyň wagtlaýyn hökümeti halk köpçüliginiň ýagdaýyny ýeňilleşdirmek, tebigy betbagtçylyklarda ejir çekenlere, tarp ýerlere göçýänlere ýakyndan kömek bermek, ilatyň hukuk taýdan goraglylygyny üpjün etmek, ilatyň sowatlylygyny ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly çäreleriň giň tapgyryny belleýär.

Emma sinhaý rewolýusiýasy başlaly bäri Ýewropa döwletleri Pekinde oturýan sinlere, olaryň dikmesi Ýuan Şikaýa ýakyndan ýardam berýärdiler, Sun Ýatseniň Nankinde ýerleşýän wagtlaýyn hökümetini bolsa ykrar etmeýärdiler. Bu döwürde Sun Ýatsen tarapyndan baştutanlyk edilýän Hytaýyň bitewi rewolýusion birleşiginiň täsiri hem peselipdir. Daşary ýurtlar tarapyndan ykrar edilmedik, maliýe serişdeleri bilen üpjünçiligi pes Nankin hökümeti öz bellän maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde uly kynçylyklary başdan geçirýärdi. Şeýle şertlerde resbuplikaçylar üçin mançžurlary agdarmakdan we respublikan gurluşy saklap galmakdan başga maksatlar galmandyr. Nankin hökümetiniň düşen ýagdaýyndan peýdalanyp sinler Sun Ýatsene prezidentlik wezipesini Ýuan

Şikaýa (1859-1916) bermegi teklip edýärler. Eger-de, şeýle edilse, olar häkimiýet başyndan gitmäge razydyklaryny aýdýarlar. Sun Ýatsen Hytaýda raýatlyk urşunyň bolmazlygynyň, ählumumy parahatçylygyň saklanmagynyň hatyrasyna bu teklip bilen razylaşýar. Şunuň netijesinde Hytaý respublikasynyň prezidentiniň wezipesi Ýuan Şikaýyň eline geçýär. Sun Ýatsen Hytaý respublikasynyň paýtagtynyň Nankinde galdyrylmagyny teklip edýär. Emma bu teklip bilen Ýuan Şikaý razylaşmandyr. 1912-nji ýylyň 12-nji fewralynda mançžur neslinden polan iň soňky imperator Pu I[1] (1908-1912) tagtdan el çekýär we sin nesilşalygynyň häkimiýeti synýar. Ýuan Şikaý sin nesli babatynda köp ýeňillikleriň saklanyp galmagyny gazanýar. Her ýylda sin neslini eklemek üçin hazynadan 4 million lýan kümüş pul goýberilmeli edilýär. Öňki mançžur imperatoryna edil daşary yurt patyşalaryna bildirilýän hormatlar ýaly sarpalar saklanyp galýar. Şeýleleikde, Sinhaý rewolýusiýasy Hytaýda sin nesilşalygynyň ýykylmagy we Hytaý respublikasynyň berkarar edilmegi bilen tamamlanýar.

**Ýuan Şikaýyň diktaturasynyň berkarar edilmegi. Hytaý I jahan urşy ýyllarynda.** Gündogar, Günorta we Merkezi Hytaýyň senagat taýdan ösen welaýatlaryna wekililik edýän respublikaçylar ýurduň Nankinde kabul edilen wagtlaýyn konstitusiýanyň esasynda saýlanan parlamentinde köp ýer alyp, Ýuan Şikaýyň häkimiýetini çäklendireris öýdýärdiler. Raýatlyk urşunyň öňüni almaga gönükdirilen islegler, daşary ýurtlylaryň çozmak howpy, respublikaçylary eglişik yzyndan eglişik etmäge mejbur edýärdi.

---

[1] Pu I (1906-1967) – iň soňky mançžur imperatory. Ol 1908-nji ýylda tagta çykýar, emma 1911-nji ýylda Sinhaý rewolýusiýasynyň netijesinde tagtdan el çekýär. 1932-nji ýylda Mançžou go oýnatgy döwletiň prezidenti, 1934-1945-nji ýyllarda bolsa imperatory.


General Ýuan Şikaý

1912-nji ýylyň awgustynda Hytaýyň bitewi rewolýusion birleşiginiň agzalary we oňa goşulan liberal-buržuaz toparlary Hytaýyň milli partiýasyny - Gomindany esaslandyrýarlar. Parlament saýlawlarynda Gomindan sesleriň köpçüligine we parlamentde köp orna eýe boldy. Emma Gomindan hökümet düzmäge ukypsyz bolup çykdy. Ýuan Şikaýyň respublikan hökümetini ABŞ tarapyndan ykrar edilýär. Ýurduň prezidenti Gomindana garşy tutanýerli göreşýärdi, olaryň käbirlerini ýok edýär, käbirlerini bolsa wezipelerinden boşadyp, rewolýusion goşunlaryna garşy göreşmek üçin ugradýar. 1913-nji ýylyň iýul-sentýabr aýlarynda Ýuan Şikaý Hytaýyň taryhynda «ikinji rewolýusia» adyny alan ownuk buržuaz toparlarynyň, esgerleriň we daýhanlaryň çykyşlaryny hem basyp ýatyrdy. Netijede şol ýylyň güýzüne çenli ol Hytaýda özüniň harby diktaturasyny berkarar edýär. Sun Ýatsen we onuň köp sanly egindeşleri ýurtdan çykyp gitmäge mejbur boldylar.

Ýurtdaky ähli häkimiýeti bir özüniň elinde jemlemegi maksat edinip, Ýuan Şikaý 1914-nji ýylyň ýanwarynda parlamenti dargatdy, maý aýynda bolsa 1912-nji ýylyň konstitusiýasyny ýatyryp, öz konstitusiýasyny girizdi.

Birinji jahan urşy başlanandan soň 1914-nji ýylyň awgustynda hytaý hökümeti özüniň bitaraplygyny yglan edýär we döwletleri Hyaýyň ýerinde uruş etmezlige çagyrdy. Emma 1914-nji ýylyň 22-nji awgustynda Ýaponiýa Germaniýa uruş yglan edýär we 30 müňlik ýapon goşuny Sindaonyň demirgazygynda düşürilýär. Iki aýdan soň

Ýaponiýa tutuş Şandun ýarym adasyny eýeleýär. Ýuan Şikaýyň hökümeti ýaponlara garşylyk görkezip bilmändir. Döwletleriň uruş hereketleri bilen başagaýlyklaryndan peýdalanyp 1915-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda Ýaponiýa Hytaýa mazmuny boýunça bäş topara bölünýän «21 talap» bilen ýüzlenýär. Talaplaryň birinji toparynda ýaponlaryň Şandun ýarym adasyna bolan hukuklary beýan edilýärdi. Ikinjisi Mançžuriýanyň we onuň bilen ýanaşyk Içerki Mongoliýanyň üstünden Ýaponiýanyň harby-syýasy we ykdysady gözegçiligini göz öňünde tutýardy. Üçünjisi Merkezi Hytaýda ýerleşýän Hanýepin metallurgiýa kombinatynyň üstünden ýapon gözegçiliginiň ýola goýmak bilen baglanyşykly meselelere syrykdyrylýardy. Talaplaryň dördünji toparynda Hytaýa öz ýerinden hiç bir döwlete nähilidir bir ýerleri konsessiýa bermek gadagan edilipdir. Talaplaryň ýedi maddadan durýan bäşinji toparynda bolsa Ýaponiýanyň bütin Hytaýyň üstünden agalyk etmäge bolan islegleri beýan edilipdir. Bularda hytaý hökümeti Ýaponiýanyň syýasy, harby we maliýe maslahatçylaryny çagyrmaga borçlandyrylypdyr; Hytaýyň harby senagatyny we polisiýasyny bilelikde dolandyrmak, ýurduň ähli senagat we demir ýol gurluşygyny Ýaponiýanyň ygtyýaryna bermek talaplary bildirilipdir. Ýewropa döwletleriniň ýardamyna bil baglap Ýuan Şikaýyň hökümeti ýaponlaryň talaplaryny birbada kabul etmeýär. Emma daşyndan goldaw tapmanyndan soň 1915-nji ýylyň 9-njy maýynda Ýuan Şikaý ýaponlaryň talaplaryny kabul etmäge mejbur bolýar.

«Ikinji rewolýusia» ýeňlenden soň Ýaponiýa emigrasiýa giden Sun Ýatsen 1914-nji ýylyň iýul aýynda gadagan edilen Gomindan partiýasynyň ornuna Ýuan Şikaýyň diktaturasyny syndyrmagy we 1912-nji ýylyň konstitusiýasy esasynda Hytaýda demokratik gurluşy berkarar etmegi maksat edinýän Hytaýyň rewolýusion partiýasyny (Çžunhua gemindan) döredýär. Bu döwürler Ýuan Şikaý hem her hili

ýollar bilen Hytaýyň imperatory bolmaklyga dyrjaşypdyr. Başda ýewropa döwletleri onuň bu meýillerini oňlapdyrlar. Emma soňra Hytaýda monarhiýa düzgünine garşy hereketler güýçlenip ugrandan soň soň ony goldamaklaryny bes edýärler. Hytaýyň özünde-de Ýan Şikaýyň isleglerine garşylyk güýçlenýär. Günorta Hytaýyn köp ýerlerinde welaýat häkimleriniň käbirleri Ýuan Şikaýyň diktatorçylyk häkimiýetine boýun egmän özbaşdaklyk yglan edýärdiler. 1916-njy ýylda Ýunnan, Guandun, Çžeszýan, Guýçžou, Syçuan, Hunan welaýatlary öz garaşsyzlyklaryny yglan edýärler we «respublikany goraýyş goşunlaryny» döredýärler. Ýurduň içeri-syýasy durmuşynda şeýle çylşyrymly wakalaryň bolup geçýän döwründe 1916-njy ýylyň 22-nji martynda Ýuan Şikaý imperator bolmak isleglerinden resmi taýdan el çekýär, şol ýylyň 6-njy iýunynda bolsa tarpa-taýyn aradan çykýar.

Ýuan Şikaý ölenden soň Hytaýda harby (militaristik) toparlaryň täsiri güýçlenýär. Olaryň ýurduň aýry-aýry ýerlerinde harby-syýasy häkimiýeti öz ellerine alýarlar. Hytaýly harbylaryň iň kuwwatly toparlanyşygy beýýanly (demirgazyk) militaristler bolup, ol hem üç bölege – general Çžan Szoliniň baştutanlygyndaky fentýan (mançžur), general Fen Goçžanyň baştutanlygyndaky çžili we general Duan Sižuýyň baştytanlygyndaky anhueý toparlanyşyklaryna bölünýärdi. Şansi welaýatynda beýýanly militaristler bilen bäsleşmäge çalyşýan general Ýan Sişan, Şensi welaýatynda bolsa - general Çen Şufan hojaýynçylyk edýärdiler. Günorta-günbatarly militaristler iki sany iri toparlanyşykdan durýardy: general Tan Sziýaonyň baştutanlygyndaky ýunnanly we general Lu Žuntiniň baştutanlygyndaky guansili militaristler. Militaristik toparlanyşyklar, aýratyn hem demirgazyklylar bilen günortalylar özara oňuşmandyrlar.

Hytaý respublikasynyň täze saýlanan prezidenti general Li Ýuanhun (Ýuan Şikaýyň döwründe wise-prezident) günorta-günbatarly militaristleriň wekilidi. Ýurduň wise-prezidenti Fen Goçžan Angliýa we ABŞ bilen gatnaşyklara ýykgyn edýärdi, premier-ministr Duan Sižuý bolsa Ýaponiýanyň janköýeridi. Täze hökümet 1912-nji ýylyň konstitusiýasyny dikeldilýändigini yglan edýär we Ýuan Şikaý tarapyndan dargadylan parlamenti çagyrýar. 1916-njy ýylyň ahyrlarynda Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda ylalaşyk hem baglaşylýar. Emma pekin hökümetinde Hytaýyň birinji jahan urşuna gatnaşmagy bilen baglanyşykly meseleleriň üstünde ýiti dawalar dowam edýärdi. Angliýa, Fransiýa we Russiýa Hytaýy Antanta bileleşigine goşmaga çalyşýardylar. Ýaponiýa muňa garşy çykýardy, sebäbi ol Hytaý Germaniýa garşy urşa girse özüniň Şandundaky mülklerinden dynaryn öýdüp gorkýardy.


General Li Ýuanhun

ABŞ bilen Germaniýanyň arasyndaky gatnaşyklar kesilenden soň Antanta ýurtlary başda Hytaýa Germaniýa garşy uruş yglan etmegi maslahat berýärler, ýöne soňra Hytaýyň goşunlarynyň we flotunyň üstünden ýapon gözegçiliginiň ýola goýulmagyndan howatyr edip, Hytaýyň bitaraplygyny talap edýärler. Emma 1917-nji ýylyň 14-nji martynda Antanta döwletlerine, ABŞ-a we Ýaponiýa Hytaýyň Germaniýa garşy uruş yglan etmegini gazanýarlar.

Hytaýyň demokratik we respublikaçy güýçleri premier-ministr Duan Sižuýyň jahan urşuna gatnaşmak bahanasy bilen öz diktaturasyny berkarar etmek isleýändigine tiz göz

ýetirýärler we urşa garşy hereketlere başlaýarlar. Duan Sižuýyň Germaniýa garşy uruş yglan edilmegini parlamentiň üst bilen geçirmäge eden synanyşygy puja çykarylýar. Onuň özi premier-ministr wezipesinden çetleşdirilýär. Ýurduň premier-ministrligine amerikanparaz U Tinfan bellenilýär. Dolandyryjy toparlaryň arasyndaky oňşuksyzlyklardan germanparaz general Çžan Sýun peýdalanýar. Ol barypýatan monarhiýaçy, sinleriň çyn janköýeri bolupdyr. Çžan Sýun, onuň serkerdeleri we esgerleri sinlere wepalylygyň nyşany hökmünde örülen saçlaryny kesmändirler. Prezident Li Ýuanhunyň goşuny bilen Týanszine gelmek baradaky çakylygyndan peýdalanyp, Çžan Sýun goşunlaryny Pekine girizýär we Sin nesilşalygynyň häkimiýetiniň dikeldilýändigi yglan edýär. Pu I ýene-de tagta çykýar, özgertmeleriň tarapdarlarynyň lideri Kan Ýuweý bolsa onuň baş geňeşdaryna öwrülýär. Ýaponiýanyň goldamagynda Duan Sižuý beýýanly militaristleriň güýçlerini bir ýere jemlemegi we Çžan Sýunyň topalaňyny basyp ýatyrmagy, Li Ýuanhunay bolsa prezidentlikden gidirmegi başarýar. Ýurduň prezidentiniň borçlaryny general Fen Goçžan öz üstüne alýar. Öz ýagdaýyny berkidip Duan Sižuýyň hökümeti 1917-nji ýylyň 14-nji martynda Germaniýa garşy uruş yglan edýär.

Ýuan Şikaý aradan çykandan soň Sun Ýatsen Ýaponiýadan Hytaýa dolanýar. Halkyň içinde uly abraýy bolansoň ony prezidentiň permany bilen «Hyzmatlary üçin» diýen orden bilen hem sylaglaýarlar. 1917-nji ýylyň iýulynda Sun Ýatsen Guançžoua gidýär. 25-nji awgustda Guançžouda Duan Sižuý tarapyndan dargadylan parlamentiň wekilleri ýygnanyp, Günorta Hytaýyň harby hökümetini döretmek, onuň başlyklygyna bolsa generalissimus derejesi berlen Sun Ýatseni bellemek barada karar kabul edilýär. Harby hökümetiň düzümine esasan ýunnanly, guansili we syçuanly militaristleriň wekilleri girizilýär. Bu döwürler Sun

Ýatseniň Gomindan partiýasynyň abraýy has-da peselýär, ol ne halkyň içinde goldawa eýe bolýardy, ne-de onuň pul serişdeleri bardy. Üstesine-de, harby hökümetiň düzümindäki militaristik toparlar hem özara oňuşmandyrlar. Emele gelen ýagdaýda Sun Ýatsen iş başyndan gitmegi ýüregine düwýär we Şanhaýa gidýär. Hytaýda rewolýusion-demokratik hereket çuň çökgünlige düşýär.

## § 8. Ýaponiýa XIX asyryň ahyrlarynda - XX asyryň başlarynda

**Buržuaz özgertmeleri.** 1867-1868-nji ýyllaryň wakalarynyň netijesinde imperatoryň häkimiýetiniň dikeldilmegi bilen Ýaponiýada syýasy, ykdysady we medeni ähmiýetli giň özgertmeler amala aşyrylyp başlady. Feodal toparlanyşyklarynyň ýurdy köp sanly daýmýolyklara (ýarym özbaşdak beglikler) bölmäge gönükdirilen hereketleri döwletiň bitewiligine uly howp salýardy. Şonuň üçin hem imperatoryň häkimiýeti dikeldilen badyna ýurtdaky daýmýolyklaryň ählisi ýatyryldy. 1870-1872-nji ýylarda ýatyrylan daýmýolyklaryň ornuna täze dolandyryş-çäk birlikleri – ken (welaýat) we Tokio, Kiota hem-de Osaka ýaly üç sany paýtagt welaýatlary (fu) girizildi. Daýmýolaryň häkimiýetiniň soňuna çykan täze dolandyryş ulgamy ýurtda iri maýa goýum önümçiligine esaslanýan ykdysady gatnaşyklary mundan beýläk ösdümegiň hatyrasyna amala aşyrylypdy.

1872-nji ýylyň martynda hökümetiň karary esasynda üç sany gatlak: öňki daýmýolardan we kugeden - begzadalar (kadzoku); samuraýlardan - gullukçylar (sidzoku); ilatyň galan böleginden bolsa ýönekeý halk (heýmin) gatlaklary döredilýär. Görnüşi ýaly samuraýlar özleriniň durmuş artykmaçlyklaryny elden bermändirler. Döwlet edarasynyň

ähli basgançaklarynyň gulluk wezipeleri diýen ýaly samuraýlar gatlagyndan düzülipdir. Ýokary döwlet wezipelerine, goşuna we flota baştutanlyk etmeklik sýogunyň esasy garşydaşlary bolan Sasuma we Týosýu daýmýolyklarynyň wekillerine bermeklik däbe öwrülýär. Sasumanyň wekilleri flota, Týosýunyňkylar bolsa goşuna serkerdelik edýärdiler.

1872-nji ýylda ählumumy harby borçlylyk girizilip, ol samuraýlaryň goşundaky agalygynyň soňuna çykýar. 1873-nji ýylda Tokioda harby akademiýa açylýar. Akademiýada fransuz harbylary tarapyndan ýapon goşunynyň serkerdeler düzümi taýýarlanylyp başlaýar. Iňlis serkerdeleri harby-deňiz akademiýasynda we harby-deňiz inženerçilik mekdebinde sapak berýärdiler. Ýaponiýanyň goşunlary ýewropa nusgasynda we tertibinde döredilse-de, onuň ruhy-ahlak we aňyýet esaslary orta asyr samuraýçylyk ahlagy esasynda alnyp barylýardy. Şunda «busido» (esgeriň ýörelgesi), sintoizm we tennoçylyk (ýapon imperatoryna çäksiz söýgi bildirmeklik we oňa wepaly gulluk etmeklik) ýaly däpler we dessurlar giňden ulanylýardy.

1872-1873-nji ýyllaryň ýer özgertmesi hökümetiň amala aşyran çäreleriniň iň ähmiýetlilerinden biridi. Obada maýa goýum önümçiligini ösdürmäge, bazar ykdysadyýetini ýola goýmaga ýardam etmek bilen hökümet ýer eýeleriniň we daýhanlaryň ýagdaýyny berkitmäge çalşypdyr. 1872-nji ýylda ýeri satmaga we satyn almaga resmi taýdan ygtyýar berilýär. 1873-nji ýylda köp sanly feodal ýygymlary we borçlary ýatyrylyp, olaryň ornuna pul görnuşinde tölenilýän ýeke-täk ýer salgydy girizilýär. Ýer salgydynyň möçberi ýeriň bahasynyň 3%-ne barabar bolup, ol ýerden öndürilen hasylyň möçberine ýa-da mukdaryna bagly bolmandyr. Kokudakanyň (tüwi salgydy) ornuna hem pul salgydy alnyp başlaýar.

Ýer salgydyndan gelýän girdejiler ýurduň döwlet büjetiniň 80%-ni tutupdyr. Agrar özgertmesiniň netijesinde Ýaponiýada gurply daýhan hojalyklarynyň uly topary kemala geldi. Geçirilen çäreleriň netijesinde ýapon daýhanlarynyň aglaba köpçüligi uly bolmadyk ýer paýlaryna eýe boldylar. Bu bolsa ýapon obasynda ilatyň ýaşaýyş-durmuşyny gowylandyrmak bilen baglanyşykly ep-esli netijeleriň gazanylmagyna ýerdam etdi. Oba hojalyk pudagynda amala aşyrylan oňyn işler feodal begzdalaryny ýurduň jemgyýetçilik durmuşyndan doly diýen ýaly gysyp çykardy we obada bazar gatnaşyklarynyň ösüşine giň ýol açdy.

**Samuraýlaryň hökümete garşy çykyşlary.** Ýaponiýada amala aşyrylýan buržuaz özgertmeleri iri maýa goýum önümçiliginiň ösüşi üçin amatly şertleri döredýärdi. Kemala gelip ugran buržuaz gatlagyň dolandyryjy toparlaryň arasyndaky orny we ähmiýeti ýyl-ýyldan berkeýärdi. Emma samuraýlaryň döwlet edarasynda ýokary wezipeleri eýelän toparlaryndan galan bölegi ýurduň sosial-ykdysady durmuşynda özüne mynasyp orun eýeläp bilmeýärdi. Şonuň üçin täze şertlerde amala aşyrylýan özgertmelere garşy çykmak, köne feodal tertip-düzgünlere gaýdyp barmaklyk, samuraýlar gatlagynyň esasy böleginiň baş maksadyna öwrüldi.

XIX asyryň 70-nji ýyllarynda sanuraýlar hökümete garşy topalaňlary turuzdylar. Olar özgertmeleriň ýatyrylmagyny, samuraýlaryň döwlet durmuşyndaky öňki ornunyň dikeldilmegini talap edýärdiler. Harby borçlylyk hakynda täze kanunyň kabul edilmegi topalaňlaryň turmagyna getiren esasy sebäpleriň biridi. Bu kanun samuraýlary ýarag götermäge bolan artykmaç hukuklaryndan we olaryň ýapon jemgyýetiniň sosial gurluşyndaky agalyk ediji ýagdaýyndan mahrum edýärdi. Samuraýlar ýapon hökümetiniň alyp barýan daşary syýasatyndan hem nägilediler.

Samuraýlaryň çykyşlaryna Sasuma welaýatynyň wekili, bir döwürde hökümetde harby ministriň wezipesini eýelän Saýgo Takamori baştutanlyk etdi. Döwletiň syýasy we ykdysady durmuşynda buržuaz gatlaklaryň täsiriniň güýçlenýändigine göz ýetirip, Saýgo Takamori Ýaponiýany güýçlendirmek üçin goňşy ýurtlara garşy basybalyjykly uruşlaryň guralmagyny göz öňünde tutup, ýörite maksatnama işläp düzýär. Ol basybalyjylykly uruşlaryň hasabyna ýurduň syýasy durmuşynda samuraýlar gatlagynyň abraýyny we ähmiýetini ýokarlandyrmak isleýärdi. Şu maksat bilen 1872-nji ýylda ýaponlar tarapyndan Rýukýu adalary basylyp alynýar (1879-njy ýyldan Ýaponiýanyň Okinawa welaýaty), 1876-njy ýylda bolsa Koreýany öz «gapylaryny açmaga» mejbur edýärler. 1874-nji ýylda ýapon balykçylarynyň bähbitlerini goramak bahanasy bilen Taýwana harby-deňiz ýörişi geçirilýär.

Samuraýlaryň çykyşlarynyň turmagyna pensiýalaryň bir wagtlaýyn tölegi hem sebäp bolupdyr. Öňler daýmýolara we samuraýlara ömürlik pensiýa bellenilen bolsa, 1873-nji ýylda hökümet olara birnäçe ýylyň pensiýasyny (pensiýanyň ýaryny pul görnüşinde, ýaryny bolsa döwlet karzynyň kagyzlary bilen tölemeklik göz öňünde tutulypdyr) bir wagtda almaga meýletin razylaşmagy teklip edýär. Sebäbi hökümet şeýtmek bilen samuraýlary senagatda, bank işinde, söwdada, oba hojalygynda we beýleki ugurlarda işewirlige çekmäge çalyşýardy. 1876-njy ýylda ýapon hökümeti pensiýalaryň bir wagtlaýyn tölegini (pensiýalaryň 5-14 ýyllyk mukdaryny) mejbur etmek arkaly tölemeklige girişýär. Emma diňe harby iş bilen meşgullanan samuraýlaryň aglaba köpçüliginde «esgerlere gelişmeýän pişeler» bilen meşgullanmaga bolan islegler bolmandyr. Netijede 1877-nji ýylda Saýgo Sasuma welaýatynda hökümete garşy gozgalaň turuzýar. Emma Ýaponiýanyň taryhynda «sasuma urşy» adyny alan bu gozgalaň 1877-nji

ýylyň sentýabrynda hökümet goşunlary tarapyndan basylyp ýatyrylýar. Gozgalaňyň basylyp ýatyrylmagy hökümet tarapyndan amala aşyrylýan özgertmeleriň ähmiýetini, şeýle hem samuraý ýygynlary bilen deňeşdirilende hemişelik ýapon goşunlarynyň doly artykmaçlygyny aýan etdi.

**XIX asyryň 70-80-nji ýyllarynda Ýaponiýanyň senagat taýdan ösüşi.** XIX asyryň 80-nji ýyllary Ýaponiýa üçin senagatyň çalt depginler bilen ösýän döwri boldy. 1867-1868-nji ýyllaryň wakalaryndan soňky geçen on ýylyň içinde ýurtda 500-e golaý senagat kärhanalary guruldy. Senagat önümçiliginde döwlet kärhanalary uly ähmiýete eýediler. Emma tiz wagtdan hökümet hususy senagatçylygy ösdürmek we işewürligi höweslendirmek syýasatyna geçmäge we döwlet kärhanalaryny hususyýetçilere satmaga girişdi. 1880-nji ýylyň güýzünden başlap hökümet ýurduň belli işewürlerine, hökümetiň buýurmalaryny ýerine ýetirýän, döwlete karz pullary berýän firmalara senagatyň göreldeli kärhanalar diýilýänlerini satyp ýa-da kärendä berip başlady. Olaryň arasynda Missui, Misubisi, Furukawa, Ýasuda, Asano, Kawasaki ýaly belli firmalar bardy. Hökümet Asiodaky mis magdan känini diýseň elýeterli şertlerde Furukawa firmasyna, Nagasakidäki iň uly gämi gurluşyk zawodyny, Ikunadaky kümüş känini we Hokkaýdonyň kömür känlerini Misubisi firmasyna satýar. Ýaponiýanyň hökümeti öz işewürlerini ýakyndan goldaýardy, munuň üçin olara ýeňillikli şertlerde karzlary berýärdi. Bu bolsa ýerli senagaty daşary ýurtly işewürleriň ýiti bäsleşiginden goraýardy. Ýöne ýurtda esasan ýeňil senagat, has hem dokma senagat ösüpdir.

Ýapon hökümeti birinji nobatda harby maksatlar üçin


Itagaki Taýsuke

işleýän kärhanalary maliýeleşdirýärdi, ulag we aragatnaşyk pudaklarynyň ösüşine ýardam edýärdi. XIX asyryň 70-nji ýyllarynda ýurtda döwlet serişdeleriniň hasabyna demir ýollaryň gurluşygy başlandy. 1872-nji ýylda Ýaponiýada Tokiýo-Kanagawa aralygynda ilkinji demir ýol gurlup ulanylmaga berilýär. Netijede 1882-1890-njy ýyllar aralygynda ýurduň demir ýollarynyň umumy uzynlygy 2190 kilometre ýetdi. Emma iri maýa goýum önümçiligi çalt depginler bilen össe-de, Ýaponiýa Günbataryň iri senagat döwletlerinden görnetin yza galýardy. Ýaponiýada esasan ownuk we kiçijik kärhanalar agdyklyk edýärdi. Ýaponiýanyň ykdysady taýdan yzagalaklygy daşary söwdanyň geriminde-de has aýdyň görünýärdi. Daşary bazara esasan oba hojalyk önümlerini çykarylyp, ýurduň özüni taýýar harytlar getirilýärdi. Senagatyň daşary ýurt çig mallaryna ýiti mätäçligi, içerki çig mal gorunyň garyplygy, şeýle hem içeri söwdanyň geriminiň darlygy tiz wagtdan Ýaponiýanyň daşary syýasatynda basypalyjylykly meýilnamalaryň işlenilip düzülmegine getirýär.

**Ýaponiýada ilkinji syýasy partiýalaryň döremegi.** Buržuaziýanyň ykdysady ýagdaýynyň berkemegi ýurtda syýasy işjeňligiň artmagyna sebäp bolýar. Ýapon buržuaziýasynyň syýasy işjeňliginiň güýçlenmegi «Dziýu minken undo» («Halk hukugy we azatlygy ugrunda hereket») atly hereketiň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly boldy. Bu hereket konstitusiýanyň kabul edilmegini, parlamentiň çagrylmagyny, daşary ýurtlylar bilen baglaşylan 1854-1858-nji ýyllaryň adalatsyz şertnamalarynyň ýatyrylmagyny talap edýärdi. Bu herekete iri hem-de orta buržuaziýadan başga-da, ýurduň intelgensiýasynyň wekilleri, ownuk buržuazlar gatlaklary hem köpçülikleýin gatnaşýardylar. Hereketiň işjeňliginiň netijesinde XIX asyryň 80-nji ýyllarynyň başlarynda Ýaponiýanyň käbir ýerlerinde gozgalaňlar hem bolup geçýär. Şeýle şertlerde

ýurtda ilkinji syýasy partiýalar döräp başlady. 1881-nji ýylda Itagaki Taýsuke (1837-1919) tarapyndan baştutanlyk edilýän orta we ownuk ýer eýeleriniň Rikken dziýuto (Konstitusion liberal partiýa) ýa-da ýöne Dziýuto (Liberal partiýa) partiýasy peýda bolýar. Iri ýer eýeleriniň we oba telekeçileriniň bähbitlerini aramak bilen Dziýuto ýer salgydynyň möçberiniň peseldilmegini talap edýärdi, ykdysady syýasatda hökümetiň diňe döwlet emeldarlaryna we samuraý toparlaryna daýanmagyna aç-açan garşy çykýardy. Bu partiýany Misui firmasy ýakyndan goldaýardy.

1882-nji ýylda Okuma Sigenobu (1838-1922) tarapyndan Kaýsinto (Özgertmeler partiýasy) partiýasy döredilýär. Bu partiýanyň maksatnamasy iri buržuaziýanyň ornuny berkitmek, daşary söwda gatnaşyklaryny giňeltmek, adalatsyz şertnamalaryň ýatyrylmagy, pul özgertmesiniň geçirilmegi, ýapon telekeçileriniň dünýä bazaryna çykmagyny gazanmak ugrunda uly işleri alyp barýardy. Misubisi firmasy bilen berk baglanyşygy bolan bu partiýa iri söwda we maliýe buržuaziýasynyň, telekeçilik bilen meşgullanýan iri ýer eýeleriniň we milli intelligensiýanyň bähbitlerini araýardy. Bu partiýada belli ýapon jemgyýetçilik syýasy işgäri Fukidzawa Ýukiti görnükli orun eýeleýärdi. Fukudzawa günbatar liberalizminiň ideýalarynyň tanymal wagyzçysy bolmak bilen Ýaponiýada fransuz materialistleriniň we iňlis ykdysatçylarynyň eserlerini giňden ýaýradýardy.

«Minken undo» hereketiniň giň gerime eýe bolmagy hökümeti belli begzada Ito Hirobuminiň (1841-1909) ýolbaşçylygynda ýörite iş toparyny döretmäge we ony kanunçylyk tejribesini öwrenmek üçin Günbatar Ýewropa we ABŞ-a ibermäge mejbur edýär. Birnäçe wagta çeken tanyşlykdan soň wekilçilikli edara babatynda pruss parlamenti Ýaponiýa üçin has amatly hasap edilýär. Netijede 1989-njy ýylda Ýaponiýada Prussiýanyň Bismark

tarapyndan işlenilip düzülen konstitusiýasy ýaly baş kanun kabul edilýär.

1889-njy ýylyň konstitusiýasy monarhiýa düzgünini berkidýärdi. Ýapon imeratoryny «mukaddes hem-de eldegrilmesiz» diýip yglan etmek bilen konstitusiýa oňa giň ygtyýarlyklary berýärdi. Imperator uruş we ýaraşyk yglan edýärdi, şertnamalary baglaşýardy, kanun kabul edýärdi we tassyklaýardy, parlament çagyryp ýa-da işini togtadyp bilýärdi, ähli döwlet we harby wezipelere belläp ýa-da aýryp bilýärdi. Ýapon imperatory konstitusiýa boýunça goşunyň we flotyň baş serkerdesidi. Parlament perler we wekiller palatalaryndan durýardy. Perler palatasynda imperatoryň maşgala agzalary, derejeli begzadalar, iň iri salgyt töleýjiler we imperator tarapyndan bellenilýän adamlar mejlis geçirýärdiler. Konstitusiýa bilen bir wagtda çap edilen saýlaw kanuna görä, wekiller palatasyna 25 ýaşdan ýokary we 15 iýenden az bolmadyk möçberde salgyt töleýän ýapon raýatlary (erkek adamlar) saýlanylyp bilnipdir.

Parlamentiň täze kanunlary teklip etmäge, büjeti tassyklamaga hukugy bolupdyr. Emma ministrler kabinety parlamentiň öňünde däl-de, imperatora hasabat beripdir. Şeýle bolansoň, eger-de, parlament büjeti tassyk etmese, hökümet iş başyndan gitmänem bilipdir. Netijede parlamentiň hökümetiň işine gözegçilik edip bilmek mümkinçilikleri çäklendirilipdir. Emma ýurduň buržuaziýasy Sasuma we Týosýu welaýatlarynyň begzadalaryndan we harbylaryndan düzülýän «kowum» hökümetleriniň[5] ýok edilmegini gazanmagy başarýar.

Konstitusiýa boýunça imperatoryň ýanynda ýokary maslahatçy edara – Gizlin geňeş döredilýär.

---

[5] 1867-1868-nji ýylyň Meýdzi rewolýusiýasynyň netijesinde ýapon hökümetiniň başlygy wezipesi şu welaýatlardan bolan tanymal samuraý nebereleriniň – kowumlarynyň eline geçipdi.

**XIX asyryň 70-90-njy ýyllarynda Ýaponiýanyň uruşparaz daşary syýasaty.** Harby kärhanalaryň gurluşygy, ýaraglanşygyň haýdadylmagy we güýçli harby deňiz goşunlarynyň döredilmegi, Ýaponiýanyň goňşylary babatynda uruşparaz syýasat ýöretmegi maksat edinýändigine şaýatlyk edýärdi. Ýaponiýanyň bu syýasaty öňi bilen sebitiň gowşak döwleti bolan Koreýa garşy gönükdirilipdi. Koreýany basyp almak üçin öňi bilen Orsýetiň bitaraplygy gerekdi. Emma bu babatdaky teklip Russiýanyň hökümeti tarapyndan ret edilýär. 1875-nji ýylda rus-ýapon ylalaşygy baglaşylyp, şindi halkara hukugy tarapyndan haýsy döwlete degişlidigi kesgitlenilmedik Sahalin adasy[2] Russiýanyň ýeri diýlip yglan edilýär we onuň günortasyna Russiýa, Kuril adalaryna bolsa Ýaponiýa eýe bolýar.

1876-njy ýylda Ýaponiýanyň hökümeti Koreýanyň boýnuna adalatsyz şertnama dakyp, döwletara söwda gatnaşyklarynda agalyk ediji artykmaçlyklara eýe boldy. 1882-1884-nji ýyllarda Ýaponiýa Hytaýyň täsirinden çykmagy niýet edinýän koreýaly döwlet işgärleriniň ýaponparaz syýasatyndan peýdalanyp Koreýanyň içinde ornaşmagy başardy. Şol bir wagtyň özünde Ýaponiýa hytaýlylary Koreýadan gysyp çykarmagy maksat edinip, Hytaýa hem basyş edip ugrady. 1885-nji ýylda Týanszinde ýapon-hytaý şertnamasy baglaşylyp, taraplaryň ikisi hem özara ylalaşmazdan, öňden Hytaýyň ýapjasy hasap edilip gelýän Koreýa goşun salmazlyga borçlandylar. Emma ýapon tarapynyň bu hereketi syýasy öwrümdi. Şebäbi Ýaponiýa şeýdip Hytaýy Koreýadan gysyp çykarmagy we bu ýurtda özi hojaýynçylyk etmekligi niýet edýärdi. 1893-nji ýylda Koreýada daýhanlaryň köpçülikleýin çykyşlary bolup geçýär. Bu çykyşlary basyp ýatyrmak üçin Koreýanyň

---

[2] Sahalin adasynyň demirgazygyna Russiýa, günortasyna bolsa Ýaponiýa eýelik edýärdi.

hökümeti kömek bermegini sorap Hytaýa ýüz tutýar. Hytaý goşunlarynyň Ýaponiýa bilen ylalaşmazdan Koreýa salynmagyny ýapon hökümeti Týanszin şertnamasynyň gödek bozulmasy hökmünde häsiýetlendirdi we öz goşunlaryny Koreýa ýarym adasynda düşürdi. Tiz wagtdan ýapon goşunlary Koreýanyň möhüm merkezlerini eýeledi.

Ýaponlar tarapyndan döredilen koreý hökümeti hytaý ýapjalygynyň ýatyrylýandygyny we ýurduň garaşsyzlygynyň yglan edilýändigini jar etdi. Bu hökümet hem ýardam bermegini sorap Ýaponiýa ýüz tutdy. 1894-nji ýylyň 25-nji iýulynda uruş yglan etmezden ýapon harby gämisi Koreýa hytaýly esgerleri alyp barýan iňlis gämisini gark etdi we ýapon goşunlary Koreýa çozup girdi. Uruş hereketleri soňra Hytaýyň ýerinde ýaýbaňlandy. Bu uruşda Hytaý Ýaponiýadan masgara bolup ýeňildi. 1895-nji ýylyň 17-nji aprelinde Ýaponiýanyň Simonoseki şäherinde ýaraşyk şertnamsy baglaşylyp, Hytaý Koreýanyň garaşsyzlygyny ykrar edýär; Taýwan adasy, Peskador adalary we Lýaodun ýarym adasy Ýaponiýa berilýär; Ýaponiýa 300 million iýena töleg tölemäge borçlanýar; ýapon gämilerine söwda işleri we beýleki maksatlar üçin birnäçe portlary açmaga we Ýanszy deryasy boýunça erkin ýüzmäge ygtyýar edilýär we başgalar. Bulardan başga-da Ýaponiýa Hytaýyň ýerinde senagat kärhanalaryny gurmaga we dürli enjamlary getirmäge mümkinçilik alýar. Emma Germaniýa, Fransiýa we Russiýa Ýaponiýanyň güýçlenmeginden çekinip, ony Lýaodun ýarym adasyndan we käbir artykmaçlyklardan el çekmäge mejbur etdiler.

Ýaponiýanyň Koreýadaky täsiri güýçlendi. Bu döwürde Koreýada Russiýa hem ornaşmaga jan edýärdi. Emma ýaponlar tarapyndan koreý patyşa aýaly Min Hatynyň öldürilmegi we koreý patyşasynyň Seuldaky rus ilçihanasyna gaçyp barmagy iki döwletiň arasyndaky duşmançylygy has hem güýçlendirdi.

**Ýaponiýanyň ösüşiň imperialism zamanyna gadam basmagy.** Ýapon-hytaý urşy Ýaponiýanyň mundan beýläkki ösüşinde möhüm ähmiýete eýe boldy. 1894-1899-njy ýyllarda ýapon senagatyna goýulan maýa goýumlarynyň mukdary üç esse artdy, daşary söwdanyň gerimi has-da giňedi. Gysga taryhy döwrüň içinde 1854-1858-nji ýyllaryň adalatsyz şertnamalary tarapyndan özbaşdaklygy çäklendirilen Ýaponiýanyň özi dünýäniň kuwwatly döwletleriniň birine öwrüldi.



Min Hatyn

XX asyryň başlary Ýaponiýa üçin ösüşiň imperializm tapgyryna geçip başlamagy bilen häsiýetlendirilýär. Muňa 1897-nji ýylyň maliýe krizisi uly itergi berdi, şunda ýüzlerçe ownuk kärhanalar tozdy. Bu ýagdaýyň özi kapitalyň merkezleşmegine (maýalaryň bir ýerde ýygnanmagy) we önümçiligiň konsentrilenmegine (önümçilik serişdeleriniň, işçi güýjüniň we önüm çykarlyşynyň iri konsernlerde jemlenmegi) getirdi. Imperializmiň käbir alamatlary Ýaponiýada eýýäm XIX asyryň ahyrlarynda ýüze çykyp

ugrapdy. Bu döwürde ýurduň hökümetiniň ýakyndan ýardam bermeginde iri ýapon kensernleri (Missui, Misubisi, Sumitoma) döredi, daşary ýurtlara maýa çykarylyp ugrady. 1904-nji ýylyň ýanwarynda Ýaponiýa Hytaýa ilkinji daşary yurt karzyny - 3 million iýena berdi. Bu karzy Ýaponiýa Hytaýyň Daýe magdanly ýerlerini özleşdirmek we özüniň Kýusýu adasyndaky metallurgiýa zawodyny çig mal bilen üpjün etmek üçin beripdi.

1905-1907-nji ýyllarda Ýaponiýada senagat öwrülişigi tamamlanýar, ýöne ykdysadyýetde öňküleri ýaly ownuk kärhanalar agdyklyk edýärdi. Şunda kärhanalar öndürýän önümleri boýunça iki topara bölünýärdiler: demir, dokma önümlerini we gämileri iri senagat kärhanalary, önümleriň galan görnüşlerini bolsa ownuk kärhanalar, manufakturalar we öý hünärmentçiligi öndürýärdi. 1894-nji ýylda Ýaponiýa Ýewropa döwletleri we ABŞ bilen gepleşikleri geçirip, adalatsyz şertnamalaryň käbir maddalaryna gaýtadan seredilmegini gazandy, hususanda, daşary ýurtlylaryň eksterritoriallygy ýatyryldy. 1899-njy ýylda Ýaponiýa gümrük garaşsyzlygyny dikeltdi we şu mesele bilen baglanyşykly syýasaty özbaşdak kesgitläp ugrady. Netijede, 1911-nji ýyla çenli döwletara we halkara gatnaşyklarynda Ýaponiýanyň hukuklary şol döwrüň iri döwletleriniňki bilen deňleşdirildi.


Taro Kasuro

1900-nji ýylda Ýaponiýa ýewropa ýurtlary bilen bileleikde Hytaýda ihetuanlaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmaga gatnaşdy. Şunuň bilen bir hatarda Hytaýda we

Koreýada ornaşmagyň üstünde iri döwletleriň arasynda özara gapma-garşylyklar hem ýitileşýärdi.

**1904-1905-nji ýyllaryň rus-ýapon urşy.** XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başynda Ýaponiýa we Russiýanyň Koreýanyň üstünde özara bäsleşýärdiler. Emma ýaponlar tarapyndan koreý patyşa aýaly Min Hatynyň öldürilmegi we koreý patyşasynyň Seuldaky rus ilçihanasyna gaçyp barmagy iki döwletiň arasyndaky duşmançylygy has hem güýçlendirdi.

1901-nji ýylda iş başyna geçen Kasuranyň hökümeti Russiýa garşysy urşa ykjam taýýarlyk görüp başlady. Elbetde, Russiýanyň hökümeti Ýaponiýa bilen gatnaşyklary düzgünleşdirmekde, Hytaýda we Koreýada rus-ýapon täsir zolaklary kesgitlemekde tagallalary edýärdi. Emma gepleşikler uzaga çekmedi. 1904-nji ýylyň 8-nji fewralynda admiral Togonyň baştutanlygyndaky ýapon eskadrasy Port-Arturdaky rus gämileriniň üstüne çozdy. Russiýanyň Hytaýdan kärendesine alan iri porty – Port-Arturyň gabawy başlandy. 1904-nji ýylyň 10-njy fewralynda Ýaponiýa Russiýa garşy uruş yglan etdi.

1904-nji ýylyň awgustynda Lýaoýanyň eteginde ýaponlar gury ýerde rus goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar etdiler, 1905-nji ýylyň 2-nji ýanwarynda bolsa Port-Artur ýapon goşunlary tarapyndan eýelenildi. 1905-nji ýylda Mukdeniň etegindäki söweşde hem rus goşunlary ýeňlişe sezewar boldy, şol ýylyň 28-nji maýynda Baltika deňzinden Uzak Gündogara gelen rus eskadrasy hem Susima bogazynda derbi-dagyn edildi. Şu söweş bilen rus-ýapon urşy hem tamamlandy. 1904-1905-nji ýyllaryň rus-ýapon urşynda Russiýanyň Uzak Gündogardaky täsirine agyr zarba urlan-da bolsa, Ýaponiýanyň özi hem agyr ýagdaýa düşüpdi. Russiýa garşy uruş hereketlerine baş serkerdelik eden Oýamanyň we marşal Ýamagatanyň premýer-ministr Kasuranyň adyna 1905-nji ýylyň martynda ýazan hatlarynda Russiýa garşy

urşy dowam etdirmek üçin goşmaça ummasyz köp maliýe we harby serişdelerini, şeýle hem adam güýçlerini çekmeklik soralýardy. 1905-nji ýylyň 31-nji maýynda daşary işler ministri Komura tarapyndan Waşingtondaky ýapon wekiline ABŞ-nyň Prezidenti Teodor Ruzwelde Russiýa bilenÝaponiýanyň arasyndaky gepleşiklerde araçy bolup bermegini sorap ýüz tutmaklyk tabşyryldy.

1905-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda birnäçe günläp dowam eden gepleşiklerden soň Portsmutda (ABŞ) Ýaponiýa bilen Russiýanyň arasynda parahatçylykly şertnama baglaşyldy. Portsmut ýaraşyk şertnamasyna görä Russiýa Koreýadan gysylyp çykaryldy we Koreýanyň üstünden ýapon protektoratlyk düzgüni girizildi. Kwantun kärende welaýaty Port-Artur (Lýuýşun) hem-de Dalniý (Dalýan) bilen bilelikde we Hytaý Gündogar demir ýoluňyň günorta şahasy Ýaponiýanyň eline geçdi. Ýaponiýa Sahalin adasynyň günorta bölegine eýe boldy we öň Russiýanyň ýeri hasap edilen suwlarda balyk tutmaga hukuk gazandy.


Ýapon goşunlarynyň Lýaodun ýarym adasynda düşürilişi

**Ýaponiýa birinji jahan urşunyň öňisyrasynda we uruş ýyllarynda.** Rus-ýapon urşunyň tamamlanmagy Ýaponiýanyň taryhynda täze döwrüň başyny başlady. Onuň

esasy netijesi Ýaponiýanyň dünýäde iň kuwwatly döwletleriň biri hökmünde ykrar edilmegi boldy. Ýaponiýanyň iri döwletlerdäki wekilleri indi adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçi diýlip atlandyrylýardy.

Portsmut ýaraşyk şertnamasy baglaşylandan soň Ýaponiýa Hytaý we Koreýa babatynda gazanylan ylalaşyklary doly derejede amala aşyryp başlady. 1905-nji ýylyň dekabrynda Hytaý bilen Ýaponiýanyň arasynda Pekin şertnamasyna gol çekilip, ýapon telekeçileri üçin ýurduň birnäçe portlary açyldy, Mukden-Andun demir ýolunyň gurluşygy ýaponlara konsessiýa berildi, Ýalu derýasynyň boýlaryndaky tokaýly ýerleri özleşdirmek üçin ýapon-hytaý paýdarlar jemgyýeti döredildi.

Rus-ýapon urşunyň netijelerini Ýaponiýa Koreýany eýelemek üçin ulandy. 1905-nji ýylyň 17-nji noýabrynda Ýaponiýa zor bilen Koreýanyň boýnuna protektoratlyk düzgünini dakdy. Şol ýylyň dekabrynda ýapon hökümeti Seulda baş rezidentiň wezipesini girizdi we bu wezipä Ito Hirobumini belledi. Baş resident Koreýanyň içeri we daşary syýasaty bilen meşgullanýardy, Koreýada ýerleşýän ýapon goşunlaryna serkerdelik edýärdi. Ýaponlaryň eden-etdiliklerinden ýurduň ilatynyň giň gatlaklary nägile bolýardylar. Koreýanyň patyşasy ýaponlardan gizlinlikde Gollandiýanyň Gaaga şäherinde geçýän halkara maslahatyna gatnaşyjy döwletlere öz ýurdunyň garaşsyzlygyny


Portsmutda rus-ýapon şertnamasyna gol çekilmegi

dikeltmäge ýardam etmeklerini sorap ýüz tutdy. Emma koreý wekilleri maslahata goýberilmedi. Şundan soň ýaponlar patyşany mirasdüşer şazadanyň peýdasyna tagtdan el çekmegi talap etdiler, netijede baş rezidentiň ygtyýarlyklary has hem giňedi. 1909-njy ýylda Itonyň koreý watançysy tarapyndan öldürilmegini bahanalap, Ýaponiýa Koreýada zabun jeza çärelerini geçirdi. Munuň bilen hem kanagat etmän Ýaponiýa Koreýanyň özbaşdaklygynyň doly ýatyrylýandygyny yglan etdi. 1910-njy ýylyň 22-nji awgustynda koreý patyşasy ýapon imperatorynyň peýdasyna öz häkimiýetinden müdümilik el çekýandigi hakyndaky resminama gol çekdi.

Urşuň dowam edýän edýän döwründe we uruşdan soň Ýaponiýanyň ykdysady ýagdaýy pugtalandy. Senagaty, aýratyn hem ulag ulgamyny ösdürmek üçin amatly şertler döredi. 1905-1907-nji ýyllarda suwa goýberilýän gämileriň sany ep-esli artdy. Ykdysadyýetiň eksporta niýetlenilen pudaklary ösdi; 1905-1913-nji ýyllarda milli ykdysadyýete goýulýan maýa goýumlarynyň möçberi 4 milliard iýene ýetdi, şolaryň hem ýaryndan gowragy senagata we ulag pudagyna goýuldy. Aýratyn hem metallurgiýa senagaty çalt ösýärdi; rus-ýapon urşundan birinji jahan urşuna çenli metallurgiýa önümleriniň öndürilişi 24 müň tonna bolanlygyndan 228 mün tonna çebli ýa-da tas 10 essä golaý artdy. Emma barybir Ýaponiýa entekler agrar-industrial ýurdy bolup galmagyny dowam


Kataýama

etdirýärdi, senagat önümçiliginde bolsa esasan ýeňil senagat pudagynyň önümleri agdyklyk edýärdi.

1907-1908-nji ýyllarda ýapon ykdysadyýeti dünýä ykdysady krizisiniň döreden kynçylyklaryna döz gelmeli boldy. Krizisiň netijesinde köp sanly ownuk kärhanalar tozdy we ykdysadyýetde önümçiligiň we maýalaryň bir ýere jemlenmesi öňki döwürdäkiden güýçlendi. Krizisden soň Ýaponiýanyň ykdysadyýeti birneme janlandy we bu ýagdaý tä jahan urşy başlaýança dowam etdi. Önümçiligiň mundan beýläk bir ýere jemlenmesi dowam edýärdi. Eger-de, 1909-njy ýylda 500-den köp işçisi bolan kärhanalar ýurduň zawod-fabrikleriniň 20%-ne barabar bolan bolsa, 1914-nji ýylda bu san 25%-e ýetdi. Ýaponiýanyň Missui, Misubisi, Sumitoma, Ýasuda, Sibudzawa, Okura, Asano ýaly iri söwda-maliýe, söwda-senagat maşgala şereketleri we banklary iri konsernlere öwrüldiler. Misui, Misubisi, Ýasuda konsernleri senagatyň dürli pudaklarynda, içeri we daşary söwdada öz şahamçalaryny döredip, milli ykdysadyýetiň osüşini öz gözegçiliklerinde saklaýardylar.

Ýaponiýanyň ykdysady ösüşi onuň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna hem güýçli täsir edýärdi. Şindi 1900-nji ýylda Ito Hirobumi tarapyndan Seýýukaý (Syýasy dostlaryň jemgyýeti) partiýasy döredildi. Bu partiýa parlamentde hökümetiň esasy daýanjyna öwrüldi. Dziýuto pariýasynyň agzalarynyň esasy köpçüligi täze dörän partiýanyň düzümine goşuldy. 1913-nji ýylda Kasura Taro (1847-1913) tarapyndan Dosikaý (Pikirdeşleriň jemgyýeti) partiýasy esaslandyryldy. Bu partiýalaryň ikisi hem iri ýer eýeleriniň we senagatçylaryň bähbitlerini araýardylar.

XIX asyryň ahyrlarynda - XX asyryň başlarynda Ýaponiýada çepçi partiýalar, kärdeşler arkalaşyklary hem peýda boldy. 1881-nji ýylda neşirýatçylaryň ilkinji kärdeşler arkalaşygy peýda boldy. 1901-nji ýylyň maýynda Kataýama Sen (1859-1933) we Kotoku Dendziro (1871-1911)

tarapyndan Ýaponiýanyň sosial-demokratik partiýasy (Sýakaý minsýuto), 1906-njy ýylda bolsa Ýaponiýanyň sosialistik partiýasy (Nihon sýakaýto) döredildi. Emma Ýaponiýanyň şertlerinde işçiler we sosialistik hereketlerini ýaýbaňlandyrmak mümkin däldi. Sebäbi zähmetkeşleriň öz partiýasyny döretmäge, jemgyýetiň aşaky gatlaklarynyň bähbitleri ugrunda göreşmäge bolan islegleri hökümet tarapyndan berk gadagan edilýärdi.

**Ýaponiýa birinji jahan urşy ýyllarynda.** 1914-nji ýylda birinji jahan urşy başlan badyna Ýaponiýanyň hökümeti 1902-nji, 1905-nji we 1911-nji ýyllarda Angliýa bilen baglaşan ýaranlyk hakyndaky şertnamalaryna ygrarlydygyny beýan edip, Germaniýa garşy uruş yglan etdi. Hakykat ýüzünde ýapon harby-syýasy toparlary iki imperialistik toparlarynyň arasyndaky gapma-garşylykdan peýdalanmaga we Uzak Gündogarda giň basybalyşlary geçirmegi meýilleşdirýärdi. Emma, haçan-da, iňlis-german gapma-garşylyklary ýiti ýagdaýa eýe bolanda, Angliýa bilen Ýaponiýanyň arasyndaky ýaranlyk gatnaşyklary gowşady. Muňa-da döwletleriň Hytaýdaky syýasaty sebäp boldy: Ýaponiýa Ýanszy derýasynyň boýlaryna aralaşmagy maksat edinip, iňlisleriň işjeňligini çäklendirmek, ahyr soňunda bolsa olary bu sebitden gysyp çykarmak isleýärdi. Şol bir wagtyň özünde-de, Ýaponiýa Angliýa bilen gatnaşyklary kesip, hökümet derejesinde ysnyşykly gatnaşyklar alnyp barylýan Germaniýanyň tarapynda durup hereket etmekden saklanýardy.

1914-nji ýylyň awgust aýynyň başlarynda ýapon hökümeti, eger-de Angliýa urşa girse, özüniň ýaranlyk hakyndaky borçlaryny ýerine ýetirmäge taýýardygyny beýan etdi. Elbetde, günbataryň döwletleri özleriniň ýewropadaky başagaýlyklaryndan peýdalanyp, Ýaponiýanyň Hytaý babatynda has «işjeň» hereket etjekdigine düşünýärdiler. Ýaponiýa tarapyndan öz üstüne abanýan howpa göz ýetirip,

Hytaý hem öz gezeginde ABŞ-nyň hökümetine uruş hereketlerini diňe ýewropa yklymy bilen çäklendirmegi we Uzak Gündogarda harby hereketleri ýaýbaňlandyrmazlygy haýyş edip ýüz tutdy.

1914-nji ýylyň 23-nji awgustynda Ýaponiýa Germaniýa garşy uruş yglan etdi. Ýaponlaryň harby hereketleri Germaniýa tarapyndan kärendesine alnan Hytaýyň Şandun welaýatyndaky Sindao portuny eýelemek bilen çäklendirildi. Bu uruşda Ýaponiýanyň 2 müň sany esgeri öldürildi we ýaralandy. Ýapon hökümeti emele gelen amatly halkara ýagdaýyndan peýdalanyp, Hytaýy syyasy, ykdysady we harby taýdan özüne tabyn etmägi maksat edinýän «21 talap» bilen Hytaýyň hökümetine ýüzlendi. «21 talap» mazmuny hem-de maksady boýunça bäş sany topara bölünýärdi (Bu barada seret: «Hytaý XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda»). Bu talaplar Hytaýy Ýaponiýanyň tabynlygyna salmagyň özboluşly maksatnamasydy. Bu talaplar günbatar ýurtlarynyň Hytaýdaky orunlaryna hem uly zarba urmagy göz öňünde tutýardy. Emma ne Angliýa, ne-de ABŞ Ýaponiýanyň garşysyna diňe nägilelik bildirmekden başga nähilidir bir çäreleri görmediler. Sebäbi olar talaplarda göz öňünde tutulan ägirt uly işleri amala aşyrmaga Ýaponiýanyň güýji ýetmez öýdýärdiler. Mälim bolşy ýaly talaplaryň bäşinji topary Ýaponiýanyň Hytaýyň üstünden doly agalyk etmegini göz öňunde tutýardy. Maliýe-ykdysady, syýasy we harby meseleler boýunça ýapon maslahatçylarynyň hytaý hökümetiniň düzüminde işläp bilmekleri, Hytaýdaky ýapon ybadathanalarynyň, mekdepleriniň we keselhanalarynyň ýerlerine eýeçiligiň ykrar edilmegi, Hytaýda ýapon-hytaý zawodlarynyň döredilmegi we ýapon inženerleriniň hem-de serişdeleriniň ulanylmagy, Fuszýan welaýatynda demir ýollary gurmaga Ýaponiýa hukuk berilmegi, demir ýollar, portlar guruljak bolnanda ýa-da magdan känlerini açmaklyk

göz öňünde tutulanda Ýaponiýa bilen maslahat edilmegi, Hytaýda ýaponlara dini wagyzlary geçirmäge ygtyýar edilmegi ýaly aç-açan talaplar hatda Günbatar döwletleriniň hem göwnüne ýaramandyr.

Hytaýyň hökümeti barada aýdylanda bolsa, ol ýaponlara ýaragly garşylyk görkezmekden ejiz geldi. Şonuň üçin hem Hytaýyň hökümeti «21 talabyň» ýokarda görkezilen bäşinji toparyndan galanlaryny kabul etmäge mejbur boldy.

## § 9. Koreýa XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda

**XIX asyryň ahyrlarynda Koreýanyň syýasy ýagdaýy.** 1874-nji ýylda Koçžonyň (1864-1907) kämillik ýaşyna ýetendigi sebäpli Towongun iş başyndan gidýär we ýurtdaky häkimiýet täzelikde öýlenen patyşanyň Min neberesinden bolan aýalynyň (oňa «Min hatyn» diýýärdiler) garyndaşlarynyň eline geçýär. Iş başyna gelen täze güýçler Koreýanyň daşary ýurtlar bilen gatnaşyklarda doly açylmagynyň we ýurtda häzirki zaman özgerişleriniň geçirilmeginiň tarapdarlary hökmünde çykyş edýärdiler. Emma täze hökümet koreý portlaryny açmak bilen baglanyşykly kanunlary işläp düzüp ýetişmänkä, Ýaponiýa Kanhwa adasyna harby deňiz goşunlaryny iberip, 1876-njy ýylyň 26-njy fewralynda Koreýany kemsidiji şertnama gol çekmäge mejbur edýär.

Ýapon-koreý şertnamasy boýunça ürduň üç porty - Pusan, Çemulpo (Inçhon) we Wonsan açylýar. Bu potlarda ýaponlar söwda-senagat işlerini alyp barmaga, Koreýanyň suwlarynda ýüzmäge we oňa degişli suwlarda barlag işlerini geçirmäge erkinlik alýarlar. Kanhwada baglaşylan şertnama ýapon raýatlaryna eksterritoriallyk artykmaçlyklaryny, paç

tölemezden ýapon harytlaryny koreý portlaryna getirmäge we bu ýerlerde ýapon puluny ulanmaga hukuk berýärdi.

1876-njy ýylyň şertnamasynyň Koreýada ýapon agalygynyň berkarar edilmegine getirmegi mümkindi. Şonuň üçin hem 1882-nji ýylyň 22-nji maýynda Koreýa ABŞ bilen hem portlary açmak hakynda şertnama baglaşýar. 1883-1884-nji ýyllarda şeýle şertnamany Koreýa bilen Angliýa, Germaniýa. Italiýa we Russiýa, soňra bolsa Fransiýa baglaşýar. Elbetde, daşary ýurtlar bilen baglaşylan şertnamalar Koreýa dünýä bazaryna, halkara gatnaşyklar ulgamyna çykmaga mümkinçilik berýärdi. Hakykat ýüzünde şertnamalar Koreýanyň bähbitlerine ters gelýän adalatsyz häsiýetdedi. Bu şertnamalar boýunça Koreýa daşary ýurtlar bilen emeli usulda peseldilen gümrük tölegleri esasynda söwda etmäge mejbur edilipdi. Mundan başga-da daşary ýurtlara degişli portlarda öz wekilliklerini döretmäge ygtyýar berlipdi, bu bolsa olara ýurduň içine syýasy hem-de ykdysady taýdan aralaşmaga mümkinçilik berýärdi.

Daşary döwletler bilen söwda şertnamalaryny baglaşyp, Koreýa Günbataryň gazananlaryny ýurtda ornaşdyrmaga girişýär. Şu maksat bilen Ýaponiýa Pak Çon Ýanyň baştutanlygynda ýörite topar ugradylýar. Toparyň maksady ýapon dolandyryş ulgamy, senagat kärhanalarynyň gurluşygy bilen tanyşmak bolup durýardy. Şol bir wagtyň özünde Kim Ýun Siniň baştutanlygynda Hytaýa-da wekiller iberilip, olar goşunyň guralyşy, ýaraglaryň we ok-däriniň öndürilişi bilen tanşypdyrlar.

Döwleti häzirki zaman talaplary esasynda guramagy maksat edinip, hökümet syýasy we harby ulgamlaryň işini üýtgedip guraýar. Şu maksat bilen 12 sany ministrlik we hemişelik goşun döredilýär. Daşary yurt saparlaryndan dolanyp gelen emeldarlaryň teklibi bilen ilkinji zawodlar gurlup başlaýar. Emma ýurtda amala aşyrylýan özgertmelere konfusiýaçylygyň tarapdarlary nägilelik bildirýärdiler. Olar

ýurduň portlarynyň daşary ýurtlylar üçin açylmagyndan hem çuňňur nägilelik bildirýärdiler. Konfusiýaçylar Koreýanyň adaty medeniýetiniň ýewropanyňkydan has ýokarydygyny, şonuň üçin öňi bilen öz medeniýetiňi ösdürmegi talap edýärdiler.

**Koreýada özgertmeler ugrundaky göreşler.** Häzirki zaman özüşleriniň tarapdarlary bilen onuň garşydaşlarynyň arasyndaky jedeller 1882-nji ýylda harby topalaňyň turmagyna getirýär. Günbataryň nusgasy boýunça döredilen täze goşunyň harbylary Koreýanyň köne goşunlarynyň esgerlerinden we serkerdelerinden has gowy şertlerde saklanylýardy. Soňky döwürde köne goşunyň gullukçylaryna ep-esli wagt aýlyk hem tölenilmändir. Netijede esgerleriň nägileleigi gün-günden güýçlenipdir. Azygyň ýerine düzümine cage goşulan hapa tüwüniň berilmegi topalaňyň turmagyna bahana bolýar. Gazaba münen topalaňçylar Min Hatyn (patyşanyň aýaly) tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän özgertmeleriň tarapdarlarynyň hökümetini agdarýarlar we hökümete ýene-de Tewongun gelýär.

Emma Tewonguna hökümeti uzak elde saklamak başartmaýar. Seulda bolan agdarylyşygy eşidip, Hytaýyň hökümeti Koreýa goşun ugradýar. Tewongun tussag edilýär we ýesir edilip Hytaýa äkidilýär, tarapdarlary bolsa jezalandyrylýar. Seulda iş başyna ýene-de Min Hatyn gelýär.

Hytaýlylaryň goldawy bilen iş başyna gelen Min Hatynyň tarapdarlary Koreýany ösdürmäge gönükdirilen syýasaty dowam etdirmäge çalşypdyrlar. Emma Hytaýyň ýurduň içki işlerine gatyşmagy koreý hökümetiniň bu ugurdaky tagallaryny puja çykarýardy. Üstesine-de. 1882-nji ýylyň 30-njy awgustynda Ýaponiýa Koreýanyň boýnuna kemsidiji Çemulpo şertnamasyny dakýar. Bu şertnama boýunça koreý hökümeti bidüzgünçilikler döwründe ejir çeken ýapon raýatlary üçin töleg tölemäge, paýtagtda ýapon

goşunlarynyň ýerleşdirilmegine borçlandyrylýar. Öz gezeginde hytaý hökümeti hem 1882-nji ýylda Koreýanyň boýnuna «Hytaý bilen Koreýanyň arasynda deňiz we guryýer söwdasy hakynda ylalaşygy» dakýar. Ylalaşyk boýunça Koreýanyň Hytaýa tabynlygy, Koreýada hytaýly täjirleriň beýleki ýurtlaryň işewürleriniňki ýaly hukuklary tassyk edilipdir.

Şeýle şertlerde ýurduň syýasy sahnasyna özgertmeleriň tarapdarlarynyň Kim Ok Kýun tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän has radikal topary çykýar. 1884-nji ýylyň ahyrynda olar ýaponlaryň ýardam bermeginde döwlet agdarlşygyny geçirýärler. Kim Ok Kýun we onuň tarapdarlary ýurdy haýal etmän syýasy hem-de ykdysady taýdan galkyndyrmaga gönükdirilin ilkinji nobatda edilmeli işleriň maksatnamasyny işläp düzýärler. Olar aragatnaşyk edarasynyň açylmagy mynasybetli dabaralaryň geçirilýän wagty hökümet goşunlarynyň bir bölegini, şeýle hem ýapon goşunlaryny we patyşa Koçžony zor bilen öz taraplaryna çekip, häkimiýeti basyp alýarlar. Şonda Min Hatynyň tarapdarlarynyň köp sanlysy öldürilýär.

Iş başyna gelen radikallar Koreýany baý hem-de güýçli döwlete öwürmek üçin düýpli özgertmeleri geçirmek isleýärdiler. Olar gatlaklaryň ýatyrylýandygyny, kanun öňünde hemmeleriň deňligini, bitewi maliýe ulgamynyň girizilýändigini, ýer salgydyna gaýtadan serediljekdigini, dolandyryş we syýasy ulgamyň häzirki zaman talaplary esasynda üýtgediljekdigini yglan edýärler. Emma bu özgertmeler amala aşyrylmandyr. Ýaponlardan goldaw alan radikallar öz wadalaryny ýerine ýetirmäge girişmänkäler, häkimiýetden çetleşdirilýär. Bu gezek hem Hytaý goşun iberip Kim Ok Kýunyň hökümetini agdarýar. Häkimiyete ýene-de Hytaýyň tarapdarlary bolan aram özgertmeleriň tarapdarlary gelýärler.

**Koreýada ornaşmak ugrunda imperialistik döwletleriň arasyndaky bäsleşikler.** Kim Ok Kýunyň hökümeti agdarylandan soň, 1885-nji ýylda Hytaý bilen Ýaponiýa Týanszinde şertnama baglaşyp, öz goşunlaryny Koreýadan çykarmak hakynda ylalaşýarlar. Ýöne ylalaşyk boýunça «zerur ýagdaý» ýüze çykanda, ýurtlaryň ikisi hem biri-birine bu barada habardar edip, ýene-de Koreýa goşun salyp bilýärdiler.

Hytaýyň hem-de Ýaponiýanyň täsirini gowşatmak üçin Koreýanyň hökümeti Russiýa bilen gatnaşyklara gyzyklanma bildirip ugraýar. Uzak Gündogarda öz harby-syýasy täsirini berkitmäge dalaş edýän Russiýa hem Koreýanyň Ullyndo adasynda we Masanda harby-deňiz bazasyny edinmegi isleýärdi. Russiýa imperiýasynyň günorta tarap öňe süýşmesiniň öňüni almak üçin Angliýa hem öz gündogar flotuny Koreýanyň kenarlaryna ugradýar we Komundo adasyny basyp alyp, özüniň harby-deňiz bazasyny esaslandyrýar. Emma Russiýa tarapyndan degişli ynandyrmalary eşidenden soň 1887-nji ýylda Angliýa öz flotuny Koreýanyň kenarlaryndan äkidýär.

Koreýanyň çylşyrymly daşary syýasy ýagdaýy ýurduň içeri syýasy ýagdaýynyň durnuksyzlygy bilen utgaşypdyr. Ýurduň kä ol ýerinde, käte-de başga ýerlerinde, halk çykyşlary bolup geçýärdi. 1894-nji ýylda Koreýanyň günortasynda uly gozgalaň turup, oňa daýhan Çon Bon Çžun baştutanlyk edýär. Gozgalaňy basyp ýatyrmaga iberilen hökümet goşunlaryny derbi-dagyn edip, gozgalaňçylar Koreýanyň günorta günbatar-welaýaty bolan Çollanyň tas ähli etraplaryny diýen ýaly eýeleýärler. Gozgalaňy basyp ýatyryp bilmejekdigine göz ýetirip, koreý hökümeti hytaý goşunlaryny kömege çagyrýar, şol bir wagtyň özünde bolsa özgertmeleri geçirmegi wada edip, hökümet gozgalaňçylar bilen gepleşikleri alyp barypdyr. Çon Bon Çžun parahorluk üçin emeldarlara, eden-etdilikler üçin iri ýer eýelerine we

begzadalara temmi berilmegini, gatlaklaryň ýatyrylmagyny, ýerleriň adalatly paýlanylmagyny, döwlet we şahsy bergileriň ýatyrylmagyny, Koreýadan daşary ýurtlylaryň kowulmagyny talap edýär. Hökümet bu talaplary ýerine ýetirmäge razylyk berenden soň Çon Bon Çžun gozgalaňçy goşunlaryny dargadýar. Gozgalaňçylar tarapyndan eýelenilen 53 sany etrapda daýhanlar ýerli dolandyryş edaralaryny döredipdirler we özgertmeleri özbaşdak amala aşyrmaga girişipdirler.

Gozgalaňçylar bilen hökümetiň arasynda ýaraşyk baglaşylandygyna garamazdan ýurda hytaý jeza beriji goşunlarynyň girizilmegi ýapon-hytaý gatnaşyklaryny ýitileşdirýär. Bu ýagdaýy bahana edip Ýaponiýa hem öz gezeginde Koreýa 10 müňlik goşun salýar. Ýapon goşunlary paýtagty eýeläp, Tewongunyň baştutanlygynda oýnatgy hökümet döredilýär. Ýaponlar patysany Hytaýa garşy uruş yglan etmäge mejbur edýärler. Hakykat ýüzünde bu uruş Ýaponiýa bilen Hytaýyň arasynda ýaýbaňlandy, özi hem Hytaýyň ýeňilmegi bilen tamamlandy.


Koreýanyň patyşasy Koçžon (ortada)

Hytaý goşunlary çykyp gidenden soň ýaponlar ýaraglaryny Çon Bon Çžunyň gozgalaňçylaryna garşy gönükdirdiler. Harby hereketlere Koreýanyň oýnatgy hökümetiniň goşunlary hem gatnaşdyrylýar. 200 müňlük goşunlarynyň bolandygyna garamazdan gozgalaňçylar gowy ýaraglandyrylan ýapon goşunlarynyň öňünde durup bilenoklar. Çon Bon Çžun tussag edilýär we soňra jezalandyrylyp öldürilýär.

1895-nji ýylyň 17-nji aprelinde Ýaponiýanyň Simonaseki şäherinde ýapon-hytaý şertnamasy baglaşylýar. Şertnama boýunça Hytaý Koreýanyň garaşsyzlygyny ykrar edýär. 1894-1895-nji ýyllaryň ýapon-hyatý urşy Koreýada Ýaponiýanyň täsiriniň güýçlenmegine getirýär. Ýaponiýanyň talap etmegi bilen hökümet özgertmeleri geçirmäge başlaýar. Özgertmeleriň geçirilmegine ýurduň syýasy güýçleriniň bir topary hem gyzyklanma bildirýärdi. Şu maksat bilen ýurduň hökümeti tarapyndan ýörite döwlet edarasy döredilýär. Bu edaranyň alyp baran işleriniň netijesinde ýeke-täk maliýe ulgamy döredilýär, salgyt syýasaty işlenilip düzülýär, täze ölçegler we agram birlikleri girizilýär.


Garaşsyzlyk küňresi (1898)

Özgertmeleriň netijesinde jemgyýetiň gatlaklara bölünmegi, gulçulyk, yzagalak orta asyr düzgünler ýatyrylýar, ähli raýatlaryň deňligi ykrar edilýär.

Hökümet tarapyndan geçirilýän özgertmeriň Koreýa üçin uly ähmiýeti bardy, ýöne olar ýaponlaryň gönüden-göni gözegçiliginde amala aşyrylýardy, bu bolsa koreý jemgyýetinde amala aşyrylýan özgertmelere ynamsyzlyk döredýärdi. Nägile güýçlere Min Hatyn baştutanlyk edýärdi. Oňa we onuň tarapdarlaryna koreý hökümetinden Tewongunyň baştutanlygyndaky ýaponparaz döwlet işgärleriniň ählisini

kowmak başardýar. Ýaponlar başarjaň hem-de edenli bu zenany öz taraplaryna çekmek üçin birnäçe gezek synanyşyk edipdirler. Emma synanyşyklar netije bermäninden soň 1895-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda Min Hatyn özüniň ençeme kenizleri bilen bilelikde köşge kürsäp giren ýaponlar tarapyndan hakyna tutulan ganhorlar tarapyndan öldürilýär, patyşa bolsa ýaponparaz döwlet işgärleri tarapyndan düzülen täze hökümetiň ýesirine öwrülýär.

**Konsessiýalar ugrundaky bäsleşikler.** Ỳaponlaryň Koreýadaky täsiri gün-günden güýçlenýärdi, şol sebäpden hem 1896-njy ýylyň fewralynda patyşa Koçžon arka gözläp Seuldaky rus wekilhanasyna gaçyp geldi we bu ýerde bir ýyllap oturmaga mejbur boldy. Patyşanyň rus wekilhanasyna gaçyp gelmegi, ýaponlaryň koreý hökümetine basyşyny birneme peselden-de bolsa, ahyr soňunda ol Koreýa üçin ýaramaz netijeler bilen tamamlandy. Koçžonyň çagyryşy boýunça Seulyň ilaty aýaga galyp, ýaponparaz hökümeti iş başyndan kowuldy. Hökümetiň iki sany ministri öldürilýär, galanlary bolsa Ýaponiaýa gaçyp gitdiler. Seulda täze koreý hökümeti düzülýär. Emma Ýaponiýa Russiýa bilen umumy dil tapyp bildi. 1896-njy ýylyň maý-iýun aýlarynda iki döwletiň arasynda Seul memorandumyna[1] we Moskwa protokolyna[2] gol çekildi. Bu resminmalar boýunça taraplar birek-biregiň Koreýada goşun saklamaga we zerur ýagadaýlarda oňa «kömek bermäge» bolan deň derejedäki hukuklaryny tassyk etdiler.

---

[1] Memorandum (lat. memorandum, sözme-söz – ýatda saklamaklyk talap edilýän bir zat) – Haýsydyr bir meseläniň hukuk tarapyny beýan edýän diplomatik resminama.

[2] Diplomatik porotokoly (fransuz. we grek. protocole – golýazma kitabynyň birinji sahgypasy) – Halakara duşuşyklarynda berjaý edilýän düzgünler we dessurlar. Şertnama protokoly – köplenç halatlarda esasy şertnama goşulýan goşmaça resminama.

Iri döwletler Koreýada konsessiýalary almak ugrunda hem özara bäsleşýärdiler. Amerikan maýadarlary 1895-nji ýylda Phýonan welaýatynda altynly ýerleri özleşdirmäge rugsat alanlaryndan soň, Seul-Inçhon demir ýolunyň gurluşygyny, Seulda ýerasty hapa we agyz suw akabalaryny, tramwaý ýollaryny gurmaklygy, elektrik ulgamyny geçirmekligi konsessiýa aldylar. Iňlis işewürleri koreý gümrükhanasyna öz adamlaryny goýup, Koreýanyň içeri we daşary söwdasyny öz gözegçiliklerine almaklygyň hötdesinden geldiler. Fransuz sindikaty ýurduň paýtagtyny demirgazygy bilen birleşdiren Seul-Yýjy demir ýolunyň gurluşygyny amala aşyrmaga, nemes kompaniýasy bolsa Kanwon welaýatyndaky altynly ýerleri özleşdirmäge hukuk gazandylar. Koreýanyň tokaýly ýerlerini özleşdirmeklik, Demirgazyk Koreýada telegraf ulgamyny geçirmeklik rus maýadarlarynyň eline geçdi. Emma konsessiýalaryň agramly köpçüligine ýaponlar eýe boldy. Günorta Koreýadaky telegraf ulgamlary, Seul-Pusan demir ýol gurluşygy, altyn we demir gazylyp alynýan känler, kenarýaka suwlarda balyk tutmak işleri olaryň elinde galdy. Koreýanyň suwlarynda ýüzmekde we ýurduň deňiz söwdasynda ýaponlar agalyk ediji ýagdaýy eýelediler.

**Garaşsyzlyk guramasynyň döredilmegi we azat edijilik hereketi. Koreýa imperiýasynyň döredilmegi.** Daşary ýurtlylaryň täsiriniň Koreýda güýçlenýän döwründe döwlet işgärleriniň we milli intelligensiýa wekilleriniň arasynda garaşsyzlyk ugrynda hereket ýüze çykdy. So Çe Phil, Ýun Çi Ho, Li San Çže garaşsyzlyk guramasynyň baştutanlarydy. Olar Seulda Garaşsyzlyk küňresini (arka) gurdurypdyrlar, gazet döredip, öz garaýyşlaryny giňden wagyz edipdirler. Garaşsyzlyk guramasynyň alyp baran işleri giň halk köpçüligine we milli hökümetiň işine uly täsir edýär. Guramanyň ýolbaşçylary Koreýada konstitusion monarhiýa düzgünini esaslandyrmaga çalyşýardylar, olar

ýurduň daşary syýasatynyň özbaşdaklygy, döwletara we halkara gatnaşyklarynda Koreýanyň bitaraplygy, durmuş syýasatynda bolsa adam hukuklarynyň ykrar edilmegi, her bir adamyň ýaşamaga, erkinlige we deňlige bolan hukuklary ugrunda çykyş edýärdiler.

Birbada hökümet garaşsyzlyk guramasynyň maksatnamasyny kabul etmegi we onda görkezilenleri durmuşa geçirmegi niýet edinýär. Emma tiz wagtdan bu maksatnamada patyşanyň häkimiýetine we dolandyryjy toparlaryň artykmaçlyklaryna abanýan howpa göz ýetirýärler. Gurama dargadylýar, onuň agzalary bolsa jeza çärelerine sezewar edilýär.

Rus wekilhanasynda gizlenen patyşa Koçžon garaşsyzlyk guramasynyň ýolbaşçylarynyň halkyň erk-isleglerini beýan edýän pikirlerine gulak asyp köşgüne dolanyp gelýär. Koçžon ýurduň adynyň üýtgedilýändigi we mundan beýläk onuň Koreýa imperiýasy diýlip atlandyryljakdygyny yglan edýär. Patyşanyň özi hem resmi taýdan imperator adyna eýe boldy. Imperator ýurdy durmuş-ykdysady we syýasy taýdan ösdürmek maksady bilen özgertmeler tapgyryny yglan edýär. Munuň üçin jemgyýetçilik pikirini öwrenýän ýörite edara döredilýär. Garaşsyzlyk guramasyny ýatyryp, onuň agzalarynyň köpüsini tussag edip, hökümet imperatoryň häkimiýetini berkidýär.

1899-njy ýylda hökümet döwlet gurluşy hakynda ýörite jarnama yglan edýär. Jarnama boýunça imperator ýurduň ýaragly güýçleriniň baş serkerdesiniň wezipesine, şeýle hem ýokary kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetlere eýe bolýar. Patyşanyň häkimiýeti hiç bir kanun ýa-da edara tarapyndan çäklendirilmändir. Elbetde, Koreýa imperiýasynyň jar edilmegi we hökümetiň reformatorçylyk hereketi ýurduň halkara abraýyny galdyrypdyr. Emma daşary ýurtlaryň Koreýanyň garaşsyzlygyna uly howp salýan döwründe dolandyryjy toparlaryň arasyndaky

oňşuksyzlyklar özgertmeleri yzygider amala aşyrmaga mümkinçilik bermeýär.

**Rus-ýapon urşy we Koreýada ýapon protektoraty düzgünininiň girizilmegi.** 1904-nji ýylyň başlarynda Ýaponiýanyň Port-Arturdaky rus eskadrasynyň we Koreýanyň Çemulpo (Inçhon) portunda duran gämileriniň üstüne duýdansyz çozuş etmegi bilen rus-ýapon urşy başlaýar. Döwletleriň arasyndaky göreşler Koreýanyň üstünde barýandygy üçin uruş hereketleriniň bir ugry hem Koreýanyň ýerinde ýaýbaňlandy. Urşuň barşynda Ýaponiýa Koreýanyň bitaraplygyny bozup, ýurda iki sany diwiziýasyny saldy we Seuly hem-de onuň töwereklerini eýeledi. 1904-nji ýylyň 23-nji fewralynda Ýaponiýa Koreýanyň boýnuna «koreý-ýapon protokolyny» dakdy. Resminamada göz öňünde tutulan ylalaşyk boýunça ýaponlar Koreýanyň ähli işlerine gatyşyp bilýärdiler, hatda koreýalylar ýapon goşunynda gulluk etmäge degişli edilýärdi. Koreýany eýelemegi ýeňilleşdirmegi maksat edinip, ýaponlar özleriniň Koreýadaky tarapdarlaryndan «Bitewi progressiw jemgyýet» atly syýasy gurama hem döredýärler. Bu gurama ýaponlara Koreýany eýelemäge, ilaty demir ýol we dürli maksatly desgalaryň gurluşyna sürmäge ýakyndan goldaw beripdir.

1905-nji ýylyň 17-nji noýabrynda Ýaponiýa bilen Koreýanyň arasynda baglaşylan şertnama görä Koreýanyň üstünden ýapon protektoratlyk[1] düzgüni girizildi. Koreýany tabynlykda saklamak üçin ýapon hökümeti tarapyndan general Terauti Koreýanyň general-rezidentligine bellenildi. General-rezident islän wagty imperator bilen duşuşyp, hökümetiň islendik ýygnagyna gatnaşyp bilýärdi. General-

---

[1] Protektorat (latyn. *pprotector* sözünden – goragçy, howandar) – kese ýerlilere tabynlygyň bir görnüşi bolup, «howandarlyk edilýän yurt» içeri syýasatda özbaşdaklygynyň käbir alamatlaryny saklap galýar, ýöne onuň daşary syýasaty «howandarlyk edýän döwletiň» ygtyýaryna geçýär.

rezidentiň goldamagynda 1906-njy ýylyň fewralynda Li Wan Ýonyň baştutanlygynda «Bitewi progressiw jemgyýet» guramasynyň agzalaryndan oýnatgy hökümet döredilýär. Garaşsyzlygy howp astyna düşen Koreýanyň imperatory ýaponlaryň eden-etdiliklerinden nägile bolup we ýurduň garaşsyzlygyny dikeltmek maksady bilen 1907-nji ýylyň 15-nji iýunynda öz işine başlan ikinji Gaaga maslahatyna öz wekillerini iberýär. Imperatoryň hereketinden gahar-gazaba münen ýaponlar Koçžony tagtdan agdaryp, ýerine ogly, Li neslinden bolan iň soňky hökümdar - Sunçžony (1907-1910) çykardylar. 1907-nji ýylyň 24-nji iýulynda ýapon hökümeti imperator Sunçžony täze ýapon-koreý şertnamasyny baglaşmaga mejbur edýär. Bu şertnama koreý hökümetini dolulygyna ýapon general-rezidentiniň tabynlygyna geçirdi. Koreý hökümetiniň ministrleriniň orunbasarlarynyň ählisi ýaponlardan bellenildi. Elbetde, Koreýanyň şeýle masgaraçylykly ýagdaýa düşmegi, ýurduň dürli gatlaklarynyň arasynda çuňňur nägilelikleri döredýärdi. Seulda, ýurduň beýleki iri şäherlerinde ýapon agalygyna garşy garşylyk ýörişleri geçirilýärdi, Koreýanyň köp ýerlerinde ýaragly gozgalaňlar hem bolýardy. Koreýaly watançylaryň gozgalaňlary ýapon polisiýasy we goşunlary tarapyndan rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylýardy. 1907-1909-njy ýyllarda jeza beriji goşunlaryň tarapyndan 17 müň watançy öldürilip, 37 müňüsi ýaralanypdyr. Koreýaly watançylar ýaponlara garşy göreşlerde terrorçylyk usullaryny hem ulanýardylar. 1909-njy ýylda koreý watançysy An Çžun Gyn (1879-1910) ýapon general-rezidenti Ito Hirobumini atyp öldürdi.

**Koreýanyň garaşsyz döwlet hökmünde ýaşamagyny bes etmegi we ýapon kolonial düzgüniniň girizilmegi.** 1910-njy ýylyň 22-nji awgustynda ýapon general-rezidenti Terauti bilen koreý hökümetiniň başlygy Li Wan Ýon şertnama gol çekip, Koreýanyň üstünden ýapon kolonial

düzgüni girizilýär. Şertnama boýunça Koreýanyň imperatory Sunçžon ýapon imperatorynyň peýdasyna özüniň ähli häkimýetinden «dolylygyna we müdimilik» el çekýär. Ýurtdaky ähli häkimýet ýapon general-gubernatorynyň eline geçýär. Häkimiýetden el çeken Sunçžon ýaponlaryň pensionerine öwrüldi.

Koreýada ýaponlaryň üç diwiziýasy ýerleşdirip, ýurduň ähli ýerlerinde ýapon žandarm we polisiýa edaralaryny ýerleşdirildi, täze türmeler, konslagerler guruldy. Ýurt eýelenenden soň ýapon poliseý edaralary Koreýada iňňän berk tertip-düzgünleri girizdiler: Koreýada işleýän gullukçylar, harbylar harby eşikde we ýaragly gezýärdiler. Sähelçe nägilelik üçin adamlary tussag edýärdiler. Poliseý eden-etdilikleri sebäpli 1912-nji ýylda 52 mün, 1918-nji ýylda bolsa 142 müň adam tussag edildi. Koreý dilinde kitap, gazet, žurnal çykarmaklyk bütinleý gadagan edilýär we ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda, bilim ulgamynda ýapon dili giňden ornaşdyrylyp ugrady. Ýapon mugallymlary harby lybasda, ýaragly sapaga girýärdiler.

1910-1918-nji ýyllarda ýaponlar Koreýada ýer hasabatyny geçirýärler. Şunuň netijesinde ýapon kompaniýalary we paýdarlar jemgyýetleri Koreýada uly möçberlerde ekerançylyk ýerlerine eýe boldylar. Ýapon häkimiýetleri koreýaly ýer eýeleriniň mülklerini özlerinde galdyrypdyrlar, ýöne öň döwlete, koreý köşgüne, dürli edaralara degişli bolan ýerleriň 9 million çinbo[1] töweregi hasaba alynýar we şol ýerler ýapon general-gubernatorlygynyň ygtyýaryna geçýär. Ýapon söwda şereketleri tarapyndan ýurtdan ummasyz köp mukdarda azyk önümleri äkidilipdir. Eger-de, 1912-nji ýylda Koreýadan 500 müň sok[2] tüwi äkidilen bolsa, 1919-nji ýylda äkidilen tüwiniň mukdary 2800 müň soga ýetýär. Netijede birinji

[1] 1 çinbo – 0,99 ga.
[2] 1 sok – 160 kg.

jahan urşunyň ahyrlaryna çenli Koreýada tüwiniň jan başyna sarp edilişi Ýaponiýadakydan üç esse azalypdyr. Azyk önümleriniň artýan möçberlerde äkidilmegi Koreýanyň käbir ýerlerinde açlygyň ýüze çykmagyna getirýär.

Bu döwürde Koreýa ýapon senagat harytlarynyň satylýan bazaryna öwrülýär. Eger-de, 1910-njy ýylda Koreýa umumy bahasy 39782 müň iýenlik harytlar getirilen bolsa, 1919-njy ýylda onuň möçberi 283076 müň iýene barabar bolupdyr. Bu döwürde ýapon kompaniýalary we banklary tarapyndan Koreýanyň ykdysadyýetine goýulýan maýa goýumlarynyň möçberi hem düýpli artýardy. Eger-de, 1910-njy ýylda Koreýanyň ykdysadyýetini özleşdirmek üçin 10,5 million iýen maýa goýulan bolsa, onda 1919-njy ýylda bu san 59 million iýene barabar boldy. Munuň özi gysga döwrüň içinde ýapon maýa goýumlarynyň bäş esseden hem artandygyna şaýatlyk edýärdi. Şeýlelikde, daşary ýurtlaryň, birinji nobatda bolsa ýapon hökümetiniň basybalyjylykly syýasaty, galyberse-de, ýerli dolandyryjylaryň emelsizligi zerarly Koreýa dolylygyna Ýaponiýanyň koloniýasyna öwrüldi.

## § 10. Mongoliýa XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda

**Mongoliýanyň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** XIX asyryň ahyrlarynda Mongoliýada orta asyr tertip-düzgünleri saklanyp galmagyny dowam etdirýärdi. Emma ýurda hytaý hem-de daşary yurt maýasynyň aralaşmagy bilen Mongoliýada maldarçylyk pudagynyň önümliligi ýokarlanýardy, şäherlerde senetçilik önümçiligi we söwda giňeýärdi.

Mongoliýada şäherler esasan lamaçylyk ybadathanalarynyň, rus-hytaý serhetýaka söwda

nokatlarynyň, iri hanlaryň düşelgeleriniň we hytaýly dikmeleriň edaralarynyň ýerleşýän ýerleriniň daş-töwereginde döredi. XX asyryň başlarynda Mongoliýada ownuk şäherçeleriň we merkezleriň eýýäm 20-ä golaýy bardy. Munuň özi Mongoliýada söwda-senetçilik önümçiligi bilen meşgullanýan şäher ilatynyň ýüze çykyp ugrandygynyň alamatydy. Urga, Kobdo, Ulýasatuý ýaly şäherler şeýle merkezleriň iň ulylarydy. Şäherleriň ilaty söwda, senetçilik işlerinden başga-da ýük daşamak, ownuk işewürlik bilen meşgullanýardylar.

Mongoliýanyň iň uly şäheri 1639-njy ýylda düýbi tutulan Urga[1] (häzir Ulan-Bator) şäheridi. XVIII asyryň ortalaryndan bäri Urga şäheri Mongoliýany dolandyrýan mançžur dikmesiniň hem oturýan ýeridi. XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda ol diňe bir hytaý-rus söwdasynyň däl, eýsem mongol işewürliginiň hem merkezine öwrülýär. Şäherde mongol täjirleriniň öz aýratyn bazary bardy. Bu bazar hytaýly söwdagärleriniň hatarlaryndan we rus täjirleriniň dükanlaryndan aýratynlykda ýerleşýärdi. Mongol bazary öz içinde mal, et, bede, odun we öý satylýan aýratyn içki bazarlara bölünýärdi. Mongol söwdagärleri ady agzalan harytlardan başga-da Russiýada öndürilen demir önümleri - gulp, tutawaç, zülpe, çüý, kilt, petle ýaly zatlaryň sowdasyny hem alyp barypdyrlar.

Mongol şäherleriniň bazarlarynda et-süýt önümleriniň, aýratyn hem bedäniň söwdasy girdejilidi. Şäheriň ulalmagy bilen Urgada odun we gurluşyk serişdeleriniň söwdasy hem giň gerime eýe bolupdyr. Mongol şäherleriniň ilatynyň aşaky gatlaklaryny tozan aratlar düzýärdiler. Olar şäherleriň gyrak-çetlerinde mesgen tutup, ujypsyzja hak üçin uzakly gün hytaýly we rus täjirlerine hakyna tutulýardylar.

[1] Mongolça Orgoo, ýagny merkez, düşelge.

**Mongoliýada azat edijilik hereketi.** XIX asyryň ahyrlarynda - XX asyryň başlarynda Mongoliýada hem milli azat edijilik hereketi janlanyp ugraýar. Iki ýüz ýyldan hem gowrak wagt dowam eden (1691-1911) mançžur agalygy Mangoliýany agyr güne salypdy. Şol sebäpden hem Mongoliýada keseki agalygyna garşy göreşler tutaşyp ugraýar. 1900-njy ýylda Ulýasatuýda ýerleşýän mongol goşunlarynyň esgerleriniň gozgalaňy bolup geçýär. Gozgalaňa öňki arat Enh-Taýwan baştutanlyk edýär. Bu goşunlar mançžur häkimiýetleriniň buýrugy boýunça Hytaýdaky Ihetuanlaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmaga ugratmak üçin jemlenipdi. Emma hytaýly serkerdeleriň eden-etdilikleri, esgerlere hak tölenilmezligi, olary gozgalaň turuzmaga mejbur edýär. Gozgalaňçylar Ulýasatuýdaky mançžur birikmeliginiň üstüne çozup, ony ýok edýärler, şäherdäki hytaýly täjirleriň dükanlary bolsa talaňçylyga sezewar edilýär. Şol döwürler Mongoliýanyň gündogarynda, bir mahalky Seçen hanyň aýmagyndaky hoşunlaryň birinde aratlaryň gozgalaňy turýar.

Edil şeýle gozgalaň Mongoliýanyň günbatarynda, bir wagtky Jasaktu hanyň aýmagynda hem bolup geçýär. Gozgalaňa arat Aýuşi (1858-1939) baştutanlyk edýär. Aýuşi mongol halkynyň azat edijilik taryhynda uly yz galdyrypdyr. Ony tussag edip türmä basypdyrlar, emma oňa tussaglykdan gaçmak başardýar. 1911-nji ýylda, haçan-da, sinlere garşy azat edijilik hereketi başlanda, Aýuşi ýerli hoşun hanynyň we mançžur dolandyryjysynyň häkimiýetini ykrar etmändir. Ol hoşundaky häkimiýeti öz eline alýar we ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasyny (duguýlan) döredýär. Aýuşi we onuň tarapdarlary 1921-nji ýylyň rewolýusiýasyna gatnaşyp, Mongoliýada halk-rewolýusion häkimiýeti gurujylar boldylar.

Mançžurlara garşy halk hereketiniň ykrar edilen baştutanlarynyň biri-de Tohtoh bolup, ol ýurduň

gündogarynda gozgalaňçy goşunlary döredipdir. Tohtohyň goşunlary hytaýly söwdagärleri talapdyr, Mongoliýada ornaşan hytaýlylary ýurtdan çykaryp kowupdyr. 1909-njy ýylda sinler tarapyndan onuň garşysyna uly goşun bölümleri ugradylyp, jeza beriji goşunlar ony Russiýanyň ýerlerine gysyp çykarýarlar.

Mançžurlara garşy çykyşlar Mongoliýanyň günbatarynda, hususanda Kobdo etrabynda-da tutaşýar. Bu çykyşlar XIX asyryň 90-njy ýyllarynda başlap, olara diňe bir aratlar däl eýsem atly hanlar we lamalar hem gatnaşypdyrlar. Olar mançur dikmeleriniň eden-etdiliklerinden nägile bolup Pekine talapnama ugradýarlar. Emma sin häkimiýetleri günäkärlere çare görmegiň deregine, talapnamany düzüjileriň garşysyna jeza çärelerini geçirýärler. Kobdonyň hoşunlarynda gozgalaňçy toparlar peýda bolup ugraýar. Hanlaryň gurultaýynda mançžur harby dikmesini kowmak we Kobdoda häkimiýeti ele almak barada çagyryşlar ýaňlanyp ugraýar.

Kobdoly gozgalaňçylara öz döwrüniň belli hany Dambi-Žansan baştutanlyk edýär. Ol özüni XVIII asyrda mançžurlara garşy halk azat edijilik hereketiniň baştutany Amursananyň nesli we onuň hubilgany[1] diýip yglan edýär. Amursananyň ikilenç gaýdyp gelendigi hakyndaky gürrüňler bütin Günbatar Mongoliýa ýaýraýar. Dambi-Žansanyň tarapdarlarynyň sany görnetin artypdyr we ol il içinde ulu abraýa eýe bolýar. 1911-1912-nji ýyllarda Mongoliýadan mançžurlar kowlandan soň Günbatar Mongoliýanyň täsirli adamlarynyň birine öwrülýär. Emma 1921-nji ýylyň halk rewolýusiýasyndan soň atly hanlar bilen bir hatarda Dambi-Žansan hem häkimiýetden çetleşdirilip ýok edilýär.

**Mançžur agalygynyň synmagy.** 1907-1910-njy ýyllarda mançžur agalygyna garşy hereketler Mongoliýanyň merkezi

---

[1] Hubilgan – lamaçylyk ynançlary boýunça merhumyň ruhynyň gaýdyp gelmegi we başga bir göwrä girmegi.

etraplaryna-da ýaýraýar. Bu hereketleri Bogdo-gegeniň özi we tanymal hanlar hem ýakyndan goldapdyrlar. 1911-nji ýylyň iýulynda Bogdo-gegeniň kabulhanasynda bolup geçen gizlin maslahatda Mongoliýda sin agalygyny ýatyrmak we ýurduň garaşsyzlygy jar etmek we kömek bermegini sorap Russiýa wekilleri ibermeklik karar edilýär.

Mongollaryň Russiýa iberilen wekilçilikli toparyna Tuşetu han aýmagynyň goşunlarynyň baş serkerdesi Handdorž ýolbaşçylyk edýär. 1911-nji ýylyň awgustynda Handdoržyň topary Sankt-Peterburga gelýär we Russiýanyň Daşary işler ministry S. D. Sazonow tarapyndan kabul edilýär. Duşuşykda mongol wekilleri Bogdo-gegeniň we Mongoliýanyň dört hanynyň adyndan rus patyşasynyň adyna ýazylan haty gowşurýarlar.

Russiýanyň paýtagtynda bolup geçen duşuşyk, şeýle hem 1911-nji ýylyň tomsunda Hytaýda başlan rewolýusion wakalar mongollarda erkinlige çykmaga we mançžur agalygyndan çykmaga umyt döredýär. 1911-nji ýylyň 1-nji dekabrynda Hanlaryň we ýokary lamalaryň komiteti mongol halkyna manifest bilen ýüzlenip Mongoliýany garaşsyz diýip yglan edýär. Garşsyz mongol döwletiniň baştutanlygyny bogdo-gegen Jebzundamba-hutuhty VIII (1870-1924) öz eline alýar.

Mongoliýanyň garaşsyzlygynyň yglan edilen döwri halkara ýagdaýynyň çylşyrymly döwrüne gabat geldi. Russiýa, Ýaponiýa ýaly iri döwletler Mançžuriýada, Daşarky we Içerki Mongoliýada, Koreýada ornaşmaga çalyşýardylar. 1904-1905-nji ýyllaryň rus-ýapon urşundan soň Russiýa bilen Ýaponiýa sebitde agalyk etmek meselesinde ylalaşykly hereket edip ugradylar. 1910-njy we 1912-nji ýyllaryň rus-ýapon şertnamalary boýunça Russiýa bilen Ýaponiýa Mançžuriýany, Mongoliýany we Koreýany täsir zolaklaryna öwürmek barada dilleşýärler. Ylalaşyk boýunça Daşarky Mongoliýa (Halha) Russiýanyň, Içerki

Mongoliýa we Mançžuriýa bolsa Ýaponiýanyň bähbitleriniň aralýan ýerleri diýlip yglan edilýär. Döwletleriň arasyndaky gizlin ylalaşyklar gelejekki mongol döwletiniň döremegine hem uly täsir edýär.

Görnüşi ýaly, garaşsyzlygy yglan edilen mongol döwleti Russiýanyň täsir zolagy diýlip yglan edilen ýerde – Daşarky ýa-da Halha Mongoliýada döreýär. Bodo-gegen we belli mongol hanlary garaşsyz mongol döwletiniň düzümine Içerki Mongoliýany hem goşmak isleýärdiler, munuň üçin rus hökümetinden arka gözleýärdiler. Emma mongollaryň garaşsyzlygy meselesinde Russiýa diňe Daşarky Mongoliýa ýardam edip biljekdi.


Bogdo Gegen
Jebzundamba Hutuhty VIII

«Mongol meselesinde» Russiýa Mongoliýa bilen Hytaýyň arasynda araçy bolup çykyş edýärdi. Şol bir wagtyň özünde-de Russiýanyň hem Hytaý bilen gatnaşyklary ýitileşdiresi gelmändir. Sinhaý rewolýusiýasyndan soň Russiýa Ýuan Şikaýyň hökümeti bilen bu mesele boýunça gepleşiklere başlaýar. Emma Hytaý respublikasynyň hökümeti Mongoliýanyň Hytaýdan bölünip aýrylmagyna we ony garaşsyz döwlet hökmünde ykrar etmäge kes-kelläm garşy çykýar. Şeýle şertlerde Russiýa Mongoliýa bilen mundan beýläkki gatnaşyklary düzgünleşdirmek üçin 1912-nji ýylyň noýabrynda Bogdo-gegeniň hökümeti bilen ylalaşyk baglaşýar. Bu ylalaşyk boýunça Mongoliýanyň döwletlilik derejesi doly kesgittlenilmedik hem bolsa, onuň

garaşsyzlygy de-fakto hökmünde Russiýa tarapyndan ykrar edilipdir.

Mongoliýanyň özbaşdak döwlet hökmünde syýasy sahna çykyp başlamagy Hytaý hökümetinde ýiti garşylyk döredýär, Russiýanyň we Mongoliýanyň adyna haýbat atylýar. Ýuan Şikaýyň hökümeti Mongoliýa bilen araçäkde goşunlary ýerleşdirip, olar häli-şindi araçägi bozup, ýurduň içine aralaşýardylar. Şol sebäpden hem 1912-nji ýylyň başlarynda Mongoliýanyň hökümeti ýurduň ýaragly güýçlerini döredip ugraýar. Şol ýylyň dekabrynda Mongoliýada üç sany polk döredilip, olardaky urşujylary sany 3 müňe ýetirilipdir. Bu goşunlar ýurduň günorta-gündogar araçäklerinde hytaý goşunlary bilen söweşleri alyp barypdyrlar. Taraplaryň arasyndaky söweş hereketleri 1913-nji ýylyň ahyrlaryna çenli dowam edýär.

Harby çykdajylar gowşak Mongol döwletini çökeripdir. Şonuň üçin hem 1913-nji ýylyň gyşynda rus-mongol ylalaşygyna gol çekilip, Russiýa mongol goşunlarynyň söweş taýýarlygyny ýokarlandyrmak üçin harby hünärmenleri iberýär, bogdo-gegeniň hökümetine ok-ýarag, däri we 3 million rubl karz berilýär.

Mongoliýa meselesinde üstünlige eýe bolup bilmejegine göz ýetirip, Ýuan Şikaýyň hökümeti Russiýa bilen gepleşiklere başlaýar. 1913-nji ýylyň noýabrynda rus-hytaý jarnamasy kabul edilýär. Jarnama boýunça Russiýa Mongoliýany Hytaýyň bir bölegi diýip ykrar edýär, hytaý tarapy hem öz gezeginde Daşarky Mongoliýa awtonom hukuklary bermäge, öz goşunlaryny we wekillerini Mongoliýa ibermezlige razylaşýar. Bogdo-gegeniň hökümeti halkara gatnaşyklar ulgamynda diňe syýasy gatnaşyklary amala aşyryp bilmändir, ýöne islendik döwlet bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny alyp barmaga hukuk gazanýar. Hytaý tarapy Mongoliýa bilen baglanyşykly ýüze çykjak syýasy meseleleri Russiýanyň we mongol wekilleriniň

gatnaşmagynda çözmäge borçlanýar. Görnüşi ýaly rus-hytaý jarnamasy boýunça Mongoliýa giň awtonom hukuklar berlipdir we onuň Hytaýa tabynlygy juda çäklendirilipdir.

Emma mongollar rus-hytaý jarnamasynyň baglaşylmagyndan nägile bolýarlar. Bu barada Urgadaky rus konsulyna we Ýuan Şikaýyň hökümetine nota berilýär. 1915-nji ýylyň maýynda Kiýahtada (Russiýa) mongol, rus we hytaý wekilleriniň gatnaşmagynda üç taraplaýyn ylalaşyga gol çekilip, Mongoliýanyň halkara-hukuk derejesi kesgitlenilýär. Ylalaşyga görä Mongoliýä giň awtonom hukukly ýurt hökmünde 1919-njy ýyla çenli Hytaý respublikasynyň düzüminde galýar.

1917-1918-nji ýyllarda Russiýada bolup geçen syýasy wakalar Mongoliýanyň özbaşdaklygyna uly zyýan ýetirýär. Sebäbi Russiýada bolup geçen rewolýusiýa Mongoliýanyň özbaşdaklygynyň kepili bolan patyşalyk düzgünini ýok edýär. 1919-njy ýylyň güýzünde sowet Russiýasynyň çekýän harby-syýasy we ykdysady kynçylyklaryndan peýdalanyp, Urga general Sýuý Şuçženiň serkerdeliginde hytaý goşunlary gelýär we Bogdo-gegen Mongoliýanyň awtonom hukuklaryndan el çekmäge mejbur bolýar. Şeýdip Mongoliýada Bogdo-gegeniň döwleti ýykylýar.

**Bogdo-gegeniň döwletiniň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşy.** Mançžur agalygy synandan soň Mongoliýada Bogdo-gegeniň dini-monarhiýa gurluşyna esaslanýan döwleti döredilýär. Mongoliýanyň lamaçylyk buthanasynyň baştutany, ýurtda ägirt uly abraý-hormatdan peýdalanýan bogdo-gegen Jebzundamba-hutuhty VIII (1911-1919) döwletiň hökümdary diýlip yglan edilýär. Şonuň üçin hem bu döwleti ylmy edebiýatda Bogdo-gegeniň döwleti diýip atlandyrmak kabul edilendir. Bogdo-gegen ýurduň ähli dini hem-de dünýewi häkimiýetini öz elinde jemleýär. Mongol hökümetiniň başlygy hökmünde ol bäş

sany ministrligi (daşary işler, içeri işler, goranmak, maliýe we adalat) öz düzümine alýan ministrler kabinetini döredýär.

Bogdo-gegen ýurdy berkidipdir, käbir mongol hanlarynyň özbaşdak hereketlerine garşy aýgytly göreşleri alyp barypdyr. Mongoliýanyň bitewiligini saklamagy maksat edinip, Bogo-gegen iri hanlaryň bildirýän närazylyklaryna garamazdan, hökümete Halhany emele getirýän dört aýmagyň hiç birinden hem wekilleri girizmändir. Döwlet işlerine başarjaň, ylymly-bilimli adamlar köpçülikleýin çekilipdir. Bogdo-gegeniň hökümet agzalarynyň arasynda hat-da aşaky gatlaklardan çykan döwlet işgärleri hem bolupdyr.

Mongoliýada kemala gelýän täze syýasy gurluş köneden gelýän hanlaryň gurultaýyny ýatyrmandyr we mümkin boldugyça onuň bilen sazlaşykly işlemäge çalşypdyr. Bogdo-gegen täze döwrüň ruhuna laýyk gelýän wekilçilikli edarany döretmäge çalşypdyr. 1914-nji ýylda orta we ownuk emeldarlaryň, täjirleriň, intelligensiýa wekilleriniň talaplaryny nazarda tutup, Bogdo-gegen iki basgançakly parlamenti ýada salýan maslahatçy edarany döretmek barada perman çykarýar. Mongoliýanyň aýmaklarynda iri we ownuk hanlaryň gurultaýy hem saklanyp galypdyr. Ýöne aýmak gurultaýynyň başlygy hökümet tarapyndan bellenilipdir, özi hem başlyklyga görkezilýän emeldar içeri işler ministrliginde oňlanylandan soň wezipesine girişipdir.

Bogdo-gegeniň hökümeti ýurduň maliýe ulgamyny berkitmek bilen baglanyşykly işlere uly ähmiýet beripdir. 1912-1913-nji ýyllarda hökümet tarapyndan jan başyna salgydy girdeji salgydy bilen çalyşmak bilen baglanyşykly çäreler işlenilip düzülýär. Bu döwürde ýerden peýdalanýandyklary üçin daşary ýurtly söwdagärlerinden, işewürlerinden salgyt almaklyk girizilýär.

1916-njy ýylyň permany bilen Mongoliýanyň ýerasty we ýerüsti baýlyklary döwletiňki diýlip yglan edilýär. Şunuň

netijesinde magdan känlerinden peýdalanylýandy we tebigy baýlyklaryň özleşdirilýändigi üçin salgytlar girizilýär. Bu çäreler döwlet hazynasyna gelýän maliýe serişdeleriniň möçberini belli bir derejede artdyrmaga mümkinçilik beripdir. Aýmak we hoşun hanlarynyň salgyt ýygnamak hukuklary hem belli-külli çäklendirilýär.

Bogdo-gegeniň permany bilen Mongoliýanyň öndüriji güýçlerini öwrenmek, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini mundan beýläk çaltlandyrmak maksady bilen rus alymlarynyň hem gatnaşmagynda «Mongoliýany öwrenmek boýunça komitet» döredilýär. Mongoliýanyň ilatynyň ýerleşişini, hojalygyny, ýerasty baýlyklaryny öwrenmek we ýurduň kartasyny döretmeklik komitetiň öňünde baş wezipe edilip goýlupdyr.

Bogdo-gegeniň hökümeti mongol halkynyň syýasy aň-düşünjesini artdyrmak, ýaş nesliň kalbynda watançylyk duýgylaryny oýarmak bilen baglanyşykly çäreleruiň hem uly toplumyny amala aşyrýar. Munuň üçin täze döwlet ideologiýasyny işläp düzmäge uly ähmiýet berlipdir. Mongol döwletiniň ideologiýasy lamaçylyk dininiň iň gowy däplerine daýanypdyr, ýöne diňe lamaçylyk hem mongol jemgyýetiň ösüşini üpjün edip boljak däldi. Şonuň üçin Bogdo-gegeniň döwlet ideologiýasynda millilik, garaşsyzlyk, özbaşdaklyk ýaly düşünjeler aýratyn uly orun eýeläpdir.

Döwlet ideologiýasynyň işlenilip düzülmeginde Mongoliýanyň geçmiş taryhyny öwrenmäge aýratyn uly ähmiýet berlipdir. Munuň üçin mongol alymlary halkyň geçmişine, hususan-da, Çingiz hanyň şahsyýetine ýüzlenipdirler. 1918-1919-njy ýyllarda Mongoliýanyň taryhyny ýazmak işi tamamlanýar. Bu döwürde mongol taryhçysy Ş. Damdiniň «Altyn kitap» atly gymmatly eseri neşir edilýär. Mongol taryhyna ýüzlenmek bilen Bogdo-gegen mançžurlaryň keseki agalygyny ýok etmegi we

mongol topragynyň ähli ýerlerinde (Daşarky Mongoliýa, Içerki Mongoliýa, Jungariýa) doly garaşsyz döwleti döretmegi maksat edinipdir.

Hökümet halk magaryfyny ösdürmäge-de aýratyn uly üns beripdir. Paýtagt şäher Urgada we hoşunlarda başlangyç hem-de orta mekdepleriň ençemesi açylypdyr. Şol döwürler ilkinji mongol intelligensiýa wekilleri hem peýda bolupdyrlar. 1913-1914-nji ýýllarda olaryň tagallalary bilen «Täze ahlak» žurnaly, 1915-1920-nji ýyllarda bolsa «Paýtagt täzelikleri» atly gazet neşir edilýär. Olaryň sahypalarynda mongol magaryfçylary J. Sewen, S. Žamsarano, B. Dorž, Badrahbator, Demçigdorž we beýlekiler öňdebaryjy garaýyşlary wagyz edipdirler.

## § 11. Wýetnamyň Fransiýanyň koloniýasyna öwrülmegi

**Fransuz kolonial basybalyşlarynyň öňisyrasynda Wýetnamyň içeri ýagdaýy.** XIX asyryň 30-40-njy ýyllarda amala aşyrylan konserwatiw özgertmeler Wýetnamyň mundan beýläkki ykdysady we syýasy ösüşine ýaramaz täsir etdi. Imperator Min Maňyň (1820-1840) döwründen bäri Wýetnamyň ýapyk ýagdaýda saklanylmagy dowam edýärdi. Munuň özi ýewropalylaryň Wýetnamda mäkäm ornaşmagyndan, ýurduň garaşsyzlygynyň ýitirilmeginden heder edilýändigi bilen düşündirilýärdi. Emma daşky howpuň güýçlenýän döwründe Min Maň we ondan soňky hökümdarlar oňyn özgertmeleri geçirmek, ýurdy kämilleşdirmek ýolyny däl-de, tersine Wýetnamy daşky dünýä üçin ýapmak, ähli meselelerde yzagalak Hytaýdan ugur almak syýasatyny saýlap aldylar. Bu syýasat bolsa ahyrynda döwletiň gowşamagyna, Wýetnamda ykdysady we syýasy durnuksyzlygyň ýüze çykmagyna getirdi.

XIX asyryň 50-nji ýyllarynda Wýetnamda şindi 30-njy ýyllarda çäklendirilen telekeçilik gaýtadan janlanyp ugrady, Demirgazyk Wýetnamdaky öň ýapylan kömür, gurşun we altyn känleri gaýtadan işlemäge başladylar. Bu işlerde bolsa esasan hytaýly işewürler hereket edýärdiler. Wýetnamly işewürler adatça söwda bilen meşgullanýardylar. Emma bu pudakda-da olar özlerinden has güýçli hytaýly söwdagärleriň bäsleşigine döz gelmeli bolýardylar. Netijede, işewürligiň esasy ugurlarynda hytaýly telekeçiler bilen bäsleşik, ýüze çykyp ugran milli buržuaziýanyň ýagdaýyny kynlaşdyrýardy.

Wýetnamyň ykdysadyýetiniň esasy pudagy bolan oba hojalygynda-da ýagdaý öwerlikli bolmandyr. Ýurduň demirgazygynda häkimýetler bu ýerde şaly söwdasyny alyp barýan hytaýly täjirleriň işjeňligine garşy göreşmeli bolýardy, sebäbi hytaýlylar bu ýerlerden şalyny artýan möçberlerde äkidýärdiler. Häli-şindi gaýtalanyp duran hasylsyz ýyllar, tüwüniň bahasynyň yzygider gymmatlamagy, açlyk, daýhanlaryň ýerlerini taşlap gitmekleri obada çykgynsyz ýagdaýyň döremegine, daýhanlaryň närazylygynyň artmagyna getiryärdi. Munuň özi hökümeti tüwi ammarlaryny döretmäge we daýhanlara tüwi paýlamaga, tüwiniň bir bölegini arzan bahadan satmaga mejbur edýärdi. Jemgyýetçilik edarasynyň işgärleriniň Gyzyl derýanyň boýlaryndaky gaçylaryň gözgyny ýagdaýy barada imperatoryň adyna yzygider ugradýan habarnamalaryna garamazdan, seişdeleriň ýetmezçiligi zerarlary ýurduň suwaryş ulgamyna ýeterlik derejede üns berilmeýärdi.

Jemagatçylyk ýerleriniň mukdary çäkli bolan Günortada wýetnam häkimiýetleri oba hojalygynyň meselelerini ýurduň merkezindäkiden we demirgazygyndakydan başgaça usul bilen çözmäge çalşypdyr. Häkimiýetleriň esasy tagallalary döwlet obalaryny (*don diýen*) berkitmäge gönükdirilipdir.

Sebäbi döwlet girdejileriniň agramly bölegi şeýle obalardan gelýärdi. Günorta Wýetnamda şahsy daýhan hojalyklaryna salynýan salgytlar döwlet obalarynyň daýhanlaryna salynýan salgytdan ep-esli pesdi. Emma XIX asyryň ortalarynda döwlet obalaryny saklamaklyk ykdysady taýdan bähbitsiz bolup çykdy. Sebäbi bu obalaryň daýhanlary ýerlerini taşlap gidýärdiler we hususyýetçileriň hojalygyna işe durýardylar. Döwlet obalaryndan gelýän salgytlaryň görnetin azalmagy Hýue köşgüni şeýle obalaryň ýagdaýyny berkitmäge gönükdirilen çäreleri görmäge mejbur edýär. Günorta welaýatlaryň häkimligine imperatoryň egindeşleriniň hem-de maslahatçylarynyň biri bolan Ňuen Çi Fyoň bellenilýär. Ňuen Çi Fyoňa günortadaky döwlet obalaryny barlamak we bu barada imperatory habardar etmeklik tabşyrylýar. Ol diňe bir bar bolan *don diýenleri* we *aplary* (kiçiçik obalar - hutorlar) barlamak bilen çäklenmän, täze döwlet obalaryny döretmek işini hem giňden ýaýbaňlandyrýar. Täze döredilen obalarda salgytlaryň mukdary ep-esli artdyrylypdyr: uly erkek adamlaryň her biri iki *hok*[1] tüwüniň ýerine üç hok möçberde önüm salgydyny tabşyrmaga borçlandyrylýar. Ol şeýdip ykdysady netijesi pes bolan usullar bilen Günorta Wýetnamdan gelýän girdejileri artdyrmaga çalşypdyr.

Bu döwürde Wýetnamyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy konserwatorlar bilen realistleriň, olaryň baştutanlary bolan Çyoň Daň Kue bilen Ňuen Daň Zýaýyň arasyndaky göreşleriň ýitileşmegi bilen häsiýetlendirilýär. XIX asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalarynda, ýagny fransuzlaryň Wýetnama zor salmalarynyň artýan döwründe konserwatorlaryň häkimiýete edýän täsiri has güýçlidi.

**Fransiýanyň Günorta Wýetnamy basyp almagy.** XIX asyryň 30-40-njy ýyllarynda Ňuen köşgüniň ýewropalylara garşy meýilleri, missionerleriň yzarlanylmagy, Fransiýa

[1] 1 hok tüwi - 52 kg.

bilen nähilidir bir gatnaşyklardan kes-kelläm ýüz öwrülmegi, Fransiýanyň dolandyryjy toparlarynyň arasynda Wýetnam babatynda basybalyjylykly meýilnamalaryň işlenilip düzülmegine getirýär. Emma imperator Ty Dykyň (1847-1883) döwründe fransuz missionerleri babatyndaky syýasatyň ýumşadylmagy, ýurdy basyp almagy maksat edinýän Fransiýany eýýäm kanagatlandyrmaýardy.

XIX asyryň ikinji ýarymynda Fransiýa Wiýetnamy eýelemäge girişýär. Bu işde Fransiýa esasy bäsdeşi Angliýa päsgel bermeýär. Emma Fransiýa gowşak döwletdi we ýeke özi Wiýetnamy eýeläp biljek däldi. Şonuň üçin hem fransuzlar ýardam etmegini sorap ispan hökümetine ýüz tutýarlar. Ispanlar göwünjeňlik bilen razylaşýarlar. Sebäbi ispanlar hem Fransiýanyň Filippinlere aralaşmagyndan heder edýärdiler.

1858-nji ýylyň awgustynda fransuz admiraly Rigo de Jenuýiniň serkerdeligindäki fransuz-ispan goşunlary ýurduň paýtagty Hýueden uzak bolmadyk ýerde ýerleşýän Merkezi Wiýetnamyň Danaň portuna çozýar. Ty Dykyň goşunlarynyň basybalyjylara berk garşylyk görkezendiklerine garamazdan birleşen goşunlar Danaňda berkemegi başarýar. Danaň porty taraplarda hüjümleri ýaýbaňlandyrmak başartmanyndan soň, fransuzlar Mekoň derýasynyň deltasyna hem flot iberýärler. Emma Wýetnam hökümeti fransuzlaryň haýsy tapapa gidendigini anyklap bilmändirler. Şonuň üçin hem fransuz flotunyň Saýgonyň ýanynda peýda bolmaklygy wýetnamlylar üçin duýdansyz ýagdaý bolupdyr. Wýetnam goşunlary basybalyjylara berk garşylyk görkezipdirler, ýöne duşmany Saýgondan kowup çykaryp bilmän, goşunlar şäher etegine çekilmäge mejbur bolýarlar.

1859-njy ýylyň martynda fransuz floty Saýgonda goşun bölümlerini galdyryp, fransuzlaryň Danaňda daşy gabalan goşunlaryna kömege ugraýar. Emma bu ýerde-de fransuzlara

berk garşylyk görkezilipdir. Şonuň üçin hem 1860-njy ýylyň martynda fransuz tarapy ýeňlendigini boýun alyp Danaňdan goşunlaryny çykarýar. Fransuzlaryň esasy güýçleri Hytaýa garşy ugradylyp, olar iňlis goşunlary bilen bilelikde ikinji tirýek urşuna gatnaşýarlar. Hytaýyň boýnuna Pekin şertnamasy dakylandan soň Fransiýa özüniň esasy güýçlerini Wýetnama garşy sürmäge mümkinçilik alýar. Wýetnama garşy uruşlarda ispan goşunlarynyň sany hem azaldylýar. 1861-nji ýylyň fewralynda Wýetnama garşy söweş hereketleri gaýtadan başlaýar we 1862-nji ýylyň martyna çenli Saýgon, şeýle hem Günorta Wýetnamyň üç welaýaty – Zýadin, Dintyoň (Mitho) we Býenhoa eýelenilýär.

1862-nji ýylyň 5-nji iýunynda fransuz admiraly Şarnýe bilen imperatoryň wekili Fan Thaň Zýaň tarapyndan Saýgon şertnamasyna gol çekilip, Fransiýa Wýetnamyň elinden Zýadin, Dintyoň we Býenhoa welaýatlaryny, şeýle hem Kondao adasyny alýar. Bulardan başga-da Wýetnam Fransiýa 20 million frank möçberinde kontribusiýa tölemäge, Danaň, Balak, Kuaňan portlarynda erkin söwda etmäge, Mekoň derýasy boýunça Kampuçiýa (Kambojo) çenli ýüzmäge hukuk alýar. Fransuz we ispan katolikçi missionerleri ýurda gelmäge we erkin iş alyp barmaga mümkinçilik alypdyrlar. Saýgon şertnamasy geljekde Wýetnamy we Hindihytaýyň[1] onuň bilen ýanaşyk ýerlerini doly basylyp almagy üçin amatly şertleri döretdi. Şunuň netijesinde 1863-nji ýylda Kampuçiýanyň patyşasy Norodom öz ýurdunyň üstünden fransuz protektoratynyň girizilmegini ykrar etmäge mejbur boldy. Fransiýa Günorta Wýetnamy eýelemk işini 1867-nji ýylda tamamlady. Şol ýyl 1862-nji ýylyň şertnamasyny bozup, fransuz generaly La Granadýeriň serkerdeligindäki goşunlar tarapyndan Günortanyň erkin üç welaýaty – Winloň, Anzýaň, Hatýen

[1] Wýetnam, Kampuçiýa we Laos Hindihytaý ýarym adasynyň ýurtlary hasap edilýär.

basylyp alyndy we bu ýerler Fransiýanyň Günorta Wýetnamda döredilen Kohinhin koloniýasyna goşuldy. Günorta Wýetnamyň we Kampuçiýanyň basylyp alynmagynyň netijesinde Fransiýanyň Hindihytaýy eýelemeginiň birinji döwri tamamlandy.

**Fransiýanyň Demirgazyk Wýetnama aralaşmagy we ýurduň basylyp alynmagynyň tamamlanmagy.** 1870-1871-nji ýyllaryň fransuz-pruss urşy tamamlanandan soň Fransiýa Wiýetnamyň demirgazykdaky ýerlerini eýelemäge girişýär. 1873-nji ýylda Garnýeniň baştutanlygyndaky iki sany fransuz harby gämisi Gyzyl deňziň deltasyna (deňze guýýan ýeri) gelip, derýa boýunça ýokarlygyna Hanoýa tarap ýüzüp ugraýar. 20-nji noýabrda daňdanyň ümüş-tamyşlygynda fransuzlar Hanoý galasyna hüjüm edip şäheri eýeleýärler. Wýetnamyň hökümet goşunlary, halk köpçüligi bu ýerlerde-de basybalyjylara ýangynly garşylyk görkezipdirler. Bu uruşlara Hytaýda derbi-dagyn edilip Wýetnama gaçyp gelen taýpin goşunlarynyň galyndylary hem gatnaşypdyrlar. Hanoýyň etegindäki söweşlerde Garnýe öldürilýär we fransuzlaryň zor salmagy bilen Hýue köşgi gepleşikler geçirmäge mejbur edilýär.

1874-nji ýylyň 15-nji martynda Saýgonda täze şertnama baglaşylýar. Şertnama boýunça Wiýetnam özüniň daşary syýasatyny Fransiýa bilen «maslahatlaşyp» alyp barmaga, fransuz hökümetinden rugsatsyz beýleki döwletlere öz ýeriniň hiç bir bölegini bermezlige borçlanýar. Fransiýanyň Wýetnamyň günortasyna bolan eýeçiligi, farnsuz raýatlarynyň eksterritoriallygy tassyk edilýär. Daşary ýurtlylara Gyzyl derýasy boýunça ýüzmäge, Hanoýda we Demirgazyk Wýetnamyň kenarýakasyndaky portlarda söwda etmäge hukuk berilýär. Bu şäherlerde fransuz konsullyklary hem ýerleşdirilýär

Wýetnamyň döwlet özbaşdaklygyna uly howpuň abanýan döwründe Hýuede ýerleşýän wýetnam hökümeti pekin

köşgüne köneden gelýän paç tölemek däbini täzeden berjaý edip[1] we kömek bermegini sorap Hytaýa ýüz tutýar. Emma bu döwürler sin hökümeti ýewropalylar bilen çaknyşykdan gaça durýardy. Şol sebäpden hem Wýetnamyň haýyşlary jogapsyz galdyrylypdyr.

1882-nji ýylda fransuz hökümeti we Saýgondaky kolonial häkimiýetleri öz täjirleriniň hem-de işewürleriniň bähbitlerini gorandan bolup Wýetnamyň demirgazygyna Riwýeriň baştutanlygynda goşun iberýärler. Bu goşunlar Hanoýy eýeläp Gyzyl derýasynyň deltasynda giň basybalyşlary ýaýbaňlandyrýarlar. Imperator Ty Dyk Hytaý hökümetine kömek bermegini sorap täzeden ýüz tutýar. 1882-nji ýylyň tomsunda sin häkimiýetleri Wýetnama goşun ibermäge söz berýärler. Şindi 1881-nji ýylyň sentýabrynda Hytaý hökümeti 1874-nji ýylyň Saýgon şertnamasynyň şertlerini ykrar etmeýändiklerini hem yglan edipdiler. Emma 1882-1883-nji ýyllaryň söweş hereketlerinde umumy sany 25 müň adama ýetirilen hytaý goşunlary uly söweş hereketlerine gatnaşmandyrlar.

1883-nji ýylda imperator Ty Dykyň aradan çykmagy bilen wýetnam hökümeti çykgynsyz güne düşýär, az wagtyň içinde tagtda üç sany hökümdar çalyşýar. Fransuz goşunlaryna ýangynly garşylyk görkezýändigine garamazdan hökümet goşunlary gowy ýaraglandyrylan ýewropa goşunlarynyň öňünde durup bilmeýärdiler. Admiral Kurbäniň serkerdeligindäki fransuz floty Thuanan portuny zabt edip alýar. Netijede paýtagt şäher Hýue barýan ýol açylýar. 1883-nji ýylyň 25-nji awgustynda Wýetnam

---

[1] Orta asyrlardan bäri dowam edip gelýän däbe görä Wýetnam kagyz ýüzünde Hytaýyň ýapjasy hasap edilipdir we munuň üçin ujypsyzja paç tölenilipdir. Hytaý hem öz gezeginde Wýetnamyň howandary hökmünde, daşary we içeri syýasatda kynçylyk ýüze çykanda oňa kömek bermäge borçlanypdyr.

hökümeti fransuzlara boýun synmaga we onuň bilen ýaraşyk baglaşmaga mejbur boldy.

Wýetnamyň paýtagtynda fransuz rezidentini galdyryp fransuz goşunlary demirgazyga ugrady. Fransuz goşunlaryna ýerli halk bilen bir hatarda hytaý goşunlary hem garşylyk görkezýärdiler. Emma 17-müňlük gransuz goşunlary okgunly hüjüm edip wýetnam-hytaý araçägine golaý geldi. Fransuz diplomatlarynyň tagallasy bilen 1884-nji ýylyň 11-nji maýynda Týanszinde Fransiýa bilen Hytaýyň arasynda «dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk hakynda konwensiýa» baglaşyldy. Gazanylan ylalaşyk boýunça fransuz hökümeti Hytaýyň araçäkleriniň eldegrilmesizligini ykrar etdi, Hytaý hem öz gezeginde Fransiýanyň Wýetnam bilen baglaşan ähli şertnamalaryny ykrar edýändigini beýan etdi. Mundan başga-da Hytaý öz goşunlaryny wýetnam araçäginden äkitmäge we wýetnam-hytaý araçägini fransuz täjirleri üçin açmaga borçlandy.

Bu konwensiýanyň baglaşylmagy Fransiýa Wýetnam bilen täze şertnama baglaşmaga mümkinçilik berdi. Demirgazyk we Merkezi Wýetnamyň üstünden protektorat düzgünini girizýän täze şertnamanyň maddalary Parižde gaýtadan işlenilenden soň 1884-nji ýylyň 6-njy iýunynda oňa Hýue köşgi tarapyndan gol çekilýär.

Wýetnam eýelenilenden soň yurt üç zolaga bölündi. Demirgazyk Wýetnamda (Bakki) we Merkezi Wýetnamda (Çuňki) potektorat düzgüni girizilip, olar degişlilikde Tonkin we Annam diýlip atlandyryldy. Fransuzlar tarapyndan öň eýelenilen Günorta Wýetnam (Namki) bolsa Kohinhina koloniýasy diýlip yglan edildi. Şertnama baglaşylandan soň Hytaýyň halkara abraýyna zarba urmak maksady bilen fransuzlar sin imperatory tarapyndan wýetnamly hökümdara iberilen we Wýetnamyň Hytaýa formal tabynlygyny tassyk edýän gurşun möhüri ýok edýärler. Şu mynasybetli 1884-nji ýylyň 17-nji awgustynda Hytaý Fransiýa resmi taýdan

nägilelik bildirýär. Fransuz hökümeti sinleriň nägileligini Hytaýa garşy urşa başlamak üçin bahana hökmünde ulanýarlar. Admiral Kurbäniň serkerdeligindäki deňiz goşunlary Fuçžouy we Penhuledao (Peskador) adalaryny oka tutýar. Fransuz-hytaý urşy başlaýar. Sin hökümeti Tonkine goşun ugradýar. Söweşler esasan Wýetnamyň Laňşon welaýatynda ýaýbaňlandy we 1885-nji ýylyň fewralynda ol fransuz goşunlary tarapyndan eýelendi. Birleşen hytaý-wýetnam goşunlary fransuzlara berk garşylyk görkezip, mart aýynda olary Loňşon welaýatyny taşlap gitmäge mejbur etdiler.

Urşuň uzaga çekmegi, onuň parlamentden ygtyýarsyz alnyp barylmagy Fransiýada Žýul Ferriniň (1883-1885) hökümetiniň iş başyndan gitmegine getirdi. Fransiýanyň täze hökümeti sin köşgüniň ýaraşyk baglaşmak baradaky teklibini kabul etdi. 1885-nji ýylyň iýunynda Týanszinde täze fransuz-hytaý şertnamasy baglaşylyp, ol 1884-nji ýylyň 6-njy iýunyndaky wýetnam-fransuz şertnamasynyň şertlerini doly tassyk etdi.

**1885-nji ýylyň gozgalaňy we «kan wyoň» hereketi (1885-1896).** Wýetnamyň basylyp alynmagy ýurduň giň gatlaklarynyň arasynda çuňňur gahar-gazap döredipdir. Ýurduň eýelenilmegi Hýue köşgündäki watançy döwlet işgärlerini hem herekete getirýär. Olar 1884-nji ýylyň iýulynda tagta çykarylan ýaş imperator Ham Ňiniň (1884-1888) atabegi Ton That Thuýetatyň töwereginde jemlenýärler. Fransuz goşunlarynyň baş serkerdesi general de Kursiniň paýtagta gelmegi gozgalaňyň başlanmagyna bahana bolýar. Fransiýa bilen geleşik etmegiň tarapdarlarynyň garşylyk görkezmegine garamazdan, Wýetnamyň Döwlet geňeşi ýaragly gozgalaňa başlamak barada karar kabul edýär. 1885-nji ýylyň 5-nji iýulyna geçilýän gije gizlinlikde paýtagta getirilen wýetnam goşunlary fransuz bölümleriniň ýerleşýän galasyna çozuş

geçirýärler. Gozgalaňçylar birbada üstünlik gazanan hem bolsalar, iki guňden soň fransuzlar Hýuedäki çykyşlary basyp ýatyrýarlar. Imperator Ham Ňi öz tarapdarlary bilen Kuaňçi welaýatynyň Kamlo galasyna gaçyp gelýärler. Bu ýere hökümetiň hazynasy we köp mukdarda ok-ýaraglar hem getirilýär. Ham Ňi Wýetnamyň ähli halkyny fransuzlara garşy ýaraga ýapyşmaga çagyryş bilen ýüzlenýär. Netijede Wýetnamda on ýyldan hem köp wagtlap dowam eden «kan wyoň» («Patyşa goldaw») diýlip atlandyrylan azat edijilik hereketi başlaýar

Gozgalaňyň 1885-1888-nji ýyllardaky birinji tapgyrynda fransuzlara garşy azat edijilik hereketi giň gerime eýe bolupdyr. Çünki gozgalaňa imperatoryň hut özi baştutanlyk edýärdi. Fransuz häkimiýetleri emele gelen ýagdaýyň juda howpludyna göz ýetirýärler we Ham Ňiniň gozgalaňçy goşunlaryna garşy göreşiň dürli usullaryny ulanypdyrlar. Fransuzlar Ham Ňiniň tagtdan mahrum edilýändigini yglan edip, fransuzlar bilen geleşik etmegiň tarapdarlarynyň biri, imperatoryň doganoglany Doň Khany hökümdar diýip yglan edyärler. Fransuz basybalyjylary Ham Ňini ele salmak üçin Annamyň demirgazygynda üç ýyllap aýgytly söweşleri alyp barypdyrlar. 1888-nji ýylda fransuzlara Ham Ňini ele salmak başardýar. Ham Ňi fransuzlaryň Alžir koloniýasyna ömürlik sürgüne ugradylýar, «kan wyoň» hereketiniň baştutanlaryň aglabasy söweşlerde öldürilýär, atabeg Ton That Thuet bolsa Hytaýda aradan çykýar.

XIX asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda «kan wyoň» hereketine meşhur köşk işgärleriniň biri, watançy alym Fan Din Fuň baştutanlyk edip ugraýar. Onuň goşunlary esasan Ňean we Hatin welaýatlarynda hereket edýärdi. Fransuz goşunlarynyň zor salmasy astynda Fan Din Fuňyň goşunlary daglara tarap yza çekilýärdi. 1895-nji ýylda gozgalaňçylar gabawa düşýär we söweşleriň birinde Fan Din Fuň

öldürilýär. Netijede 1896-njy ýyla çenli «kan wyoň» hereketi doly basylyp ýatyrylýar.

**Hindihytaý bileleşiginiň döredilmegi we Wýetnamyň ykdysady taýdan özleşdirip başlamagy.** 1887-nji ýylda Kohinhina, Annam we Tonkin, Kampuçiýa bilen bilelikde Hindihytaý bileleşigi atly koloniýa birikdirilýär. 1889-njy ýylda oňa täzelikde boýun egdirilen Laos hem goşulýar. Hindihytaý bileleşigini general-gubernator dolandyryp, onuň edarasy Saýgon şäherinde ýerleşýärdi. General-gubernatoryň ýanynda 1897-nji ýylda döredilen maslahat beriji ygtyýarlyklary bolan Hindihytaýyň ýokary geňeşi hereket edýärdi. Bu geňeşe ýokary wezipeli fransuz gullukçylary (Kohinhinanyň gubernatory, Annamyň hem-de Tonkiniň baş rezidentleri we beýlekiler) we general-gubernator tarapyndan bellenilýän iki sany ýokary wezipeli wýetnamly emeldarlar girýärdiler. Annamyň, Kambojanyň (Kampuçiýa) we Luaňprabaňyň (Laos) hökümdarlarynyň ýanynda fransuz baş rezidentleri oturyp, hakykat ýüzünde bu ýerlerde ähli häkimiýet olaryň elinde jemlenipdir.


Imperator Ham Ňi

Wýetnam imperatorlaryna berlen «Annam imperiýasynyň» paýtagty Hýuede hökümdaryň özi, onuň köşgi, dolandyryşyň käbir edaralary saklanyp galypdyr. Emma Döwlet we Atabeglik edaralary ýatyrylyp, olaryň ornuna Ministrler geňeşi döredilipdir. Ministrler geňeşine Annamyň farnsuz baş rezidenti baştutanlyk edipdir.

1897-nji ýylda Hindihytaýyň general-gubernatory P. Dumer[1] 1884-nji ýylyň wýetnam-fransuz şertnamasyny bozup, Tonkini imperatoryň garamagyndan aýyrýar we ähli häkimiýeti Tonkiniň baş rezidentiniň ygtyýaryna berýär.

Wýetnamda fransuzlar täze dolandyryş-çäk gurluşyny girizýärler. Şunuň esasynda Kohinhina - 21, Tonkin – 23, Annam – 16 sany welaýata bölünýär. Saýgonda, Hanoýda we Haýfonda Fransiýanyň şäherlerinde hereket edýän munisipalitetlere golaý dolandyryş edaralary döredilipdir. Dolandyryş taýdan Wýetnamyň protektorat ýerleri (Annam, Tonkin) Fransiýanyň daşary işler ministrligi, koloniýalar (Kohinhina) bolsa fransuz hökümetiniň koloniýalaryň işleri boýunça ministrligi tarapyndan dolandyrylypdyr.

Wýetnam basylyp alnandan soň yurt fransuz kompaniýalary tarapyndan çalt depginler bilen özleşdirilip başlaýar. Ýurdy özleşdirmek üçin fransuz hökümeti tarapyndan karzlar görnüşindäki maýa goýumlary goýlýar. Şu maksatlar bilen 1898-nji ýyldan 1913-nji ýyla çenli döwlet tarapyndan 515 million franka barabar kolonial karzlary goýberilipdir.


Pol Dumer

Maýa goýumlary esasan dag-magdan işlerine, guryýer ýollarynyň, demirýollaryň, suw desgalarynyň we häzirki zaman şäherleriniň gurluşygyna sarp edilipdir. Bu döwurde Wýetnamda demirýollaryň we telegraf ulgamlarynyň gurluşygy giň gerime eýe boldy. 1881-1885-

[1] Pol Dumer (1857-1932) - 1931-1932-nji ýyllarda Fransiýanyň prezidenti.

nji ýyllarda Saýgon-Mitho (70 km), 1899-1905-nji ýyllarda Hanoý-Win (312 km), 1906-njy ýylda Hiýue-Danaň, 1910-njy ýylda bolsa Haýfon-Hanoý-Laokaý (384 km) demir ýollary guruldy. Netijede demir ýollaryň umumy uzynlygy 2600 km ýetdi. Demir ýollaryň geçýän ugurlary boýunça telegraf ulgamy hem gurlup, onuň umumy uzynlygy 14 müň km barabar boldy.

Önümçilige goýulýan hususy maýa goýumlarynyň mukdary hem artypdyr. Fransuz kompaniýalary öz maýa goýumlaryny kömür, galaýy, sink, wolfram, nikel, altyn gazyp almak üçin goýýardylar. Fransuz işewürleri ýeňil, azyk we gaýtadan işleýän senagat pudaklarynda häzirki zaman kärhanalaryny işe girizýärdiler. Fransuzlar dokma önümlerini, gant, agaç, çakyr, ýag, sabyn we otly çöp öndürýän zawodlarydyr fabrikleri gurupdyrlar.

Fransuz kapitaly ýurduň oba hojalyk pudagynda-da çuň kök urýardy. Kohinhinanyň ekerançylyk ýerlerinde fransuzlar tehniki ekinleri, çaý, kofe ekilýän iri plantasiýa hojalyklaryny döredýärdiler. Fransuzlar Wiyetnamda öndürilýän duzyň, tirýegiň, spirtli içgileriň satylyşyna monopoliýa girizipdirler. Hindihytaýdan, şol sanda Wýetnamdan hem, pagta, ýüpek, kokos hozy, arahis, künji, sink, gurşun, demir, kömür, gön, kauçuk, kofe, maýis, tüwi, çaý, burç, temmäki we agaç artýan möçberlerde eksport edilipdir. Bu döwürde ýurduň esasy ekini bolan tüwüniň öndürilişi üzül-kesil ýokarlandy. 1913-nji ýylda Fransiýa Hindihytaýdan 1 million 287 müň tonna tüwi äkidipdirler we ol ähli eksport edilen önümleriň 62 %-ni tutupdyr. 1875-1915-nji ýyllar aralygynda tüwüniň öndürilişi 3-4 esse, onuň eksport edilişi bolsa 5 esse artýar. Şeýlelikde, XIX asyryň ahyrlaryndan 1918-nji ýyla çenli Wýetnamyň ykdysadyýetine goýlan maýa goýumlarynyň möçberi 1 milliard altyn franka barbar bolupdyr.

Gürrüňi edilýän döwürde ýerli buržuaziýa hem döräp ugrady. Wýetnamyň milli buržuaziýasyna degişli kärhanalar esasan koloniýal edarasynyň buýurmalaryny ýerine ýetirýärdiler. Milli buržuaziýa degişli ulag kärhnalary demir ýol üçin agaç düşekleri daşamak işlerini alyp barýardylar, dokma senagatynda we oba hojalygynda öz orunlaryny berkidýärdiler.

**Wiýetnamda buržuaz-milletçilik hereketleriniň ýüze çykmagy.** XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başlarynda Fransiýanyň amala aşyran durmuş-ykdysady we syýasy özgertmeleri Wýetnamyň jemgyýetçilik-syýasy we medeni durmuşyna uly täsir etdi. Ýurtda ýewropa medeniýeti köpçülikleýin ýaýrap ugrady. 1904-nji ýylda lukmançylyk uçilişesi, 1907-nji ýylda Hanoý uniwersiteti we beýlekiler açyldy. Öňdebaryjy okuw mekdepleriniň açylmagy Wýetnamda azat edijilik hereketiniň ösüşine uly itergi berýär.

Wýetnamyň azat edijilik hereketine Sun Ýatseniň, Kan Yuweýiň we Lýan Si Çaonyň syýasy garaýyşlary, aýratyn hem Sun Ýatseniň «halkçylygyň üç ýörelgesi» taglymaty uly täsir edýärdi. XX asyryň başlarynda Wýetmanyň milli hereketinde iki ugur ýüze çykyp başlady. Bu hereketiň birinji ugruna belli jemgyçilik-syýasy işgäri, oba mugallymy


Fan Boý Týau

Fan Boý Týau (1867-1940) wekilçilik edip, ol fransuzlara garşy ýaragly göreşiň alnyp barylmagy we ýurduň garaşsyzlygynyň dikeldilmegi ugrunda göreşipdir. Fan Boý Týaunyň tagallalary bilen 1904-nji ýylda Wýetnamyň ilkinji syýasy guramasy – «Wýetnamyň täzeleniş jemgyýeti» (Wýetnam Zýui Tan

Hoý) esaslandyrylýar. 1905-nji ýylda bu guramanyň agzalary «Gündogara tarap hereket» (Doň Zuň) atly syýasy gurama hem esaslandyrýarlar. Bu gurama wýetnemly ýaş watançylary Ýaponiýanyň harby mekdeplerine okuwa ibermegi öz öňünde maksat edip goýupdyr. 1907-1908-nji ýyllarda gurama öz işini has-da işjeňleşdirýär.

Wýetnamda ýaýbaňlanan milli hereketiň ikinji ugruna ownuk mülkdaryň ogly Fan Týu Çin (1872-1926) baştutanlyk edýär. Fan Týui Çin Fransiýa bilen ýakyn hyzmatdaşlygy ýola goýup we onuň gazananlaryna daýanyp Wýetnamy galkyndyrmagyň tarapdary bolupdyr. Ol ýurtda sosial özgertmeleriň geçirilmegi, häzirki zaman bilim ulgamynyň girizilmegi, monarhiýanyň ýatyrylmagy, buržuaz-demokratik respublikanyň berkarar edilmegi ugrunda çykyş edýärdi. 1907-nji ýylda onuň özüniň hem-de egindeşleriniň aladalary bilen Hanoýda Tonkin jemgyýetçilik aň-bilim jemgyýeti (Doň Kin Ňia Thuk) esaslandyrylýar.

1908-nji ýylda Fan Týu Çin tarapyndan baştutanlyk edilýän sosial özgertmeler ugrundaky hereket ýurduň oba ýerlerine-de ýaýraýar. Salgytlaryň artdyrylmagy sebäpli bütin Annamy daýhanlar hereketi gurşap alýar. Ýurduň dürli ýerlerinde hereket edýän gozgalaňçy toparlar hem daýhanlar hereketini ýakyndan goldapdyr. Emma fransuz häkimiýetleri gozgalaňçy hereketler bilen bir hatarda sosial özgertmeler ugrunda çykyş edýän güýçlere garşy hem jeza çärelerini geçirýärler. Hereketiň agzalarynyň köpüsi tussag edilip ömürlik sürgüne iberilýär. Fan Týu Çiniň özi ilki ölüm jezasyna hokum edilýär, ýöne soň ömürlik sürgün bilen çalşyrylýar: ony yzyna dolanyp gelmezlik şerti bilen 1911-nji ýylda Fransiýa iberýärler.

Fransuz kolonial häkimiýetleriniň azat edijilik hereketine garşy gönükdirilen jeza çäreleri Fan Boý Týauy Hytaýa emigrasiýa gitmäge mejbur edýär. Sinhaý rewolýusiýasynyň

we Sun Ýat Seniň täsiri bilen Fan Boý Týau 1912-nji ýylda Guandunda (Hytaý) «Wýetnamyň galkynyş jemgyýeti» (Wýetnam kuaň fuk hoý) atly syýasy guramany esaslandyrýar. Emma fransuz häkimiýetleri wýetnamly watançylara Hytaýda-da erkin hereket etmäge mümkinçilik bermändirler. Fransuz general-gubernatory A. Sarronyň talaby bilen Fan Boý Týau 1913-nji ýylda Kantonda (Guançžou) tussag edilýär.

**Wýetnam Birinji jahan urşy ýyllarynda.** Birinji jahan urşunda fransuzlar Hindihytaýyň, şol sanda Wiýetnamyň hem ähli adam we maddy güýçlerini giňişleýin peýdalanýarlar. Fransuz häkimiýetleri wýetnamlylaryň goldawyna daýanmak üçin «Fransiýa we Wiyetnam bir maşgaladyr!» diýen şygary öňe sürüpdir. Wýetnamlylary öz tarapyna çekmek üçin ýurtda german wagyzçylary hem hereket edýärdiler. Olar hem öz gezeginde «Fransiýa – XVIII asyryň ahyrlarynyň derejesinde galdy, şonuň üçin hem olar öz orunlaryny nemeslere bermelidirler!» diýýärdiler.

Jahan urşy ýyllarynda Wýetnamdan Fransiýa tüwi, mekgejöwen, sement, sink, galaýy, wolfram we başga zatlar köpçülikleýin äkidilipdir. Urşuň bütin dowamynda Wiýetnamdan 240 müň gallon spirt, 1750 tonna kauçuk, 2800 tonna kastor ýagyny, 4300 $m^3$ gymmat baha agaç, 500 mün tonna tüwi, 6700 tonna arahis, 22 müň tonna gant, 2344 tonna temmäki we başga zatlar çykarylypdyr. Netijede Wýetnamdan umumy bahasy 11 million altyn frank möçberinde harytlar alnyp gidilipdir. Uruş ýyllarynda wýetnamly işewürleriň ýagdaýy hem birneme berkäpdir. Ho Ta Taň, Ňuen Than Liýen, Bat Thaý Býuý we başgalar öz gämileri bilen kolonial ýükleri daşap ep-esli gazanç edipdirler. Ňuen Şon Hanyň lak öndürýän, Ňuen Wan Tanyň küýze zawody, Le Wan Fukyň, Ňo Ty Hanyň tipografiýalary öndürijilikli işläpdirler.

1915-nji ýylda Fransiýa wýetnamly esgerler we işçiler hem ugradylyp başlaýar. Urşuň bütin dowamynda Wýetnamdan 100 müňe golaý adam ugradylýar. Şolardan 50 müňe golaýy Fransiýanyň Ýewrodaky zawod-fabriklerinde, demir ýolda işledilipdir. Wiýetnamlylardan düzülen goşun bölümleri fransuz esgerleri bilen egin-egne berip Germaniýa we onuň tarapdarlaryna garşy söweşipdirler.

Uruş ýyllarynda Fransiýanyň çekýän kynçylyklaryndan peýdalanyp, wýetnamyň dolandyryjylary özbaşdaklyk gazanmaga synanyşyk edipdirler. 1916-njy ýylyň 4-nji maýynda 17 ýaşly imperator Zýui Tan Hýudäki köşgünden gaçyp gidýär. Ol bir wagtky gozgalaňçy imperator Ham Ňiniň edişi ýaly fransuzlara garşy gozgalaň turuzýar. Emma gozgalaň halkyň içinde goldaw tapmandyr. Tiz wagtdan topalaňçy imperator tussag edilýär we Reýunýona (Hindi ummanynda ýerleşýän ada ) sürgün edilýär.

1917-nji ýylyň awgustynda Thaýňuendäki (Tonkin) wýetnamlylardan düzülen kolonial goşun bölümleri gozgalaň turuzýarlar. Gozgalaň turzan esgerler Thaýňuendäki türmäni zabt edip alýarlar we bu ýerde bendilikde oturanlary azat edýärler. Tiz wagtdan welaýat merkezi bolan Thaýňuen hem eýelenilýär. Gozgalaňçy esgerler Hindihytaýyň bäş bölegini aňladýan nyşany - bäş sany sary ýyldyzly ak baýdagy pasyrdadypdyrlar. 1918-nji ýyla çenli dowam eden bu gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin fransuz kolonial häkimiýetleri köp tagalla etmeli bolupdyrlar.

## § 12. Indoneziýa XIX asyryň ahyrlarynda - XX asyryň başlarynda

**XIX asyryň ahyrlarynda golland kolonial häkimiýetleriniň Indoneziýada amala aşyran özgertmeleri.** XIX asyryň ikinji ýarymynda Ýewropa

ýurtlary we Demirgazyk Amerika taryhy ösüşiň täze tapgyryna gadam basanda Indoneziýanyň golland kolonial hojalygy çuňňur durmuş-ykdysady krizisi başdan geçirýärdi. Şonuň üçin hem 50-60-njy ýyllardan başlap golland häkimiýetleri «mejbury ekinler ulgamyndan» el çekip başlaýarlar. Sebäbi zähmet öndürijiligi juda pes derejede saklanyp galýardy. Önümçiligi giňeltmek, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin hojalygy ýoretmegiň şertnamalaýyn (hakyna tutma) usulyna geçmelidi, daýhanlara özbaşdak önüm öndürmäge ygtyýar bermelidi, üstesine-de, golland senagat buržuaziýasy hem özüniň Indoneziýany özleşdirmekde özüne hukuk berilmegini talap edýärdi.

1870-nji ýylyň «Gant kanuny» hususy palantasiýalaryň döredilmegi üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Bu kanunyň kabul edilmegi «mejbury ekinler ulgamynyň» ýatyp galmagyna getirdi. Şol ýyl «Agrar kanuny» hem kabul edilip, ol indoneziýaly ýer eýelerine iri hususy palantasiýalary döretmäge ygtyýar berýär. Bu kanun boýunça hususyýetçileriňkiden başga ähli ýerler hazyna ýerleri diýlip yglan edilýär. Hususy ýerleriň hataryna Jokýakarta we Surakarta soltanlyklaryndaky iri mülkler, şeýle hem ýewropalylary we hytaýlylara satylan ýerler degişlidi. Şulardan galan ähli ýerler «boş ýerler» hasap edilipdir. Kanun kabul edilen döwri daýhan hojalyklarynyň ygtyýaryndaky ýerler miras galdyrmak şerti bilen olaryň özlerine kärende şerti bilen berilýär. Agrar kanuny boýunça oba jemagatlaryna degişli bolan örüler, çemenlikler we tokaýlar hazynanyň hasabyna geçirilipdir. Soňra şol ýerleriň bir bölegi ýewropaly plantatorlara kärendesine berilýär. Sebäbi kanun ýewropalylara Indoneziýada hususy ýer almagy gadagan edýärdi. Gollandlar beýleki ýewropa ýurtlarynyň raýatlaryny Indoneziýa goýbermejek bolup, diňe

bir olara däl, eýsem golland raýatlaryna-da hususy mülkleri edinmäge ygtyýar bermändirler.

Plantasiýa hojalyklarynyň eýeleri aýry-aýry obalaryň daýhan hojalyklarynyň ýerlerini ya-da tutuş oba jemagatyna degişli ýerleri olardan kärendesine alypdyrlar. Munuň üçin ýer eýeleri bolan daýhanlara ýa-da oba jemagatyna töleg töläpdirlar. Daýhanlaryň özleriniň plantatorlara kärendesine beren ýerlerinde hasyl ýygnalandan soň döreýän arakesme möwsüminde tiz ýetişýän azyklyk ekinleri ekmäge ygtyýarlary bolupdyr. Munuň üçin plantatorlar hem daýhanlary ekin ekmekde, hasyl ýygnamakda ulanypdyrlar.

«Mejbury ekinler ulgamynyň» ýatyrylmagy indonez obasynda daýhan hojalyklaryň aglaba köpüsiniň berkemegine getirýär, ýöne şol bir wagtyň özünde-de, daýhanlaryň bir bölegini tozdurýar we olary baýan daýhanlaryň, emeldarlaryň, süýthorlaryň günlükçilerine öwürýär. Daýhanlaryň bir böleginiň ýersizleşmegi işewür adamlar üçin zerur bolan işçi güýjüni döredipdir. Ýawaly daýhanlaryň münlerçesini hakyna tutma işçiler hökmünde ýurduň beýleki ýerlerine äkidipdirlar.

XIX asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap iri banklar Indoneziýanyň senagat kärhanalaryny we plantasiýalaryny özlerine tabyn edip ugraýarlar. Bu işde has hem Niderland söwda jemgyýeti aýratyn işewürlik görkezipdir. Bu jemgyýet mejbury ekinler ulgamy ýatyrylandan soň iri banka öwrülýär. 1875-nji ýyla çenli Niderland söwda jemgyýeti Indoneziýada köp sanly plantasiýalary, 27 sany gant zawodyny, 17 temmäki, kofe we beýleki kärhanalary öz gözegçiliginde we eýeçiliginde saklapdyr.

**Daşary yurt maýa goýumlarynyň Daşarky mülklere aralaşmagy we onuň eýelenilmeginiň tamamlanmagy.** «Mejbury ekinler ulgamynyň» ýatyrylmagy Indoneziýa diňe bir Niderlandlaryň däl, eýsem beýleki Ýewropa döwletleriniň we ABŞ-nyň maýa goýumlarynyň

aralaşmagyna-da getirýär. ABŞ-nyň güýçlenýän we Indoneziýa aralaşmaga çalyşýan döwründe Angliýa bu ýerleriň gowşak Gollandiýanyň elinde bolanyny kem görmändir. Indonez adalarynyň käbir ýerlerinde ýerli soltanlyklaryň güýçlenýändigi üçin Angliýa Gollandiýanyň bütin Indoneziýany eýelemegine hem garşy bolup durmandyr; kähalatlarda oňa birneme ýardam hem beripdir. Ýöne iňlisler Sumatrada alnyp barylýan söwda işlerinde gollandlar bilen deň hukuklary gazanypdyrlar.

Gollandlar Sumatra adasynyň çet demirgazyk burnunda ýerleşýän kuwwatly Açe soltanynyň tabynlygyndaky ownuk döwletleriň ýerlerini boýun egdiripdirler. Emma Açe soltanlygynyň özüni eýelemeklik Gollandiýa juda kyn düşüpdir. Açe soltany gollandlaryň zor salmalaryna garşy durmak üçin ABŞ bilen gepleşikleri geçiripdir. Bu ýagdaýy gollandlar Açeniň garşysyna urşa başlamakda bahana hökmünde ulanypdyrlar. Niderlandlaryň hökümeti ilki Açeniň boýnuna şertnama dakmaga synanşyk edýär, emma bu pirim başa barmanyndan soň, 1873-nji ýylda onuň üstüne goşunlaryny sürýär. Emma golland goşunlarynyň ýörişleri bu gezek şowsuz tamamlanýar. Şol ýyl golland goşunlary Açeniň üstüne ikinji gezek çozýarlar we paýtagt şäher Kutarajini eýeleýärler. Emma Açeniň halky atly musulman ulamalarynyň we taýpa serdarlarynyň baştutanlygynda basybalyjylara garşy uzaga çeken azat edijilik urşuna başlaýarlar. Aradan çykan soltanyň kämillik ýaşyna ýetmedik ogly soltan diýlip yglan edilýär. Açeniň halky golland basybalyjylaryna garşy tä 1899-nji ýyla çenli göreşýärler. Emma güýçler deň däldi. Şol ýyl azat edijilik hereketiniň tanymal serdarlarynyň biri Teuki Omar hem öldürilýär, iň sönky açe soltany bolsa gollandlara ýesir düşýär.

XX asyryň başlaryna çenli Indoneziýanyň köp bölegi Niderlandlaryň koloniýasyna öwrülýär. Kalimanganyň

demirgazygyndaky Sarawak we Barneo Angliýanyň tabynlygyna geçýär. Timor adasynda Portugaliýa ornaşýar, Täze Giwineýanyň Gündogaryny bolsa Angliýa bilen Germaniýa paýlaşýarlar. Umuman alnanda, Niderlandlar tarapyndan basylyp alnan Indoneziýada metropoliýanyň tabynlygynda 300-e golaý «içki dolandyryşly» soltanlyklar we ýerler bolupdyr.

Indoneziýany koloniýa öwürse-de Gollandiýa barybir gowşak döwletdi. Şonuň üçin hem ol iri döwletleriň arasyndaky gapma-garşylyklardan peýdalanyp, olaryň öňünde hemişe sapalak atmaga mejbur bolýardy. Gollandiýa iri döwletleriň ählisine Indoneziýany «özleşdirmäge» ygtyýar berýär. Gollandiýa degişli bolmadyk kompaniýalaryň we raýatlaryň işleri hiç-hili çäklendirilmändir. Eksport we import gümrük paçlary golland harytlary üçin hem, beýleki ýurtlaryňky üçin hem




deň bolupdyr. Bir aýratynlygy, gollandlar salgyt ýygymlaryndan we aksiýalardan gelýän girdejileri alypdyrlar, duz hem-de tirýek söwdasyna girizilen döwlet monopoliýasyndan gelýän girdejilere eýelik edipdirler.

Iri döwletleriň zor salmalaryna döz gelip bilmän, Gollandiýa olary Indoneziýanyň magdanly ýerlerini özleşdirmäge goýbermäge mejbur bolýar. Golland we daşary ýurt hususy kompaniýalary magdanly ýerleri özleşdirmäge, nebit we kömür gazyp almaga girişýärler.

Indoneziýanyň daşary yurt maýa goýumlary tarapyndan özleşdirilmeginde Gollandiýadan soň Angliýa öňdebaryjylygy saklaýardy. Iňlis maýa goýumlary Indoneziýanyň plantasiýa hojalyklaryna köpçülikleýin aralaşýardy. Iri iňlis transport kompaniýalary indonez çig malyny eksport etmekde uly işleri alyp barýardy. Iňlis-golland gatyşyk kompaniýalary hem döredilipdir. Hut şu döwürde döredilen «Roýal Datç Şell» tresti, soňra amerikan nebit monopoliýalary bilen bäsleşip bilýän kuwwatly kompaniýa öwrüldi. Deterding tarapyndan baştutanlyk edilen bilelikdäki iňlis-golland nebit kompaniýasy sebitde hereket edýän ähli ownuk kompaniýalary özüne tabyn edýär.

**Indoneziýada dolandyryş özgertmeleri we ýerli halk hakynda alada etmäge çagyryşlar.** Indoneziýanyň ähli ýerleriniň eýelenilmegi we golland kolonial düzgüniniň girizilmegi ýerli halkyň ýaşaýy-durmuş we medeni derejesiniň düýpli ýaramazlaşmagyna getiripdir. Ýerli halkyň çydamsyz ýagdaýy ýurtda ýaşaýan demokratik garaýyşly golland kolonial işgärleriniň we intelligensiýa wekilleriniň arasynda uly ynjalyksyzlyk döredipdir. 1899-njy ýylda wan Dewenter «Mertebe borjy» atly makala bilen çykyş edýär. Makalanyň awtory milliardlarça girdejileri almak bilen Niderlandlaryň Indoneziýany iki ýüz ýyl bäri talap gelendigini we indi bolsa ýerli halkyň öňünde öz borjuny berjaý etmegiň wagtynyň ýetendigini beýan edýär. Dewenterden soň birnäçe golland işgärleri ýerli halk babatynda «ahlak ýörelgeleri» atly syýasy ugry döretmek bilen baglanyşykly başlangyçlary öňe sürýärler. Olar ýerli halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowylandyrmak, ilatyň satyn alyjylyk ukybyny, sowatlylyk we medeni derejesini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly çäreleriň amala aşyrylmagyny, indonez wekillerini dolandyryş ulgamyna işe çekmegi talap edýärdiler. Şunuň netijesinde XX asyryň başlarynda Indoneziýada bilim ulgamy giňeldilýär, täze

mekdepler gurlup ulanylmaga berilýär. Golland dilinde okadylýan bu mekdeplerde golland çagalary bilen bir hatarda ýerli halkyň çagalaryna hem bilim berlip başlaýar. Bu döwürde indoneziýalylary kolonial dolandyryş edaralaryna işe çekmek maksady bilen ýerli halkyň wekilleri üçin ýörite orta mekdepleri döredilýär, birnäçe lukmançylyk mekdepleri açylýar.

1903-nji ýylda welaýatlaryň hukuklary hakynda kanun kabul edilýär. Kanun boýunça golland rezidentleri tarapyndan dolandyrylýan welaýat häkimlikleri giň ygtyýarlyklara eýe bolýarlar. Welaýatlarda rezidentiň edarasynyň ýanynda maslahatçy geňeşlikleri döredilip, onuň düzümine gollandlardan başga-da ýerli halkyň wekilleri hem girizilýär. Bu kanunyň esasynda kolonial dolandyryş edarasynyň aşaky wezipelerine ýerli halkyň wekilleri hem köpçülikleýin çekilip ugraýar. Ýerli halkyň wekilleri tarapyndan dolandyrylýan etrap häkimleriniň ygtyýarlyklary belli bir drejede giňeldilýär. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýeňilleşdirmek maksady bilen Ýawa adasynda golland häkimiýetleri tarapyndan döwletiň peýdasyna ýerine ýetirilýän zähmet borçlarynyň mukdary ep-esli azaldylýar.


Raden Ajeng Kartini

**Indoneziýada azat edijilik hereketiniň ýüze çykmagy.** Uzaga çeken golland agalygy Indoneziýanyň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni durmuşyny ep-esli derejede özgerdýär. XIX asyryň ahyrlarynda - XX asyryň başlarynda Aziýanyň beýleki bakna edilen ýurtlarynda bolşy ýaly, Indoneziýada hem

milli aň-düşünjeler ösýär, munuň esasynda bolsa azat edijilik hereketi ýüze çykýar. Indoneziýada milli azat edijilik garaýyşlaryny öňe sürüjiler esasan ýerli halkyň içinden ösüp ýetişen, ýewropa bilimini alan intelligensiýa wekilleri boldylar. Soňa-baka azat edijilik hereketine indonez jemgyýetiniň ýokary gatlaklarynyň watançy wekilleri goşulyp ugradylar. Olaryň arasynda sowatly musulman zenan maşgalalary hem bardy. Zenanlarynyň hak-hukugy ugrynda göreşiji Raden Ajeng Kartini (1879-1904) Indoneziýanyň taryhynda uly yz galdyrypdyr. Kartini özüniň juda gysga ömründe indoneziýaly zenanlaryň medeni we bilim derejeleriniň ýokarldyrylmagy ugrunda uly işleri alyp barypdyr.

XX asyryň başlarynda Ýawada bitewi azat edijilik guramasyny döretmek bilen baglanyşykly işler durmuşa geçirilip ugraýar. 1908-nji ýylda hünäri boýunça lukman Wahiddin Husoda Sudironyň (1857-1917) ýolbaşçylygynda «Budi Utoma» (Beýik Maksat) atly milli medeni aň-bilim ýaýradyjy guramasy döredilýär. «Budi Utomanyň» çagyryşlary orta we ýörite orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda giň seslenme döredýär.

1908-nji ýylyň oktýabr aýynda Wahiddin «Ýaş Ýawa» guramasyny döredip, onuň birinji kongesini çagyrýar. Kongresde çykyş eden ýawaly hem-de maduraly wekiller halkyň aň-düşünjelerini mundan beýläk has-da ösdürmek barada aýdýarlar. Elbetde, bu guramalaryň ikisi hem radikal talaplary öňe sürmändirler, emma indoneziýalylaryň aň-düşünjeleriniň ýokarlanmagynda, azat edijilik hereketiniň giň gerime eýe bolmagynda olar uly işleri bitiripdirler. Ýawada milli guramanyň döredilmegi we ýawalylary birleşmäge çagyryşlar öz miwesini beripdir. Kongresde we «Budi Utoma» guramasynda Ýawanyň resmi dili hökmünde malaý dili kabul edilipdir. Malaý dilinde eserleri döredýän ýazyjy-şahyrlaryň sany artypdyr. Bu döwürde Padma

Susastra tarapyndan ýawa diliniň ilkinji okuw kitaby ýazylýar.


Wahiddin Husodo Sudiro

Milli hereket bilen bir hatarda täze guramalar we syýasy partiýalar hem peýda bolup ugraýarlar. 1912-nji ýylda Daues Dekker tarapyndan Hindi[1] partiýasy döredilýär. Hindi partiýasyna golland sosial-demokratlary bilen ýakyn gatnaşykda bolan hindiýewropalylar (gollandlar bilen ýerli zenanlaryň nika gatnaşyklaryndan dörän metisler) giripdirler. Hukuk taýdan hindiýewropalylar ýawalylar bilen deňeşdirilende uly artykmaçlyklardan peýdalanypdyrlar. Olaryň agramly bölegi golland dilinde okadylýan mekdeplerde ýewropa bilimini alypdyrlar. Olardan ýewropa kompaniýalarynyň we kärhanalarynyň gullukçylarynyň aşaky gatlaklaryny düzýärdiler. Emma hukuk taýdan olar «arassa» gollandlardan aşakda durýardyler. Emma, muňa garamazdan, ýewropalylar ýaly olaryň hem ýer edinmäge hukuklary bolmandyr. Indonez jemgyýetiniň metis ilatynyň bähbitlerini aramak bilen Hindi partiýasy özlerine ýer edinmäge ygtyýar berilmegi ugrunda çykyş edipdir. Bu partiýanyň resminamalarynda juda seresaplylyk bilen Indoneziýanyň garaşsyzlygy barada-da aýdylypdyr. Şundan

[1] Golland kanunçylygy boýunça Indoneziýa «Niderland Hindistany» diýlip atlandyrylýardy. Şonuň üçin hem koloniýanyň ilatyny ýewropalylara, hindiýewropalylara (metisler) we hindilere (ýerli halk) bölýärdiler. Bu ýerde «Hindi partiýasy» diýlende Niderland Hindistany koloniýasy göz öňünde tutulýar.

soň golland häkimýetleri partiýanyň işini gadagan edýärler, ýolbaşçylary bolsa sürgün edilýär.

Indoneziýada milli azat edijilik hereketiniň ýokary göterilmeginde 1912-nji ýylyň sentýabrynda döredilen «Sarekat yslam» (Yslam bileleşigi) guramasy uly ähmiýete eýe boldy. Başda ol indoneziýaly söwdagärleriň guramasy hökmünde peýda bolýar. Şol wagtlar ony «Yslam söwdagärleriniň bileleşigi», soňra bolsa «özara kömek jemgyýeti» diýip atlandyrýardylar. Soňra bu herekete milli intelegensiýa wekilleri, şäherleriň ownuk buržuaz toparlary, işçiler we daýhanlar hem goşulypdyrlar. «Sarekat yslam» özüniň kynçylyk çekýän agzalaryna ýakyndan kömek beripdir, şu maksat bilen birek-birege kömek gaznalary döredilipdir. «Sarekat yslamyň» umumy milli syýasy partiýa hökmünde kemala gelmeginde, onuň ideýa-syýasy we guramaçylyk taýdan berkemeginde surabaýaly Omar Seýit Çokroaminoto (1882-1934) uly işleri amala aşyrypdyr. Bu partiýanyň hatarynda Çiptomangunkusumo (1886-1843), Agus Salim (1884-1954), Ki Hajar Dewantoro (1889-1959) ýaly tanymal adamlar durup, olar Ýawanyň dürli ýerlerinde «Sarekat yslamyň» bölümlerini döredýärler.

Ýawada ilkinji milli guramalaryň ýüze çykmagy Indoneziýanyň kemala gelip ugran beýleki köp sanly halklaryna-da uly täsir edýär. Golland goşunlarynyň sulawesili we ambonly taýpalaryň wekillerinden düzülen kiçi serkerdeleri «Ambonyň-Menadonyň ogullary», Ambon adasynyň ýerli halkyndan (amboinler) bolan gullukçylar «Ambon bileleşigi», Ýawada ýaşaýan minahasalylar «Minahasanyň


Omar Seýit

bitewiligi» (Rukun Minahasa), Günbatar Ýawada ýaşaýan sundan taýpasynyň wekilleri tarapyndan bolsa «Sundanlaryň birleşigi» (Pisundan) ýaly milli guramalar döredilýär.

**Indoneziýa birinji jahan urşy ýyllarynda.** Jahan urşunda Gollandiýa bitaraplyk syýasatyny yglan eden hem bolsa, uruş Indoneziýanyň ykdysadyýetine örän uly zyýan ýetirýär. Urşuň başlamagy ýurtda öndürilýän çig mallaryň eksport edilmegini we onuň dünýa bazarynda satylmagyny kynlaşdyrýar. Munuň özi plantasiýalaryň kemelmegine, daýhanlar köpçüliginiň işsiz galmagyna getirýär. Indoneziýa daşarky bazardan getirilýän harytlaryň, aýratyn hem azyk önümleriniň bahasy ýokarlanýar. Bu bolsa ýurtdaky nägilelikleri güýçlendirýär. Bu döwürde «Sarekat yslamyň» we onuň ýerlerdäki bölümleriniň täsiri ýokarlanýar. Partiýanyň 1916-njy ýylyň iýunynda Bandung şäherinde bolup geçen kongresinde onuň işine ýurduň dürli ýerlerinde ýerleşýän we 360 müň agza wekilçilik edýän 80-den gowrak bölümlerinden wekiller gatnaşypdyrlar.

«Sarekat yslamyň» täsiri bilen 1914-nji ýylda Hindi sosial-demokratik bileleşigi atly syýasy partiýa döredilip, onuň düzümine golland hem-de ýawaly intelligensiýa wekilleri giripdirler. Öz gezeginde bu partiýanyň täsiri bilen «Sarekat yslam» guramasynyň agzalarynyň arasynda sosializm ideýalary aralaşýar.

Uruş ýyllarynda Gollandiýanyň we Angliýanyň Indoneziýanyň ykdysady durmuşyndaky orunlary belli-külli gowşaýar. Netijede Indoneziýada ýapon hem-de amerikan monopoliýalarynyň täsiri güýçlenýär. 1917-nji ýylyň ahyryna çenli Gollandiýadan Indoneziýa getirilýän harytlaryň we koloniýadan metropoliýa äkidilýän önümleriň mukdary baha möçberinde on esse azalýar. Şol bir wagtyň özünde ABŞ-dan Indoneziýa harytlaryň getirilişi ýedi esse, Indoneziýadan ABŞ-a äkidilýän harytlaryň mukdary bolsa onbäş esse artýar. Indoneziýa ýapon söwda firmalarynyň

aralaşmagy, ýapon raýatlarynyň ýurda göçüp gelmegi güýçlenýär.

Golland dolandyryjylary Indoneziýadaky kolonial häkimiýeti berkitmek we ýerli halky öz tarapyna çekmek maksady bilen birnäçe çäreleri amala aşyrýar. 1916-njy ýylyň dekabr aýynda Niderlandlaryň parlamenti Indoneziýanyň wekilçilikli edarasyny - Halk geňeşini (Folksraad) döretmek hakynda kanun kabul edýär. Halk geňeşiniň düzümine 39 sany wekil girizilip, onuň maslahat berijilik ygtyýarlyklary bolupdyr. Onuň agzalarynyň ýarpysy general-gubernator tarapyndan bellenilip, galanlary saýlanylypdyr. Golland häkimiýetleri tarapyndan girizilen bu üýtgeşmeler gürrüňsiz Indoneziýa, onuň geljegi üçin uly öňe gidişlikdi. Sebäbi golland kolonizatorlary ýuwaş-ýuwaşdan ýerli halkyň öňünde eglişik etmäge mejbur bolýardylar.

## § 13. Hindistan XIX asyryň 60-njy ýyllaryndan – XX asyryň başlaryna çenli döwürde

**Hindistanda kolonial dolandyryş ulganyň üýtgedilmegi.** 1857-1859-njy ýyllaryň halk gozgalaňy Angliýany Hindistanyň kolonial dolandyryş ulgamynda aýgytly çäreleri geçirmäge mejbur edyär. 1858-nji ýylyň 2-nji awgustynda Angliýanyň parlamenti Hindistany dolandyrmak barada ýörite kanun kabul edip, ýurtdaky häkimiýeti Ost-Hindistan kompaniýasynyň ygtyýaryndan aýryp, iňlis korolynyň eline berýär. Mundan beýläk Hindistandaky kolonial dolandyryş edarasy britan parlamentiniň we hökümetiniň gözegçiligi astyna geçirilýär. Iňlis hökümetiniň düzüminde Hindistanyň işleri boýunça ministrlik döredilip, onuň garamagynda ýokary wezipeli iňlis emeldarlaryndan düzülen Hindi geňeşi işe başlaýar.

Angliýanyň general-gubernatory wise-korol derejesine eýe bolýar. Parlamentiň we hökümetiň karary bilen 1600-nji ýylda esaslandyrylan iňlis Ost-Hindistan kompaniýasy ýatyrylýar we onuň ähli emlägi iňlis hökümetiniň haýryna geçirilýär. Kompaniýanyň paýdarlaryna bolsa hindi salgytçylarynyň hasabyna öwez tölegi (kompensasiýa) tölenilýär.

1860-1861-nji ýyllarda halk gozgalaňynyň tejribelerini sapak edinip, Angliýanyň hökümeti iňlislerden düzülen kolonial goşunlaryň sanyny ep-esli artdyrýar. Iňlis häkimiýetleri tarapyndan hindileri öz tarapyna çekmek maksady bilen ýerli halkdan bolan adamlara sipaýi goşunlarynda kiçi serkerdelik derejelerini eýelemäge ygtyýar berilýär.

1858-nji ýylyň 1-nji noýabrynda korolewa Wiktoriýanyň hindi halkyna ýüzlenmesi boýunça iňlisleriň ýerli hökümdarlaryň häkimiýeti babatyndaky adalatsyz syýasatyndan el çekilýär. Korolewanyň ýüzlenmesi boýunça mirasdary bolmadyk ýagdaýynda hindi hökümdarlaryna ogullyk almaga we öz häkimiýetlerini miras galdyrmaga ygtyýar berilýär. 1861-nji ýylda Hindistanyň wise-korolynyň we welaýat gubernatorlarynyň ýanynda maslahat beriji häsiýetdäki kanunçylyk geňeşleri döredilýär. Bu geňeşlere ilkinji gezek hindi wekilleri hem girizilip başlaýar. Şol ýyllar Hindistanda iňlis kazyýetine has golaýlaşdyrylan täze ýerli kazyýet ulgamy girizilýär.

XIX asyryň 60-80-nji ýyllarynda kolonial häkimiýetleri iki tarapyň hem bähbitlerini araýan birnäçe agrar çäreleri durmuşa geçirýär. Bu döwürde ýurduň ýer gaznasyny hasaba almak, ýere eýeçilik etmek we salgyt salmak bilen baglanyşykly işleriň uly tapgyry amala aşyrylýar. 1860-1880-nji ýyllarda Hindistanda Bengaliýanyň we Madrasyň hemişelik zemindary ýerlerinden galan welaýatlarynda ýerleriň täze hasabaty geçirilýär. Iňlis häkimiýetleri

Bengaliýa prezidentligi, Demirgazyk-Günbatar welaýatlary, Penjap, Merkezi welaýatlary babatynda kärende hakyndaky kanunlary kabul edýär. Bu kanunlar boýunça ýer eýeleri bolan zemindarlaryň kärendeçi daýhanlar babatyndaky eden-etdilikleri berk çäklendirilýär. Kärendeçi daýhanlaryň öz ýerleri babatyndaky hukuklary ep-esli giňeldilip, olara ýerlini satmaga we ýer satyn almaga ygtyýar edilýär. Munuň özi daýhan hojalyklarynyň bir böleginiň gurplanmagyna oňyn täsir edýär.

**1860-1890-njy ýyllarda Hindistanyň ykdysady ýagdaýy.** XIX asyryň 60-njy ýyllarda iňlis maýadarlary tarapyndan Hindistanyň özleşdirilmegi giň gerime eýe bolýar. 1870-1883-nji ýyllarda Angliýanyň öz koloniýasy bilen söwda gatnaşyklary 60% ýokarlanýar. Hindistandan Angliýa we dünýä bazaryna esasan pagta, ýüň, jut (zygyr), palma ýüplügi, tüwi, ösümlik ýaglaryny berýän çigitleriň dürli görnüşleri, hoşboý ysly otlar, indigo, tirýek eksport edilýärdi. Eksport edilýän harytlaryň agramly bölegi Angliýanyň özüne ugradylýardy. Hindistan Angliýa üçin azyk önümlerini öndürýän ýurda öwrülýärdi.


Tilak

Hindistan iňlis senagat önümleriniň satylýan esasy bazarlarynyň biridi. 1860-1890-njy ýyllarda iňlis harytlarynyň Hindistana importy bäş esse artdy. Angliýadan bu ýere mata önümleri, metal gap-gaçlar, gurallar we beýleki gündelik sarp edilýän harytlaryň dürli görnüşleri getirilýärdi. Angliýanyň Hindistan koloniýasyndan salgyt hökmünde alýan girdejileri

ýylsaýyn artýardy. 1859-njy ýylda Hindistandan 361 million rupiýa salgyt ýygnalan bolsa, onda 1890-njy ýylda onuň mukdary 851 million rupiýa ýetdi.

Bu döwürde Hindistanyň ykdysadyýetine goýulýan maýa goýumlarynyň möçberi artdy. Maýa goýumlary esasan demir ýol gurluşygyna goýulýardy. 1860-1890-njy ýyllarda Hindistanyň demir ýollarynyň uzynlygy 1300 km bolanlygyndan 25 müň km çenli artdy. Hindistanda demir ýollaryň giň ulgamynyň döredilmegi ýurtdan çig mallaryň äkidilmegi, iňlis senagat harytlarynyň köpçülikleýin getirilmegi üçin amatly şertleri döredýär.

Iňlis maýa goýumlary Hindistanda häzirki zaman suwaryş ulgamyny döretmäge-de goýlupdyr. Suwaryş ulgamlary esasan eksporta iberilýän ekinleriň ekilýän ýerlerinde köpçülikleýin gurlupdyr. Muňa mysal edip Sindiň we Penjabyň pagta hem-de bugdaý ekilýän ýerlerinde gurlan suw desgalaryny görkezmek bolar. Daýhanlara salynýan suw salgydynyň hasabyna bu ýerlerde gurlan suw desgalaryny gurmak üçin sarp edilen serişdeler özüni ödäpdir we goşmaça girdejileri almak üçin şert döredipdir.

Hindistanda döredilýän çaý, kofe we kauçuk plantasiýalaryna ummasyz köp mukdarda hususy maýa goýumlary goýulýardy. Köp girdeji berýän şeýle plantasiýalary kolonial häkimiýetleri iňlis plantatorlaryna uzak möhletleýin kärendesine berýärdiler. Iňlis kapitaly zawod-fabrikleri gurmaga, magdanly ýerleri özleşdirmä-de goýlupdyr. Iňlis işewürleri Kalkuttanyň jut, Kanpuryň nah mata fabriklerine eýeçilik edýärdiler. XIX asyryň ahyrlarynda Kalkuttada iňlis maýasyna degişli kiçiräk metallurgiýa zawody hereket edýärdi. Demir ýollaryň işläp başlamagy bilen ýurduň dürli ýerlerinde wagon-remont zawodlary, çoýun öndürýän we kiçeňräk mehaniki kärhanalaryň döremegine getirýär. Zawod-fabrikleri

işletmek üçin zerur bolan kömür Hindistanyň özünden gazylyp alynýardy.

Hindistandan çig mallaryň artýan möçberde äkidilmegi ýurdyň aýry-aýry ýerleriniň çig malyň haýsy hem bolsa bir görnüşini öndürmäge ýöriteleşmegine getirýär: Bengaliýada we Assamda – çaý, Penjapda – pagta, Bengalaiýada – jut öndürilýärdi. Bu döwürde Hindistanda ýerli işewürlere degişli zawod-fabrikler hem peýda bolýar. Hindilere degişli zawod-fabrikler esasan Bombeý welaýatynda köp bolupdyr. Halkara söwda gatnaşyklary bilen baglanyşykly bolan bombeýli täjirler nah mata fabrikleriniň gurluşygyna girişýärler. 1890-njy ýyllaryň ahyrlarynda ýurtda hindi işewürlerine degişli 177 nah mata we 33 sany jut fabrikleri bardy. Senagat kärhanalarynyň gurluşygy Hindistanda täze durmuş gatlagynyň – işçileriň döremegine itergi beryär. Işçiler esasan Bengal we Bombeý welaýatlarynda köpdi. XIX asyryň ahyrlarynda zawod-fabriklerde, demir ýolda we dag-magdan känlerinde zähmet çekýän işçileriň sany 800 müňe ýetýär.

XIX asyryň ahyrlarynda Hindistanyň dünýä hojalyk ulgamyna we halkara bazaryna goşulmagy umuman alnanda tamamlandy. 1893-1899-njy ýyllarda kolonial häkimiýetleri ýurtda maliýe özgertmelerini amala aşyrdylar. Kümüş rupiýalary zikgeleýän ähli zikgehanalar ýapylýar. Iňlisler hindi rupiýasynyň funt-sterlig babatyndaky hümmetini takyk kesgitleýärler. Bu bolsa Hindistan bilen Angliýanyň arasyndaky söwda işleriniň ösüşine oňyn täsir edýär. Emma Hindistanyň beýleki ýurtlar bilen alyp barýan söwda gatnaşyklarynda rupiýanyň ähmiýeti gaçýar.

**Hindistanda halk çykyşlary.** 1857-1859-njy ýyllaryň gozgalaňlary rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylsa-da, häli-şindi gaýtalanyp duran hasylsyzlyk, açlyklar we agyr ýaşaýyş-durmuş şertleri zerarly, XIX asyryň 60-90-njy ýyllarynda Hindistanyň dürli ýerlerinde halk çykyşlary

bolup geçdi. Eger-de, 1825-1850-nji ýyllar aralygynda açlyklar zerarly 400 müň adam heläk bolan bolsa, 1875-1900-nji ýyllar aralygynda 26 million ilat gyryldy. XIX asyryň 60-80-nji ýyllarynda Penjapda hindi wahhabylarynyň we induslaryň namdhari sektasynyň çykyşlary boldy. Aýratyn hem penjaply namdharileriň çykyşlary güýçlidi. Olar diňe bir iňlis häkimiýetlerine garşy däl, eýsem ýerli begzadalaryň eden-etdiliklerine gerşy hem çykyş edýärdiler. 1872-nji ýylda namdhariler gozgalaň turuzmaga synanyşyk edýärler. Emma sektanyň baştutany iňlis polisiýasy tarapyndan tussag edilip, Birma sürgün edilýär.

1870-1880-nji ýyllarda Maharaştradaky (Bombeý welaýaty) daýhanlar hereketine Hindistanyň azat edijilik hereketiniň taryhynda uly yz galdyran Wasudew Balwant Phadke (1845-1883) baştutanlyk etdi. Puna şäherinde ýerleşýän kolonial edaralarynyň birinde ownuk gullukçy bolup işlän Phadke garyplaşan brahman maşgalasyndan gelip çykypdyr. Ol sanskrit we iňlis dillerini suwara bilipdir. Başda ol punaly ýaşlar guramalary bilen ýakyn gatnaşyk saklapdyr, soňra bolsa maharaştraly daýhanlaryň hereketine goşulýar. Ol gozgalaňçy daýhanlaryň ownuk toparyna baştutanlyk etmek bilen iňlis polisiýasy bilen alnyp barlan birnäçe söweşlere gatnaşýar. Emma 1879-njy ýylyň tomsunda Phadkeniň gozgalaňçy topary derbi-dagyn edilýär. Ele salnan gozgalaňçy serdar Punada iňlis kazyýeti tarapyndan ömürlik katorga[1] hokum edilýär.

1870-1880-nji ýyllarynda Madras welaýatynyň Rampa welaýatynda daýhanlaryň, Merkezi we Demirgazyk-Gündogar Hindistanda ýaşaýan bhil, santal, gond, luşaý, kuki, haga halkyýetleriniň ýaşaýan ýerlerinde köpçülikleýin halk çykyşlary bolup geçdi.

[1] Türme tussaglygynyň agyr zähmet bilen utgaşdyrylan görnüşi.

XIX asyryň 70-nji ýyllarynda iş wagtynyň azaldylmagy, zähmet şertleriniň gowylandyrylmagy we zähmet haklarynyň artdyrylmagy bilen baglanyşykly işçileriň çykyşlary hem bolup geçýärdi. 1877-nji ýylda Merkezi Hindistandaky Nagpur şäheriniň nah mata fabrikleriniň birinde ilkinji iş taşlaýyş bolup geçdi. 1882-1890-njy ýyllarda Bombeý we Madras welaýatlarynda işçiler 25 gezek iş taşladylar.

**Hindistanda azat edijilik hereketiniň ýüze çykmagy.** Ilkinji azat edijilik guramalary Hindistanyň ykdysady taýdan ösen ýerleri bolan Bengal we Bombeý welaýatlarynda peýda bolup başlady. Eýýäm XIX asyryň 40-njy ýyllarynda Kalkuttada Britan Hindistanynyň assosiýasiýasy, Bombeýde bolsa Bombeý prezidentliginiň assosiýasiýasy döredilipdi. XIX asyryň 60-70-nji ýyllarynda azat edijilik gurmalarynyň döremegi we olaryň işjeňligi has-da güýçlendi. 1870-nji ýylda Maharaştrada Punanyň ýönekeý ilatynyň birleşigi, 1876-njy ýylda bolsa Kalkuttada Hindi assosiýasiýasy esaslandyryldy. Bengaliýadaky azat edijilik hereketine Surendranath Banerji (1848-1925), Bombeý welaýatynda bolsa Dadabhaý Naoroji (1825-1917) bilen Mahadew Gowind Ranade (1842-1901) we beylekiler ýolbaşçylyk edýärdiler. Olar iňlis häkimiýetlerini hindi işewürleriniň bähbitlerini goramaga çagyrýardylar, ýerli senagatçylara we söwdagärlere salynýan salgytlaryň, Angliýa tölenýän kolonial pajyň möçberiniň azaldylmagyny talap edýärdiler. Azat edijilik hereketinde çepçi garaýyşlara


Mürze Galyp

eýerýänler hem az däldi. Ownuk buržuaz demokratlary, söwda buržuaziýasynyň aşaky gatlaklary, ownuk senagat kärhanalaryň eýeleri, ýazyjylar, şahyrlar, mugallymlar, hukukçylar, lukmanlar halkyň güzeranynyň gowylandyrylmagyny, mekdepleriň gurulmagyny talap edýärdiler. Aýry-aýry ýazyjylar iňlis kolonial düzgünlerini, orta asyr däp-dessurlaryny ýazgaryp çykyş edýärdiler. Bu işde bengaliýaly ýazyjylar Dinobandhu Mitra, Mir Aşraf Hüseýn, doganlar Ghoşlar, Harişçandra Mukerji, Bankimçandra Çatterji dagylar tapawutlanypdyrlar.

Bu döwürde Hindistanda asly türkmenleriň seljukly neslinden bolan Mürze Esadulla han Galyp (1797-1869) hem ölmez-ýitmez eserleri döredipdir. Ol Ywraýym Zouk, Mömün han, Mustafa han Şeýfte ýaly meşhur şahyrlar, Fazl Hak, Şah Abdyl Eziz, Ahmet Barelwi, Seýit Ahmet han ýaly belli alymlar bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyr. Ýaşap geçen manyly ömründe beýik şahyr urdu hem-de pars dillerinde köpsanly eserleri döredipdir. Olardan dürli ýyllarda ýazylan «Ud-i hindi» («Hindistanyň hoşboý ysly şahalary»), «Urdu-i mualla» («Belent urdu»), «Panç ahaň» («Bäş äheň») ýaly hatlar ýygyndysy, «Dastanbu» («Güldesse») gündeligi, «Külliýet» («Ýygyndy»), «Meýhane-i arzu. Saranjam» («Arzuwlar meýhanasy. Serenjam»), «Muganny-nama» («Aýdymçy hakynda hekaýat»), «Diwan-e Galib» («Galybyň Diwany») ýygyndylary we beýlekiler dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna hemişelik giren eserlerdir. Ýeri gelende aýtsak, «Söweşler Deli, Türkmen we Ajmir derwezeleriniň ýanynda dowam edýärdi» diýip ýazmak bilen, Galyp «Güldesse» eserinde Delidäki meşhur «Türkmen derwezesiniň» adyny hem agzap geçýär.

Buržuaz-demokratik ideýalar diňe bir Bengaliýada däl, eýsem Bombeý welaýatynda hem köpçülikleýin ýaýraýardy. Şonuň üçin hem Maharaştra Bengaliýadan soň

Hindistandaky azat edijilik hereketiniň ikinji bir möhüm merkezine öwrüldi. Bu ýerde azat edijilik herketiniň çep ganatynyň ýüze çykmagy ajaýyp hindi rewolýusioner-demokraty Bal Gandhar Tilagyň (1856-1920) ady bilen aýrylmaz baglanyşykly boldy. Marathlaryň köneden gelýän brahman maşgalasyndan gelip çykan Tilak azat edijilik hereketine ir goşulýar. Hindi halkynyň azatlygy we garaşsyzlygy ugrunda barlyşyksyz göreşiji bolan Tilak birnäçe gezek iňlis häkimiýetleri tarapyndan türme tussaglygyna sezewar edildi.



Ýum

Tilak öz pikirdeşleri bilen mekdep açyp, onda ýaşlary marath watançylygy ruhunda terbiýelemäge uly üns berýärdiler. 1880-nji ýylda Punada Täze iňlis mekdebi açylýar, indiki ýyl bolsa Tilak marath we iňlis dillerinde gazet neşir edip başlaýar. Gazetiň sahypalaryndaky makalalarynda we Täze iňlis mekedebinde geçýän sapaklarynda Tilak we onuň egindeşleri hindileriň bähbitlerini gorap çykyş edýärdiler. Olar iňlisleriň hökmürowanlygyna garşy göreşiň esasy görnüşi hökmünde inlis harytlaryny satyn almazlygy öňe sürüpdirler. Tilagyň syýasy garaýyşlarynda ýönekeý halk hakynda aladalar esasy orny eýeläpdir, emma ol iňlis agalygyna garşy göreşde zorluk ulanylmagyny ret edýärdi.

Hindistanda azat edijilik hereketiniň ýaýbaňlanmagyna iňlis häkimiýetleri ýowuz kanunlaryň kabul edilmegi bilen jogap berýärdiler. 1878-nji ýylda wise-korol Litton (1876-1880) tarapyndan ýarag hakynda kanun kabul edilip, hindilere ot açýan ýarag götermeklik gadagan edilýär. 1879-

njy ýylda kabul edilen metbugat hakyndaky kanun boýunça berk çäklendirmeler we gadagan etmeler girizilýär. Emma 1880-nji ýylda Angliýada iş başyna gelen liberal hökümet metbugat hakyndaky kanuny ýatyrýar. 1882-nji ýylda iri şäherleriň munisipalitetleriniň agzalarynyň aglaba köpçüligi hindilerden saýlanylypdyr. Kazyýet işlerinde hindileriň jyns kemsitmelerini ýok etmek hem göz öňünde tutulýar.

XIX asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyrlarynda Hindistanyň dürli jemgyýetçilik-syýasy guramalarynyň arasynda



Hindistanyň Milli kongresiniň açylmagy (1885)

ysnyşykly aragatnaşyklar ýola goýulýar, 1883-1884-nji ýyllarda bolsa ýerli watançylaryň umumyhindi guramasyny döretmäge synanyşyklar edilýär.

1885-nji ýylda Bombeýde Hindistanyň Milli kongesiniň (HMK) birinji gurultaýy geçirilýär. Iňlis häkimiýetleri bu guramanyn döredilmegini oňlapdyrlar, hindileriň azatlygy ugrunda göreşiji, iňlis raýaty Allan Oktawian Ýum (1829-1912) bolsa onuň baş sekretarlygyna saýlanylýar. Kongresiň başky alty mejlisinde oňa gatnaşyjylaryň 50%-i intelligensiýa wekilleri, 25%-i söwdagärler, 25%-i bolsa ýer eýeleri bolupdyrlar. Kongres ýerli halkyň ýaşaýyş-durmuş

şertlerini gowylandyrmak, hindi işewürleri üçin amatly iş şertlerini döretmek barada iňlis häkimiýetlerine talaplary bildiripdir. Syýasy babatda HMK kanunçylyk geňeşlerinde hindi wekilleriniň sanyny artdyrmak, hindileriň öz ýurtlaryny dolandyrmaga gatnaşmagy bilen baglanyşykly talaplary öňe sürüpdir. 1892-nji ýylda kanunçylyk geňeşlerindäki hindi wekilleriniň sany belli bir mukdarda artdyrylýar.

Umumyhindi azat edijilik hereketi bilen bir hatarda hindi musulmanlaryň arasynda-da syýasy işjeňlik guýçlenýär. Emma hindi musulman guramalary we olaryň liderleri radikal talaplary öňe sümändirler. Şol sebäpden hem olaryň işleri esasan ýurduň musulmanlaryny magaryfçylyga çekmek, hindi musulmanlaryň hak-hukugy ugrunda çykyş etmek bilen çäklenipdir. Musulman magaryfçylyk hereketinde Hindistanyň meşhur musulman jemgyýetçilik-syýasy işgäri, ser Seýit Ahmet han (1817-1898) uly işleri amala aşyrypdyr. Onuň hyzmaty bilen Hindistanda musulmanlaryň kowçum bolup ýaşaýan ýerlerinde magaryfçylyk merkezleri we guramalary, şeyle hem Aligarh musulman kolleji döredilýär.

Seýit Ahmet hanyň yzyna eýerijiler bilen bir hatarda Demirgazyk Hindistanyň musulman jemagatlarynyň arasynda merkezi Deobantda (Deliniň golaýynda) ýerleşýän ownuk buržuaz demokratlarynyň gurmalary hem hereket edipdirler.



Enni Bezant

**XX asyryň başlarynda Hindistanyň ykdysady ýagdaýy.** Hindistanda söwda we bank işlerinde topalanylan maliýe serişdeleri senagat

pudagyna goýulýardy. 1900-1914-nji ýyllarda Hindistanda hasaba alnan paýdarlar jemgyýetleriniň sany 1360 sany bolanlygyndan 2552-ä ýetdi, olaryň toplan maýalarynyň möçberi bolsa 362 milliondan - 721 million rupiýa çenli artdy. Hindi işewürleri edil öňki döwürlerdäki ýaly nah mata senagaty bilen iş salyşýardylar. Hindi milli iri maýa goýumlary dag-magdan senagatyna aralaşyp, oňa pagta arassalaýjy kärhanalaryň, degirmenleriň, tüwi arassalaýan, ýag öndürýän (juwazlar) kärhanalaryň we tipografiýalaryň esasy köpçüligi degişlidi. Hindilere degişli kärhanalaryň agramly bölegi orta we ownuk şereketlerdi. Zawod-fabriklerden başga-da, hindi işewürlerine müňlerçe ownuk manufaktura kärhanalary hem degişli bolup, olarda onlarça million adamlar zähmet çekýärdiler.

XX asyryň başlarynda hindi işewürleri tarapyndan ýurduň agyr senagatyny döretmäge-de synanyşyk edilýär. 1911-nji ýylda iri hindi maýadary Tata tarapyndan gurlan Jemşitpurdaky (Bihar ştatynda) metallurgiýa zawody ilkinji önümini berdi. 1915-nji ýylda Tatanyň firmasy tarapyndan bina edilen suw elektrik stansiýasy işe girizildi.

Senagat önümçiligi bilen bir hatarda hindi buržuaziýasy öz hususy banklaryny hem döredip başladylar. XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda hindi maýadarlary tarapyndan birnäçe paýdarlar banklary açylyp, 1913-nji ýylda olaryň eýýäm 13 sanysy hereket edýärdi. Bulardan başga-da hindi maýadarlaryna degişli 23 sany bank bardy. Bu banklar esasan içki bazarda hereket edýärdiler.

Senagat önümçiliginiň çalt depginler bilen ösýändigine garamazdan Hindistan barybir yzagalak agrar yurt bolup galýardy. 1911-nji ýylda oba hojalyk önümçiligi bilen meşgullanýan ilatyň möçberi 72%-e ýetdi. Munuň özi Hindistanyň ilatynyň millionlarçasynyň iri ýer eýelerinden kärendesine alýan ujypsyzja melleklerinde güzeran aýlaýandyklaryna şaýatlyk edýärdi.

**Iňlis kolonial häkimiýetleriniň içeri syýasaty.** 1899-njy ýylda Britan Hindistanynyň wise-korollygyna özüniň aýratyn tutanýerliligi bilen tapawutlanan belli iňlis kolonial we döwlet işgäri lord Jorj Kerzon (1899-1905) bellenildi. Onuň döwründe hindi işewürleriniň, ýerli intelligensiýa wekilleriniň işjeňligini çaklendirýän birnäçe çäreler amala aşyrylýar. 1903-nji ýylda Kerzonyň kolonial edarasy iňlis kompaniýalaryna Hindistanyň ýerasty baýlyklary barlamaga we giňişleýin özleşdirmäge mümkinçilik berýän ýörite kanun kabul edýär. 1904-nji ýylda döwlet syrlary hakyndaky kanunyň gerimi giňeldilýär. Bu bolsa iňlis häkimiýetlerine tabynlyk bildirmeýän hindi gazetleriniň işini doly gözegçilige almaga we olaryň has tekepbirlerini ýapmaga mümkinçilik berdi.

Kerzonyň döwründe Hindistanda ýerleşýän kolonial goşunlaryň we polisiýanyň düzüm gurluşy we dolandyrylyşy kämilleşdirilýär. Bu ýerdäki iňlis goşunlarynyň baş serkerdeligine Günorta Afrikada burlaryň çykyşlaryny basyp ýatyran general Kitçener bellenilýär. Kerzon koloniýanyň harby çykdajylarynyň möçberini artdyrýar, demirgazyk-günbatar araçäk ýerlerine demir ýol çekilýär. Bu ýerlerde ymykly ýerleşmek we patan taýpalarynyň çykyşlaryny basyp ýatyrmak maksady bilen 1901-nji ýylda serhet etraplary aýratyn Demirgazyk-Günbatar serhet welaýatyna birleşdirilýär.

XX asyryň başlarynda Hindistanda azat edijilik hereketiniň gerimini çäklendirmek we onuň Hindistanyň ähli ýerlerini ýaýramagynyň öňüni almak maksady bilen lord Kerzonyň buýrugy bilen 1905-nji ýylda Bengaliýa ikä bölünýär. Edil öňki döwürlerde bolşy ýaly, XX asyryň başynda Bengaliýa Hindistanyň iň ösen ýerleri, bengallar bolsa doly kemala gelen halk hasap edilýärdi. Bu ýerde azat edijilik hereketi Hindistanyň beýleki ýerlerine garanda has guramaçylykly alnyp barylýardy. Emma Bengaliýanyň

gündogarynyň ilaty musulmançylyga, günbatarynyňky bolsa indusçylyga uýýardy. Şonuň üçin hem bu ýurdy iňlis häkimiýetleri Gündogar Bengaliýa (Assamy hem öz düzümine aldy) we Günbatar Bengaliýa (Bihar bilen Orissa hem goşuldy) welaýatlaryna böldiler.

Bengaliýanyň bölünýändigini kolonial häkimiýetleri resmi taýdan 1905-nji ýylyň iýulynda yglan edýärler. Awgust aýynda Kalkuttada iňlisleriň syýasatyna nägilelik bildirilip uly çykyşlar bolup geçýär. Şonda HMK-nyň çagyryşy boýunça kolonial häkimiýetleriniň syýasatyna iňlis harytlaryny boýkot etmek bilen jogap bermek we ýerli öndürijileri goldamaklyk – «swadeşi»[6] karar edilýär.

Ykdysady many-mazmuna eýe bolan swadeşi hereketi Hindistanyň milli azat edijilik hereketinde umumy milli häsiýete eýe bolýar. Daşary yurt harytlaryny satyn almakdan ýüz öwürmeklik we ýerli harytlary satyn almaklyk 1905-nji ýylyň güýzünde Bengaliýanyň çäginden çykyp Hindistanyň köp ýerlerini gurşap alypdyr. Netijede iňlis harytlaryny satýanlar tozýardylar. Ýerli halkdan kimde-kim daşary yurt harytlaryny satyn alsa köpçüligiň ýigrenjine sezewar edýärdiler, kähalatlarda obalardan, şäher mähellelerrinden kowup çykarýardylar. Swadeşi hereketi HMK-nyň işjeňleşmegine täsir edýär. HMK-nyň 1905-nji ýylyň dekabrynda bolup geçen kongresinde partiýanyň lideri Gokhale Bengaliýada iňlis harytlarynyň boýkot edilmegini goldap çykyş edýär.

Emma Gündogar Bengaliýanyň musulman ilaty özleriniň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýeňilleşdirýän çäre hökmünde ýurduň bölünmegini goldap çykyş edýärler. 1906-njy ýylyň güýzünde wise-korol Minto (1906-1910) Hindistanyň musulmanlarynyň wekillerini kabul edýär. Kabul edişlikde

---

[6] Swadeşi (sanskrit. ýerli, öz ýurduňky, öz watanyňky), iňlis önümleriniň satyn alynmagyna garşy, ýerli önümçiligi höweslendirmäge gönükdirilen hereket. Hindistanyň taryhynda ol «swadeşi hereketi» ady bilen bellidir.

wekiller wise-koroldan şäher munisipalitetlerine, gubernatorlaryň we wise-korolyň ýanyndaky geňeşlere saýlawlarda musulmanlar babatynda aýratyn kuriýalaryň girizilmegini haýyş edýärler. Minto olaryň haýyşlaryny berjaý etmäge söz berýär. Gündogar Bengaliýada dolandyryş edaralarynda iş orunlaryny eýelemekde musulmanlara artykmaçlyk berilýändigi yglan edilýär. Şol ýylyň dekabr aýynda Dakkada hindi musulmanlarynyň umumy milli syyasy guramasy – Musulman ligasy[2] döredilýär. 1906-njy ýylda induslaryň dini-jemagatçylyk guramasy – Şri Bharata dharma mandal (Hindistanyň şöhratly dininiň jemgyýeti) partiýasy hem döredilýär.

Hindistanyň dürli ýerlerinde ýaýbaňlanan swadeşi hereketi öz miwesini berdi. Iňlis harytlarynyň bahasynyň pese gaçandygyna garamazdan olaryň satyn alnyşy aşaklady, tersine, ýerli harytlaryň bahasy ýklarlanyp, olaryň satuwy giňedi. 1905-1907-nji ýyllarda hindi matalarynyň bahasy 8% ýokarlandy, iňlisleriňki bolsa 25% aşaklady.

Hindistanyň milli kongresiniň düzümindäki dürli toparlaryň hereket edýändigine garamazdan azat edijilik hereketinde esasan aram toparlar agdyklyk edýärdiler. HMK-nyň 1906-njy ýylyň güýzünde Kalkuttada işe başlan nobatdaky mejlisiniň başlyklygyna çepçi güýçler Tilagy görkezdiler. Emma kongesiň aram güýçleri Tilagyň we onyň tarapdarlarynyň täsiriniň artmazlygyny gazanmak üçin partiýanyň iň abraýly wekilleriniň biri Dadabhaý Naorojini başlyklyga saýladylar. Ýöne HMK-nyň Kalkutta mejlisinde çepçileriň zor salmagy bilen Hindistanyň azat edijilik hereketiniň taryhynda ilkinji gezek «swaraja»[1] - içki öz-

[2] 1972-nji ýyldan bäri Päkistanyň Musulman ligasy pariýasy.

[1] Swaraj (sanskrit. sozme-söz – özüň dolandyrmak) milli azat edijilik hereketiniň esasy şygary bolup, Britan kolonial imperiýasynyň çäginde Hindistana içki dolandyryşyň berilmegini göz öňünde tutupdyr. Hindistanyň taryhynda ol «swaraj hereketi» diýlip atlandyrylýar.

özüňi dolandyryşy gazanmak ugrunda göreşe başlamak karar edildi.


Mohandes Karamçand Gandi

Hindistanda ýaýbaňlanýan azat edijilik hereketine iňlis kolonial häkimiýetleri halk çykyşlaryny basyp ýatyrmak, giň tussag etmeler bilen jogap berýärdiler. Emma häkimiýetler tarapyndan geçirilýän zorlukly çäreler ýagdaýy has-da öjükdiryärdi. Şol sebäpden hem kolonial häkimiýetler azat edijilik hereketine az-kem eglişik etmäge mejbur boldy. 1909-njy ýylda kanunçylyk geňeşleri hakynda kanun kabul edilip, wise-korolyň ýanyndaky geňeşiň saýlawly bölegi 50%-e çenli, welaýat kanunçylyk geňeşleriniň saýlawly bölegi bolsa has-da artdyryldy. Saýlaw kanuny boýunça Hindistanyň ilatynyň 7%-i emläk ýagdaýyna göra saýlawlara gatnaşmaga hukuk aldy. Bu kanun Britan Hindistanynyň wise-koroly Minto bilen Angliýanyň hökümetiniň Hindistanyň işleri boýunça ministri Morli tarapyndan taýýarlanylandygy üçin ol «Minto-Morliniň kanuny» ady bilen bellidir. Şol bir wagtyň özünde-de musulmanlar, induslar babatynda kurial saýlaw ulgamy hem girizildi. 1911-nji ýylda täze wise-korol Harding Bengaliýany gaýtadan birleşdirdi, Hindistanyň paýtagtyny bolsa özüniň köpçülikleýin çykyşlary we rewolýusion wakalary bilen aýratyn tapawutlanýan Kalkuttadan asuda Deli şäherine geçirildi.

**Hindistan Birinji jahan urşunyň öňisyrasynda we uruş ýyllarynda.** Hindistanyň ýokary gatlaklaryna ep-esli eglişikleri edip, iňlis häkimiýetleri 1908-1913-nji ýyllarda azat edijilik hereketiniň has radikal toparlaryna we olaryň

metbugat guramalaryna garşy birnäçe gadagan ediji kanunlary kabul etdiler. Bu ýyllar gizlin rewolýusion we terrorçy guramalaryň garşysyna berk çäreler geçirildi. Bu çärelere Hindistanyň gizlin guramalary bolan Bengaliýanyň Jugantara (Täze döwrüň partiýasy), Maharaştranyň Abhinaw Bharat (Ýaş Hindistan) partiýalary we ownuk radikal syýasy toparlary terrorçylyk etmişleri bilen jogap berýärdiler. 1908-1909-njy ýyllarda bu guramalaryň esasy köpçüligi kolonial polisiýasy tarapyndan derbi-dagyn edildi. Dargadylan radikal guramalaryň ornuna täzeleri peýda bolýardylar. 1909-1914-nji ýylda şeýle guramalar 32 gezek terrorçylyk hereketlerini geçirdiler. Terrorçylygyň pidalarynyň arasynda wise-korol Harding hem bardy. Bu guramalar 1909-njy we 1915-nji ýyllarda iňlis-hindi goşunlarynyň bölümlerinde gozgalaň turuzmaga-da şowsuz synanyşyk etdiler.

Hindistanyň azat edijilik hereketiniň ownuk buržuaz toparlary daşary ýurtlarda öz guramalaryny döredýärdiler. 1905-1909-njy ýyllarda bu guramalaryň London merkezi, soňra 1910-1914-nji ýyllarda bolsa Pariž merkezi döredilip, Ş. Krişnawarma, W. Sawarkar, R. Kama, W. Çattopadhýaýa ýaly işgärler iňlis agalygyna garşy dürli işleri alyp barýardylar. Bu merkezler Hindistanyň özündäki guramalar bilen aragatnaşygy ýola goýýardylar we ýurda gazet-žurnallary iberýärdiler. Hindi emigrant guramalary Fransiýada we Şweýsariýada hereket edýän rus rewolýusion guramalary bilen aragatnaşygy ýola goýupdyrlar. 1908-1914-nji ýyllarda iri hindi emigrant merkezleri ABŞ-da we Kanada-da hem peýda bolýarlar. Bu ýerlerde Har Daýala tarapyndan iri emigrant guramasy bolan «Gadr» (Gozgalaň) esaslandyrylýar. Emma 1914-nji ýylda Jahan urşunyň turmagy daşary ýurtlardaky emigrant guramalarynyň işinde uly bökdençlikler döretdi.

1914-1918-nji ýyllaryň Birinji jahan urşunda Hindistanyň Milli kongersi we Musulman Ligasy hindi halkyna ýüzlenip,

bu uruşda Angliýany goldamaga we hindileri iňlis goşunlarynyň hataryna girmäge çagyryş bilen çykyş etdiler. Goşun gullugyna çagyrylan hindileriň sany 1,5 million adama ýetdi. Olar öz ata watanlaryndan alyslarda Angliýanyň garşydaşlaryna garşy alnyp barlan söweşlere gatnaşdylar.

Uruş ýyllarynda Britan imperiýasy üçin Hindistan koloniasynyň ähmiýeti juda artdy. Ýakyn Gündogarda hereket edýän iňlis goşunlaryna Hindistandan azyk harytlary, geýim-gejim, ýaraglar, demir ýol gurluşygy üçin relsler iberilýärdi. Emma azyk önümleri we çig mallar arzan bahalardan alnypdyr. Iňlis häklimiýetleri salgytlaryň möçberini artdyrdylar we halkyň arasynda mejbury ýagdaýda harby karzlaryň obligasiýalaryny ýaýradýardylar. Uruş ýyllarynda Angliýa hindi bazarynda özüniň agalyk ediji ýagdaýyny ýitirdi. Eger-de, uruş başlan döwründe Hindistanyň daşary söwdasynyň 2/3 bölegi Angliýanyň elinde bolan bolsa, onda urşuň ahyrynda onuň möçberi 1/8-e çenli azaldy. Hindistanyň milli maýadarlarynyň ýagdaýy berkedi. Uruş ýyllarynda Tatanyň metallurgiýa zawodlary metalyň öndürilişini 30%, nah mata fabrikleri bolsa önümçiligi 39% ýokarlandyrdylar.


Muhammet Aly Jinna

Birinji jahan urşunyň başlamagy bilen Hindistanda içki öz-özüňi (swaraj hereketi) dolandyryş ugrunda çykyşlar hem başlaýar. Bal Gandhar Tilak 1914-nji ýylda türmeden çykyp, hindileriň azatlygy ugrunda çykyş edýän iňlis zenany Enni Bezant (1847-1933) bilen bilelikde swaraj hereketini ýaýbaňlandyrýarlar. 1916-njy ýylda HMK-nyň Lakhnauda

bolup geçen kongresinde Tilagyň tarapdarlary kongresiň aram bölegi bilen ylalaşmagy başarýarlar. Şol ýyl HMK bilen Musulman Ligasynyň arasynda hem duşuşyk geçirilip, Hindistanyň Britan imperiýasynyň çäginde içki dolandyryşyny gazanmakda tagallalary birleşdirmek karar edilýär. Bu döwürde Musulman Ligasynda ýolbaşçylyk hem Muhamet Aly Jinnanyň (1876-1948) baştutanlygyndaky çepçi güýçleriň eline geçipdi.

1914-nji ýylda Günorta Afrikadan Hindistana Mohandes Karamçand Gandi (1869-1948) dolanyp gelýär. Günorta Afrikada ýaşan döwri Gandi iňlis koloniýalarynda ýaşaýan garaýagyz ilatyň gözgyny ýagdaýy bilen içgin tanşypdy. Bu ýerde ol hindi firmasynda hukukçy bolup işlemek bilen iňlisler tarapyndan Günorta Afrika göçürilip getirilen hindileriň hak-hukuklary ugrunda göreşipdi. Ol kolonizatorlara garşy göreşlerde güýç ulanmazdan öz maksadyňa ýetip boljakdygyna göz ýetirdi. Şundan ugur alyp Gandi milli azat edijilik hereketiniň taryhynda ilkinji bolup güýç ulanmazlyk nazaryýetini işläp düzdi we ony «satýagrahu» (hak işde erjellik) diýip atlandyrdy. Halk içinde «Mahatma» (Dana) diýlip ady tutylan Gandiniň ýurda dolanyp gelmegi bilen Hindistanyň azat edijilik hereketiniň taryhynda täze döwür başlaýar.

MAZNUNY

Aziýa we Afrika ýurtlarynyň täze taryh döwrüne giriş ………..…7

**I BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY XVII ASYRYŇ ORTALARYNDAN - XIX ASYRYŇ IKINJI ÝARYMYNA ÇENLI DÖWÜRDE**

§ 1. Eýran XVII - XIX asyryň 50-nji ýyllaryna çenli döwürde…..........15
§ 2. Owganystanda Dürranylar döwletiniň döremegi we iňlis basyplaýşlaryna garşy göreş..…..………………………........49
§ 3. Osman imperiýasy XVII - XVIII asyrlarda………………….........66
§ 4. Osman imperiýasy XVIII asyryň ahyrlarynda – XIX asyryň 60-njy ýyllaryna çenli döwürde............................91
§ 5. Arap ýurtlary XVII asyryň ikinji ýarymynda – XIX asyryň ahyrlaryna çenli döwürde…………………..105
§ 6. Müsür Muhammet Alynyň dolandyran ýyllarynda……………....118
§ 7. Arap ýurtlaryna daşary ýurtlylaryň aralaşyp başlamagy……….130
§ 8. Afrika XVII asyryň ikinji ýarymyndan - XIX asyryň ahyrlaryna çenli döwürde.........................................................................147
§ 9. Hytaý XVII- XVIII asyrlarda. ………….......................167
§ 10. Hytaýa daşary ýurtlylaryň aralaşmagy we azat edijilik hereketleri......................................................187
§ 11. Ýaponiýa XVII asyryň ikinji ýarymyndan – XIX asyryň 70-nji yllaryna çenli döwürde.........................207
§ 12. Koreýa XVII - XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli döwürde........................................................................ 224
§ 13. Mongoliýa XVII - XIX asyrlarda.........................................235
§ 14. Wýetnam XVII-XIX asyrlaryň ortalaryna çenli döwürde....................................................................246
§ 15. Indoneziýa XVII – XIX asyrlarda……..................................258
§ 16. Hindistanda Beýik Mogollaryň döwletiniň Dargamagy we täze döwletleriň peýda bolmagy............................273
§ 17. Ost-Hindistan kompaniýasy tarapyndan Hindistanyň basylyp alynmagynyň tamamlanmagy we 1857-1859-njy ýyllaryň halk azat edijilik gozgalaňy…..…………………………………….……300

## II BAP. AZIÝA WE AFRIKA ÝURTLARY XIX ASYRYŇ AHYRLARYNDA - XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA

§ 1. XIX asyryň ikinji ýarymynda Eýranyň
ýarym kolonial döwlete öwrülmegi…………………………...312
§ 2. 1905-1911-nji ýyllaryň Eýran rewolýusiýasy………………326
§ 3. Owganystan XIX asyryň ahyrlarynda –
XX asyryň başlarynda…………………….………………344
§ 4. Türkiýe XIX asyryň 60-njy ýyllaryndan –
XX asyryň başlaryna çenli döwürde................................356
§ 5. Arap ýurtlary XIX asyryň ahyrlarynda
– XX asyryn başlarynda.....................................................383
§ 6. Afrikanyň halklary we döwletleri XIX asyryň
ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda..................................407
§ 7. Hytaý XIX asyryň ahyrlarynda –
XX asyryň başlarynda.........................................................420
§ 8. Ýaponiýa XIX asyryň ahyrlarynda –
XX asyryň başlarynda.........................................................451
§ 9. Koreýa XIX asyryň ahyrlarynda –
XX asyryň başlarynda...........................................................470
§ 10. Mongoliýa XIX asyryň ahyrlarynda –
XX asyryň başlarynda.........................................................483
§ 11. Wýetnamyň Fransiýanyň koloniýasyna öwrülmegi..............493
§ 12. Indoneziýa XIX asyryň ahyrlarynda –
XX asyryň başlarynda.........................................................509
§ 13. Hindistan XIX asyryň 60-njy ýyllaryndan –
X asyryň başlaryna çenli döwürde......................................520